TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

# UMUMY PSIHOLOGIÝA
# (OKUW GOLLANMASY)

AŞGABAT - 2010

**Ýazan : - B. BASAROW - psihologiýa ylymlarynyň doktory, professor**

**Syn ýazanlar: A.Gurbanow - TMDD –niň professory, pedagogika ylymlarynyň doktory**

**G.Gurbanmyradow – Türkmenistanyň milli bilim institutynyň bölüm müdiri pedagogika ylymlarynyň kandidaty**

**Okuw gollanmasynda psihologiýanyň umumy meseleleri bolan şahsyýetiň psihologiýasy, akyl ýetiriş prosesleriniň, şahsyýetiň emosional-erk ulgamynyň, onuň indiwidual aýratynlyklarynyň psihologik gurluşy, kanunaýalyklyklary we mehanizmleri seredilýär. Ýokary mekdebiň pedagogik ugrukmaly hünärlerinde geljekki mugallymlara sapak berýän mugallymlar pedagogikanyň esaslaryny, okadylyşyň bölekleýin usullaryny we beýleki dersleri okadanlarynda umumy psihologiýanyň düşünjelerine daýanmalydyrlar. Şünüň bilen baglanyşyklykda psihiki prosesleriň, ýagdaýlaryň we häsiýetleriň umumy meselelerini öwrenmek, bir tarapdan, psihologiýa ylmyna özboluşly giriş bolup, ikinji bir tarapdan, talyba şahsyýetiň psihologik aýratynlyklary dogrusynda zerur düşünjeleri bermek bilen ony hünär işine teoretiki taýýarlamagyň takyk meseleriniň çözgüdine degerli goşantdyr.**

**Gollanma ÝOM-niň psihologiýa hünäriniň talyplaryna, uniwersitetiň we mugallymçylyk institutlarynyň pedagogik ugrukmaly fakultetleriniň talyplaryna niýetlenendir.**

# BIRINJI BÖLEK

## 1-nji BAP

## PSIHOLOGIÝANYŇ PREDMETI

### § 1. Psihologiýa hakynda düşünje

Psihologianyň özbaşdak ylym hökmünde ýüze çykyşynyň gözbaşynda duranlaryň biri Ebbingauz ylmyň bu ugruny uzak geçmişi we gysga taryhy bolan hasaplasa, G.Gibş we M.Forwerg bu pikiri sosial psihologiýa degişlilikde "Sosial psihologiýanyň ylym hökmündäki taryhy "sosial psihologik pikirlenmme" atlandyrylýan hadysanyň taryhyndan has "ýaşdyr" ( 1972, s. 31) görnüşde özgerdip aýdýarlar. Bu pikir adamyň öz içki dünýäsine akyl ýetirmeklige bolan isleginiň edil onuň özi ýaly gadymydygyny aňladýar. Her bir takyk ylym beýleki ylymlardan özüniň predmetiniň aýratynlygy boýunça tapawutlanýar. Meselem, predmeti adamy öwrenmek bolup durýan anatomiýa bilen fiziologiýa ylymlarynyň birinjisi onuň organlarynyň gurluşyny maddy-morfologik tarapdan öwrenýänligi bilen, ikinjisi bolsa bu organlaryň we tutuş organizmiň funksiýasyny öwrenýänligi bilen biri-birinden tapawutlanýar. Psihologiýanyň öwrenýän hadysalarynyň özboluşly aýratynlyklaryny anyklamak belli kynçylyklar bilen baglanyşykly bolup, olara akyl ýetirmek köp derejede psihologik ylma akyl ýetirmek zerurlygy bilen iş salyşýan adamlaryň dünýägaraýşyna bagly bolup durýar.

Kynçylyk öňi bilen psihologiýanyň öwrenýän hadysalarynyň özboluşly aýratynlyklarynyň adamzat pähimi tarapyndan tapawutlandyrylyp görkezilenliginden hem-de durmuşyň beýleki hadysalaryndan düýpgöter tapawutlanýan aýratyn hadysalar hökmünde bölünip görkezilenliginden ybaratdyr. Hakykatdan hem hat ýazýan maşinkany biziň kabul edişimiz bilen onuň hut özi deňeşdirilende olaryň düýpli tapawudyny duýmak bolýar; ýa-da biziň at çapmaklyga bolan höwesimiz hakykat ýüzünde at çapmaklygymyz

bilen deňeşdirilende düýpden tapawutly zatdyr; täze ýyly ýada salmaklygymyz hakykatdaky Täze ýylyň garşylanyşyndan başga-başga zatlardyr we ş.m. Şol sebäplere görä-de kem-kemden psihiki diýlip atlandyrylýan (psihiki "funksiýalar", "häsiýetler", "prosesler", "ýagdaýlar" we beýlekiler) hadysalar barada düşünjeler döräpdir. Olaryň aýratyn häsiýetini olaryň adamynyň içki dünýäsine degişliliginde, onuň daşyny gurşap alýan zatlardan tapawutlylygynda görüpdirler. Olary real faktlara, wakalara garşy goýulýan ruhy durmuş ("psihika" adalgasy grekçeden "psihe" – jan diýmek) ulgamyna degişli edipdirler. Bu hadysalar "kabul ediş", "ýat", "pikirlenme", "erk", "duýgy" we ş.m. atlar esasynda toparlara bölünipdirler. Olaryň jemine bolsa adamynyň içki dünýäsi, onuň ruhy durmuşy, psihika diýilýär.

Gündelik aragatnaşyklarynda adamlar biri-birlerini synlap, gös-göni bir-birleriniň özüni alyp barşy bilen iş salyşýan-da bolsalar (hereketler, häsiýetler, zähmet operasiýalary we beýlekiler), praktiki arabaglanyşygyň zerurlygy olary özüňi alyp barşyň göze görünmeýän psihiki proseslerini saýgarmaklyga mejbur edipdir. Özüňi alyp barşyň içki tarapy hökmünde adamyň göz öňünde tutýan niýeti, motiwleri, reaksiýanyň degişli tarapy hökmünde bolsa adamyň häsiýet aýratynlygy göz öňünde tutulypdyr. Şonuň üçin-de psihiki prosesler, häsiýetler, ýagdaýlar entek ylmy seljemäniň predmetine öwrülmänkä, adamlaryň bir-birleri barada durmuşy psihologik düşünjeleri toplanypdyr. Olar nesilden-nesle geçirilip dilde, halk döredijiliginiň ýadygärliklerinde, sungat eserlerinde toplanypdyr. Olar atalar sözlerine, nakyllara giripdir. Meselem, "Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen" (görüş analizatorlarynyň eşidiş analizatorlaryndan artykmaçlygy); "Endik – ikinji häsiýet" (endige öwrülen gylyklaryň dogabitdi häsiýet derejesine ýetmegi) we beýleki nakyllar dürli psihologik bilimleriň, düşünjeleriň biziň döwrümize gelip ýeten görnüşleridir.

Psihika barada belli bir düşünjäni adamyň öz şahsy durmuş tejribesi hem berýär. Meselem, şol bir teksti gaýtalap okamak onuň gowy ýatda galmaklygyna kömek edýär. Şoňa görä-de adam bu pähimi "Gaýtalamak – bilimiň enesidir" diýen nakyl özüne belli bolmasa-da, öz gündelik tejribesi arkaly özleşdirýär.

Jemgyýetçilik we şahsy tejribeden gelip çykýan durmuşy psihologik maglumatlar ylymdan öňki psihologik maglumatlary döredýär. Olar göwrümi boýunça örän uly bolup, belli bir derejede adama beýleki adamlaryň özüni alyp barşyna dogry düşünmeklige ýardam edip biler. Emma tutuşlygyna alanyňda bu bilimleriň sistematik, subut edijilik ukybynyň ýoklugy sebäpli adamlar bilen işlemekde (pedagogik, sagaldyş, guramaçylyk işlerinde we beýlekilerde) psihika hakynda ylmy, obýektiw we takyk bilimleri talap edýän, adamyň özüni alyp barşyny degişli ýagdaýlarda öňünden görüp bilmeklige daýanç esasy bolup bilmeýärler.

Eýsem psihologiýany ylmy taýdan öwrenmekligiň predmeti nämeden ybarat? Bu ilki bilen hil we san taýdan häsiýetlendirilýän psihiki durmuşyň anyk faktlarydyr. Meselem, adamyň daşky predmetleri kabul ediş prosesini öwrenende psihologiýa şeýle bir möhüm fakty mälim etdi: predmetiň gözden aradaşlygyna we beýleki şertleriň üýtgemekligine garamazdan, onuň obrazy otnositel hemişeligini saklaýar. Meselem, şu setirler ýazylan sahypa gündizlikde, alagaraňkyda, elektrik yşygynyň astynda ak reňkde kabul edilýär, emma kagyzyň goýberýän yşygynyň fiziki häsiýeti dürli yşyklandyrma ýagdaýynda dürli-dürlüdir. Bu ýagdaýda biz psihologik faktyň hil häsiýetnamasyny görýäris. Psihologik fakty hil häsiýetnamasyna mysal hökmünde adamynyň özüne edýän daşky täsire reaksiýasynyň wagtynyň ululygyny görkezmek bolar. (Eger synag edilýän adama lampanyň edil ýanan pursatynda haýdan-haý knopkany basmak tabşyrylsa, onda bir adamda reaksiýanyň tizligi 200 millisekund, beýlekide 150, ýagny örän çalt bolup biler). Eksperimentde reaksiýanyň tizliginiň ululygynda döreýän indiwidual tapawutlar ylmy derňewde ýüze çykarylýan, synag edilýän adamlary san taýdan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýän psihologik faktlardyr.

Emma ylmy psihologiýa, näçe gyzykly bolsa-da, diňe psihologik faktlary beýan etmek bilen çäklenip bilmez. Ylmy derňew faktlary bellemekden olary düşündirmeklige geçmegi talap edýär. Beýle diýmek bu hadysalaryň kanunlaryny ýüze çykarmaly diýildigidir. Şonuň üçin-de psihologiýanyň predmeti psihologik faktlar bilen bir hatarda psihologik kanunlary öwrenmek bolup

durýar. Birnäçe psihologik faktlaryň döreýşi olara degişli şertler bolan ýagdaýynda yzygiderli, ýagny kanunalaýyk häsiýetde bolýar. Meselem, kabul edişiň otnositel hemişelikdigi hakyndaky ýokarda getirilen fakt kanunalaýyk häsiýete eýedir, sebäbi şeýle hemişelik diňe bir reňk kabul edilende däl, eýsem ululyk, forma kabul edilende-de ýüze çykýar. Ýörite derňewleriň görkezişi boýunça kabul edişiň bu häsiýeti adamda dogabitdi däldir. Ol ýörite kanunlar boýunça ýuwaş-ýuwaşdan döreýär. Eger-de kabul edişde şeýle hemişelik bolmadyk bolsa adam daşky gurşawda oriýentir-ugrukma alyp bilmän, onuň predmetlere ýagdaýy (burç, daşlaşma, gyşarma) sähelçe üýtgäninde dünýäniň obrazy düýpgöter üýtgäp, predmetler nätakyk kabul edilerdiler.

Ýöne psihologik faktlaryň kanunalaýyk baglanyşyklaryny bilmek öz-özünden olaryň ýüze çykyş mehanizmlerini aýdyňlaşdyranok. Şoňa görä psihologiýanyň wezipesine psihologik faktlary, kanunlary öwrenmek bilen bir hatarda psihiki işiň mehanizmlerini ýüze çykarmak hem girýär. Meselem, predmetiň adamdan daşlaşmagy üýtgände onuň ululygynyň kabul edişde otnositel hemişeligini üpjün edýän mehanizmleriň biri gözüň torly bardasyna edilýän täsir bilen gözüň okuny egreldýän we göneldýän muskullarda döreýän gyjynmanyň arasyndaky özara täsirinden gelip çykýar: predmet uzaklaşanda onuň torly bardasynyň duýujy öýjüklerindäki proýeksiýasy kiçelse-de, göz myşsalarynyň gysylmasynyň netijesinde göz öz okunyň üýtgemegi bilen predmetiň uzaklaşandygyny, emma kiçelmändigini beýnä habar berýär. Mysaldan görnüşi ýaly, bu mehanizmler belli bir anatomik we fiziologik apparatlaryň işi boýunça amala aşyrylýar. Şonuň üçin psihologiýa bu mehanizmleriň hereketini beýleki ylymlar bilen (fiziologiýa, biofizika, biohimiýa, kibernetika we beýlekiler) bilelikde öwrenýär. Şeýlelikde psihologiýa psihikanyň faktlaryny, kanunalaýyklaryny we mehanizmlerini öwrenýän ylymdyr.

Psihologiýa psihiki prosesler, häsiýetler, ýagdaýlar baradaky ylymdyr diýen ýaly adaty kesgitleme, şeýle hem psihologiýanyň predmetiniň ýokarda getirilen kesgitlemesi-de düýpli düşündirişe mätäçdir. Psihiki hadysalara “aýratyn hadysalar” diýmek ýa-da olar adamynyň “içki dünýäsini” aňladýar we ş.m. diýmek öz-özünden

psihikanyň mazmunyny, aýratynlygyny açyp görkezmeýär. Bu soraga jogap bermezden ozal iň bolmanda asyrlaryň dowamynda psihiki hadysalaryň mazmuny we häsiýeti hakyndaky düşünjeleriň üýtgeýşini yzarlamak zerurdyr.

**Psihologik taglymatlaryň taryhyndan**

Gadym wagtlardan bäri jemgyýetçilik durmuşyň talaby adamlary daş-töweregindäkileriň psihiki häsiýetlerindäki aýratynlyklary tapawutlandyrmaklyga hem-de öz işinde göz öňünde tutmaklyga mejbur edipdir. Ilki-ilkiler bu aýratynlyklar teniň goşalaýyn hemrasy hasaplanylýan janyň hereketi bilen düşündirilipdir.

Önümçiligiň we medeniýetiň ösmegi bilen daşky predmetlerde we hadysalarda jan hereket edýär diýen düşünje (şeýle düşünje animizm atlandyrylyp, latynçadan *anima* – jan diýmekdir) jan tebigatyň bir bölejigidir we gös-göni onuň kanunlaryna tabyndyr diýen taglymat bilen gysylyp çykarylýar. Bu taglymaty gadymy Gresiýada materialist alymlar, esasan hem Geraklit (b.e. öň VI a.) we Demokrit (b.e.öň V a.) ösdüripdirler.

Olaryň pikiriçe jan öz gurluşy boýunça otly “uçgun” (Geraklit) ýa-da “oduň atomy” (Demokrit) bolup, ol ähli dünýä mahsus bolan şol bir tebigy sebäplere görä dowam edýär we üýtgeýär. Şeýlelikde, psihiki durmuş tebigy prosesleriň umumy kanunalaýyk ugruna goşulýar. Psihikanyň mazmunyna materialistik nukdaýdan düşünmeklik janly organizmiň gurluşyna we funksiýasyna akyl ýetirmekdäki ilkinji üstünlikleri has-da berkidýär. Biziň eramyzdan öň VI asyrda gadymy grek lukmany Alkmeon anatomik we medisina tejribeden ugur alyp, beýniniň psihikanyň organydygyny açýar. Bu açyşy hemmeler ykrar etmeýär. Alkmeondan soň ýene-de köp asyrlaryň dowamynda köp alymlar (şol sanda beýik Aristotel hem) psihikanyň organy ýürekdir diýen pikirden ugur alýarlar. “Medisinanyň atasy” Gippokrat (b.e.öň V asyr) temperament baradaky taglymaty öňe sürýär. Bu taglymat adamlaryň arasyndaky indiwidual aýratynlyklary ylmy taýdan düşündirmekde örän möhüm rol oýnaýar. Bu aýratynlyklar adamynyň beden gurluşyny düzýän dört sany elementiň (“suwuklygyň”) garyşdyrylmagyndan getirilip

çykarylypdyr. Bu düzümde belli bir elementiň agdyklyk etmegi degişli temperamenti döredýär diýlip çaklanypdyr.

Şeýlelikde, psihika ylmy taýdan düşünmeklikdäki ilkinji üstünlikler onuň fiziki dünýäniň kanunlaryna tabynlygy hakdaky pikir we onuň ýüze çykyşynyň organizmiň anatomik hem-de fiziologik gurluşyna baglylygy baradaky açyşlar bilen baglanyşykly bolupdyr. Şonuň bilen birlikde degişli taglymatyň wekilleriniň şol döwürdäki bilim derejesi adama mahsus bolan abstrakt logiki pikirlenmäniň, şahsyýetiň ahlak häsiýetleriniň, adamynyň netijä gelmeginiň we erkiniň güýjüne bedeni tabyn etmekliginiň we beýlekileriň nähili döreýändiklerini düşündirmäge mümkinçilik bermändir.

Adamyň özüni alyp barşynyň bu alamatlaryny atomlaryň hereketinden, “suwuklyklaryň” garyşdyrylmagyndan ýa-da beýniniň göze görünýän gurluşyndan bölüp aýyrmak mümkin bolmandyr. Bu ýagdaý psihikanyň gurluşyny düşündirmeklige birtaraplaýyn çemeleşmegiň döremegine esas bolupdyr. Filosoflaryň arasyndan jany materialaýyn däl we ölmez-ýitmez iň ýokary derejede ösen güýç diýip jar eden Platon (b.e.öň V a.) has saýlanypdyr. Ol janyň bölumleri diýen düşünjäni girizmek bilen, jany şeýle böleklere bölüpdir: a) pähim, b) gaýduwsyzlyk, ç) ten islegleri, Platon olary bedeniň dürli bölumlerinde ýerleşdiripdir (kellede, gursakda, garyn boşlugynda). Platonyň pikiriçe janyň bölekleri adamlarda gyradeň bölunen däldir, olaryň haýsy-da bolsa bir böleginiň agdyklyk etmegi adamyň ol ýa-da beýleki sosial toparlara degişliligini kesgitleýär. Meselem, ýönekeý zähmetkeş adamlar janyň iň pes bölegi ten islegleriň agdyklyk etmegi bilen tapawutlanýarmyş. Olaryň ykbaly janyň pähimli bölegi agdyklyk edýän aristokratlara, filosoflara hyzmat etmekden ybaratmyş. Bu ýerde Platonyň taglymatynyň synpy häsiýeti ýüze çykýar. Onuň ömürlik we üýtgemeýän mazmunly, tebigatdan daşda duryan, göze ilmeýän, emma has ýokary dünýäni emele getirýän “ideýalar” baradaky taglymaty öz döwrüne, jemgyýetine uly täsir edipdir. Janyň pähim bölegi entek bedene girmänkä bu dünýäniň düzüminde bolýar. Bedene girenden soň ol dogulmazdan ozalky öz görenlerini ýatlap başlaýar. Şol ýatlamalar näçe aýdyň boldugyça oňa şonça-da hakyky bilim açylýar.

Platon psihologiýada dualizmiň materiýany we ruhy, bedeni we psihikany iki özbaşdak gapma-garşylykly başlangyç hökmünde düşündirýän taglymaty esaslandyrypdyr. Platonyň dualizmini onuň okuwçysy Aristotel (b.e.öň VI a.), köp derejede üstünlikli ýeňip geçip, psihologiýa pikirini tebigy ylmy esasda, biologiýa we medisina gaýtaryp getirýär. Aristoteliň "Jan hakynda" diýen işi psihologiýanyň şol döwre çenli ylmyň özbaşdak ugry hökmünde bölünendigine şaýatlyk edýär. Psihologiýanyň gazanan üstünlikleri adamlarda we haýwanlarda ýüze çykýan takyk durmuşy häsiýetleri synlamak, ýazmak we seljermek arkaly gazanylypdyr. Aristotel psihiki işi öwrenmekligiň tejribe, obýektiw usulyny gorapdyr.

Aleksandr Makedonskiniň ýörişleri döwründe tebigaty öwrenijileriň gözüniň öňünde henize çenli görülmedik haýwanat dünýäsiniň we tebigy şertleriň dürli görnüşleri açylýar. Bu ýagdaý Aristotele(Makedonskiniň halypasy) janyň ösüşi janly tebigatyň ösüşine baglylykda geçýär diýen taglymaty döretmäge itergi bolýar. Aristotele çenli materialistler-de (jany materiýanyň görnüşi hasaplaýanlar), idealistler-de (jany tenden üzňe, materiýalaýyn däl hasaplaýanlar), jan bilen bedeni aýry-aýrylykda ýaşap bilýän zat hasaplapdyrlar. Aristotel adamzat pikiriniň taryhynda ilkinji bolup jan bilen teniň biri-birinden aýrylmazlygy hakyndaky taglymaty öňe sürýär. "Jan gaharlanýar diýmeklik kimdir biriniň jan tikin-çatyn bilen ýa-da öý gurmak bilen meşgullanýar diýmegine barabardyr" diýip Aristotel belläpdir. Jan böleklere bölünip bilmez, ýöne ol işe bolan dürli ukyplarda ýüze çykýar. Şeýle ukyplara – iýmitlendiriji, syzyjy, hereketlendiriji, pähimli ukyplar degişlidir. Birinji ukyp ösümliklere, ikinji we üçünji – haýwanlara, dördünji bolsa adama mahsusdyr. Ösümlik, haýwan we pähimli jandar baradaky taglymat psihika ösüş düzgüni esasynda seretmäge mümkinçlik döredip, ýokary ukyplar ýönekeý ukyplardan, olaryň esasynda döreýär diýen netijä gelmäge esas berýär. Adamda ýaşaýşyň ozalky derejeleri we psihika bardyr. Ilkinji akyl ýetiriş ukyby duýma: ol "möhüriň suduryny mumuň demirsiz hem, altynzys hem özünde saklap bilşi ýaly", kabul edilýän predmetleriň formasyny materiýanyň gatnaşmaklygynda özünde saklaýar. Duýma öz netijesini gözöňüne getirme görnüşinde saklaýar. Aristotele çenli filosoflar diňe duýmany

we pikirlenmäni tapawutlandyrýardylar. Ol gözöňüne getirmäni öň duýgy organlaryna täsir eden predmetleriň obrazy hökmünde açýar we obrazlaryň üç ugur boýunça: meňzeşligi, giňişlikde golaý ýerleşenligi we gapma-garşylygy boýunça birleşýänligini görkezýär. Şeýlelik bilen psihiki hadysalaryň assosiasiýalarynyň (baglanyşyklarynyň) esasy görnüşleri görkezilýär. Organizmiň tebigatdan alan mümkinçiliklerini diňe öz hususy işjeňligi esasynda amala aşyrýanlygyndan ugur alyp, Aristotel gylygyň real iş prosesinde kemala gelýändigi baradaky taglymaty öňe sürýär. Adam özünde adalatlylygy, parasatlylygy gylyk hökmünde diňe adalatly, parasatly hereketleri dyngysyz ýerine ýetirmek bilen döredip biler.

Geraklitiň, Demokritiň, Platonyň, Aristoteliň taglymatlary psihologiki ideýalaryň soňky döwürlerde ösmeginiň esasy çeşmesi boldy. Kem-kemden jan düşünjesi ýaşaýşyň ähli görnüşine (ösümlikler, biologiki prosesler) däl-de, diňe biziň häzirki psihika diýip atlandyrýan görnüşimize degişlilikde ulanylyp başlanypdyr. Psihika kategoriýasynyň içinde aň-düşünjesi döreýär. Adam diňe kabul edişi, pikiri döretmäge ukyply bolman, eýsem olaryň özüne degişlidigini-de duýýar, ol diňe bir erkli hereketleri amala aşyrmak bilen çäklenmän, ol hereketleriň özünden döreýändigini-de bilýär.

Bir wagtda bitewilikde seredilen jan düşünjesiniň böleklere bölünmesi, bir tarapdan, jemgyýetçilik islegleriniň täsiri boýunça, başga bir tarapdan bolsa organizmiň gurluşyny, funksiýasyny tejribe arkaly öwrenmekligiň progresiniň täsiri arkaly bolup geçýär. B.e.öň III a. Aleksandriýaly lukmanlar Gerofil we Erazistrat myşsalary baglanyşdyryjy syzylardan (saçuzynlardan) tapawutlylykda nerwleri açýarlar. Olar yzygiderlilikde psihiki funksiýalaryň (duýmanyň, hereketiň) gyjyndyryjy we beýniniň degişli zolagyna baglylykda döredýändigini aýan edýärler. Derňewleriň netijesinde psihikanyň tutuş beden bilen däl-de onuň dürli organlary (beýni, nerw) bilen baglanyşyklylygy anyklanýar. Şeýlelikde, bir tarapdan, janyň ýaşaýşyň ähli görnüşiniň başlangyjy bolup durýan formasy we başga bir tarapdan bolsa, duýmanyň hem-de hereketiň (nerwler bilen baglanyşyklykda) guramaçylyk başlangyjy bolup durýan formasy esaslandyrylypdyr.

Biziň eramyzdan öň II asyrda Rim lukmany Galen fiziologiýanyň we medisinanyň gazananlaryny jemläp psihikanyň fiziologik esaslary baradaky düşünjäni çuňlaşdyrýar we aň baradaky düşünjä golaýlaşýar. Ol üns, ýat, pikir ýöretme bilen utgaşykly hereketlerden adamyň uky wagtynda edýän hereketlerini tapawutlandyrýar. Hereketleriň ikisi-de jan tarapyndan edara edilýär, ýöne birinjide goşmaça faktorlar gatnaşýar. Aň baradaky ýaňy dörän düşünjäni filosofiýanyň idealistic ugry işjeň ulanýar. Şol wagtlar gullaryň rewolýusiýasy we raýatlyk urşy Rim imperiýasyny sarsdyran döwri idealistik filosofiýa din we mistika bilen arabaglanşykda has gülläp ösýär. Ilki Plotin (b.e.öň III asyr), soňra bolsa Awgustin (b.e.öň IV-V asyrlar) aň-düşünjesine gös-göni idealistik häsiýet berýärler. Ähli bilimler janda ilkibaşdan berlen hasaplanyp, onuň öz-özüňi aňlap bilmek ukyby, öz işiniň we onuň göze ilmeýän netijelerine aýdyň göz ýetirip bilşi nygtalýar. Janyň öz-özüni aňlap bilmekligi daşky duýgy organlarynyň döredýän tejribesinden düýpgöter tapawutly içki tejribe hasaplanylýar. Soň-soňlar bu nukdaýnazar introspeksionizm (latynçadan introspectio – iç ýüzüne seretmek) adyny alýar.

Agalyk edýän dini ideologiýa real dünýä özboluşly garaýşy döredip, adamdan öz-özi bilen ýekelikde galmagy, şonuň üsti bilen gudraty güýçlä ýakynlaşmaklygy talap edýär. Real tejribe bilen arasy üzülen psihologik bilimleriň ösüşi saklanýar. Bu ösüş diňe täze taryhy-sosial şertlerde döräp biljekdi. Bu şertler öndüriji güýçleriň ýokary göterilişi, täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen döreýär. Eýýäm feodalizmiň jümmüşinde progressiw psihologik taglymatlar ýüze çykýar; şahsyýetiň feodal labyryndan boşan öz-özüňi aňlamak, akyl ýetirmek jan hakyndaky ylmyň buthana-hudaýhonlyk nazaryýetleri bilen barlyşyksyz göreşde özüne ýol açýar. Hut şu nazaryýete bolan gatnaşygy boýunça her bir taglymatyň umumy häsiýeti kesgitlenipdir. Şol döwürlerde haýsy-da bolsa bir uniwersitetiň talyplary eger ilkinji umumy sapakda professora baha berjek bolsalar oňa: "Bize jan barada aýdyň" diýip gygyryşypdyrlar.

Inkwizisiýanyň ody täze sosial güýçler bilen hereketlendirilýän, azatlyga çykýan pikiri ýok edip bilmeýär. Ilki Niderlandlarda, soňra

Angliýada buržuaz rewolýusiýalary amala aşýar. Jemgyýetçilik islegleri hut pikirleniş usulynda agdarylyşyk geçirip, onuň esasy düzgüni hökmünde tebigaty, şol sanda adamynyň işini tejribe üsti bilen öwrenmek we mehaniki ruhda düşündirilmek öňe sürülýär.

XVII asyr biologik we psihologik bilimleriň ösüşinde täze döwri açýar.

Beden hem-de jan hakyndaky garaýyşlarda düýpli özgerilişik bolup geçýär. Beden maşyn hökmünde seredilip, onuň gurluşy edil tehniki konstruksiýalaryň mysalynda göz öňüne getirilipdir we şoňa görä-de jan tarapyndan hiç hili edara etmeklige mätäç däl hasaplanypdyr. Bu ideýa Dekart tarapyndan açylan özüňi alyp barşyň reflektor gurluşy baradaky taglymat bilen berk baglanyşyklydyr. Edil ýüregiň myşsasynyň işiniň gan aýlanyşyň içki mehanikasy arkaly dolandyrylyşy ýaly, ähli beýleki myşsalarynyň işi-de özüňi alyp barşyň ähli derejesinde sagat mehanizminiň strelkasynyň ýöreýşine meňzeşdir diýip beýik fransuz alymy çaklapdyr.

Refleks, ýagny organizmiň daşky täsire kanunalaýyk jogaby hakynda düşünje şeýle döräpdir. Dekart myşsanyň daşky täsirlere janyň hiç hili gatnaşmasyzlygynda, diňe nerw ulgamynyň gurluşy boýunça jogap berip bilýändigini subut edýär. Sagat mehanizminiň ýa-da ýagtylyk şöhlesiniň hereketinde janyň bolmaýşy ýaly haýwanlarda-da özboluşly mehanizmler bolup, nerwlerdäki prosesler bolsa beýniden myşsa tarap edil ýagtylyk şöhlesiniň serpigişi ýaly şöhlelenýärler (latynça "refleks" şöhlelenmek diýmek).

Bu garaýyş hakyky rewolýusiýa döredip, nerw-myşsa işine obýektiw akyl ýetirmegiň kompasy bolýar. Öň janyň häsiýeti hasaplanýan köp sanly psihiki hadysalary Dekart "nerw maşynynyň" täsiri boýunça düşündirmeklige çalşypdyr. Ol duýmanyň, assosiasiýalaryň, islegleriň nähili döreýändigini düşündiripdir. Emma ol öz reflektor shemasyny psihiki işiň ähli görnüşlerine ulanyp bilmändir. Onuň taglymatynda jana refleks bilen bir hatarda oňa göýä bedenden garaşsyz aýratyn güýç hökmünde seredilipdir.

Dekartyň dualizmini XVII asyryň beýleki alymlary hem materialistik, hem idealistik pozisiýadan tankytlapdyrlar. Materialist Gobbs jany taglymatdan düýpgöter aýryp, psihologiýanyň kanunlaryny ýeke-täk mehaniki hereketiň kanunlary boýunça

düşündirmeli diýip hasaplapdyr. Psihologiýa taryhda ilkinji gezek jan hakyndaky ylym bolmagyny bes edip, beden proseslerini kölege kimin ugradýan psihiki hadysalar hakyndaky ylma öwrülýär. Dünýäniň bitewiligi psihikany göýä salgym hökmünde düşünmekligiň hasabyna gazanylýar. Bu taglymat *epifenomenalizm* diýlip atlandyrylýar (epifenomen – hiç bir hereketsiz goşundy diýmek). Öz döwri üçin bu taglymatyň progressiw bolanlygyny bellemek zerurdyr, sebäbi ol şol döwürde rowaç bolan adatdan daşary ruhy güýçlere ynanmaklygyň kögüne palta urýar.

Spinoza hem Gobbs ýaly dünýäniň bitewiliginiň tarapdary bolupdyr, ýöne ol iňlis egindeşinden tapawutlanyp, aňyň reallygyny ululyga, göwrüme eýe bolan materiýadan birjik-de kem hasap etmändir. "Ideýalaryň tertibi we baglanyşygy edil predmetleriň tertibi we baglanyşygy ýalydyr"[1] diýip Spinozanyň esasy eseriniň teoremalarynyň birinde aýdylýar. Jisimler we olaryň ideýalary tebigatyň şol bir berk tertibinde durýar. Bu ýerde Spinoza Gobbs ýaly (hem-de Dekartyň refleks taglymatyndaky ýaly) ylmy psihologiýanyň esasy düzgünleriniň biri bolan d*eterminizm düzgüniniň* ýaýradyjysy bolupdyr. Bu düzgüne görä ähli hadysalar sebäpleriň we kanunlaryň täsiri astynda döreýär. Adamyň duýgylaryny, pikirlerini, hereketlerini dolandyrýan kanunlar öz dolulygy we takyklygy boýunça geometriki kanunlara meňzeşdir diýlip nygtalypdyr. Onuň "Etikasy" geometrik traktat görnişinde ýazylyp, onda bir pikir kanunalaýyklykda beýlekiden getirilip çykarylýar. Mehanikanyň, optikanyň, geometriýanyň gazananlary psihologik pikiriň ösmegine goltgy beripdir. Matematikada integral we differensial hasaplamalaryň açylmaklygy XVII asyryň iňňän uly nemes akyldary Leýbnisiň taglymatyna täsir edipdir. Ol ylmyň taryhynda ilkinji bolup psihikanyň aňlanylmaýan görnüşi baradaky düşünjäni öňe sürüpdir. Leýbnisiň işlerinde psihiki durmuş arifmetiki summa däl-de, integral görnüşinde häsiýetlendirilipdir.

Göz öňüne getirmäniň üznüksiz gradasiýasynyň çylşyrymlylyk derejesi boýunça bölünýänligi ideýasyndan ugur alyp, Leýbnis

---

[1] B.Spinoza. Избранные произведения, т. 1., М., Госполитиздат, 1957. 407-nji sah.

persepsiýany (aňlanylmaýan kabul edişi) we appersepsiýany (aňlanylýan kabul edişi) tapawutlandyrypdyr. Dünýägaraýşy boýunça idealist Leýbnis bütin dünýä köp sanly janlardan – “monadalardan” (“monada” – bölünmeýän diýmek) durýar diýip hasaplapdyr. Muňa garamazdan psihologiýa ol köp täze pikirler, şol sanda psihikanyň işjeňligi, onuň ösüşiniň yzygiderligi, aňlanylýan we aňlanylmaýan psihikanyň çylşyrymly gatnaşygy baradaky taglymatlary girizipdir.

XVII asyrda rasionalizm (latynçadan – rasio – aň, pähim) – dünýä hakyky akyl ýetirişi diňe aň, pähim üsti bilen alyp barmak bolar diýen pikir aýgytlaýjy bolýar. Öňdebaryjy ýurtlardaky çuňňur ykdysady üýtgeşmeler, industrial rewolýusiýalar, ylmyň gazananlaryny amalyýete ornaşdyrmak zerurlygy XVII asyrda empirizmiň we sensualizmiň öňdäki orunda goýulmagyna getirdi. Empirizm we sensualizm – tejribä we duýgy organlaryna esaslanýan akyl ýetirmäniň roluny “sap” pähimden öňde goýýan, zehinde hiç hili dogabitdi ideýa, düzgün bolup bilmez diýen pikirden ugur alýan taglymatdyr. Bu taglymaty empiriki (tejribä esaslanýan) psihologiýanyň esasyny goýujy diýlip ykrar edilen iňlis filosofy we pedagogy Jon Lokk has işjeň ýöredipdir. Bilimleriň ähli düzüminiň tejribeden gelip çykýandygyny ykrar edýän pikiriň psihologiýa üçin uly ähmiýeti bolupdyr, sebäbi ol psihiki durmuşyň anyk faktlaryny, ýönekeý hadysalaryň çylşyrymla geçiş ýollaryny çuňňur öwrenmekligi talap edýärdi. Lokkuň pikiriçe tejribe öz döreýşinde içki çeşmä daýanyp, olaryň biri daşky duýgy organlarynyň işi (daşky tejribe) bolsa, ikinjisi öz hereketini kabul edýän akylyň içki işi (içki tejribe) bolup durýar. Adam dünýä inende onda hiç hili ideýa, düşünje bolmaýar. Onuň jany – “arassa tagta” (“tabula raza”) bolup, onda tejribe öz hatyny ýazýar. Tejribe ýönekeý we çylşyrymly ideýalardan durýar. Bu ideýalar duýmadan ýa-da içki kabul edişden (refleksiýa) döreýär. Ikinji ýagdaýda aň öz içki dünýäsine gabalyp, ol real predmetlere däl-de, öz hususy netijelerine gönükdirilýär. Lokkuň “refleksiýa” (ony “refleks” düşünjesi bilen gatyşdyrmaly däldir) düşünjesi adam psihologik faktlara (fiziki faktlardan tapawutlylykda) introspektiw usulda (öz içki dünýäňe göz aýlamak usulynda) akyl ýetirýär diýen çaklama esasynda döreýär. Şeýlelikde, ýene dualizm ýüze çykýar. Aň we dünýä düýbünden başga-başga usullarda

aňlanylýanlygy üçin bir-birine garşy goýulýar. Lokkuň daşky we içki tejribe baradaky ikitaraplaýyn taglymaty şol bir wagtyň özünde materialistik we idealistik ideýalaryň ösmegine sebäp bolýar. Materialistler (iňlisler Gartliniň ýolbaşçylygynda, fransuzlar Didronyň, ruslar Radişewiň ýolbaşçylygynda) esas hökmünde daşky tejribäni alyp, adamynyň psihikasynyň içki mazmunyny onuň daşky dünýä bilen aragatnaşygyndan getirip çykarypdyrlar. Idealistler (Berkliniň ýolbaşçylygynda) psihikanyň içki mazmunyny ilkinji, hiç bir çeşmeden getirip çykaryp bolmaýan zat hasaplapdyrlar. Eýsem aýry-aýry ideýalardan nähili usulda adamyň çylşyrymly psihiki işi döreýär? Lokkdan soň psihologiýanyň esasy kanuny ideýalaryň assosiasiýa (baglanyşyk) kanunydyr diýen pikir berk ornaşýar. Assosianizm psihologiýanyň aýgytlaýjy ugurlarynyň birine öwrülýär. Psihikanyň mazmunyna düşüniş aýratynlyklaryna baglylykda assosianizmde materialistik we idealistik ugurlar biri-birlerine garşy durýarlar. Assosiatiw psihologiýanyň materialistik şahasynyň XVIII asyrdaky iň uly wekili Dawid Gartli bolupdyr. Nýutonyň fizikasyna we fiziologiýanyň we medisinanyň üstünliklerine daýanyp (Gartli praktiki işleýän wraç bolupdyr), ol refleks bilen assosiasiýa düşünjelerini birikdiripdir. Nerw ulgama täsir edip, duýgy organlardan beýni üsti arkaly myşsalara geçirilýän daşky täsirler psihikanyň ilki başlangyjy hökmünde kabul edilipdir. Bu täsirler duýma, onuň galdyrýan yzy – ideýa görnüşinde beýnä ornaşýar. Meňzeş duýmalaryň çalt gaýtalanmagy soňabaka diňe bir duýmanyň esasynda beýleki duýmalaryň (onuň bilen baglanyşykly bolan) beýnide galdyrýan yzlaryny gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berýär. Haçan-da bu hatara täze gyjyndyryjy – söz goşulanda, erk bilen pikirlenme döreýär.

Söz ýüze çykandan soň, ol öň döremegi gös-göni duýma täsirlerini talap edýän hereketleriň ornuny tutup, bu hereketleri assosiasiýa arkaly döredip ugraýar. Gartliniň taglymaty özüniň yzygiderliligi bilen tapawutlanýar. Bu taglymat determinizm düzgüni esasynda gurlandyr. Psihiki durmuşda assosiasiýa kanuny boýunça düşündirilmedik ýekeje bölüm-de galmaýar. Bu kanun adam üçin edil bütindünýä dartylmak kanuny ýaly uniwersal hasap edilipdir. Assosiatiw psihologiýa adamlary maksadalaýyk kemala

getirmekligiň we özüňi alyp barşy dolandyrmaklygy nerw ulgama täsir etmekligi guramak arkaly amala aşyrmaklygyň perspektiwasyny açýan taglymat hökmünde kabul edilýär. Nerw ulgamynyň özi bolsa hiç bir hili dogabitdi häsiýetleri bolmadyk hadysa hökmünde garalýar. Bu taglymatyň garşysyna XVIII asyr psihologik pikiriň başga bir ugry – ukyplaryň psihologiýasy (Germaniýada onuň lideri Hristian Wolf, Angliýada bolsa – Tomas Rid) durupdyr.

Ukyplar psihologiýasynyň wekilleri jana ilki başdan içki dogabitdi güýçler (ilki bilen akyl ýetiriş hem-de höwes görnüşinde ýüze çykýan gözöňüne getirmek ukyby) mahsusdyr diýen pikiri ýöredipdirler. Bu güýçleriň hiç hili sebäbi görkezilmändir, olar öz-özünden dörän hasaplanypdyr. Şeýlelikde, ukyp ylmy düşündirişi bolmadyk boş düşünjä öwrülýär.

XVIII asyr nerw ulgamyny öwrenmekde täze uly üstünlikler bilen baýlaşýar (Galler, Prohazka). Psihika mehaniki hereketiň nusgasynda däl-de, organizmiň beýleki funksiýalary mysalynda düşünilmelidir diýen düşünje öňe sürülýär. Psihika beýniniň funksiýasydyr diýen taglymat kem-kemden ýüze çykýar. Bu taglymat XVIII asyr fransuz materialistleri tarapyndan esaslandyrylýar. Olaryň düşündirişi boýunça pikirlenmäniň başlangyjy daşdan kabul edilýän täsirler bolup, onuň ahyrky netijesi sözde ýa-da manyly el bulaýlamak (žest-yşarat) ýaly hereketler bolup durýar. Bu iki pursatyň arasynda beýnide bolup geçýän göze görünmeýän nerw prosesleri ýatýar. Görnüşi ýaly, bu ýerde hem esasy shema refleksi ýada salýar. Ýöne fransuz materialistleri "refleks" düşünjesini diňe daşky gyjyndyryja jogap hökmünde döreýän aňlanylmaýan hereketleri atlandyrmak üçin ulanypdyrlar. Meselem, Kabanis gilýotinada kellesi kesilenleriň myşsalarynyň hereketi barada Konwente beren habarynda gilýotinanyň pyçagy jezalandyrylýanlara hiç hili agyry döredenok, sebäbi olaryň gymyldysy sap reflekslerdir diýip nygtapdyr.

Organizme iki dürli – erkli (aňlanylýan) we erksiz (aňlanylmaýan refleksler) hereketiň mahsuslygy baradaky pikir XIX asyryň birinji ýarymynda hemmeler tarapyndan ykrar edilýär. Bu pikir fiziologiýanyň ajaýyp üstünlikleri bilen tassyklanýar. Iňlis alymy Çarlz Bell hem-de fransuz alymy Fransua Mažandi duýujy we

hereket nerwleriniň aratapawudyny açýarlar. Oňurga beýnisiniň nerwleri gyjyndyrylanda dürli-dürli netijeler görkezýär. Onuň diňe öň tarapyndaky çykyndylary gyjyndyrylanda myşsalar reaksiýa berýär. Yz tarapdaky çykyndylaryň duýujylyk funksiýasyny ýerine ýetirýändigi anyklanýar. Duýujy nerwiň gutarýan ýeri gyjyndyrylanda impuls bu nerwden oňurga beýnidäki nerw merkeziniň üsti bilen hereket nerwi boýunça myşsa geçýär diýen düşünje döreýär. Impulsyň bu geçýän ýoluna *reflektor dugasy* diýlip at berilýär. Refleks filosofiýa çaklamasy bolmakdan tejribede barlanan fakta öwrülýär. Emma reflektor duganyň mehanizmi boýunça diňe hereket reaksiýasynyň ýönekeýje görnüşlerini düşündirmek mümkin bolupdyr. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda biolog Pflýugeriň eksperimentleri refleks düşünjesiniň diňe adamyň däl, eýsem daşky şertlere işjeň uýgunlaşmaga ukyply bolan haýwanlaryň özüni alyp barşyny düşündirip bilmeýändigini aýan edýär. Köpsanly faktlar refleks düşünjesi bilen özüňi alyp barşy doly düşündirip boljakdygyna şübhe döredýär. Muňa garamazdan, bu düşünjede organizmiň işjeňliginiň maddy täsirleriň maddy organlara täsir etmekligi netijesinde döreýänligini subut edýän möhüm ideýa bardy. Bu ideýany kabul etmezlik bedeni herekete getiriji jan hakyndaky köne düşünjä gaýdyp gelmekligi aňladýardy. Ylymda çylşyrymly ýagdaý döreýär: bir tarapdan, diňe refleks düşünjesi janly-jandarlaryň işjeňligini sebäpli düşündirmäge mümkinçilik berýärdi. Başga bir tarapdan, synaglaryň görkezişi boýunça, bu aktiwligi nerwleriň ýönekeý mehaniki baglanyşygyndan getirip çykarmak mümkin däldi. Dörän ýagdaýdan çykalga XIX asyryň ikinji ýarymynda rus alymy I.M.Seçenow (1829-1905) tarapyndan tapylýar.

**Psihikanyň reflektor häsiýeti**

"Kelle beýnisiniň refleksleri" (1863) diýen işinde I.M.Seçenow "aňlanylýan we aňlanylmaýan psihiki hadysalaryň ählisi öz döreýiş usuly boýunça tamamy reflekslerdir"[1] diýen netijä gelýär.

[1] Psihologiýanyň häzirki döwürdäki ösüşiniň gysgaça harakteristikasy. 3-nji babyň 1-nji paragrafynda berilýär.

Diýmek, aň (psihiki hadysa) tensiz janyň önümi däl-de "öz döreýiş usuly boýunça" (gurluşy, alnyp barylyşy) reflekse meňzeşdir. Psihikany adamynyň öz duýmalaryny, ideýalaryny syzyşyny synlanyňda ýüze çykýan subýektiw hadysalara syrykdyrmak bolmaz. Edil refleks ýaly, onuň düzümine daşky gyjyndyryjynyň täsiri we oňa jogap hökmünde ýüze çykýan hereket goşulýar. Öňki taglymatlarda adamynyň aňynda obrazlar, gözöňüne getirmeler, pikirler görnüşinde ýüze çykýan hadysalar psihologiýanyň predmeti hasaplanýardy. Seçenowyň düşündirişi boýunça bular diňe bitewi psihiki prosesleriň aýry-aýry elementleri bolup, organizm bilen gurşawyň özara täsiriniň ("durmuşy duşuşygy") aýratyn görnüşidir. Psihiki prosesler aňda başlanyp, aňda-da gutarýar diýen pikiri Seçenow uly ýalňyşlyk hasaplaýar.

Derňewleriň görkezişi boýunça refleksiň beýnidäki zwenosyny onuň tebigy başlangyjyndan (duýgy organlaryna edýän täsirlerinden) we gutaryşyndan (jogap hereketinden) aýyrmak bolmaz. Psihiki hadysa bitewi reflektor aktda döräp, onuň netijesi bolmak bilen, şol bir wagtyň özünde ýetilýän netijäni (hereketi, gymyldyny) dörediji, edara ediji faktor bolup durýar.

Eýsem psihiki prosesleriň roly nämeden ybarat? Bu rol hereketi üýtgeýän şertlere laýyk guraýan signal(habar beriş) ýa-da regulirleýji(kadalaşdyryjy) funksiýasyndan, şonuň bilen birlikde döredýän peýdaly, uýgunlaşmak täsirinden ybaratdyr. Psihika öz-özünden daşky täsire jogap işiniň regulirleýjisi bolman, ol beýniniň daşky dünýä barada informasiýa toplaýan, saklaýan we gaýtadan işlenýän degişli bölümleriniň funksiýasy hökmünde bu işi alyp barýar. Şeýlelikde, reflektor akta adamyň bilimleri, daşky dünýä dogrusynda gözöňüne getirmeleri, indiwidual tejribäniň bütin mazmuny girýär. Psihiki hadysalar – munuň özi beýniniň daşky (gurşaw) we içki (organizmiň fiziologik ulgam hökmündäki ýagdaýy) täsirlere jogaplarydyr. Psihiki hadysalar şu pursatda täsir edýän (duýma, kabul ediş) ýa-da geçmişdäki tejribesinde (ýat) bolan täsirlere jogap hökmünde döreýän, bu täsirleri jemleýän we netijäni öňünden gözöňüne getirmäge mümkinçilik berýän (pikirlenme we hyýal), adamyň işini bir täsiriň üsti bilen işjeňleşdirip, beýlekiniň üsti bilen togtadýan (emosiýa we erk), özüňi alyp baryşda indiwidual

aýratynlyk döredýän (temperament, gylyk we ş.m.) işiň hemişelik dolandyryjylarydyr. I.M.Seçenow psihikanyň gurluşynyň we işi psihiki dolandyryşyň reflektor häsiýeti hakyndaky taglymaty öňe sürýär. Bu möhüm teoretiki pikirler I.P.Pawlow tarapyndan eksperimentde tassyklanýar we takyklanýär. I.P.Pawlow haýwanlaryň we adamyň daşky gurşaw bilen özara täsiriniň beýnini tarapyndan edara ediji kanunlaryny açýar, onuň bu kanunlar hakyndaky ýöreden pikirleri "iki signal ulgamy hakyndaky taglymat diýip atlandyrylýar.

Predmetiň obrazy (görüş, eşidiş, ys alyş we ş.m.) haýwan üçin haýsy-da bolsa bir şertsiz gyjyndyryjynyň signaly bolup hyzmat etmek bilen, onuň özüni alyp barşynyň şertli refleks mysalynda üýtgemegine getirýär. Belli bolşy ýaly, şertli refleks haýsy-da bolsa bir şertli gyjyndyryjynyň (meselem, öçüp-ýanýan elektrik lampasy) şertsiz gyjyndyryjy (meselem, iýmit bermek) bilen utgaşmagynyň netijesinde beýnide iki merkeziň - görüş hem-de iýmit) arasynda wagtlaýyn nerw baglanyşygynyň döremegi esasynda ýüze çykyp, haýwanyň iki işi – görüşi hem-de iýmitlenişi birleşen ýagdaýynda bolýar. Lampanyň ýanmagy haýwan üçin iýmitlenmeklige signal bolup hyzmat edýänligi üçin, sülekeý bölünmegine sebäp bolýar. Haýwanlaryň özüni alyp barşyndaky ulanýan signallaryny I.P.Pawlow birinji signal ulgamy ("ilkinji signallar") diýip atlandyrýar. Haýwanlaryň ähli psihiki işi birinji signal ulgamynyň derejesinde alnyp barylýar.

Birinji signal ulgamynyň signallary (takyk obrazlar, gözöňüne getirmeler) adamda hem möhüm rol oýnap, onuň özüni alyp barşyny gönükdirýär we dolandyrýar. Meselem, swetoforyň gyzyl gözi awtomobiliň sürüjisi üçin signal gyjyndyryjy bolmak bilen, onda birnäçe hereketleri döredip, maşyny saklamaga mejbur edýär. Bu ýagdaýda signal gyjyndyryjylarynyň (meselem, swetoforyň gyzyl, sary we ýaşyl yşyklary) hut özleri adamyň özüni alyp barşyny edara etmän, eýsem olaryň beýnisindäki obraz-signallary edara edýär. Bu obraz-signallar predmetler hakynda signal bermek bilen adamyň özüni alyp barşyny dolandyrýar. Adamda, haýwanlardan tapawutlylykda, birinji signal ulgamy bilen bir hatarda ikinji signal ulgamy bolup, ol onuň düýpgöter artykmaçlygy, belentligidir. Ikinji

signal ulgamynyň signallary bolup geplenýän, eşidilýän, okalýan sözler ("ikinji signallar") hyzmat edýär. Sözler birinji signal ulgamynyň signallaryny çalşyrmaga, obraz- signallary habar bermäge mümkinçilik berýär. Söz olary habar berip, ornuny tutup, jemläp, edil olaryň özleri ýaly hereketleri döredýär. Şeýlelikde, söz "signallaryň signalydyr". Signal gyjyndyryjylaryndan (sözleýşiň sesi, ýazuw üsti bilen berilýän habaryň teksti) söz gyjyndyryjylarynyň beýnide sözüň manysy görnüşinde döreýän signalyny tapawutlandyrmalydyr. Haçan-da adam tarapyndan sözüň manysyna düşünilende, söz onuň özüni alyp barşyny dolandyrýar, daşky gurşawda ugur görkezýär, emma düşünilmedik ýagdaýynda adama diňe birinji signal ulgamy ýaly täsir edýär ýa-da oňa hiç hili täsirsiz galýar.

**Psihologiýanyň predmetini kesgitlemek.**

Ýokarda aýdylanlar psihika obýektiw dünýäniň subýektiw obrazy, hakykatyň beýnide şöhlelenişi hökmünde seretmäge mümkinçilik berýär. Psihika şeýle düşünmek ylmy psihologiýada esaslandyrylan şöhlelenme taglymaty boýunça düşündirmäge mümkinçilik berýär.

Bu taglymat psihika beýniniň funksiýasy, hakykaty şöhlelendirişiň görnüşi hökmünde seretmäge, onuň mazmunyna filosofik taýdan dogry düşünmeklige kömek edýär. Eger-de birtaraplaýyn idealistic garaýyş psihikany materiýadan aýryp, ony daşky täsirlerden garaşsyz öz içki dünýäsine gabalan hadysa hökmünde seretse, mehanisizm psihikany materiýadan parhlandyrman, ony nerw prosesleri bilen gatyşdyrýar. Gnoseologiýa – akyl ýetiriş taglymaty psihikany öwrenmekde subýekt bilen obýektiň özara täsirini (adamyň dünýä baradaky düşünjeleriniň takyklygy, şöhlelenmäniň dogrulygy we ş.m.) ýüze çykarmaklygy esasy maksat edip goýýar. Psihologiýanyň psihikany öwrenmekde öz takyk ylmy wezipeleri, öz takyk predmeti bardyr.

Psihologiýa daşky täsirleriň subýektiň içki, şol täsirleri özünde saklaýan psihiki ýagdaýlaryna öwrüliş prosesini öwrenýär. Ol adamynyň daşky täsirlere jogap hökmünde alyp barýan işini edara etmekligi programmirlemegi, edara etmegi üpjün edýän

şöhlelendirilýän predmetiň şöhlelenýän hadysa öwrüliş mehanizmlerini öwrenýär.

Psihika işjeň häsiýetdedir. Ymtylyş, has amatly çözüşleriň işjeň gözlegi, özüňi alyş barşyň bolup biläýjek nusgalaryny seçmek psihikanyň möhüm taraplary bolup durýar. Psihiki şöhlelenme aýnada şöhleleniş ýaly passiw bolman, ol gözleg, saýlap almak, hereketiň dürli wariantlaryny deňeşdirip görmek bilen utgaşykly bolup, şahsyýetiň işiniň möhüm tarapyny düzýär.

Özüňi alyp barşyň işjeň dolandyrylmasy netijäni ýetilen dereje bilen baglanyşdyrmaklygy üpjün edýän mehanizmiň bolmagyny talap edýär. Işiň, hereketiň netijesini onuň ýetilen derejesi bilen baglanyşdyrmak düşünjesi (yza dolanýan baglanyşyk) häzirki zaman psihologiýasynda, fiziologiýasynda we kibernetikasynda giňden ulanylýar. Bu düşünjäniň manysy jogap hereketiň beýnide çözülýän meselä laýyklykda bahalandyrylmagyndan ybaratdyr. Şeýlelikde, bir bitewi yzygiderli ulgam göz öňünde tutulyp, merkezden taýýarlanan her bir jogap hereketi şol bir pursatda ýene-de merkeze tarap (periferiýadan merkeze) hereketiň netijesi barada informasiýa goýberilmese yza dolanýan baglanyşyk amala aşyrylmaýar.

Yza dolanýan baglanyşyk apparatynyň kömegi arkaly işiň netijesi bu netijeden öňürti beýnide döreýän onuň obrazy, obýektiw reallygyň özboluşly modeli bilen deňeşdirilýär[1].

Psihikanyň barlygy hereketiň yzygiderli programmasyny döretmäge, operasiýalary ilki içki psihiki dünýäde (meselem, özüňi alyp barşyň mümkingadar wariantlaryny seçmek) amala aşyryp, diňe şondan soň hereket etmeklige mümkinçilik berýär.

Biologik ewolýusiýa prosesinde özüňi alyp barşyň aýratyn edara ediji apparaty hökmünde döräp, psihika adamyň döremegi bilen hil taýdan aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Jemgyýetçilik kanunlarynyň täsirinde organizmler şahsyýetlere öwrülip, olaryň hersi özünde döreden taryhy ýagdaýyň aýratynlygyny saklaýar. Şoňa görä-de adamynyň özüni alyp barşy şahsy häsiýetde bolýar.

[1] Psihologik edebiýatda bu modeler dürli hili atlandyrylyp, kähalatlarda "hakykatyň dinamiki modeli" adalgasy ulanylyp, öňürtleýji şöhlelenme prosesiniň bir-birini çalşyrýan birnäçe dinamiki modelleri döretmek arkaly geçýänligi nygtalýar.

Aýdylanlar psihologiýanyň predmetiniň ýokarda getirilen kesgitlemesini takyklamaga mümkinçilik berýär. Psihologiýa – beýnide hakykatyň obrazy görnüşinde döreýän we adamda şahsy häsiýete eýe bolýan işi dolandyrýan psihikanyň faktlary, kanunlary we mehanizmleri hakyndaky ylymdyr.

## §2. Beýni we psihika

Psihika beýniniň funksiýasydyr. Organizmiň psihiki işi köp sanly ýörite beden mehanizmleriniň üsti bilen alnyp barylýar. Olaryň biri täsirleri kabul edýär, beýlekileri ol täsirleri signallara öwürýär, özüňi alyp barşyň meýilnamasyny düzýär, oňa gözegçilik edýär, üçünjisi özüňi alyp barşa energiýa we okgunlylyk berýär, dördünjisi myşsalary herekete getirýär. Psihikanyň bu möhüm işleri daşky gurşawda işjeň ugur almagy, durmuşy meseleleri çözmegi üpjün edýär.

Organiki dünýäniň uzak ewolýusiýasynyň dowamynda biröýjükli amýobadan adama çenli özüňi alyp barşyň fiziologik mehanizmleri üznüksiz çylşyrymlaşmagyň, differensirlenmegiň netijesinde has çeýe, operatiw häsiýete eýe bolupdyr.

**Nerw ulgamynyň gurluşy we psihika**

Bir öýjükli organizmleriň, meselem, amýobanyň iýmiti kabul etmek, ony agtarmak, özleşdirmek üçin ýöriteleşdirilen hiç hili organlary ýokdur. Şol bir öýjük hem duýujy, hem hereket we iýmit bişiriji organdyr. Şonuň üçin-de amýobanyn ýaşaýyş mümkinçilikleri – iýmit tapmak, howpdan goranmak ukyplary örän çäklidir. Ýokary derejede ösen haýwanlaryň ýöriteleşdirilen organlary olara ýokary çaltlykda we takyklykda iýmiti saýgarmaga, howply täsirleri aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Bu mümkinçilik signallary kabul etmeklige ýöriteleşdirilen öýjükleriň döremegi bilen ýüze çykýar. Bu öýjükler reseptorlary (latynçadan “kabul ediji” ýagny, daşky gurşawyň täsirini kabul edýän apparat) emele getirýär. Beýleki öýjükler myşsalaryň işini, dürli mäzleriň sekresiýalaryny amala aşyrmaklygy öz üstüne alýar. Bular

effektorlardyr. Eger ýöriteleşmek prosesi organ bilen onuň funksiýasyny bölýän bolsa, durmuş öz gezeginde olaryň arasynda üznüksiz baglanyşygy, hereketleriň daşky predmetlerden we organizmiň özünden gelýän signallaryň akymy bilen sazlaşykly bolmagyny talap edýär. Bu sazlaşyk bitewi bir ýagdaýda işleýän esasy “dolandyryş pultunyň” – merkezi nerw ulgamynyň hasabyna gazanylýar.

Nerw ulgamynyň umumy gurluş nusgasy ähli oňurgalylarda birmeňzeşdir. Onuň esasy elementleri nerw öýjükleri ýa-da neýronlar bolup, olar oýanmalary geçiriji funksiýany ýerine ýetirýärler. Neýron öýjügiň beden böleginden, onuň şahalara bölünýän, oýanmany kabul ediji dokumalaryndan – dendritlerden we oýanmany beýleki neýronlara geçiriji aksondan – dokumadan durýar. Aksonyň dendritler hem-de beýleki neýronlaryň öýjüginiň bedeni bilen galtaşýan nokadyna sinaps diýilýär. Bu ýerde neýronlaryň arasynda funksional baglanyşyk amala aşyrylýar. Nerw ulgamynda täze baglanyşyklary döretmekligiň mehanizmini düşündirmekde sinapslara uly ähmiýet berilýär. Bu baglanyşyklaryň döremeginde sinapslarda bolup geçýän üýtgeşmeler (himiki ýa-da gurluş boýunça) mynasybetli oýanmalaryň impulslarynyň belli bir ugurlara saýlanylyp geçirilmegi üpjün edilýär. Sinaps oýanmanyň ýeňip geçmeli barýeri - päsgelçiligi bolup durýar. Barýerleriň käbiri ýeňil, beýlekileri bolsa ýeňip geçmek üçin has kynçylykly bolup, kähalatlarda olaryň belli birini saýlap almak zerurlygy döreýär.

Neýronlaryň bir bölegi oýanmany reseptorlardan merkezi nerw ulgamyna geçirse, beýlekisi – ondan effektorlara geçirýär. Olaryň köp bölegi kelle beýnisi bilen oňurga beýnisinden durýan merkezi nerw ulgamynyň özüniň aýry-aýry punktlarynyň arasynda baglanyşyklary döretmegi amala aşyrýarlar.

Kelle beýnisiniň ýokary bölegini uly ýarym şarlar düzüp, olar alty gatlakly neýronlaryň massasyndan (10 milliarda golaý) durýan beýniniň gabygyny emele getirýär. Gabyk psihiki işiň örän möhüm (ýöne ýeke-täk däl) organydyr. Ýarym şarlaryň aşagynda, ýeňse bölüminde funksiýasy entek doly anyklanmadyk beýnijik ýerleşýär. Ol myşsalaryň hereketini koordinirlemekde esasy rol oýnaýar. Uly ýarym şarlarda beýni sütüni direlip, onuň ýokary bölegini düzýän

talamus oňurga beýniden uly ýarym şarlara geçýän nerw ýollarynyň “aralyk stansiýasy” bolup hyzmat edýär. Onuň aşaky bölegindäki gipotalamus suw çalyşmasyny, iýmite bolan islegi we organizmiň beýleki funksiýalaryny edara edýän merkezlerden durýar.

Merkezi nerw ulgamynyň agzalan bölümleri örän çylşyrymly gurluşa eýe bolup, ol anatomiýa we gistologiýa tarapyndan öwrenilýär.

Häzirkizaman ylmy düşünjelere görä oňurga beýnisi we beýni sütüni refleksleriň dogabitdi (şertsiz refleksler) görnüşlerini amala aşyryp, uly ýarym şarlaryň gabygy bolsa özüňi alyp barşyň psihika tarapyndan dolandyrylýan ýaşaýyş prosesinde döreýän görnüşleriniň organydyr.

Her bir duýujy bedenüsti (deri, gözüň torly bardasy we beýlekiler) we her bir hereket organy beýnide özüniň hususy wekilçiligini döredýär. Funksiýa taýdan ýöriteleşmek diňe bir reseptorlara hem-de effektorlara mahsus bolman, eýsem özünde organizmiň periferiýasynda – aýakujy bölümlerinde bolup geçýän prosesleriň proýeksiýasyny döredýän beýni öýjüklerine-de häsiýetlidir. Munuň şeýledigini häzirkizaman hirurgiýa tehnikasy esasynda, beýni gabygyny oňa inçe elektrodlar ýerleşdirmek arkaly gyjyndyrmak usullary esasynda anyklanandyr. Şeýle tejribeleriň köpüsi haýwanlarda geçirilendir. Adamlar barasynda aýdylanda bolsa sagdyn, beýnisinde hiç hili şikest bolmadyk ýagdaýynda olarda hirurgik eksperimentler geçirilmeýär. Diňe käbir operasiýalarda neýrohirurglar beýnini elektrodlar arkaly barlaýarlar. Beýnide agyry nokatlarynyň ýoklugy sebäpli näsag şeýle derňewlerde hiç hili agyry duýmaýar. Şol bir wagtyň özünde, ol öz aňynda bolýany üçin, lukmanlara gyjyndyrma netijesinde özüniň duýýan zatlaryny habar berip bilýär. Şeýle usulyň üsti bilen beýniniň aýry-aýry uçastoklary gyjyndyrylanda olaryň biriniň myşsalaryň düýrülmegini döredýänligi anyklanýar. Bu tejribeler duýuş we hereket nerwleriň “ahyrky stansiýalarynyň” belli bir tertipde ýerleşýändigini, organizmiň dürli bölümleriniň beýnide birmeňzeş wekilçiliginiň ýoklugyny anyklady.

Uly ýarym şarlaryň gabygynyň köp bölegini, eliň işini, aýratynam onuň başam barmagyny (bu barmak diňe adamda beýleki barmaklara garşy durýar) dolandyrýan öýjükler hem-de sözleýiş

organlarynyň myşsalarynyň (dil, dodak) funksiýasy bilen baglanyşykly öýjükler tutýar. Şeýlelikde, uly ýarym şarlaryň gabygynda zähmetde we sözleşmekde esasy funksiýany alyp barýan hereket organlary giň orun tutýar.

Uly ýarym şarlaryň işleýşiniň umumy kanunlary I.P.Pawlow tarapyndan açylandyr. Pawlowyň tejribeleriniň klassyky nusgasynda itlerde dürli signallara şertli refleksler döredilip, bu signallar itlerde edil gös-göni ähmiýeti bolan gyjyndyryjylar (meselem, iýmit) täsir edilendäki ýaly fiziologik reaksiýa (meselem, sülekeý bölünmegi) ýüze çykarýar. I.P.Pawlowyň taglymaty diňe bu nusga bilen çäklenmeýär. Laboratoriýadan daşda, real durmuşda haýwan haçan agzyna iýmit düşerine garaşyp durman, ony agtarýar, oňa tarap hereket edip, onuň netijeliligini barlaýar, gurşawda işjeň oriýentirlenýär.

Häzirki döwürde dünýäniň ösen ýurtlarynda alnyp barylýan derňewler ýokary nerw ulgamynyň işiniň umumy kanunlarynyň haýwanlaryň işjeň özüni alyp barşynda ýüze çykýanlygyny subut edýär. Meselem, eger kepderi çala basanyňda iýmli guty açylýan knopkaly eksperimental ýaşige ýerleşdirilse, ol birnäçe wagtdan bu ýumuşy çözýär. Knopka oňa şertli gyjyndyryjy bolup, çünküň bu signala bolan reaksiýasy edil I.P.Pawlowyň tejribesindäki aç itiň jaň sesine ýa-da yşyga sülekeý mäzleriniň reaksiýasy ýaly zerurlykda amala aşyrylýar.

Psihiki işiň fiziologik mehanizmleri hakyndaky taglymat beýni sütüniniň funksiýalaryny beýniniň nerw dokumasyna mikroelektrodlary girizmek arkaly gös-göni gyjyndyrmak boýunça gazanylan netijeleriň hasabyna täze düşündiriş bilen baýlaşdy. Beýni sütüniniň birnäçe bölümleriniň beýniniň ýokarda ýerleşýän bölümlerine energiýa çeşmesi bolup durýanlygy anyklandy.

Beýni sütünini elektrik arkaly gyjyndyrmak bilen bir hatarda onda öz-özünden, eksperimentatoryň gatnaşmazlygynda ýüze çykýan toklary ýazyp almak usuly-da ulanylýar. Bu tejribeler beýniniň elektrik işjeňliginiň birmeňzeş däldigini ýüze çykardy. Biotoklaryň ýazgysynyň häsiýeti boýunça adamynyň psihiki ýagdaýynyň üýtgeýşini bilip bolýar. Beýnide döreýän tolkunlar dürli çaltlykdaky (ugurdaky) elektromagnit yrgyldylarydyr. Olaryň has asudalary

adamynyň dynç alýan pursaty, gözleriniň ýumuk, ünsüniň gowşan mahalynda ýüze çykýar. Emma şeýle ýagdaýda bolýan adama haýsy-da bolsa bir ýumuş (meselem, arifmetik mysallary işlemek) tabşyrylsa, onuň biotoklaryny görkeziji tolkunlar üýtgeýär, ýazgyda has çalt tolkunlaryň yzy döreýär.

Beýnide döreýän elektrik toklaryny güýçlendirijileriň kömegi arkaly elektroensefalogramma görnüşinde ýazmak mümkinçiliginiň açylmagy fiziologlar, lukmanlar bilen bir hatarda psihologlar üçin hem uly ähmiýete eýe boldy. Elektroensefalogramma beýniniň işjeňliginiň üýtgeýşini yzarlamaga, bu üýtgeşmeleri adamynyň psihiki prosesleriniň üýtgeýşi bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Biotoklaryň ýazgysy beýniniň işiniň mazmunyny däl-de, diňe onuň umumy biofizik we biohimik işjeňligini görkezýän-de bolsa, bu derňewler örän möhümdir. Olar geljekde ylma beýni we psihika barada kän gyzykly faktlar bererler. Şoňa görä-de beýniniň biotoklarynyň adamynyň işiniň dürli görnüşlerinde, şol sanda kosmos uçuşy ýaly has çylşyrymly şertlerde has ymykly öwrenilmegi tötänden däldir. Kosmonawtyň beýnisiniň biotoklarynyň ýazgysy onuň merkezi nerw ulgamynda bolup geçýän üýtgeşmeleriň görkezijisi bolup hyzmat edýär. Biotoklaryň ýazgysynyň häsiýeti boýunça adamynyň oýalygyny, ukudalygyny, onuň aňynyň işjeňlik derejesini bilip bolýar.

Adamynyň psihiki prosesleriniň beýni mehanizmi köp derejede haýwanlaryň psihikasynyň mehanizmi bilen meňzeşdir. Nerw ulgamynyň umumy gurluşy we işleýşi ähli süýdemdirijilerde bir hilidir. Şonuň üçin-de haýwanlaryň beýnisini öwrenmek diňe fiziologiýada däl, psihologiýada hem örän ähmiýetlidir. Başga bir tarapdan adamynyň we haýwanyň psihiki işiniň aratapawudy diňe san taýdan bolman, eýsem hil babatdadyr. Bu tapawut tebigy ýol bilen adamynyň organizminiň ähli gurluşyny we funksiýasyny üýtgeden kuwwatly maddy faktor – zähmetiň esasynda döräpdir. Şonuň bilen birlikde psihikanyň organy – beýni-de kämilleşipdir. Onuň haýwanlaryň beýnisinden tapawudy ýokary akyl ýetiriş prosesleri, esasanam pikirlenme öwrenilende has-da aýdyň ýüze çykýar. Bu prosesler duýma we kabul ediş ýaly beýniniň belli bir uçastogynda ýerleşmeýärler. Eger adamynyň beýnisiniň gabygynyň

ýeňse bölümi zaýalansa, onda görüş duýmalarynyň ýok boljakdygy ikuçsuzdyr. Beýniniň ýokary akyl ýetiriş prosesleri bilen baglanyşykly uçastoklaryna zeper ýetirilmesi başga häsiýetde bolýar. Bu ýagdaýda zeper ýetirilen uçastogyň funksiýasyny başga bir bölüm öz üstüne alýar. Akyl we sözleýiş prosesleriniň işini alyp barýan nerw dokumalaryna ýokary çeýelik, funksiýalaryna özara çalyşmaklyk mahsusdyr.

Adamynyň psihiki durmuşynda uly ýarym şarlaryň gabygynyň üstüniň 30% meýdanyny tutýan maňlaý bölegine esasy rol degişlidir. Maňlaý bölümleriniň zaýalanmagy (kesel, ýaralanmak we ş.m.) özüňi alyp barşyň ýönekeý görnüşlerinde däl-de, onuň has ýokary çylşyrymly görnüşlerinde duýulýar. Beýni gabygynyň maňlaý bölümleri zaýalanan näsaglar görüşe, sözleýşe, ýazuw işine bolan ukyplary saklasalar-da, arifmetiki mysallary işlänlerinde mysallaryň şertlerini analizlemäge ukypsyz bolýarlar. Mysal çözmekligiň meýilnamasy düzülende, olar ahyrky maksady göz öňünde tutup bilmeýärler. Alnan netijäni başlangyç şertler bilen deňeşdirip bilmeýärler, öz ýalňyşlaryny duýmaýarlar we ş.m. Köp sanly kliniki synaglaryň şaýatlyk etmegine görä, beýniniň maňlaý bölümleriniň zaýalanmagy akyl ukyplarynyň peselmegi bilen bir hatarda adamynyň şahsyýet ulgamynda, onuň gylygynda düýpli üýtgeşmelere getirýär. Kesellemezden öň salyhatly adamlar gödeklik, gaharjaňlyk, özüňi saklap bilmezlik ýaly häsiýetlere eýe bolýarlar. Ýokary derejede ösen haýwanlaryň we adamynyň psihikasy kelle beýniniň işiniň önümidir. Ýöne psihikanyň mazmunyny beýniniň özi döredenok. Onuň çeşmesi janly-jandarlaryň özara täsiri amala aşyrylýan daşky dünýädir. Haýwanlardan tapawutlylykda adam beýnisi üçin daşky dünýä biologiki gurşaw bolman, jemgyýetçilik taryhynyň ösüş ýolunda adamlar tarapyndan döredilen predmetleriň we hadysalaryň dünýäsidir.

Ilkinji ädimlerden başlap her bir adamynyň psihikasynyň ösüş çeşmesi taryhyň jümmüşinden gaýdan medeniýet bolup durýar.

**Beýniniň işinde psihiki we nerw-psihologik hadysalar**

Psihiki we nerw-psihologik prosesleriň özara baglanyşygy örän çylşyrymly meseleleriň biri bolup durýar. Bu proses öwrenilende psihikanyň nerw-fiziologik hadysalardan özboluşlylygyny ýüze çykarmak bolýar. Eger şeýle özboluşlylyk ýok bolan bolsa, psihologiýa - ylmyň özbaşdak pudagy hökmünde bölünip bilmezdi we gös-göni nerw sistemasynyň funksiýasyna syrykdyrylardy. Ony nerw sistemasynyň fiziologiýasy bilen meňzeş hasaplamaly bolardy. Psihikanyň özboluşlylygyny ýüze çykarmagyň esasy kynçylygy, ol nerw-fiziologik işiň netijesi bolsa-da, onda bu nerw-fiziologik psosesler gös-göni ýüze çykmaýar, “göze ilmeýär”. Psihiki prosesler içki fiziologik prosesleriň däl-de, daşky obýektleriň (formasynyň, ululygynyň, predmetleriň özara täsiriniň) häsiýetnamasyny özünde jemleýär. Fiziologik prosesleriň kömegi bilen psihikanyň möhüm aýratynlygy – daşky dünýäniň beden sistemasynda şöhlelenmegi, obraz-keşp görnüşinde gaýtadan dikeldilmegi amala aşyrylýar.

Psihikanyň mazmunynda we gurluşynda neýrofiziologik prosesleriň gös-göni ýüze çykmazlygy onuň özboluşlygyny öwrenmekligi bir döwürde düýpli bökdedi. Psihiki hadysalaryň “bedensiz”, maddy häsiýetde däldigi käbir psihologlar tarapyndan jan aýratyn, bedene bagly däl güýç diýen taglymaty döretmekde ulanylypdyr. Şol sebäpli psihiki hadysalara yzygiderli dialektiki düşünmeklige ymtylmak kähalatlarda başga bir düýpli ýalňyşlyga getiripdir: psihika fiziologik prosesler bilen gatyşdyrylyp, psihologiýa fiziologiýa bilen çalşyrylypdyr.

Şeýle çemeleşmegiň nädogrudygyny reflektor işde psihikanyň aktiw dolandyryjy roluny aýdyň görkezýän psihikanyň reflektor taglymaty subut edýär. Soňky ýyllarda psihologlaryň, fiziologlaryň we kibernetikleriň geçiren derňewleri, signalyň kibernetikada kabul edilen düşünilişinden ugur alyp, psihikanyň nerw proseslerden tapawudyny has-da aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

**Psihika we informasiýa.**

Ylmyň ösüşinde signal işiniň reflektor taglymatda açylan formalaryny aýdyň görkezijileri boýunça

tapawutlandyrmak zerurlygy döreýär. Meselem, duýma "birinji signal" hökmünde nerw impulsyndan ýa-da signaldan nähili tapawutlanýar?

Muňa jogap bermek üçin her bir islendik signalyň tebigatyny açyp görkezmeli bolýar. Diňe şu esasda onuň dürli formasynyň özboluşlylygyny bilip bolýar. Ylmy düşünjeleriň ösüşinde hadysalaryň özboluşlylygyny aýdyňlaşdyrmak haçan-da oňa umumy kanunlaryň takyk görnüşi hökmünde seredeniňde mümkin bolýar.

Meselem, planetalaryň Kepler tarapyndan esaslandyrylan hereketleriniň aýratynlygy diňe mehanikanyň Nýuton tarapyndan açylan umumy kanunlary esasynda gutarnykly düşündirişe eýe boldy. Takyk sosial-ykdysady formasiýanyň aýratynlygynyň ylmy düşündirilişi haçan-da ol sosial-taryhy ösüşiň umumy kanunlaryndan getirilip çykarylanda mümkin bolýar.

Signal işiniň umumy düzgünleri baradaky düşünjeler soňky döwürlerde ylmyň dürli ugurlaryndaky gazanylan bilimleriň birleşmesi-sintezi esasynda toplandy. Şeýle sintez signallaryň umumy yny döretmäge mümkinçilik berdi. Bu taglymata görä her bir signal informasiýanyň birligi we ony geçirmekligiň formasy bolup durýar. Informasiýa hemişe öz çeşmesi bilen özüni alyp baryjynyň arasyndaky belli bir gatnaşygy aňladýar. Informasiýanyň çeşmesi – ony özünde saklaýjy sistema täsir edýän haýsy-da bolsa bir obýektdir. Meselem, şeýle çeşme telestudiýadaky diktoryň ýüzi bolup biler. Informasiýanyň özünde saklaýjysy hökmünde telewizoryň kabul ediş trubkasynyň ekrany görnüşindäki ahyrky zwenosy bilen telewizion baglanyşyk kanaly hyzmat edýär. Informasiýanyň çeşmesi bolan diktoryň ýüzi dürli ýagtylanma derejeli nokatlaryň toplumydyr. Şuňa degişlilikde informasiýanyň saklaýjysy hökmünde telewizion kanalda elektrik güýjemesiniň-napryaženiýesiniň dürli üýtgeýän ýagdaýlarynyň toplumy döreýär. Edil şonuň ýaly geplenýän söz ses basymynyň üýtgeýän ýagdaýynyň toplumy bolup durýar. Bu toplum informasiýanyň özünde saklaýjysydyr. Informasiýanyň saklaýjysy hökmünde eşidiş apparatynda biz eşidiş kabul edişine öwrülýän nerw impulslarynyň toplumyny görýäris. Şeýlelikde, informasiýa – munuň

özi çeşmeden we özünde saklaýjydan ybarat bolan özara sazlaşykly iki ýagdaýyň toplumydyr.

Signallaryň umumy taglymaty, bir tarapdan görkezilen özara sazlaşygyň ölçegi, beýleki tarapdan, onuň formasy hakyndaky taglymaty öz içine alýar. Ölçeg - informasiýany san taýdan häsiýetlendirýän bolsa, forma onuň gurluş häsiýetnamasyny görkezýär. Ölçeg ýörite matematiki formulalarda we ölçeg birliklerinde beýan edilip, biz onuň üstünde durjak däldiris. Psihologiýa ylmyna aýratyn ähmiýetli bolanlygy üçin, gurluş (signallaryň sazlaşygynyň formasy) häsiýetnamasynyň üstünde durup geçmek zerurdyr.

Iki köplügiň özara sazlaşyklygynyň umumy formasy **izomorfizmdir**. Her bir köplük elementlerden (oňa ýokarda informasiýanyň geçirilişinde görkezilen sistemanyň ýagdaýy-da mysal bolup biler) durýar. Köplügiň elementleri bir-birleri bilen gatnaşykda bolýarlar. Eger-de haýsydyr bir köplügiň elementleriniň käbir toplumyna başga bir köplügiň elementi gabat gelýän bolsa, iki sany köplük izomorfdyr. Şeýlelikde, izomorfizm iki köplügiň elementleriniň we gatnaşyklarynyň bir-birine birmeňzeş ugrubir gabat gelmegidir. Meselem, sesiň basyş ýagdaýynyň köplüginiň arasynda izomorf gatnaşygy bardyr. Birinji köplük (ýazylýan ses) informasiýanyň çeşmesi bolsa, ikinji köplük (sesiň magnit ýazgysy) bu çeşmäniň signalydyr. Informasiýanyň şol bir çeşmesi bilen adamyň ses kabul edýän eşidiş apparatyndaky nerw impulslarynyň köplügi-de ýokarda görkezilen çeşmäniň signaly (nerw signaly) bolup hyzmat edýär. Signal – bu özüniň saklaýjysynyň ýagdaýynyň köplüginiň çeşmäniň ýagdaýynyň köplügine izomorflygydyr.

Signallar şol bir obýektden – çeşmeden dürli maddy serişdeleriň (sesiň magnit ýazgysy, patefon plastinkasynda ses ýodajyklary görnüşinde, nerw impulslary görnüşindäki ýazgy) üsti arkaly geçirilip bilner. Ýazylan çeşmäni doly gaýtadan dikeltmek nukdaýyndan signalyň bu çeşmä bolan gatnaşygy dürli-dürli bolup biler. Telewizordaky elektrik ýşygynyň wagt yzygiderligi boýunça üýtgäp durýan ýagdaýy çeşmäniň aýratynlygyny (onuň formasyny, möçberini we ş.m.) gös-göni gaýtalamaýar, kopirlemeýär. Bu häsiýetleri gaýtadan dikeltmek üçin signaly başga bir forma –

ekranda optiki şekillendirişe öwürmeli bolýar. Signal çeşmäniň aýratynlyklaryny gaýtalaman umumy görnüşde bolýan wagtynda ol degişli obýektiň signal kody bolýar. Meselem, sesiň magnit ýazgysy öz çeşmesiniň kodudyr.

Informasiýa diňe bir obýekt barada maglumatlar getirmän, ol tehniki we janly çylşyrymly sistemalaryň özüni alyp barşynda örän möhüm funksiýany alyp barýar. Sistemanyň kadaly işlemegi onuň hereketleriniň gurşawyň şertlerine uýgunlaşan bolmagyny talap edýär. Şeýle uýgunlaşmak hereketleri olaryň gönükdirilen obýektlerine gabat getirmekligi aňladýar. Ony döretmek üçin sistema obýektleriň häsiýetleri hem-de ýerine ýetirilýän hereketleriň häsiýetleri barada informirlenen bolmaly. Meselem, kosmiki gämini awtomatiki dolandyrmak uçuşyň trassadan gyşarýan şertleri barada informasiýanyň yzygiderli gowşup durmagyny talap edýär. Şeýlelikde, edara ediji sistema göz öňünde tutulan kursy gaýtadan döretmeklige mümkinçilik berýän signallar gelip gowuşýar. Edil şunuň ýaly, biz hereket edenimizde, olary edara edýän nerw sistema diňe daşky obýektlerden (göni baglanyşyk) däl, eýsem hereketiň nähili ýerine ýetirilişi (yza dolanýan baglanyşyk), onuň nähili derejede ýetilýän maksadalaýyklygy barada informasiýa kabul etmelidir. Edara etmeklik göni we yza dolanýan baglanyşyk signallarynyň esasynda alnyp barylýar.

Şeýlelikde, informasiýa bir-biri bilen baglanyşykly iki funksiýany amala aşyrýar: birinjiden sistemany gurşawyň häsiýetleri bilen habardar etse, ikinjiden sistemanyň hereketini üýtgeýän şertlere laýyklykda guraýar. Birinji funksiýa – habardar ediji, ikinjisi – edara ediji diýip atlandyrylýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, edara etmeklik diňe habardar etmekligiň esasynda guralyp, habar näçe doly bolsa onuň netijeliligi-de şonça bolýar. Emma signallaryň umumy formasy, esasan hem signal kodlar obýektleri doly gaýtadan dikeltmäge (şekillendirmäge, olaryň hil aýratynlyklaryny we giňişlik wagt gurluşyny döretmäge) mümkinçilik bermeýär. Meselem, ýokardaky mysaly ýada salsak, elektrik yşygynyň (şekillendirişe öwrülýänçä) geçirýän signallary özlerinde çeşmäniň formasyny, möçberini we häsiýetlerini görkezýän şekillendirişi saklamaýarlar. Signal-koduň edara etmekde ulanylmagy üçin ondaky maglumatlaryň kemterligi

haýsy-da bolsa bir zat bilen doldurylmalydyr. Ol, meselem, sistemanyň ýerine ýetirýän operasiýa programmasynyň onuň işçi organlarynyň konstruksiýasynda ýerleşdirilmeginiň hasabyna gazanylyp bilner. Häzirkizaman tehniki sistemasynyň köpüsinde şeýle usul ulanylýar.

Signallaryň ähli formasyny, edara etmekligiň hemme görnüşlerini öz içine alýan informasiýa hakyndaky taglymaty nähili ýol bilen ýokarda goýlan "birinji signallar" we nerw signallarynyň tapawudyny ýüze çykarmak sowalyny çözmekde ulanyp bolar? Häzirkizaman derňewleriniň subut edişi boýunça nerw gyjynmaklygy signal hökmünde koduň tipiki görnüşi bolup durýar. Şonuň üçin-de, bu taglymat alnyp barlyş programmasy organizmde, onuň içki organlarynyň konstruksiýasynda ýerleşdirilen ýaşaýyş proseslerini edara etmekde ýeterlikdir. Meselem, normal şertlerde gan basyşy, maddalaryň çalşygy we ş.m. psihikanyň gatnaşmagynda, diňe nerw gyjynmasy signalynyň esasynda edara edilýär. Emma özüňi alyp baryş ulgamynda, ýagny janly-jandarlaryň daşky gurşaw bilen çylşyrymly özara täsiri edara edilende, onuň takyk programmasy üýtgemesiz bir shema baglanylan däldir. Eger bu şeýle bolan bolsa organizme daşky gurşawyň üznüksiz üýtgemegine çeýe uýgunlaşmaga mümkinçilik bermezdi. Bu ýagdaýda nerw kodunda saklanýan informasiýanyň kemterligi signalyň hut özüniň üýtgedilmeginiň hasabyna ýetilmelidir we bu signalda obýektiň takyk häsiýetnamasynyň mümkingadar has mazmunly (hil we giňişlik-wagt) häsiýetlerini şöhlelendirmek gazanylmalydyr.

Signalyň şeýle formasy signal-obrazdyr. Eksperiment üsti bilen ýüze çykarylan signal obrazlaryň häsiýetleri takyk obýektleriň indiwidual alamatlaryny has doly şöhlelendirýärler. Signal obrazyň gurluşynda psihika mahsus bolan daşky dünýäniň onda şöhlelenmek häsiýeti bardyr. Bu aýratynlyk bilen psihikanyň ýene-de bir özboluşly häsiýeti – onuň aktiwligi-işjeňligi baglanyşykly bolup, ol hereketi predmetiň obrazynyň üsti bilen edara etmekden ybaratdyr. Şeýlelikde, signalyňpsihiki formasy bilen nerw gyjynma signalynyň aratapawudy ýüze çykarylýar.

## § 3. Aň hakynda düşünje

Obýektiw reallygyň adam beýnisinde şöhlelenmesi hökmünde psihika dürli derejeler bilen häsiýetlendirilýär. Psihikanyň adama mahsus bolan iň ýokary derejesi aňdyr. Aň psihikanyň ýokary birleşdiriji-integrirleýji formasy bolup, ol zähmet işiniň taryhy-jemgyýetçilik kemala gelşiniň, adamynyň dil üsti bilen beýleki adamlar bilen sözleýşiniň kemala getiriş täsiriniň netijesidir. Bu babatda aň "jemgyýetçilik önümidir".

Eýsem aňyň gurluşy, onuň möhüm psihologik häsiýetnamasy nämeden ybarat?

Aňyň ilkinji häsiýetnamasy adamynyň daşky dünýä baradaky bilimleriniň toplumyny öz içine almak aýratynlygy bilen baglanyşyklydyr. Aňyň gurluşyna möhüm akyl ýetiriş prosesleri girip, adam olaryň kömegi bilen öz bilimlerini yzygiderli baýlaşdyrýar. Bu proseslere duýma, kabul ediş, hyýal we pikirlenme degişlidir. Duýmanyň we kabul edişiň kömegi bilen beýnä şu pursatda täsir edýän gyjyndyryjylar gös-göni şöhlelendirilip, aňda adam üçin daşky dünýäniň şu pursatda nähili görnüşde açylýandygynyň duýuş obrazy döredilýär. Ýat aňda geçmişiň obrazlaryny gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berýän bolsa, hyýal islegleriň obýektiniň häzirki wagtda bolmadyk, model obrazyny döretmäge ýardam edýär. Pikirlenme bilimleri jemlemek arkaly mesele mysallary çözmekligiň serişdesi bolup durýar. Agzalan psihiki prosesleriň şikest tapmagy ýa-da zaýalanmagy aňyň funksiýasynyň bozulmagyna getirýär.

Aňyň ikinji häsiýetnamasy – onda subýekt bilen obýektiň, ýagny nämäniň adamyň hut özüne ("men" diýlip atlandyrylýan), nämäniň onuň daşky dünýäsine ("menden başga") degişliliginiň tapawutlandyrylmasydyr. Adam organiki dünýäniň taryhynda ilkinji bolup ondan bölünip aýrylyp, özüni daşky dünýä garşy goýmak bilen bu garşy goýmany we tapawutlandyrmany öz aňynda saklaýar. Ol janly-jandarlaryň arasynda öz-özüne akyl ýetirip, ýagny psihiki işi öz-özüni derňemäge gönükdirip bilýän ýeke-täk janly gurluşdyr. Adam öz hereketlerine we tutuş özüne aňly-düşünjeli baha berýär.

“Men” bilen “menden başgany” bir-birinden tapawutlandyrmak prosesi adamynyň çagalyk döwründe başyndan geçip, onuň öz-özüni aňlamaklygynyň kemala gelmeginde amala aşyrylýar.

Aňyň üçünji häsiýetnamasy – onuň kömegi bilen adamynyň maksada gönükdirilen işiniň üpjün edilmegidir. Aňyň funksiýasyna işiň maksadyny kemala getirmek girip, onuň netijesinde işiň motiwleri döreýär we bir-birleri bilen deňeşdirilýär. Erkli kararlar kabul edilip, hereketleriň amala aşyrylyş prosesi göz astyna alynýar, oňa degişli düzedişler girizilýär we ş.m. “Adam diňe bir tebigatyň beren zadynyň formasyny üýtgetmek bilen çäklenmän, tebigatyň beren zadynda ol şonuň bilen bir wagtda özüniň düşünjeli maksadyny-da amala aşyrýar, şol maksat bolsa kanun hökmünde işgäriň hereketleriniň usulyny we häsiýetini kesgitleýär hem-de ol özüniň erk-isleglerini şol maksada tabyn etmelidir”[1] diýip K.Marks nygtap geçýär. Kesel netijesinde ýa-da başga sebäbe görä maksadalaýykly işi alyp barmak, ony koordinirlemek we gönükdirmek mümkinçiliginiň bozulmagy aňyň bozulmagy hasaplanýar.

Galyberse-de, aňyň dördünji häsiýetnamasy – onuň düzümine belli bir gatnaşygyň goşulmagydyr. “Meniň gurşawyma meniň gatnaşygym meniň aňymdyr”[2] diýip K.Marks ýazypdy. Adamynyň aňynyň düzümine duýmalar girip, olarda ilki bilen çylşyrymly obýektiw jemgyýetýçilik gatnaşyklary öz şöhlelenmesini tapýar.

Adamynyň aňynda şahsyýetara gatnaşyklaryň emosional bahalandyrylmasy bardyr. Edil beýleki ýagdaýlarda bolşy ýaly, bu ýerde hem patologiýa (kesel ýagdaýy) aňyň normal ýagdaýynyň mazmunyna has oňat düşünmäge mümkinçilik berýär. Birnäçe ruhy kesellerde aňyň bozulmagy esasan duýgy ulgamynda we gatnaşyklarda döreýän bozulmalarda ýüze çykýar: keselli mundan öň hemmeden gowy görýän ejesini ýigrenýär, öz ýakynlary barada gahar-gazap bilen gürleýär we ş.m.

---

[1] K.Marks. Kapital. Türkmenistan döwlet neşirýaty, Aşgabat, 1962, 1-nji tom, 197-nji sah.

[2] Маркс К. и Энгельс Ф. Соч., т. 3, 29- njy sah.

Aňyň ýokarda görkezilen ähli aýratynlyklarynyň kemala gelşiniň we ýüze çykyşynyň hökmany şerti dildir. Adamynyň sözleýiş işiniň prosesinde onuň özünden öň adamzadyň döreden we dilde berkiden pikir baýlygynyň hasabyna bilimleriň toplanmagy we baýlaşmagy amala aşyrylýar. "Her bir adam öz köki boýunça tas Adamatanyň behişdine uzap gidýän ägirt geneologik agaja daýanýar; biziň aramyzda edil kenar ýakasynyň tolkuny ýaly tutuş bir ummanyň – bütindünýä taryhynyň urýan möwji duýulýar: ähli asyrlaryň pikiri şu minutda biziň beýnimizde jemlenendir"[1] diýip A.N.Gersen ýazypdy. Dil taryhy-jemgyýetçilik tejribäniň ýa-da jemgyýetçilik aňynyň ornaşdyrylan obýektiw ulgamy bolup durýar. Aýratyn bir adam tarapyndan özleşdirilende dil belli bir derejede onuň real aňyna öwrülýär. K.Marksyň belleýşi ýaly "…dil beýleki adamlar üçinem dowam edýän we hut şonuň bilen meniň özüm üçinem dowam edýän praktiki, hakyky aňdyr".[2]

Aň düşünjesi psihologiýada, psihiatriýada we beýleki ylymlarda ýokarda görkezilen häsiýetnamalara laýyklygy boýunça ulanylýar. Şonlukda, psihiatrlar aň diýip adamynyň daşky gurşawyň ýagdaýy, wagty, ýeri, öz şahsyýetiniň hereket ediş obrazy dogrusynda jogap berip bilmek mümkinçiliginiň barlygy-ýoklugy ýa-da onuň bozulanlygy baradaky soraglaryň nukdaýyndan çemeleşýärler. Dury aňy bolan adam beýnä täze gelip gowuşýan informasiýa özünde bar bolan bilimlere laýyklykda baha berip, özüni gurşap alýan gurşawdan saýlaýar, beýleki adamlara, işiň geçirilýän şertlerine öňden adaty bolan gatnaşyklaryny saklaýar we şu maglumatlaryň esasynda özüni alyp barşyny edara edýär.

Aň, jemgyýetçilik önümi bolany üçin diňe adama mahsusdyr, haýwanlarda aň ýokdur.

Psihikanyň aşaky derejesini aňlanylmaýan (aňasty) hadysalar tutýar. Özüniň psihiki häsiýetini saklamak bilen (şoňa görä-de psihika düşünjesi "aň, "aňlanylan"[3] düşünjesinden giňdir),

[1] Герцен А.И. Былое и думы, т.3. М., ГИХЛ, 1958, 253-nji sah.
[2] Маркс К. и Энгельс Ф. Соч., т. 3, 29-njy sah.
[3] "Aňlanylan" düşünjesi kähalatlarda sözüň örän dar manysynda ulanylýar. Biz: "Ol kollektiwiň aňly-düşünjeli çleni hökmünde düşünjeli hereket etdi – kyn ýagdaýa düşen ýoldaşyna kömek berdi" diýenimizde bu adamynyň beýleki

aňlanylmaýan hadysalar bu adamynyň öz ejizligini ýatladyp, galagoplulyk döredip biljek zatlary aňynyň çäginden gysyp çykarmagy netijesinde aňasty ulgamda döreýän we onuň iş-hereketini aňa garaşsyzlykda edara edýän gurluşdyr. Aňlanylmaýan ulgamyň başga bir görnüşi aşakdakylardyr: düýş wagtynda ýüze çykýan psihiki hadysalar: duýulmaýan, emma real täsir edýän gyjyndyryjylara (“subsensor” ýa-da “subýektiw” reaksiýalar) jogap hökmünde döreýän reaksiýalar; öň aňlanylýan häsiýetde bolup, soňra gaýtalanmagy netijesinde awtomatlaşan, şonuň üçin-de anyklanylmaýan hereketler; özlerinde maksadyň aňlanylmasy bolmadyk işiň höweslendirijileri, ugrukdyryjylary we beýlekiler. Aňlanylmaýan hadysalara keselli adamynyň psihikasynda döreýän käbir patologik hadysalar-da: gallýusinasiýa, manysyz zatlary samramak we ş.m. girýär. Aňlanylmaýanlygy üçin, psihikanyň bu görnüşini haýwanlaryň psihikasyna deňemek bolmaz. Edil aň ýaly, aňlanylmaýan ulgam adama mahsus bolan, adamynyň ýaşaýşynyň jemgyýetçilik şertleri esasynda döreýän psihikanyň bir görnüşi bolup ol daşky dünýäniň adamynyň beýnisinde bölekleýin, ýeterlik derejede takyk bolmadyk şöhlelenmesidir.

Psihikanyň beýnä, daşky dünýä we işe bolan gatnaşygyny mundan beýläk-de aýdyňlaşdyrmak meselesi psihikanyň ösüşi problemasyna ýüzlenmek zerurlygyny döredýär. Diňe psihiki şöhlelenmäniň ewolýusion merduwanyň dürli basgançaklarynda ösüşine, üýtgeýşine adamynyň aňynyň başlangyjynyň döreýşine we aňyň kemala gelmeginiň geçişine düşünmek arkaly psihikanyň möhüm kanunlaryny we zerur psihiki faktlary ýüze çykarmak mümkin.

---

hereketlerini aňsyz hasaplamaýarys. Bu ýerde aňly diýmek jemgyýetçilik aňynyň normalaryna gabat gelýär diýmekdir.

# 2-nji BAP

## Psihikanyň we aňyň ösüşi

### § 1 Psihikanyň filogenezde ösüşi

**Psihika barlygyň ewolýusiýasynyň netijesi hökmünde**

Adamynyň psihikasynyň döreýşi we ösüşi tebigatyň kanunlaryna akyl ýetirmekde alymlaryň öňünde döreýän iň bir çylşyrymly meseleleriň biridir. Alymlaryň bir bölegi psihikanyň döreýşini materiýanyň uzak watglaýyn ösüşiniň netijesi hasaplaýarlar. Materiýanyň gurluşyny derňemek bilen olar materiýanyň hereketleriniň dürli görnüşlerini öwrenýärler. Munuň sebäbi – hereket materiýanyň saklanyş formasy, onuň aýrylmaz, oňa içki mahsus bolan häsiýetdir.

Hereketsiz, absolýut togtaýyş ýagdaýda bolýan materiýa ýokdur. Älemdäki bütin materiýa, bütin organiki däl we organiki tebigat hereket, üýtgeýiş, ösüş ýagdaýynda bolýar.

Jansyz, organiki däl dünýäden başlap, tä has ýokary derejede ösen, çylşyrymly adam beýnisine degişlilikde ähli materiýa şöhlelendirmek, ýagny daşky täsirlere jogap gaýtarmak aýratynlygy mahsusdyr. Şöhlelendirmäniň formasy materiýanyň formasyna bagly bolup, ol daşky täsirlere olaryň häsiýetine we materiýanyň formasyna laýyklykda jogap berip bilmek ukybynda ýüze çykýar.

Jansyz tebigatda hereket maddalaryň ýa-da predmetleriň mehaniki, fiziki ýa-da himiki özara täsiri görnüşinde ýüze çykyp bilýär. Organiki däl tebigatda hereketiň ýönekeýje mysallary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar: deňiz suwy bilen ýuwulýan gaýa suwa belli bir garşylyk görkezýär (tolkunlar oňa degip yza serpilýärler), emma gaýa-da kem-kemden ýumrulýar: gün şöhlesiniň suwuň üstünde şöhlelenmegi: elektrik razrýadlarynyň esasynda ozonyň molekulasynyň döreýşi.

Janly materiýa geçilende materiýanyň hereketiniň formasy düýpgöter özgerýär. Janly tebigata şöhlelenmäniň biologik

formulalary mahsus bolup, onuň belli bir ösüş tapgyrynda bolsa şöhlelenmäniň hil taýdan täze bir görnüşi – psihika döreýär.

Materiýanyň hereketiniň biologik formasy – ýaşaýyş – tebigatyň ösüşiniň täze basgançagydyr. Jansyz materiýanyň janly materiýa geçişini düşündirýän birnäçe ylmy çaklamalar bar. A.I.Oparin tarapyndan öňe sürülýän wariantynda janly materiýanyň döremeginiň zerur şerti uglerod esasynda organiki maddalaryň, birleşmeleriň emele gelmekligi hasaplanylýar. Bu ýagdaýda uglerodyň atomy dürli konfigurasiýalarda azotyň, kislorodyň, wodorodyň, fosforyň, kükürdiň atomlary bilen baglanyşykly bolýar. Häzirki döwürde ylymda A.I.Opariniň çaklamasyny tassyklaýan köp maglumatlar bolup, olar ýeriň ýönekeý atmosferasynyň gaýtaryjy, birleşdiriji häsiýetde, ýagny organiki birleşmeleri işjeňleşdiriji şert bolanlygy baradaky düşünjeden ugur alýarlar[1].

A.I.Opariniň ylmy çaklamasyna görä takmynan 2 milliard ýyl mundan ozal atmosferada organiki maddalaryň fotohimiki we fotosintez reaksiýalaryny döreden erkin kislorod bölünýär. Ilkinji umman organiki maddalardan durýan "çorba" görnüşinde bolupdyr. Organiki birleşmeleriň ösüş prosesinde has çylşyrymly uglerod birleşmeleri bolan ägirt uly göwrümli molekulalar döräpdir. Molekulalar ýeňillik bilen düzüm böleklere dargapdyrlar. Bu birleşmeleriň ýaşaýşyny goldamak üçin hemişe daşky gurşaw bilen maddalaryň çalşygy zerur bolupdyr: bu molekulalar gurşawdan täze maddalary seçip almak esasyny assimilirlemeli (özleşdirmeli) we işlenen önümleriniň galyndysyny daşky gurşawa gaýtadan dissimilirlemeli (bölüp çykarmaly) bolupdyrlar. Şeýlelikde, bu läheň molekulalar daşky gurşaw bilen madda çalyşmaklygy awtokatalitik

[1] Häzirki döwürde muňa gapma-garşylykly taglymat-da bar: hadysalaryň hemaýyn çakda geçişinde molekulalaryň birleşmesiniň sazlaşygy ulalmaklyga däl-de, kiçelmeklige ýykgyn edýär. Şonuň üçin-de ýerde organiki birleşmeleriň döremegi tötänleýin diýlip, onuň ähtimallygy örän ujypsyz (takmynan 10 – 255) hasaplanylýar. Bu nukdaýdan molekulalaryň tötänleýin birleşmeginden ýaşaýşyň döremegi praktiki taýdan mümkin däl diýen netijä gelinýär. Şol sebäpli G.Kastleriň ylmy çaklamasyna görä, ýaşaýyş kosmosdan gelip çykýar.

regulirleýän öz-özüni döredijі ulgama öwrülipdir[1]. Belogyň molekulasy bilen gurşawyň arasyndaky maddanyň çalşygy ilkibaşdan aktiw häsiýetde bolupdyr. Bu läheň molekulalar koaserwatlar diýlip atlandyrylypdyr. Çaklama görä koaserwat damjalary “iýmit” maddalary üçin bir-birleri bilen bäsleşikli ýagdaýda göreşipdirler. Damjalaryň amatly himiki düzümi bolanlary beýlekilerden has çalt ösüpdirler. Olar beýlekilerden öň uly göwrüme eýe bolup, durnuksyz häsiýete geçip has maýda böleklere dargapdyrlar. Soňra proses gaýtalanypdyr: ösüş, dargamak we ş.m. Kähalatlarda himiki düzümleri başga-başga bolan damjalar-da birigipdirler. Şeýlelikde, koaserwatlara birnäçe möhüm häsiýetler mahsus bolup, olara janly maddanyň strukturasy diýmäge esas bardyr.

Bu häsiýetler nämeden ybarat bolupdyr?

Koaserwatlar daşky iýmit maddalaryny saýlap, özleşdirmek bilen, ýaşaýyş üçin zerur bolan maddalara uly duýgurlyk döredip, ýaşaýşa gös-göni ähmiýeti bolmadyk maddalara parhsyzlygy ýüze çykarypdyrlar. Maddalary çalyşmaklyga bolan bu isleg öz-özüňi dolandyrmak ukybynyň netijesinde döräpdir. Koaserwatlar bölünmeklige we dürli himiki düzümli molekulalary gurluş jähtden maddalaşdyrmaklyga ukyply bolup, ewolýusiýada tebigy seçginiň ýüze çykmagy üçin tapawutlandyryjy material bolupdyr. Şonuň bilen birlikde daşky täsirleriň şöhlelendirilmegi diňe bu täsirleriň güýjüne, häsiýetine bagly bolman, organiki birleşmeleriň – koaserwatlaryň içki ýagdaýyna bagly bolupdyr. Birnäçe döwürleriň dowamynda hereketlenmegiň netijesinde şeýle organiki birleşmeler özlerine mahsus bolan şöhlelenmäniň ýönekeý formalary bilen häzirkizaman janly-jandarlarynyň ilkinjileriniň döremegine sebäp bolupdyr diýip çaklamaga belli bir derejede esas bardyr.

Häzirkizaman janly-jandarlarynyň ähtimal prototipleri(nusgalary) bolan koaserwatlarda şöhlelenme jansyz tebigat bilen deňeşdirilende täze hil aýratynlyklaryna eýe bolupdyr. Şöhlelenme, görkezilişi ýaly, diňe daşky täsiriň güýjüne, häsiýetine bagly bolman, organizmiň içki ýagdaýyna baglydyr. Her bir janly

[1] Awtokataliz – himiki reaksiýanyň önüminiň öz döreýiş tizligine täsir edip bilmekligi.

organizm daşky täsirlere tapawutlandyryjy (aktiw) häsiýetde jogap berip, janly materiýanyň täze alamatyny – öz-özüňi dolandyrmaklyga ukyplylygy ýüze çykarýar.

Ewolýusiýanyň netijesinde häzirkizaman organizmlerinde şöhlelenmegiň ýönekeýje gyjynmaklyk görnüşinden başlap, duýma, kabul ediş, ýat, pikirlenme ýaly çylşyrymly psihiki durmuşyň ýüze çykyşyny döredýän görnüşleri bardyr.

**Gyjynmaklyk**

**Tropizmler**

Ähli janly organizmlere ösümlik we haýwanat ewolýusiýasynyň her bir tapgyrynda şöhlelenmäniň aýratyn, biologik formasy – gyjynmaklyk mahsusdyr. Gyjynmaklyk janly organizmiň biologik ähmiýetli (biotiki) täsirlere jogap reaksiýasynda ýüze çykýar.

Elementar gyjynmaklyk eýýäm bir öýjükli janly organizmleriň daşky gurşawyň täsirine gymyldy bilen jogap bermeklerinde ýüze çykýar. Gurşawyň biotiki täsiri netijesinde janly organizmiň protoplazmasynyň häsiýeti üýtgeýär. Daşky täsiri kabul edýän öz-özüni dolandyryjy janly öýjükde agtaryş hereketleri döräp, olar haçan-da bu öýjüge adaty bolan protoplazmanyň himizmini we gurluşyny gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berýän gurşawda öz hereketlerini bes edýärler.

Biotiki faktorlara özboluşly hereket bilen jogap berilmek reaksiýasyna tropizmler ýa-da taksisler diýilýär. Tropizmleriň şu aşakdaky görnüşleri bardyr: fototropizm – janly organizmleriň yşygyň täsirinde herekete gelmegi; termotropizm – ýylylygyň täsirinde herekete gelmek tendensiýasy; kemotropizm – belli bir fiziko-himiki gurşawy saýlap almaklyga ýykgynlylygy; topotropizm – mehaniki täsirleriň astynda herekete gelmeklige ýykgynlylygy we beýlekiler. Öz-özüňi dolandyrmaklyga ýardam edýän tropizmler bilen ösümlikleriň şöhlelenmesiniň biologik formasy tamamlanýar.

Haýwanlarda gyjynmaklygyň täze görnüşi – duýujylyk ýüze çykýar. A.N.Leontýewiň ylmy çaklamasyna görä duýujylyk "…genetiki jähtde organizmiň özüni gurşawda ugrukdyrýan, signal funksiýasyny ýerine ýetirýän daşky gurşawyň täsirini başga bir täsire

baglanyşdyryp gyjynmasydyr”[1]. Gyjynmanyň duýujylyga geçmegi başga ýaşaýyş keşbi bilen baglanyşyklydyr. Ýokary derejede ösen haýwanlarda duýujylyk, duýgy organlary döreýär. Predmetleriň häsiýetleri (ysy, formasy, reňki) organiki islegleri kanagatlandyrmaklyga gös-göni zerurlygy bolmasa-da, signal häsiýete eýe bolýarlar. Şonuň üçin-de iň ýönekeý jandarda belli bir şertlerde diňe bir biotiki däl, eýsem abiotiki, bitarap-indifferent gyjyndyryjylaryň täsirine hem reaksiýa döredip bilýär. Munuň sebäbi bu biotiki gyjyndyryjylar biotiki gyjyndyryjylaryň barlygyny ýoklugyny habar beriji bolup hyzmat edýärler.

Biotiki we abiotiki täsirlere duýujylyk ösümliklerden tapawutlylykda janly organizmlere has köp täsirleri şöhlelendirmäge mümkinçilik döredýär. Meselem, infuzoriýada onuň üçin gös-göni ähmiýeti bolmadyk täsir bolan yşyga reaksiýa döreýär. Tejribe şeýle geçirilýär: suwly trubkada iň sada organizmler ýerleşdirilýär. Trubkanyň bir tarapy gyzdyrylýar. Bir öýjükliler položitel tropizmi bolanlygy üçin trubkanyň has gyzgyn bölegine ýygnanýarlar. Trubkanyň gyzdyrylýan tarapy şol bir wagtyň özünde ýagtylandyrylypdyr. Adaty şertlerde yşyga bitarap-neýtral reaksiýa döredýän infuzoriýalar ýagtylygyň özleri üçin amatly bolan ýylylyk bilen utgaşdyrylmagy netijesinde şeýle tejribe birnäçe gezek gaýtalanandan soňra ýylylygyň barlygyna ýoklugyna garamazdan yşyga ýygnanýarlar. Şeýlelikde, ýönekeý janly-jandarlar daşky gurşawda aktiw ugrukmaga-oriýentirlenmäge we yşyk bilen ýylylygyň utgaşmaklygyna wagtlaýyn baglanyşyk döretmeklige meýil döredýärler.

Bir öýjükleriň wagtlaýyn baglanyşyga bolan ukyby diňe oňa bolan meýil görnüşinde bolup, olarda berk şertli baglanyşyklar entek ýokdur. Onuň üstesine-de şöhlelendirmäniň ýitirilen görnüşleri gaýtadan dikelmeýärler. Haýwanlar şöhlelendirmäniň bu görnüşini ýitiren ýagdaýynda täzeden biologik islegleriň kanagatlandyrylmagyny üpjün edýän şertleri agtarmaga mejbur bolýarlar.

---

[1] Леонтьев А.Н. Проблемы развития психики. М.»Мысль», 1965, 45-nji sah.

Şöhlelendirmäniň has ýokary derejesi köpöýjükli jandarlarda döreýär. Köp öýjüklileriň has sada görnüşine boşiçegeliler, (meselem, gidroit polipler, meduzalar) degişli bolup, olar bir öýjükliler ýaly, suwly gurşawda ýaşaýarlar. Ýöne olar gurluşy boýunça has çylşyrymlydyrlar. Çylşyrymlylyk olaryň öýjükleriniň köplüginde däl-de, bu öýjükleriň otnositel birmeňzeş däldiginde ýüze çykýar: bedeniň daşky tarapy çümýän öýjükler, içki tarapy bolsa iýmit bişiriji öýjükler bilen örtülendir. Köp öýjüklileriň organizminde mundan başga-da protoplazmasy aýratyn duýgur öýjükler bolup, olar organizmiň haýsy-da bolsa bir ujunda döräp, gyjynmany geçirijilik funksiýasyny amala aşyrýarlar. Aýratyn duýujylykly (nerw) öýjükler öz aralarynda birleşip, jandaryň bütin beden we uzaýan nerw toruny döredýär. Boşiçegelilerde awy garbaýan organ – tutawaç ýokary duýgurlygy bilen tapawutlanýar.

Boşiçegelilerde özüňi alyp baryş belli bir derejede ewolýusiýa prosesinde gyjyndyryjylar we oňa degişli organizmiň jogap reaksiýasynyň (esasan taksis görnüşinde) arasynda döreýän baglanyşygyň berkleşmegini we nesle geçirmekligini üpjün edýän urug ýatkeşligi we bir jandaryň ýaşaýşynyň prosesinde ýüze çykýan wagtlaýyn baglanyşyklar, şertli refleksler arkaly döredilýär.

Baglanyşygyň döreýşine şeýle mysalda has aýdyň göz ýetirmek bolar. Eger aktiniýa kagyz bölejigi berilse ol ony garbap alýar we ýuwudýar: ýene-de birnäçe gezek gaýtalanandan soňra, aktiniýa kagyzy agzynyň golaýyna-da eltmän itip goýberýär. Ýöne bu döreýän baglanyşyk gysga wagtlaýyn bolup, ol üç-dört sagatdan ýitýär.

Ewolýusiýa zynjyrynda boşiçegelilerden ýokarda durýan we ýer üstünde ýaşaýan köp öýjüklilerde ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegi bilen bedeniň gurluşy çylşyrymlaşýar, belli bir gyjyndyryjylary şöhlelendirmekligiň özboluşly duýgy organlary ösüp, şöhlelendirmäniň formalary-da çylşyrymlaşýar.

Eýýäm gurçuklarda bedeniň gurluşynyň çylşyrymlaşmagy (segment görnüşi) we duýgy organlarynyň (gözüň sudury, syzyşyň, yş alşyň we tagam bilişiň) sudurlary ýüze çykýar. Gurçuklaryň her segmentinde nerw öýjükleriniň toplanmasy, gangliler bolýar. Segmentleriň gangliileriniň kelle segmentiniň ganglisinden özgeleri öz şöhlelendiriş mümkinçiligi boýunça birmeňzeşdir. Her bir

segmentde bolan gangli bu segmenti belli bir derejede özbaşdak amala aşyrýan funksiýalaryň awtonom wekiline öwürýär. Eger aýry-aýry segmentler gyjyndyrylsa, olar pulsirlenip, tertipsiz dartylyp-ýazylyp başlanýar.

Şeýlelikde, köp sanly nerw uzelleriniň emele gelmegi şöhlelenmäniň has inçe, çeýe görnüşini, onuň üsti bilen daşky gurşawa uýgunlaşmaklyga sebäp bolýan garaşylýan peýdaly çylşyrymlylygy döretmeýär. Emma ösüşde has ýokary şöhlelendiriş mümkinçiligi döräp, ol kelle ganglisinde ýerleşýär. Kelle ganglisi, funksiýasy baglanyşygy boýunça dürli-dürli nerw öýjükleriniň birleşmesidir. Gangliileriň zynjyrynda bu esasy zwenodyr. Ol jandaryň bedeniniň dürli ujunda döreýän gyjyndyryjylary toplaýar, olary analizleýär, beýleki öýjüklere geçirýär, segmentleriň muskul apparatlaryna impulslar gönderýär. Kelle ganglisi mynasybetli gurçuklarda, şeýle hem süýrenýän we kürüm gazyjy haýwanlarda bedeniň kelle ujunda ýöriteleşdirilen dürli organlary bolan şetinkalar, murtjagazlar (syzmaga mümkinçilik berýän) we göz sudurlary döreýär.

**Özüňi alyp barşyň instinktiw görnüşleri.**

Gurçuklaryň özüni alyp barşy boşiçegelileriňkiden has çylşyrymlydyr. Olara işjeň agtaryş mahsusdyr. Meselem, ýagyş gurçugy ýere gaçan ýapraklaryň ilki ýiti ujundan tutup, soň ony öz hinine çekýär. Gurçuklaryň beýle "maksadalaýyk" hereketiniň ýapragyň formasyna bolan gös-göni reaksiýasy däl-de, onuň ujunda bar bolan himiki maddalara reaksiýasydygy derňewler esasynda anyklandy.

Gurçuklarda dogabitdi şertsiz reflekslerde ýüze çykýan urugy ýat has ösendir. Meselem, halka görnüşli gurçuklaryň käbir görnüşleri ýaňy dünýä inen gurçuklara hossarlyk etmek ýaly dogabitdi endigi ýüze çykarýarlar. Ýaşaýan turbasynyň içine ýumurtga taşlanan urkaçy Nereis eýläk-beýläk hereket etmek bilen embrionyň dem alşy üçin zerur bolan täze suwy oňa tarap kowýar. Gurçuklaryň käbir görnüşleri belli bir wagtlarda öz garşydaş jynsyny agtarmaga uzak ýola gidýärler.

Emma şertsiz refleksler diňe daşky gurşawyň belli bir hemişelik ýagdaýynda herekete gelýärler: gurşaw bolsa hemişe üýtgeýişde bolup, dogabitdi reaksiýalaryň genetiki programmirlenen häsiýete öwrülişine çalt-çaltdan päsgelçilik döredýär.

Ganglioz nerw sistemaly jandarlaryň şöhlelendirmek mümkinçiligi diňe şertsiz refleksler bilen çäklenmeýär. Olarda ýaşaýşyň dowamynda reaksiýanyň täze, dogabitdi reaksiýalardan has çeýe formasy – şertli refleksler döreýär.

Ýokarda bellenişi ýaly, boşiçegeliler hem wagtlaýyn baglanyşygy, şertli refleksleri döretmäge ukyply bolýarlar. Emma gurçuklarda şertli refleksler has ýokarydyr. Olaryň döremekligi üçin öňküler ýaly köp sanly utgaşmalar zerur bolýan bolsa-da, bu şertli refleksler ýokary çeýelige eýedirler. Eksperiment şertlerinde gurçuklar G –görnüşli labirintde höwürtgä tarap ýoly tapmaga mejbur edilýär. Şeýle ýol labirintiň diňe sag tarapynda bolup, çep tarapynda gurçuga elektrik togunyň urgusy garaşýar. 120-130 tejribeden soň gurçuk sag tarapa öwrülmäni öwrenýär. Eger-de şertli baglanyşyklar döredileninden soňra elektrik togy saga, höwürtgä bolan ýol çepe geçirilende, gurçuk ony-da öwrenýär. Üstesine-de, gaýtadan öwrenmek ilki öwrenmekden iki-üç esse çalt bolýar.

Şeýlelikde, ganglioz nerw sistemasy eýýäm daşky faktorlaryň täsirine jogap bermekligiň çylşyrymly guraly bolup durýar. Bäş gangliýasy esasy bolan ganglioz nerw sistemaly jandar nerw sistemasy tor - diffuziýa görnüşli jandarlardan özüni alyp barşy boýunça düýpgöter tapawutlanýar. Gurçuklarda özüňi alyp barşyň nesle geçişligi boýunça berkleşen programmirlenen formalary (instinktleriň döreýşiniň gözbaşy) bolup, şol bir wagtyň özünde şöhlelendirmegiň has çeýe formasyny – şertli refleksleri hem ýüze çykarýar.

Ganglioz nerw sistemasynyň çylşyrymly gurluşy degişlilikde şöhlelendirmek mümkinçiligini artdyrýar. Ganglioz nerw sistemaly jandarlaryň arasynda şöhlelendirme möýşekillilerde we mör-möjeklerde has ýokary derejede ösendir. Bu jandarlarda gurluşy boýunça örän çylşyrymly dürli hili duýgy organlary bardyr. Haýwanat dünýäsiniň ewolýusiýasynda reseptorlaryň(kabul edijileriň) ýöriteleşmekligi, olaryň belli bir gyjyndyryjylara bolan

duýujylyga uýgunlaşmagy ýüze çykýar. Meselem, bognaýaklylaryň köpüsinde hemoresepsiýa ys alyşa we tagam bilişe tapawutlandyrylandyr. Degişli reseptorlaryň arasynda hil tapawutlylygy döreýär: tagam biliş resepsiýasy gyjyndyryjy bilen gös-göni galtaşýan ýagdaýda dörese, ys alyş onuň bilen belli bir aralykda alnyp barylýar. Ondan başga-da mör-möjeklerde fotoreseptorlaryň mundan beýläk ösüşi ýüze çykýar. Olarda fasetka görnüşli çylşyrymly gözler ýakyndaky predmetleriň mozaika şekilini bermek bilen, uly we uzakdaky predmetler dumanly tapawutlandyrylýar. Ondan başga-da beýleki özboluşly reseptorlar, meselem, galtaşmaklyga uýgunlaşmak resepsiýasy bardyr.

Bognaýaklylarda, esasan hem mör-möjeklerde gurşawyň belli bir şertlerine jogap bermegiň çylşyrymly dogabitdi formasy – instinktler bolýar. Olar zynjyr häsiýetde bolup, yzygiderli uýgunlaşyş hereketleriň seriýasyny döredýär. Meselem, möýleriň käbir görnüşleriniň urkaçysy kerepden öz ýumurtgalaryna pile saraýarlar. Bu piläni urkaçy möý goraýar, bir ýerden başga ýere geçirýär. Möýjagazlar dörän badyna olara hiç ýere aýrylman seredýär. Ulaldyklaryça-da olara biperwaý garaýar. Has ulalyp, özbaşdak bolanlarynda bolsa, düýbünden taşlaýar. Balarylarynda özüňi alyp barşyň toparlaýyn görnüşi bilen baglanyşykly çylşyrymly instinktler bolýar. Mälim bolşy ýaly, balarylaryň koloniýasynda bir nesil öndürýän urkaçy balary – "matka" onlarça erkek balarylar – trutenler, birnäçe ýüz önelgesiz işçi arylar (jyns organlary ýeterlik derejede ösmedik urkaçy arylar) bolýar. Işçi arylaryň iň çylşyrymly özüni alyp barşy bardyr. Ulaldygyça her bir işçi ary koloniýada öz funksiýasyny üýtgedýär, ilkibada ol liçinkalary iýmitlendirýär, öýi arassalaýar, soňra öýi goraýar, ondan çykyp gitmezinden öňürti her gezek kesek bölejigi bilen ony gizleýär. Iýmit bilen dolanyp gelip ary ony hiniň agzynda goýup, kesejigi aýyrýar we diňe haçan barlap çykandan soň iýmiti oňa çekýär.

Bognaýaklylarda özüňi alyp barşyň şeýle guralyşy özüniň göýä maksadalaýyklygy bilen geň galdyrýar. Emma özüňi alyp barşyň bu "maksadalaýyklygynda" aňlanylýan maksat ýokdur. Ol diňe belli bir daşky gyjyndyryja ýa-da olaryň toplumyna jogap hökmünde döräp, ol bir görnüşiň ähli wekillerinde birmeňzeş amala aşyrylýar. Eger-de bu

täsir-jogap bitewiliginiň ýekeje zwenosy bozulaýsa instinktiw hereket saklanýar, ýöne özüniň maksadalaýyklygyny ýitirýär.

Rus zoopsihology W.A.Wagner urkaçy möýüň özüni alyp barşynda instinktleriň eýýäm manysyz bolan ýadaýyny synlapdyr we ýazypdyr. Kähalatlarda piläniň içindäki ýumurtgalary parazitler ýok etseler-de, möý boşan piläni göterip ýörmegini dowam edýär. Ýa-da bolmasa möý piläni ýasap edil ýumurtga taşlanyndaky ýaly hereketleri etse-de ýumurtga taşlamaýar. Şeýle-de bolsa, ol hereketiň ilkinji tapgyryna – boş piläniň agzyny bitirmäge we ony göterip başlamaga geçýär.

Balarylarynyň reaksiýalarynyň maksadalaýyklygy-da çäklidir. Eger ary kökesiniň bal saklamak üçin niýetlenen aşak tarapyny kesseň ary baly deşik öýjüge guýup, onuň eýýäm aşak akyp gidýänligine garamazdan, onuň agzyny mum bilen ýapýar.

Fransuz barlagçysy K.Fabr arynyň maksadalaýyk däl, stereotip özüni alyp barşyny synlapdyr. Ýer arysy hinine paralizlenen çekirtgäni getirip, hemme arylara mahsus bolan ilki hini barlamak endigi boýunça oňa girende, alym çekirtgäni başga ýere süýşürýär. Hinden çykyp ary ýene çekirtgäni tapýar-da hinine golaý ýerde goýup ýene-de hini barlamaga girip gidýär. Fabr kyrk gezek çekirtgäni hinden süýşürse-de ary-da kyrk gezek awuny tapyp, ilki hini barlamaga girip, soň oňa çekirtgäni çekmekçi bolupdyr.

Bu mysallar instinktleriň çäkliligine şaýatlyk edýär. Instinktler gös-göni belli bir şertlere gabat getirilen hereketlerdir. Daşky şertleriň döredýän reflektor reaksiýasynyň gutarýan pursatynyň indiki reaksiýanyň başlangyjy we ş.m. häsiýeti instinktiň amala asyrylyş mehanizmi bolup, reflseksleriň bütin bir zynjyryny döredýär we şonuň bilen nesle geçirmek arkaly berkidilen programmany amala aşyrýar. Standart şertleriň üýtgemegi instinktleriň maksadalaýyklygynyň ýitmegine getirýär. Şeýlelikde, özüňi alyp barşyň instinktiw formasy diňe hemişelik şertlerde maksadalaýykdyr. Şertleriň düýpli üýtgemeginde instinktiw hereketler özüniň maksadalaýyklygyny ýitirýär. Belli bir instinktler şol bir görnüşiň ähli wekillerine mahsus bolsa-da, olaryň aýry-aýry indiwidumlarda amala aşyrylyşy başga-başgadyr. Instinktleriň amala aşyrylmagyndaky şeýle dürli-dürlülik

ýaşaýyş şertleriniň üzül-kesil özgeren ýagdaýynda görnüşiň heläk bolmazlygynyň girewidir.

Ỳaş haýwanlaryň instinktiw hereketlerini synlanyňda bu hereketleriň olarda stereotip häsiýetde, öwredilmezden geçýändigine göz ýetirmek bolýar. Emma bu hereketler ýaşlarda ululara seredeniňde pes derejede bolýar. Instinktleriň ösmegine özüňi alyp barşyň dogabitdi programmasyny takyk alyp barmaklygy üpjün edýän janly-jandaryň öz indiwidual durmuşynyň prosesinde gazanan tejribesi ýardam edýär.

Bogunaýaklylar köpsanly wagtlaýyn baglanyşyklary döretmäge ukyply bolýarlar. Mör-möjeklerde ýaşaýşyň dowamynda köp sanly şertli baglanyşyklaryň döreýänligi tebigaty öwrenijiler tarapyndan anyklandy. Bu baglanyşyklaryň dürli reseptorlaryň funksionirlenmeginiň esasynda döremegi mümkin. Bu, meselem, hereket signallarynyň esasynda döreýän fiziki hereketleriň ýady, predmetiň reňkine ýa-da formasyna bolan görüş ýady bolup biler. Meselem, balarylarynyň bolýan ýaşigi gündogardan günbatara iki metr süýşürilse, arylar bal bilen dolanyp gelenlerinde ilki bilen ýaşigiň öňki duran ýerinde howada toplanýarlar. Olar bu ýerde birnäçe minudyň dowamynda pyrlanyp, soňra ýaşigiň täze goýlan ýerine uçýarlar. Bu ýagdaýda olar ilki bilen giňişlikde hereket signallary boýunça ugrukma alyp-oriýentirlenip, diňe şowsuzlyga uçransoňlar oriýentirlenmäge görüşi ulanýarlar. Mör-möjeklerde oriýentirlenmek örän möhüm rol oýnaýar. Olar özleriniň iýmit alýan gülleriniň formalaryna şertli baglanyşyklary örän ýeňillik bilen döredýärler. Şeýle hem baglanyşyk belli bir reňklere, predmetleriň ýagtylanmak boýunça tapawutlaryna döreýär (meselem, arylar sary, gök-ýaşyl, gök we ultramelewşe reňkleri saýgarýar).

Synaglaryň görkezişi boýunça mör-möjeklerde şertli baglanyşyk özüňi alyp barşyň instinktiw programmasynyň başlangyjyny habar berýän gyjyndyryjylara degişlilikde has çalt döreýär (gözbaşy signallar), bu babatda şeýle tejribe has häsiýetlidir. Suwly ýa-da şerbetli birnäçe bankajyklar birmeňzeş tegelek deşikleri bolan ýaşige ýerleşdirilipdir. Bir ýagdaýda şerbetli bankajyk duran ýaşige üçburçlugyň, suwly bankaly ýaşige bolsa dörtburçlugyň şekili çekilipdir. Başga bir ýagdaýda şerbetli bankajykdaky ýaşige gül

şekilli köp ýaprakly nagyş, suwly bankajykly ýaşige bolsa altyburçly ýyldyz çekilýär. Görüp otursak balarylara ýönekeý geometrik formalary (üçburçluk, kwadrat) tapawutlandyrmagy öwretmek onuň çylşyrymly formalaryny tapawutlandyramgy öwretmekden has kyn bolýar. Bu göräýmäge garaşylmadyk netije çylşyrymly geometrik formalaryň arylaryň bal alýan güllerine meňzeş bolýandyklary üçin biologik ähmiýetiniň uly bolýanlygyndan we şonuň esasynda olaryň ýeňillik bilen tapawutlandyrylýandygyndan gelip çykýar. Diýmek, ganglioz nerw sistemaly jandarlarda wagtlaýyn baglanyşyk biologik signal bolup hyzmat edýän predmetleriň häsiýetlerine has ýeňillik bilen döreýär; şertli baglanyşyklar diňe özüňi alyp barşyň instinktiw programmasynyň çäginde döreýär. Ganglioz nerw sistemaly jandarlarda şöhlelendirişiň esasy formasy instinktiw özüňi alyp baryş bilen baglanyşyklydyr.

Özüňi alyp baryşyň instinktiw formasy diňe bogunaýaklylarda däl, eýsem ähli ýokary gurluşly oňurgaly haýwanlarda (balyklarda, amfibiýalarda, guşlarda we süýdemdirijilerde) duş gelýär.

Balyklaryň aýry-aýry görnüşlerinde örän çylşyrymly instinkt – nesli goramaklyk ýüze çykýar. Meselem, kolýuşkanyň (iňňeli balygyň) erkegi suw howdanynyň düýbünde çukurjyk gazyp, oňa maýdaja suwotulary düşeýär, gapdal diwarlary çykarýar we ýokarsyny öz bedeniniň ýelimi bilen ýelmäp uly ösümliklerden örtýär. Soňra ol höwürtgä urkaçy balygy işbil taşlamak üçin salýar we tä kiçijik balyjaklar döreýänçä ony goraýar.

Oňurgalylaryň köpüsinde instinktleriň has çylşyrymly formalary bolan nesil ösdürip ýetişdirmek, şeýle hem jynsy gatnaşyklar, iýmitleniş, goranyş ýaly görnüşleri bolýar. Höwürtge gurmak we ösýän nesle ideg etmek guşlarda we süýdemdirijilerde has maksadalaýyk häsiýetde bolýar. Ỳöne bu maksadalaýyklyk sap daşky faktorlar arkaly döredilýänligi üçin, gurşawyň üýtgemeginde haýwanlaryň özüni alyp barşynyň üýtgeýşi örän çäkli ýagdaýda bolýar. Instinktleri döredýän daşky şertleriň belli bir toplumynyň üýtgäýdigi, olaryň yzygiderli ýüze çykyşy bozulýar – guşlar höwürtgesini taşlap, süýdemdirijiler bolsa öz nesillerini iýýärler. Haýwanlaryň goranyş hereketleri eger diňe instinktleriň esasynda guralan bolsa, ol örän tagaşyksyz bolýar. Muňa birnäçe mysal

getirmek mümkin. Amerikada gara tüýli kiçeňräk bir haýwan ýaşaýar. Ỳyrtyjylaryň ählisi diýen ýaly ondan çekeräk duranlaryny kem görenoklar. Ony uzakdan arkasyndaky ak zolak bilen tanaýarlar. Bu skunsdyr. Skunsy tebigat awuly, erbet ysly suwuklyk işläp çykarýan mäzler bilen üpjün edipdir. Sähelçe howp döredigi, skuns duşmana arkasyny öwrüp guýrugyny galdyrýar we suwuklygy pürkýär. Iň uly ýyrtyjylar-da şonda birnäçe sagatlap “özünden gidýär”. Amerika sebitinde ähli haýwanlar skunsdan sowlup geçýärler. Öňki SSSR-de bu haýwany akklimatizasiýalaşdyrmakçy bolupdyrlar. Ilki bada skunsyň ýaş çagajyklaryny wolýerde saklap, soňra seredýän adamlara howpsuz bolar ýaly, olaryň ählisiniň muskus mäzlerini aýyrýarlar. Erkinlige goýberilen skunslar tokaýda arkaýyn gezýärler. Haçan-da itler yzarlap başlanlarynda olar gaçmandyrlar, saklanyp arkasyny öwürmekçi bolupdyrlar-da, itleriň penjesine düşüpdirler. Soň-soňlar skunslara operasiýa etmän, olara seretmekligiň usulyny tapypdyrlar. Instinktiw reaksiýalar özüňi alyp barşyň dogabitdi formalaryny herekete getirýän ýönekeý stimullaryň netijesinde döreýär.

Bu babatda etologlaryň[1] geçirýän derňewleri has gyzyklydyr. Bu ylmyň görkezişi boýunça instinktler diňe kesgitli signallar boýunça döreýärler. Meselem, gurbaga haçan-da mör-möjekler gözüniň öňünde gaýmalanynda ony tutmaga bökýär. Reaksiýanyň diňe çalt gaýmalaýan täsire degişlilikde döreýändigini ýeňil subut etmek mümkin. Eger gurbaganyň öňünde inçejik sapakdan kagyz bölejigi asylyp hereketlendirilse, ol hökman kagyza bökýär. Süýdemdirijilerde hem instinkt belli bir täsire jogap hökmünde döreýär. Emma şol bir reaksiýa dürli görnüşiň wekillerinde dürli daşky täsirler arkaly döredilip bilner. Belli bolşy ýaly ýaňyja dogan güjüjek we guzujyk enesiniň emjegini agtaryp, ony tapdygy emip başlaýar. Gözegçilikleriň görkezişi boýunça bu hereketleriň programmalary dürli signallar arkaly döredilýär. Güjüjek ýyly ýüňe reaksiýa döredýär. Eger onuň enesine derek grelka goýulsa, agtaryş reaksiýasy döremeýär. Eger-de oňa gyzdyrylan tüýli deri goýulsa, ol şolbada agtaryşa başlaýar. Guzujyk bolsa ýeňsäniň ýapylmagyna

[1] E t o l o g i ý a – özüňi alyp barşyň dogabitdi formalaryny öwrenýän ylym.

agtaryş hereketlerini döredýär: guzujygyň agzyna emjek tutulanda ol emmeýär, emma onuň ýeňsesini bir zat bilen ýapyp emjek berlende, derrew emip başlaýar.

Diýmek, instinktler gyjyndyryjylaryň köp dürlüsini şöhlelendirmegi üpjün etmeýänligi üçin oňurgalylaryň bu ukybyny çäklendirýär. Oňurgalylarda turba şekilli nerw sistema (oňurga we kelle beýnili) ösüp, şol mynasybetli daşky gurşawy has takyk şöhlelendirmek mümkinçiligi artýar. Ganglioz nerw sistemasy bilen deňeşdireniňde haýwanlarda reseptorlar has ösüp, olaryň ýöriteleşmekligi artýar. Şeýle potensial mümkinçilikler diňe instinktleriň çäginden çykyp, özüňi alyp barşyň has ösen görnüşini döredýär.

**Özüňi alyp barşyň indiwidual-ýekebara döredilýän görnüşleri**

Ỳokary derejede ösen haýwanlarda, aýratyn hem süýdemdirijilerde özüňi alyp barşyň has çeýe formalary ýüze çykyp, olar daşky gurşawyy has takyk şöhlelendirmäge mümkinçilik berýär. Wagtlaýyn baglanyşyklary döretmekdäki indiwidual aýratynlyk bir görnüşiň möçberinde instinktleriň ýüze çykyşyndaky indiwidual aýratynlykdan has güýçli bolýar. Görnüşiň käbir wekillerinde şertli baglanyşyklar has çalt, beýlekilerinde haýal döräp bilýär. Oňurgaly haýwanlarda ýönekeý haýwanlara garanda has köp şertli baglanyşyklar döreýär. Jandar ewolýusion hatarda näçe ýokarda boldugyça, şonça-da döredilen şertli baglanyşyklar çylşyrymlaşyp, olar has çeýe bolýarlar.

Balyklarda şertli baglanyşyklar örän çalt döreýär. Şertli baglanyşyklaryň döreýiş signallary bolup, yşyk, reňk, predmetiň formasy, şeýle hem ses we tagam häsiýetleri hyzmat edýär. Emma bu baglanyşyklar çeýe däldir. Meselem, çortanda maýda balyklara çalt awçylyk şertli refleksi döreýär, emma bu refleksi aýyrmak örän kyn bolýar. Eksperimentde suwly gapda çortan bilen maýda balyjaklaryň arasy aýna bilen bölünende çortan uzak wagtlap oňa özüni urýar. Haçan-da tötänleýin baglanyşyk dörände aýnany aýran wagtyňda ol ýene-de edil arada aýna bar ýaly özüni alyp barýar. Bu ýagdaýda çortan edil gapdalyndan gezip ýören balyjaklara üns bermeýär.

Diýmek, şertli baglanyşyklar-da jandarlaryň özüni alyp barşyny gurşawyň üýtgemegine laýyklykda üýtgedip bilmeýär.

Janly materiýanyň ösüşiniň indiki tapgyry – özüňi alyp barşyň has çylşyrymly, çeýe indiwidual formasynyň döremegi bolup, ol özüňi alyp barşyň täze şertlerini özbaşdaklykda döretmeklige esaslanandyr. Özüňi alyp barşyň bu görnüşiniň döremegi üçin gurşawyň aýry-aýry hereketlerini däl-de, bütin predmet ýagdaýyny-situasiýasyny analizlemek we sintezlemek zerur bolýar. Meselem, eger towugyň öňüne däne sepip, onuň öňünde tor çekilen rama goýulsa, towuk bu tora özüni urup başlaýar. Şol bir wagtyň özünde ösüş derejesi boýunça ýokary duryan guşlar (meselem, garga, alahekge) bu ýagdaýda özlerini başgaça alyp barýarlar: iýmiti gös-göni toruň üstünden almak synanyşygynyň ilkinjileri şowsuz geçdigi, olar iýmiti päsgelçilikden öwrülip geçip alýarlar. Birinji ýagdaýda özüňi alyp baryş instinktiw programmada alnyp barlyp, ikinjide bolsa hereket gös-göni situasiýany analizlemek esasynda amala aşyrylýar.

Özüňi alyp barşyň ikinji tipi aýratyn hem süýdemdirijilerde aýdyň ýüze çykyp, jandar tutuş situasiýany analizläp we sintezläp, üýtgeýän şertlere uýgunlaşýar, özüni alyp barşyny edara edýär.

Ỳokary derejede ösen haýwanlarda özüňi alyp barşyň instinktiw formalary bilen bir hatarda özüňi alyp barşyň indiwidual üýtgeýjilikli formalary – endikler we intellektual hereketler bolýarlar. Endikler – munuň özi esasynda şertli baglanyşyklar duryan, awtomatiki häsiýetde funksionirlenýän hereketlerdir. Endikler hem instinktler ýaly ösüşiň dürli basgançaklarynda ýüze çyksa-da, has aýdyň görnüşde diňe kelle beýnisiniň gabygy bar bolan haýwanlarda duş gelýär.

Haýwanlarda endigiň düzümine girýän hereket elementleri şol bir görnüşiň gündelik durmuş tejribesinde gazanan hereketlerinden we gaýtalamak netijesinde berkleşýän tötänleýin hereket synanyşyklaryndan duryar. Birinji herekete mysal. Haýwanlary türgenleşdiriji towşana deprege urmaklygy örän çalt öwredip bilýär. Bu hereket tutuş görnüşe häsiýetlidir: hemme towşanlar ýylyň belli bir wagtynda tokaýda töňňelere, ýykylan agaçlara we ş.m. deprek kimin urýarlar. Hereketiň ikinjisine mysal hökmünde baglanan itde duş gelýän hereket reaksiýalaryny görkezmek bolar. Tejribe şeýle

geçirilýär. Itiň öňünde ol ýetip bilmejek aralykda et bölejigini goýýarlar. Et ýüpe daňylyp onuň ujy itiň aýagy ýeter ýaly aralykda bolýar. Adaty eti garbap alşy ýaly birnäçe netijesiz hereketler edensoň, it ýüpi tötänleýin çekip alýa(1 -nji surat) . Bu üstünlik şol bada berkleşip, mundan beýläk it her gezek diňe ýüpi çekmek arkaly iýmiti alýar. Başga bir gezek ýüp onuň aýaklarynyň ýetmez ýaly ýerinde goýlup, it birnäçe sowa hereketlerden soň yzyna öwrülip ýüpi art aýaklary bilen çekýär.

Bu fakt haýwanlaryň endiginiň situasiýanyň üýtgeýän şertlerine-de ýaýradylýandygyny subut edýär. Bu mysalda tejribäniň şertleri çylşyrymlaşdyrylanda it ýagdaýyň üýtgemekligine täzeçe – öň aýakda döredilen endigi art aýagynda ulanmak bilen jogap berýär.

Şeýlelikde, endikler biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar: bir ýagdaýda özleriniň awtomatizmi boýunça instinktlere golaýlaşyp, beýleki bir ýagdaýda intellekt(pähim) häsiýetine eýe bolýarlar.

**Haýwanlaryň intellektual (pähimli) özüni alyp barşy**

Aýry-aýry predmetleriň arasyndaky çylşyrymly gatnaşyklary şöhlelendirmek intellektual özüňi alyp barşyň esasyny düzýär. Intellektual özüňi alyp barşa şeýle mysal getirmek mümkin. Tejribe iki sany turba arkaly gecirilýär. Garganyň gözüniň öňünde turbanyň içine ýüp daňylan iýmit bölejigi goýberilýär. Garga iýmitiň turbanyň birine goýberilendigini we onuň iki turbanyň arasyndaky boşlukda görnüp, ikinji turba girip gidendigini görýär-de, şol bada turbanyň ujuna tarap ylgap iýmitiň çykaryna garaşýar. (Bu ýagdaýda beýleki haýwanlar – ýyrtyjy guşlar, pişik, it özlerini edil şeýle alyp barýarlar). Bu mysal ýokary derejedäki haýwanlaryň predmetleriň arasyndaky gatnaşyklaryny aňyp, situasiýanyň netijesini öňünden görmekligi, hereketlenýän predmetiň haýsy ýerde ýüze çykjakdygyny bilmeklige ukyplydygyny subut edýär. Bu özüňi alyp barşyň paýhasly tipine degişlidir.

Alymlar ýokary derejedäki haýwanlaryň arasynda primatlary (adam şekilli maýmynlary) aýratyn orna eýe edýärler. Beýleki süýdemdirijilerden tapawutlylykda, primatlar diňe bir iýmit obýektleri däl, beýleki predmetler bilen-de çylşyrymly manipulýatiw hereketleri amala aşyrýarlar. Şeýle höwesi "erkli" we "peýdakeşlige

gönükdirilmedik” bilesigelijiligi (I.P.Pawlow), “derňew edijilik impulsy” diýip atlandyrýar.

Şeýle işjeňligiň esasynda döreýän başarnyk ýaş maýmynlaryň görüş organlaryny ösdürip, kabul edişi giňeldip, tejribäni has artdyrmak bilen, şonuň netijesinde beýleki haýwanlardan has kämil endikleriň, özüňi alyp barşyň çylşyrymly formalarynyň döremeginiň esasy bolup hyzmat edýär.

Maýmynlaryň intellekti diňe özüniň çözýän meseleleriniň çylşyrymlylygy bilen däl-de, olaryň hereketleriniň gönükdirilmesi bilen tapawutlanýar. Olar birnäçe sagatlap eline düşen predmeti böleklere bölýärler, dürli hereketler bilen adamy öz gözenegine çagyrýarlar, gözleriniň öňünde dumly-duşa ýöreýän mör-möjekleri uzak wagtlap synlaýarlar. Maýmynlaryň şeýle özüni alyp barşy olaryň ýaşaýyş şertleri bilen düşündirilýär. Tebigy şertlerde maýmyn iýmut gözleginde yzygiderli “derňew” işini alyp barmaly bolýar. Ýabany şimpanzeleriň segsen bir sany iýmit çeşmesi bardyr. Olaryň ýary gök önümler, çärýegi – ýapraklar, galanlary bolsa tohumlar, güller, baldaklar, çybyk. Mundan başga-da şimpanze mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Seýrek-de bolsa, olaryň iýmit stoluna suwulganlar, maýda ýyrtyjylar, kähalatlarda bolsa iri haýwanlar goşulýar. Şeýlelikde, maýmynlaryň dürli obýektlere gönükdirilen derňew-agtaryş işiniň ösüşiniň real biologik esasy bardyr. Iýmit hökmünde ulanýan miweleriniň dürli formalary we reňkleri maýmynlar tarapyndan diňe bir tapawutlandyrylman, eýsem şertli reflepleriň döremegi netijesinde degişli tagam häsiýetleri bilen baglanyşdyrylýar. Iýmit agtaryş prosesinde maýmyn iýilýän miweleri iýmite ýaramsyz we zäherli görnüşlerinden tapawutlandyrýar.

Maýmynlaryň iýmitiniň dürli-dürliligi olaryň analizleýji ukyplaryny ösdürýär. Şeýle dürli iýmitlenişe geçmek bilen maýmyn ýönekeý haýwanlar ýaly, iýmitiň diňe bir görnüşine ýa-da iýmitlenişiň kesgitli bir situasiýasyna instinktiw hereket edip bilmez. Zerur iýmiti tapmak üçin ol daşyny gurşan ähli predmetleri her gezek derňemeli bolýar.

Maýmynlarda işiň şeýle görnüşiniň beýleki haýwanlar bilen deňeşdirilende ýokary derejede ösenligi olarda el şekilinde öň aýaklarynyň bardygy bilen düşündirilýär. “El” arkaly maýmynlar

daşky predmetler bilen çylşyrymly gatnaşyklara girip bilýärler. Şonuň üçin-de olarda beýleki haýwanlarda bolmadyk wagtlaýyn baglanyşyklaryň (assosiasiýalaryň) tutuş toplumy bardyr. Aktiw derňew-oriýentirleniş işiniň ýerliginde-fonunda maýmynlarda şöhlelendirmäniň dürli usullary döreýär.

Belli bir şertlerde maýmynlarda özüňi alyp barşyň instinktiw formalary ýüze çykýar. Beýleki oňurgaly haýwanlarda bolşy ýaly, maýmynlaryň instinktiw hereketleri ýönekeý stimul arkaly döräp bilýär. Derňewleriň görkezişi boýunça maýmynjygy imrikdirýän zat ene maýmynyň hut özi bolman, onuň ýumşak tüýi bolýar. Tejribe şeýle geçirilipdir. Makakanyň iki günlük çagalaryny ene maýmynyň möçberinde ýasalan "emeli enäniň" goýlan gözenegine ýerleşdirýärler. Bir maýmynjyga metal karkasdan edilen "ene", beýlekisine bolsa tüýjümek material çekilen agaç silindr hödürlenýär. "Eneleriň" ikisinde hem ýyly süýtli emzik bolýar. Özüne ýumşak "ene" ýeten maýmynjyk wagtynyň köp bölegini onuň ýanynda geçirip, ony gujaklap boýnuna böküpdir. Howply ýagdaý dörän badyna maýmynjyk hemaýat isläp öz "enesine" gysmyljyrapdyr. Metaldan ýasalan "eneli" maýmynjyk diňe aç bolanda onuň ýanyna barypdyr.

Emma ýokary derejede ösen uly maýmynlaryň instinktiw özüni alyp barşy pes derejede ösen haýwanlaryňkydan düýpli tapawutlanýar. Ỳokary derejede ösen maýmynlara meselem, şimpanzä özüňi alyp barşyň dogabitdi formasy bolan ýatak gurmak mahsusdyr. Tebigy şertlerde olar her gün agaçlarda baldaklardan ýatak gurunýarlar. Ỳörite synaglaryň görkezişi boýunça maýmyn ýatak gurmakda saýlanyp alynýan materiallary amaly-praktiki analiz edýär. Barlaglar prosesinde maýmynlaryň gurluşyk işi gemrijileriň - alaňňyrdyň ýatak gurşy bilen deňeşdirilýär. Materiallar dürli gatylykda bolanynda meselem, agaç şahalary we kagyz şimpanze-de, alaňňyrt-da ýatagy bir tipde gurýarlar: ýatagyň esasyny has berk materialdan tutup, içki ýüzüni bolsa has ýumşak material bilen örtýärler. Eger şimpanzä we alaňňyrda diňe ýumşak material berilse olar ýatagy diňe şu materialdan gurýarlar. Eger-de ýatak diňe şeýle materialdan ýasalandan soňra olara has gaty material teklip edilse, olaryň özüni alyp barşynda şol bada aýratynlyk ýüze çykýar.

Şimpanze has gaty material alan badyna höwürtgäni gaýtadan gurmaga başlaýar. Ýumşak materialdan edilen höwürtgäni eliniň tersi bilen bir gapdala süýşürip, onuň esasyny berk materialdan tutup ugraýar we diňe şondan soň ýumşak materialy jaýyň iç ýüzüne tutmaga ulanýar. Alaňňyrtlar bolsa bu situasiýada höwürtge ýasamagyny dowam etdirip, gaty materialy ýumşagyň üstüne örüp başlaýarlar. Şeýlelikde, maýmynlarda ýatak gurmaklyk instinktiw hereketlerde ýüze çyksa-da, ol daşky şertleri göz öňünde tutmak bilen amala aşyrylýar.

Maýmynlaryň indiwidual tejribede döredýän hereketleri-de özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Maýmynlarda we pes derejede ösen haýwanlarda endigiň döreýşini synlanyňda geň galdyryjy bir ýagdaýy görmek bolýar: has pes derejede ösen oňurgalylarda endik maýmynlara seredeniňde has çalt döreýär. Bu fakt maýmynlaryň endigi çalt döreýän beýleki jandarlardan pesligini subut etmeýär. Sebäbi maýmynyň özüni alyp barşy daşky gurşawda predmetleri we olaryň utgaşmalaryny duýmak we olara täsir etmeklik ukyby bilen kesgitlenýär. Kä ýagdaýlarda maýmynyň "peýda gazanmaklyga gönükdirilmedik" bilesigelijiligi özünde geçirilýän tejribä ünsüni gönükdirmeklige päsgel berýär. Köplenç onuň üçin "problema gutusynda" gizlenen iýmitden beýleki predmetler has gyzykly bolýar. Emma maýmynlarda berk şertli baglanyşyklar döredilen ýagdaýynda olaryň ýüze çykyşy edil beýleki jandarlaryň hereketi ýaly stereotip häsiýetde bolýar.

I.P.Pawlow adam şekilli maýmynlaryň özüni alyp barşyny öwrenýär. Geliň, Rafael atly şimpanzede geçirilen tejribeleriň bir pursatyny analiz edeliň. Içinde miwe gizlenen çelegiň öňünde spirt çyrajygy ýakylýar. Miwäni almak üçin birnäçe netijesiz edilen synanyşyklardan soň, Rafael tötänlikde ýanyp duran çyrajygy öçürýär. Hereket şol bada ýada ornaşdyrylýar. Täze tejribede suwly bak gapdalda goýulýar. Birnäçe synanyşykdan soňra, Rafael bu meseläni-de çözýär: agzyna suw alyp, oda pürkýär. Başga bir situasiýada miweli şkaf suwuň ortasyndaky salyň üstünde ýerleşdirilýär. Suwly bak bolsa başga bir salyň üstünde goýulýar. Ody öçürmek üçin Rafael hallan atyp duran paýapyldan goňşy sala – bakdan agzyna suw almaga bakan ýönelýär.

Maýmyn dörän endigi başga bir situasiýada ulanýar. Emma şeýle hereket maksadalaýyk däl (sebäbi daş-töwerek suw). Emma şeýle-de bolsa bu hereket biologik taýdan doly manylydyr.

Hallan atýan paýapyldan sala geçmek maýmyn üçin artykmaç fiziki kynçylyk döretmeýär, şonuň üçin-de tejribede ýüze çykan situasiýa üçin intellekt üsti bilen çözülmeli problema laýyk situasiýa öwrülmeýär. Instinktler we endikler hereketiň has stereotipleşen görnüşi bolup, janly organizmi artykmaç güýç sarp etmekden goraýar. Diňe birnäçe netijesiz synanyşyklardan soňra maýmyn dörän situasiýany has ýokary usul – intellekt üsti bilen çözmäge girişýär. Emma döreýän situasiýalar köplenç haýwan üçin problema öwrülmän, ýumuşyň çözülmegi has ýokary intellektual derejede amala aşyrmak zerurlygyny döretmeýär. Şeýlelikde, intellektual özüňi alyp baryş haýwanlar üçin köplenç ýagdaýda potensial(entek ulanylyşa girizilmeýän) mümkinçilik bolup galýar.

N.N.Ladygina-Kotsuň tejribesinde Paris atly şimpanze içinde iýmit gizlenen turbany alyp, iýmiti onuň içinden daşa iteklär ýaly deşigine gabat gelýän dürli guraly saýlaýar: predmetiň formasyny, uzynlygyny, giňligini, gatylygyny, galyňlygyny tapawutlandyrýar. Eger göwnejaý predmet tapmasa, Paris agaçdan döwüp alnan şahanyň gapdal baldaklaryny aýryşdyrýar, taýagyň inli ýerlerini döwüşdirýär, egreldilen simi göneldýär, başgaça aýdanyňda, maýmyn “gural” ýasanýar.

Emma maýmynlaryň “gural ýasaýyş” işiniň mümkinçiligi örän çäklidir. W.Keleriň, E.G.Wasuronyň, N.N.Ladygina-Kotsuň tejribeleriniň görkezişi boýunça, şimpanze şol bir situasiýada iki sany taýagy bir-birine sepläp maksada ýetmeli bolanda nalajedeýinlik görkezýär. Bu öz-özünden düşnüklidir. Ỳokarky tejribedäki şimpanzeniň baldaklary döwüşdirmesi, taýagyň ýogyn ýerlerini owratmasy – maýmynlaryň tebigy şertlerde amala aşyrýan hereketleridir. Emma olar tebigy şertlerde taýaklary bir-birine seplemek operasiýasyny etmeýärler. Her näme-de bolsa, maýmynlar kähalatlarda iki sany gysga taýakdan bir uzyn taýagy bir-birine seplemek arkaly “gural” döredýärler. Ỳöne olar taýýarlanan “guraly” indiki zerurlyklar üçin saklamaýarlar, soň gerek bolar diýen pikir bilen gural taýýarlamaýarlar. “Gural” maýmynlarda işiň gös-göni

prosesinde döräp, şol bada hem ýok edilýär, şonuň üçin-de adamynyň zähmet işi bilen maýmynlaryň degişli hereketlerinde diňe şertli meňzeşlik ýüze çykarmak mümkin.

Bu babatda I.P.Pawlowyň içinde iýmit gizlenen çelek bilen geçiren tejribesi has häsiýetlidir. Çelegiň üçburç deşiginden maýmyn iýmiti görýär. Çelek haçan-da bu deşige üçburç formaly taýagy ötürip, içindäki ryçagy basanyňda açylýar. Eksperiment geçiriji bu operasiýany maýmynyň gözüniň öňünde edip görkezýär. Maýmynyň öňünde ujy tegelek, dörtburç kesimli taýaklar goýulýar. Ilkibada ähli maýmynlar çem gelen taýagy alyp ýaşigi açmakçy bolýarlar. Soňra taýaklary elläp, ysgaşdyryp gezek-gezegine kesime ötürmekçi bolýarlar. Ahyry dogry çözüliş ýüze çykýar. Şeýlelikde, maýmynlaryň intellektual hereketleri takyk amaly-praktiki pikirlenme görnüşinde ugrukdyjy-oriýentirleýji manipulýasiýalaryň netijesinde amala aşyrylýar.

Ỳokary derejede ösen maýmynlaryň özüni alyp barşynyň bir aýratynlygy-da olaryň öýkünjeňligidir. Meselem, maýmyn poly sübseläp ýa-da esgini ölläp, ony sykyp, poly ýuwup biler. Köplenç ýagdaýda bu öýkünmek hereketleri örän ýönekeý ýagdaýda bolýar: maýmynlar hereketiň netijesine däl-de, hereketiň hut özüne öýkünýärler. Şonuň üçin-de maýmyn poly sübseläninde hapany bir ýerden başga bir ýere süpürýär-de, ony poldan aýyrmaýar. Ýörite öwredilen aýry-aýry maýmynlar, dogrusy, bu işi göwnejaý edýärlerem. Intellektual öýkünmeklik, işiň netijesine öýkünmeklik maýmynlarda entek subut edilen däldir.

Şeýlelikde, şöhlelendirmäniň ähli formalary (tropizmler, instinktler, endikler, intellektual hereketler) biri-birlerinden düýpli tapawutlanýarlar. Ösüşiň bir yzygider liniýasy bardyr: meselem, instinktler endikler bilen üsti ýetirilip, endikler instinktlere öwrülýärler. Emma takyk ýagdaýlarda ösüşiň yzygiderliginde arasynyň bölünmegi ýüze çykýar: haýwanlaryň bir görnüşi özlerinde instinktleriň agdyklyk etmegi bilen, beýlekileri - şahsy tejribede döreýän assosiasiýalary bilen tapawutlanýarlar.

**Haýwanlaryň aragatnaşygy we “dili”**

“Jemgyýetçilik jandarlaryň” özara gatnaşygy kä halatlarda has çylşyrymly ýagdaýda bolýar. Emma uly toparlar bolup ýaşaýan ganglioz nerw sistemaly jandarlarda çylşyrymly indiwidual instinktler bilen bir hatarda instinktiw reaksiýalaryň birleşmäniň aýratyn wekiliniň “diline”[1] gönükdirilen görnüşleri-de bolýar. Synaglaryň görkezişi boýunça balarysy ary kökesine bal bilen dolanyp gelende hereketleriň belli bir toplumyny (“tansy”) ýerine ýetirip, beýleki arylaryň bal öndüriji güllerde üýşenligini habar berýär. Garynjalaryň “dili” has-da çylşyrymlydyr. Belli bir gymyldylar kesgitli bir signaly aňladýar. Hereket reaksiýalary bilelikdäki hereketlere çagyrmaklygy, iýmitlendirmekligi haýyş etmekligi we ş.m. aňladyp bilýär. Ganglioz nerw sistemaly jandarlaryň “dili” – bu durmuş pozasy, akustik signallar, himiki (“ys alyş”) informasiýa, biri-birine dürli galtaşmalardyr.

Mör-möjekleriň öz toplumyndaky özlerini alyp barşy, umumy maksadalaýyklygy we sazlaşyklylygy bilen geň galdyrýar. Emma bu sazlaşykly maksadalaýyklyk informasiýany kabul edýän jandarlaryň stereotip reaksiýasy bilen döredilýär. Olaryň reaksiýalarynda hiç hili akyl ornaşdyrmak, informasiýany gaýtadan işlemeklik ýokdur: signal kabul edilen badyna ewolýusiýada dörän hereket ýüze çykýar.

Ỳokary derejede ösen haýwanlaryň (guşlar, süýdemdirijiler) toparynda özara gatnaşygyň käbir formalary bolýar. Şonlukda, jandarlaryň her bir toparlara birleşmegi öz gezeginde toparyň agzalarynyň aragatnaşygy üçin zerur bolan “diliň” döremegine getirýär.

Her bir toparda biologik nukdaýdan amatly bolan deňsizlik döredilýär: güýçlüler ejizleri ezýärler. Güýçlülere iýmitiň has gowusy ýetip, olar toparyň agzalarynyň içinde özlerini erkin duýýarlar. Ejiz haýwanlar beýleki görnüşleriň awy bolup, öz görnüşiniň oňat nusgalarynyň halas bolmagyna sebäp bolýarlar. Ejiz haýwanlar öz

[1] Bu ýerde “dil” diýip her bir signallaşdyryş sistemasyna, informasiýany geçiriji her bir serişdä düşünjekdiris.

gezeginde toparyň içinde howpsuzlygy üpjün edýän serişdeleri edinýärler. Şeýle serişdelere jandaryň aýratyn "tabyn bolmak pozasy" girip, jandar ony güýçli garşydaşy bilen çaknyşanda özüniň göreşmäge ukypsyzlygyny habar bermek üçin ulanýar. K.Lorens şeýle situasiýany synlapdyr. Ỳaş möjek öz güýjüne buýsanyp, toparyň serdaryna topulýar. Emma tejribeli möjek şol bada ýaş möjegi öz çenini duýmaga mejbur edýär. Ỳaş möjek derrew tabyn bolujylyk poza geçýär: kellesini aşak öwrüp adaty şertlerde möjekleriň söweşde dert-azar goraýan ýeri bolan ýeňse damaryny garry möjege hödürleýär. Garry möjegiň şol bada gahary ýatýar, çünki ençeme ýyllaryň dowamynda döredilen instinkt öz güýjüne girýär. Tabyn bolmak pozasy topar bolup ýaşaýan ähli haýwanlara mahsusdyr. Maýmynlarda bu pozanyň toplumy has-da aýdyň ýüze çykýar.

Poza, galtaşmak ýaly "dillerden" başga, eşidilýän signallaryň dili bolýar. Gyşlaryň, delfinleriň, maýmynlaryň çylşyrymly signalizasiýalary ýazylandyr. Çykarylýan sesler jandaryň emosional ýagdaýyny aňladýar. Şimpanzäniň ses reaksiýalarynyň analizi maýmynlaryň her bir ses döretmekliginiň kesgitli reflektor işi bilen baglanyşyklydygyny görkezdi. Sesleriň birnäçe toparlary anyklanyp, olar: iýmit kabul edilende döreýän sesler, oriýentirleýji-goranyş sesleri, agressiw, jynsy funksiýalar bilen baglanyşykly, oýun wagtyndaky we ş.m. görnüşlerden durýar.

Şol bir toparda durýan jandarlar biri-biriniň ses reaksiýalaryndan ugur alýarlar. Ses reaksiýalary toparyň agzalarynyň öz biri-birleriniň ýagdaýy barada habardar etmek bilen toparyň içindäki möçberde özüňi alyp barşy edara etmäge mümkinçilik berýär. Aç bolanlar nämedir bir zat iýýän taýynyň işdämenlik bilen hokranýan sesine tarap eňýär. Sagdynlar we doklar topardaşlarynyň oýna çagyrýan ýa-da oriýentirleýji seslerine üns bermek bilen, özleriniň herekete ýa-da oriýentirleýji özüňi alyp barşa bolan isleglerini kanagatlandyrýarlar; uruşýan maýmynlaryň agressiw seslerine toparyň ýolbaşçysy haýdan-haý ýetişip, toparyň tertip-düzgünini ýola goýýar, howp habar berýän galagoply signaly eşiden badyna bütin topar ýerinden galýar. Adamlaryňkydan tapawutlylykda, haýwanlaryň "dilinde" bir ýetmezçilik bolup, ol hem

bolsa onuň üsti bilen tejribäni nesilden-nesle geçirip bolmaýanlygydyr. Şonuň üçin-de, eger haýsy-da bolsa bir has ösen jandar özüniň indiwidual tejribesinde iýmit tapmaklygyň iň bir oňaýly usullaryny tapaýsa hem ol öz tejribesini haýwanlaryň "dil" arsenalynda bolan serişdeler bilen geljekki nesle geçirip bilmeýär.

## § 2. Psihiki funksiýalaryň gurşawa hem-de organlaryň gurluşyna baglylygy

**Psihika We gurşaw**

Eger janly-jandarlaryň ýaşaýyş gurşawy hemme ýerde birmeňzeş bolsady, onda Ýer ýüzünde janly-jandarlaryň bir görnüşi ýaşardy. Hakykatda gurşawyň klimat babatynda-da, ýaşaýyş şertleri boýunça-da örän dürlüligi organizmleriň tapawutlylygyna getiripdir. Ýerde jandarlaryň milliondan gowragy ýaşaýar. Hadysalaryň dürlüliginde Ýerde olaryň sikleýin çalyşmasy – ýyl sikleri, gije-gündiziň çalşygy, temperatura çalşygy we ş.m. bolup durýar. Ähli jandarlar dowam edýän şertlere uýgunlaşýarlar.

Öz-özüňi dolandyrmaklyk ýönekeý gyjynmaklykdan başlap, özüniň iň ýokary ösüşini adamyň döredijilikli paýhasynda tapýar. Şöhlelendirmegiň usuly näçe ýokary boldugyça, şonça-da janly-jandaryň şol görnüşi gurşawa gös-göni garaşlylykdan halas bolýar. Gurşawyň üýtgemekligine tropizmler arkaly jogap berýän bir öýjükli organizm doly ýagdaýda gurşawyň şertlerine garaşly bolýar. Meselem, gurşawyň temperaturasy üýtgände organizmde himiki reaksiýalaryň çaltlygy üýtgeýär; temperatura ýokarlananda reaksiýanyň tizligi ýokarlanyp, aşaklanynda bolsa peselýär. Temperaturanyň has ýokary ýa-da pes ýagdaýynda bir öýjükli organizm heläk bolýar. Elbetde, adatdan daşary ýokary ýa-da aşak temperaturada şeýle ýagdaý ähli janly organizmlerde döräp biler. Ýöne şeýle şertlerde ýokary derejede ösen we pes derejede ösen organizmleriň özüni alyp barşynda düýpli tapawut ýüze çykýar. Ýaşaýyş şertleriň birden üýtgemekligi hereket etmäge meýillendirýär. Bu hereketleriň dogry ýa-da nädogry bolmagy mümkin. Sähra pyşdyllary we ownuk gemrijiler yssy wagtlary hem-de gyşyň

sowugynda temperaturanyň normal ýaşaýşa amatly ýeri bolan ýer astynda gizlenýärler. Bu ýerde instinktler herekete gelýärler. Pil suw sepinip, goýy kölegede gizlenýär, maýmynlar hem yssyny ýeňil geçirer ýaly ýeri saýlaýar we taýýarlaýar. Instinktler bilen bir hatarda bu ýerde şertli baglanyşyklar – jandarlaryň doganyndan soňky gazanylan tejribesi uly rol oýnaýar.

Şeýlelikde, janly organizmler kem-kemden gurşawa gös-göni garaşlylykdan boşaýarlar. Emma ösüşiň islendik derejesinde janly organizmler bu garaşlylykdan hiç wagt gutarnykly boşamaýarlar. Gurşaw janly organizmiň ýaşaýyş şertiniň esasy faktorydyr. Başgaça aýdanymyzda, olaryň ýaşaýşy gurşawyň şertleri bilen sebäpli döredilendir.

**Psihika we nerw sistemasynyň ewolýusiýasy**

Şöhlelendirmäniň takyklygy ilki bilen psihikanyň maddy substraty bolan duýgy organlarynyň we nerw sistemasynyň gurluşyna bagly bolýar. Meselem, reseptor belli bir gyjyndyryjylary has inçelik bilen şöhlelendirýän bolsa, reaksiýa şonça-da takyk bolýar. Belli bir çäkde bu ýerde göni baglanyşyk bolýar. Meselem, görüş reseptory Ýeriň üstüne ýaýran Gün yşygyny şöhlelendirmeklige uýgunlaşmagynda ösüpdir. Organizmiň şöhleli energiýany has takyk kabul etmeklige uýgunlaşyşyny görüş reseptorynyň ewolýusiýasynda yzarlamak mümkin.

Bir öýjüklilerde, şonuň ýaly-da ýönekeý köpöýjükli boşiçegelilerde diňe yşyga bolan umumy reaksiýany – fototropizmi görmek bolýar. Ýer gurçugynda onuň epidermisinde ýerleşýän yşyk duýujy öýjükleri bardyr. Bu öýjükler yşygyň barlygyny ýa-da ýoklugyny duýýarlar. “Tabajyk” atlandyrylýan mollýuskada eýýäm göýä onuň bedenine ornaşdyrylan haltajygyň iç ýüzüni örtýän yşyk duýujy öýjükleriň topary bolýar. Görüş organynyň şeýle gurluşy jandara diňe yşygyň barlygyny ýa-da ýoklugyny aňlamaga däl, eýsem yşygyň haýsy tarapdan düşýänligini aňlamaga hem mümkinçilik berýär. Mör-möjekleriň fasetka gurluşly gözi ownuk predmetleriň formasyny görmäge mümkinçilik berýär. Oňurgalylaryň köpüsinde

göz ýörite yşyk döwüji linza (hrustalik) bilen üpjün edilip, ol predmetiň konfigurasiýasyny has takyk görmäge ýardam edýär.

Reseptorlaryň ösüşi belli bir çäklerde nerw sistemanyň belli bir tipiniň ösüşi bilen utgaşykly bolýar. Duýgy organlarynyň we nerw sistemanyň ösüş derejesi psihiki şöhlelenmäniň derejesini we formasyny kesgitleýär.

Ösüşiň aşaky basgançagynda (meselem, boşiçegelilerde) nerw sistemasy öz aralarynda çykyndylary bilen sepleşýän, organizmiň dürli uçastoklaryna ýaýran nerw öýjüklerinden duryan nerw topary şekilinde bolýar. Bu tor şekilli nerw sistemasydyr. Tor şekilli nerw sistemaly jandarlar, ýokarda görkezilişi ýaly, daşky täsirlere tropizmler arkaly jogap berýär. Wagtlaýyn baglanyşyk olarda kynlyk bilen döräp, uzak saklanmaýar. Ösüşiň indiki tapgyrynda nerw sistemada birnäçe üýtgeşiklikler ýüze çykýar. Nerw öýjükleri diňe bir görnüşde jemlenmän, uzellere (gangliýalara) jemlenýär. Uzelli ýa-da gangliozly nerw sistemasy gyjyndyryjylaryň has uly möçberini kabul etmäge we gaýtadan jemlemäge mümkinçilik berýär. Munuň sebäbi kabul edilýän gyjyndyryjylary analizlemegiň hilini üýtgedýän duýujy nerw öýjükleriniň gös-göni ýakynlykda bolmagydyr. Ganglioz nerw sistemaly jandarlarda esasy gangliýa nerw sistemanyň beýleki uzellerinden has çylşyrymlydyr. Şeýle nerw sistemanyň iň ýönekeýi gurçuklardadyr; olaryň segment gangliýalary şöhlelendiriş mümkinçilikleri boýunça birmeňzeşligi sebäpli has inçe şöhlelendirmäge ukypsyz bolýar. Funksiýasy we baglanyşygy dürli-dürli bolan nerw öýjüklerinden duryan diňe kelle gangliýa has köp gyjyndyryjylary kabul etmäge we gaýtadan işlemäge ukyply bolýar.

Uzelli nerw sistemanyň çylşyrymlaşmagy oňurgasyz haýwanlaryň ösen görnüşi – mör-möjeklerde ýüze çykýar. Bedeniň her bir böleginde gangliýalar birleşip, nerw merkezlerini emele getirýärler. Merkezler bolsa öz aralarynda nerw ýollary arkaly arabaglanyşykda bolýarlar. Kelle merkezi has çylşyrymlydyr. Mör-möjekleriň nerw sistemasy has inçe guralan reseptorlaryň üsti arkaly gurşaw bilen baglanyşyp, olar signal funksiýasyny alyp barýarlar.

Ganglioz nerw sistemaly jandarlar daşky gurşawyň täsirini şöhlelendirenlerinde dogabitdi reflekseri, şeýle hem indiwidual

tejribede gazanylan refleksleri ulanýarlar. Emma bu ýerde dogabitdi reaksiýalar agdyklyk edýär.

Nerw sistemanyň ýokary tipi turba şekilli nerw sistemadyr. Ol turba jemlenen nerw öýjükleriniň (hordalylarda) toplumydyr. Ewolýusiýa prosesinde oňurgalylarda oňurga we kelle beýnisi – merkezi nerw sistemasy döreýär we ösýär. Nerw sistemanyň ösüşi bilen jandarlaryň duýgy organlary ösýär we kämilleşýär.

Nerw sistemanyň we reseptorlaryň ösüşine degişlilikde psihiki şöhlelenmäniň formalary-da çylşyrymlaşýar. Jandarlarda, bir tarapdan, täze psihiki funksiýalar dörese, başga bir tarapdan, psihikanyň ewolýusiýanyň aşak basgançaklarynda dörän formalary (duýma, kabul ediş, ýat we galyberse-de pikirlenme) kämilleşýär. Nerw sistema çylşyrymly boldugyça, psihika şonça-da kämil bolýar. Oňurgalylaryň ewolýusiýasynda kelle beýniniň ösüşi aýratyn uly rol oýnaýar. Kelle beýnide dürli funksiýalary edara edýän ýörite merkezler döreýär. Bu merkezler öz aralarynda ýörite nerw toplumy – assosiatiw zonalar arkaly baglanyşdyrylýar. Jandar näçe ýokary ösen bolsa, bu zonalar şonça-da kämildir. Merkezi nerw sistemasy bar bolan jandarlar gurşawyň täsirini has takyk şöhlelendirýärler. Ỳokary derejede ösen jandarlaryň nerw işiniň esasy fonduny şertli refleksleriň toplumy döredýär.

Şeýlelikde, psihikanyň ewolýusiýasy reseptorlaryň funksiýalarynyň çylşyrymlaşmagynda we signal işiniň kämilleşmeginde ýüze çykýar.

Jandarlaryň bedeniniň gurluşynyň, nerw sistemasynyň we duýgy organlarynyň progressiw ösüşi, şöhlelendirmäniň formasynyň san we hil taýdan üýtgemegi janly organizmleriň gurşaw bilen täze çylşyrymly we köptaraplaýyn baglanyşyklarynyň döremegine getirýär. Psihiki funksiýalar jandarlaryň ýaşaýan gurşawyna we olaryň gurluşyna baglylykda ösýär. Meselem, görüş reseptorynyň gurluşy jandaryň ýaşaýyş gurşawda oňat ugrukma almagyna-oriýentirlenmegine ýardam edýär. Çuňlukda ýaşaýan balyklaryň gözi minimal yşyk gyjyndyrmalaryny kabul edýär. Olaryň gözüniň torly bardasynda ýokary duýgurlykdaky ýörite gurallar – taýajyklar bardyr. Gözüň bäbenegi we hrustaligi örän uludyr. Ỳerde ýaşaýan ýokary derejede ösen haýwanlaryň gözlerinde göz perdesi we hrustalik torly

barda ultramelewşe şöhlelerini geçirmeýär. Gündizine we agşamlaryna hereket edýän haýwanlaryň gözleri-de ýaşaýyş şertine degişlilikde özboluşly gurluşa eýe bolýar.

Gözüň dürli gurluşy belli bir şertlerde gyjyndyryjylaryň takyk şöhlelendirmekligini üpjün edýär.

Emma beýle diýildigi şol bir şertlerde haýwanlarda reseptorlaryň şol bir tipi ösýär we esasy orny eýeleýär diýildigi däldir. Haýwanlarda duýgurlygyň filogenetiki ösüşi olar üçin haýsy gyjyndyryjylaryň biologik ähmiýete eýe bolandygyna bagly bolýar. Şol bir gurşawda möý wibrasiýa oriýentirlenýär; gurbaga bolsa adamynyň gulagynyň çalaja saýgarýan çygşyldysyna, ýarganat ultraseslere, it esasan ysa oriýentirlenýär, guşlar – eşidişe we görüşe oriýentirlenýär we ş.m.

Psihikanyň ewolýusiýasy göni liniýalaýyn gitmän, ol şahalara bölünýän liniýa boýunça geçýär. Şol bir gurşawda dürli derejedäki şöhlelendirmä ukyply jandarlary we tersine, dürli ýaşaýyş şertlerinde birmeňzeş şöhlelendirmä ukyply jandarlary tapmak mümkin. Meselem, delfinler, piller we aýylar bu babatda şol bir derejede durýan hasaplanylýar.

Gurşaw hemişelik zat däldir. Her bir materiýa ýaly gurşaw hem ewolýusion ösüşde bolup, onda ýaşaýan haýwanlaryň görnüşi oňa uýgunlaşýarlar. Kähalatlarda gurşawyň üýtgeýşi haýwanlaryň bir görnüşiniň psihiki funksiýalarynyň ösmegine täsir edip, beýleki görnüşlere düýpli täsirsiz bolmagy mümkin.

Diýmek, ýaşaýyş gurşawynyň düýpgöter özgermegi gadymy adam şekilli maýmynlaryň özüni alyp barşynyň hil taýdan üýtgemekligine sebäp bolmak bilen, soň-soňlar Ýeriň ýüzünde adamynyň emele gelmegine getiripdir.

## § 3. Zähmet işi prosesinde aňyň döremegi we onuň taryhy-jemgyýetçilik häsiýeti

**Adamyň we haýwanlaryň psihikasynyň aratapawudy**

Adamynyn psihikasy bilen hat-da iň ýokary derejede ösen haýwanlaryň psihikasynyň arasynda düýpgöter tapawudyň barlygy düşnükli zatdyr. Meselem, haýwanlaryň "dili" adamynyň dili bilen hiç bir babatda deňleşip bilmez. Eger haýwan öz biri-birine diňe şu pursatda dörän hadysa barada signal berip bilýän bolsa, adam diliň üsti bilen beýleki adamlara geçmiş, döwür we geljek barada informasiýa berip, olara jemgyýetçilik tejribäni geçirip bilýär.

Adamzat taryhynda dil mynasybetli şöhlelendiriş mümkinçiligi düýpli özgerýär: adamyň öz beýnisinde daşky dünýäni şöhlelendirmesi has takyk häsiýete eýe bolýar. Dil mynasybetli her bir adam jemgyýetiň asyrlaryň amalyýetinde döreden tejribesinden peýdalanyp, özüniň hiç wagt görmedik hadysalary hakynda düşünje döredip bilýär. Mundan başga-da dil arkaly adam duýgy ýatlamalarynyň mazmuny boýunça öz-özüne hasabat berýär.

Haýwanlaryň we adamyň dilindäki tapawut pikirlenmedäki tapawudy kesgitleýär. Her bir funksiýanyň beýlekiler bilen arabaglanyşykda ösýändigine şaýatlyk edýär.

Barlagçylaryň köpsanly tejribeleriniň görkezişi boýunça ýokary derejede ösen haýwanlara diňe amaly (Pawlowyň atlandyryşy boýunça el üsti bilen alnyp barylýan) pikirlenme mahsusdyr. Diňe ugrukdyjy-oriýentirleýji el işi prosesinde maýmyn ol ýa-da beýleki situatiw mysaly çözýär, gural döredýär. Haýwanlaryň psihikasyny öwrenen alym henize çenli olarda abstrakt pikirleniş usulyny gören däldir. Haýwan diňe aýdyň kabul edilýän ýagdaýyň-situasiýanyň çäginde hereket edip, ondan çykyp, ony abstragirläp bilmeýär we pikir boýunça gapdala çekilmek düzgünini özleşdirmäge ukypsyz bolýar. Haýwanlar gös-göni kabul edilýänagdaýyň tabynlygynda bolýarlar.

Adamynyň özüni alyp barşy takyk ýagdaýdan pikir üsti bilen gapdala çekilmäge (abstragirlemäge) we bu ýagdaý bilen

baglanyşykly soňra boljak zatlary öňünden görmäge ukyply bolýar. Meselem, deňizçiler gäminiň deşilen ýerini ýapmaga topulsalar, uçarman ýangyç azalanda iň golaý aerodromy agtarýar. Adam ýagdaýyň tabynlygynda bolman, geljegi öňünden görüp bilýär. Şeýlelikde, haýwanlaryň takyk, amaly pikirlenmesi şu pursatda dörän ýagdaýdan alnan hem-de olary täsire garaşly edýän bolsa, adamyň abstrakt pikirlenmä ukyby ony şu pursatda dörän ýagdaýa gös-göni tabyn bolmakdan azat edýär. Adam diňe bir gurşawyň gös-göni täsirini şöhlelendirmän, eýsem özüne garaşýan zatlary-da beýnä ornaşdyrýar. Adam zerurlyga akyl ýetirmek arkaly alnyp barylýan aňly herekete ukyplydyr.

Bu adamyň psihikasynyň haýwanlaryňkydan ilkinji düýpgöter tapawudydyr.

Adamynyň haýwandan ikinji tapawudy onuň gural ýasamaklyga we ony saklamaga bolan ukybydyr. Haýwan guraly takyk aýdyň-hereket ýagdaýynda döredýär. Takyk ýagdaýdan daşda haýwan hiç wagt guraly gural hökmünde ulanmaýar, ony geljek üçin saklamaýar. Gural şol bir ýagdaýda öz zerurlygyny ýitirenden soň, ol maýmyn üçin gural hökmünde kabul edilmegini bes edýär.

Meselem, edil ýaňyja miwäni özüne ýakynlaşdyrmak üçin ulanan taýagyny maýmynyň sähelçe wagtdan soň çeýnemegi mümkin ýa-da taýagy başga bir maýmynyň çeýneýşine biperwaý seretmegi mümkin. Diýmek, haýwanlar predmetleriň hemişelik dünýäsinde ýaşaman, predmet olar üçin takyk ýagdaýa degişlilikde ähmiýetlidir. Mundan başga-da haýwanlaryň gurally işi hiç wagt kollektiw häsiýetde alnyp barylmaýar. Maýmynlar biri-birleriniň işine seredip biler, ýöne olar hiç wagt bilelikde, biri-birine kömek bermek arkaly işlemeýärler.

Haýwandan tapawutlylykda adam guraly öňünden oýlanylan meýilnama boýunça döredip, ony zerurlygy boýunça ulanýar we geljek üçin saklaýar. Adam predmetleriň çendan-otnositel hemişelik dünýäsinde ýaşaýar. Adam guraldan beýleki adamlar bilen bilelikde peýdalanyp, ony ulanmagyň tejribesini beýlekilerden öwrenýär we öz gezeginde beýlekilere geçirýär.

Adamyň psihiki işiniň üçünji aýratynlygy jemgyýetçilik tejribesini nesillere geçirmekden ybaratdyr. Haýwan hem, adam hem

öz arsenalynda nesilleriň belli bir tejribesini gyjyndyryjylaryň belli bir görnüşlerine bolan instinktiw hereketler görnüşinde saklaýar. Olaryň ikisi-de mümkin bolan ýaşaýyş ýagdaýynda şahsy tejribe gazanýarlar. Ỳöne adam jemgyýetçilik tejribäni özleşdirýär.

Jemgyýetçilik tejribe adamyň özüni alyp barşynda aýgytlaýjy rol oýnaýar. Adamyň psihikasyny köp derejede oňa öňki nesillerden geçirilýän jemgyýetçilik tejribede ösdürýär. Dünýä inenden beýläk çaga gurallary ulanmagyň we aragatnaşyk alyp barmagyň usullaryny özleşdirýär. Aýry-aýry subýektleriň adamzadyň medeni ösüşiniň serişdelerini özleşdirmegi netijesinde adamynyň psihikasynyň funksiýalary hil taýdan özgerýär, onda hususy adama mahsus bolan ýokary psihiki funksiýalar (erkli ýat, erkli üns, abstrakt pikirlenme) ösýär.

Duýmalaryň, şeýle hem abstrakt pikirlenmäniň ösüşi obýektiw hakykaty has takyk şöhlelendirmegiň usuly bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin-de haýwanlar bilen adamyň ýene-de bir, dördünji düýpli aratapawudy duýgularyň özboluşlylygynda ýüze çykýar. Elbetde, adam-da, ýokary derejede ösen haýwanlar-da daş-töweregine bolup geçýän zatlara biperwaý garamaýarlar. Predmetler, hadysalar adamda we haýwanlarda belli bir gatnaşyklar, položitel ýa-da otrisatel emosiýalar döredýärler. Emma birek-biregiň şatlygyny ýa-da hasratyny paýlaşmak, tebigatyň gözelliginden haýsy-da bolsa bir hadysa akyl ýetirmekden lezzet almak diňe adama mahsusdyr.

Adamyň psihikasynyň haýwanyňkydan düýpli tapawudy ösüş şertlerinde hem ýüze çykýar. Eger-de haýwanat dünýäsiniň ösüşiniň bütin dowamynda psihikanyň ösüşi biologik ewolýusiýanyň kanunlary boýunça geçýän bolsa, adamyň psihikasynyň, aňynyň ösüşi taryhy-jemgyýetçilik kanunlara tabynlykda ýüze çykýar. Adamzadyň tejribesini özleşdirmezden, biri-biri bilen söz aragatnaşygyny saklamazdan, hususy adama mahsus duýgulara, erkli ünse we ýat tutma, abstrakt pikirlenmä ukyp bolmaz, adamyň şahsyýeti döremez.

Munuň şeýledigine adam çagasynyň haýwanlaryň arasynda terbiýelenendäki döreýän ýagdaý şaýatlyk edýär. Ähli "maugli-çagalar" haýwanlara mahsus sadaja reaksiýalary ýüze çykarypdyrlar, olarda adamy haýwandan tapawutlandyrýan häsiýetleri tapmak kyn

bolupdyr. Ỳöne eger-de maýmyn çagasy sürüden aýrylyp adamlaryň arasyna düşäýende-de, ol maýmynlygyna galýar. Adam diňe adamlaryň arasynda bolanda adam hökmünde ösýär.

Ynsan psihikasy materiýanyň ewolýusiýasynyň ählumumy ösüşiniň netijesinde ýüze çykýar. Psihikanyň ösüşiniň analizi aňyň döremeginiň biologik esaslary barada düşünje berýär.

Adamyň haýwan ata-babasynyň predmet-hereket pikirlenmä ukyply bolup, köp sanly assosiasiýalary döredenligi ikuçsuzdyr. Ol eýýäm el görnüşli bolan öň aýaklary bilen ýönekeýje gurallary döredip, olary takyk ýagdaýlarda ulanypdyr. Bu ukyplary häzirkizaman adam şekilli maýmynlarda hem görmek bolýar.

Emma aňyň ösüşini gös-göni haýwanlaryň ewolýusiýasyndan getirip çykarmak bolmaz; adam jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň önümidir. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň biologik esasy – süri bolupdyr. Adamyň haýwan ata-babasy süri bolup ýaşapdyr, bu bolsa duşmanlardan goranmaga, birek-birege kömek bermäge mümkinçilik döredipdir.

Maýmynyň adama öwrülmeginiň, süriniň bolsa jemgyýete öwrülmeginiň esasy faktory bilelikde gural ýasamak we ulanmak boýunça amala aşyrylýan zähmet işi bolupdyr.

**Zähmet işi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösmeginiň şerti we netijesi hökmünde**

Ỳaňy döräp ugran zähmet işi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň, jemgyýetiň ösmegine täsir edipdir, ösýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bolsa zähmet işiniň kämilleşmegine täsir edipdir.

Adamyň ata-babasynyň ösüşindäki bu öňe ilerlemeklik ýaşaýyş şertleriniň çürt-kesik üýtgemekligi sebäpli bolup geçipdir. Gurşawyň üzül-kesil amatsyz üýtgemegi islegleriň kanagatlandyrylmagyna päsgelçilik döredipdir – klimat ýaramazlaşyp, iýmiti ýeňillik bilen tapmak kynlaşypdyr. Adamyň ata-babasy ýa-ha özüni alyp barşyny üýtgetmeli ýa-da heläk bolmaly bolupdyr. Şeýle zerurlygyň netijesinde adamyň maýmyna meňzeş ata-babasy bilelikde alnyp barylýan zähmete meňzeş hereketlere ýüzlenmeli bolupdyr. F.Engelsiň belleýşi boýunça

“Agaçlara dyrmaşyp ýören maýmynlaryň sürüsinden adamzat jemgyýeti emele gelýänçä, megerem ýüzlerçe müň ýyl - Ýeriň taryhy üçin ähmiýeti adamyň ömri üçin bir sekundyň ähmiýetinden köp bolmadyk ýüzlerçe müň ýyl geçendir”[1].

Süriniň içinde adamyň ata-babasynyň instinktiw aragatnaşygy kem-kemden “önümçilik” işi esasynda alnyp barylýan aragatnaşyk bilen çalşypdyr. Süriniň agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi – bilelikdäki işi, işiň önümini özara çalyşmak – süriniň jemgyýete öwrülmegine getiripdir. Şeýlelikde, adamyň ata-babasynyň adama öwrülmeginiň sebäbi zähmetiň ýüze çykmagydyr hem-de jemgyýetiň döremegidir.

Zähmet prosesinde ewolýusion hatarda şöhlelendirmäniň iň ýokary görnüşi – aň döräp, ol predmetleriň has durnukly häsiýetlerini ýüze çykarmaga we onuň esasynda daşky dünýäni üýtgetmäge mümkinçilik berýär.

Zähmet guralyny döretmek, ony ulanmak we geljek üçin saklamak daşky gurşawa gös-göni garaşly bolmakdan halas edýär. Gadymy adamlaryň zähmet gurallary nesilden-nesle has çylşyrymlaşýar – ujy ýiti daş böleginden başlap kollektiwleýin ýasalan ýörite gurallara çenli ösýär. Bu gurallara döwmek, kesmek, bölmek ýaly hemişelik operasiýalar berkidilýär. Şonuň bilen baglanyşyklykda adamyň gurşawynyň haýwanlaryňkydan hil taýdan tapawudy döreýär. Öň aýdylyp geçilişi ýaly, haýwan tötänleýin zatlaryň dünýäsinde ýaşaýar, adam bolsa özi üçin hemişelik predmetleriň dünýäsini döredýär. Adamlaryň döreden gurallary geçen nesilleriň operasiýalarynyň, hereketleriniň we işleriniň maddy özünde jemleýjisi bolup durýar. Gurallaryň üsti bilen bir nesil beýlekä operasiýalar, hereketler, iş görnüşinde öz tejribesini geçirýär.

Zähmet işinde adamyň ünsi döredilýän gurallara, şonuň bilen birlikde öz işine gönükdirilýär. Ýekelikde adamyň işi bütin jemgyýetiň işine birikdirilenligi üçin onuň işi jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen bolýar. Şeýle ýagdaýda adamyň öz işine tankydy seretmeklik zerurlygy döreýär. Adamyň işi aňlanylan häsiýete eýe bolýar. Jemgyýetçilik ösüşiň ilki

[1] F.Engels. Tebigat dialektikasy. Aşgabat, 1969, 158-nji sah.

tapgyrlarynda adamyň pikirlenmesiniň ösüşi jemgyýetçilik amalyýetiniň derejesine degişlilikde örän çäkli bolýar. Gural öndüriş derejesi näçe ýokary boldugyça, şöhlelendiriş derejesi-de şonça ýokary bolýar. Gural öndürmekligiň ýokary ösüşinde bir bitewi gural ýasamak işi birnäçe zwenolara bölünip, olaryň her biri jemgyýetiň aýry-aýry agzalary arkaly alnyp barylýar. Operasiýalaryň şeýle bölünmegi ahyrky maksady – iýmite ýetmekligi has-da uzaklaşdyrýar. Bu kanunalaýyklygy diňe abstrakt pikirlenmä ukyply adam aňlap bilýär. Diýmek, zähmetiň jemgyýetçilikli guralmagynda döreýän gural öndürmekligiň ýokary derejede ösmegi aňlanylan işiň döremeginiň esasy şerti bolýar.

Tebigata täsir edip, adam şol bir wagtyň özünde öz hususy tebigatyny üýtgedýär. Zähmetiň täsirinde el täze funksiýalary özleşdirýär: hereketleriň çeýeligi ösüp, anatomik gurluşyň kem-kemden kämilleşmegi bilen çigniň we goluň uzynlygynyň üýtgemegi, ähli bogunlaryň, aýratynam penjäniň hereketlenişi artýar. Şol bir wagtyň özünde – el diňe bir garbaýyş guraly däl, eýsem obýektiw hakykata akyl ýetirmekligiň organy hökmünde hem ösýär. Zähmetiň täsirinde aktiw hereket edýän el aktiw syzyşyň ýöriteleşdirilen organyna öwrülýär. Syzyş – dünýä akyl ýetirmekligiň diňe adama mahsus bolan häsiýetidir. Adamyň penjesi "syzyşyň inçe organy bolup, bu organ elde göýä steržen ýaly ýerleşip, ol diňe bir uzalyp-gysgalmaga we dürli taraplara öwrülmäge ukyply bolman, eýsem her bir şeýle öwrülmäni duýmaga hem ukyplydyr[1]" – diýip, M.I.Seçenow ýazypdy. El diňe bir ýüzüniň, barmaklarynyň ujunyň, beýleki ýerlerinden (meselem, arkanyň, egniň, baldyryň) has duýgurlygy üçin syzyş organy däl-de, zähmetde kemala gelenligi we predmetleriň täsirine uýgunlaşanlygy, aktiw syzyşa ukyplylygy üçin şeýle organdyr. Şonuň üçin-de el bize daşky dünýäniň predmetleriniň has möhüm häsiýetleri barada gymmatly düşünjeler berýär. Şeýlelikde, adamyň eli onuň ata-babasyna düýbünden mahsus bolmadyk dürli funksiýalara eýedir. Şonuň üçin-de el diňe bir zähmet organy däl-de, eýsem zähmetiň önümidir diýmek bolar.

[1] Seçenow M.I. Избранные психологические произведения. М., 1947, 396-397-nji sah.

Eliň ösüşi bütin organizmiň ösüşi bilen baglanyşyklylykda bolupdyr. Eliň zähmet organy hökmünde ýöriteleşmegi adamda dikleýin ýöremekligiň ösmegine getiripdir.

Işleýän elleriň hereketi hemişe görüş üsti bilen edara edilipdir. Dünýä akyl ýetiriş prosesinde, zähmet işi wagtynda görüş we syzyş organlarynyň arasynda döreýän köp sanly baglanyşyklaryň netijesinde gyjyndyryjylaryň täsir ediş effekti üýtgäp, gyjyndyryjy adam tarapyndan has çuňňur we takyk aňlanýar.

Eliň işi beýniniň ösmegine has-da uly täsir edipdir. Ỳöriteleşdirilen organ hökmünde ösen eliň beýnide özüni edara ediji merkezi döräpdir. Bu ýagdaý beýniniň diňe bir massasynyň artmagyna däl-de, onuň gurluşynyň çylşyrymlaşmagyna hem getiripdir. Beýnide ösýän duýuş, hereketi edara ediji oblastlar öz gezeginde adamyň akyl ýetiriş işiniň mundan-da beýläk kämilleşmegine we şöhlelendirmäniň has-da takyk bolmagyna ýardam edipdir.

Zähmetiň döremegi we ösmegi adamyň iýmite we beýleki zatlara bolan isleginiň üstünlikli kanagatlandyrylmagyna getiripdir. Emma adamlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklary onuň biologik isleglerini hil taýdan üýtgedip, islegleriň täze, diňe adama mahsus bolan görnüşlerini döredýär. Zähmetiň predmetiniň ösmegi bu predmetler baradaky islegiň döremegine getiripdir.

Şeýlelikde, zähmet adamzat jemgyýetiniň döremegine, adamyň isleginiň kemala gelmegine, dünýäni diňe şöhlelendirmän, ony özgerdýän adamyň aňynyň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr. Bu hadysalaryň ewolýusiýasy adamlaryň özara gatnaşygynyň görnüşleriniň düýpgöter üýtgemegine getiripdir. Tejribäni geljek nesle geçirmek, öz taýpadaşlaryna zähmet endiklerini öwretmek, aýry-aýry hereketleri bölüşmek zerurlygy aragatnaşyga bolan islegi döredýär. Instinktleriň dili bu islegi kanagatlandyryp bilmändir. Zähmet bilen birlikde, onuň prosesinde aragatnaşygyň ýokary – dil üsti bilen alnyp barylýan formasy ösýär. Aňyň we oňa mahsus şöhlelendirmäniň ösmegi bilen adamyň özi şahsyýet hökmünde üýtgeýär.

# 3-nji BAP

## Häzirki zaman psihologiýasynyň ösüş ýagdaýy, Gurluşy we usullary

### §1. Häzirkizaman psihologiýasy we onuň ylymlar ulgamyndaky orny

XX asyrda psihologiýa öz wajyp meselelerini ylmy esasda çözmekligi işläp düzmäge girişýär. Häzirki döwürde psihologiýanyň öz aýratyn predmeti, özboluşly wezipeleri we olary ýörite öwreniş usuly bardyr: oňa ýörite edaralar (institutlar, laboratoriýalar, psiholog hünärmenleri taýýarlaýan okuw mekdepleri), žurnallar we ýöriteleşdirilen neşirýatlar degişlidir. Halkara psihologik maslahatlar yzygiderli çagyrylýar, psihologlar ylmy assosiasiýalara we jemgyýetlere birleşýärler. Psihologiýanyň adam hakyndaky ylymlaryň iň bir möhümleriniň biridigine häzirki döwürde hemme ýerde düşünilýär.

**Psihologiýa we filosofiýa.** XX asyrda psihologiýanyň filosofiki dünýägaraýyş jähtiniň aýdyňlaşdyrylmak prosesi bolup geçýär.

Psihologiýa ähli beýleki ylymlardan tapawutlylykda filosofiýa bilen has ýakyn arabaglanyşykda bolýan ylymdyr.. Häzirki zaman ylmy psihologiýanyň esasynda ylmy filosofik düşünjeler, psihika obýektiw reallygy şöhlelendiriji beýniniň funksiýasy hökmünde garamaklyk esasy ýörelgeleriň biridir. Filosofiýa we onuň düzüm bölegi bolan akyl ýetiriş taglymaty - gneseologiýa psihikanyň daşky dünýä nähili gatnaşykda durýanlygy baradaky meseläni çözmek bilen, ony daşky dünýäniň şöhlelendirilmesi görnüşinde düşündirýär. Psihologiýa ylmy psihikanyň adamyň işindäki we ösüşindäki roluny aýdyňlaşdyrmak bilen, bu maksady amala aşyrmak üçin psihiki prosesleri häsiýetlendirýän ylmy hadysalary öwrenýär we olara çuňňur analiz berýär.

Häzirki zaman psihologik akymlarynyň, ugurlarynyň ylmylyk derejesi olaryň nähili derejede öz predmetini we takyk derňew

usullaryny dialektiki nukdaýdan esaslandyryp bilmekligi bilen kesgitlenýär. Eýsem, bu babatda häzirkizaman psihologiýasy nähili ýagdaýdadyr? Häzirkizaman psihologiýasynda, bir tarapdan, pikiriň, ideýanyň işjeňligine, özgerdiji güýjüne aşa baha berýän idealistik dünýägaraýyş bilen aýrylmaz ýagdaýda durýan psihologik akymlar, başga bir tarapdan, akyl ýetiriş prosesinde maddy mazmun tarapa aýgytlaýjy ähmiýet berýän materialistik häsiýetdäki psihologiýa bardyr.

**Psihologiýa we tebigaty öwreniş.**

Psihologiýanyň özbaşdak ylma öwrülmegine onuň tebigaty öwreniş ylmy bilen dörän berk arabaglanyşygy uly ýardam edýär. Bu arabaglanyşygyň başlangyjy XIX asyryň ikinji ýarymynda psihologiýa eksperiment usulynyň ornaşdyrylmagy (G.Fehner) bilen, aýratyn hem 1863-nji ýylda I.M.Seçenowyň "Kelle beýniniň refleksleri" kitabynyň peýda bolmagy bilen goýulýar. Bu kitapda edil beýleki tebigy hadysalar we adam organizminiň ähli beýleki funksiýalary ýaly psihiki hadysalar-da sebäpsiz döremän, nerw ulgamynyň reflektor şöhlelendirmesiniň netijesidir diýlip düşündirilýär. I.M.Seçenowyň reflektor taglymaty I.P.Pawlowyň şertli refleksler baradaky işlerinde, Pawlowyň okuwçylary P.K.Anohiniň, şeýle hem A.A.Uhtomskiniň, N.A.Bernşeteýniň, daşary ýurt fiziologlary, psihologlary H.Gelmgolsyň M.Şerringtonyň, K.Hallyň we beýlekileriň işlerinde ösdürilip, psihologiýa ylmynyň tebigy-ylmy esasyny döredýär. Häzirki döwürde psihologiýa ylmynyň bu tebigy-ylmy esaslandyrylyşy beýniniň işiniň neýro-fiziologik mehanizmlerini watan we daşary ýurt alymlary tarapyndan çuňňur öwrenmekligiň hasabyna has-da güýçlenýär. Şeýlelikde, psihiki işiň çylşyrymly fiziologik mehanizmleriniň ulgamyny öwrenmekdäki üstünlikler psihologiýanyň öňdebaryjy tebigaty öwreniş bilen arabaglanyşygynyň anyk netijesi bolupdyr.

Häzirkizaman psihologiýasynyň esasy meselelerini işläp düzmeklige beýik tebigaty öwreniji Ç.Darwiniň ewolýusion ideýalary has uly täsir etdi. Bu ideýalar psihikanyň janly-jandarlaryň daşky gurşawyň üýtgeýän şertlerine üýgunlaşmak prosesindäki roluny

aýdyňlaşdyrmak bilen, psihiki işiň ýokary ösen görnüşleriniň onuň pes, has ýönekeý görnüşlerinden gelip çykýanlygyna düşünmäge mümkinçilik berdi. Darwine haýwanlaryň ewolýusion ösüş ideýasyny olaryň instinktiw özüni alyp barşynyň gelip çykyşyny düşündirmeklikde ulanmak başardýar. Ol bedeniň we onuň aýry-aýry organlarynyň biologik ösüş prosesinde üýtgemegine sebäp bolýan esasy şertleriň (has takygy tebigy seçginiň) filogenezde psihiki ösüşiň hereketlendiriji güýji bolup durýanlygyny görkezýär. Darwiniň haýwanlaryň psihologiýasynyň ewolýusiýasy baradaky ideýalary köp alymlaryň, aýratyn hem A.N.Sewersowyň we W.A.Wagneriň işlerinde ösdürilýär. Bu bolsa haýwanlaryň psihikasynyň dürli görnüşlerine olaryň gelip çykyşy boýunça seretmeklige mümkinçilik berdi. A.N.Sewersowyň görkezişi boýunça haýwanlaryň gurluşynyň üýtgemesizliginde olaryň özüni alyp barşynyň üýtgemekligi bilen ýüze çykýan ewolýusion uýgunlaşma biri-birinden aýrylýan iki ugur boýunça gidýär we haýwanat dünýäsiniň iki tipinde özüniň iň ýokary ösüşini tapýar. Bogunaýaklylarda özüňi alyp barşyň (instinktleriň) nesil bolup üýtgemekligi progressiw ewolýusion häsiýetde bolup, olaryň iň ýokary wekilleri – mör-möjeklerde durmuş keşbiniň her bir detalyna deňi-taýy bolmadyk çylşyrymly we kämil uýgunlaşan instinktiw hereketler döreýär. Ỳöne instinktiw işiň bu çylşyrymly we kämil apparaty şol bir wagtyň özünde örän durgundyr: çalt üýtgeşmelere jandar uýgunlaşyp bilmeýär. Hordalylarda ewolýusiýa başga bir ýol bilen ösüpdir: instinktiw hereket gaty ýokary ösmän, oňa derek özüňi alyp barşy indiwidual üýtgetmeler arkaly uýgunlaşdyrmak has progressiw ösüp, organizmiň çeýeligini ýokary derejede artdyrypdyr. Nesle geçijilik boýunça uýgunlaşmaklygyň üsti özüňi alyp barşy indiwidual üýtgetmek ukyby bilen ýetirilipdir.

Şeýlelikde, ewolýusion taglymat, bir tarapdan, özüňi alyp barşyň nesil boýunça programmirlenen instinktiw görnüşiniň gelip çykyşyny, ikinjiden bolsa ýaşaýyş prosesinde gazanylýan, çylşyrymly şertli reflexleriň döremegi esasynda ýüze çykýan görnüşini düşündirmäge mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, häzirkizaman psihologiýasy özüniň özbaşdak ylym hökmündäki ösüşinde berk ylmy-tebigy esasa daýanýar. Psihologiýany ylmy taýdan öwrenmek tebigaty öwrenişiň

kanunlaryny (umumy biologiýanyň, fiziologiýanyň, ewolýusion taglymatyň we ş.m.) bilmekligi talap edýär. Şol bir wagtyň özünde psihologiýanyň birnäçe şahalary, öňi bilen hem deňeşdirme psihologiýasy, zoopsihologiýa, etologiýa we beýlekiler tebigaty öwrenişiň bölümleri bolup durýar.

**Psihologiýa we tehniki progres.**

XX asyr önümçiligiň görlüp-eşidilmedik möçberde ösüşiniň, tehnikanyň täze görnüşleriniň, arabaglanyşyk serişdeleriniň ýüze çykmagynyň, elektronikany, awtomatikany peýdalanmaklygyň, sesden ýokary çaltlykdaky ulaglaryň täze görnüşlerini özleşdirmegiň we beýleki uly özgerişleriň döwri bolup durýar. Bu zatlar häzirkizaman tehnikasy bilen iş salyşýan adamyň psihikasyna uly talaplar bildirýär. Häzirki zaman senagatynda, transportda, harby işde psihologik faktor diýlip atlandyrylýan, adamyň psihikasynyň akyl ýetiriş ulgamyndaky (kabul ediş, ýat, pikirlenme), onuň şahsyýetiniň aýratynlygy bolup durýan sypatlaryndaky (häsiýet, temperament, reaksiýanyň çaltlygy we ş.m.) aýratynlyklary göz öňünde tutmakdan gelip çykýan faktoryň ähmiýeti örän uludyr. Meselem, gysga möhletde jogapkärli netijä gelmek (şeýle ýagdaýlar sesdenem çalt uçýan häzirkizaman awiasiýasynda, uly energosistemalaryň dispetçer-operatorlaryň işinde we ş.m.ýygy-ýygydan duş gelýär) zerurlygy bilen döreýän nerw-psihiki dartgynlyk wagtynda şahsyýetde bu işi ýalňyşsyz, gyşarnyksyz alyp barmaga mümkinçilik berýän birnäçe häsiýetleriň bolmagy örän möhümdir. Bu häsiýetleriň bolmazlygy awariýalaryň bolmagyna getirýär. Işiň çylşyrymly görnüşleriniň bildirýän talaplaryna degişlilikde adamyň psihologik mümkinçiliklerini öwrenmek häzirkizaman psihologiýasynyň bu prosesde örän uly rolunyň bardygyny subut edýär. “Adam-maşyn” (adamynyň we maşynyň özara täsiri meselesi şeýle atlandyrylýar) problemasyny çözmek bilen meşgullanýan inžener psihologiýasy edil umumy zähmet psihologiýasy ýaly tehnikanyň köp bölümleri, bionika, kibernetika we ş.m. bilen iňňän ýakyndan arabaglanyşyklydyr.

**Psihologiýa we pedagogika.**

Ylmy-tehniki progres psihologiýa ylmynyň ösüş faktory bolup, onuň metafiziki düşünjelerden saplanmaklygyna ýardam etmek bilen, häzirki döwürde psihologiýa bilen pedagogikanyň has ýakyn arabaglanyşygyny ýüze çykarýar. Bu baglanyşyk adaty bolup, ol barada öňdebaryjy psihologlar we pedagoglar öz döwründe belläpdirler. Rus pedagogy K.D.Uşinskiý psihologiýa özüniň pedagogika bolan ähmiýeti boýunça ähli ylymlaryň arasynda ilkinji ýeri eýeleýär diýip nygtapdy. Ol adamy terbiýelemek üçin adam hertaraplaýyn öwrenilmelidir diýip ýazypdy.

Häzirki döwürde psihologiýanyň we pedagogikanyň arabaglanyşygy aýratyn häsiýete eýe boldy. Emma birnäçe ýyllaryň dowamynda bu ylymlar baglanyşykly bolsalar-da, bu baglanyşyk köplenç psihologiýanyň pedagogika daşky taýdan uýgunlaşmaklygy, pedagogikanyň "taýyn psihologik faktlary" ýöne daşky häsiýetde göz öňünde tutmaklygy ýagdaýynda boldy. Meselem, psihologiýanyň wezipesi köplenç bireýýäm durugşan pedagogik usullary, düzgünleri "psihologik taýdan esaslandyrmaklyga", olary gowulandyrmaklyga syrykdyrylypdy. Pedagogika bolsa öz gezeginde, köplenç dogmatki düşünilýän "psihologik formulalardan", meselem, başlangyç synp okuwçylarynyň pikirlenmesinde abstragirlemek häsiýeti ýok, ol diňe takyk häsiýetdedir diýen ýaly düşünjelerden ugur alypdyr.

Häzirki döwürde, ylmy-tehniki progresiň biçak çaltlanýan döwründe hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmek wezipesi we psihologiýanyň takyk ugurlaryndaky derňewlerde gazanylan üstünlikler, psihologiýanyň okuwçylary okatmaklyga we terbiýelemeklige gatnaşmak mümkinçiligine täzeçe düşünmeklige mümkinçilik berýär. Ilkinji wezipeleriň biri psihologik derňewleri diňe bireýýäm taýýar, durugşan pedagogik meselelere (okatmagyň we terbiýäniň mazmuny, usulyýeti we usullary) gönükdirmän, eýsem ony pedagogiki amalyýeti öňürdýän, oňa täze ýollar açýan, okatmakda we terbiýede täzeliklere ündeýän derňewlere gönükdirmekden ybarat bolup durýar. Birinji wezipeden gelip çykýan ikinji bir möhüm mesele ylmy-tehniki progresiň pedagogika bildirýän talaplary boýunça döreýär. Okuwçylaryň özleşdirmeli

informasiýasynyň möçberi görlüp-eşidilmedik çaltlykda artýar. Ol çalt köpelip, yzygiderli täzelenmäge mätäç bolýar. Şonuň netijesinde diňe ýat tutmaklyga we materialy ýatda saklamaklyga gönükdirilen okadylyş häzirki zaman talaplaryny ödäp bilmez.

Bu ýagdaýda okuwçylara hemişe täzelenýän informasiýany özbaşdak özleşdirmäge mümkinçilik berýän pikirlenmäniň hilini kemala getirmek, olarda bilim alanlaryndan soňra saklanýan, çalt ösýän ylmy-tehniki progresden galmazlyga mümkinçilik berýän ukyplary ösdürmek aýgytlaýjy orna geçýär.

Agzalan umumy we olar bilen baglanyşykly ýörite meseleleri çözmekligi häzirki zaman psihologiýasy pedagogika bilen ýakyn arabaglanyşykda amala aşyrýar. Bu meseleleri çözýän psihologiýanyň takyk şahalary (ilkinji nobatda pedagogiki psihologiýa, ýaş aýratynlygy psihologiýasy), ylmy pedagogikanyň, terbiýäniň taglymaty we usuly, didaktika, aýry-aýry predmetleri okatmaklygyň takyk usuly (matematika, taryh, geografiýa we ş.m.) bilen arabaglanyşykda bolýar.

Pedagogikanyň dürli ugurlary we sosial, pedagogiki psihologiýa ugurlardaky derňewleri giňletmek, şahsyýeti kemala getirmegiň esasy şertlerini we kanunlaryny, şeýle hem çagalaryň we ýaşlaryň indiwidual ýaş aýratynlyklaryny, olaryň höweslerini we meýillerini öwrenmek üstümizdäki döwrüň derwaýys meseleleri bolup durýar. Okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmek boýunça psihologik we pedagogik teklipleri taýýarlamak, okuwçylaryň akyl ýetiriş ukyplaryny ösdürmek we olaryň pikirlenmesini işjeňleşdirmek boýunça ýörite usullary işläp düzmek we beýlekiler psihologlaryň, pedagoglaryň ýüzüni jemgyýetçilik amalyýerine öwürýän wezipelerdir.

**Psihologiýanyň ylymlar ulgamyndaky orny**

Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, psihologiýa birnäçe ylymlaryň çatrygynda durýar. Ol filosofiýa, tebigy, sosial ylymlaryň arasynda aralyk orny eýeleýär.

Psihologiýanyň bu ylymlara ýakynlygy, hat-da olaryň birnäçeleri bilen käbir ugurlary bilelikde öwrenýänligi onuň özbaşdak ylymlygyny inkär etmeýär. Bu ugurlaryň ählisinde psihologiýa öz

predmetini, teoretiki düzgünlerini, bu predmeti öwrenýän öz hususy ugruny saklaýar. Psihologiýanyň meseleleriniň köptaraplylygy, onuň şol bir problemalary beýleki köp sanly ylymlar bilen özleşdirmekligi bu ylmyň üns merkezinde dünýä progresiniň esasy hereketlendirijisi bolan adamyň duryýanlygy bilen düşündirilýär. Ähli ylymlar, bilimleriň ugurlary özleriniň diňe adama hyzmat edýänligi, ony kuwwatlandyryp bilýänligi, adam tarapyndan döredilýänligi we ösdürilýänligi boýunça doly manysyny gazanýarlar. Psihologiýanyň mundan beýläk ösüşi onuň ugurdaş ylymlar bilen arabaglanyşygynyň ýaýbaňlanmagy, şol bir wagtyň özünde hem özüniň aýratyn predmetini saklamaklygy boýunça amala aşyrylýar.

## §2. Häzirki zaman psihologiýasynyň düzgünleri we gurluşy

Ỳokarda görkezilişi ýaly, psihiki hadysalara düşünmeklik we olara çemeleşmek köp derejede alymlaryň dünýägaraýşyna, filosofiki ugrukmasyna baglydyr. Häzirkizaman psihologiýasy psihiki durmuşyň mazmunyna we häsiýetine akyl ýetirmekde watan psihologiýasynyň we daşary ýurt psihologiýasynyň baý tejribesine daýanýar.

**Günbatar psihologiýasy XX ýüzýyllykda**

Taryhyň soňky 60-70 ýylky ösüşinde belli bir üýtgeşmelere sezewar bolan-da bolsa, eýýäm XX asyryň başlarynda häzirkizaman günbatar psihologiýasynyň mazmunyny kesgitleýän esasy akymlary döräpdi. Olara ilki bilen bihewiorizm we freýdizm degişlidir.

Bihewiorizm (behavoriour – özüňi alyp baryş diýen sözden) psihologiýanyň ilki ABŞ-da haýwanlarynyň özüni alyp barşyny synlamaklygyň (D.Uotson, E.Torndaýk we beýlekiler) netijesinde dörän ugrudyr. Bihewiorizmiň esasynda psihikany, aňy öwrenmekde adamyň içki dünýäsini düzýän subýektiw hadysalara ýüzlenmek hökman däldir; bu maksat üçin adamyň daşky özüni alyp barşyny synlamak ýeterlikdir diýen garaýyş duryar. Psihologiýanyň predmeti diňe özüňi alyp baryş hasap edilip, ylym hökmünde özüňi alyp barşyň we gurşawyyň arabaglanyşyk kanunalaýyklygyny öwrenmek

ilkinji orunda goýulýar. Bihewioristiň pikiriçe psihologiýanyň wezipesi duýgy organlaryna täsir edýän stimuly (S) ýagny gyjyndyryjyny bilmekligiň esasynda (söz gatmak, ok atylmagy, surat we ş.m.) oňa nähili jogap reaksiýa (R) boljakdygyny öňünden kesgitlemekden ýa-da reaksiýany bilip, ony haýsy stimulyň döredendigini kesgitlemekden ybaratdyr. Klassyky bihewiorizmiň formulasy: S – R. Özüniň derňewini esasan daşky özüňi alyp barşy öwenmekde çugdamlaýan bu taglymatyň esasynda adamyň işini höweslendirmegiň wagt, stimul şertlerine laýyklyda režimini esaslandyrmak, dolandyryşyň netijeli usullaryny işläp düzmek boýunça köp sanly amaly ornaşdyrmalar gazanylandyr.

Freýdizm (Wenaly psihiatr we psiholog Z.Freýdiň ady boýunça) bihewiorizm bilen bir hatarda XX asyr günbatar psihologiýasynyň iň bir täsirli ugurlarynyň biridir. Freýdizmiň nukdaýyndan adam psihodinamiki güýçleriň toplumyndan durýar. Onuň özüni alyp barşy iki düzgüne tabyndyr: "Eşret düzgünine" (bu ýerde esasan haýwanlaryň instinkti kimin jyns meýliniň ýüze çykmagy göz öňünde tutulýar) we "reallyk düzgünine" (jemgyýetiň talaplary boýunça döreýän jynsy meýilleriň edil müýnli we gadagan zat hökmünde basylmak zerurlygy). Eşret we reallyk düzgünleriniň çaknyşmaklary netijesinde kanagatlandyrylmadyk meýiller aňlanylmaýan ulgama gysylyp çykarylyp, olar şol ýerden adamyň özüni alyp barşyny dolandyrýarlar. Freýdizmiň adamy göýä dolandyryp bolmaýan instinktiw meýilleriň oýnawajyna öwürýän we ony aňlanylmaýan garaňky güýçleriň toplumy hasaplaýan taglymaty tutuş jemgyýetiň ösüşini hem şol meýilleriň dinamikasyndan düşündirmeklige synanyşýar. Jahan uruşlarynyň, meselem, gutulgysyzlygy göýä adamda ilkibaşdan agressiw instiniktleriň barlygyndan getirilip çykarylýar.

Häzirki wagtda bihewiorizmiň we freýdizmiň "klassyky" görnüşi dürli "çagalyk" akymlara ("neobihewiorizm", "neofreýdizm" we ş.m.) çalyşyp,olaryň adaty häsiýetleri köp derjede özgerdi. Bu akymlaryň täze ugurlarynda, bir tarapdan adamyň psihikasynyň öwrenilişinde daşky özüňi alyp baryş bilen bir hatarda içki pshiki hadysalar hem nazarda tutulsa, başga bir tarapdan psihikanyň

döreýşinde we hereketlenişinde instinktler bilen bir hatarda daky sosial-medeni täsirleriň ähmiýeti hem ykrar edilýär.

**Watan psihologiýasy**

Günbataryň psihologiýasy bilen bir hatarda watan psihologiýasy öz predmetine esasan dialektiki nukdaýda düşünmeklik ugrukmasynda ösdi we kämilleşdi. Bu ösüş ýolunda psihologiýa köp ýalňyşlyklary we azaşmalary ýeňip geçmeli boldy.

1923-nji ýylda Birinji Psihonewrologik gurultaýda K.N.Kornilow tarapyndan psihologiýany marksistik esasda gurmak wezipesi goýulýar. Marksist psihologlaryň bu ylmy dialektiki-materialistik esasda gurmak ugrundaky göreşiniň netijesi bolan ideýa-taglymat göreşiň dowamynda psihologiýanyň predmetiniň we usullarynyň ylmy düşündirilişi, möhüm düzgünleriniň we psihologik meseleleriniňň esaslandyrylyşy amala aşyrylýar, onuň ugurdaş ylymlara gatnaşygy anyklanyp, öňki SSSR-de psihologiýa ylmynyň döremeginde ajaýyp rol oýnan ylmy kadrlar ösýär:

Eýýäm 30-njy ýyllaryň ortalaryna marksistik psihologiýa ylmynyň esasy düzgünleri: determinizm-sebäpli dörediliş düzgüni, aňyň we işiň birlik düzgüni, psihikanyň işde ösüşi düzgüni esaslandyrylýar.

Determinizm düzgüni psihikanyň ýaşaýyş keşbi bilen kesgitlenip, onuň ýaşaýyş keşbiniň üýtgemegi bilen üýtgeýänligini aňladýar. Eger haýwanlaryň psihikasy barada aýdylsa, olaryň psihikasynyň ösüşi biologik kanun hökmünde tebigy seçgi bilen kesgitlenýär. Adamyň aňy bolsa özüniň gelip çykyşy, görnüşi we ösüşi boýunça,ahyrky netijede, maddy ýaşaýyş serişdeleriniň öndüriliş usulynyň ösüş kanunlary bilen kesgitlenýär. Adam aňynyň jemgyýetçilik işi arkaly döreýänligi baradaky bu umumy düzgünden gelip çykýan möhüm netije – adam aňynyň jemgyýetçilik-taryhy häsiýetde düşünilmegidir.

Aňyň we işiň birligi düzgüni, bir tarapdan, aňyň we işiň bir-birine gapma-garşy däldigi, şol bir wagtyň özünde hem olaryň şol bir zat däldigi görkezilip, olaryň birlik döredýänligini nygtaýar. Aň işiň içki meýilnamasyny, onuň programmasyny döredýär. Hut aňda obýektiw hakykatyň dinamiki modeli döräp, onuň kömegi bilen adam

daşky sredada oriýentirlenýär. Watan psihologiýasynyň şol döwürdäki pozisiýasy Dekartdan gözbaşyny alyp gaýdýan psihikany fiziki sebäplilik kanunlaryna tabyn bolýan amaly işden, hereketlerden, öňüni alyp baryşdan aýyrýan birtaraplaýyn, idealistiki düşüňjelerden düýpgöter tapawutlanýar. Şeýle-de watan psihologiýasynyň nukdaýy bu ylmyň predmetini özüňi alyp baryş hereketlerine syrykdyrýan, aňyň barlygyny ýa-da ýoklugyny deň hasaplaýan bihewioristik düşünjelerden-de düýpgöter tapawutlanýar. Aňyň we işiň birlik düzgüni psihologlara özüňi alyp barşy işi öwrenip, hereketleriň maksadyna üstünlikli ýetmägiň, içki psohologiki mehanizmlerini aýdyňlaşdyrmaga, başgaça aýdanyňda, psihikanyň obýektiw kanunlaryny açmaga kömek edýär.

Psihikanyň, aňyň işde ösüş düzgüni psihikanyň mazmunyna dogry düşünmeklik we takyk düşündirmeklik haçan-da psihika işiň we ösüşiň önümi hökmünde seredilende gazanylýandygyny aňladýar. Bu düzgün watan psihologlary P.P.Blonskiniň, L.S.Wygotskiniň, S.L.Rubinşteýniň, W.M.Teplowyň we beýlekileriň işlerinde yzygiderli özleşdirilýär.

Psihiki ösüşe dialektiki düşünmeklik onuň zähmet işine, okatmaklyga, oýunlara baglylygyny subut edýär. Bu işleriň prosesinde jemgyýetçilik tejribäniň özleşdiurilmegi psihiki ösüşiň adama mahsus bolan görnüşini amala aşyrýar. L.S.Wygotskiý okatmaklyk psihiki ösüşi kemala getirýär diýen pikiri öňe sürmek bilen bu prosesde täze, aňly işiň aýratyn görnüşleriniň döreýänligini nygtaýar. P.P.Blonskiý kiçi ýaşly okuwçylarda pikirlenmäniň oýunlara baglylykda, ýetginjeklik döwründe bolsa okatmaklygyň täsirinde ösýändigini seljeripdir. S.L.Rubinşteýniň aýtmagyna görä aň işde ýüze çykyp, işde hem kemala getirilýär. B.M.Teplow ukyplary öwrenmek bilen adamyň bu möhüm indiowidual psihologik häsiýetleriniň diňe ösüşde döreýänligini, ösüşiň bolsa diňe iş prosesinde bolup geçýändigini görkezdi. B.M.Teplowyň belleýşi ýaly "… ukyplar degişli takyk iş bolmasa döräp bilmezler"[1].

Häzirkizaman psihologiýasy dürli osüş

[1] Теплов Б.М. Проблемы индивидуальных различий. М., Из-во АНИ РСФСР, 1961, 14-nji sah.

**Häzirkizaman psihologiýasynyň gurluşy**

derejeli amalyýetiň dürli ugurlary bilen baglanyşykly köp sanly ylmy predmetleriň ýaýraň ulgamyndan durýar.

Eýsem psihologiýanyň bu köp sanly şahalaryny nähili görnüşlere bölmek bolar?

Şeýle görnüşlere bölmäniň degişli mümkinçilikleriniň biri ýokarda görkezilen psihikanyň işde ösüş düzgüni bolup durýar. Şondan ugur alyp psihologiýanyň şahalarynyň esasy görnüşleri hökmünde: 1) takyk işiň, 2) ösüşiň, 3) adamyň (ösüşiň we işiň subýekti manysynda) jemgyýete (ösüşiň we işiň bolup geçýän ýeri) gatnaşygynyň psihologik taraplaryny görkezmek mümkin.

Eger bölmäniň şeýle esasy kabul edilse, psihologiýanyň adamyň takyk işleriniň görnüşiniň psihologik meselelerini öwrenýän ugurlaryny ýüze çykarmak mümkin. Bu ugurlaryň arasynda göwrümi boýunça has giň ýa-da has çäkli bölümleri bardyr.

**Zähmet psihologiýasy** adamyň zähmet işiniň psihologik aýratynlygyny, zähmeti ylmy taýdan guramaklygyň (ZYG) psihologik taraplaryny öwrenýär. Zahmet psihologiýasynyň wezipesi adamyň professional aýratynlyklaryny, zähmet endikleriniň ösüşiniň kanunlaryny, önümçilik prosesiniň, enjamlaryň, stanoklaryň konstruksiýasyny we ýerleşişiniň, signalizasýa serişdeleriniň zähmetkeşe edýän täsirini anyklamakdan we beýlekilerden ybaratdyr. Zähmet psihologiýasy dürli bölümlerden ybarat bolup, olar bolsa öz gezeginde biri-birleri bilen has ýakyn arabaglanyşykly, şol bir wagtyň özünde bolsa psihologiýa ylmynyň özbaşdak şahalary bolup durýar. Olar: esasan, awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamynda operatoryň işini öwrenýän adam bilen maşynyň arasyndaky funksiýalary bölüşdirmek hem-de utgaşdyrmak we beýleki meseleleri öwrenýän inženerçilik psihologiýasydyr; uçuşy okatmak prosesinde we uçuşy ýerine ýetirmekde adamyň işiniň psihologik kanunlaryny öwrenýän **awiasiýa psihologiýasydyr**; organizme çendenaşa agram düşmegi netijesinde nerw psihiki dartgynlyk bilen baglanyşykly aýratyn ýagdaýlaryň döremegini, agramsyzlyk we giňişlik dezoriýentasiýasy şertlerinde adamyň işiniň psihologik kanunlaryny we ş.m. öwrenýän **kosmos psihologiýasydyr**. **Pedagogiki**

**psihologiýanyň** predmeti okatmaklygyň we terbiýäniň psihologik kanunlaryny öwrenmekden ybaratdyr. Ol okuwçylarda pikirlenmäniň kemala getirilişini, intellektual işiň endiklerini we usullaryny özleşdirmegi dolandyrmak prosesiniň meselelerini, okatmak prosesiniň üstünlikli guralmagyna täsir edýän psihologik faktorlary anyklamagy, okuwçylar kollektiwindäki gatnaşyklary, pedagog bilen okuwçynyň aragatnaşygyny, okuwçylaryň indiwidual psihologik aýratynlyklaryny, psihiki ösüşde şikesli çagalar bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işiniň psihologik aýratynlyklaryny, ululary okatmak prosesindäki psihologik özboluşlylygy we beýlekileri öwrenýär. Pedagogik psihologiýanyň bölümlerine okatmak psihologiýasy (didaktikanyň, takyk usullaryň, programmirlenen okatmaklygyň, akyl hereketlerini kemala getirmegiň we ş.m. psihologik esaslary; terbiýe psihologiýasy (terbiýäniň usulynyň psihologik esaslary, okuwçy kollektiwiniň psihologiýasy, zähmet-düzediş pedagogikasynyň psihologik esaslary); mugallymyň psihologiýasy, anomal çagalar bilen okuw-terbiýeçilik işini alyp barmagyň psihologiýasy degişlidir.

**Medisina psihologiýasy** nähoşyň özüni alyp barşyny, lukmanyň işiniň psihologik jähtini öwrenýär. Ol öz gezeginde psihiki hadysalaryň beýniniň fiziologik gurluşy bilen utgaşyklygyny öwrenýän neýropsihologiýasy, derman maddalarynyň adamynyň psihikasyna täsirini öwrenýän psihofarmakologiýa, nähoşy bejermek üçin psihiki täsir serişdelerini ulanýan we öwrenýän psihoterapiýa, adamlaryň psihiki saglygyny üpjün etmek üçin iş çärelerini döretmek bilen meşgul bolýan psihoprofilaktika we psihogigiýena bölünýär.

Hukuk ulgamyny amala aşyrmak bilen baglanyşykly psihologik meseleleri öwrenýän **ýuridik psihologiýa** hem birnäçe bölümlerden durýar: jenaýat prosesine gatnaşýanlaryň özüni alyp barşynyň psihologik aýratynlyklaryny öwrenýän kazy(sud) psihologiýasy (şaýatlyk görkezişleriň psihologiýasy, günä ýöňkelýäniň özüni alyp barşynyň aýratynlyklary, sorag etmeklige bolan psihologik talaplar we ş.m.); jenaýatkäriň özüni alyp barşyny we onuň şahsyýetiniň kemala getirilişiniň psihologik meselelerini, jenaýat edilmeginiň meýil-motiwlerini we ş.m. öwrenýän kriminal psihologiýasy; zähmet-düzediş koloniýasynda saklanýanlaryň psihologiýasyny,

ynandyrmak we tabyn etmek usullary boýunça terbiýelemekligiň psihologik meselelerini öwrenýän penisentiar ýa-da zähmet-düzediş psihologiýasy.

**Harby psihologiýa** söweş şertlerinde adamyň özüni alyp barşyny, esgerbaşylar bilen onuň golastyndaky adamlaryň aragatnaşygynyň psihologik taraplaryny, "psihologik urşy" alyp barmaklygyň usullaryny (wagyz işiniň-propagandanyň we kontrpropagandanyň meselelerini), söweş tehnikasyny dolandyrmaklygyň psihologik meselelerini we beýlekileri öwrenýär.

**Sport psihologiýasy** türgenleriň şahsyýetiniň we işiniň psihologik aýratynlyklaryny, olaryň psihologik taýýarlygynyň şertlerini we serişdelerini, türgenleriň türgenleşiginiň we mobilizasion taýýarlygynyň psihologik parametrlerini, ýaryşlary guramak we geçirmek bilen baglanyşykly psihologik faktorlary öwrenýär. Soňky döwürlerde ylmy döredijiligiň psihologiýasynyň meseleleri (döredijilikli şahsyýetiň aýratynlyklary, döredijilik işjeňligini höweslendirýän faktorlar, ylmy açyşda intuisiýanyň roly we ş.m.) öwrenilip başlandy. Ylmy-döredijilik psihologiýasynyň özboluşly bölümi ewristika ("ewrika"-tapdym diýen sözden) bolup, onuň wezipesi döredijilikli (ewristik) işiň kanunlaryny öwrenmekden hem-de ewristik prosesi dolandyrmaklygyň usullaryny işläp düzmekden ybaratdyr. Galyberse-de, çeper döredijiligiň psihologiýasy (edebiýatda we sungatda) we estetik kabul edişiň psihologiýasy bolup, bu ugur özüniň ägirt uly ähmiýetlidigine garamazdan örän pes derejede öwrenilendir.

Eger-de psihologiýanyň şahalarynyň görnüşlere bölünişiniň esasynda ösüşiň psihologik jähti goýulsa, onda bu ylmyň birnäçe başga ugurlaryny ýüze çykarmak mümkin.

**Ýaş psihologiýasy** psihiki prosesleriň we şahsyýetiň psihologik häsiýetleriniň ontogenezini (bir ömrüň dowamynda ösüşi) öwrenmek bilen, çaga psihologiýasyna, ýetginjegiň psihologiýasyna, ýaşlaryň psihologiýasyna, uly adamyň psihologiýasyna, gerontopsihologiýa (garrylyk psihologiýasy) bölünýär. Ýaş psihologiýasy psihiki prosesleriň ýaş aýratynlyklaryny, bilimleri özleşdirmekligiň ýaş mümkinçiliklerini, şahsyýetiň ösüş faktorlaryny we beýlekileri öwrenýär. Bu psihologiýanyň merkezi meseleleriniň biri – okatmak

we akylyň ösüşi hem-de olaryň biri-birine baglylygy häzirki wagtda psihologlar tarapyndan akyl taýdan ösüşiň göwnejaý kriteriýalaryny-şertlerini döretmek, okatmak prosesinde akyl taýdan ösüşiň netijeliligini gazanmak meselesini çözmek bilen baglanyşyklykda öwrenilýär.

**Anomal (şikestli) ösüşiň psihologiýasy** ýa-da "ýörite psihologiýa" psihiki ösüşiň sökülini, beýni patologiýasynyň dürli görnüşlerinde psihikanyň bozulmagyny öwrenýän patopsihologiýa, beýniniň dogabitdi şikestleri bilen baglanyşykly psihiki ösüşiň patologiýasyny öwrenýän oligofrenopsihologiýa, eşidişiň agyr şikestliliginde çaganyň psihologiýasynyň kemala getirilişini öwrenýän surdopsihologiýa, ýaramaz görýänleriň we batyllaryň psihiki ösüşini öwrenýän tiflopsihologiýa bölünýär.

**Deňeşdirme psihologiýasy** psihiki durmuşyň filogenetiki (jandarlaryň gelip çykyşynyň bütin dowamynda) görnüşlerini öwrenýän psihologiýanyň ugrudyr. Bu psihologiýada adamyň we haýwanlaryň psihikalarynyň biri-birlerine deňeşdirilmesi amala aşyrylyp, olaryň özlerini alyp baryşlaryndaky tapawutlaryň görnüşleri we sebäpleri derňelýär. Deňeşdirme psihologiýasynyň bölümleriniň biri etopsihologiýa bolup, ol dürli sistematiki toparlara (görnüşler, maşgalalar) degişli haýwanlaryň psihikasyny derňemek bilen, özüniň predmeti hökmünde özüni alyp barşy iňňän möhüm dogabitdi hem-de gazanylan görnüşlerini we mehanizmlerini öwrenýär. Deňeşdirme pishologiyasynyň klassyky-nusgawy obyektleriniň (möýler, garynjalar, arylar, guşlar, itler, maýmynlar) üsti häzirki wagtda kite meňzeşler (delfinler) bilen ýetirildi. Haýwanlaryň özüni alyp barşynyň dogabitdi mehanizmleri biologiýanyň we psihologiýanyň täze ugry bolan etologiyanyň ýörite obýektini düzýär.

Eger-de psihologiýanyň şahalary şahsyýetiň we jemgyýetiň gatnaşyklarynyň psihologik jähtiniň nukdaýyndan görnüşlere bölünse, psihologiýanyň ýene-de birnäçe görnüşleriniň ýüze çykmagy mümkin.

Bu babatda ilki bilen **sosial psihologiýanyň** ady tutulmalydyr (onuň ady jemgyýetçilik psihologiýasy diýlip hem tutulýar). Sosial psihologiýanyň predmeti – adamyň topara goşulmagy bilen onuň özüni alyp barşynda we işinde ýüze çykýan psihologik üýtgeşmeleri

we tutuş toparyň psihologiýasyny öwrenmekdir; özüniň esasy meseleleri hökmünde sosial psihologiýa kollektiwlerde, has giňişleýin aýdanyňda, guramaçylykly we guramaçylyksyz jemgyýetçilik toparlarynda döreýän adamlaryň aragatnaşyklaryny,jemgyýetçilik duýgy-emosional ýagdaýy, öýkünmekligi, oňa has ýakyn bolan jemgyýetçilik hadysasy "psihiki täsirlenmegi" (modanyň täsiri, galp pikiriň, gybatyň döremegi, galagoplylyk ýagdaýy we ş.m.) öwrenýär. Häzirki wahtda psihologiýanyň bu ugry psihologlar bilen br hatarda sosiologlar, pedagoglar, etnograflar we bilimleriň beýleki şahalarynyň wekilleri tarapyndan öwrenilýär. Sosial psihologiýanyň bölümleriniň biri-de diniň psihologiýasy bolup, ol dini düşünjeleri, duýgulary, yrym etmekligiň, dini ekstazyň döremeginiň we hereketlenişiniň psihologik şertlerini seljerýär.

Sosial psihologiýa bilen ýakyn aragatnaşykda bolan psihologiýanyň ýene bir şahasy **şahsyýet psihologiýasydyr**.

Şahsyýet psihologiýasynyň üns merkezinde adamyň indiwidual-psihologik aýratynlyklary durýar. Bu aýratynlyklara gylyk (harakter), ýokary nerw işiniň tipi we temperament, ukyplar, özüňi alyp barşyň aýgytly motiwleri, professional meýilleri we endikler we ş.m. degişlidir. Şahsyýet psihologiýasynyň takyk bölümlerine harakterologiýa, indiwidual psihologik aýratynlyklaryň tipologiýasy, professiografiýa (hünärmen ukyplary öwrenmek we adamyň hünäriň talaplaryna laýyklygyny kesgitlemek) degişlidir. Adamyň şahsyýetiniň aýratynlyklarynyň onuň dürli jemgyýetçilik toparlarynyn işindäki gatnaşyklarda kemala gelýänligi üçin şahsyýet psihologiýasynyň meseleleri sosial psihologiýanyňkydan üzňe däldir.

Diýmek, häzirkizaman psihologiýasyna bölünmeklik prosesi mahsus bolup, ol bu ylmyň köp sanly, kähalatlarda biri-birinden düýpgöter tapawutly şahalaryny döredýär. Şeýlelikde, psihologiýanyň dürli şahalary öz umumy predmetini – psihiki faktlary, kanunlary we mehanizmleri öwrenmekligi saklasa-da, olar biri-birine ýakyn ylymlar (sosiologiýa, tehnika, zoologiýa, medisina we beýlekiler) bilen baglanyşyklydyrlar. Psihologiýanyň şahalara bölünmeginiň üsti birleşme - integrasiýa prosesi bilen ýetirilip, onuň netijesinde, birinjiden, psihologiýanyň biri-birine ýakyn ylymlar

bilen “sepleşmegi” (inženerçilik psihologiýasynyň üsti arkaly tehnika bilen, pedagogiki psihologiýanyň üsti arkaly pedagogika bilen we ş.m.) ýüze çykyp, ikinjiden, psihologiýa ylmynyň öz içinde ilki biri-birleri bilen umumylygy bolmadyk şahalarynyň birleşmesi bolup geçýär. Meselem, psihologiýada ykrar edilen şahsyýet zähmet işinde gös-göni kemala gelmän, zähmet kollektiwiniň üsti bilen kemala gelýär diýen nukdaýdan sosial psihologiýa bilen zähmet psihologiýasynyň ýakynlaşmaklygy duýulýar.

**Umumy psihologiýa hakynda düşünje.**

Psihologiýanyň ähli şahalarynyň arasynda umumy psihologiýa aýratyn orna eýedir. Ol pedagogik, harby, ýuridik deňeşdirme we ş.m. psihologiýalarynyň hatarynda özbaşdak bir şaha däldir. Umumy psihologiýa psihikanyň umumy kanunlaryny, usullaryny, nazary düzgünlerini, bu ylma giren ylmy düşünjeleri atlandyrmak üçin ulanylýan şertli düşünjedir. Diňe psihologiýanyň takyk şahalaryndaky derňewleri abstragirlemek esasynda onuň umumy dügünlerini, usullaryny, kanunlaryny we düşünjelerini ýüze çykarmak mümkin.

Eliňizdäki kitapda psihikanyň umumy kanunlaryny, onuň umumy nazary düzgünleri we möhüm usullary barada ylmy düşünjeler berilýär (ilkinji üç bapda). Beýleki baplarda psihologiýanyň esasy ylmy düşünjeleri häsiýetlendirilip, olaryň möhüm kanunlary açylyp görkezilýär. Oňaýlylyk üçin bu düşünjeler üç sany esasy kategoriýa jemlenilýär: psihiki prosesler, psihiki ýagdaýlar, psihiki häsiýetler ýa-da aýratynlyklar.

Psihiki proseslere, adatça, akyl ýetiriş prosesleri: duýmalar we kabul ediş – duýgy organlaryna gös-göni täsir edýän predmetleriň, gyjyndyryjylaryň, şöhlelenmesi; ýat - daşky täsirleriň galdyrýan yzlarynyň şöhlelenmesi; hyýal we pikirlenme – täsirleriň gös-göni akyl ýetirip bolmaýan, adamyň aňynda jemlenen we gaýtadan işlenen görnüşinde şöhlelenmesi; erk prosesleri ( kanagatlandyrylmasy kynçylygy ýeňip geçmek bilen baglanyşykly islegleriň oýanmasy, motiwleriň döremegi ýa-da kesgitli hereket üçin meýliň döremegi, netijä gelinmek we olaryň amala aşyrylyşy); emosional prosesler (duýgynyň döremegi, islegleriň kanagatlandyrylyşyna baglylykda

onuň dinamikasy we ş.m.) degişli edilýär. Psihiki ýagdaýlara duýgularyň (şäht-keýp, affektler), ünsüň (ünsüň jemlenmegi, dagynyklygy), erkiň (özüňe ynamlylyk, ynamsyzlyk), pikiriň (şübhelenmek) we beýlekileriň ýüze çykyşy degişlidir. Psihiki häsiýetlere ýa-da aýratynlyklara adamyň pikirindäki, paýhasyndaky, erk ulgamyndaky, gylygyndaky, temperamentindäki, ukyplaryndaky berkleşen özboluşlyklar, hereketleri amala aşyrýan durugşan we täzeden döreýän meýilleriň, duýgularyň alamatlary (ganygyzgynlyk, sowukganlylyk, durnuklylyk, ejizlemeklik) we ş.m. degişlidir.

Psihikanyň ähli görnüşlerini görkezilen üç kategoriýa goşmak şertlidir. "Psihiki proses" düşünjesi psihologiýa tarapyndan öwrenilýän hadysanyň prosessuallygyny, dinamikasyny nygtaýar. "Psihiki ýagdaý" düşünjesi psihiki hadysanyň durugşan, çendan hemişeligini aňladýar. "Psihiki aýratynlyk" ýa-da "psihiki häsiýet" psihiki hadysanyň durnuklylygyny, onuň berkleşenligini we şahsyýetiň gurluşynda gaýtalanýandygyny aňladýar. Şol bir psihiki hadysa, meselem, "affekt", ýagny gysga wagtlaýyn, örän güýçli emosional herekete şol bir wagtyň özünde hem psihiki proses (sebäbi onda duýgunyň dinamikasy, biri-birini çalşyrýan stadiýalary ýüze çykýar), psihiki ýagdaý *(sebäbi, ol psihiki işiň belli döwür aralygyndaky häsiýetnamasyny aňladýar) hem-de adamyň psihiki aýratynlygy (sebäbi bu ýerde sowukganlylyk, durnuklylyk, ganygyzgynlyk şahsyýetiň häsiýeti hökmünde ýüze çykýar) görnüşinde seretmek bolar.

Psihologiýanyň esasy meselelerine seretmekligiň has oňaýly düzgüni, ýokarda görkezilişi ýaly, şahsyýetiň aňynyň we onuň işiniň ösüşiniň birlik düzgünidir. Bu düzgün şahsyýeti we işi, olaryň möhüm psihiki ýüze çykyşlaryny seljermekligi ilkinji orunda goýýar: adamyň şahsyýetiniň we işiniň akyl ýetirişden başlaýan emosional we erk ulgamy we onuň möhüm indiwidual-psihologik aýratynlyklaryny (temperamentiň, gylygyň, ukybyň) häsiýetlendirmekde jemleýän yzygiderli seljermesi amala aşyrylýar.

## §3. Häzirki zaman psihologiýanyň derňew usullary

Psihologiýanyň derňew usullary bu ylmyň ugur alýan esasy nazary düzgünlerine we onuň öňde goýýan takyk wezipelerine bagly bolýar.

Psihologiýanyň nazary esasynyň ylmylyk düzgüni bolanlygy üçin psihologik derňewlere yzygider ylmy çemeleşmeklik dialektiki usulyň talaplary bilen kesgitlenýär. Dialektiki usul predmeti onuň ähli baglanyşyklary we arabaglanyşyklary boýunça öwrenmekligi, hadysalaryň esasy gatnaşyklaryny we kanunlaryny ýüze çykarmaklygy, öwrenilýän predmete we hadysalara ösüşde seretmekligi, gapma-garşylyklary açyp görkezmekligi, olaryň göreşleriniň birligini, sanyň hile öwrülmekligini ýüze çykarmaklygy göz öňünde tutýar. Psihologiýanyň usullaryna taryhy çemeleşmek zerurdyr. Bu babatda psihologiýanyň usullary edil öz predmeti ýaly taryhy özgerişlere görä üýtgeýär. Psihologik derňewleriň predmetiniň "aýratyn" häsiýeti, öz gezeginde onuň "aýratyn" öwreniş usuly hakyndaky pikiriň döremegine getiripdir.

**Ylmy psihologik usullaryň obýektiwlik häsiýeti**

Psihologiýa ilki-ilkiler ýeke-täk usul arkaly adamyň "janyny" öwrenmeklige synanyşypdyr. Bu usul öz-özüňi synlamak (ýa-da "introspeksiýa", ýagny içki dünýäňi görüş) usulydyr.

Öz-özüňi synlamaklygyň ruhy hadysalaryň ýeke-täk derňew usuly hökmünde saýlanyp alynmagy, jan (psihika, aň) munuň özi adamyň içki dünýäsine gabalan ruhy substansiýa (substansiýa – ilkinji esas) bolup, ol daşky dünýa bilen baglanyşykda bolmadyk, şonuň için-de "içki görüş" arkaly ýüze çykarylýan zat diýen düşünjesinden gelip çykýar. Şeýlelikde, öz-özüňi synlamak subýektiw usul hökmünde jemgyýetçilik we tebigaty öwreniş ylymlaryň ulanýan beýleki usullaryna garşy goýlupdyr. Subýektiw reallygy ýeketäk reallyk hasaplan psihologlar psihiki hadysalary diňe öz-özüňi synlamak arkaly öwrenmek mümkindir diýip hasaplapdyrlar.

Emma öz-özüňi synlamaklygy psihologiýanyň ýeke-täk usuly hasaplamak, edil psihologiýanyň predmetini maddylygy bolmadyk jan diýip hasaplamak ýaly ýalňyşlykdyr. Öz-özüňi synlamaklyk hat-da ýöritre taýýarlykly psihologlara tabşyrylan ýagdaýynda hem bu usul bilen alnan maglumatlaryň ylmy taýdan takyklygy bolmaýar. Sowatly uly adam çagajygyň ýa-da haýwanyň psihikasyny öz-özüňi synlamak esasynda öwrenjek bolanda has-da ylymdan uzaklaşýar. Muňa garamazdan bu taglymaty has yzygiderli öňe süryän psihologlar introspeksionistler tarapyndan şeýle synanyşyklar edilipdir. Meselem, amerikan alymy Titçeneriň ýazyşyna görä psiholog "mümkingadar özüni haýwanyn ornuna goýmaklyga, özüniň aňladyş hereketleriniň haýwanyňky bilen umumylykda bolar ýaly şertleri tapmaklyga çalyşýar. Diňe sondan soňra haýwanyn aňyny öz adam aňynyň häsiýetleri boýunça dikeltmeklige çalyşýar"[1].

Introspektiw usulyň hamhyýallykdygyny eýsem näme subut edýär? Muňa birtaraplaýyn suýektiw usullary gysyp çykarýan, şonuň bilen biur hatarda psihologiýada edil beýleki tebigat we jemgyýetçilik ylymlarynda ulanýan obýektiw usullary girizmäge ýol açýan psihikanyň ylmy dialektiki düşündirilişi şaýatlyk edýär. Obýektiw usulyň esasynda ylmy psihologiýada kabul edilen aňyň we işiň birlik düzgünii durýar.

Obýektiw usul arkaly psihika özüniň döreýşiniň obýektiw şertlerini, obýektiw ýüze çykyşyny derňemek arkaly öwrenilýär. Şeýlelikde, obýektiw usul psihiki hadysalary gös-göni içki görüş boýunça synlamak däl-de, olara aralaşdyrylan usulda akyl ýetirmekligiň ( bu hadysalaryň işde obýektiw ýüze çykyşyny seljermek arkaly ) usulydyr.

Adamyň işini takyk gözzegçilik etmek şertlerinde öwrenmek bilen biz bu işi programmirleýän, dolandyrýan, regulirleýän we öz gezeginde beýnä täsir edýän täsirleriň toplumy arkaly döreýän psihiki prosesler hakynda düşünje alýarys. Şol bir wagtyň özünde öz hususy psihiki proseslerini obýektiw öwrenmeklik hem-de edil beýleki adamyň psihiki proseslerini öwrenmek ýaly aralaşdyrylan usulda

---

[1] Титченер Э.Б. Учебник психологии. Университетский курс. Перевод с англ., ч. 1. М., 1914, 26-njy sah.

(meselem, ýada ornaşdyrmaklyk prosesiniň geçişine biz öz ýadymyz bolsun ýa-da beýleki adamyň ýady bolsun, tapawudy ýok, ýada ornaşdyrylan zatlary gaýtadan dikeltmek arkaly göz ýetirýäris) amala aşyrylýar. Şu babatda adamyň indiwidual psihologik aýratynlyklary barada (onuň gylygynyň aýratynlygy, ukyplary, akyl paýhasy we ş.m.) düşünjäni biz introspeksiýa üsti bilen alýarys diýsek nädogrudyr. Köp sanly derňewleriň görkezişi boýunça adamyň şahsyýetiniň häsiýetnamasyny onuň özi däl-de, onuň töweregindäki, ony tanaýan adamlara berýär. Munuň şeýledigini ýetginjeklerde geçirilýän synaglar subut edýär: ýetginjek ilki bilen öz ýoldaşlarynyň, deň-duşlarynyň indiwidual psihologik aýratynlyklaryna obýektiw baha bermekligi öwrenip, soňra bu tejribe üsti bilen toplanan psihologik bilimleri öz häsiýetine baha bermekde ulanýar. K.Marksyň ýazyşyna görä adam el-ýüz görülýän aýnaly dogulmaýar; ol "ilki aýna seredýän ýaly diňe başga adama syn edýär"[1]. Diýmek, dürli faktlar psihologiýanyň bilimler gaznasyny öz-özüňi synlamak boýunça däl-de, obýektiw usullaryň kömegi bilen toplaýandygyna şaýatlyk edýär.

Introspeksiýanyň mümkinçiliginiň örän çäkliligi psihiki şöhlelenme işiniň aýratynlygyna we mazmunyna düşünmeklikden gelip çykýar. Adam introspektiw usulda "özüne göz aýlamakçy", öz psihiki proseslerini görmekçi bolanda, ol barybir "daşa" seredýär we beýnide şöhlelenýän obýektiw dünýäni görýär. Diýmek, introspeksiýa edil subýektiw psihologlar tarapyndan öňe sürlen jan ýaly aldanma bolup galýar.

Öz-özüňi synlamaklygy psihikany gös-göni derňemekligiň aýratyn usuly hökmünde inkär etmek, özüňi synlamaklygyň ähmiýetini düýbünden inkär etmek däldir. Adamyň öz görýän, eşidýän, duýýan, syzýan, höweslenýän we ş.m. zatlarynyň söz beýany hökmünde ýüze çykýan öz-özüňi synlamak adaty zerurlykdyr. Şeýle söz beýanynda adam psihikasynyň edil beýleki daşky obýektiw ýüze çykýan görnüşleri ýaly häsiýetleri ornaşdyrylýar. Emma bu ýerde biziň öňümizde usul däl-de, derňewiň obýekti durýar. Mundan başga-da özüňi alyp barşyňa we

---
[1] K.Marks. Kapital. 1-nji tom, 63-nji sah.

hereketleriňe özboluşly özüňi synlamak arkaly göz ýetirmek mümkin. Ýöne şeýle öz-özüňi synlamaklygy interospeksiýa bilen garyşdyrmak bolmaz, sebäbi ol introspeksiýa ýaly gös-göni derňew usuly däl-de, aralaşdyrylan usulda psihikany öwrenmek usulydyr.

Adaty synlamak usulyndan öz-özüňi synlamak usuly diňe özüniň takyklygynyň subýektiw düşündirmeklige ýykgyn edýänligi bilen tapawutlanýar. Galyberse-de, introspeksiýa bilen refleksiýany (öz hususy psihiki ýagdaýlaryň we häsiýetleriň dogrusynda pikirlenmek, duýgy ýöretmek) garyşdyrmak bolmaz: refleksiýa öz gezeginde aralaşdyrylan häsiýetde bolup, söz beýany boýunça öz hereketleriň barada alynýan maglumatlary gaýtadan işlemek, bu barada pikir jemlemek, özüň hakyndaky pikiri beýleki adamlaryň pikirleri bilen deňeşdirmek we ş.m. ybaratdyr.

Psihologiýada subýektiw we obýektiw usullar biri-birini inkär etmeýär. Hususy ylmy psihologiýa obýektiw usullarry ulanmagyuň esasynda guralmalydyr.

**Genetiki usul**

Häzirkizaman psihologiýasynyň ylmy derňewe bildirýän talaplarynyň biri-de psihiki faktlary genetiki jähtden öwrenmeklikdir. Genetiki usulyň mazmunyny her bir öwrenilýän psihiki hadysa, proses hökmünde seretmek, onuň dialektiki ösüşiniň ähli pursatlaryny gaýtadan dikeltmek, olaryň biri-birlerini çalyşmaklaryna göz ýetirmek, öwrenilýän psihiki fakty onuň takyk taryhynda göz öňüne getirmekden ybaratdyr.

Genetiki (taryhy) usuly ulanmak zerurlygy watan psihologiýasynda P.P.Blonskiniň, L.S.Wygotskiniň, S.L.Rubinşteýniň, A.H.Leontýewiň işleri mynasybetli ornaşdy. L.S.Wygotskiniň belleýşi ýaly bu usulyň içki mazmunyny adamyň psihikasyna taryhy düşünmeklik, "ösüş kategoriýasyny hadysalaryň ösüşine degişlilikde ulanmak" düzýär.

Genetiki usuly psihologik derňewde ulanmaklygyň nusgasy L.S.Wygotskiniň işlerinde bardyr. Hut şeýle usul onuň derňew geçiren "çaganyň egosentrik sözleýşinde" (ýaş çagalaryň habar bermek üçin däl-de, özünde heniz kemala gelmedik içki pikirlenmäniň öwezine daýanç hökmünde ulanýan sözleýşiniň bir

görnüşi) duşmak bolýar. Egosentrik sözleýiş – çaganyň öz-özüne gönükdirilen sözleýişdir. Ösüşiň her bir indiki ýylyndan bu sözleýiş daş-töweregindäkilere has düşnüksiz bolmak bilen, onuň çaganyň sözleýiş reaksiýalaryndaky agramy ("egosentrik sözleýşiň koeffisienti") mekdebe çenli ýaşyň başlaryna deňiç nola çenli peselýär. Birnäçe psihologlar (şol sanda görnükli şweýsar Ž.Piaže) egosentrik sözleniş mekdepýaşynyň bosagasynda ýöne ýitip gidýär diýip hasaplapdyrlar. L.S.Wygotskiý bu meselä başgaça çemeleşýär. Genetiki usuly ulanmak bilen, ol egosentrik sözleýşiň ýok bolup gitmeýändigi, içki orna geçip we içki sözleýşe öwrülip, adamyň özüni alyp barşyny dolandyrmakda we regulirlemekde möhüm rol oýnaýandygy hakyndaky çaklamany öňe sürýär. Şeýlelikde, içki sözleýşiň birnäçe wajyp taraplaryny (eksperimental usulda öwrenilmegi örän kyn bolan) egosentrik sözleýşiň ösüşini we üýtgeýşini seljermek arkaly genetiki taýdan düşündirmek mümkinçiligi döreýär.

Derňewleri genetiki düzgünde guramak soňky ýyllarda çagalar psihologiýasynda çaganyň şahsyýetini dowamlylykda öwrenmek diýip atlandyrylýan usulda has giň gerime eýe boldy. Bu usulyň kömegi bilen psihiki ösüş kesimler (ýagny aýry-aýry ýaş tapgyrlarynyň häsiýetnamasy we öz aralarynda deňeşdirilmegi) boýunça däl-de, çaganyň okatmaklygyň we terbiýe bermekligiň ýörite guralan şertlerinde birnäçe ýylyň dowamynda şahsyýetini öwrenmek esasynda derňelýär.

**Psihologiýanyň esasy usullary**

Ähli tebigat we jemgyýetçilik ylymlary ýaly psihologiýanyň-da iki sany - synlamak we eksperiment usullary bolup, olaryň her biriniň düýp mazmuny bir bolan birnäçe özgerdilen görnüşlei bardyr. Psihologiýada bu iki ylmy usulyň bardygyny ýörite nygtamalydyr, çünki ýokarda görkezilişi ýaly, psihologiýanyň käbir ugurlary synlamany öz-özüňi synlamaklyga (introspeksiýa) syrykdyryp, eksperiment usulyna bolsa düýpli ähmiýet bermändi (aýratynam ýokary derejede ösen psihiki prosesleri öwrenmekde).

Synlama we syn etmek, daşky hadysalary ýazmak bilen çäklenmän, haçan-da bu hadysalaryň psihologik tebigatyny

düşündirmegi amala aşyrmagy başaran ýagdaýynda psihologiýanyň derňew usulyna öwrülýär. Syn etmäniň mazmuny diňe bir faktlary belläp almak däl-de, bu psihologik faktlaryň sebäbini ylmy düşündirmekdedir. Diňe faktlary belgiläp, özüňi alyp barşyň, hereketleriň sebäplerini çak bilen düşündirjek bolmaklyk adaty, durmuşy syn etmä mahsusdyr. Durmuşy syn etmek ylmy synlamakdan özüniň tötänligi, guramaçylyksyzlygy we meýilnamasyzlygy bilen tapawutlanýar. Onda psihiki fakta we onuň geçişine täsir edip, düýpli sebäpleriň hemmesiniň göz öňünde tutulmasy örän seýrek bolýar. Emma durmuşy syn etmeler özleriniň köplügi we gündelik tejribä daýanlýanlygy bilen kähalatlarda psihologik pähime eýe bolýar. Köp sanly durmuşy psihologik syn etmeler nakyllarda, atalar sözünde jemlenip, öwrenmeklige mynasypdyr.

Ýokarda bellenilişi ýaly, elmydama psihologik syn etme durmuşy synlamadan tapawutlylykda özüňi alyp barşyň, işiň synlanýan faktyny ýazmakdan onuň içki psihologik mazmunyny düşündirmeklige geçýär. Bu geçişiň görnüşi syn etmegiň prosesinde döreýän çaklama (gipoteza) bolup durýar. Ony tassyklamak ýa-da inkär etmek syn etmäniň indiki wezipesi bolýar. Psihologik syn etmeklige bildirilýän talaplaryň biri-de syn etmäniň meýilnamasyny düzmek we alynýan netijeleri ýörite gündelige ýazyp almakdyr.

Syn etmäniň görnüşleriniň biri-de işiň netijesini psihologik seljermekdir. Olar biri-birinden düýpli tapawutlanýar. Göräýmäge, işiň özi däl-de, netijesi öwrenilýän ýaly bolsa-da, hakykatda işiň netijesinde amala aşyrylýan psihiki prosesler öwrenilişiň obýekti bolup durýar. Meselem, çagalar psihologiýasynda olaryň çeken suratlaryny öwrenmek uly rol oýnaýar. Bu ýerde şahsyýeti onuň işiniň dürli görnüşlerinde synlamak arkaly öwrenmeklige mümkinçilik berýän biri-birinden bihabar düzülen häsiýetnamalary jemlemek usulyny görkezmek bolar.

Täze psihologik faktlary toplamagyň we ylmy obýektiw akyl ýetirişiniň esasy guraly eksperimental usuldyr. Psihologiýanyň ylmy usuldy hökmünde diňe soňky ýüz ýylyň dowamynda hukuk gazanan bu usul häzirki döwürde psihologik bilimleri gazanmanyň esasy çeşmesine öwrülýär.

Syn etmekden tapawutlylykda psihologik eksperiment derňewçiniň öwrenilýän adamyň işine işjeň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar: şeýle gatnaşmaklyk öwrenilýän psihologik faktyň aýdyň ýüze çykmagyna şert döretmeklige, bu şertleri eksperimentatora amatly tarapa üýtgetmeklige we bu faktyň hertaraplaýyn seredilmegi üçin ony birnäçe gezek gaýtalamaklyga mümkinçilik berýär.

Eksperimental usulyň iki sany esasy: laboratoriýa we tebigy eksperiment görnüşleri bolýar.

Laboratoriýa eksperimentiň esasy aýratynlygy diňe onuň laboratoriýa şertlerinde ýörite psihologik apparatura arkaly geçirilýändiginde we öwrenilýäniň hereketiniň instruksiýa boýunça kesgitlenýänliginde däl-de, şol bir wagtyň özünde öwrenilýäniň öz üstünde eksperiment geçirilýänligini bilýänligi bilen döreýän özboluşly gatnaşygyň barlygy (ýöne, dogrusy, öwrenilýän adam eksperimentiň mazmunynyň nämedigini, onuň nähili anyk maksat boýunça geçirilýänligini bilmeýär) bilen düşündirilýär. Laboratoriýa eksperimentiniň kömegi bilen ünsüň häsiýetleri, kabul edişiň, ýadyň we ş.m. aýratynlyklary öwrenilýär. Häzirki wagtda laboratoriýa eksperimentinde işiň psihologik taraplary, adamyň öz işini adaty ýerine ýetiriş ýagdaýlarynda modelirlenilýär, (meselem, eksperimentde emosional dartgynlyk ýagdaýy döredilip, şol wagtda tejribede barlanýan uçarmana paýhasly netijä gelmeklik, çylşyrymly hereketleriň ýokary sazlaşyklylygyny talap edýän ýumuşlary ýerine ýetirmeklik, priborlaryň görkezmesine çalt reaksiýa bermeklik we ş.m. iş tabşyrylýar).

Tebigy eksperiment özüniň maksady boýunça eksperimentde synalýan adamda onuň öz üstünde tejribe geçirilýändigini bilýänligi sebäpli döreýän dartgynlygy aýryp, derňewi asuda, tebigy görnüşe (sapak, söhbet, oýun, öýe berlen işleri taýýarlamak we ş.m.) öwürmekden ybaratdyr. Tebigy eksperimente mysal edip ýatda saklamaklygyň netijeliligini ýat tutmaklygyň gönükdirilmesine baglylykda öwrenmekligi görkezmek bolýar. Okuwçylary öwrenilmeli material bilen tanyş edip, mugallym materialyň ertir soraljakdygyny nygtaýar. Beýleki toparda şol bir meňzeş şertlerde okuw materialy teklip edilip, ýöne onuň iki hepdeden soraljakdygy

aýdylýar. Hakykatda iki toparda hem okuwçylardan iki hepde geçenden soň soraýarlar. Bu tebigy eksperimentiň netijesinde materialynyň uzak wagtlap ýatda ornaşdyrylmagy üçin degişli toparda şeýle uzaklyga gönükdirilmäniň döredilmeginiň artykmaçlygy ýüze çykarylýar.

Psihologik pedagogik wezipeleri çözýän tebigy eksperimente psihologik-pedagogik eksperiment diýilýär. Dürli ýaş tapgyrlarynda okuwçylaryň akyl ýetiriş mümkinçiligini öwrenmekde, okuwçynyň şahsyýetini kemala getirmegiň takyk ugurlaryny kesgitlemekde we ş.m. eksperimentiň roly örän uludyr.

Laboratoriýa eksperimenti bilen tebigy eksperimentiň tapawudy häzirki döwürde örän şertli bolup, bu tapawudy emeli ulaltmaly

**Psihologik testler**

Ýokarda agzalan psihologik usullar derňew usullary bolup, olaryň kömegi bilen alym ylmy akyl ýetiriş üçin möhüm faktlary ýüze çykaryp, degişli kanunlary açýar, psihiki hadysalaryň içgin mehanizmlerini däldir. kesgitleýär. Başgaça aýdanyňda, bu usullaryň üsti bilen alnyp barylýan derňewleriň predmeti psihologiýanyň ylmy hökmündäki predmeti bilen gabat gelýär.

Psihologik usullar diňe bir derňew maksady üçin däl, eýsem synag maksady üçin-de ulanylýar. Soňky ýagdaýda esasy wezipe täze maglumatlary almak däl-de, (ylmy bilimleri çuňlaşdyrmak üçin), adamyň psihologik häsiýetleriniň öňünden kesgitlenen psihologik normalara we standartlara gabat gelýänligini anyklamakdan durýar. Adamyň degişli psihologik häsiýetlerini anyklamak üçin psihologyň ulanýan usullaryna testler (iňlisçeden test – synag, barlag) diýilýär.

Test – gysga wagtlaýyn synag bolup, ony ýerine ýetirmekligiň netijesinde san we hil taýdan berilýän baha degişli psihiki funksiýalaryň kämilliginiň simwoly bolup hyzmat edýär. Testleriň kömegi arkaly käbir ukyplaryň, endikleriň, başarnyklaryň barlygyny-ýoklugyny aýan etmeklik, şahsyýetiň käbir häsiýetlerine häsiýetnama bermeklik, onuň ol ýa-da beýleki hünäre yaramlylygyny we ş.m. kesgitlemek maksat edinilýär. Meselem, pishologik testler kosmonawtyň kosmos üçin psihologik taýýarlygyň derejesini

anyklamakda, aýratyn okadylyş usullary ulanylan eksperimental toparda bilimleriň özleşdirilişini kesgitlemekde we köp beýleki ýagdaýlarda ulanylýar. Testiň diagnostiki gymmaty köpderejede ylmy eksperimentiň derejesine we onuň esasyna goýlan psihologik faktyň anyklygyna bagly bolýar. Başgaça aýdanyňda testiň usul hökmünde gymmaty - onuň düzülişiniň öňünden geçirilen uzak wagtlaýyn eksperimental işiň jemlenmesiniň ýa-da ýüzleý, tötänleýin synlamalarynyň netijesi bolup durýanlygyna bagly bolýar. Yeterlik esaslandyrylmadyk we ýüzleý barlanan pishologik testler pedagogik amalyýetde, hünäre seçip alyş ugrunda, pisihiki ösüşiň wagtlaýyn togtamagyny we şikestliligini diagnostika etmekde we.ş.m. düýpli ýalňyşlyklaryň sebäbi bolup biler.

**Psihologik derňewiň takyk usulçalary**

"Psihologiýanyň usuly" düşünjesi, ýokardaky aýdy- lanlardan görnüşi ýaly, dürli manyda ulanylýar: birinjiden, öwrenilýän faktlara çemeleşmekligi kesgitleýän derňewiň metodologik-usulyýet düzgünleri hökmünde (meselem, obýektiwlik düzgüni, genetiki düzgün ýa-da usuly) we psihologik faktlara akyl ýetirmekligiň umumy usuly manysynda (öwrenijiniň psihiki prosesleriň döreýşine, psihiki ýagdaýyň ýüze çykyşyna, psihiki aýratynlyklaryň kemala gelmegine gatyşmaklygy ýa-da gatyşmazlyg , eksperiment we synlamak usullary) we beýlekiler. "Psihologik derňewiň usuly" düşünjesi ýene-de bir manyda – takyk ylmy psihologik meseläni çözmekligiň ýörite usulçasy hökmünde ulanylýar. Bu takyk usulçalarda metodologik düzgünler amala aşyrylýar we olarda diňe bir öwrenilýän mesele däl, eýsem beýleki köpsanly araçäk meseleleri öwrenmekligiň umumy usullary ýüze çykýar. Emma şeýle-de bolsa takyk usulçanyň aýratynlygy hut derňeleýän ylmy meseläniň aýratynlygy bilen kesgitlenýär. Häzirkizaman psohologiýasynda ulanylýan takyk psihologik usulçalaryň sany örän uludyr. Olaryň görnüşleri psihologiýanyň dürli şahalaryna we takyk çözýän meselelerine baglylykda dürli-dürlidir.

Şeýle-de bolsa, takyk psihologik usulçalaryň köpüsine mahsus bolan umumy häsiýetleri görkezmek mümkin. Muny normal we akyl taýdan ösmedik (oligofrenler) çagalaryň ünsleriniň durnuklylygynyň

ýaş aýratynlyklaryny öwrenmeklige bagyşlanan derňewiň mysalynda görkezmek mümkin.

Derňew, adatça, dört sany esasy tapgyra bölünýär.

Birinji tapgyr – taýýarlaýyş tapgyry – bu döwürde dürli serişdeleriň kömegi bilen ilkinji maglumatlar toplanýýar (okuw sapaklary we zähmet işi, gündelik durmuş prosesinde, ýörite guralan söhbetler wagtynda syn etmek ulanylýar, kähalatlarda ýörite soraglar boýunça düzülen anketadan peýdalanylýar, terjimehal-biografik maglumatlar ýüze çykarylýar, anamnez toplanýar – öwrenilýän faktyň döremeginiň öňüsyrasynda bolup geçen şertler ýazylyp alynýar we ş.m.).

Agzalan derňewde normal we beýnisiniň işleýşi dogabitdi şikestli bolan çagalaryň (kömekçi mekdeplerde okaýan) ünsüniň durnuklylygy (tabşyrylan ýumşy uly ýalňyşsyz we ünsüňi sowman ýerine ýetirmek) öwrenilipdir. Bu synlamalar dürli şertlerde geçirilip, derňewiň dowamynda goşmaça maglumatlary toplamak bilen utgaşdyrylýar. Adatça, taýýarlanyş tapgyrynyň netijesinde derňewçi materiala içgin aralaşýar, öwrenilýänler bilen degişli gatnaşyklary döredýär, iň esasy, onda öwrenilýän psihologik faktyň mazmuny barada çaklama döreýär: çaklama derňewiň indiki tapgyrlarynda barlanýar we tassyklanýar. Gürrüňi edilýän mysalda şeýle çaklama normal we akyl taýdan ösmedik çagalaryň ünsi diňe san taýdan däl, esasan hil taýdan-da tapawutlanýar diýen pikirden ugur alýar.

Ikinji tapgyr – hususy eksperimental tapgyry – derňewiň takyk usulçasyny amala aşyrmak bilen, öz gezeginde birnäçe yzygiderli böleklere – eksperimental seriýalara bölünýär. Seredýän derňewlerimizde şeýle usulça hökmünde “korrektura synagy” ulanylýar: öwrenilýänler tipografiki çap edilen sahypada harplaryň tötänleýin ýazylan hatarlaryna ünsli seredip, setirme-setir “s” we “w” harplaryny çyzmaly bolýarlar. Iş wagtynda “minutlaýyn gözegçilik” ulanylýar: her bir minutdan signal berlip, öwrenilýänler şolbada gelip ýeten harpynyň üstünde nokat goýýarda saklanýar. Şeýlelikde, bir minudyň dowamynda seredilen setirleriň, ýalňyşlaryň we harplaryň sanyny takyk kesgiltlemek bolýar. Birinji seriýada oligofrenleriň normal çagalardan seredilen setirleriň sany boýunça yza galyp, ýalňyşlaryň köpräk goýberilýänligi ýüze çykarylyp, ýöne bu

tapawutlaryň uly bir ähmiýetiniň ýoklugy aýdyňlaşdyrylýar. Iknji seriýada tabşyryk öňküliginde (“s” we “w” harplary çyzmak) galdyrylyp, öwrenilýänler belli mazmunly teksti, uly bolmadyk hekaýany, material hökmünde alýarlar. Bu derňewiň netijesi boýunça normal okuwçylar (bäşinji synplar) oligofrenlere garanda köp ýalňyş goýberýärler. Göräýmäge adaty bolmadyk bu fakt şeýle düşündirilýär. Normal çagalar degişli harplary çyzýan wagtlarynda teksti okap, mazmunyna göz ýetirmekden saklanyp bilmeýärler, oligofrenler bolsa hiç hili mazmuna üns bölmän, diňe harplary çyzmak bilen bolýarlar. Ikinji seriýadan soňra üçünji, dördünji, bäşinji seriýalar geçirilip, olaryň netijesinde täze maglumatlar alynýar.

Űçünji tapgyr – derňewde alnan maglumatlaryň mukdar taýdan hasaplanmagy. Bu tapgyrda psihologiýanyň matematiki apparaty ulanylýar, statistik usullaryň we ähtimallyk taglymatynyň esasty düzgünleriniň ulanylmagynda alnan netijeleriň takyklygy, olaryň ilkinji goýlan çaklamalary tassyklanýanlygy anyklanýar.

Dördünji tapgyr – alnan maglumatlary düşündirmek – psihologik taglymatlaryň esasynda derňewiň çaklamasynyň dogrudygyny, nädogrudygyny gutarnykly aýdyňlaşdyrmak.

Diýmek, “korrektura synagy” atlandyrylýan bu takyk usulçany ulanmak psihologik derňewiň esasy häsiýetlerini özünde jemleýär. Synlama, işiň netijesini analizlemek, söhbet, seljerme maglumatlaryny anyklamak, eksperiment, onuň maglumatlaryny matematiki taýdan hasaplamak, netijeler we olary düşündirmek – bularyň hemmesi derňewiň prosesine organiki girip, onda öz orunlaryny tapýarlar.

Psihologik meseleleri ylmy çözmek degişli takyk psihologiki usulçany (şeýle usulçalaryň birnäçesi umumy psihologiýanyň kursunyň esasy bölümlerinde seredilјekdir) ulanmaklygy başarmagy talap edýär. Psihologik öwrenişiň obýektiw usullaryny giňden peýdalanmak takyk usulçalaryň dürli görnüşlerini ulanmak, häzirkizaman psihologiýasynyň derňew işiniň ýokary derejede guralmagyny üpjün edýär.

# IKINJI BÖLEK

# ŞAHSYÝET WE IŞ

## 4-NJI BAP

## Şahsyýetiň psihologik häsiýetlendirilmesi

### §1. Psihologiýada şahsyýet barada düşünje

Zähmet arkaly haýwanat dünýäsinden saýlanyp, adam jemgyýetde ösüp, dil üsti arkaly beýleki adamlar bilen aragatnaşyga girmek netijesinde şahsýýet hökmünde-akyl ýetirişiň we obýektiw hakykaty işjeň üýtgetmekligiň subýekti bolup kemala gelýär.

**Indiwid, şahsyýet, indiwiduallyk.**

Pähim-paýhasly jandar urugyna degişlilik "adam" düşünjesi bilen aňladylyp, onuň beden-fiziologik gurluş tarapy "indiwid", sosial-jemgyýetçilik tarapy bolsa "şahsyýet" düşünjesi arkaly aňladylýar. Başgaça aýdanyňda, indiwid düşünjesini biz ýaňy dünýä inen çaga, uly, normal adama, dil we ýönekeý endikleri öwrenmäge ukypsyz normaldäl adama degişlilikde ulanyp bileris. Emma bu hatardakylaryň diňe jemgyýetçilik gatnaşyklaryna goşulan, jemgyýetçilik ösüşiň wekili hökmünde hereket edýäni şahsyýetdir. Adam indiwid görnüşinde dünýä inip, şahsyýet hökmünde kemala gelýär. Bu proses taryhy häsiýetde bolýar. Entek irki çagalyk döwründe indiwid jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir taryhy ýüze çykan ulgamyna goşulyp, ol bu ulgamy taýýar görnüşinde kabul edýär. Adamyň sosial toparyň içindäki mundan beýläkki ösüşi gatnaşyklaryň indiwidiň aňyna we erkine bagly bolmadyk biri-birine utgaşmasyny döredip, ony şahsyýet hökmünde kemala getirýär.

Emma şahsyýeti diňe sosial gurşawyň işjeňdäl-passiw önümi görnüşinde seredip, onuň aktiw işgärdgini inkär etmek nädogrudyr.

Şahsyýetiň sosial tejribäni özleşdirmekligi onuň “içki dünýäsiniň” üsti arkaly alnyp barlyp, onda adamyň öz edýän işine, özüne edýän täsirlere bolan gatnaşyklary ýüze çykýar. Işjeňlik, şahsyýete häsiýetli bolan özüňi alyp barşyň motiwlerinde, gönükdirilmelerinde we hereketiň usullarynda, has giňişleýin aýdanyňda daşky hakykaty üýtgetmeklige gönükdirilen işiň dürli görnüşlerinde ýüze çykýar. Şahsyýetiň işjeňligi adamyň durmuşdaky aňlamak boýunça eýeleýän ornundan gelip çykýan durmuş pozisiýasynda döreýär.

Şol bir durmuş şertleri dürli durmuş pozisiýalaryny döredip, şahsyýetiň işjeňliginiň dürli görnüşlerini ýüze çykarýar. Şol bir “kanagatlanarsyz” baha ýokary synp okuwçylarynyň birini çuňňur gynandyryp, ony bu nogsanlygy tiz düzetmeklige gönükdirse, beýleki bir okuwçyny hiç hili tolgundyrman, üçünji birinde (şubheli topara baş goşup, okuwa bireýýäm elini salgan) bolsa gülküli garamak, jort atmak ýaly gatnaşyk döredip biler. Şeýlelikde, adama gönükdirilen ähli daşky täsirler oňa jemgyýet boýunça döredilen işiň içki şertleriniň ulgamynyň ýa-da toplumynyň üsti arkaly geçirilip, bu şertler bolsa bitewilikde şahsyýeti emele getirýär.

Şahsyýetiň häsiýetli taraplarynyň biri-de onuň **indiwiduallygy** bolup, ol psihologik aýratynlyklaryň özboluşly utgaşmaklarynda döreýär. Muňa gylyk, temperament, psikiki prosesleriň ýüze çykmak aýratynlygy, durugşan duýgularyň, işiň motiwleriniň toplumy, kemala gelen ukyplar degişlidir. Agzalan psihologik aýratynlyklary birmeňzeş bolan iki adam ýoklugy sebäpli adamyň şahsyýeti öz indiwiduallygy boýunça gaýtalanmazdyr. Bu ýagdaý ýakyn adamyň ýogalmagy bilen bizde döreýän hasratyň çuňlugyny düşündirýär: adam bilen bile biziň durmuşymyzdan şahsyýetiň özboluşly, başga hiç kimde bolmadyk, gaýtalanmaz häsiýetleriň tutuş toplumy gidýär. Şonuň üçin-de şahsyýet - bu ilki bilen özüniň jemgyýetiň durmuşyna işjeň gatnaşmaklygy, terbiýe, okatmak arkaly döreýän artykmaçlyklary we kemçilikleri, güýçli we gowşak taraplary bolan janly, takyk adamdyr.

Şahsyýetiň jemgyýetçilik durmuşyndaky tutýan ornuny gös-göni takyk kesgitlemek kyndyr. Bu fakta örän irki döwürlerde empiriki taýdan göz ýetirilip, ol hut “şahsyýet” düşünjesiniň döreýiş taryhynda öz şöhlelenmesini tapýar. Bu düşünje ilki başda gadymy

grek teatrynda aktýoryň maskasyny - ýüzüniň perdesini,, soňra aktýoryň özüni aňladypdyr. Sahnadaky hereketleriň häsiýetine görä maska – ýüz tutulary çalşylypdyr. Görnüşi ýaly, halk adamyň dürli durmuş şertlerinde öz tüýsüni üýtgedip, özüni dürli-dürli alyp barýandygyny bu düşünjede jemläpdir.

Jemgyýetde dürli toparlara goşulmak bilen (bu barada indiki bapda aýdylar) adamyň olarda dürli funksiýalary, meňzeş bolmadyk rollary alyp barýanlygy seýrek bolmaýar. Ene-atanyň läligi, maşgalanyň kiçijik häkimi, öýde zulum ediji, yrsaraýjy bolup, özüni synpdaşlarynyň arasynda düýbünden başgaça alyp baryp, sadalyk, kiçigöwünlilik görkezýär. Gullukda örän talapkär we az gepleýän adamynyň uzaklaýyn turistik ýörişde ýa-da keýpine balyk tutmaga gidende düýbünden üýtgäp, degişgen, oturylyşygyň gelşigine öwrülýän ýagdaýy-da seýrek bolmaýar. Bu görkezilen ýagdaýlarda şol bir adam dürli şertlerde mazmuny boýunça gapma-garşylykly rollar oýnaýar. Munuň tersine, köplenç ýagdaýlarda adam dürli ýagdaýlarda özüniň maşgalada, gullukda, jemgyýetçilik işinde, sportda we ş. m. birmeňzeş häsiýet, rollary ýüze çykaryp, olar biri-birlerine garşylykly bolman gabatlaşýarlar. Bu şahsyýetiň bitewiliginiň görkezijisi bolup, ony gapma-garşylykly, dürüşde häsiýetlerinden tapawutlandyrýar. Şonuň bilen birlikde adamyň alyp barýan funksiýalarynyň we rollarynyň jemgyýetiň dürli toparlarynda dürli-dürlüligine, onuň durmuşdaky häsiýetlendirilmesiniň köp mazmunlylygyna garamazdan onuň şahsyýetini häsiýetlendirmek mümkinçiligi hemişe saklanýar; bu häsiýetlendiriş diňe bir onuň indiwiduallygyny has aýdyňlaşdyrýan esasy rollaryna, durmuş pozisiýasyna, motiwlerine göz ýetirmek bilen berilmän, eýsem onuň önümçilikde we önümleri ulanyşynda, ýagny adamyň jemgyýetiň gurluşyndaky ornuny kesgitlemek arkaly jemlenýär.

Şahsyýetiň psihologik gurluşy, onuň psihologik aýratynlyklarynyň utgaşyklygy (gylygyň, temperamentiň alamatlary, akylyň hili, höwesleri we ş.m.) her bir takyk adamda durnukly birlik döredip, ol şahsyýetiň psihologik düzüminiň çendan hemişeligini emele getirýär. Psihiki ýagdaýlaryň üznüksiz üýtgemeginde (duýgularyň, meýilleriň, pikirlenmäniň we ş..m.), adamyň özüni alyp barşynyň onuň dürli sosial toparlarda we durmuşyň dürli

ýagdaýlarynda öz üstüne alýan rollaryna baglylykda üýtgemeginde, şeýle hem ýaş ösüşine baglylykda üýtgemeginde we ş.m. şahsyýetiň psihologik düzümi belli bir derejede üýtgemän galýar. Bu çendan hemişelik adamy şahsyýet hökmünde onuň ýaşaýyş şertlerine, fiziki beden gurluşynyň aýratynlygyna baglylykda kemala gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumynyň hemişeligi bilen baglanyşyklydyr. Emma bu hemişelik absolýut däldir. Şahsyýetiň psihologik düzüminiň üýtgeýänligi köp sanly psihologlaryň derňewlerinde ýüze çykarylandyr. Bu üýtgeşmeler adamyň ýaşaýşyndaky, işindäki üýtgeşmeleriň netijesi bolup, olar esasan jemgyýetçilik terbiýäniň täsiri boýunça döreýär.

**Şahsyýetiň gurluşynda biologik we sosial düzüjiler**

Şahsyýetiň durnukly we çendan üýtgeýän aýratynlyklary onuň dinamiki gurluşyny emele getirýär. Bu gurluş şahsyýetiň häsiýetleriniň bitewiliginiň we arabaglanyşygynyň çylşyrymly birliginden durýar.

Şahsyýeti psihologik taýdan öwrenmek iki sany düýpli ylmy meseläni çözmekligi göz öňünde tutup, olaryň birinjisi – her bir adama indiwidual mahsus bolan, ony beýleki adamlardan tapawutlandyrýan şahsyýetiň gurluşyny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Terbiýäniň, okatmaklygyň, guramaçylyk işiň we ş.m. amaly talaplarynyň esasynda döreýän bu takyk psihologik meseläni çözmek, adamyň özüni alyp barşyny öňünden görüp bilmeklige ýardam edýär. Ýöne bu meseläni üstünlikli çözmek ikinji bir möhüm nazary meseläni çözmeklik - şahsyýetiň has umumy gurluşyny, "şahsyýetiň tiplerini" tapmak bilen baglanyşykly bolup durýar. Hakykatdan hem şahsyýetiň tipologiýasyny döretmek meselesini çözmek onuň indiwidual-psihologik aýratynlyklaryny seljermekligi ikinji orna geçirip, onuň umumy häsiýetnamasynda esasy ünsi jemlemekligi talap edýär. Şeýle häsiýetnamasyz şahsyýet barada doly düşünje jemlemek mümkin däl.

Soňky mesele öz toplumy boýunça adamyň şahsyýetini emele getirýän birnäçe bölekleýin düzüm bölekleri ýüze çykarmaklygy talap edýär. Aýry-aýry psihologlar şahsyýetiň düzüm bölekleriniň görnüşlere bölünişiniň dürli düzgünlerini teklip edýärler. Häzirki

zaman daşary ýurt psihologiýasynda adamyň şahsyýetinde iki sany düzüm bölegi ýüze çykarýan taglymat esasy orna eýedir. Bu düzüjiler iki täsiriň - biologik hem-de sosial - faktoryň özara täsirlerinde döreýän hasaplanylýar. Bu taglymatda adamyň şahsyýeti “endopsihiki”(içki psihika) we “ekzopsihiki”(daşky psihika) gurluşa bölünýär diýen pikir öňe sürülýär. “Endopsihika” şahsyýetiň düzüjisi hökmünde psihiki elementleriň we funksiýalaryň içki özara tabynlygyny aňladyp, adamyň nerw-psihiki guralyşy hökmünde seredilýän şahsyýetiň içki mehanizmi hasaplanylýar. “Ekzopsihika” şahsyýetiň daşky gurşawa gatnaşyklary boýunça kesgitlenip, ol onuň şahsyýet hökmünde ol ýa-da beýleki görnüşde gatnaşyk edip biljek ulgamlaryna bolan gatnaşygyny aňladýar. “Endopsihika” kabul edijilik, ýadyň, pikirlenmäniň we hyýalyň aýratynlyklaryny, erk edijilik ukyby, impulsiwlik-ýüzünugralyk we ş.m. öz içine alýan bolsa, “ekzopsihika” şahsyýetiň gatnaşyklarynyň ulgamyny we tejribesini, ýagny höweslerini, meýillerini, ideýalaryny, durugşan duýgularyny, kemala getirilen bilimlerini we ş.m. özünde jemleýär. Tebigy esasy bolan “endopsihika” biologik taýdan emele getirilen hasaplansa, onuň tersine “ekzopsihika” sosial faktorlar bilen kesgitlenýän hasaplanýar.

Şahsyýetiň köpfaktorly taglymatlary ahyrky netijede şahsyýetiň gurluşyny biologik we sosial faktorlaryň şöhlelenmesine syrykdyrýarlar.

Bu görkezilen iki faktorly nazaryýete eýsem nähili baha bermek bolar? Şahsyýet öz mazmunyny esasan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täsirinden düzýän sosial gurluş bolsa-da, ol özünde tebigy biologik gurluşyň alamatlaryny saklaýandygyny inkär etmek bolmaz. Mesele şahsyýetiň gurluşynda biologik we sosial faktorlary göz öňünde tutup ýa-da tutmazlyk barada däl-de (olary göz öňünde tutmaklyk zerurlygy öz-özünden düşnükli zat), olaryň özara gatnaşygyna nähili düşünmekde. Iki faktorly taglymatyň birtaraplaýynlygy onuň sosial we biologik faktorlary, gurşawy we biologik gurluşy, “ekzopsihikany” we “endopsihikany” biri-birine mehanistik häsiýetde gapma-garşy goýanlygyndan ybaratdyr. Hakykatda bolsa şeýle mehanistik gapma-garşy goýmaklyk netijesizdir we şahsyýetiň gurluşyna düşünmeklige hiç bir jähetden

peýda berip bilmez. Emma şahsyýetiň gurluşynda we ony kemala getirmekde tebigy we sosial faktorlaryň roly meselesine başgaça çemeleşmek mümkin.

Biz muny boýunyň uzynlygy 80-130 sm-den geçmeýän adamlaryň şahsyýetiniň kemala getirilişi öwrenilen bir derňewiň mysalynda görkezmekçi. Boýlarynyň gysgalygyndan başga şikesi bolmadyk bu adamlaryň şahsyýetiniň gurluşynda mese-mälim meňzeşlik ýüze çykarylýar. Olarda özboluşly çaga wäşiligi, çaga ruhubelentligi-optimizm, gönümellik, ýokary emosional dartgynlyga dözmekligi talap edýän ýagdaýlara çydamlylyk, ýygralygyň ýoklugy we ş.m. ýaly häsiýetler bolýar. Bu häsiýetleri gös-göni "endopsihiki" we "ekzopsihiki" kategoriýa goşmak bolmaz. Olar, bir tarapdan, gysga boýlularyň tebigy aýratynlygynyň netijesi bolup, emma diňe degişli ýagdaýda - öz boýlarynyň beýleki deň-duşlaryndan tapawudy aýdyň ýüze çykandan soň kemala gelip biler. Töwerekdäki adamlaryň gysga boýlulara başga adamlardan üýtgeşik seredýänligi, olara oýnamaga oňaýly, geň galyjylykly garamaklygy boýy gysga adamda şahsyýetiň özboluşly gurluşyny döredýär we berkleşdirýär. Bu gurluş bolsa olaryň gaýgyly ýagdaýyny, kähalatlarda bolsa beýlekilere we özüne bolan agressiw gönükdirilmesini ýaşyrýar, üstüni örtýär. Eger-de girdenek adam edil özüne meňzeş adamlaryň jemgyýetinde kemala getirilse, onda edil beýlekiler ýaly düýbünden başga häsiýetleriň kemala geljekligi öz-özünden düşnüklidir Şahsyýetiň gurluşynda tebigy, organiki häsiýetler onuň jemgyýetçilik taýdan döredilen elementleri hökmünde ýüze çykýar. Tebigy (anatomik, fiziologik we beýleki häsiýetler) şahsyýetiň gurluşynda birlik emele getirip, olar biri-birlerine mehanistik ýagdaýda gapma-garşy goýlup bilinmez.

Şeýlelikde, şahsyýetiň gurluşynda tebigy, biologiki we sosial häsiýetleriň roluny ykrar etmek bilen, diňe olaryň aýrybaşgalygy esasynda olaryň biologiki görnüşlerini sosial görnüşe garşy goýup bolmaz.

## § 2. Adamyň şahsyýetiniň işjeňligi

Ýokarda aýdylyşy ýaly şahsyýet diňe iş üsti bilen amala aşyrylýan daşky dünýä bilen işjeň aragatnaşyk esasynda kemala gelýär. Bu işjeňligiň sebäbini, onuň psihologik görnüşlerini we ýüze çykyşyny anyklamak, ony möhüm durmuşy gatnaşyklary tarapyndan häsiýetlendirmek diýmekdir.

**Şahsyýetiň işjeňliginiň çeşmesi.**

Eýsem şahsyýetiň işjeňliginiň çeşmesi näme? Bu meseläniň töwereginde köp ýyllaryň dowamynda çekişmeler gidip, olar XX asyrda has-da güýçlenýär.

Eýýäm XX asyryň başynda şahsyýetiň işjeňligi baradaky taglymat wenaly psihiatr we psiholog Z.Freýdiň (1856- 1939) öňe süren pikirleri bilen baglanyşykly bolýar. Freýdiň tassyklamagy boýunça adam öz haýwan ata-babalaryndan nesil boýunça alýan instinktiw meýilleriň, ilki bilen jyns we özüňi halas etmek instinktiniň esasynda işjeňdir. Emma instinktler jemgyýetde edil haýwanat dünýasindäki ýaly erkinlikde ýüze çykyp bilmeýär, jemgyýet adama köp sanly çäklenmeler goýup, onuň instinktlerine ýa-da meýillerine "gadaganlyk-senzura" goýýar, bu bolsa adamy öz instinktleririni bökdemäge mejbur edýär. Şeýlelikde, instinktiw meýiller şahsyýetiň aňly durmuşyndan göýä utançly, ýol berip bolmajak, onuň ejizligini duýduryjy zat hökmünde gysylyp çykarylýar we oňdan aşaky ulgama – gizlin zolaga geçýär, emma ýok bolup gitmeýär. Öz energiýa zarýadyny, işjeňligini saklap, olar bilniksizden aňasty zolakdan şahsyýetiň özüni alyp barşyny edara etmegini dowam edýär; medeniýetiň we adamyň işiniň önümleriniň dürli görnüşlerine öwrülýär ("sublimasiýalaşýar"). Aňdan aşaky ulgamda instinktiw meýiller öz gelip çykyşyna baglylykda dürli "komplekslere" jemlenip, hut şolar bolsa Freýdiň tassyklamagy boýunça adamyň şahsyýetiniň işjeňliginiň hakyky sebäbi bolup durýarlar. Şoňa baglylykda psihojogiýanyň esasy wezipeleriniň biri aňdan aşakda durýan "kompleksleri" ýüze çykaryp, olary aňlamaklyga ýardam

etmek, onuň netijesinde şahsyýeti içki konfliktlerden halas etmek ("psihoanaliz" atlandyrylýan bejeriş usuly) bolup durýar. Şeýle meýilleri döredýän sebäpleriň biri hökmünde "Edip kompleksi" görkezilýär. Bu kompleks şeýle düşündirilýär: irki çagalyk döwründe her bir çagada göýä şeýle bir pajygaly ýagdaý döräp, ol öz mazmuny boýunça Sofoklyň "Edip şa" atly tragediýasyndaky konflikti ýada salýar: tanamazlykdan ogluň enä bolan goşulyşmaklygyna gönükdirilen söýgüsi we atasyny öldürmekligi. Freýdiň pikiriçe çagalykda ogluň enä bolan erotik meýli öz atasyny öldürmeklige ymtylyşy ("Edip kompleksi") dört ýaşlarynda başga bir güýç – özünde bolan ten goşulyşmaklygyna gönükdirilen jynsy meýilleri üçin beriljek uly jezadan gorkmaklyk ("kastrasiýa kompleksi") bilen çaknyşýar. Şahsyýetiň mundan beýläkki ösüşi freýdistleriň tassyklaýşy boýunça aňdan aşaky ulgama gysylyp çykarylan dürli kompleksleriň özara çaknyşmagynyň esasynda geçýär.

Freýdiň şahsyýetiň işjeňligi nazaryýeti onuň özüniň belli bir kemçiliklerine garamazdan, psihikanyň aňlanylmaýan ulgamyna alymlaryň ünsüni çekenligi, şahsyýetiň original taglymatyny, öwreniliş we bejeriş usullaryny döredenligi, ummasyz kliniki synlamalry toplanlygy üçin bellemeklige mynasypdyr. Freýdiň şahsyýetiň gurluşynda instinktlere aşa orun berýändigi, onuň işjeňligini esasan jyns meýillerinden getirip çykarmaga ymtylyşy onuň kärdeşlerinde we okuwçylarynda garşylyk döredip, täze akymyň - neofreýdizmiň (A.Kardiner, E.Fromm, K.Horni we beýlekiler) ýüze çykmagyna getirýär. Neofreýdizmde klassyky freýdizmden belli bir yza çekilmeler bolup, şahsyýetiň işjeňligi düşündirilende seksual meýilleriň kesgitleýji roly inkär edilip, şahsyýetiň gurşawdan garaşlylygy birinji orunda goýlup, sosial-medeni şertleriň kemala getiriji täsiri ykrar edilýär. Gurşaw şahsyýete öz möhüm häsiýetlerini şöhlelendirip, bu häsiýetler öz gezeginde şahsyýetiň işjeňliginiň dürli görnüşlerine öwrülýär: söygi agtarmak we her hili ýol bilen beýleki adamlaryň makullamagyny gazanmak, höküm etmeklige, abraýa ymtylmak, tabyn bolmaklyga we abraýdan peýdalanýan adamlar toparynyň pikirini kabul etmeklige çalyşmak, jemgyýetden gaça durmak (K.Horni, E.Fromm). Bu ýagdaý ýene-de bir gezek şahsyýetiň işjeňliginde sosial gurşawyň

roluny diňe bir ykrar etmekligiň ýeterlik däldigini subut edýär. Ylmy psihologiýanyň talaby boýunça şahsyýetiň gurşaw bilen özara gatnaşygynda onuň gurşawa gönükdirilen ilkinji sebäplerini açyp görkezmek zerurdyr.

Öz meselelerini dialektikanyň düzgünleri nukdaýdan çözýän watan psihologiýasy şahsyýetiň işjeňligini adamyň daşky dünýä bilen özara täsiri prosesinden, onuň aktiw işinden we beýleki adamlar bilen aragatnaşygyndan getirip çykarýar. Şahsyýetiň işjeňliginiň çeşmesi - onuň isleglerididir. Hut islegler adamy belli bir herekete gönükdirip, bu hereketiň ugruny kesgitleýär. Islegler – munuň özi şahsyýetiň işjeňliginiň çeşmesi bolup durýan, onuň takyk ýaşaýyş şertlerine sazlaşygyny aňladýan şahsyýetiň ýagdaýydyr.

Isleglerıň döreýşini we ýüze çykyşyny şeýle mysalda düşündireliň. Gyşyň düşmegi bilen her bir adam öz ýyly gyş eşiklerini (tomus aýlary ulanylman ýatan) geýmäge taýýarlamaly ýa-da täzesini almaly bolýar. Takyk ýaşaýyş şertlerine garaşlylyk (degişli klimatik zolakdaky durmuş, däp-dessur, bu ýerde kabul edilen eşik geýilişiniň aýratynlygy, eşigi täzelemeklige bolan mümkinçilik we ş.m.) adamy birnäçe işjeň herekete ugrukdyrmagyň çeşmesi bolýar. Bu ýerde şahsyýetiň isleginiň möhüm häsiýetine – passiwlik- aktiwlik häsiýetine göz ýetirmek bolar.

Şahsyýetiň işjeňligi isleglerıň kanagatlandyryş prosesinde ýüze çykýar. Hut şu ýerde adamyň şahsyýetiniň we haýwanlaryň özüni alyp barşynyň işjeňliginiň tapawudy mese-mälim döreýär. Haýwanlar özleriniň tebigy durmuşynyň (bedeniň we organlaryň gurluşy, instinktler toplumy) isleglerini kanagatlandyryp biläýjek predmetleri saýlaýarlar; bu predmetler bolsa öz gezeginde haýwanda işjeň ymtylyş döredýär. Isleglerıň kanagatlandyryş prosesi haýwanlaryň gurşawa uýgunlaşmaklaryny doly üpjün edýär. Meselem, bobruň özüni alyp barşynyň dogabitdi programmasy onuň diňe gurluşyga bolan isleglerini göz öňünde tutmak bilen çäklenmän, bu isleglerde olary kanagatlandyryp biläýjek obýektleri-de göz öňünde tutýar: "bent" gurmaga ýaramly agaçlaryň görnüşi, agaçlaryň suwa ýakynlygy, agaç ýykmaklygyň usullary (bobrlar agajyň suwdan daşda durýan tarapyny gädip başlaýarlar we onuň hut suwa ýykylmagyny gazanýarlar) we ş.m.

Diýmek, haýwanyň isleglerinde tebigy predmet onuň işjeňliginiň stimuly hökmünde gös-göni bellenendir.

Adamyň işjeňligi, onuň çeşmesi bolan islegleri düýbünden başga häsiýetdedir. Adamyň islegleri ony terbiýelemek prosesinde, ony adamzat medeniýetine çekmek, goşmak prosesinde kemala gelýär. Tebigy zat (predmet, hadysa), adam üçin ýöne bir biologik ähmiýetli, "iýmit bolup biljek" zat bolmaýar. Guralyň kömegi bilen adam predmeti özgerdýär, ony taryhy ösüşiň önümi bolan öz isleglerine uýgunlaşdyrýar. Islegler adama olary işiň taryhy ösüşde döredilen usullary arkaly (ilki bilen önümçilik işi) şahsyýet hökmünde özleşdirilmek prosesi boýunça berilýär. Şonuň üçin-de adamda islegleri kanagatlandyrmak prosesi onuň jemgyýetçilik ösüşi bilen kesgitlenýän işiň görnüşini maksada gönükdirilen görnüşde özleşdirmek prosesi hökmünde ýüze çykýar.

**Islegleriň görnüşleri**. Adamyň islegleri jemgyýetçilik – şahsy häsiýetdedir. Olaryň bu häseti, birinjiden, şeýle ýüze çykýar: mazmuny boýunça has dar, şahsy islegiň (meselem, iýmitlenmek) kanagatlandyrylmagy üçin-de jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň netijesi ulanylýar (çörek saçaga bugdaý dänesiniň çylşyrymly özgerdilmeginiň netijesinde gelip düşýär: seleksiýaçylaryň, agronomlaryň, traktorçylaryň, kombaýnçylaryň, elewator işgärleriniň, un üweýjileriň, çörek bişirijileriň, satyjylaryň we beýlekileriň predmete öwrülen zähmet hereketleriniň netijesinde). Ikinjiden, isleglerini kanagatlandyrmak üçin adam şol bir jemgyýetçilik gurşawda taryhy kemala gelen usullary ulanýar we degişli şertlere mätäç bolýar (meselem, bir bölek eti iýmek üçin ol iň bolmanynda bize ýaramly usulda taýýarlanan bolmaly, tabakda äberilip, pyçak, çarşak bilen degişli gigienik şertlerde iýilmeli we ş.m.). Üçünjiden, adamyň köp sanly islegleri onuň diňe dar şahsy talaplaryny aňlatman, eýsem jemgyýetiň, onuň zähmet çekýän toparynyň talaplaryny şöhlelendirýär, şonuň üçin-de kollektiwiň islegleri şahsyýetiň isleginiň häsiýetine eýe bolýar.

Bu prosesi şeýle mysalda düşündirmek mümkin. Meselem, ýygnakda çykyş etmek jemgyýetçilik tabşyrygyny alan talyp, bu çykyşa ürç edip taýyarlanýar. Şeýle hyjuw ýygnaga taýýarlanmagyň

çeper eser okandan gyzyklylygy üçin däl-de, talybyň kollektiwiň talabyny ödemäge bolan islegi esasynda döreýär.

Islegler öz gelip çykyş we predmeti boýunça tapawutlanýarlar.

Özleriniň döreýşi, gelip çykyşy boýunça islegler medeni we tebigy bolýarlar.

Tebigy isleglerde adamyň işini aktiwleşdiriji, onuň öz `ýaşaýşy we nesliniň ýaşaýşy üçin zerur bolan şertlere garaşlylygy şöhlelenýär. Ähli adamlarda iýmite, suwa, beýleki jynsdan bolan adama, uka, sowukdan, jöwzaly yssydan goranmaklyga we ş.m. bolan tebigy islegler bar. Eger-de tebigy isleglerň biri uzak wagtyň dowamynda kanagatlandyrylmasa, adam heläk bolýar ýa-da nesil öndürmekden mahrum bolýar. Sany boýunça adamyň tebigy islegleri onuň haýwan ata-babalarynyňky ýa-da ilkidurmuş adamlaryňky ýaly bolsa-da, öz psihologik mazmuny boýunça haýwanlaryň tebigy isleglerinden düýpgöter tapawutlanýarlar. Bir tarapdan, isleglerň kanagatlandyryş usullary we gurallary üýtgäp, ikinjiden, has esasy isleglerň özi üýtgäp, olar häzirkizaman adamynda ilkidurmuş adamsyndan başgaça syzylýar: "Açlyk açlykdyr, emma dürtgüç we pyçak arkaly iýilýän gaýnan et bilen kanagatlandyrylýan açlyk eliň, dyrnagyň we dişiň kömegi bilen çig et ýuwdulýan wagtyndaky açlykdan başga açlykdyr"[1]. Şeýlelikde, tebigy islegler taryhy-jemgyýetçilik häsiýetde bolýar.

Medeni isleglerde adamyň aktiw işiniň adamzat medeniýetiniň önümlerinden garaşlylygy şöhlelenýär; olaryň köki adamzat taryhynyň çäginde bolýar. Medeni isleglerň obýektlerine, bir tarapdan, taryhy şertlerde dörän ol ýa-da beýleki tebigy islegiň kanagatlandyrylmagyna serişde bolup hyzmat edýän predmetler (çarşajyk we çemçe, iýmit üçin ulanylýan taýajyk), ikinjiden bolsa, beýleki adamlar bilen zähmet we medeni gatnaşyklaryna, adamyň çylşyrymly jemgyýetçilik durmuşyna zerur bolan predmetler degişlidir. Dürli ykdysady we jemgyýetçilik gurluşynda, terbiýä we giňden ýaýran däp-dessurlary, özüňi alyp barşy özleşdirmeklige baglylykda adam dürli medeni islegleri edinýär. Medeni islegler

[1] Marks K. I Engels F. Soç., t.12, 718-nji sah.

kanagatlandyrylmasa adam ölmeýär (tebigy isleglerden tapawutlylykda), emma uly ezýet çekýär.

Medeni islegler öz derejesi, özleriniň jemgyýetiň adama bildirýän talaplary bilen baglanyşygy boýunça düýpli tapawutlanýarlar.

Gyzykly kitap agtarýan bir adamyň hereketini gönükdirýän islegi beýleki biriniň modada bolan galstuk agtarmak islegi bilen bir derejede goýup bolmaz. Bu islegler olaryň döredýän işi, derejesi boýunça dürli-dürli bahalandyrylýar. Şahsyýetiň ahlak taýdan päk islegi – bu onuň ýaşaýan jemgyýetiniň talaplaryna, bu jemgyýetde kabul edilen bahalandyryşa, düzgünlere, iň esasysy, dünýägaraýşa gabat gelmegidir.

Öz predmetleriniň häsiýeti boýunça islegler maddy we ruhy bolýarlar.

Maddy isleglerde adamyň maddy medeniýetiň predmetlerine (iýmite, geýime, ýaşaýyş jaýyna, durmuş predmetlerine we ş.m.) garaşlylygy ýüze çykýar; ruhy isleglerde bolsa onuň jemgyýetçilik aňynyň önümlerine baglylygy ýüze çykyp, ol ruhy medeniýeti özleşdirmekde bolup geçýär. Adam beýleki adamlar bilen pikir alyşmaklyga, duýgularyny bölüşmeklige, gazet-zurnal okamaklyga, kinofilmlere we spektakllara seretmeklige, saz diňlemeklige we ş.m. isleg bildirýär. Öz gezeginde adamyň beýlekiler bilen aragatnaşyk etmäge bolan ruhy islegini aýratyn bellemelidir. Adamzat jemgyýetiniň döremegi bilen dörän bu isleg dili aragatnaşyk etmegiň serişdesi hökmünde döredip, zähmet bilen birlikde adamyň döremeginiň esasy hereketlendirijisi bolupdyr. Aragatnaşyk etmäge bolan isleg häzirki zamanda-da adamyň ruhy ösüşiniň esasy şerti bolup durýar.

Ruhy islegler maddy islegler bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly ruhy islegleriň kanagatlandyrylmagy üçin maddy zatlar (kitaplar, gazetler, ýazuw we nota üçin kagyz, reňkler we ş.m.) zerur bolýar. Gelip çykyşy boýunça tebigy isleg şol bir wagtyň özünde predmeti boýunça maddy isleg bolýar. Gelip çykyşy boýunça medeni isleg öz predmeti boýunça maddy ýa-da ruhy bolup biler. Şeýlelikde, bu görnüşe bölüniş islegleriň örän dürli görnüşlerini öz

içine almak bilen olaryň gönükdirilen obýektlerine gatnaşygyny görkezýär.

**Zähmet isleg hökmünde.** Özleriniň kanagatlandyryş prosesinde islegler ösýärler, täzeden guralýarlar we üýtgeýärler. Häzirkizaman adamynda islegler olaryň ata-babalaryndan we geljek nesillerinden başgaçadyr.

Islegleriň doly kanagatlandyrylmagy şahsyýetiň hertaraplaýyn ösmeginiň möhüm serişdesi bolup, ýöne bu serişde doly ýeterlik däldir. Beýleki serişdeler (olaryň içinde ilkinji nobatda zähmet) bolmasa, islegleri aňsat kanagatlandyrmak mümkinçiligi adamyň şahsyýetini dargadyjy faktora öwrülýär. Şeýle ýagdaýda islegleriň kanagatlandyryş prosesi şahsyýeti baýlaşdyrman, ony azdyrýar. Zähmet bilen dolandyrylmaýan parazit islegler bir topar adamlarda jemgyýete garşy (käbir halatlarda bolsa jenaýatçylykly) özüňi alyp barşyň çeşmesine öwrülýär.

Jemgyýetiň adamyň şahsyýetini terbiýelemekde bildirýän möhüm talaplarynyň biri-de zähmete bolan islegi terbiýelemekdir. Şeýle isleg önümçiligiň mundan beýläk-de ösmegi, önümçilik operasiýalarynyň maksimal awtomatizasiýalaşdyrylmagy, jemgyýetçilik ähmiýetli zähmetde doly manyda ulanyp bilinjek döredijilikli güýçleriň oýanmagy netijesinde dörär diýmeklige doly esas bar. Kähalatlarda agyr we çylşyrymly zähmet sagdyn, hertaraplaýyn ösen adamda şatlyk çeşmesine öwrülýär.

**Islegler we obýektiň ähmiýetliligi.** Islegleri şahsyýetiň işjeňliginiň çeşmesi hökmünde seretmekligi we hut şahsyýetiň özüni işjeň işgär hökmünde düşünmekligi, ylmy psihologiýanyň esasy düzgüni bolan hem-de şahsyýet psihologiýasy ulgamynda hem ulanylýan determinizm – sebäpli dörediliş dügünine garşy goýmak bolmaz.

Adamy gurşap alýan we oňa täsir edýän predmetler durmuşyň dürli pursatlarynda onuň isleginiň obýektlerine öwrülmek bilen işe goşulyp, bu işiň maksadyna öwrülip, şahsyýetiň işjeňliginiň oýandyryjysy we höweslendirjisi bolýarlar. Olar şahsyýet üçin dürli ähmiýete eýe bolýarlar. Obýektiň ähmiýetliligi– olarda

şöhlelendirilen adamyň islegleridir. Elektrik ütügini bejermekçi bolan adama ulanyljak gurallar, elektrotehnika boýunça bilimler ähmiýetli bolýar. Başgaça aýdanyňda, birnäçe obýektler bu işiň şertlerinde islegleriň obýektlerine öwrülmek bilen özlerine üns berilmegine, ýada salmaklyga, pikir etmeklige, ulanmaga we ş.m. meýil döredýärler.

Obýektiň umumy ähmiýetliliginden onuň iş prosesindäki real ähmiýetini tapawutlandyrmalydyr. Obýektiň real ähmiýeti – obýektiň işiň maksadyna we wezipesine bolan gatnaşygydyr. Işde obýektiň şahsyýet üçin bolan ähmiýetiniň onuň real ähmiýeti bilen gabat gelmegi ýa-da gelmezligi mümkindir. Meselem, derňewleriň görkezişi boýunça eger-de okuwçylar sapakda belli bir göwrümde maglumat alsalar, olar ony gaýtalamasalar 3- 4 günüň dowamynda olaryň ýadynda mugallymyň aýdan maglumatynyň diňe ýarpysyndan sähelçe köprägi saklanýar. Eýsem näme ilki ýatdan çykarylyp, näme ýatda saklanýar? Ýatda diňe belli bir şertlerde ähmiýete eýe bolan zatlar (ýagny ýat tutýanyň islegi bilen baglanyşykly, gyzykly, möhüm, zerur we ş.m. zatlar) galýar. Beýle diýildigi ýada ornaşdyrylan zatlar okuw işiniň maksadyna we wezipesine real ähmiýeti bolan, pedagoga zerur zatlardyr diýildigi däldir. Kähalatlarda aýdyň görkezmeler ýatda galyp, onuň üsti bilen düşündiriljek bolunýan, okuwçynyň ýadyna ýörite ornaşdyryljak kanun ýatda galmaýar. Pedagogyň wezipesi okatmaklygyň üstünligi üçin real ähmiýetli obýektleriň okuwçylar üçin şahsy ähmiýetliligini gazanmakdyr. Bu mekdepde okatmaklygyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň möhüm ýollarynyň biridir.

Ähmiýetlilik durnukly we pursatlaýyn bolup biler. Obýektiň durnukly ähmiýeti – onda şahsyýetiň gurluşynyň hemişelik düzüjileri bolan islegleriň ornaşdyrylmagydyr. Alym üçin şeýle durnukly isleg ylmy edebiýaty okamak, öz käriň boýunça derwaýys meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmak, özüniň işini dowam etdirjek, pikirlerini ösdürjek şagirtler taýýarlamak we ş.m.-dir. Bu isleg bilen baglanyşykly bolan her bir zat onuň üçin ähmiýetlidir. Pursatlaýyn ähmiýetlilik – obýektde şu pursatdaky islegleriň şöhlelenmegidir. Köçede barýarka sagady togtan adam üçin töweregindäki wagtyaňladyp biläýjek zatlar – duşundan geçýän

adamlar, açyk aýnadan gelýän radiogepleşigiň sesi, Günüň asmandaky ýagdaýy we ş.m. obýektler ähmiýetli bolýar.

Eger işiň prosesinde pursatlaýyn ähmiýetli obýekte bolan isleg kanagatlandyrylsa, bu, adatça, işiň geljekki ugrunda dörejek täze islegler, şahsyýetiň işjeňligi üçin ähmiýetsiz bolup galýar. Ýokarky mysalymyzda sagada tow berlip, strelkasy takyk wagta düzülenden soň, adam başga işlere geçýär, hut şu hili pursatlaýyn isleg onda diňe ýene-de birnäçe hepdeden ýa-da aýdan soň döremegi mümkin. pursatlaýyn ähmiýetli obýektlere olaryň üsti bilen üznüksiz ýüze çykýan iýmite, suwa, dynç almaklyga we ş.m. bolan islegleri kanagatlandyrylýan predmetler degişlidir.

Sahsyýet üçin durnukly ähmiýetli obýektlere bolan islegleri kanagatlandyrmaklyk başgaça häsiýete eýedir. Durnukly ähmiýete eýe obýekte bolan islegi kanagatlandyrmak, kanunalaýyklykda adamda bu kanagatlandyrylmanyň esasynda, birinji isleg bilen baglanyşykly, täze, ösüş derejesi boýunça has ýokary isleginiň döremegine getirýär. Bu isleg öz gezeginde şahsyýet üçin durnukly ähmiýeti bolan täze obýektiň üsti bilen kanagatlandyrylýar. Täze ylmy hadysa esasynda adam intellektual islegini kanagatlandyryp, ýetilen dereje bilen çäklenmeýär; açyş täze islegleri döredip, olar bolsa täze obýektleriň, hadysalaryň açylmagy bilen kanagatlandyrylýar. Onuň üçin intellektual islegler işjeňligiň hemişelik höweslendirijisi bolup, kanagatlandyryldygyça artyp, durnukly ähmiýete bolan täze-täze obýektlerde ornaşýar.

## § 3. Motiwasiýa şahsyýetiň isleleriniň ýüze çykyşy hökmünde

**Özüňi alyp barşyň motiwleri barada düşünje**

Şahsyýetiň işjeňliginiň çeşmesi, ýokarda görkezilişi ýaly, islegler bolup durýar. Isleglerde şahsyýetiň takyk ýaşaýyş şertlerine garaşlylygy özüniň işjeň tarapy boýunça motiwleriň ulgamy hökmünde ýüze çykýar. Motiwler – belli bir islegleriň kanagatlandyrylmasy bilen baglanyşykly işiň meýil

döredijisidir. Eger islegler adamyň işjeňliginiň ähli görnüşleriniň mazmuny “mehanizmi” bolsa, motiwler bu mazmunyň takyk ýüze çykyşydyr.

Adamyň özüni alyp barşy, hereketleri seljerilende olaryň motiwlerini aýdyňlaşdyrmalydyr. Diňe şonda bu hereketleriň adam üçin tötänleýinligi ýa-da kanunalaýyklygy anyklanyp, bu hereketleriň gaýtalanmak mümkinçiligini öňünden görüp, şahsyýetiň käbir häsiýetleriniň döremegini höweslendirip, käbirleriniň bolsa öňüni almak mümkin bolýar.

Motiwler özlerinde ýüze çykýan istegleriň görnüşi, özleriniň görnüşleri boýunça, ýaýraňlygy we darlygy, özleriniň amala aşyrylýan işiniň takyk mazmuny (zähmet işiniň, okuw işiň motiwleri we ş.m.) boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Işiň çylşyrymly görnüşleri adatça bir däl-de, şol bir wagtda täsir edýän birnäçe motiwlerden ybarat bolup, adamyň hereketleriniň we özüni alyp barşynyň motiwasiýasynyň ulgamyny döredýär.

Motiwler aňlanylýan we aňlanylmaýan (olary meýiller diýip atlandyrýarlar) bolýarlar. Ylmy psihologiýa aňlanylýan we aňlanylmaýan motiwlerdir istegleriň özara baglanyşygyny, biri-birlerine geçişini ykrar etmek bilen, olaryň ikisiniň-de şahsyýetiň taryhy-jemgyýetçilik ösüş şertleri boýunça döreýänligini nygtaýar.

**Höwesler[1].** Höwesler - adamyň akyl ýetiriş isleglериniň emosional ýüze çykyşydyr. Olaryň kanagatlandyrylmagy bilimleri baýlaşdyrmaga, oňat orientirlenmäge, düşünmeklige, adam üçin ähmiýetli zatlar bilen tanyşmaklyga ýardam edýär.

Adamyň özi üçin höwesler subýektiw oňyn emosional öwüşgine eýe bolýan akyl ýetirişde, belli bir ähmiýetli obýekt bilen çuňdan tanyşmaklyga bolan islegde, ol hakda has köp zat bilmeklige ymtylyşda ýüze çykýar.

[1] Psihologiýada ulanylýan “höwesler” düşünjesi sosiologlar we ykdysadyýetçileriň ulanýan “höwes” düşünjesi (jemgyýetçilik höwesi, şahsy höwesler, maddy höwesler we ş.m.) bilen gatyşdyrmaly däldir. Meselem, maddy höwesler hökmünde şahsyýetiň jemgyýetçilik önümçiligine we jemgyýetde ulanylýan höweslendiriş serişdelerine real garaşlylygyna düşünilýär.

Iş prosesinde höwesleriň roly iňňän uludyr, sebäbi olar işiň ähmiýetli obýektleriniň akyl ýetiriş islegini kanagatlandyryp bilýän ymtyldyryjy güýjüni aňladýar we şahsyýeti bu dörän bilime we düşünmeklige bolan teşneligi kanagatlandyrmagyň ýollaryny agtarmaklyga mejbur edýär. Durnukly ähmiýetli obýekte bolan höwesiň kanagatlandyrylmagy adatça höwesiň ýitip gitmegine getirmän, ony içki taýdan özgerdip, akyl ýetiriş işiniň has ýokary derejesine laýyk gelýän täze höwesleri döredýär. Taryh bilen gyzyklanýan okuwçy gurnakda öz şäheriniň geçmişi boýunça doklad edenden soň, oňa bolan höwesini ýitirmän; onuň höwesi has çuňlaşyp, has uly meselelere ýaýrap, ülkäni öwrenmek meselesi olaryň içinde diňe bir sorag hökmünde galýar. Şeýlelikde, höwesler akyl ýetirişiň hemişelik ugrukdyryjy "mehanizmi" bolup durýarlar.

Höwesler özleriniň mazmuny, maksady, giňligi we durnuklylygy boýunça görnüşlere bölünýär.

Höwesler mazmuny boýunça akyl ýetirmeklige bolan islegleriň obýektlerini ýüze çykarmak bilen, olaryň işiň maksady üçin real ähmiýetini, has giňişleýin aýdylanda şahsyýetiň zähmet çekýän jemgyýeti üçin bolan ähmiýetini görkezýär. Psihologik nukdaýnazardan adamyň haýsy zada güýçli höwesiniň bardygyny we onuň akyl ýetiriş isleginiň obýektleriniň jemgyýetçilik gymmatyny bilmek möhümdir. Goňşynyň şahsy durmuşyna bolan höwes bilen Magtymguly-Pyragynyň ýa-da Mollanepesiň döredijiligine bolan höwes deňeşdirilende, bu höwesleriň jemgyýetçilik gymmatynyň we mazmunynyň dürli-dürlüligi aýan bolýar. Ýaşlarda olaryň akyl ýetiriş işini höweslendirýän, öz işjeňligini mekdebiň çäginden daşarda hem saklaýan sagdyn we ýokary mazmunly höwesleri terbiýelemek häzirkizaman mekdebiniň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar.

Maksat kriterisi-şerti boýunça höwesler gös-göni kanagatlandyrylýan we aralaşdyrylan usulda kanagatlandyrylýan görnüşlere bölünýär. Höwesleriň birinji görnüşi ähmiýetli obýektiň emosional ýakymlylygy boýunça ýüze çykýar. Adam adatça "Bu zady bilmek, görmek, düşünmek meniň üçin gyzykly" diýýär. Aralaşdyrylan höwesler haçan-da obýektiň real ähmiýeti bilen onuň şahsyýet üçin bolan ähmiýeti gabat gelen ýagdaýynda döreýär. Bu ýagdaýda adam "Bu meniň üçin gyzykly, sebäbi bu meniň bähbidim

üçin” diýýär. Diýmek, aralaşdyrylan höwes - bu ýüze çykyşy işiň maksadyny aňlatmaklyk bilen aralaşdyrylan akyl ýetiriş islegleridir. Zähmet işinde, okuw işinde alnyp barylýan prosesiň hemme taraplarynyň hemişe gös-göni emosional ýakymly bolmaklygy üçin, işiň prosesini aňly guramakda esasy rol oýnaýan aralaşdyrylan höwesleri kemala getirmek möhümdir.

Höwesler öz giňlik-ýaýraňlygy boýunça hem tapawutlanýarlar. Käbir adamlarda olar bir ugurda toplanyp, başga birinde durnukly ähmiýetli obýektleriň arasynda bölünen bolýar. Höwesleriň dagynyklygy oňyndäl häsiýet bolsa-da olaryň giňligini kemçilik hasaplamak bolmaz. Şahsyýetiň sazlaşykly ösüşi, synaglaryň görkezişi boýunça, hut onuň höwesleriniň giňligini talap edýär. Şahsyýetiň möhüm aýratynlyklarynyň biri-de onuň höwesleriniň “bifokal, köp fokuslylygy” bolup, ol baý mazmunly höwesleriň işiň biri-biri bilen baglanyşykly bolmadyk iki (kähalatlarda üç) ugrunda döremekliginde ýüze çykýar (meselem, edebiýat ylmyna bolan höwesiň suratkeşlige, hokkeýe, futbola bolan höwes bilen utgaşmagy we ş.m.). Höwesleriň şeýle “köp fokuslaýyn” ýerleşmegi işiň dürli görnüşleriniň çalşyrylmagyna, onuň üsti bilen bolsa zähmete sarp edilen güýçleriň gaýtadan dikeldilmegine ähmiýeti bardyr. Höwesleriň çuňlugyny olaryň hertaraplaýynlygy bilen utgaşdyran adamlar köpdür. Akyldar Magtymguly-Pyragy taýsyz şahyrlygy bilen bir hatarda kümüş ussasy hem bolupdyr. Şeýlelikde, höwesleriň giňligi ýa-da darlygy ahyrky netijede olaryň mazmuny boýunça kesgitlenýär.

Höwesler özleriniň durnuklylyk derejesi boýunça hem tapawutlanýarlar. Höwesiň durnuklylygy onuň çendan işjeňliginiň uzakwagtlaýyn saklanmagy boýunça ýüze çykýar. Durnukly höwesler şahsyýetiň esasy isleglerini doly ýüze çykarýan, şol sebäpli onuň psihologik düzüminiň esasy häsiýetlerine öwrülýän höwesleridir. Durnukly höwes adamyň oýanýan ukyplarynyň şaýady bolup, bu babatda belli bir diagnostik-anyklaýyş ähmiýete eýedir. Ýöne adamda durnukly höwesiň barlygyny ýüze çykarmak çuňňur psihologik seljermäni talap edýär. Kähalatlarda, öz-özüňe baha bermek we öz–özüňi seljermek (anketanyň, interwýu almaklygyň we ş.m. esasynda ýüze çykarylýan) arkaly tassyklanýan höwesiň daşky

häsiýetleriniň synlaýjyny ýalňyşmaklyga getirýän wagty-da seýrek bolmaýar. Höwesiň durnuklylygy dogrusynda başga, goşmaça häsiýetler esasynda netijä gelinse has ýerlikli bolýar. Meselem, adama gös-göni höwes döretmeýän, alnyp barlyşy kynçylyklary ýeňip geçmegi talap edýän, emma ýerine ýetirilmesi ony ýöne "gyzyklandyrýan" ýumuşy tabşyrmak: daş-töweregindäki adamlaryň ykrar etmegi boýunça (we öz hususy tassyklamasy boýunça) fizika bilen gyzyklanýan okuwça çet ýurt dilinden fizikanyň käbir meselesine bagyşlanan teksti terjime etmek tabşyrylsa (okuwçy bu dili çala bilýär) we bu ýagdaýda okuwçynyň terjime ediş depgini, çemeleşiş erjelligi, ýumşuň ýerine ýetiriliş möçberi, şol kynçylykda bolan geografiki teksti terjime etmekden hiç hili tapawutlanmaýan bolsa, onda bu okuwçynyň fizika bolan durnukly höwesine şübhelenmäge doly esas bolýar.

Höwesleriň belli bir durnuksyzlygy ýokary synp okuwçylarynyň ýaş aýratynlygy bolup durýar. Olaryň höwesi köplenç has hyjuwly, ýöne gysgawagtlaýyn gyzyklanma häsiýetinde bolýar. Şol bir wagtyň özünde olar matematika, taryh, filosofiýa we logika bilen gyzyklanýarlar. Olar birbada birnäçe zada gyzgyn ýapyşyp, işe çuňňur aralaşmazdan täze höwes bilen beslenýärler. Höwesleriň ýaş-ýetginjeňlik, jahyllyk döwürlerde dürli ugurlara möwç urmagy hem-de durugyşmagy ýaşlara öz ukyplaryny tapmaga we ýüze çykarmaga ýardam edýär. Pedagoglaryň wezipesi ýetginjegi diňe ony ilkinji gezek gyzyklandyrýan iş bilen meşgullanmaga mejbur etmek däl-de, onuň höweslerini çuňlaşdyrmakdan we giňeltmekden, olary hakyky isleglere öwürmekden, onuň islegleriniň özenini döredýän işe ymtylyşy döretmekden ybaratdyr.

Höwesler şahsyýetiň işiniň motiwasiýasynyň möhüm tarapy bolsa-da, onuň ýeke-täk tarapy däldir. Özüňi alyp barşyň esasy motiwi ynançlardyr.

**Ynançlar.** Ynançlar şahsyýetiň aňlanylan islegleriniň ulgamy bolup, ony öz düşünjelerine, düzgünlerine, dünýägaraýşyna laýyklykda hereket etmeklige ugrukdyrýar. Ynançlar görnüşinde ýüze çykýan islegleriň mazmunyny adamyň tebigat we jemgyýet baradaky bilimleri we olara kesgitli düşünmeklik düzýär.

Haçan-da bu bilimler kadalaşdyrylan we içki taýdan guramaçylykly garaýyşlaryň ulgamyny (filosofiki, estetiki, etiki, tebigy ylmylyk we ş.m.) döreden ýagdaýynda olar adamyň dünýägaraýşy hökmünde seredilýär.

Adamyň dünýägaraýşy köpderejede jemgyýetiň gurluşyna bagly bolýar. Psihologiýa dünýägaraýşyň terbiýäniň täsirinde kemala geliş prosesini öwrenip, nähili ýol bilen kem-kemden jemgyýetçilik ösüşe ylmy dogry baha bermekligiň, ahlak düzgünleriniň, estetik bahalandyryşyň, tebigat hadysalaryna dogry düşünjeleriň we ş.m. döreýänligini anyklaýar. Bu proses okuwçylaryň özleşdirýän taryhy, fiziki, matematiki we beýleki düşünjeleriniň ösüşi dogrusynda geçirilen derňewleriň mysalynda, ylmy däl düşünjeleriň ylmy düşünjelere geçişinde (meselem, Günüň ilki-ilkiler göýä Ýeriň daşyndan aýlanýan asman jisimi hökmünde düşünilmeginden, düňe Ýeriň däl, beýleki Gün ulgamynyň planetalarynyň-da onuň daşydan aýlanýandygy barada düşünjä geçmeklik) göz ýetirmek bolýar. Dünýägaraýşyň kemala gelýändigine ýokary synp okuwçylaryna belli bir derejede sungat eserlerinden baş çykarmaklyga kömek edýän, hakyky gözelligi daşky göze ýakymlylykdan tapawutlandyrmaga ýardam edýän lezzet duýmak ukybynyň döremekligi-de şaýatlyk edýär. Ýaşlaryň arasynda döreýän jemgyýetçilik we ylmy durmuşyň esasy meseleleri dogrusyndaky, adamlaryň özara gatnaşyklary we beýlekiler baradaky çekişmeleriň ýüze çykmagy-da olarda dünýägaraýşyň kemala gelýänliginiň görkezijisi bolýar (Ýeri gelende bellesek, dünýägaraýşyň ösüşi esasy ugurlar boýunça orta mekdepdäki okadylyşyň ahyryna tamamlanyp, şondan beýläk ol öndüriji zähmete gatnaşmaklygyň netijesinde ösüşini dowam edýär .

Ynançlaryň ewolýusiýasy ilki bilen olaryň mazmun tarapyna degişlidir. Hut şonda şahsyýetiň dünýägaraýşynyň häsiýetleri ýüze çykýar. Adamyň döredýän pikirleri we ideýalary, düzgünleri onuň durmuşynyň bütin mazmuny bilen kesgitlenip, olar şahsyýetiň dünýägaraýyş ulgamynyň möhüm düzüm bölegi bolup girýär; olar adam üçin durnukly ähmiýetli bolup, adamda bu pikirleri we düzgünleri amala aşyrmak, olary beýleki adamlaryň-da makullamaklaryny gazanmak islegini döredýär. Adamda özüni alyp barşynyň motiwleri hökmünde ynançlaryň uly güýjüniň barlygyna,

ölümiň we gynalmaklygyň howpy astynda-da öz düzgünlerinden dänmedik gahrymanlaryň durnuklylygy şaýatlyk edýär.

Edebiýat, sungat, jemgyýetçilik durmuşy, önümçilik işi dogrusynda giň meseleleri öz içine alýan, öz mazmunynda sagdyn dünýägaraýşyň elementlerini saklaýan ynançlaryň bolmagy adamyň şahsyýetiniň ýokary derejeli işjeňligine şaýatlyk edýär.

Adamyň ynançlarynyň durugşanlygy we öňdebaryjylygy dürli-dürlüdir. Bu şahsyýetiň işjeňliginiň ösüş derejesiniň dürlüligi bilen düşündirilýär. Kähalatlarda ýaş ýigit ol ýa-da beýleki konfliktli ýagdaýlarda nähili özüni alyp barmalydygyny, çekişmede nähili pikiri goldamalydygyny bilse-de, bu düşünjäni hökmany ýerine ýetirmeli isleg hökmünde duýmaýar. Şahsyýetiň bilimleriniň we onuň isleglериниň sazlaşmazlygy ynançlar ylgamynyň şikeslenmegine getirýär. Şeýle adamyň köplenç sözi işi bilen gabat gelmän, bilimler bilen özüňi alyp barşyň birligi bozulýar.

**Ymtylmalar.** Ymtylmalar – özüňi alyp barşyň motiwleri bolup, olarda islegler gös-göni şu pursatda berilmän, şahsyýetiň ýörite guralan işiniň netijesinde döredilmek mümkinçiligi şertlerinde ýüze çykýarlar.

Ymtylmalar görnüşinde ýüze çykýan isleglериň ýörite guralan iş bolmasa kanagatlandyrylmaýanlygy sebäpli motiwleriň bu kategoriýasy şahsyýetiň işjeňligini uzak wagtyň dowamynda döretmäge ukyplydyr. Gaýykly gezelenç geçirmegi niýet eden talyplar topary öz işini bu barada dörän ymtylmalaryň esasynda guraýar we işjeňleşdirýär: diňe sport serişdelerini we zerur zatlary taýýarlamak däl, eýsem goşmaça meseleler-de (synaglaryň möhletinden öň tabşyrylmagy, wagon düşürmek arkaly gazanç edip pul tapmak we ş.m) şol ymtylma bilen kesgitlenýär.

Edil şu mysaldaky ýaly, adamyň isleglериniň diňe ýüze çykyş şertleri däl-de, eýsem olara zerur bolan serişdeler-de aňlanylýan bolsa, onda şeýle ymtylmalar niýete öwrülýär. Emma kähalatlarda adam (esasan hem ýetginjekler ) haýsydyr bir zada ymtylmak bilen, özüniň iň bir aňlanylan isleglerini-de nähili amala aşyrmalydygyny göz öňüne getirmäge ukypsyz bolýarlar. Bu ýerde has tejribeli

adamlaryň (ata-eneleriň, mugallymlaryň we beýlekileriň) degerli kömegi aýgytlaýjy rol oýnaýar.

Ymtylmalar dürli psihologik görnüşlerde bolup bilýärler.

Niýetler bilen bir hatarda adamyň ymtylmalarynyň takyk görnüşine arzuw degişli bolup, ol fantaziýa boýunça döredilen, adamy geljegiň gutarnykly keşbini göz öňüne getirmäge ugrukdyrýan we oňa güýç goşýan hakykatyň keşbi-obrazydyr. Ymtylmalara hyjuwlar-da degişli bolup, olar özünde adatdan daşary güýji bolan, adamyň işinde ähmiýetli obýekte dahyly bolmadyk ähli zatlary yzky orna geçirýän we uzak wagtyň dowamynda adamyň pikirini we hereketini kesgitleýän islegleri şöhlelendirýän motiwlerdir. Kanagatlandyrylmadyk hyjuw güýçli, gazaply emosiýalary, duýgulary döredýär. Ymtylmalara matlap-ideallar hem degişli bolup, olar şahsyýetiň özüňi alyp barşyň nusgasy hökmünde kabul eden mysaly zatlara öýkünmeklige ýa-da eýermeklige bolan islegleridir.

Niýetler, arzuwlar, hyjuwlar, ideallar we şahsyýetiň beýleki ymtylmalary özleriniň takyk mazmunlary boýunça psihologiki we amaly taýdan häsiýetlendirilýärler. Arzuwlar, hyjuwlar, ideallar, niýetler ýokary we pes görnüşli bolup, şoňa degişlilikde adamlaryň we jemgyýetiň durmuşynda dürli rol oýnaýarlar. Bu babatda özüňi alyp barşyň nusgasy hökmünde Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlaryny, meşhur alymlary we ş.m. göz öňünde tutýan ýaş nesliň idealyny we öýkünmekligiň nussgasy hökmünde modadaky radio-, fotoapparaturalary saýlap alýan ýaşlaryň idealyny deňeşdirmek ýeterlikdir. Olaryň ideallary şahsyýetiň häsiýetnamasy üçin deň ähmiýetli bolsa-da, mazmunlary boýunça düýpgöter tapawutlanýar. Mazmuny boýunça adamyň belent ymtylmalaryny döredýän islegleri saýlap almak we olary kemala getirmek terbiýäniň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar.

Ýokarda agzalan motiwleriň ählisi (höwesler, ynançlar, ymtylmalar) özleriniň aňlanylan häsiýeti bilen tapawutlanýarlar. Başgaça aýdanyňda, bu motiwler ýüze çykanda adam özüni işe nämäniň ugrukdyrýanlygyny, isleginiň mazmunynyň nämeden ybaratdygyny bilýär. Emma motiwleriň ählisi bu kategoriýa girmeýärler. Adamyň hereketleriniň, özüni alyp barşynyň motiwleriniň möhüm bölümini aňlanylmaýan meýiller düzýär.

Şahsyýetiň bu aýratynlygyny öwrenmäge psihologiýa täze döwürde girişdi.

**Aňlanylmaýan motiw-meýiller**

Işiň aňlanylmaýan psihiki ugrukdyryjylarynyň arasynda has öwrenileni gönükdirilme-ustanowkadyr, bu mesele esasan nemes psihology Marbe we gruzin psihology D.N.Uznadze we onuň okuwçylary tarapyndan öwrenilendir.

Aňlanylmaýan gönükdirilmeklik – kesgitli bir usul boýunça akyl ýetiriş islegi kanagatlandyrmaklyga bolan taýýarlykdyr. Bu hadysanyň barlygy we onuň kanunlary şeýle eksperimental usulyň usti bilen ýüze çykarylýar. Synag edilýän adamda eksperimentde teklip edilýän tabşyrygy çözmeklige akyl ýetiriş islegi döredilýär. Meselem, oňa birnäçe gezek yzly-yzyna (10-15 gezek) görmezden, sermelemek arkaly iki sany deň bolmadyk (biri uly, beýlekisi kiçi) şary deňeşdirmek tabşyrylýar. Birnäçe gezek ýerine ýetirilişden soň şarlar iki sany deň görnüşi bilen çalşyrylýar. Bu ahyrky deňeşdirmede, tejribäniň aýgytlaýjy bölüminde, synag edilýän adamda şarlaryň deň däldigi barada illýuziýa (aldanma) döreýär; munuň sebäbi – deň şarlaryň deňeşdirilmesiniň deň däl şarlary kabul etmeklige subýektiw garaşmak islegi esasynda geçirilýänligindedir.

D.N.Uznadze gönükdirilmäniň merkezi nerw ulgamynda ýüze çykyp, onuň periferiýa-aýakujy bölüminiň önümi däldigini subut etdi. Bu ýagdaý şeýle tejribede anyklanýar. Synag edilýäniň sag eline yzygiderlikde ilki uly şar, soňra bolsa kiçi şar berilýär. Bu 10–15 gezek gaýtalanýar. Tejribäniň tamamlaýjy bölüminde synalýanyň çep eline yzygiderlikde deň şarlar berilýär. Netijede, ilýuziýa öňki synaglarda gatnaşmadyk çep elde hem döreýär. Meňzeş faktlar görüş zolagynda hem alynýar. Çep gözde iki sany deň bolmadyk obýektleri kabul etmeklige döredilen gönükdirilme sag gözde hem ýüze çykýar we ş.m. Bu tejribeler gönükdirilmäniň tutuş şahsyýetiň işiniň aýratynlygydygyny görkezýär. Gönükdirilme ýagdaýlarynyň gaýtalanmagy netijesinde adamda onuň özüne bilniksizden, onuň köp derejede durmuş ornuny kesgitleýän "berkleşen gönükdirilmäniň " toplumy emele gelýär.

Psihologiýa ylmy jemgyýetçilik durmuşda D.N.Uznadzäniň ýüze çykaran faktlaryna meňzeş şahsyýetiň özüni alyp baryş

fgörnüşlerini ýüze çykarýar. Meselem, birinji synp okuwçylarynyň mugallymyň her bir ýumuşyna, onuň islendik, hatda beýleki adamlarda garşylyk döretjek hereketine-de, diňe makullamak äheňdäki gönükdirilmesi muňa mysal bolup biler.

Käbir adamlarda duş gelýän buhgalterlere guraksy, äwmezek adamlar, alymlara kelew, nalajedeýin, söwda işgärlerine peýdakeş, alaryny bilse hiç zatdan gaýtmaýan we ş.m. hökmünde seretmekligi hem gönükdirilme bilen düşündirilýär. Bu gönükdirilmeleriň mazmuny howul-halatlyk ýa-da adamyň şahsy tejribesindäki käbir faktlardan howlukmaç, anyklanmadyk pikir jemlemeleriň netijesi bolup, köplenç ýagdaýda bolsa adamyň pikirlenmäniň stereotiplerini – belli bir jemgyýetçilik toparda kabul edilen standart pikir ýöretmeleri tankydy çemeleşmezden özleşdirmeginiň netijesidir.

Jemgyýetçilik durmuşyň dürli faktlaryna (wakalar, adamlar we ş.m.) degişlilikde gönükdirilme oňyn (meselem, lukmanyň ähli görkezmesini döwtalap we doly berjaý edýän nähoşuň umuman medisina we özüni bejerýän doktora bolan oňyn gatnaşygyndan gelip çykýan gönükdirilmesi) we netikazalyk häsiýetli oňyndäl bolup biler. Jynsparazlaryň özlerini alyp barşyna we pikirlenmegine mahsus bolan negrlere ýekirme-diskriminasiýa häsiýetde seretmek, olaryň ruhy häsiýetlerine, akyl ukyplaryna kembaha garamak, olara göýä “jyns taýdan agressiw” hökmünde seretmek we ş.m. netikazalyk bilen düşündirilýär. Bu ýagdaýda jynsparaz, adatça, öz netikazalygyny aňlaman, özüni alyp barşyny anyk faktlary özüniň obýektiw we özbaşdak bahalandyrmagynyň hetijesi hasaplaýar. Kähalatlarda bu aňlanylmaýan gönükdirilme (netikazalyk) haýsy-da bolsa bir aç-açan fakt bilen (meselem, negr öz janyna howply ýagdaýda jynsparazyň çagasyny ölümden halas edýär) çapraz gelýär: emma bu ýagdaý jynsparazyň bütin negrlere garşy döredilen gönükdirilmäniň üýtgemegine esas bolup bilmeýär (çaganyň halas edilmegi diňe tötänlik hasaplanýar).

Gönükdirilmeler belli bir derejede aňlanylmaýan häsiýetde bolýarlar. Käbir ýagdaýlarda şahsyýetiň aňlanylmaýan gönükdirilmesi degişli şertler dörände, adam öz pikirine gaýtadan

seretmeli bolanda, ynanç hökmünde, işiň doly aňlanylan motiwi häsiýetde ýüze çykýar.

Ýokarda görkezilen gönükdirilmäniň aýratyn birgörnüşi topar içindäki yrylmaklyk (şahsyýetiň toparyň pikiri bilen döredilýän aňlanylmaýan gönükdirilmesi) bolup durýar. Adamlaryň yrylmaklyk häsiýeti dürli derejede bolup, käbirlerinde örän ýokary bolsa, beýleki birini yrmak asla başartmaýar. Yrylmaklyk derejesi ýörite eksperimentde ýüze çykarylýar. Synag edilýänler ilki sagatsyz bir minudyň dowamlylygyny ýatdan, içinden sekundlary sanamak arkaly ölçemeklige türgenleşýärler. Tiz wagtdan olar bir minudy 5 sekund takyklykda kesgitlemekligi öwrenýärler. Şondan soň synalýanlary ýörite eksperimental kabinalara ýerleşdirip, minudyň dowamlylygyny kesgitlemekligi we bir minut geçdigi knopkany basyp eksperimentatora habar bermekligi tabşyrýarlar (olar eksperimentatoryň ýanyndaky pultda we ähli kabinalarda knopka basylanda lampoçkanyň ýanýanlygyny bilýärler). Tejribe wagtynda eksperimentator ähli kabinalara göýä beýleki kabinalardaky synalýanlardan gelýän ýaly ýalan signal berip bilýär (meselem, 35 sekund geçip-geçmänkä bir minut geçdi diýip habar bermek) we kimiň bu signala esaslanyp yrylmaklygyň täsirinde öz knopkasyny ynanjaňlyk bilen basýanlygyna, kime onuň täsir etmänligine göz ýetirip bilýär ("dildüwüşikli topar" usuly). Synalýanlaryň yrylmak derejesini olaryň minudyň dowamlylygyny türgenleşik wagtynda kesgitleýşi bilen eksperiment wagtyndaky ýalan signalyň täsirine görä kesgitleýşiniň tapawudyndan getirip çykarmak mümkin.

Minudyň dowamlylygyny kesgitlemek ýaly gös-göni ähmiýetsiz ýumuşda her bir synalýanyň yrylmak derejesini anyklandan soň eksperimentator bu synagyň netijesini synag edilýänlere ähmiýetli täsirler edilende ýüze çykýan aýratynlyk bilen deňeşdirýär. Meselem, şeýle öwrenilişe kollektiwiň berýän bahasynyň şahsyýetiň öz häsiýetlerine (agraslyk, durnuklylyk we ş.m.) baha berşine edýän täsirini öwrenmek mysal bolup biler. Birinji we ikinji eksperimentde minudyň dowamlylygyny kesgitlemekde yrylmaga ýykgyn edýänler we şahsyýetiň ähmiýetli häsiýetlerini bahalandyranlarynda hem yrylmaklygy ýüze çykarýarlar.

“Yrylmak” düşünjesi bilen (meselem, topar içindäki yrylmak) bir hatarda psihologik we sosiologik edebiýatda, esasan hem daşary ýurt edebiýatynda “konformizm” düşünjesi-de ulanylýar. Ol iki manyda ulanylýar. Birinjiden, adamyň öz şahsyýeti bilen hiç bir hili konfliktsiz topar bilen içki we daşky taýdan ylalaşmagy. Bu ýagdaýda konformizm topar içindäki yrylmak düşünjesine ýakynlaşýar. Ikinjiden, topar bilen diňe daşky taýdan ylalaşyp, oňa tabyn bolup, içki taýdan onuň bilen ylalaşmazlyk; başgaça aýdanyňda haýsy-da bolsa aýratyn motiwleriň täsirinde adamyň edilýän talaba gös – göni uýgunlaşmaklyga ýykgyn etmekligi. Şeýle konformizmi ýüze çykarýan adam kesgitli pozisiýa tutman, ýekelikde galmazlyk üçin, köpçüligiň öňünde biabraý bolmajak bolup öz ynançlaryndan ýeňillik bilen dänýär. (Muňa G.H.Anderseniň “Ýalaňaç korol” ertekisinde köşk adamlarynyň özüni alyp barşy mysal bolup biler.). Emma adamyň islendik topar bilen ylalaşmagyny konformizm hasaplamak bolmaz. Konformizmiň gapma – garşylykly häsiýeti kollektiwizm bolup, ol şahsyýetiň kollektiwiň maksady bilen aňly – başly ylalaşykly bolmagydyr. Şonuň üçin iki adam tarapyndan edilýän şol bir hereket olaryň birine degişlilikde konformizm, beýlekisi dogrusynda bolsa kollektiwizm hökmünde seredilip bilner. Ýaşlar guramasynyň ýygnagynda birnäçe okuwçy möhüm mesele kabul edilende, meseläniň kollektiwiň işi üçin möhüm ähmiýetine göz ýetirip el galdyrýan bolsa (şonuň bilen birlikde kollektiwizm häsiýetini ýüze çykaryp), başga birnäçesi bolsa beýlekiler el galdyrany üçin galdyrýarlar (bu yrylmakdyr), galyberse-de okuwçylaryň ýene-de birnäçesiniň kollektiwiň bähbidine biagrylykly ýa-da gapma-garşylykly garasa-da, ýekelikde galmazlyk, göze ilmezlik üçin el galdyrmaklary mümkindir (bu konform häsiýetdir).

Konformizm bilen kollektiwizmiň tapawudy “dildüwşükli topar” usulyny ulanyp synag edilýäne göýä “kollektiwiň adyndan” kollektiwde kabul edilen ähmiýetli ugrukmalardan (işiň maksadyndan, ideallardan we ş.m.) ýüz öwürmeklik talap edilýän eksperimentde has aýdyň ýüze çykýar. Bu ýagdaýda kollektiwist hatda “dildüwşikli toparyň” täsiri bolsa-da kollektiwleýin ähmiýetli ugrukmalardan ýüz öwürmeýär we özüniň “kollektiw bilen agzalalygyny” konflikt hökmünde kabul edýär. Konformist bolsa

kollektiwiň ideallaryndan edil mundan öň olary goldaýşy ýaly ýeňillik bilen ýüz öwürýär.

Işiň aňlanylmaýan ugrukdyryjylaryna meýiller degişlidir. Meýiller işiň ugrukdyryjysy hökmünde differensirlenmedik, ýeterlik aňlanylmadyk islegdir. Subýektiw nukdaýdan meýil ýagdaýynda bolan adama onuň höwesini obýektiň haýsy tarapynyň çekýändigi, bu meýil arkaly ugrukdyrylan işiň motiwiniň nämedigi doly belli bolmaýar. Şeýle psihiki ýagdaý çalt duş gelýän-de bolsa ol geldi-geçer, pursatlaýyndyr – onuň düzüminde bolan isleg ýa-ha ýitýär, ýa-da aňlanylýan ymtylmalara (hyjuw, niýet we arzuw we ş.m.) öwrülýär. Aýdyňlaşdyrylmadyk meýiller jahyllyk döwrüne mahsus bolup, olar geljekki ymtylmalaryň alamatydyr.

Awstriýaly psiholog Z.Freýd ilkinjileriň biri bolup meýilleri öwrenmäge girişip,
adamda aňlanylmaýan meýilleriň aňasty zolakdan adamyň iş-gatnaşyklaryny dolandyrýanlygyny, konflikt, müýnlilik döredip biljek meýeilleriň aňasty zolaga gysylyp çykarylyp, eger-de olar psihoterapewtiň kömegi bilen aň derejesine galdyrylmasa newroz ýaly psihiki sökülleri döredýänligini anyklaýar.

Eýsem meýiller watan psihologiýasynda nähili düşündirilýär? Meýil adamyň özüni alyp barşynyň motiwleriniň döreýiş tapgyrydyr; meýilleriň aňlanylmaýan häsiýetli wagtlaýyn bolup, bu häsiýet işiň dürli görnüşlerinde jemgyýetçilik täsiri astynda döreýär. Meýiller işiň aşaky derejedäki ygrukdyryjysy bolup, olar öz aýgytlaýjy roluny motiwleriň döreýşiniň başlangyç tapgyrlarynda saklap, soňra ornuny, adatça, aňlanylan motiwlere berýär.

Ýokarda seredilen işiň aňlanylan we aňlanylmaýan ugrukdyryjylary bitewilikde şahsyýetiň özüni alyp barşynyň motiwasiýasyny düzmek bilen, adamyň jemgyýetçilik durmuşynyň taryhy şertlerinde ýaşamaklygy we ösmekligi bilen döreýän islegleriniň ýüze çykyşydyr. Özüňi alyp barşyň motiwasiýasynda aýgytlaýjy rol aňlanylan isleglere degişlidir.

**Şahsyýetiň üstünlige ymtylyşy**

Mazmun tarapyndan seredilende, aňlanylan motiwler şahsyýetiň maksadyny aňladýar. Adamyň islegini kanagatlandyryp biljek obýekt onuň aňynda maksat hökmünde ýüze çykýar.

**derejesi.** Islegiň obýektini maksat hökmünde aňlamak bilen adam şahsy maksatlaryny kollektiwiň, jemgyýetiň maksady bilen baglanyşdyrýar we öz maksadynyň mazmunyna zerur üýtgeşmeleri girizýär. Haçan-da maksat diňe bir adamyň işiniň netijesini ideal(işiň geljekki netijesi hökmünde) görnüşde öňünden göz öňüne getirmek häsiýetde aňlanylman, eýsem bu maksadyň ähmiýetli obýektde real amala aşyrylmagy-da aňlanylanda ol şahsyýetiň perspektiwasy hökmünde seredilýär. Oňat taýýarlykly, mugallymçylyk instituta girmäge synanýan ýaş ýigit, synaglaryň ilkinjisinde özüniň arzuwynyň hasyl boljakdygyna göz ýetirmek bilen, özüniň institutdaky okuwyna diňe maksat hökmünde däl-de, real perspektiwa hökmünde seredýär. Dalaşgärleriň synagda özüni alyp barşyndaky tapawutlylyk köp derejede şeýle perspektiwanyň barlygy ýa-da ýoklugy bilen düşündirilýär. Perspektiwanyň barlygy synagda berilýän jogabyň has ynamly bolmagyna, dalaşgärle özüni erkin duýmaga kömek edýär, çünki onuň höwesleri synagyň goýýan talaplarynyň çäginden has giňişleýin bolup, fakultetiň okuw meýilnamasy, mugallymlar – professorlardüzümi, gutarandan soňra işe ýerleşmek mümkinçilikleri we ş.m. bilen gyzyklanmaklyga uzap gidýär.

Eger-de adam üçin gysga wagtlaýyn däl-de, durnukly ähmiýetli obýektler göz öňünde tutulsa, onda şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesi onuň perspektiwasynyň häsiýetine bagly bolýar. A.S.Makarenkonyň ýazyşyna görä: “Özüni alyp barşyny gysga perspektiwa boýunça kesgitleýän adam iň bir gowşak adamdyr. Eger-de ol diňe öz hususy, hat-da uzak perspektiwasy bilen kanagatlanýan bolsa, ol güýçli ýaly bolup görünse-de, bizde şahsyýetiň gözelligini, onuň hakyky gymmatlylyk duýgusyny döredip bilmeýär. Şahsy perspektiwasy giňişleýin kollektiwiň perspektiwasy bolup durýan adam şonça-da gözel we belentdir”[1].

Şunuň bilen baglanyşykda kollektiw bilen, şol bir wagtyň özünde aýry okuwçy bilen iş salyşýan pedagogyň bu babatda wezipesi – bar bolan perspektiwany ulanyp, kem-kemden onuň has

---

[1] Makarenko A.S.Soç, t.v.M.,Iz – wo APN RSFSR, 1958, 74-nji sah.

gymmatly görnüşlerine daýanyp, täze perspektiwany döretmekden ybaratdyr.

Şahsyýetiň perspektiwa göz ýetirmek esasynda ýüze çykýan ýagdaýynyň gapma-garşylykly ýagdaýy f r u s t r a s i ý a d y r. Frustrasiýa haçan-da adam öz maksadyna ymtylýan ýolunda päsgelçiliklere gabat gelen ýagdaýynda ýüze çykýar. Bu päsgelçilikler hakykatdan-da ýeňip geçip bolmajak ýa-da şahsyýetiň pikirine görä eýgertmejek häsiýetde kabul edilýär.

Ýüze çykan frustrasiýa şahsyýetiň özüni alyp barşynda dürli üýtgeşmelere getirýär. Bu kähalatlarda göni hüjüm edijilik, agressiw häsiýetde bolup, kähalatlarda bolsa diňe bir päsgelçilik döreden wakalara, adamlara däl-de, eýsem ähli daşyny gurşap alan zatlara gödeklik, ajysyny pürkmek ýaly häsiýetde ýüze çykýar. Frustrasiýanyň şeýle ýagdaýy L.Tolstoý tarapyndan awtobiografiki "Çagalyk", "Ýetginjeklik", "Ýaşlyk" trilogiýasynda Nikolenkanyň ganara salynýan epizodynda ussatlyk bilen beýan edilipdir: "Bu minutda men gazaply bolara çemelim, çünki St – Ierome nazaryny gizläp çalt ýanyma geldi-de, elime ýapyşdy; ýöne onuň eliniň galtaşanlygyny duýanymdan gazabym çenda – çakda durmady, özümi unudyp, elimi çekip aldym-da ähli çaga güýjümi jemläp ony ýelmedim. Bu hereketimi gören Wolodýa ýanyma gelip, haýran galyp gürledi.

– Saňa näme bolýar?

– Maňa azar bermäň – diýip, gözýaşymyň arasyndan oňa gygyrdym. – Siziň hiç biriňiz meni halaňzok, meniň şeýle betbagtdygyma hiç kim düşünenok! Siziň hemmäňiz ýigrenji – diýip, haýsydyr bir ganygyzgynlyk bilen ähli jemgyýete gygyrdym"[1].

Kä wagtlar frustrasiýa adamyň fantaziýasynyň çäginde galýan agressiýanyň döremegine getirýär. Göwnüne degilen adam ar almaklygy hyýalynda ýöretse-de, hiç hili real hereket etmeýär. Kähalatlarda frustrasiýa öz-özüniň garşysyna gönükdirilen agressiýanyň hasabyna çözülýär: hut şol Nikolenka Irteneýew ýokarda getirilen epizodyň ahyrynda frustrasiýany şeýle başdan geçirýär:

---

[1] T o l s t o ý L.N. Sobr. Soç., t. I. Detstwo. Otroçestwo. Ýunost. M.,Goslitizdat, 1960, 168 – 169 – nji sah.

“Gulagymyň çydamsyz agyrmagyna garamazdan, men aglamaýardym, gaýtam ýakymly ahlak duýgusyny syzýardym. Kakam gulagymy goýberen badyna, onuň eline ýapyşyp, ýetişibildigimden ogşap başladym.

– Meni ýene-de uruň, dözümliräk, agyrdyp uruň, men dereksiz, men ýigrenji, men betbagt adam! – diýip, gözýaşyň arasyndan aýtdym”.

Galyberse-de frustrasiýanyň ýene-de bir gutaryşy – ol hem bolsa şahsyýetiň päsgelçilik sebäpli saklanan (ýa-da onuň pikiriçe şeýle bolan) işi, başga has oňaýly, perspektiwaly (ýa-da onuň pikiri boýunça şeýle) iş bilen çalşyrmakdyr. Eger-de ýene bir gezek L.N.Tolstoýyň trilogiýasyna ýüzlensek, frustrasiýa bilen baglanyşykly şahsyýetiň konfliktleriniň bu görnüşi baş gahrymanyň şeýle boýun almasynda ýüze çykýar: “Men dogabitdi utanjaňdym, üstesine-de öz gelşiksizligime gözüm ýetensoň bu utanjaňlyk has-da güýçlüdi…Men diýseň özümi gowy görýärdim. Öz gözgyny ýagdaýyma öwrenişmek üçin özümi köşeşdirýärdim, tilki ýaly, üzüm entek bişmändir diýip özümi ynandyrýardym, başgaça – daşky owadanlyk bilen baglanyşykly ähli lezzeti ýigrenjeňlige çalyşýardym, gözümiň öňünde bu lezzetiň hözirini görýän Wolodya çensiz bahyllyk edýärdim we özümiň ähli oý-pikirimi tekepbir ýekeligimden lezzet tapmaklyga gönükdirýärdim”[2].

Çalt gaýtalanýan frustrasiýa ýagdaýy şahsyýetde degişli häsiýetleri döredip biler: käbirlerinde biagyrylyk, äwmezlik, ugurtapyjylygyň bolmazlygy bolsa, beýlekiler-de agressiwlik, bahylçylyk, zannyýamanlyk we ş.m. Päsgelçilik sebäpli togtadylan ýetginjegiň ýa-da çaganyň işini onuň üçin amatly ugurlara üýtgetmek, olaryň durmuşyna aýgytly gatyşmak ýa-da haýsy-da bolsa bir obýektiw üýtgetmeler arkaly ýa-da bolmasa olaryň päsgelçilikler barada düşünjeleriniň hyýalydygyny düşündirmek arkaly, mümkin boldugyça päsgelçilikleri aýyrmak, iň esasysy hem, şahsyýet üçin perspektiwa döretmek – bularyň ählisi terbiýeçiniň

[2] TolstoýL.N.Sobr.soç., t. I. Detstwo. Otroçestwo. Ýunost. M.,Ioslitizdat, 1960, 145 – nji sah.

pedagogik salyhatlylygynyň zerur görnüşleridir. Diňe şeýle usul bilen şahsyýet üçin hupbatly frustrasiýalary ýeňip geçmek mümkin.

Adamyň durmuşynda perspektiwanyň we frustrasiýanyň oýnaýan roluny anyklamak üçin işdäki üstünligiň ýa-da şowsuzlygyň şahsyýete bolan ähmiýetini ýüze çykarmak zerurdyr. Öňki tejribede bolan üstünligiň ýa-da şowsuzlygyň şahsyýete edýan täsirini öwrenmeklik şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesini derňemek ady bilen häzirki zaman psihologiýasynda giňden ýaýrandyr.

Şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesi, onuň özi üçin ähmiýetli obýektlerden nähili kyn ya-d a ýeňil maksady saýlap alýanlygy bilen kesgitlenýär. Şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesi göräýmäge ýönekeý faktoryň täsiri netijesinde kesgitlenýär: adam üstünlik gazanmaga ymtylýar (ýagny dörän islegi mümkingadar gowy kanagatlandyrmaga çalyşýar) we şowsuzlykdan (islegiň kanagatlandyrylmazlygyndan) gaçýar. Bu ýagdaý şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesiniň çäkli möçberini kesgitleýär, ony takyk ölçemek hem bolýar. Meselem, sport bilen ýaňyrak meşgul bolup başlan ýeňil atletikaçy 1 m. 70 sm. belentlikdäki plankadan bökende hiç hili şowsuzlyk duýmaýar, sebäbi entek rekord belentlige bökmekligi ol maksat edinmeýär, beýleki adamlar-da ondan bu netijä garaşmaýar. Edil şonuň ýaly-da eger ol 1 m. 10 sm. belentlikden bökende oňa şatlanyp durmaýar, sebäbi maksada bu ýerde ýeňillik bilen ýetilýär. Emma böküş belentligini kem-kemden galdyryp, türgenden haýsy belentligiň onuň üçin has ähmiýetlidigini sorap, bu baradaky şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesini kesgitlemek mümkin. Bu ýönekeýje mysalyň görkezişi boýunça şahsyýet özüniň üstünlige ymtylyş derejesini özüne belli bir perspektiwany saklamak üçin örän kyn we örän ýeňil mysallaryň we maksatlaryň arasynda kesgitleýär.

Üstünlige ymtylyş derejesi diňe bir üstünligi ýa-da şowsuzlygy öňünden görmeklik bilen kesgitlenmän, eýsem öňki tejribelerdäki üstünligi ýa-da şowsuzlygy aýdyň ýa-da bolmasa ähtimal aňlamaklygyň netijesinde döreýär.

Üstünlige ymtylyş derejäniň kemala gelşine okuwçynyň okuw işinde, gurnakda temalary, jemgyýetçilik tabşyryklaryny saýlap alanynda we ş. m. göz ýetirmek bolýar.

Daşary ýurtly bir psihologyň derňewinde görkezilişine görä synag edilýänleriň arasynda käbirleri ýumuşy bitirmekde töwekgellik etmeli ýeri gelende üstünlige ymtylmaga däl-de, şowsuzlykdan gaçmaga ýykgyn edýärler. Synag prosesinde ýumuşlary kynçylyk derejesi boýunça saýlap almaly bolanlarynda olar iň ýeňillerini ýa-da iň kynlaryny saýlaýarlar. Birinji ýagdaýda olar hiç bir hili şowsuzlygyň bolmajaklygyndan ugur alsalar (töwekgellik ýok diýen ýaly), ikinjiden, şowsuzlyk ýumuşyň iňňän kynlygy bilen kepillendirilýär. Bu ýagdaýda öz-özüňe göwnüýetijilik kemsidilmeýär we frustrasiýa döremeýär.

Şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesini, perspektiwasyny kollektiwiň maksadyna we wezipesine utgaşyklylykda öwrenmek adamyň özüni alyp barşynyň motiwasiýasyna çuň düşünmekde, şahsyýetiň möhüm häsiýetlerini kemala getirýän ýörite çäreleri guramakda uly ähmiýete eýedir. Bir şertlerde pedagog üçin möhüm wezipe şahsyýetiň üstünlige ymtylyş derejesini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar: okuwçy öz mümkinçiliklerine örän pes baha berýär, bu bolsa onda üstünlige bolan ynamyň gutarnykly ýitmegine getirýär. Gaýtalanýan şowsuzlyklar agyr emosional gazaplanmalar, konfliktler bilen ytgaşýan öz-özüňe bolan bahanyň peselmegine getirip, okuwçy ähli zada "elini salgaýar". Şeýle okuwçynyň familiýasynyň gabadynda žurnalda yzygider "ikilik" goýýan mugallym, göräýmäge onuň bilimlerine dogry baha berýän-de bolsa, bu ýagdaý bilen öwrenişen okuwçynyň psihologiýasyny ünssüz galdyryp uly ýalňyşlyk goýberýär.

Üstünlige ymtylyş derejäni ýokarlandyrmagyň ýollary dürli-dürli bolup ol okuwçylaryň şahsyýetiniň aýratynlygyna, frustrasiýanyň häsiýetine, pedagogyň real mümkinçiligine we ş.m . bagly bolýar. Bu ýerde mugallymyň we synp kollektiwiniň gös-göni kömek bermekligi, şahsyýet üçin perspektiwa döretmeklik ýaly dürli usullar ulanyp bilner. Bu perspektiwalar ilki frustrasiýanyň dörän ugrundan başga bir ugurda döredilip, gazanylan işjeňligi soňra şahsyýetiň üstünlige ymtylyşy ýokarlandyrýan ugurda ulanmak arkaly onda öz-özüňe dogry baha bermekligi gazanmak mümkin. Adamyň şahsyýetine ähtibarly çemeleşmek, onuň perspektiwasyna

paýhasly – optimistik garamaklyk, pedagoga okuwçylar we mugallymlar kollektiwiniň kömegine daýanyp, çagalarda we ýetginjeklerde öz-özüňi hormatlamak we öz mümkinçiliklerińe ynamly ýoly strategiýasyny kemala getirmäge mümkinçilik berýär. Başga birnäçe häsiýetler bilen bir hatarda terbiýäniň gumanizm-ynsanperwer ulgamy hut şunda ýüze çykýar. Başga bir ýagdaýlarda pedagog üçin çaganyň ýa-da ýetginjegiň üstünlige ymtylyş derejesini belli bir derejede peseltmek möhüm bolup durýar. Bu zerurlyk aýratynam çaganyň ýa-da ýetginjegiň öňde goýýan wezipeleri real ýagdaýa laýyk bolmadyk ýagdaýynda, okuwçynyň öz mümkinçiliklerine baha berşi örän ýokary bolup, onda badyhowalyk, özbolusly "artykmaçlyk kompleksi" we ş.m. dörände ýüze çykýar. Bu zerurlyk diňe bir şeýle okuwçynyň kollektiwden bada-bat gaýtawul alýanlygy (oňa öwünjeň diýip baha berilmegi) bilen döremän, onuň özüne has ýokary baha bermekliginiň real şowsuzlyklara uçrap, ýiti emosional konfliktleri döredýänligi bilen düşündirilýär. Köplenç okuwçy özüni mahabatlandyrmak bilen gabat gelýän şahsy şowsuzlyklary inkär etmäge çalşyp, keçjallyk, ynjyklyk edýär, özüni göýä hemme zatdan hoşal ýaly alyp barýar ýa-da şowsuzlygyny kim-de biriniň ýörite öz garşysyna gitmekliginiň netijesi hasaplap, müňkür, gahar – gazaply häsiýetleri ýüze çykarýar. Yzygider gaýtalanmagyň netijesinde bu psihiki ýagdaý şahsyýetiň durnukly häsiýetine öwrülýär.

Ýetginjeklik we irki jahyllyk döwründe öz-özüňe baha bermeklik meselesi, olarda gün – günden güýçlenýän öz-züňi terbiýelemeklige we öz-özüňe akyl ýetirmeklige ymtylyş döreýänligi sebäpli iňňän möhümdir. Ýaş adamyň şahsyýetiniň maksatlaryna, perspektiwalaryna, frustrasiýalaryna we üstünlige ymtylyş derejesine üns bermek, mugallymyň bu psihologik faktorlary öz pedagogik işinde göz öňünde tutmagy, orta mekdebiň ýokary synplarynda indiwidual çemeleşmekligiň zerur şertidir.

## § 4. Şahsyýetiň kemala getirilişi

Şahsyýet – munuň özi adamyň jemgyýetçilik, anyk – taryhy şertlerde, okatmaklyk we terbiýe bermek prosesinde kemala getirilişiniň netijesidir. Eýsem şahsyýetiň ösüşiniň, şonuň bilen birlikde ähli psihiki häsiýetleriniň we prosesleriniň hereketlendiriji güýji näme?

**Şahsyýetiň ösüşiniň hereketlendiriji güýçleri**

Psihologiýanyň taryhynda bu meseläniň çözlüşinde iki ugur bolup, olar şahsyýetiň psihiki ösüşiniň biogenetik we sosiogenetik taglymatlary atlandyrylýar. Biogenetik nazaryýet adamyň şahsyýetiniň ösüşini biologik, esasan, nesle gejijilik faktory bilen düşündirýär. Şonuň üçin bu nukdaýnazardan şahsyýetiň ösüşi özakymly, duýdansyz häsiýetde bolýar.

Biogenetikleriň pikiriçe, adam tebigatdan diňe bir emosional reaksiýalaryň geçiş aýratynlyklaryny, hereketleriň depginini nesil üsti bilen alman, eýsem belli bir motiwleriň kompleksini-de alýar (käbirleriniň jenaýatçylyga ýykgyn etmekligi, başga birleriniň administratiw işde üstünlige ymtylmagy we beýlekiler). Tebigat psihiki işiň diňe görnüşini däl-de, onuň mazmunyny-da programmirlemek bilen, psihiki ösüşiň tapgyrlarynyň döreýiş yzygiderligini-de kesgitleýär. Biogenetik nazaryýet adamyň şahsyýetini öz işjeňligi bolmadyk biologik faktorlaryň gös-göni täsiriniň netijesi hökmünde suratlandyrmak bilen, mugallymy-da şahsyýetiň öňünden kesgitlenen häsiýetleriniň hökmany döreýşiniň passiw şaýadyna öwürýär.

Bu pikire görä çaganyň ýalançy, diňe özüni bilýän bolmagy üçin bu tebigy güýçler öz energiýasyny ýitirmänkä çaga diňe aldamaklyga, husytlyga rugsat etmek ýeterlik hasaplanýar; bu prosesde pedagoglaryň roly diňe öňünden kesgitlenen häsiýetleriň ýüze çykmagyna hemaýat ýa-da päsgel bermek bilen çäklendirilýär.

Sosiogenetik nazaryýet şahsyýetiň ösüşini ony gurşap alýan sosial gurşawyň gös-göni täsirinden getirip çykarýar; olaryň pikiriçe adam “gurşawyň suratydyr”. Sosiogenetikler, edil

biogenetikler ýaly, kämilleşýän adamyň öz hususy işjeňligini inkär edýärler we oňa diňe daşky şertlere uýgunlaşýan passiw ýaşaýjy hökmünde seredýärler. Eger sosiogenetik nazaryýet makullansa, onda şol bir sosial gurşawda kähalatlarda düýbünden başga häsiýetli adamlaryň döreýänligi düşnüksiz bolup galýar.

Şeýlelikde, biogenetik we sosiogenetik nazaryýetler şahsyýetiň psihiki ösüşiniň kanunlaryny düşündirmäge ukypsyzdyr. Olaryň ikiside psihiki ösüşiň hereketlendiriji güýçlerini ýüze çykaryp bilmeýärler. Ony nemes psihology W.Şterniň teklip eden mehaniki özara täsir ýa-da iki faktoryň konwergensiýasy (gurşawyň we nesliň) taglymaty-da çözüp bilmeýär. Bu taglymatda hem ösüşiň iki nazaryýetiniň ýalňyşlary düzedilmän, gaýtam goşalanýar. Şahsyýetiň bu ösüş nazaryýetleriniň nädogrulygy bu ösüşde nesliň ýa-da gurşawyň roluny ykrar edilýändiginde däl-de, şahsyýete täsir edýän dürli faktorlaryň mehanistik nukdaýda düşündirilip, şahsyýetiň "oýnawaç" hökmünde diňe daşky güýçleriň gönükdirilen nokady manysynda seredilmegindedir. Şeýlelikde, şahsyýet işjeňliklikden mahrum bolýar.

Şahsyýetiň ösüşini hereketlendiriji güýçler taglymatyna dialektiki çemeleşiş ilki bilen içki garşylyklary ýüze çykarmaklykdan ugur alýar; bu garşylyklaryň çözlüşi ösüşde pes gurluşlaryň (ýönekeý) ýokary (çylşyrymly) gurluşa geçmekligini üpjün edýär. Şahsyýetiň işjeňligi adamy işe ugrukdyrýan aňlanylýan we aňlanylmaýan motiwleriň, islegleriň çylşyrymly ulgamynyň toplumy boýunça döreýär. Emma islegleriň kanagatlandyryş prosesi içki tarapdan gapma-garşylykly prosesdir. Adatça, islegler dörän badyna kanagatlandyrylmaýar. Olaryň kanagatlandyrylmagy üçin maddy serişdeler, şahsyýetiň işe taýýarlygy, bilimler, başarnyklar we ş.m. zerurdyr.

Şahsyýetiň psihiki ösüşiniň hereketlendiriji güýçleri adamyň işde üýtgeýän isleginiň we olary kanagatlandyrmaga bolan real mümkinçilikleriň arasyndaky garşylykda ýüze çykýar. Meselem, bir ýaşly çaga özüniň uly adamlar bilen sözleşmek islegini "sözden duran sözlemleriň" kömegi bilen kanagatlandyryp bilýär. "Äber!" diýmek bilen, ol bu sözde hereketiň ýagdaýyny, islegiň obýektini (meselem, gurjagy), öz islegini kanagatlandyryp biljek adamy we

beýleki köp zatlary birleşdirýär. Söz bu ýerde tutuş “Eje, meniň gurjagymy alyp ber” diýen ýaýraň sözlemiň ornuny tutýar. Entek onuň islegleri kän bir çylşyrymly dälkä, aýry–aýry sözleriň uly bolmadyk toplumy onuň işini üpjün edip bilýär. Emma çaga üçin ähmiýetli obýektleriň sanynyň köpelmegi, başgaça aýdanyňda, onuň islegler ulgamynyň baýlaşmagy, diliň grammatiki mümkinçilikleri bilen garşylyga girýär (zerur zady aňlatmak üçin sözlemleri ýetmezçilik edýär). Bu garşylyk sözleýişde morfologik bölünişikleriň (iki, üç sözli sözlemler) we işjeň söz baýlygynyň giňelmeginiň hasabyna çözülýär. Sözleýşiň bu ösüş derejesi tiz wagtdan ulular tarapyndan sözleýiş prosesine çekilýän çaganyň ösýän islegleri bilen garşylyga girýär we sözleýiş işiniň has ýokary görnüşiniň döremegine getirýär (sözler hakyky manysyna eýe bolýar, fonetika kämilleşýär, çaga morfologiýany we sintaksisi özleşdirýär we ş.m.) Şeýlelikde şahsyýetiň ösüşini döredýän garşylyklaryň çözlüşi, alnyp barylmagy üçin degişli serişdeleri (usullary, operasiýalary, başarnyklary, bilimleri we ş.m .) özleşdirmekligi talap edýän işde bolup geçip, başgaça aýdanyňda, okadylyşyň kömegi bilen amala aşýar. Şonuň bilen birlikde islegleriň aktiw iş arkaly kanagatlandyrylmasy kanunalaýyklykda täze, derejesi boýunça has ýokary isleg döredýär.

Şol sebäpli ösýän şahsyýet hemişe täze-täze islegleri (şonuň bilen bilelikde motiwasiýasynyň-da giň ulgamyny) döredip, öz gezeginde islegleriň ösüşiniň netijesi bolup durýar. Islegleriň ösüşi, seçilmegi we terbiýelenmegi, olary ahlak beýikligine götermek, adamyň şahsyýetini kemala getirmegiň merkezi wezipeleriniň biri hasaplanýar.

**Şahsyýetiň ösüşinde nesliň we gurşawyň roly**

Ýokarda görkezilişi ýaly, nesli we gurşawy özbaşdaklykda şahsyýetiň ösüşiniň hereketlendiriji güýçleri hasaplamak nädogry düşünjedir. Emma şahsyýete häsiýetlendirme berlende bu faktorlary düýbünden inkär etmek hem nädogrudyr. Köp sanly adamlaryň arasynda (kähalatlarda ata-eneleriň arasynda) şahsyýetiň ol ýa-da beýleki häsiýetleriniň döremeginde

nesil esasy rol oýnaýar diýen pikire duş gelmek bolýar. Mugallym bu pikirleri göz öňünde tutmaly bolýar. Bu çaklamalaryň hiç hili esaslanmasynyň ýoklugyny nygtamak bilen çäklenmän, bu çylşyrymly meseläniň ylmy çözlüşini bermek zerurdyr.

Häzirki döwürde gutarnykly subut edilmese-de, beýniniň gurluşynyň we funksionirlenişiniň nesil üsti bilen geçýändigi hakyndaky çaklamanyň hakykatlygyna doly esas bar. Olaryň hataryna çaklama boýunça ýokary nerw işiniň dogabitdi tipini döredýän häsiýetleri (nerw prosesleriniň güýji, deňagramlylygy we çaltlygy) goşmak bolar. Başga bir tarapdan, soňky döwürdäki ýörite derňewler ekstrawersiýa, emosional durnuklylyk, altruizm ýaly şahsyýetiň sypatlarynyň-da nesle geçýändigini görkezýär. Emma bu faktyň esasynda dogabitdi (nesle geçýän) häsiýetleriň adamyň şahsyýetiniň gurluşyny döretmekdäki, onuň ösüşindäki ähmiýeti barada giňişleýin netijä gelmek bolmaz. Şahsyýetiň gurluşynda tebigy häsiýetler onuň sosial täsirler bilen döredilen häsiýetleri hökmünde bolýarlar. Şonuň üçin-de şahsyýetiň ösüş prosesini düşündirmekde nesle geçijilige kesgitleýji rol degişlidir diýmek bolmaz. Munuň şeýledigine indi ýüz ýyla golaý wagt bäri ekizler dogrusynda geçirilýän synaglar, eksperimentler şaýatlyk edýär.

Psihiki ösüşiň gidişi barada bir ýumurtgadan dörän, şonuň üçin-de nesli bütinleý birmeňzeş bolan ekizler barada möhüm maglumatlar toplandy. Hat-da şol bir şertlerde ýaşaýan şeýle ekizler biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar. Olaryň şahsyýetiniň gurluşyndaky beýle tapawudyň döremegi örän häsiýetlidir. Çünki bu “tebigy eksperimentde” göräýmäge iki faktoryň konwergensiýasy taglymatynyň talaplary gyşarnyksyz göz öňünde tutulýar: şol bir nesil, şol bir gurşaw, edil ekizleriň bir almany iki bölen ýaly daşky sypatlaryna laýyk şahsyýetleriniň-de birmeňzeş gurluşyny döredäýmeli diýen netije öz-özünden döreýär.

Eýsem ekizleriň indiwiduallygyndaky döreýän tapawutlylyk näme bilen düşündirilýär? Bu tapawutlylyk olaryň beýleki adamlara, biri-birine bolan gatnaşyklaryň, olaryň, sözleýişde, aragatnaşykda öz üstlerine alýan rollarynyň tötänleýin ýa-da maksadalaýyklykda olaryň goşulýan takyk durmuş ýagdaýlarynyň dürli-dürlüligi bilen düşündirilýär. Diýmek, ösüşiň faktory hökmünde umumy daşky

gurşaw barada gürrüň etmän, şahsyýetiň kemala gelşiniň indiwidual ýagdaýy hakynda gürrüň etmelidir. Bu ýagdaýda çaga özüne gönükdirilen daşky güýçleriň passiw obýekti bolman, özüne mahsus islegleri, perspektiwalary we frustrasiýalary, üstünlige ymtylyş derejesi we ş.m. bolan işjeň subýekt hökmünde durýar. Saglyk ýagdaýyna, häsiýetine görä şol bir gurşaw şertlerinde ekizleriň biri bu gurşawyň bir tarapyny, beýlekisi başga bir tarapyny saýlamagy mümkin. Meselem, keselli ekizleriň biri ýekelige ymtylsa, beýlekisi, onuň tersine, başga adamlar bilen aragatnaşykda bolmaklyga meýil edip biler. Biri sport bilen işjeň, beýlekisi passiw meşgullanyp, başgaça aýdanyňda, olaryň her biri şol bir "umumy gurşawyň" çäginde öz indiwidual "mikro gurşawa" eýe bolýar.

Eger birmeňzeş nesli we "umumy gurşawy" bolan bir ýumurtgadan dörän ekizlerde tapawut şeýle ýokary bolsa, beýleki adamlaryň şahsyýetiniň gurluşyndaky tapawudy düşündirmek has aňsatdyr. Olaryň beýnisiniň gurluşyndaky we funksiýasyndaky tapawut şol bir daşky täsiriň dürli psihologik täsir döretmekliginiň ilkinji sebäpleriniň biri bolup durýar. Emma tapawutlaryň sebäbi munuň bilen çäklenmeýär. Eger-de bir maşgalada terbiýelenýän, bir mekdepde okaýan, ata-eneleri tarapyndan birmeňzeş seredilýän iki dogan deňeşdirilse, olarda duş gelýän aýratynlyklary merkezi nerw ulgamynyň dogabitdi aýratynlygyna syrykdyrmak bolmaz. Bu ýerde düşündirişi ösüşiň indiwidual ýagdaýyndan gözlemelidir. Eger-de uly dogan kiçi dogandan özüniň düýpli artykmaçlygy bar hasaplap, kiçi dogan öz gezeginde ony hossar ýa-da zulumdar hasap edýän bolsa, bu zatlar şahsyýetiň dürli häsiýetleriniň kemala gelmegine sebäp bolup biler. Bu ýerde ösüşiň indiwidual ýagdaýyna girýän başga şertler hem örän möhümdir: iki – üç ýylyň içinde maşgalanyň maddy – hal ýagdaýynyň iki doganyň doglan wagt aralygynda üýtgemegi, olaryň biriniň läliksiredilmegi, maşgalanyň içindäki gatnaşyklaryň üýtgemegi, doganlaryň birine hakyky dostuň duşup, beýlekisine duşmazlygy, dürli mugallymlar – bularyň hemmesi şahsyýetde dürli gylyk-häsiýetleriň döremegine sebäp bolýar.

Ýöne ösüşiň indiwidual ýagdaýy özakymlaýyn hem döräp biler. Emma şahsyýetiň ösüşi jemgyýet tarapyndan döredilýän proses bolup durýanlygy sebäpli şahsyýetiň kemala gelmeginde esasy rol maksada

gönükdirilen terbiýä degişli bolup durýar. Terbiýe şahsyýetiň ösüşini jemgyýetiň göz öňünde tutýan maksatlaryna laýyklykda gönükdirýär we guraýar. Terbiýe çaganyň durmuşyny we işini kesgitli guramak bilen çäklenmän, pedagogik düzgünlere laýyklykda şahsyýetiň mümkinçiliklerini doly ýüze çykarýan ýörite indiwidual gurşawy ýa-da ýagdaýy döredýär, onuň işjeňliginiň döremegi üçin zerur şertleri üpjün edýär. Bu ýerde şahsyýet psihologiýasy öz ornuny terbiýeleniş pedagogikasyna, ýörite terbiýäniň usulyna berýär: şahsyýetiň hertaraplaýyn ösüşiniň serişdelerini, ugurlaryny ýüze çykarmak, ahlak aňyny kemala getirmek, aňly düzgün–nyzamy, watançylygy terbiýelemek şeýle pedagogikanyň esasy wezipeleri bolup durýar. Bu belent wezipeleriň amala aşyrylmagy progressiw jemgyýeti gurujy adamlaryň şahsyýetini kemala gelmeginiň girewidir.

# 5-NJI BAP

## Şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologiýasy

### § 1. Topar we kollektiw barada düşünje

Pedagog öz işinde diňe bir aýry-aýry okuwçylar bilen iş salyşman, esasan olaryň dürli toparlary we kollektiwleri bilen işleýär. Synp kollektiwi, ýaşlar guramasy, okuwçynyň terbiýelenýän maşgalasy, kähalatlarda okuwçyny özüne çeken gysga wagtlaýyn "köçe topary" ýa-da bolmasa synpyň içinde haýsydyr bir lideriň töweregine jebisleşen okuwçylar toplumy toparlaryň dürli görnüşlerini emele getirýärler. Bu synpa jemlenen okuwçylaryň tötänleýin toplumyndan pedagog gysga wagtyň içinde kollektiw döretmeli bolýar. Bu mesele diňe bir birinji synpda däl, eýsem her ýyl beýleki synplarda hem ýüze çykýar, çünki tomsuň dowamynda synp kollektiwi düýpli özgerýär.

Şunuň bilen baglanyşykda toparlara we kollektiwlere degişli birnäçe esasy sosial-psihologik kanunlary bilmek zerurdyr. Bu taglymatyň esasy adamyň tebigatyna jemgyýetçilik mazmunda düşünmeklikden gelip çykýar.

Indiwid jemgyýetçilik mazmunly gurluşdyr. Şonuň üçin adamyň ýaşaýşynyň ähli ýüze çykmaklary, hat-da eger ol kollektiwleýin, beýlekiler bilen birlikde amala aşyrylýan gös – göni görnüşde çykyş etmese-de, onuň ýaşaýşynyň ýüze çykmalary – jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ýüze çykmasy we tassyklamasy bolup durýar.

**Şertli we real toparlar**

Sosial psihologiýada toparlaryň iki görnüşi bolup, olara şertli we real toparlar degişlidir. Adamlaryň şertli toparlary derňew edýäniň haýsy-da bolsa bir şertli sypat, alamat esasynda olary degişli topluma goşmaklygy esasynda döreýär. Bu alamat jyns aýratynlygy, adamyň bir millete, käre degişliligi

we beýlekiler bolup biler. Her ýylyň ahyrynda žurnalistleriň dünýäniň dürli ýurtlarynyň futbol komandalarynyň saýlama oýunçylaryndan ýygyndy topar döretmekligi şertli topary̆ň adaty mysalydyr. Şertli topara goşulýan şahsyýerleriň hiç hili obýektiw özara gatnaşygy bolman, olar hiç wagtda biri-birleri bilen duşuşman, hatda biri-birleri hakynda hiç bir zat bilmeýärler. Emma olar öz real toparlarynda beýleki agzalar bilen belli bir gatnaşyklarda bolýar. Olar şonuň üçin-de şertli toparlara jemlenip, sosial psihologiýanyň öwrenýän obýektine öwrülýärler. Meselem, mekdebe çenli çagalaryň psihologiýasyny öwrenmek üçin (şertli ýaş aýratynlyklary topary hökmünde) bu ýaşdaky birnäçe çagany olaryň real toparlarynda öwrenmeli bolýar.

R e a l t o p a r – umumy giňişlikde, wagtda we real gatnaşyklary boýunça birleşdirilen adamlar toparydyr. Bir synpyň okuwçylary, ýetginjekler, ýaşlar guramasy, mekdebiň pedagogik kollektiwi, işçiler brigadasy, harby topar ýa-da maşgala – bular real toparlardyr. Bu toparlar sosial psihologiýa üçin uly ähmiýete eýe bolup, olarsyz şertli toparlaryň öwrenilişi birtaraply bolýar.

Adamy zähmet döredenligi üçin taryhy ilkinji adamlar topary – zähmet toparlarydyr. Maşgala tebigy adamzat topary bolup, ilkidurmuş halklarynda tire möçberine çenli ösýär. Şol bir wagtyň özünde maşgala ilkinji zähmet toparydyr.

K.Marks “Kapitalda” zähmetiň aýratyn görnüşini – birnäçe işçiniň şol bir wagtda şol bir ýerde, şol bir harydyň öndürilişi bilen meşgullanýan görnüşini öwrenýär. “Zähmetiň haýsy görnüşinde köp adamlar zähmetiň şol bir prosesine ýa-da zähmetiň dürli-dürli, emma biri-biri bilen baglanyşykly proseslerine kadaly düzgünde we bilelikde gatnaşýan bolsa, şol görnüşine kooperasiýa diýlip at berilýär”[1]. Kooperasiýa zähmet toparynyň has tipiki görnüşi bolsa-da, adamzat toparynyň ýeke-täk görnüşi däldir.

Real adamzat toparlary diňe jemgyýetçilik niýetlenişi boýunça tapawutlanman, eýsem ululygy, daşky we içki guramaçylygy boýunça tapawutlanýarlar.

Möçberi boýunça iň uly topar adamzat bolup, jemgyýetçilik psihologik hadysalaryň birnäçesi umumy adamzat üçin ähmiýetlidir. Ondan soňky ululygy boýunça topar synplar, hünär toparlary hasaplanýar. Toparyň berýän bahasynyň şahsyýet üçin roluny we ähmiýetini kesgitlemek meselesi referent ýa-da etalon topar diýen ýörite düşünjäni döretdi. Her bir adamyň öz referent topary, ýagny özüniň garaýşyny, ideýalaryny, ynanjyny, gönükdirilmelerini kemala getirýän topary bolup, ol bu toparyň pikirini makullaýar, onuň berýän bahasyny özüne nusga edinýär. Şahsyýet kähalatlarda bir däl-de, birnäçe referent toparly bolup, olaryň dürli konfliktli ýagdaýlara getirýän wagty seýrek bolmaýar. Käwagtlar ene-atalar, mugallymlar ýetginjegiň hiç hili abraýy ykrar etmeýändigini, ähli zada biperwaý garaýandygyny aýdýarlar. Bu pikir belli bir derejede ýetginjek üçin täsirli hakyky referent toparyň ýüze çykarylmanlygy, terbiýeçileriň bolsa onuň üçin referent däldigi bilen düşündirilýär. Bir referent topara degişlilikde şahsyýetiň konform (onuň pikirine biygtyýar tabyn) özüni alyp barşy beýleki bir topara oňlamazlyk gatnaşygy bilen utgaşyp biler.

**Real toparyň gurluşy**

Topar hiç bir guramaçylyksyz assosiasiýa hem bolup biler. Bu ýagdaýda ol dürli sandaky adamlaryň tötänleýin üýşmegi bolup, onuň möçberi birnäçe adamdan (meselem, otlynyň küpesindäki tötänleýin goňşular)äpet mähellä çenli bolýar.

Eger-de topar azda-kände uzak wagtlaýyn bolsa, adamlaryň islendik üýşmegine hemişe haýsy-da bolsa bir içki guramaçylyga, resmidäl gurluşa ymtylyş mahsusdyr. Başga bir ýagdaýda topar guramaçylygy daşdan alýar. Toparyň daşky (resmi) we içki (resmi däl) gurluşy käwagtlarda gabat gelip, kähalatlarda gabat gelmeýär.

Hat-da uzak ýola gidýän otlynyň küpesinde birnäçe wagtdan soňra kimdir biri ojuk-bujuk getirmekligi öz üstüne alsa, beýlekileri goňşulary gyzykly gürrüňler bilen güýmäp, kimdir biri degişýär, başga biri bolsa ýolagçylara akyl öwretmeklige ymtylýar. Başgaça aýdanyňda, bu tötänleýin dörän toparda belli bir gatnaşyklar ýüze çykyp ugraýar. Kähalatlarda şeýle assosiasiýa, ýagny ähli agzalary deň hukukly topar, öz düzüminden lideri ýüze çykaryp, ol bolsa

eýýäm toparyň işiniň diňe şu pursatda däl has dowamly wagt aralygynda bilelikde guralmagyny öz üstüne alýar (işiň maksadynyň hemmelerde esasan gabat gelýän ýagdaýynda). Şeýlelikde, toparyň içki gurluşy ýüze çykyp, ol toparyň öz içinde döredilýär we şahsy, emma ylalaşykly meýiller arkaly berkidilýär. Daşky (resmi guramaçylyk) gurluş bolsa topardan daşdaky guramaçylyk arkaly döredilip, daşdan hem berkidilýär. Daşky taýdan guralan toparlaryň aýdyň mysaly hökmünde talyp, harby toparlary görkezmek bolar.

Käbir ýagdaýlarda toparyň daşky resmi we içki resmi däl gurluşy biri-birine gabat gelip ýa-da biri-biriniň üstüni dolduryp, biri-birlerini birleşdirýärler. Muňa mysal edip ýokary işewür we ahlak kämilligi bolan sport, syýasy toparlary görkezmek bolar.

Guramaçylykly toparyň iň ýokarygörnüşi kollektiwdir. Taryhy kollektiw taýpanyň bir bölegi bolup durýan maşgaladan gelip çykýar. Emma her bir daşky we içki tarapdan guralan topar kollektiw däldir. Hat-da toparyň guramaçylyk derejesi-de onuň kollektiwligini kesgitlemeýär. Ogry, jenaýat toparlar berk daşky we içki guramaçylyga eýe bolup bilýän toparlardyr. Ýöne olaryň ikisi-de kollektiw bolman, maksady toparyň daşyna çykarylman, diňe içki maksatlary arkaly guralan toparlardyr. Bu toparlaryň mazmuny olaryň özüne meňzeş toparlar bilen barlyşyksyz gatnaşykda bolmagydyr.

## Kollektiw hakynda düşünje

K o l l e k t i w – jemgyýetiň bir bölegi bolup durýan, bu jemgyýetiň maksadyna tabynlykda bolýan bilelikdäki işiň umumy maksady birleşen adamlar toparydyr. Bu kesgitleme A.S. Makarenkonyň kollektiw haçanda adamlary jemgyýete peýdaly işiň maksadynda birleşdirýän şertinde döräp biler[1] diýen pikiri bilen baglanyşyklydyr.

Kollektiwiň işiniň maksatlary onuň öz içinde gabalan halda bolup bilmez, olar hökman bu toparyň çäginden daşa

[1] M a k a r e n k o A.S.Soç., t. v. M., 1958, 476-nji sah.

çykarylmalydyr. Hut şeýle maksatlar Makarenkonyň pikiriçe toparyň içinde aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýan birek-birege jogapkärçilikli garaşlylykda bolmaklygy döredýär. Bu häsiýet kollektiwe bildirýän diňe bir daşky talap bolman, onuň hut mazmunyny döredýär.

Işiniň maksadyny öz toparynyň içinde gaban, sehiň, zawodyň maksadyndan üzňe bolan işçiler brigadasy diňe bir "kommunistik zähmet brigadasy" adyndan mahrum bolman, eýsem kollektiw bolmagyny-da bes edýär.

Şonuň üçin-de kollektiw diňe özünden uly bolan haýsy-da bolsa bir toparyň, soňky bolsa ondan-da uly toplumyň bölegidir: brigada kollektiw hökmünde sehiň, se-de öz gezeginde, kollektiw bolup şol bir wagtyň özünde umumy zawod kollektiwiniň bölegidir.

K.Marks we F.Engels kapitalizm şertlerinde proletar kollektiwizmini "ýalan kollektiwlikden" tapawutlandyrypdyrlar. "Şu çaka çenli dowam edip gelen kollektiwiň surrogaty bolan döwletde we ş.m. şahsy azatlyk diňe agalyk ediji synpyň çäginde ösen indiwidler üçin bolupdyr… Hakyky psihologik şertlerinde indiwidler azatlygy öz assosiýasynda we onuň üsti bilen alýarlar". Şeýlelikde, kapitalizm şertlerinde kollektiwler iki formada bolýarlar: agalyk ediji synpa hyzmat edýän kollektiwiň surrogatlary we halkara proletar raýdaşlygynyň bähbitlerini araýan proletar kollektiwleri.

Kollektiwiň ýokary formasy progressiw zähmet kollektiw bolup ol bilelikdäki işi bütin jemgyýetiň bähbidi üçin alnyp barylýan, progressiw jemgyýet guryan jemgyýetiň maksadyna tabyn edilen adamlaryň toparydyr. Ahyry netijede progressiw kollektiwiň maksady bir maksada – ähli adamzadyň bagtyna tabyn edilen bolup, onuň içindäki şahsyýetara gatnaşyklar ähliadamzat ahlagyň normalary bilen kesgitleýär.

**Şahsyýet kollektiwde.**

Kollektiwizmi terbiýelemek wezipesi progressiw jemgyýetiniň ösüşi bilen obýektiw häsiýetde döreýär. Kollektiwizm şahsyýetiň häsiýeti hökmünde – bu adamyň jemgyýetiň ösüşiniň maksady bilen raýdaşlykda bolmagydyr. Bu jemgyýetçilik raýdaşlygy ilkinji nobatda zähmetde ýüze çykyp, onuň düzümine zähmet we jemgyýetçilik işjeňligi, jogapkärçilik we borç duýgusy, ýoldaşlyk özara kömegi, kollektiwiň we tutuş

jemgyýetiň maksadynyň bähbidi üçin öz-özüňe we beýlekilere ýokary talap edijilik girýär.

Şahsyýetiň kollektiwe baglylygy çäksiz uludyr. Ýokarda görkezilişi ýaly, adam şahsyýet hökmünde dogulman, ol bu häsiýeti beýleki adamlar bilen aragatnaşykda bolmak arkaly özünde döredýär. Munuň şeýledigini çagalar bagynda geçirilen ýörite derňewler subut edýär: eger ulular çaga bilen ilkinji hepdelerde we aýlarda “sözleşmeseler”, olar bilen oýnamasalar, onda olar akyl tarapyndan we emosional ösüşde düýpgöter yza galýarlar.

Şahsyýet – bu aňly-başly adam bolup, aň bolsa, öz gezeginde, diňe bir fiziki dünýäniň hadysalaryny şöhlelendirmän, eýsem jemgyýetçilik aňynyň önümlerini-de şöhlelendirýär; şahsyýet bu önümleriň üsti bilen bütin adamzadyň toplan tejribesine goşulýar, ony özleşdirýär. Görogly bilen d’Artanýan, kapitan Nemo we Şerlok Holms – bu edebi personažlaryň okuwçylaryň şahsyýetini kemala getiriş täsiri olaryň garyndaşlarynyň, tanyşlarynyň, ýoldaşlarynyň täsirinden kem däldir.

Şahsyýetiň kemala gelşi kollektiwde amala aşyrylýar. Mälim bolşy ýaly, çaga ilki-ilkiler özi hakynda üçünji ýöňkemede gürleýär: “Amanyň çörek iýesi gelýär”. Soňra, öz-özüňi aňlamaklygyň ýönekeý görnüşi hökmünde çagada özüniň bedenini aňlamaklyk ýüze çykýar. “Men” sözi çaga üçin “meniň elim”, “meniň garnym” we ş.m. aňladýar. Çagalar kollektiwiniň beýleki agzalary bilen aragatnaşykda bolmak netijesinde çaganyň öz-özüni aňlamaklygy özüniň kollektiwdäki roluny aňlamaklyga çenli ösýär. Beýlekileriň özüne berýän bahasyna görä çaga öz-özüne baha bermekligi öwrenýär. Meselem, tankyda düşünmeklikden öz-özüňe tankyt döreýär. Ilki-ilkiler gysga wagtlaýyn, kähalatlarda tötänleýin proses hökmünde, soňra bolsa kollektiwiň işjeň täsiri netijesinde öz-özüňe tankydy garamak şahsyýetiň häsiýeti hökmünde ýüze çykýar. Şonuň üçin-de terbiýäniň möhüm şertleriniň biri şahsyýeti “kollektiwde we kollektiwiň üsti” bilen kemala getirmekdir.

## § 2. Topardaky differensirlemek

**Şahsyýetara gatnaşyklar**

Adamyň özüni alyp barşy daşky täsirler, esasan sosial gurşawyň täsiri bilen döredilýär. Adamyň şahsyýet hökmünde daşky dünýä bilen özara täsiri adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynda, ilki bilen önümçilik işinde döreýän obýektiw gatnaşyklar ulgamynda alnyp barylýar. Jemgyýetiň esasy hökmünde önümçilik gatnaşyklarynyň mazmunyny açyp görkezmek bilen Marks: "Önümçilikde adamlar diňe tebigata däl, belki biri-birlerine-de täsir edýärler. Olar bilelikde işlemek üçin we özleriniň işini biri-biri bilen alyş-çalyş etmek üçin belli bir şekilde birikmän öndürip bilmezler.

Adamlar öndürmek üçin belli bir baglanyşyklara we gatnaşyklara girýärler, şunlukda diňe şu jemgyýetçilik baglanyşyklary we gatnaşyklary arkaly olaryň tebigata gatnaşygy ýaşaýar, önümçilik bolýar"[1] diýip ýazýar. Jemgyýetçilik durmuşynyň ýolunda, önümçilikde adamlaryň arasynda obýektiw döreýän real baglanyşyklar we gatnaşyklar adamlaryň subýektiw gatnaşyklarynda şöhlelenýär.

Obýektiw gatnaşyklar we baglanyşyklar hökmany we kanunalaýyklykda islendik real toparda (biri-birine garaşlylyk gatnaşygy, tabyn bolmak, egindeşlik, özara kömek we ş.m.) ýüze çykýar. Toparyň agzalarynyň arasyndaky bu obýektiw gatnaşyklaryň şöhlelenmesi subýektiw şahsyýetara gatnaşyklary bolup, olar sosial psihologiýanyň öwrenýän obýektleriniň biridir.

Toparyň içindäki şahsyýetara gatnaşyklary derňemegiň esasy ýoly dürli sosial faktorlary hem-de bu topara girýän adamlaryň takyk hereketlerini çuňňur öwrenmekden ybaratdyr. Şahsyýetara gatnaşyklary öwrenmek wezipesi her bir kollektiw bilen işlenende, şol sanda her günde "sosial faktlar" (ýaryş, özara kömek, dostluk, käýinişmek, ýaraşmak we ş.m.) ýüze çykyp durýan mekdep synpy bilen işlenen-de ýüze çykýar. Bu hadysalary yzygiderli synlamak

---

[1] M a r k s K. we Engels F. Soç., t. 6, 441-nji sah.

pedagoga okuwçylaryň “pikirlerini we duýgularyny”, şonuň üsti bilen olaryň şahsyýetara gatnaşyklaryny öwrenmäge mümkinçilik berýär. Bu gatnaşyklary synlamak üsti bilen anyklamak uzak wagt talap edýär. Şol bir wagtyň özünde kähalatlarda uly bolmadyk nätanyş kollektiwde dörän şahsyýetara gatnaşyklary gysga wagtyň içinde ýüze çykarmak, başgaça aýdanyňda, şol kollektiwiň toparlaýyn differensiýasyny anyklamak zerurlygy döreýär. Bu meselede sosimetriýa derňew usuly belli bir kömek edip biler.

Sosimetriýa usuly kiçi toparlarda şahsyýetara gatnaşyklary öwrenmegiň we kesgitlemegiň test usuly hakynda ilki amerikan mikrososiology J. Moreno tarapyndan döredilýär. Onuň tassyklamagyna görä adamlaryň özara gatnaşyklarynyň esasynda her bir adama biygtyýar ýagdaýda häsiýetli bolan özboluşly “ugurdaşlyk” ýatyp, ol beýleki adamlara gönükdirilen sebäpsiz diýen ýaly sulh almaklyk(simpatiýa) we sulh (almazlyk) antipatiýa duýgularynda ýüze çykýar. .

Morenonyň sosimetriýa usuly dünýäde sosial psihologiýa boýunça neşir edilýän ahli okuw kitapalryna girizilip, ol toparyň differensiýasyny öwrenmekde ulanýarlar we beýleki usullar bilen utgaşdyrylyp, dürli ylmy psihologik derňewlere uýgunlaşdyrylýar.

Toparlaýyn differensiýany öwrenmek usuly (sosimetriýa) mekdep synpynyň psihologik gurluşyny öwrenmekde şeýle görnüşde geçirilýär. Okuwçylardan aşakdaky soraglara jogap bermeklik haýyş edilýär: “Kim bilen turistik ýörişe gitmek isleýärsiňiz?”, “…synaga taýýarlanmak isleýärsiňiz”, “…goňşulykda ýaşamak isleýärsiňiz?” we ş.m.

Şeýle soraglar sosiometrik kriteriler atlandyrylyp, olar, adatça, ýaýbaň görnüşde bolýar we real durmuş ýagdaýyna ýakynlaşýar. Meselem: “Dynç alyşdan soňra, biziň täze synpa geçmegimiz mümkin. Men siziň her haýsyňyzyň haýyşyňyzy göz öňüne tutup, haýsyňyzyň kim bilen bir partada oturmak isleýändigiňizi anyklamak isleýärin”, ýa-da “ biz turistik ýörişde ýatmaly bolarys. Siziň her biriňiziň kim bilen bir palatkada bolmak isleýändigiňizi anyklasym gelýär” diýen ýaly soraglar berilýär. Her soraga üç “saýlaw” berilýär. “Ilki kim bilen bile oturasyň gelýän bolsa, şonuň familiýasyny ýaz; soňra ilkinji görkezen adamyň bile oturmak mümkinçiligi bolmadyk

ýagdaýynda kimi göz öňünde tutýanlygyňy görkez, iň soňunda şu nukdaý nazardan üçünjiniň familiýasyny ýaz".

Saýlawlaryň jemini wariasion statistikany ulanmak arkaly (eger topar çendenaşa uly bolsa) matematik hasaplamak bolýar. Sosiometrik ýumuşlaryň netijesini san taýdan aňlatmak mümkinçiligi bu usulyň esasy artykmaçlygy hasaplanýar. Ýöne ony matrisa we sosiogramma atlandyrylýan biri-biriniň üstüni ýetirýän iki usuly ulanyp, grafiki aýdyň usul arkaly-da aňlatmak mümkin.

Matrisa ýa-da netijeleriň esasy tablisasy her bir sosiometrik kriteriý üçin aýratynlykda sport ýaryşlarynyň turnir tablisalarynyň nusgasynda düzülýär. Wertikallaýyn nomerleri boýunça öwrenilýän toparyň ähli agzalarynyň familiýalary ýazylýar (adatça, elipbiý boýunça ilki gyzlar, soňra oglanlar), gorizontallaýyn – diňe olaryň nomerleri ýazylýar. Wertikal we gorizontal ugurlaryň kesişýän ýerleri 1, 2 we 3 sifrleri arkaly bellenip, olar degişlilikde her bir okuwçynyň kimi 1-nji, 2-nji we 3-nji nobatda saýlandygyny aňladýar.

Şoňa görä-de her bir gorizontal setirlerde saýlawlara degişli öýjüklerde 1, 2 we 3 sifrleri durmalydyr. Eger okuwçy A saýlawlaryň üçüsiniň birinde B okuwçyda saklanýan bolsa, B öz gezeginde saýlawlaryň birinde A okuwçyda saklanýan bolsa, bu özara saýlaw atlandyrylýar we matrisanyň iki setirindäki degişli sifrler tegelege alynýar. Soňra matrisanyň sag tarapynda her bir okuwçy üçin olaryň jemi alan saýlawy we olardan özara saýlawyň sany görkezilýär.

S o s i o g r a m m a ýa-da toparlaýyn differensiýanyň kartasy (4-nji surat) häzirki mysalda birnäçe derňewleriň netijesini jemläp, toparlaýyn differensiýany san taýdan däl-de, aýdyň aňlatmaga mümkinçilik berýär. Ol dört sany konsentrik zolakdan ybaratdyr. Gyzlary adatça tegelek bilen, oglanlary bolsa üçburçluk bilen belleýärler. Tegelekleriň we üçburçluklaryň sany matrisadaky familiýalaryň sanyna barabar bolup, olarda familiýalar bellenilen sifrler goýulýar. Iň köp ses alan okuwçylar merkezde ýerleşdirilýär. Olar öwrenilýän toparda uly abraýdan peýdalanýan okuwçylardyr. Çetki zolakda ýekeje-de ses almadyk okuwçylar ýazylýar. Aradaky iki zolagyň içkisinde saýlawlaryň maksimal sanynyň ýarpysyndan köpüsini alan, daşkysynda bolsa bu sanyň ýarpysyndan azragyny alan

okuwçylar ýerleşdirilýär: tutuş çyzykly liniýalar özara ýa-da ýekelikdäki (strelka saýlanýana gönükdirilen) durnukly sulh almaklygy-simpatiýany aňladyp, punktirli çyzyk özara ýa-da ýekelikdäki döwürleýin sulh almaklygy- simpatiýany aňladýar.

Geçirilen derňewleriň görkezişine görä, her bir kollektiwde dürli sosiometrik kriteriler boýunça dürli şahsyýetler saýlanylýar: biri bilen synaga taýýarlanmak amatly, beýleki biri bilen uzak turistik ýörişe gitmek, üçünji biri bilen kino gitmek we ş.m. oňaýly bolýar.

Sosiometriýany islendik görnüşde şahsyýetara gatnaşyklary we toparlaýyn differensiýany öwrenmegiň diňe bir mümkingadar usuly hökmünde seredip, ony syn etme, söhbet, psihologik-pedagogiki eksperiment usullary bilen utgaşykly geçirmelidir. Soňra bu usulda pedagog öz okuwçylaryny şahsyýetara gatnaşyklarynyň zerur görnüşlerini döretmek prosesinde öwrenýär. Bu has amatly usuldyr.

Her bir kollektiwde bolşy ýaly, mekdepde şahsyýetara gatnaşyklaryň iňňän çylşyrymly gurluşy bolýar. Bu gurluşda birnäçe ýönekeý gatnaşyklary ýüze çykarmak mümkin. Öz gezeginde bu gatnaşyklar ahlaklygyň normalaryna gabat gelýän we gelmeýän görnüşlere bölünýär.

I. Ähliadamzat ahlagynyň normalaryna laýyk gatnaşyklar: ýüzgörmesiz, talap edijilikli, ynama esaslanýan, päkgöwünli, adalatly, hakyky kollektiwistik, ýoldaşlyk, hoşniýetli, aladaly, geçirimli, ünsli, indiwidual çemeleşmeklige esaslanýan we ş.m.

II. Ähliadamzat ahlagynyň normalaryna laýyk gelmeýän gatnaşyklar: takatsyz, ulumsy, göwnüýetmezçilikli, ýüzgörüji, indiwidualistik, şübheli, ynançsyz, hoşniýetli däl, garagöwün, biagry, ýalynjaň, gödek.

Şahsyýetara gatnaşyklary adamlaryň topardaky obýektiw, işewürdäl özara gatnaşyklaryny şöhlelendirýär (meselem, okuwçylaryň biri-birleri bilen, pedagoglar we garyndaşlary bilen gatnaşyklary). Mekdepde kollektiwistik gatnaşyklar – bu diňe bir okuw toparynyň içindäki ýönekeý özara kömek bolman, maksady synp toparynyň we mekdep kollektiwiniň daşyna çykaryp, umumy maksada bilelikde gulluk etmekdir. Pedagogyň wezipesi her bir mekdep toparynda (toparça, synp ýa-da önümçilik tejribeligindäki

topar), umumy maksada tabyn, şol bir wagtyň özünde ahlagyň süzgünlere laýyk obýektiw gatnaşyklaryny döretmekden ybaratdyr.

**Toparyň lideri**

Edil beýleki toparlar ýaly okuwçylar topary hem hiç wagtda paritet topar görnüşde, ýagny, agzalarynyň arasyndaky şahsyýetara gatnaşyklary bir deň ýagdaýda bolmaýar. Onda hökman ýolbaşçylyk etmek we tabyn bolmak elementleri bolýar. Okuwçylaryň islendik topary hemişe ýolbaşçyny, lideri ýüze çykarýar. Ol bellenilip, resmi ýagdaýda saýlanyp ýa-da resmidäl, toparyň agzalarynyň köpüsiniň onuň abraýyny göz öňüne tutup, oňyn şahsy gatnaşyklary esasynda, öz erk-islegleri boýunça oňa tabyn bolmaklygy arkaly ýüze çykyp biler.

Haçan-da hakyky lider şol bir wagtyň özünde resmi ýagdaýda saýlanan ýa-da bellenen ýolbaşçy bolan ýagdaýynda topar has berk bolýar. Ỳöne köp ýagdaýlarda şeýle gabat gelme seýrek bolýar we kollektiw birnäçe aýry-aýry içki resmidäl toparlara bölünýär. Şeýle ýagdaýda resmi toparyň umumy psihologik ýagdaýy tutuşlaýyn onuň resmidäl we resmi liderleriniň arasyndaky gatnaşyklar bilen kesgitlenýär. Eger-de bu şahsyýetara gatnaşyklaryň hemmesi ahyrky netijede umumy maksada tabyn bolsa, onda toparda resmidäl liderleriň barlygy hiç hili päsgel döretmän, üstesine kollektiwe ýardam berýär.

Meselem, 30-40 okuwçydan düzülen synpda adatça ekabyr okuwçydan we ýaşlar ýa-da hünärarkadaşlygy gurmasynyň ýolbaşçysyndan başga-da birnäçe okuwçylaryň özleriniň ykrar eden liderleri bolup, olaryň töwereginde resmidäl toparlar emele gelýär. Pedagog olaryň arasyndaky dörän şahsyýetara gatnaşyklary bilip, şeýle biri-biriniň üstüni doldurýan toparlary bir ugra gönükdirmelidir. Aýry-aýry toparlaryň arasynda döreýän garşylyklary tejribeli pedagog tutuş kollektiwiň ösüşiniň hereketlendiriji güýji hökmünde ulanyp biler.

Eger-de aýry-aýry toparlaryň işleriniň maksady synpyň umumy maksadyna tabyn bolman, toparlaryň öz içindäki dar maksada gönükdirilse, onda synp kollektiwi öz ornuny birnäçe şahsy maksatly toparçalara berýär. Şeýle toparçalarda diňe bir liderler däl, eýsem ähli

agzalar biri-birleri bilen barlyşyksyz şahsyýetara gatnaşyklara goşulýarlar. Eger pedagog bu ýagdaýy wagtynda duýsa, ol şahsyýetara gatnaşyklaryny üýtgedip bilýär. Bu ýagdaýda mümkingadar kollektiwiň resmi we resmidäl gurluşynyň arasyndaky gapma-garşylygyň öňüni almaly. Eger şeýle etmek başartsa, onda dargap başlan kollektiw ýene-de jebisleşýär.

## § 3. Toparlaýyn we kollektiwleýin aň

**Kollektiwleýin aň**

Jemgyýetçilik aňy köpsanly şahsyýetleriň jemlenen aňydyr. Şeýle jemlenmeklik diňe bir taryhy döwürde amala aşyrylman, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň taryhy ösüşinde döreýär. Şonuň üçin-de jemgyýetçilik aňy şol bir wagtyň özünde, belli bir derejede, toparlaýyn aňdyr.

Indiwidual we jemgyýetçilik aňy meselesi psihologiýada we sosiologiýada öňden işlenilen meseledir. Häzirki wagtda sosial psihologiýanyň ünsi kiçi toparlaryň we kollektiwiň aňy meselesine gönükdirilendir. Bu meselä çemeleşmekde nusgawy pelsepäni esaslandyryjylaryň käbir pikirleri ugur görkeziji hökmünde ulanylyp bilner: "Atly goşun eskadronynyň çozuş güýji ýa-da pyýada goşun polkunyň garşylyk görkeziş güýji aýry-aýry atly esgerleriň we pyýada esgerleriň görkezip biljek çozuş we garşylyk görkeziş güýçleriniň jeminden nähili düýpli tapawutlanýan bolsa, edil şonuň ýaly aýry-aýry işçileriň güýçleriniň mehaniki jemi-de köp adamlaryň şol bir bölünmez operasiýany ýerine ýetirmeklige, meselem, bir agyr zady götermek, ýük galdyryjy maşyny aýlamak, ýoldan böwedi aýyrmakda gerek bolan mahalyndaky operasiýany ýerine ýetirmeklige bir wagtyň özünde gatnaşýan mahalynda ýüze çykýan jemgyýetçilik güýjünden tapawutlanýar. Şu hili halatlaryň hemmesinde utgaşdyrylan zähmetiň netijesini ýeke-ýekeleýin tagallalar bilen ýa-ha asla gazanyp bolmaz, ýa-da ony diňe has köp dowamly wagtda, ýa bolmasa-da ujypsyz möçberde amala aşyryp bolar. Bu ýerde döreýän güýç diňe kooperasiýa arkaly indiwidual öndüriji güýjüň ýokarlandyrylmagyndan ybarat bolman, özüniň hut

aslyýeti boýunça köpçülikleýin güýç bolup durýan täze öndüriji güýjüň döredilmeginden-de ybaratdyr.

Emma köp güýçleriň bir umumy güýje birikdirilmeginden gelip çykýan täze güýçden başga-da, öndürijilikli işleriň köpüsinde jemgyýetçilik baglanyşygynyň hut özi hem ýaryşyň döremegine we ýaşaýyş gujurynyň (animal sprits) özboluşly ýokarlanmasyna sebäp bolýar, ýaşaýyş gujurynyň bu ýokarlanmasy bolsa aýry-aýry adamlaryň indiwidual işe ukyplylygyny artdyrýar. Şu sebäpli 12 adamyň 144 sagatdan ybarat bileleşikli bir iş gününiň dowamynda öndüren önümi aýry-aýrylykda işlemek bilen her biri 12 sagat işleýän on iki işçiniň öndüren önüminden ýa-da bir işçiniň zähmetiniň yzly-yzyna gelýän on iki günüň dowamynda öndüren önüminden has köp bolar. Munuň sebäbi adamyň hut öz tebigaty boýunça jandar bolamgyndan ybaratdyr, eger ol Aristoteliň pikir edişi ýaly syýasy jandar bolmasa-da, her niçik hem bolsa jemgyýetçilik jandardyr”[1].

Her bir kollektiw şahsyýetler toparydyr; ýöne islendik şahsyýetler topary kollektiw däldir. Şunuň üçin-de kollektiwleýin aň hemişe toparlaýyn aňdyr, emma soňky hemişe kollektiwleýin aň däldir. Kollektiwleýin aň ilkinji nobatda jemgyýetçilik aňynyň görnüşi hökmünde jemgyýetçilik ideýasy bilen kesgitlenýär we öz gezeginde kollektiwiň aýry-aýry şahsyýetleriniň işini kesgitleýär. Toparlaýyn, emma kollektiwleýindäl aň işiň maksady boýunça toparyň çäginden çykmaýar. Olaryň tapawudy şundan ybaratdyr.

**Toparlaýyn gabat gelmeklik**

Toparlaýyn aňyň hadysalary bilen gös-göni baglanyşykly hadysalaryň biri-de toparlaýyn gabat gelmeklikdir. Empiriki nukdaýdan bu hadysalar öňden mälimdir. Polýuslary barlaýjylar, alpinistler, uçar ekipažlarynyň we sport komandalarynyň ýolbaşçylary öz amalyýetinde kiçi toparlarda çylşyrymly we jogapkärli kollektiwleýin işi alyp barmaga hemme adamlaryň deňderejede ukyply däldigine göz ýetirýärler. Bu aýratyn-da amalyýetiň gün tertibinde kosmiki psihologiýanyň meselelerini özleşdirmek zerurlygy ýüze çykanda has örboýuna galdy.

---

[1] K.Marks. Kapital, 1-nji jilt, 355-356 sah.

Toparlaýyn gabat gelmeklik fiziologik we psihologik jähtden bolup biler. Fiziologik gabat gelmezlige mysal edip, odun kesilende arynyň degişli taraplaryna güýçli adamyň we keselli ýetginjegiň goýulmagyny görkezmek bolar; bu ýagdaý bir adamyň zähmet öndürijiligini peseltse, beýlekiniň bijaý ýadamagyna getirýär. Kyn ýodadan daga ýöriş üçin dürli ýaşdaky okuwçylary bir topara goşmaklyk, fiziologik gabat gelmezlik esasynda erbet netijelere getirýär.

Emma fiziki güýji boýunça birmeňzeş sport topary-da öz agzalarynyň türgenleşik derejesiniň dürli-dürliligi boýunça, endikleriniň kämilliginiň dürli tapgyrlarda bolýandygy sebäpli özüniň toparlaýyn netijeliligini peseldip biler. Dürli derejedäki çydamlylyk köp derejede adamyň fiziki häsiýetleri boýunça däl-de, onuň şahsy häsiýetleri boýunça kesgitlenilýär.

Sap psihologik gabat gelmeklige degişli mysaly şeýle iňlis nakylynda görmek bolýar: “Seniň gülküli hasaplaýan anekdotyňa gülmeýän gyza öýlenme”.

Şeýlelikde, toparlaýyn gabat gelmeklik şol bir toparyň birnäçe aýratynlyklaryna bagly bolýar. Bu aýratynlyklar sap fiziki aýratynlyk (meselem, boý uzynlygy, muskul güýji), kabul edişiň, ünsüň, pikirlenmäniň emosional erk ulgamynyň aýratynlyklary bolup biler. Ýöne, adatça, bu ýerde esasan gylyk-häsiýet aýratynlygy rol oýnap, ol toparyň agzalarynda birmeňzeş bolmasa-da, hökman biri-birlerine gabat gelmelidir. Eger-de toparyň agzalarynyň biri saz diňlemäni halap, beýlekileri onuň bu höwesini goldamasalar, bu hökman düýpli bozulyşa getirýär.

Soňky ýyllarda psihologik gabat gelmekligi eksperimental usulda öwrenmeklige birnäçe synanyşyklar edildi. Köplenç derňewler gomeostat diýip atlandyrylýan apparatda alnyp barylýar. Gomeostatyň gurluşynda şkala boýunça süýşýän we dolandyryş ryçaglarynyň sanyna laýyk strelka göz öňünde tutulyp, bu ryçaglar sähelçe gymyldanynda strelkany gyşardar ýaly, onuň bilen birleşdirilendir. Toparyň umumy wezipesi ryçaglary hereketlendirip, strelkany belli bir interwalda saklamakdan ybaratdyr.

Derňewler dogry guralanda bu usul toparlaýyn gabat gelmekligi öwrenmäge mümkinçilik berýär, çünki toparyň agzalarynyň

hereketleriniň ylalaşyklylygyny gazanmak, bilelikde alnyp barylýan işiň üstünliginiň girewi bolup durýar.

Şonuň bilen bir hatarda bu eksperimental gomeostatda işleýän toparyň entek kollektiw däldigini subut edýär; bu toparyň maksady özüniň çäginden daşary çykmaýar. Şonuň üçin gomeostatda toparlaýyn işiň hili toparlaýyn aň barada gymmatly maglumatlar berýän bolsa-da, kollektiwleýin aň barada örän az maglumat berýär we toparyň häsiýetini kollektiw hökmünde kesgitlemek üçin ýeterlik

**Köpçülikleýin hadysalar**

Adamyň psihikasynyň köpçülikleýin hadysalarynyň biri-de dowul tapmakdyr. Ol gorkunç ýüze çykyşly bolup, adatça, guramaçylyksyz toparda döreýär we birek-birege öýkünmekligiň netijesinde has güýjeýär. Topar näçe jebis bolsa, onda dowul beýleki toparlardan däldir.

has seýrek we gowşak döreýär. Muňa aýdyň mysal edip "kurortçylaryň" guramaçylyksyz toparynyň 1927-nji ýylda Krym ýer yranyşyndaky köpçülikleýin dowul turuzmaklygyny we bu hadysanyň 1966-njy ýylda Daşkentde bolan ýertitremesinde düýbünden bolmandygyny görkezmek bolar.

Kollektiwde döreýän köpçülikleýin hadysalaryň ýene-de bir görnüşi ýaryş häsiýetde bolýar. Ýaryş zähmetkeşler köpçüliginiň işde özleriniň ukybyny ýaýbaňlandyryp, özlerini görkezip biler ýaly olary hyjuwly işe çekmäge mümkinçilik döreýär". Ýaryşyň bassaşlyk häsýetdäki prosesden tapawudy onda taraplaryň birek-birekden öňe saýlanmaklyga ymtylyşynyň şol bir wagtda özara goldaw bilen utgaşýanlygydyr. Islendik topara mahsus bolan köpçülikleýin hadysalaryň biri-de jemgyýetçilik şahti, keýpidir. Ol toparyň "psihologik klimatyny" döredýär. Keýpi döredýän esasy faktor şol topardaky şahsyýetara gatnaşyklarydyr. Mälim bolşy ýaly obýektiw kynçylyklar oňat psihologik klimaty bolan kollektiwde aňsat ýeňlip geçilýär. Şonuň ýaly-da tutuş kollektiwiň zähmet öndürijiliginiň uzak wagtlap peselmegi üçin onda ýekeje dawagäriň bolmagy ýeterlikdir.

Kollektiwiň keýpiniň üzül-kesil erbetleşmeginiň özboluşly sebäpleriniň biri-de käbir pedagoglardan we ýolbaşçylardan ýaýraýan

oňyndäl psihologik täsirlerdir. Adam keýpiniň nähoşluk häsiýete çenli üýtgemegine kähalatlarda lukmanyň ýerliksiz, oýlanyşyksyz sözi sebäp bolup, bu ýagdaýa ýatrogeniýa diýilýär.

Şahsyýetiň ýa-da kollektiwiň keýpindäki kesellilik derejesinde bolýan üýtgeşmä kähalatda pedagogyň seresapsyz, gödek aýdan sözi sebäp bolup, bu ýagdaýa didaktogeniýa diýilýär.

Has öwrenilen köpçülikleýin hadysa kollektiwleýin pikirlenmedir. Kollektiwleýin pikirlenme şu aşakdaky aýratynlyklary bilen tapawutlanýar: her bir agzanyň ýüze çykan meseläni çözmekde maksada okgunlylygy artýar; şeýle pikirlenme meseläni düýpli oýlanmaga we hertaraplaýyn aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýär; şol bir wagtyň özünde kollektiwde tankydy çemeleşmek artýar, bu bolsa öz gezeginde kollektiwiň her bir agzasynda öz-özüňe tankydy garamaklygy ösdürýär. Kollektiwleýin pikirlenme adamlaryň bilimlerini we tejribesini biri-biriniň hasabyna baýlaşdyrýar, ýaryşy üpjün edýär we oňyn emosional tonus döredýär. Bularyň hemmesi meseläniň kollektiwleýin çözlüşiniň möhletini gysgaldýar, onuň obýektiwligini artdyrýar; kollektiwleýin pikirleniş prosesinde bir meseläniň çözülmegi onuň täze görnüşini çözmeklige meýil döredýär.

Adam psihikasynyň köpçülikleýin hadysalaryny we beýleki ýokarda seredilen psihiki hadysalary, kanunlary, sosial psihologiýa. Ol şol bir wagtyň özünde hem sosial psihologiýa, umumy psihologiýa we sosiologiýa ylymlarynyň degişli şahalarynyň biri bolup durýar. Şahsyýet psihologiýasy bilen ýakyndan arabaglanyşykly sosial psihologiýa özüniň esasy wezipesi hökmünde zähmetiň, okuwyň we toparlaýyn işiň beýleki görnüşleriniň netijeliligini artdyrmagy öňde goýýar.

## 6-njy BAP

# ŞAHSYÝETIŇ IŞINIŇ UMUMY HÄSIÝETNAMASY

### §1. Iş düşünjesini kesgitlemek

Ỳokarda görşümiz ýaly islendik janly organizmiň işjeňligi ahyr netijede onuň islegleri boýunça döredilip, bu islegleri kanagatlandyrmaga hem gönükdirilendir. Bu häsiýet adama hem mahsusdyr. Aňlanylan ýa-da aňlanylmaýan, tebigy we medeni, maddy we ruhy, şahsy ýa-da jemgyýetçilik islegleri adamyň işjeňliginiň dürli görnüşlerini döredip, jemgyýetçilik gatnaşyklary we jemgyýetçilik önümçiligi ulgamynda onuň ýaşaýşyny, ösüşini organizm we şahsyýet hökmünde kesgitleýär.

**Adamyň özüni alyp barşy we islegleriň kanagatlandyryş usullary**

Eger-de biz adamyň özüni alyp barşyna, onuň işjeňliginiň dürli görnüşlerine ünsli seretsek, bu işjeňligiň isleglere bolan gatnaşygynyň adamda haýwanlardan düýpgöter başgadygyna göz ýetirýäris.

Haýwanlaryň özüni alyp barşy hemişe gös-göni ol ýa-da beýleki islegleri kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Isleg haýwany diňe bir işjeňlige iteklemän, eýsem bu işjeňligiň görnüşini-de kesgitleýär. Meselem, iýmite bolan isleg (açlyk) haýwanda işjeňligi – sülekeýiň bölünmegini, iýmiti agtarmaklygy ýa-da yzarlamaklygy, ony gapmagy we ýuwutmagy we ş.m. döredýär. Şertli refleks bu işjeňligi täze gyjyndyryjy bilen (meselem, pedala basmak) baglanyşdyryp biler. Emma haýwanyň özüni alyp barşynyň gurluşy şonlugyna galýar. Jaň daşky gyjyndyryjylaryň arasyndan hut iýmitiň signaly hökmünde tapawutlandyrylýar. Haýwanyň pedala basmaklygy özüňi alyp barşyň iýmit döredýän akty hökmünde amala aşyrylýar.

Başgaça aýdanyňda, haýwanyň hatda iň çylşyrymly refleks işinde-de islegler onuň psihikasynyň şöhlelendiriji we dolandyryjy funksiýalaryny gös-göni kesgitleýär. Haýwanyň organizminiň

zerurlygy psihikanyň daşky dünýäde nämäni saýlaýandygyny we nähili jogap hereketlerini döredýänligini kesgitleýär.

Adamyň özüni alyp barşy düýbünden başgaça guralandyr. Eýýäm ýaşajyk çaganyň hereketlerini - oturçyçjykda oturmak, çemçe bilen iýmek we ş.m. gös-göni onuň tebigy isleglerinden getirip çykarmak mümkin däl. Çemçe gös-göni iýmite bolan islegi kanagatlandyrmaga zerur däl. Emma terbiýäniň täsirinde bu predmetler çaga üçin şeýle kanagatlandyryşyň hut zerur serişdesi hökmünde durýar. Islegiň gös-göni özi däl-de, onuň jemgyýetde kabul edilen kanagatlandyryş usuly özüňi alyp barşyň görnüşini döredýär.

Şeýlelikde, eýýäm çaganyň işjeňliginiň ösüşiniň ilkinji basganҫaklaryndan başlap onuň höweslendirijisi biologiki ähmiýetli zatlar däl-de, olaryň adamzat jemgyýetinde ulanyş usullary, ýagny olaryň jemgyýetçilik amalyýetindäki funksiýalary bolup durýar. Çaganyn özleşdirýän özüňi alyp baryş nusgalary – munuň özi jemgyýetiň döreden zatlary bilen olaryň adamzat amalyýetindäki funksiýalaryna laýyklykda iş salyşmaklygyň usullaryny özleşdirmekdir, stoluň başynda oturmak, çemçe bilen iýmek, krowatda ýatmak we ş.m.

Bu zatlara ýönekeýlik bilen ýetilmeýänligi ähli ata-enelere we terbiýeçilere mälimdir. Çaga stoluň üstüne çykmak ýa-da stoluň aşagyna girmek isleýär, çemçe bilen stola urýar, tabaga elini sokýar, täret golçasyna oturdylmagyny haýyş etmegi unudýar we ş.m. Şeýle "bidüzgünçiliklere" garşy göreşmek, munuň özi ulular tarapyndan çaganyň aňyna predmetler bilen jemgyýetde kabul edilen usullarda iş salyşmaklygyň, islegleri hut adama mahsus bolan usullarda kanagatlandyrmaklygyň tärlerini "ornaşdyrmak" diýmekdir.

Diýmek, jemgyýetçilik şertleriň täsiri astynda çaganyň özüni alyp barşy zatlaryň biologik ähmiýeti bilen däl-de, olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti bilen kesgitlenýär.

Bu ýagdaý çaganyň zatlarda nämäni ýüze çykarýandygyny we onuň zatlara nähili jogap berýändigini düýbünden üýtgedýär.

**Iş we durmuş maksady hakynda**

Eger-de haýwanlaryň özüni alyp barşy doly ýagdaýda daşky täsirleri bilen kesgitlenýän bolsa, adamyň işjeňligi irki ýaşlardan başlap

| | |
|---|---|
| **düşünje** | bütin adamzadyň tejribesi bilen we jemgyýetiň talaby bilen kesgitlenýär. Özüňi alyp barşyň bu görnüşii şeýle özboluşly bolup, ol psihologiýada ýörite adalga - iş diýip atlandyrylýar. Eýsem aktiwligiň diňe adama mahsus bolan bu görnüşiniň nähili psihologik häsiýetleri bar? |

. Bu aýratynlyklaryň birinjisi - işiň mazmunynyň ony döreden isleg bilen doly kesgitlenilmeýändiginden ybaratdyr. Eger-de isleg motiw hökmünde işe itergi berip, ony höweslendirýän bolsa, işiň görnüşi we mazmuny jemgyýetçilik şertleri, talaplary we tejribesi bilen kesgitlenýär.

Kähalatlarda adamy işlemäge mejbur edýän motiwiň iýmite bolan islegden ybarat bolmagy mümkin. Emma adam stanogy öz açlygyny kanagatlandyrýandygy üçin däl-de, ony özüne tabşyrylan detaly taýýarlamaga mümkinçilik berýändigi üçin dolandyrýar. Onuň işiniň mazmuny gös-göni isleg bilen däl-de, maksat bilen – özünden jemgyýetiň talap edýän belli bir önümini taýýarlamak zerurlygy bilen kesgitlenýär. Adamyň näme sebäpli hereket edýänligi onuň näme üçin hereket edýänligi bilen gabat gelmeýär. Onuň işini döredýän motiwler, meýiller bu işi dolandyrýan gös-göni maksat bilen gabatlaşmaýar.

**Şeýlelikde, işiň ilkinji aýratynlyklarynyň biri-de onuň aktiwliginiň çeşmesi bolan islegler bilen döredilip** bu altiwligiň regulirleýjisi – maksat bilen dolandyrylýanlygyndadyr.

Işiň bu möhüm häsiýetini Marks şeýle belleýär: "Leňkebut dokmaçynyň operasiýalaryna meňzeş operasiýalary edýär we balarysy özüniň mumdan ýasalýan öýjükleri öýleň käbir arhitektor adamlary gaýra oturdýar. Emma iň ýaramaz arhitektor-da mumdan öýjük guramazdan öň, ony eýýäm öz kellesinde gurandygy bilen iň oňat balarysyndan tapawutlanýar. Zähmet prosesiniň ahyrynda emele gelýän netije şol prosesiň başynda işgäriň gözüniň öňünde, ýagny ideal suratda bardy. Işgäri balarysyndan tapawutlandyrýan ýagdaý onuň diňe bir tebigatyň beren zadynyň formasyny üýtgedýändigi däldir: tebigatyň beren zadynda ol şonuň bilen bir wagtda özüniň düşünjeli maksadyny-da amala aşyrýar, şol maksat

bolsa kanun hökmünde işgäriň hereketleriniň usulyny we häsiýetini kesgitleýär hem-de ol öz erk-islegini şol maksada tabyn etmelidir”[1].

Getirilen sözlerden görnüşi ýaly, Marks işiň psihiki dolandyrylyşynyň ýene-de bir zerur häsiýetini belleýär. Işiň üstünlikli bolmagy üçin psihiki predmetleriň hususy obýektiw häsiýetlerini şöhlelendirmelidir we onuň üsti bilen öňde goýlan maksadyň ýetilmek usullaryny kesgitlemelidir. Galyberse-de psihika, adamyň özüni alyp barşyndaky bu maksada gönükdirilen hereketleri amala aşyrmak üçin döreýän islegleri gös-göni şolbada kanagatlandyrmaýan aktiwligi stimulirlemekde we goldamak ukybyna eýe bolmalydyr. Bu ýerden işiň akyl ýetiriş we erk bilen arabaglanyşygy gelip çykýar. Şeýlelikde, iş – munuň özi aňlanylýan maksat boýunça dolandyrylýan adamyň içki (psihiki) we daşky (fiziki) aktiwligidir.

Diýmek, iş hakynda gürrüň edilende adamyň aktiwliginde aňladylýan maksady ýüze çykarmak zerurdyr. Işiň beýleki taraplary – motiwler, alyp baryş usullary, informasiýanyň seçilip alynmagy, onuň gaýtadan işlenmegi aňlanylyp ýa-da aňlanylman biler. Olar doly däl ýagdaýda ýa-da nädogry aňlanylyp biler. Meselem, mekdebe çenli ýaşdakly çaga özüni oýnamaga ugrukdyrýan islegleri, kiçi ýaşly okuwçy bolsa okuw işiniň motiwini seýrek aňladýarlar. Tertipsiz ýetginjek özüniň hereketlerinin hakyky motiwlerini doly däl ýa-da nädogry aňladýar. Hatda ululardа kähalatlarda özleriniň nädogry bidüzgün hereketlerini aklamak üçin aňyp “oklaýan” ikinji derejeli motiwlerini hakyky hasaplaýarlar.

Diňe bir motiwler däl eýsem işiň ol ýa-da beýleki planynyň seçilip alynmagyna getirýän köpdürli pikirlenme proseslerde adam tarapyndan doly aňladylmaýar. Işiň alnyp baryş usulllary barada aýdylanda bolsa onuň köpüsi aňyň gatnaşmazlygynda amala aşyrylýar.Muňa mysal edip islendik endik edilen hereketleri: ýöremek, sözleýiş, ýazuw, awtomobili sürmek, saz guralyny çalmak we ş.m. görkezmek bolar.

Işiň bu görkezilen taraplaryny aňda şöhleleniş derejesi we dolulugy boýunça ol ýa-da beýleki işe aňlanylan derejesi kesgitlenýär.

---

[1] K.Marks. Kapital. 1-nji tom, 197-nji sah.

Işiň bu aňlanyş derjesiniň nähili bolmalydygyna garamazdan maksadyň aňlanylmagy onuň möhüm häsiýeti bolup galýar. Haçan-da bu häsiýet ýok bolsa, onda sözüň doly manysynda iş hem ýok bolup, diňe impulsiw özüňi alyp baryş bolýar. Işden tapawutlylykda impulsiw özüňi alyp baryş gös-göni islegler we emosiýalar bilen dolandyrylýar. Ol diňe indiwidiň effektlerini we meýillerini aňladyp, köplenç egoistik, jemgyýete garşy häsiýetde bolýar. Meselem, gahar-gazap bilen ýa-da köre-kör meýle erkini beren adam impulsiw hereket edýär. Özüňi alyp barşyň impulsiwligi(ýüzünugralygy) onuň aňlanylmaýanlygyny aňlatmaýar. Ýöne bu ýagdaýda aňlanylýan we özüňi alyp barşy edara edýän onuň jemgyýetçilik mazmunly maksady däl-de, diňe şahsy motiwi bolup durýar.

## §2. Işiň gurluşy

Iş – munuň özi adam bilen onuň ýaşaýan dünýäsiniň arasynda real baglanyşygy berkarar edýän barlyga bolan işjeň gatnaşykdyr. Işiň üsti bilen adam tebigata, zatlara, beýleki adamlara täsir edeýär. Bu hereketlerde özüniň içki häsiýetlerini ýüze çykaryp, ol predmetlere degişlilikde subýekt, adamlara degişlilikde bolsa şahsyýet hökmünde hereket edýär. Öz gezeginde olaryň jogap täsirlerini kabul edip adamlaryň, predmetleriň, tebigatyň we jemgyýetiň hakyky häsiýetlerine akyl ýetirýär. Zatlar onuň öňünde obýekt, adamlar bolsa şahsyýet hökmünde durýarlar.

**Hereketler we gymyldylar**

Daşyň agramyny bilmek üçin ony galdyrmaly, atom bombasynyň kuwwatyny bilmek üçin ony partlatmaly bolýar. Adam daşy galdyryp, bombany partladyp işiň üsti bilen olaryň real häsiýetlerini ýüze çykarýar. Ol bu real häsiýetleri simwol bilen çalşyryp “daş – agyr” diýip, atom bombasynyň kuwwatyny degişli formulada aňladyp bilýär.

Ýöne hemişe, ilkibaşda iş, amaly hereket durýar. Bu işde diňe bir daşyň ýa-da bombanyň häsiýetleri ýüze çykman, eýsem adamyň özüniň-de häsiýetleri ýüze çykýar (onuň daşy näme üçin galdyrýandygy, bombany näme üçin partladýandygy we ş.m.).

Amalyýet adamyň nämäni bilýänligini we nämäni bilmeýänligini, onuň dünýäde nämäni görüp, nämäni görmeýändigini, nämäni saýlap, nämeden ýüz öwürýändigini kesgitleýär we aýdyňlaşdyrýar. Başgaça aýdanyňda amalyýet, iş adamyň psihikasyny kesgitläp, onuň mazmunyny we mehanizmlerini ýüze çykarýar.

Işiň gönükdirilen maksady köplenç ýetiliş wagty boýunça uzaklaşan bolýar. Şonuň üçin-de onuň edilmesi adamyň öňünde bu maksadyň ugrunda döreýän birnäçe bölekleýin ýumuşlaryny yzygiderli çözmekden durýar. Meselem, işçiniň zähmet işi tutuşlaýyn umumy maksada – belli bir önümi talap edilýän hil derejede we zähmet öndürijiliginde öndürmeklige gönükdirilendir. Bu maksady amala aşyrmak üçin her bir wagt aralygynda pursatlaýyn iş meselelerini çözmeli bolýar – detaly ýonmak, taýýarlanan materialy belgilemek, çig maly ýüklemek we ş.m. işiň her bir şeýle çendan gutarnykly, pursatlaýyn bir ýönekeý ýumşy ýerine ýetirmeklige gönükdirilen elementine hereket diýilýär.

Görkezilen zähmet hereketleri predmet hereketlerine girýär. Daşky dünýäniň predmetleriniň häsiýetlerini we ýagdaýyny üýtgetmeklige gönükdirilen hereketlere predmet hereketleri diýilýär.

Her bir predmet hereketi giňişlik we wagt bilen baglanyşykly belli bir gymyldylardan durýar. Meselem, "a" harpyny ýazmak şu aşakdaky gymyldylardan durýar: galamy (ýa-da heki) başam barmagyň, süýem we orta barmaklaryň arasynda galama we biri-birlerine degişlilikde gysmak; soňra galamy kagyzyň üstüne götermek we belli bir ýerde onuň bilen ujy galtaşar ýaly aşak goýbermek; soňra onuň bilen sagdan çepe, ýokary we soňra sagat strelkasynyň ýöreýşine garşy töwerekleýin hereket edip, ilkibaşky nokatda saklanmak, aşaklaýyn gyşarnykly göni boýunça gidip, saga öwrülip tegelegiň aşaky derejesine çenli eltmek we çepden saga dugaly hereket bilen tamamlamak.

Daşky taýdan köpdürlüligine garamazdan, adamyň predmet gymyldylary seljerilende olaryň ählisini köplenç göwräniň, aýagyň we kelläniň kömekçi hereketleri bilen utgaşykly üç sany ýönekeý elementiň – "almak", "üýtgetmek", "goýmak" üsti bilen anyklamak mümkin.

Gymyldylaryň dürli görnüşlerinde bu elementler özleriniň traýektoriýasy, dowamlylygy, güýji, çaltlylygy, depgini (belli wagt aralygynda gaýtalanyş sany) boýunça we göwräniň haýsy bölümi arkaly amala aşyrýandygy bilen tapawutlanýar. Gymyldyalar hil nukdaýdan takyklygy, çeýeligi we koordinirlenenligi bilen tapawutlanýar.

Predmet gymyldylardan başga-da adamyň işinde göwräni kadalaşdyrmaklyga we kadaly saklamaklyga (oturmak, dik durmak we ş.m.) ýerini üýtgetmeklige (ýöremek, ylgaw we ş.m.) kommunikasiýa-aragatnaşyga gatnaşýan gymyldylar-da bardyr. Soňkynyň serişdesine ýüzüň bolşuny üýtgedýän gymyldylar (mimika we pantomimika), manyly ümlemek, galyberse-de sözleýiş gymyldylary degişlidir. Ady tutulan gymyldylaryň tipinde el-aýakdan başga göwräniň we ýüzüň, kekirdegiň, sözleýiş baglanyşyklarynyň we beýlekileriň myşsalary gatnaşýar. Şeýlelikde, predmet hereketini ýa-da başga bir daşky hereketi amala aşyrmak – gymyldylaryň belli bir ulgamyny alyp barmakdyr.

Soňkular herekletiň maksadyna, onuň gönükdirilen predmetiniň häsiýetine we hereketiň şertlerine baglydyr. Meselem, käsäni almak üçin gymyldylary galam almakdan başgaça guramaly bolýar. Lyžada ýöremek gymyldylary pyýada ýöremekden tapawutlylykda guralýar. Agyr ýüki süýremek myşsalaryň işini ýeňil haltany bir ýerden başga ýere geçirmekden tapawutlylykda kesgitleýär. Uly çüýi kakmak kiçiden üýtgeşik bolup, petige çüý urmak pola çüý urmakdan başgaça gymyldylar ulgamyny talap edýär.

Bu ýumuşlaryň ählisinde hereketiň maksady bir bolup, ýöňe olaryň obýektleri başgadyr. Obýektleriň tapawudy gymyldylaryň we muskul işiniň dürli gurluşyny döredýär. Fiziologlar P.N.Anohiniň, N.A.Bernşteýniň derňewleri muskullaryň işiniň diňe bir gymyldynyň gös-göni wezipesi bilen däl-de, eýsem olaryň alnyp barylýan şertleri bilen dolandyrylýandygyny subut etdiler. Gymyldylaryň göz öňünde tutulan ugruny we tizligini üpjün etmek üçin muskullar öz işjeňligini göterilýän agramyň ululygyna, iteklenýän predmetiň garşylygyna, bogunlaryň ryçaglarynyň gaýtaryş güýjüne we ş.m. laýyklykda "sazlaýar".

Gymyldynyň ýerine ýetirilişine onuň netijesini ahyrky

**Hereketi dolandyrmak we onuň gözegçiligi**

maksat bilen deňeşdirmek arkaly yzygiderli gözegçilik edilýär we düzediş girizilýär. Şeýle gözegçiligi we düzdilişi bozulan keselliler hat-da ýönekeý hereketleri ýerine ýetirmäge hem ukypsyz bolýarlar. Olar suw içmek üçin käsäni stoldan almakçy bolanlarynda onuň duşundan, içmekçi bolanlarynda öz agyzlaryndan sowa geçýärler, gaby görkezilen ýerine goýup bilmeýärler. Olar oturgyçdan sowa oturýarlar, çörege derek barmaklaryny kesýärler, setirlere görä kese çyzyk geçirip bilmeýärler we ş.m.

Eýsem bu gözegçilik nähili geçýär? Bu ýerde entek köp zatlar anyklanan däldir. Emma onuň duýgy organlarynyň kömegi bilen geçýänligi (görüş, eşidiş, muskul duýşy we ş.m.) mälimdir. Gymyldylaryň sensor(duýma) gözegçiliginiň roly (duýgy organlarynyň kömegi bilen alnyp barylýan gözegçilik) synalýan adama çyzgynyň aýnadaky şöhlelenmesine seredip, figuranyň geometrik konturyny çyzmak tabşyrylandaky (meselem, altyburçluk ýyldyz) tejribede aýdyň ýüze çykýar. Ilkibaşda ony ýalňyşsyz etmek başartmaýar, sebäbi galamyň adama aýnadaky görünýän hereketi eliň hereketiniň gapma-garşy tarapyna ýönelýär. Diňe türgenleşik netijesinde adam görnüşiň berýän maglumatlaryny ulanmaga we olary öz eliniň hereketi bilen dogry sazlaşdyrmagy öwrenýär.

Bu babatda synag edilýänlere predmetleriň hakyky ýagdaýyny we eliň hereketini düýpli üýtgedýän prizmatik äýnek geýdirilip, geçirilýän tejribeler gyzyklydyr. Şeýle ýagdaýda adam öz eliniň hereketlerini dogry edara etmeklige ukypsyz bolýar (predmetleri almak, olara galtaşmak, olary görkezilen ýerine goýmak we ş.m.) diňe uzak türgenleşigiň dowamynda ol bu üýtgetmeleri sazlaşdyrmaga ukyply bolýar. Eger-de görnüş signallary ýene-de 0,27 sekunt töweregi gijä galsa şeýle üýtgeşmelere hiç hili türgenleşik bilen uýgunlaşmak başartmaýar. Meselem, işjeň hereketden mahrum edilen haýwanlar öz aýaklarynyň hereketini görmedik ýagdaýynda bu hereketi dolandyryp boilmeýärler. Görnüşi(wiziual) hereketleriň dolandyrylmasy yza dolanýan baglanyşyk düzgüni bilen amala aşyrylýar. Bu baglanyşygyň kanaly duýgy organlary bolýan bolsa, informasiýanyň çeşmesi hökmünde hereketleriň ugrukdyryjy roluny

ýerine ýetirýän predmetleriň we gymyldylaryň kabul edilýän belli bir häsiýetleri hyzmat edýär. Şeýlelikde, predmet hereketlerini (ýa-da beýleki daşky hereketleri) ýerine ýetirmek belli bir gymyldylaryň ulgamyny amala aşyrmak bilen çäklenmeýär. Ol hökmany ýagdaýda sensor duýma gözegçiligi we herekerleriň ýetilýän netijesine we olaryň obýektleriniň häsiýetlerine baglylykda düzedilmegini öz içine alýar. Bu prosesiň esasynda daşky gurşawda geçýän hereketler we olaryň netijesi barada beýnä habar berýän duýgma ugrukdyryjylaryny özleşdirmek durýar.

Meselem, demirçi ussa çekijiň urgy güýjüni ýenjilýän demriň gyzgynlyk derejesine görä sazlap, onuň gyzgynlygyny bolsa materialyň reňki boýunýça göz çeni bilen ölçeýär. Agaç ussasy törpüniň basyş güýjüni we tizligini agajyň garşylygyna görä üýtgeýän muskul duýgulary bilen ölçeýär. Kran sürüji ýüki çylşyrymly we has amatly traýektoriýadan geçirip, ony görüş gözegçiliginde eliň we aýagyň üznüksiz we ylalaşykly hereketlerine görä koordinirleýär. Sürüji maşyny saklanda tormoz basyş güýjüni hereketiň çaltlygy, ýoluň ýagdaýy, maşynyň agramy we ş.m. boýunça koordinirleýär.

Bu oriýentirleriň-ugrukdyryjylaryň hemmesi, görşümiz ýaly, hereketi öz-özünden däl-de, hereketiň maksadyna laýyklykda kesgitleýär.

Meselem, sirkuly tegelek çyzmak üçin, kesimleri ölçemek üçin ulanmak hereketleriň dürli ulgamlaryny talap edýär. Galamyň hereketi “a” we “o” harplaryny ýazmakda dürli-dürlidir. Awtobusdan gijä galan ýolagçynyň hereketiniň ulgamy rekordy täzelejek bolýan ylgaýjynyňkydan tapawutlydyr. Bu ýagdaýlaryň ählisinde hereketleriň şol bir obýektini (sirkul, galam, kagyz) ýa-da şol bir hereketleri (ylgaw) görýäris. Ỳöne bu hereketleriň maksatlary dürli-dürli bolup, şonuň üçin-de olary döredýän gymyldylaryň ulgamy-da başgaçadyr.

Görnuşi ýaly, hereketi emele getirýän gymyldyalr ulgamy ahyrky netijede maksat boýunça dolandyrylýar we regulirlenýär. Amala aşyrylýan gymyldylaryň netijesi hut maksat nukdaýnazaryndan bahalandyrylyp, maksat boýunça-da düzedilýär. Hut hereketiň maksady predmetleriň haýsy häsiýetleriniň ony amala

aşyrmakda gözegçilik we düzediş etmegiň oriýentiri bolýanlygyny kesgitleýär.

Ỳöne adamyň maksady köplenç şu pursatda ýok, emma onuň hereketleriniň üsti bilen ýetilmeli zat bolup durýar. Diýmek, maksat beýnide işiň geljekki netijesiniň keşbi, dinamiki modeli görnüşinde berilýär. Hut geljegiň şeýle isleg bildirilýän modeli bilen hereketleriň hakyky netijeleri deňeşdirilýär, onuň üsti bilen gymyldylaryň şekili edara edilýär we düzedilýär.

Hat-da ýönekeý bir ýagdaýda, adam käsäni alyp suw içmek üçin dodagyny ýetirende onuň hereketleri isleg bildirilýän netijäniň (suwsuzlygy gandyrmak) modeli boýunça dolandyrylýar. Öňde duran hereketiň beýnide döreýän bu modellerini (“gymyldylaryň programmasy”) we onuň netijelerini (“maksadyň programmasy”) fiziologlar “hereketiň akseptory” we “öňürtileýji şöhlelenme” (P.K.Anohin), “hereket ýumşy” we “geljegiň isleg bildirilýän modeli” (N.A.Bernşteýn), “zerur ähmiýetlilik” we “geljegiň modeli” (Mittelştedt, U.Eşbi) “nusga” “dinamiki model” we ş.m. atlandyrýarlar.

Atlaryň dürli-dürlüligi bu modeliň nämeden ybaratdygyny, olaryň beýnide nähili döreýändigi we hereketlenýändigi baradaky çaklamalaryň dürli-dürliligini aňladýar. Bu entek anyklanan däldir. Ỳöne geljekki hereketleriň we olaryň garaşylýan netijeleriniň haýsy-da bolsa bir ýagdaýda beýnide geçirilýänligi aýandyr.

**Işiň interiorizasiýasy we eksteriorizasiýasy**

Eýsem beýni geljegi nädip öňünden görüp bilýär, psihikada entek amala aşyrylmadyk hereketleriň şöhlelenmesi nähili döreýär?

Şeýle mümkinçilik daşky dünýäniň bir düýpli aýratynlygy – onuň kanunylygy mynasybetli döreýär.

Beýle diýmeklik dürli hadysalaryň biri-biri bilen belli bir hemişelik gatnaşyklar bilen baglanyşyklydygyny, ondaky predmetleriň bolsa durnukly häsiýetlere we gurluşa eýe bolup, belli bir şertlerde ýüze çykýandygyny aňladar (ot hemişe ýanýar; gijeden soň hemişe gündiz bolýar; jisimiň tizlenmesi oňa goýlan güýje barabardyr, goşulyjylaryň ýeri üýtgände jem üýtgemeýär we ş.m.).

Obýektler bilen hadysalaryň arasyndaky şeýle durnukly (inwariant) gatnaşyklara obýektleriň düýpli häsiýetleri we hadysalaryň kanunalaýyklygy diýilýär. Hut obýektlerde we hadysalarda belli bir durnukly häsiýetleriň we kanunalaýyklygyň bolmagy olaryň "özüni alyp barşyny" öňden görmeklige, olaryň geljekde ol ýa-da beýleki täsirleriň netijesinde üýtgemekligini bilmeklige kömek edýär we şonuň esasynda hereketiň maksada okgunly dolandyrylmagyna ýardam edýär. Içki ideal iş bu ýagdaýda daşky predmet işiniň öňünden amala aşyrylýar. Obýektleriň üstünden alnyp barylýan predmet hereketler bu obýektleriň hakyky häsiýetleriniň üstünden alnyp barylýan ideal (psihiki) operasiýalar bilen çalşyrylýar; predmetler bilen bolan fiziki iş olaryň ähmiýetlerine görä paýhasda döredilýän ideal iş bilen çalşyrylýar.

Daşky real hereketiň şeýle içki ideal herekete geçmegine hereketleriň interiorizasiýasy ("içe öwrülmeklik") diýilýär. Interiorizasiýa mynasybetli adamyň psihikasy häzir görüş meýdanynda bolmadyk predmetleriň keşpleri bilen iş salyşmaklyga mümkinçilik berýär. Adam häzirki pursatda daşyna çykyp "aňynda" erkin geçmişe we geljekki wagta we giňişlige geçip bilýär. Ol haýwanlaryň ähli özüni alyp barşyny kesgitleýän daşdan guralan ýagdaýa tabyn bolmaklykdan boşaýar.

Psihologiýa interiorizasiýanyň nähili geçýändigini ähli detallarda heniz bilenok. Ýöne şeýle öwrülişikligiň möhüm guralynyň biri söz, onuň serişdesiniň bolsa söz hereketi bolup durýandygy takyk subut edilendir. Söz predmetleriň düýpli häsiýetlerini we adamzat amalyýeti tarapyndan döredilen informasiýa bilen iş salyşmaklygyň usullaryny özünde berkidýär. Şonuň üçin-de sözleri dogry ulanmaklygy şol bir wagtyň özünde predmetleriň düýpli häsiýetlerini we informasiýa bilen iş salyşmaklygyň usullaryny özleşdirmekdir. Adam sözüň üsti bilen bütin adamzadyň, ýagny öňki geçen onlarça we ýüzlerçe nesilleriň hem-de özüňden ýüz, müň kilometr uzaklykda bolan adamlaryň we kollektiwleriň tejribnesini özleşdirýär.

Şonuň üçin-de predmetleriň gatnaşyklaryny aňladan sözler we ähli real simwollar bilen iş salyşmak predmetleriň hut özleri bolmadyk ýagdaýynda degişli gatnaşyklar hakynda informasiýalar

bilen işlemeklige mümkinçilik berýär. Şeýle iş salyşmak adamyň işini we özüni alyp barşyny jemgyýetiň amalyýetiniň döreden tejribesi we bilimleri, ideýalary we talaplary bilen dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, adamyň işi örän çylşyrymly we özboluşly prosesdir. Ol diňe bir islegleriň ýönekeý kanagatlandyrmasyna syrykdyrylmaýan, köp derejede jemgyýetiň maksady we talaplary bilen kesgitlenýär. Maksadyň aňlanylmagy we oňa ýetmek usullaryň jemgyýetçilik tejribesi bilen döredilendigi – işiň tapawutly alamatydyr.

Adamyň işinde onuň daşky (fiziki) we içki (psihiki) taraplary aýrylmaz baglanyşyklydyr. Adamyň işiniň daşky tarapyny düzýän hereketler içki (psihiki) iş boýunça kesgitlenýär wedolandyrylýar. Başga bir tarapdan, bütin bu içki psihiki iş daşky iş boýunça gönükdirilýär we gözegçilik edilýär; bu bolsa predmetleriň, hadysalaryň häsiýetlerini ýüze çykarýar, olaryň maksada okgunly özgerdilmegini amala aşyrýar, psihiki modelleriň takyklygyny anyklaýar hem-de alnan netijeleriň we hereketleriň garaşylýan derejesi bilen gabat gelmezligini ýüze çykarýar.

Görşümiz ýaly, agzalan içki psihiki iş daşky predmet işiň interiorizasiýasynyň netijesi hökmünde seretmek bolar. Degişlilikde, daşky predmet işi içki işiň eksteriorizasiýasy ("eksterius" daşky sözünden) diýip hasaplamak bolar.

## § 3. Işiň özleşdirilişi. Endikler

**Gymyldylaryň awtomatlaşmagy we endigiň döremegi**

Islendik hereketiň seredilen taraplaryny degişlilikde onuň motor (hereket), sensor (duýma) we merkezi komponentleri diýip atlandyrmak bolar. Olary hereketi amala aşyrmakda alyp barýan funksiýalaryna laýyklykda ýerine ýetiriş, gözegçilik we dolandyrmak diýip kesgitlemek bolar. Adamyň iş prosesinde ulanýan hereketiniň ýerine ýetiriş, gözegçilik we dolandyrmak

usullaryna bu işiň tärleri diýilýär.

Ady tutulan her bir funksiýa adamda aňlanylan ýa-da aňlanylmadyk ýagdaýda amala aşyrylyp bilner. Meselem, söz sözlemek üçin zerur bolan kekirdegiň gymyldylarynyň ulgamy adam tarapyndan düýbünden aňlanylmaýar. Islendik gymyldyny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan muskullaryň düýrügip-ýazylmak häsiýetdäki çylşyrymly hereketleri-de aňlanylmaýar. Bu gymyldylaryň dolandyrylmasy aňyň gatnaşmasyzlygynda, sap fiziologik usulda amala aşyrylýar. Emma oňa derek adamyň aýtjak bolýan sözleminiň grammatik görnüşi we mazmuny hemişe aňlanylan ýagdaýda öňünden görülýär. Adatça hereketleriň ahyrky maksady we olaryň umumy häsiýeti aňlanylýar. Meselem, tigir sürüp barýan adam öz hereketini düýbünden aňlanylmaýan ýagdaýda alyp baryp bilmeýär. Ol umuman özüniň nirä, haýsy ýol bilen, nähili çaltlykda we ş.m. barýandygyny göz öňüne getirmelidir. Islendik zähmet, oýun we beýleki hereketleri barada hem şony aýtmak bolar.

Galyberse-de, käbir gymyldylar aňlanylmaýan we aňlanylýan derejede alnyp barlyp biler. Meselem, ýöremek – gymyldylarynyň köp bölegi aňlanylmaýan görnüşinde alnyp barylýan işiň adaty mysalydyr. Emma ýüpüň üstünde ýörelende şol bir gymyldylaryň ýerine ýetirilişi, sensor gözegçiligi we merkezi dolandyrylmagy (aýratynam ýüpüň üstünde ýöremegi öwrenijilere) aňlamaklygyň has dartgynly obýekti bolup durýar.

Kähalatlarda bu ýagdaý tersine bolýar: hereketiň käbir taraplary ilkibada detallaýyn aňlanylan dolandyryşy talap edip, soňabaka aňyň kem-kemden az gatnaşmaklygynda amala aşyrylyp başlanylýar. Bu ýagdaýa **awtomatlaşmaklyk** diýilýär.

Adamda maksadalaýyk gymyldylaryň ýerine ýetirilişiniň we dolandyrylmagynyň bölekleýin awtomatlaşmagyna **endik** diýilýär.

Gymyldylaryň aňlanylmaýan dolandyrylmagy we gymyldynyň dolandyrylmagy bir zat däldir. Gymyldylaryň barha ösýän awtomatlaşmagy şol bir wagtyň özünde bu gymyldylardan düzülýän hereketleriň aňlanylan dolandyrylmagynyň güýçlenmegi bilen utgaşyp biler. Meselem, tigir sürüjiniň öz deňagramlylygyny saklamak üçin ulanýan gymyldylarynyň awtomatlaşmagy oňa öz ünsüni daşky zatlara öwürmäge mümkinçilik berýär. Köçe hereketine

ýolüň profiline hem-de ş.m. we şonuň esasynda öz hereketlerini has aňlanylan ýagdaýda dolandyrylmaga mümkiinçilik alýar. Edil şonuň ýaly, öwreniji pianinoçynyň zerur klawişleri tapmakdaky gymyldylarynyň awtomatlaşmagy tutuş hereketleriň aňly dolandyryş derejesini üzül-kesil ýokarlandyrmaga, pianino çalmagy eseriň döredijilik maksadyna laýyklykda has inçe guramaga mümkinçilik berýär.

Asla özüňi alyp barşyň mehanizmi hökmünde aňlanylmaýan sap endik barada diňe haýwanlara degişlilikde aýtmak bolar. Adamda islendik iş, patologiki ýagdaýlar diýäýmeseň, ahyry netijede aň arkaly edara edilýär. Hereketiň ol ýa-da beýleki düzüjileriniň awtomatlaşmagy aňlanylýan dolandyryş obýektini giňeldýär, hereketiň umumy maksadyny, onuň amala aşyrylýan şertlerini, gözegçiligi we onuň netijesini bahalandyrmaklygy aňly derejede alyp barmaga mümkinçilik berýär.

**Endigiň gurluşy**

Şeýle bölekleýin awtomatlaşmak netijesinde hereketiň gurluşyndaky bolýan üýtgeşmeleri şu aşakdakylara syrykdyrmak bolar: 1. **Gymyldylary ýerine ýetirmekligiň tärleriniň üýtgemegi.** Öň biri-birlerinden üzňe amala aşyrylýan birnäçe gymyldylar bir bütewi akta, bir çylşyrymly gymylda ýygnanýarlar, onuň ýönekeý düzümi bolup durýan gymyldylarynyň arasynda "boşluk" ýitýär. Meselem, öwrenje sürüjide "köp basgançakly hereket" görnüşinde amala aşyrylýan maşynyň peredaçysyny çalşyrmaklyk, tejribeli sürüjide eli emaý bilen gymyldatmak arkaly ýerine ýetirilýär. Artykmaç we gerekmejek gymyldylar aýrylýar. Meselem, ýazmagy öwrenýän okuwçy bu operasiýada köp sanly artykmaç gymyldylar edýär: dilini çykarýar, göwresini egreldýär, başyny egýär we ş.m. Hereket özleşdirildigiçe bu artykmaç gymyldylaryň hemmesi ýitip gidýär. Goşalaýyn hereket, ýagny gymyldylary şol bir wagtyň özünde iki eliň bilen (eger zerur bolsa aýak bilen) alyp barmak döreýär. Meselem, ýaňy işe başlan ýonujyda kesijini metala eltmeklik aýry-aýrylykda – ilki uzynlaýyn, soňra bolsa keseligine hereket etdirmek arkaly ýerine ýetirilýär. Tejribeli ýonujy birbada keseri detala gysga ýol bilen diagonallaýyn – şol bir wagtyň özünde bir eli bilen uzynlyga hereket

arkaly mahowigi, beýleki eli bilen supportuň keseleýin hereketlerini amala aşyrmak bilen eltýär. Galyberse-de, gymyldylary ýerine ýetiriş çaltlygy ýokarlanýar. Şeýlelikde, hereketi özleşdirmekde onuň ähli gymyldy tarapynyň uly tygşytlylygyny gazanmaklyk mümkinçiligi döreýär: gymyldylaryň düzümi(ol ýönekeýleşýär), gymyldylaryň yzygiderligi (ol üznüksiz häsiýete geçýär) we gymyldylaryň utgaşyklygy (olar bir wagtda ýerine ýetirilýär) we olaryň tizligi düýpli üýtgeşmelere eýe bolýar.

2. **Hereketlere sensor(duýma) gözegçiligiň tärleriniň üýtgemekligi**. Gymyldylara görüş arkaly gözegçilik etmek köp derejede muskul (kinestetiki) gözegçiligi bilen çalşyrylýar. Muňa has degerli mysal hökmünde maşinistkanyň seretmezden çap edip bilmekligini görkezmek bolar; demirçiniň çekiji görüş gözegçiligine daýanmazdan zubila(dişe) urmaklygy ( ol urguda zubilanyň depesine däl-de, onuň tygyna seredýär) we ş.m. Ỳörite “sensor sintezleri” emele gelip, olar hereketiň häsiýetini kesgitleýän dürli ululyklaryň biri-birine gatnaşygyny bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Meselem, sürüjidäki göz çeni we tizligi duýmak, agaç ussasyndaky materialy duýmak, ýonujyda we timarlaýjyda ölçegleri inçelik bilen saýgarmak, uçarmanda giňişlikde ýerleşişi duýmak. Hereketiň netijesine gözegçilik etmek üçin zerur bolan oriýentirleri çalt saýgarmak we ýüze çykarmak ukyby ösýär. Meselem, sürüjide motorda oňa düşýän agramy hasiýetlendirýän seslenmäni ýüze çykarmak ukyby oýarýar; polat eredijide metalyň düzümini we pejiň içki depesiniň gyzgynlygyny häsiýetlendirýän reňkleriň tegmillerini saýgarmak we ş.m.

Şeýlelikde, hereketiň özleşdirilişinde onuň netijesini has takyk we çalt gös-göni hil gözegçilik etmeklige mümkinçilik döreýär.

3. **Hereketleriň merkezi dolandyrylyşynyň tärleriniň üýtgemekligi**. Ǘns hereketleriň alnyp barlyş usullaryny kabul etmekden olaryň şertlerine we netijesine geçirilýär. Köp hasaplamalar, çözlüşler we beýleki intellektual operasiýalar çalt we bilelikde (“intuitiw” ýagdaýda) alnyp barlyp başlaýar. Meselem, sürüji hereketlendirijä düşýan agramy eşidiş arkaly kabul edip, oýlanmazdan haýsy peredaçany goşmalydygyna düşünýär, apparatçy priborlaryň görkezijilerini okap, şol bada gurallaryň haýsy biriniň

işinde näsazlygyň dörändigini we olary düzetmek üçin näme etmelidigini “görýär”. Indi hereketlere bolan taýýarlyk öňki hereketleriň alnyp barylýan wagtynda döreýär, reaksiýalaryň wagty üzül-kesil gysgalýar. Meselem, uçary gondurmaga başlan uçarman eýýäm içki taýdan şu şertlerde gondurmaklygyň şol bir görüşiniň alnyp baryş usullarynyň standart seriýalaryna taýýar bolýar. Şonuň üçin-de şol bir usuldan beýlekilere geçmeklik ýörite taýýarlyksyz geçýär. Diňe gondurysyň zerur usulyny saýlamaklyk meýilleşdirilýär. Ulanyljak usullaryň ýa-da maksadyň öňünden aňlanylmagyna **antisipasiýa** diýilýär.

**Işiň özleşdirilişi we gönükmeler**

Eýsem hereketleriň usullaryndaky şeýle üýtgeşmeler nähili döreýär we olaryň psihologik mehanizmi nämeden ybarat? Özüniň esasy boýunça bu derňew synanyşyklaryny hem-de seçip almagy özünde jemleýän mehanizmdir. Adam haýsy-da bolsa bir hereketi ýerine ýetirmäge synanyşyp, onuň netijesine gözegçilik edýär. Űstünklikli hereketler, özüni ödän oriýentirler we dolandyryş usullary kem-kemden saýlanyp alynýar we berkidilýär, özüni ödemedikleri bolsa gysylyp çykarylýar we seçilýär.

**Düşünmeklige esaslanýan we aňly gözegçilik we düzediş bilen utgaşýan, özleşdirilmek maksady bilen hereketleriň ýa-da işiň görnüşleriniň köp gezek gaýtalanmagyna gönükme(upražneniýe) diýilýär.**

Türgenleşdigiçe adamyň hereketleriniň häsiýetleriniň üýtgemegi bu hereketi ýerine ýetirmekde onuň psihiki işiniň gurluşynyň üýtgeýänligini aňladýar. Aňly gözegçilik we düzediş bilen utgaşdyrylýan her bir täze synanyşyk diňe bir usullary we hereketiň maksadyny ýada ornaşdyrmak bilen çäklenmeýär. Ol, adatça, hut ýumşuň serediliş usullarynyň, onuň çözüliş tärleriniň, dolandyryş usullarynyň üýtgemegine getirýär.

Mysal hökmünde, birnäçe meňzeş detallarda belgilemek operasiýasyny gaýtalap türgenleşik etmekde okuwçynyň işiniň gurluşynyň üýtgeýşine seredeliň.

**I detal**. Okuwçy özi üçin entek nätanyş hereketiň öňünde dur. Häzirlikçe ol diňe bu hereketiň nähili ýerine ýetirilýändigini gördi we düşündi. Operasiýany hut özüniň ýerine ýetirmegi üçin mugallymyň söz üsti bilen berýän görkezmeleri we bu görkezmede kabul edilen keşpler motorikanyň (ýagny öz hereketleriňidolandyrmak) diline geçirmeklik talap edilýär.

Operasiýany ýerine ýetirmäge çalşyp, ýalňyşlary ýüze çykaryp we düzedip, okuwçy ilkinji gezek hakyky ýagdaýda onuň "hereket mazmunyny" aňýar, onuň alyp baryş usullaryny "muskullarynda duýup" başlaýar. "Hereketiň suratyna", onuň keşbine hereketi dolandyrmaklyga zerur bolan muskul duýgulary goşulyp ugraýar. Hut şu ýerde esasy kynçylyk ýeňlip geçilýär, hereketi nähili alyp barmalydygy baradaky logiki-keşp gözöňüne getirmeden bu hereketi hakyky ýerine ýetirmeklige geçýär. Şonuň esasynda operasiýanyň hereket-duýma keşbi we ony predmet-intellektual taýdan aňlamak döreýär; başgaça aýdanyňda, gymyldynyň ýerine ýetirilişini dolandyrýan we oňa gözegçilik edýän hereketiň psihiki "modeli" ýüze çykýar.

**II detal**. Muňa okuwçy hereketiň ýerine ýetiriliş we dolandyryş usullary barada duýma-hereket keşbi özünde döredip çemeleşýär. Şonuň üçin-de sözden işe, keşpden herekete geçmek, içki hereketleri olaryň maksadyna laýyklykda dolandyrmak bilen baglanyşykly köp kynçylyklar ýitip gidýär. Şonuň bilen baglanyşyklylykda, adatça, operasiýalaryň ýerine ýetirilişi gowulanýar we çaltlanýar.

**III – IV detallar**. Detaldan detala geçilende operasiýalaryň usullaryndaky üýtgeşmeler indi gaty uly däl. Bu üýtgeşmeler artykmaç hereketleri gysyp çykarmak, ýalňyşlary düzetmek, meňzeş hereketleri bir bitewilige öwürmek, usullary ýokary derejede standartlaşdyrmak liniýasy boýunça geçýär. Usullaryň şeýle standartlaşmagy bilen baglanyşyklylykda olaryň ýerine ýetirilmesi kem-kemden awtomatlaşyp, aňyň gözegçilinden boşaýar we şertli refleksler reaksiýalarynyň ulgamy hökmünde geçýär.

**N+N+1+...detallar**. Hereketiň gözegçiliginiň dolandyrylmagynyň esasy usullarynyň awtomatlaşmaklygy, aňy olary edara etmekden boşadyp, ony hereketiň şertlerini giňden göz öňünde tutmaklyga geçirmeklige mümkinçilik berýär. Hereketleriň

tizligini erkli dolandyrmaklyga, olary üýtgeýän ýumuşlara uýgunlaşdyrmaklyga, täze ýagdaýlara we detallara geçmeklige mümkinçilik döreýär.

**Gönükmeleriň egremleri**

Eger-de hereketiň haýsy-da bolsa bir sypatynyň (meselem, ýalňyşlaryň sany, dogry işlenen mysallaryň sany, sarp edilen wagt, önümiň mukdary we ş.m.) gönükmeleriň sanyna baglylykda üýtgeýşi öwrenilýän bolsa, onda hereketi özleşdirmek prosesini san taýdan aňladyp ýazmak mümkin. Gönükmeleriň sany (gaýtalamak) gorizontal okda (absiss), hereketiň öwrenilýän häsiýeti bolsa wertikal (ordinat) okda ýerleşdirilýär. Grafikde alynýan nokatlary birleşdirýän liniýa adatça, "gönükmeleriň egremi" ýa-da "öwrenişiň egremi" diýip atlandyrylýar. Ol belli bir derejede kemala gelýän endigiň ösüş ýoluny häsiýetlendirýär. Takyk eksperimentleriň netijesini ýazmakda alynýan egremler dürli-dürlidir. Hatda şol bir adamda meňzeş mysallar üçin hiç wagtda birmeňzeş egremler bolmaýar.

Umumylykda ähli alynýan "gönükmeleriň egremlerini" iki tipe bölmek mümkin: a) oňyndäl tizlenmesi bolan egremler (ilki endigiň kemala gelşi çalt bolup, soňra haýallaýar we tizligiň, ýalňyşlaryň sanynyň we ş.m. predel derejesine ýakynlaşýar:); b) oňyn tizlenmesi bolan egremler (ilki hereketiň özleşdirilmesi haýal bolup, soňra has çaltlaşýar).

5-nji suratda uly adamlaryň (A) we çagalaryň (Ç) hem-de alaňňyrtlaryň labirintden geçmek endiginiň kemala gelşini häsiýetlendirýän "öwreniş egremi" şekillendirilendir. Grafigiň ordinat okunda göterimde aňladylan ýalňyşlaryň sany, sarp edilen wagt ýa-da geçilen aralayk olaryň birinji synagdaky netijesine degişlilikde ýerleşdirilýär. Görnüşi ýaly ähli egremler oňyndäl tizlenmeli egremlere degişlidir.

6-njy suratda okuwçylaryň birtipli arifmetik mysallar işlenendäki "gönükmeleriň egremi" görkezilendir, ordinatda deslapky netijä görä göterimde aňladylan ýalňyşlaryň (nädogry goýlan sowallar we nädogry ýerine ýetirilen hereketler) sany ýerleşdirilendir.

Egremleriň birinji tipi öwrenişiň synag we ýalňyşmak usuly agdyklyk edýän proseslere häsiýetlidir. (Meselem, adamda şeýle ýagdaý näbelli labirintden geçmeklikde ýüze çykýar). Egremleriň ikinji tipi hereketiň dogry ýerine ýetirilmegini talap edýän mysallara häsiýetlidir. Bu ýagdaýda çözlüş usuly düşünilen bada ýumuş dogry ýerine ýetirilip, ýalňyş gaýtalanmaýar.

**Endik aňly awtomatlaşdyrylýan hereket hökmünde**

Gaýtalanýan amaly synaglar bolmasa hiç endigiň kemala gelmegi mümkin däldir. Bu fakta esaslanyp, käbir psihologil taglymat ugurlarynda, meselem, bihewiorizmde haýwanlarda we adamda öwreniş prosesini, şol sanda endigiň kemala geliş proseslerini gatyşdyrmakçy bolýarlar. Emma fiziologik mehanizmleriň meňzeşligi bu prosesleriň düýpli tapawudynyň üstüni örtmeli däldir. Görşümiz ýaly hereketleriň adamda ýerine ýetirilişi hemişe, belli bir derejede, aň tarapyndan edara edilýär. Şonuň üçin-de haýwanlarda bolýan şol bir prosesler adamda düýpli başga häsiýete eýe bolýar. Adama amaly synaglar belli bir hereketi döretmekligiň aňly çemeleşmekligi häsiýetine eýe bolýar. Netijeleriň gözegçiligi, şertlere baha bermek hereketlere düzediş bermek hem belli bir derejede aňlanylan häsiýetde bolýarlar. Bu ýagdaýda derňew synaglaryň hut çeşmesini üýtgedýär. Öýkünmeklik öz döreýşinde özleşdirilýän hereketiň nusgasyna aňly syn etmä daýanýar. Iň esasy zat – usullaryň saýlanyp alynmagy we edara edilmegi olaryň maksadyny aňlamak we olaryň mazmunyny göz öňüne getirmek esasynda dolandyrylyp başlanýar.

Endigi kemala getirmegiň esasy serişdesi – sözleýiş işi adamyň synlaýan we ýerine ýetirýän hereketlerini söz üsti bilen aňlatmagy şeýle hem ideal işi – “pikiriňde” talap edilýän hereketleriň keşpleriniň dkeldilmekligi bolup durýar. Adamda endikleriň kemala gelşiniň mehanizmleriniň bu düýpli aýratynlyklary olaryň kemala getiriliş prosesiniň kanunlaryny döredýär.

Endik aňly awtomatlaşdyrylýan hereket hökmünde döreýär. Ol hereketleri ýerine ýetirmekligiň awtomatlaşmak usuly hökmünde hereketlenýär. Onuň roly aňy hereketleriň ýerine ýetiriliş usullaryna gözegçilik etmekden boşadyp, ony hereketiň maksadyna we

şertlerine geçirmekden ybaratdyr. Bu prosesiň esasy tapgyrlaryny aşakdaky nusgada görkezmek mümkin.

| Endigiň ösüş tapgyry | Onuň häsiýeti | Onuň maksady | Hereketi ýerine ýetirmekligiň aýratynlyklary |
|---|---|---|---|
| 1. Tanyşmaklyk | Hereketleri aňlamaklyk we olary göz öňüne getirmek | Hereketleri ýerine ýetirmekligiň usullary bilen tanyşmaklyk | Maksada anyk düşünmeklik, ýöne oňa ýetmekligiň usullaryna çala düşünmek; hereketleriň alnyp barlyşynda gödek ýalňyşlar goýbermek |
| 2. Taýarlyk (analitiki) | Aňly, emma göwnejaý ýerine ýetirip bilmezlik | Hereketiň aýry-aýry görnüşlerini özleşdirmek, olaryň ýerine ýetiriliş usullaryny seljermek | Hereketiň ýerine etiriliş usullaryna ıyk düşünmeklik, ıma olary nädogry durnuksyz ýerine rmeklik, köp sanly kmaç gymyldylar, dartgynly üns: ünsi öz hereketleriňe nlemek: ýaramaz gözegçilik |
| 3. Standartlaýjy (sintetiki) | Hereketiň elementleriniň awtomatlaş-maklygy | Ýönekeý gymyldylaryň bir bitewi herekete utgaşmaklygy we birleşmegi | Hereketleriň hiliniň ýokarlanmagy, olaryň jemlenmegi, artykmaç gymyldylaryň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | gysylyp çykarylmagy, ünsüň netijä geçirilmegi, gözegçiligiň gowulanmagy, muskul gözegçiligine geçilmegi |
| 4. Üýtgeýji (pursatlaýyn) | Ýagdaýlara çeýe uýgunlaşmak | Hereketi erkli häsiýetde dolandyrmakl ygyň tärlerini ele almak | Hereketleriň maksadalaýyk, çeýe ýerine ýetirilmegi; ýörite sensor sintezleriň esasynda gözegçilik edilmegi: intellektual sintezler (“intuisiýa”) |

Aýratyn endigiň kemala gelmegi hiç wagtda özbaşdak, üzňe proses däldir. Oňa adamyň bütin geçmişdäki tejribesi täsir edýär.

**Endikleriň özara täsiri**

Her bir endik adamyň özleşdiren endikler ulgamynda döreýär we hereketlenýär. Olaryň birnäçesi täze endigiň döremegine, hereketlenmegine kömek edýär, beýlekileri päsgel berýär, üçünjisi bolsa ony üýtgedýär we ş.m. Bu hadysa psihologiýada **endikleriň özara täsiri atlandyrylýar.** Eýsem bu hadysa nähili geçýär?

Bilşimiz ýaly, hereket özüniň maksady, obýekti we şertleri (ýagdaý) boýunça kesgitlenýär. Ol belli bir hereketiň ýerine ýetirilmeginiň, sensor gözegçiligiň we merkezi dolandyrmagyň usullary ulgamy görnüşinde amala aşyrylýar. Hereketiň üstünligi,

ýagny endigiň netijeliligi bu usullaryň maksada, obýektlere we şertlere laýyklygy bilen kesgitlenýär.

Görşümiz ýaly, endigiň döreýşiniň umumy kanunyna görä adam täze mysala duş geleninde özüniň öňden bilýän iş usullaryny ulanmaga çalyşýar. Bu ýagdaýda ol ýumşuň çözlüşine öňki tejribesinde şeýle tipli mysallary işlemekde ulanan usullaryny geçirýär. Görnüşi ýaly, işiň usullaryny ýumuşdan – ýumşa üstünlikli geçirmeklik, mysallaryň meňzeşligine, olaryň işleniş usullarynyň meňzeşligine görä baha berip bilmeklige bagly bolýar.

Bu ýerde iki hili gapma-garşylykly ýagdaý bolmagy mümkin. Birinji – haçan-da iki hili hereketiň maksady, obýekti ýa-da şerti adam tarapyndan meňzeş kabul edilip, hakykatda bolsa bu hereketler özleriniň ýerine ýetirilişiniň, gözegçiliginiň ýa-da merkezi dolandyrylyşynyň usullary boýunça tapawutlanýar. Şeýle ýagdaýda başlangyç nokady hökmünde hereketiň netijelidäl usullary durýar. Olaryň nädogrulygyny ýüze çykarmak, ýeňip geçmek we täze düzüw usullar bilen çalşyrmak köp wagt we köp sanly synag talap edýär. Endigiň kemala getirilişi kynlaşýar we haýallaýar. Beýle ýagdaýa oňyndäl geçiriş ýa-da **endikleriň interferensiýasy** diýilýär.

Meselem, surat sapagynda çagalardan wertikal göni çyzygy galamyň hereketini ýokardan aşaklygyna geçirmek arkaly ýerine ýetirmekligi talap edýärler. Çyzuw sapagynda bolsa bu ýumuş hereketi aşakdan ýokarlygyna geçirmek arkaly gazanmak talap edilýär.

Hereketleriň maksady boýunça birmeňzeş ýerine ýetiriliş usuly boýunça şeýle gapma-garşylykly häsiýeti ýedinji synp okuwçylarynda çyzuw endiklerini özleşdirmekde düýpli päsgelçilik döredýär. Hut şonuň ýaly kynçylyk ýonujy awtomatik geçirilişi ryçagy ýokary öwürmek bilen ýerine ýetirilýän stanokdan bu hereketi ryçagy aşak öwürmek bilen geçirilýän stanoga geçende ýüze çykýar. Ol uzak wagtlap şol bir ýalňyşy gaýtalap, ryçagy ýokary öwrüp stanogy işletmäge ýykgyn edýär.

Endikleriň interferensiýasynyň bu mehanizminiň pajygaly ýüze çykyşy, köpçülikleýin häsiýetde Şweýsariýada bolupdy. Bu ýerde buýruk esasynda ähli transportyň çep tarapky hereketden saga

geçirilýänligi yglan edildi. Munuň netijesinde köçelerde uly galagoplulyk bolup, awariýanyň sany rekord möçberine ýetdi.

Endikleriň özara täsirinde ikinji adatdan daşary bolup biläýjek ýagdaý haçan-da iki mysalyň maksady, obýekti ýa-da şerti daşky taýdan dürli-dürli bolup, ýöne olaryň dogry çözülmegi üçin zerur bolan hereketler özleriniň ýerine ýetiriliş, gözegçilik ýa-da merkezi dolandyrylyş usuly boýunça birmeňzeş bolan ýagdaýda ýüze çykýar.

Meselem, okuwçyda oňat ige bilen kesmek endigi bar bolsa, bu onuň demir kesýän byçgy bilen işlemek usullaryny özleşdirmekligini ýeňilleşdirýär. Bu ýerde hereketiň obýektleriniň we maksatlarynyň tapawutlylygynda ýerine ýetiriliş, sensor gözegçiliginiň usullarynyň meňzeşligi ýüze çykýar. Iki ýagdaýda hem instrumenti gorizontal ýagdaýda saklamaga zerur bolan iki eliň arasynda güýji bölmeklik birmeňzeşdir. Bu ýerde başlangyç esas hökmünde dogry hereketler durup, endigiň kemala getirilmegi has ýeňilleşýär. Şeýle ýagdaýa oňyn geçiriliş ýa-da **endikleriň induksiýasy** diýilýär.

Görnüşi ýaly, öňki tejribäniň we bar bolan endikleriň täze endigiň kemala getirilmegine edýän täsiri diňe bir hereketleriň we olaryň obýektleriniň hut öz häsiýetleri bilen däl-de, eýsem adamyň bu häsiýetlere we obýektlere bolan gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Oňyndäl geçiriliş, eger-de okadylyşda, esasan hem gaýtadan özleşdirilişde uly päsgelçilik döredýän bolsa, onda bu päsgelçiligi interferirleşýän(bir-birine çaprazlaşýan) ýumuşlary wagty boýunça aýrylyşdyryp, olaryň has tapawutly alamatlaryny okuwçynyň aňyna ýetirmek arkaly belli bir derejede gowşadyp bolar. Eger-de okuwça daşky tarapdan tapawutlanýan, düýpli häsiýetleri boýunça birmeňzeş mysallaryň meňzeşligi ýörite açylyp görkezilse, endikleriň oňyn geçirilişi has ýeňilleşip, okadylyş çaltlanýar.

Hereketi öz dörän şertlerinden aýyrmak we täze obýektlere, şertlere geçirmek örän möhüm hadysadyr. Bilşimiz ýaly, kähalatlarda ol bir zada - synagsyz we ýalňyşsyz täze tipli mysallary işlemäge, ýagny özüňi alyp barşyň düýpli täze, intellektual görnüşine ýol açýar. Öz dörän takyk şertlerinden aýrylan şeýle hereket **operasiýa** diýlip atlandyrylýar.

Aýdylandan görnüşi ýaly, hereketiň operasiýa öwrülmegi diňe belli bir psihiki işiň esasynda mümkin bolýar: meňzeşligi ýüze

çykarmak, jemlemek we ş.m. Hereketiň hut merkezi dolandyryş usullarynyň-da geçirilmegi, ýagny psihiki hereketleriň-de operasiýa öwrülmegi mümkindir. Meselem, "aýna seredip surat çekmek" tejribesinde çep elde dörän hereketi korrektirlemek endigi sag ele geçirilende öz täsirini ýitirýär. Adamda poçerkiň häsiýetli alamatlarynyň onuň haýsy harplar bilen ýazylýanlygyna garamazdan saklanýanlygy şunuň bilen düşündirilýär. Üstesine-de bu häsiýetli alamatlar haty çep eli bilen ýazanda, galamy dişleriň arasynda, aýagyň barmaklarynyň arasynda gysyp ýazanda-da ýüze çykýar.

Merkezi dolandyryşyň gurluşynyň meňzeşligi näme üçin grammatik düzgüni we leksiki düzümi meňzeş dilleriň (meselem, iňlis we nemes, rus we ukrain) ýeňil özleşdirilýänligini düşündirýär. Geçirilişiň bu tipi özleşdirilen hasaplaýyş usullaryny dürli sanlary ulanmaklyga, umumy formulalary dürli mysallary işlemekde peýdalanmaklyga we ş.m. mümkinçilik berýär. Ahyrky netijede geçirilişiň bu tipi adam islendik informasiýany akyla ornaşdyranynda we gaýtadan işläninde logiki pikirlenmäniň usullaryny awtomatik ulanmaklygyň esasynda durýar.

Usullary bir tipli mysallardan beýlekilere geçirmegiň pedagogik psihologiýasynyň merkezi meseleleriniň biridigi tötänden däldir. Özleşdirilen hereketleri täze mysallara üstünlikli geçirmek, işiň täze görnüşlerini çalt we ujypsyz ýalňyşlyk bilen özleşdirmek diýmekdir. Adamyň özleşdirilen häsiýetleri dogry ulanyp bilýän obýektleriniň sany näçe köp boldugyça onuň bu endikler esasynda çözüp bilýän mysallarynyň möçberi şonça-da uludyr. Başgaça aýdanyňda, adamda özleşdirilen hereketleriň geçirilişi näçe giň we takyk bolsa, onuň öwrenişiniň netijesi şonça-da ýokary bolup, onuň işine şonça-da netijeli kömek edýär.

| | |
|---|---|
| **Başarnyklar** | Islendik özüňi alyp baryş täze şertlerde ýa-da täze obýektlere degişlilikde operasiýalaryň geçirilişine daýanýar. Geçiriliş bolsa öz gezeginde şertleriň ýa-da predmetleriň işiň maksady üçin düýpli ähmiýetli häsiýetleriniň meňzeşligine esaslanýar. |

Şeýle meňzeşlik aňlanylan ýa-da aňlanylmaýan ýagdaýda bolup bilýär. Hereketiň maksady we usullary, galyberse-de predmetleri üýtgetmegiň esasy serişdesi bolup durýan olaryň arasyndaky baglanyşyk aňlanylyp bilner. Iş näçe çylşyrymly, onuň maksady näçe uzak boldugyça we obýektleri näçe çylşyrymly üýtgetmekligi talap etdigiçe, üstünlikli geçirişi üpjün edýän intellektual iş şonça-da ýaýraň bolýar. Ỳöne her hili ýagdaýda hem şeýle geçirilişe **başarnyk**, ýagny bar bolan bilimleri we endikleri goýlan maksada laýyklykda hereketleriň usullaryny saýlamakda we amala aşyrmakda ulanmak diýip seretmek mümkin.

Başarnyk **eksteriorizasiýany** – bilimleriň fiziki herekete öwrülmegini göz öňunde tutýar. Onuň başlangyç punkty informasiýany gaýtadan ideal derejede işlemeklikdir. Onuň netijesi – amaly hereketleri bu ideal işiň netijeleri bilen dolandyrmakdyr. Meselem, maddanyň göwrümini kesgitlemek mysaly öňde goýlan diýeliň. Ony çözmek üçin ilki bilen maddanyň geometrik maddalaryň haýsy synpyna degişlidigini anyklamaly. Soňra şeýle maddalaryň göwrümleriniň nähili hasaplanýanlygyny ýada salmaly. Bu ýerden bolsa nähili hasaplamalar geçirmelidigini bilmeli. Soňra bu maddanyň degişli möçberlerini hasaplamaly. Ahyrda oňa degişli hasaplaýyş operasiýalaryny geçirmeli. Bu ýerden görnüşi ýaly bilimleri başarnyklarda amala aşyrmak, diňe bilimlerden başga endikleriň we operasiýalaryň tutuş toplumyny özleşdirmekligi talap edýär. Şoňa degişlilikde "başarnyk" adalgasy subýektde bar bolan bilimleriň we endikleriň esasynda işiň maksadalaýyk dolandyrylmagyna zerur bolan psihiki we amaly hereketleriň çylşyrymly ulgamyny özleşdirmekligi aňladýar. Bu ulgam ýumuş bilen baglanyşykly bilimleri seçip almaklygy, onuň has ähmiýetli häsiýetlerini ýüze çykarmaklygy, çözlüşine eltýän üýtgetmeleri kesgitlemekligi, üýtgetmeleri amala aşyrmaklygy, ýetilen netijä goýlan maksada laýyklykda gözegçilik etmekligi we şonuň esasynda bütin agzalan proseslere düzediş bermekligi öz içine alýar.

Başarnyklaryň kemala gelmegi – munuň özi bilimlerdäki we predmetden alynýan informasiýanyň gaýtadan işleniş operasiýasyny, bu informasiýany ýüze çykarmak, ony deňeşdirmek we hereketler bilen baglanyşdyrmak operasiýalarynyň ulgamyny ele almakdyr.

Şeýle kemala getiriliş prosesi, ýagny başarnyklary öwrenmeklik dürli ýollar bilen amala aşyrylyp bilner. Olary iki sany düýpli ugra syrykdyrmak mümkin. Olaryň birinde okuwçyda zerur bilimler bolýar. Onuň öňünde bu bilimleri netijeli ulanmak ýumuşy goýulýar we okuwçynyň özi synag we ýalňyşmak usuly boýunça degişli oriýentirleri, informasiýany gaýtadan işlemekligi we işiň usullaryny ýüze çykarýar. Bu ýol pes netijeli bolsa-da, şu günki günde okadylyşda has ýaýrandyr. Ikinji ýolda mugallym okuwçynyň bilimleri ulanmaklyga zerur bolan psihiki işini dolandyrýar. Bu ýagdaýda pedagog okuwçyny çözlüşe zerur bolan häsiýetleri we operasiýalary saýlamaklygyň oriýentirleri bilen tanyşdyryp, onuň informasiýany gaýtadan işlemek we ulanmak boýunça işini guraýar. Bu ýol häzirki wagtda pedagogik psihologiýada ýokary depginde işlenilýär.

## §4. Işiň esasy görnüşleri we olaryň adamda ösüşi

Adamyň işi aňly işjeňlik hökmünde onuň aňynyň kemala gelşinde we ösüşinde döreýär we ösýär. Ol aňyň kemala geliş we ösüş esasydyr, onuň mazmunynyň çeşmesidir.

**Iş we şahsyýet**

Adamyň işi hemişe adamyň başga adamlara bolan gatnaşyklarynyň belli bir ulgamynda amala aşyrylýar. Iş öz amala aşyrylmagynda başga adamlaryň kömegini we gatnaşmaklaryny talap edýär. Onuň netijesi daşky dünýä, durmuşa we beýleki adamlaryň ykbalyna belli bir täsir edýär. Şonuň üçin-de diňe bir adamyň zatlara bolan gatnaşygy däl-de, eýsem onuň başga adamlara bolan gatnaşygy ýüze çykýar. Başgaça aýdanyňda, işde adamyň şahsyýeti ýüze çykyp, şol bir wagtyň özünde iş onuň şahsyýetini kemala getirýär. Meselem, dostlukly guralan kollektiwiň jemgyýete peýdaly maksadaokgunly işine gatnaşmaklyk adamda il bähbidine gönükdirilenligi, guramaçylygy we höwesiňi jemgyýetiň islegleri bilen baglanyşdyrmaklygy ösdürýär. Işiň şahsyýeti kemala getirmekdäki aýgytly roly baradaky taglymat A.S.Makarenkonyň döreden terbiýeçilik işiniň

taglymatynyň we amalyýetiniň esasynda goýlandyr. Ol: "… men çaganyň durmuşynyň belli bir endikleriň toparyny terbiýeleýän tejribe hökmünde guralmagyny talap edýärin"[1] diýip ýazypdy. Bu talaplara laýyklykda terbiýelenýänleriň kollektiwiniň bütin durmuşy çagalary şahsyýetiň belli bir häsiýetleriniň (meselem, maksadaokgunlylygyň, tertipliligiň, hakykatçylygyň, jogapkärçiligiň) ýüze çykmagyny talap edýän işiň dürli görnüşlerine goşmak görnüşinde guralypdy. Meselem, gijeki ýörişler we nobatçylyk Makarenkonyň kolonistlerinden gorkyny ýeňip geçmekligi, durnuklylygy we özüňi ýitirmezligi talap edýärdi. Bu prosesde döreýän batyrgaýlyk, gaýtalanmak netijesinde endige öwrülýärdi. Belli bir şertlerde amala aşyrylýan özüňi alyp barşyň belli bir görnüşine bolan isleg, şahsyýetiň häsiýetine öwrülýän endikleri döredýär. "Nähili hereket sepseň şonuň ýaly endik alarsyň; sepilen endige görä häsiýet alarsyň" diýip atalar sözünde aýdylýar.

Işiň dürli görnüşleriniň adamda döreýşi we ösüşi çylşyrymly hem uzak wagtlaýyn proses. Çaganyň işjeňligi diňe kem-kemden ösüş prosesinde, terbiýäniň we okadylyşyň täsirinde aňlanylan maksada gönükdirilen iş häsiýetine eýe bolýar.

Ilki başda bu işjeňlik özüňi alyp barşýň umpulsiw-ýüzünugra häsýetinde bolýar. Dünýä ineniniň ilkinji günlerinde çaganyň özüni alyp barşy birnäçe ýönekeý dogabitdi reaksiýalar – goranyş (bäbenegiň güýçli ýagtylykda ýa-da sesde kiçelmegi, agyryda, açlykda gygyrmakda ýa-da hereket bitakatlygy), iýmit (emmek), labirint (yranyňda sesini goýmak) we biraz soňra oriýentirlenmek, derňew (kelläňi gyjyndyryja tarap öwürmek, predmetiň hereketini gözüň bilen yzarlamak we ş.m.) bilen çäklenýär. 11-20-nji günden başlap çagada ilkinji şertli refleksler kemala gelip başlaýar. Olaryň esasynda birinji ýylyň dowamynda özüňi alyp barşyň derňew görnüşi(garbamak, synlamak, manipulirlemek) ösüp, onuň kömegi bilen çaga daşky dünýäniň predmetleriniň häsiýetleri barada informasiýa toplaýar we hereketleriň koordinasiýasyny-sazlaşyklygyny özleşdirýär. Bir ýaşdan başlap okadylyşyň we öýkünmekligiň täsirinde amaly özüňi alyp baryş kemala gelip

[1] Макаренко А.С. Соч., В. том. М., 1958, 284-nji sah.

başlaýar. Onuň kömegi bilen çaga predmetleriň jemgyýetde ulanyş usullaryny we olaryň jemgyýetçilik amalyýetindäky ähmiýetini özleşdirýär (krowatjykda ýatmak, stuljykda oturmak; krany açmak; pökgüjigi oýnamak; galam bilen surat çekmek we ş.m.).

Işjeňligiň bu görnüşleri bilen birlikde kommunikatiw-aragatnaşyk özüňi alyp baryş ösýär; bu çaganyň isleglerininiň we höweslerininiň kanagatlandyryş, jemgyýetçilik talaplaryny we informasiýany özleşdiriş serişdesi bolup durýar. Ilki-ilkiler bu özüňi alyp baryş sözleýişden öňki formada (gygyrmak, mimika, yşarat etmek) alnyp barylýar. 7-8-nji aýdan başlap ýaş çaga gowşak häsiýetde, soňra işjeň ýagdaýda adam aragatnaşygynyň, özara täsiriniň, informasiýa alyşmaklygyň esasy serişdesi bolan özüňi alyp barşyň sözleýiş görnüşini özleşdirip başlaýar. Sözleýşi özleşdirmek keşpleriň predmetlerden we hereketlerden aýrylmagyna, olaryň ähmiýetiniň ýüze çykarylmagyna, berkidilmegine, olaryň üsti bilen özüňi alyp barşy dolandyrmaga aýgytly taýýarlyk döremegine goltgy berýär.

**Oýun**

Adamyň durmuşynyň ilkinji ýyllarynda işiň ýönekeý görnüşlerini özleşdirmeklige taýýarlyk döreýär. Olaryň biri-de oýundyr.

Mälim bolşy ýaly, özüňi layp barşyň oýun görnüşi ýaşajyk haýwanlarda hem bolýar. Bu her hili ylgaw, uruşmaga öýkünmek, gaçmak we ş.m.-dyr. Haýwanlaryň käbirlerinde predmetler bilen oýnamaklyk-da bolýar. Meselem, çaga pişik togalanýan ýumagy kowalap tutýar, garbap alýar, güjüjek tapan letdesini poluň üstünden süýreýär, ýyrtyşdyrýar we ş.m.

Haýwanlaryň oýun prosesindäki özüni alyp barşyny ilkinji babatda organizmiň işjeňlige bolan isleginiň amala aşyrylmagy, toplanan energiýany sarp etmek hökmünde seretmek mümkin. Munuň şeýledigine olarda oýunyň aç bolan ýagdaýynda ýa-da iýmitiň ýetmezçilik edýän ýagdaýynda, ýokary temperaturanyň, galyberse-de himiki maddalaryň täsir etmeginde bedeniň temperaturasyny ýokarlandyrýan ýa-da beýniniň işjeňligini peseldýän ýagdaýynda kesilýänligi şaýatlyk edýär. Eger birnäçe wagtlap haýwan oýun edýän ýoldaşlaryndan aýrylsa, onuň oýanyjylygy we oýun işjeňligi soňra has ýokarlanýar, ýagny, göýä

degişli energiýanyň toplanmagy (ýa-da “oýun açlygy”) ýüze çykýar. Oýna bolan meýliň döremegini bu işiň organizmiň energiýa çalyşmak bilen baglanyşyklylygy esasynda düşündirmek mümkin. Ỳöne oýun işi amala aşyrylýan özüňi alyp barşyň görnüşi nireden döreýär? Synaglaryň görkezişine görä, olaryň käbirleri haýwanyň dogabitdi instinktiw hereketleriniň düzümine girýär (meselem, çaga pişigiň “awçylyk hereketi”). Beýlekileri bolsa öýkünmek esasynda döreýär. Meselem, şimpanzeniň çagalarynyň uly maýmynlaryň hereketini, daşky adamlaryň we haýwanlaryň hereketlerini gaýtalamagy. Ǘçünji biri –daşky dünýä bilen özara täsirinde haýwanyň özi tarapyndan döredilýär.

Şeýlelikde, haýwanlaryň çagalarynyň hereketleriniň çeşmesi edil ulularyňky ýaly görnüş instinktleri, öýkünmek, öwrenmek bolup durýar. Şol sebäpli olaryň hereketleri ulularyň özüni alyp barşynyň analogy bolup durýar. Emma uly haýwanlarda bu hereketler belli bir biologik islegleri (iýmite bolan, duşmandan goranmak, howpdan gutulmak, gurşawda oriýentirlenmek we ş.m.) kanagatlandyrmaklygyň serişdesi bolup hyzmat edýär. Kiçilerde bolsa şol bir hereketler hut “işiň” özi üçin amala aşyrylýar. Olar özüniň real biologik maksatlaryndan boşaýarlar. Beýleki özüňi alyp baryş görnüşlerinden oýnuň düýpgöter tapawudy şondadyr. Onuň maksady hereketleriň netijesinde ýetilýän amaly netijeler däl-de, hut amala aşyrylýan işiň özüdir.

Derňewleriň görkezişi ýaly, adamyň çagasynda hem oýun onuň işjeňligini amala aşyryş usuly, ýaşaýşynyň görnüşi bolup durýar. Ol, adatça, “funksional lezzet” bilen baglanyşyklydyr. Onuň oýandyryjysy işe bolan isleg bolup, çeşmesi öýkünmek we tejribedir. Emma çaganyň oýun hereketleri ilkibaşdan predmetleri adamzadyň döreden usullary boýunça ulanmak esasynda amaly özüňi alyp barşyň hususy adamzat görnüşiniň ýerliginde ösýär.

Bu ýagdaý çagalaryň oýun işiniň düýpli aýratynlygy bolup, ol onuň görnüşiniň, çeşmesiniň, mehanizmleriniň, funksiýasynyň we netijesiniň düýpli tapawudyny döredýär.

Predmet gurallary bilen parallellikde çaga öz amalyýetinde zatlaryň başga bir görnüşi – oýunjaklar bilen iş salyşýar. Bularyň kömegi bilen beýleki “hakyky” zatlar we hereketler aňladylýar.

Ulular çagalara oýunjaklary şeýle ulanmaklygy öwredýär. Olar çaga gurjaga nähili suw içirmelidigini, ony hüwdülemegi, gezelenç etdirmegi, oýunjak aýyjygy nähili naharlamalydygyny, maşyny ýöretmegi we ş.m. öwredýärler.

Emma çagada oýunjaga "hakyky" zatlaryň şekili hökmündäki gatnaşyk diňe oýun işine sözüň goşulmagy bilen ýüze çykýar.

Bir ýaşdan iki ýaşa çenli çaga entek gurjagy yralamak hereketini gurjakdan taýajyga geçirip bilmeýär. Ol hereketi degişli predmet bolmasa suratlandyryp ýa-da predmetden beýleki predmete geçirip bilmeýär. Bu operasiýalaryň ählisi sözleýşiň kemala gelmegi bilen döräp ugraýar. Taýaga gurjak hökmünde ýüzlenmek üçin çaga ony edil gurjagy atlandyryşy ýaly (meselem, "Jemal") atlandyrmaly bolýar. Gurjagy naharlamagy, oýunjak ata mündürmegi üçin ulular oňa "Atjagazyňy iýmle" we ş.m. diýmeli bolýar. Söz soň-soňlar çaga ulularyň "hakyky" zatlar bilen edýän hereketlerini özbaşdak oýunjaga geçirmeklige mümkinçilik berýär. Amaly hereketleriň üsti bilen ýa-da ulularyň hereketlerini synlamak arkaly sözüň manysyny özleşdirip, çaga bu hereketleri söz bilen bilelikde oýnaýan predmete geçirýär. Bu ýerde oýun predmetiň mazmunyny aňladýan hereketleri predmetiň özünden başga bir predmete – oýunjaga geçirýär. Şol mynasybetli sözüň manysy predmetiň daşky görnüşinden aýrylyp, predmet boýunça geçirilýän hereketlere, predmetiň adamzat amalyýetindäki funksiýasyny aňlatmaklyga geçirilýär.

Bu proses näçe aňry gitdigiçe, söz şonça-da predmetler bilen göş-göni baglanyşyklygyndan boşaýar. Sözüň manysy kem-kemden hereket arkaly aňladylyp, has soňra bolsa hereket baradaky gözöňüne getirme boýunça aňladylýar. Predmetler bilen real hereketleri sözleýiş hereketleri bilen çalşyrmak mümkinçiligi döreýär. 4-5 ýaşa çenli oýunjaklar bilen guralýan real hereketler kem-kemden gysgalýar we söz bilen çalşyrylýar. Gurjagy naharlamagy detallaýyn ýerine ýetirmeklige derek, çaga oňa bir gezek çemçäni eltip: "Naharlaýan. Eýýäm doýdy" we ş.m. diýýär. Üç ýaşyň ortalarynda çagada öz hereketlerini kesekiniňkä garşy goýmak döräp, dünýä, beýleki adamlara garşy durýan, işiň we höwesleriň çeşmesi bolan "men" diýen işjeň orun ýüze çykýar. Zatlara degişli hereketler

adamlaryň zatlara degişli funksiýalary hökmünde kabul edilip başlanýar. **Rolly oýunlar** döreýär.

Rolly oýunlarda çaga özüniň ulularda synlaýan jemgyýetçilik funksiýalaryny, ulularyň özüni alyp barşyny şahsyýet hökmünde gaýtadan dikeldýär. Meselem, iki ýaşly çaga gurjagy naharlamak bilen "naharlamak" oýnuny oýnaýar. Dört ýaşly çaga gurjagy naharlamak bilen "çagasyny naharlaýan ejäniň roluny" oýnaýar. Çaganyň sosial tejribesiniň artmagy bilen durmuş temasyndaky ýordumlar ("eje", "terbiýeçi aýal", "kino", "çagalar bagy", "haýwanat bagy" we ş.m.) önümçilik ýordumlary bilen ("uçarman", "awtobus", "kosmonawt", "zawod"), soňra bolsa jemgyýetçilik syýasy ("uruş", "saýlawçylar" we ş.m.) ýordumlar bilen baýlaşýar. Şonuň bilen birlikde onuň mazmuny predmet hereketlerini döretmekden kem-kemden adamlaryň gatnaşyklaryny suratlandyrmaklyga geçýär.

Hakykatda bu ýerde sözüň manysyny we daşky hadysalary amaly özleşdirmeklik mundan beýläk ösýär. Ỳöne indi bu proses sosial mazmunlary, funksiýalary we adamlaryň gatnaşyklaryny içine alýar:

"Lukmany oýnamak bilen çaga özüni lukman ýaly" alyp barýar. Galamy ýürek diňlenýän hökmünde ulanyp, gurjagy seredilýän adam ýaly uzyn ýatyrmak bilen ol başyny ýaýkaýar: "Seni sançmaly" we ş.m. Onuň hereketleri ulanylýan zatlaryň häsiýetleri boýunça däl-de, lukmanyň funksiýasy baradaky düşünjeleri arkaly dolandyrylýar. Başgaça aýdanyňda, çagada özüňi alyp barşy sosial rol we oňa degişli hereketler baradaky düşünjeler arkaly dolandyrmak ukyby kemala gelýär. Rolly oýunlaryň ösen tapgyrynda çaga beýleki çagalar bilen aragatnaşyga girýär. Oýunda rollary bölüşip, çagalar kabul edilen rollara degişlilikde ("eneli-gyz", "lukman -nähoş") sosial tejribäni, hereketleri kollektiwiň talabyna tabynlykda alyp barmaklygy özleşdirýärler.

Indiki tapgyrda – **düzgüni boýunça oýnalýan oýunlarda** bu häsiýetler mundan beýläk-de ösýär. Űstesine-de hereketler sowa-abstrakt talaplar ýa-da düzgünler bilen dolandyrylýar. Daşky adamlar, oýna gatnaşyjylar şeýle düzgünleriň döredijileri hökmünde

kabul edilýär. Işiň maksady onuň sosial taýdan berkidilýän netijesine ("utmak") geçirilýär.

Hakykatda bu döwürde oýundan çykmaklyk başlanýar. Özüniň jemgyýetçilik häsiýetleri boýunça oýunlygyna galyp (sebäbi iş entek peýdaly önüm bermeýär), psihologik gurluşy boýunça oýun indi zähmete (maksat indi işiň özi däl-de, onuň netijesi bolup durýar) we okuwa (maksat oýny özleşdirmek bolup durýar) golaýlaşýar.

Şeýlelikde, oýun çagany öz tejribesiniň derejesinde zatlaryň we hadysalaryň dil amalyýyetinde berkidilen mazmuny özleşdirmäge we mazmun boýunça hereket etmäge türgenleşdirýär. Ol hut operasiýa hökmünde ("göýäki",) ýerine ýetirilýän hereketleriň aňlanylmagyny ösdürýär, şeýle operasiýalaryň öz-özüňi dolandyrmagyň esasynda amala aşyrylmagyny öwredýär (düzgün), galyberse-de, öz-özüňi aňlamaklygy giňeldýär, özüňi predmet hereketleriniň alyp baryjysyndan sosial roluň alyp baryjysyna, şahsyýet gatnaşyklarynyň subýektine öwürmekligi üpjün edýär.

**Okuw.** Çaganyň özüni alyp barşyny we işini synlanymyzda biz bir aýgytlaýjy fakta gabat gelýäris. Birnäçe elementler şertsiz refleksler bolaýmasa, biziň çagada soňra görýän hereketlerimiz we işiň ähli görnüşleri çagada ilki ýokdur.

Amaly we kommunikatiw özüňi alyp baryş, oriýentirleýji we derňew işi, zatlary tutmak we manipulirlemek, süýşmek, ýöremek, sözleýiş we oýun, zähmet we sosial özaratäsir – bularyň hemmesi diňe eneden doglandan birnäçe wagtdan soňra ýüze çykýar we ösýär. Üstesine-de, özüňi alyp barşyň we işiň her bir görnüşiniň "kritiki" (pajygaly) döreýiş döwri, kemala geliş depgini we üýtgedip guralyş we çylşyrymlaşýan tapgyrlary bolýar.

Bu nukdaýnazardan çaganyň ösüşi belli bir dogabitdi taýýarlyklar we genetik programmalar bilen, onuň boýunyň ösüşi we organizmiň anatomo-fiziologik kämilleşişi, ýokary nerw işiniň funksional mehanizmleriniň çylşyrymlaşmagy bilen baglanyşykly faktdyr.

Şeýle-de bolsa, bu özüňi alyp barşyň hiç bir görnüşi öz-özünden awtomatik ýagdaýda, daşky gurşawyň şertlerinden garaşsyz ýüze

çykmaýar. Olaryň ähli si çaganyň amaly we sosial tejribesiniň esasynda, ony gurşap alýan adamlar we predmetler bilen özara täsiri netijesinde döreýärr we ösýär.

Bu nukdaýdan çaganyň "adama öwrülmek" prosesinde gazanýan ähli zady öwrenmekligiň, ýagny tejribäni özleşdirmekligiň netijesidir. Adamyň özüni alyp barşy biologik däl-de, jemgyýetçilik tejribesi bilen kesgitlenýär. Emma sosial tejribe biologik ugur bilen geçirilip bilinmez. Ol organizmiň häsiýetleri bilen döredilmän, adamyň ýaşaýan jemgyýeti bilen döredilýär. Biologik ýol bilen diňe organizmiň sosial tejribäni, adamyň özüni alyp barşyny we işini amaly özleşdirmäge zerur bolan käbir häsiýetlerini nesle geçirmek mümkin. Organizmiň dogabitdi biologik häsiýetlere gös-göni garşylykdan boşamaklygy onuň möhüm artykmaçlygydyr. Bu mynasybetli adamda özüňi alyp barşyň görnüşleriniň we işiň usullarynyň ewolýusiýasy organizmiň biologik ösüşi bilen däl-de, jemgyýetiň taryhy ösüşi bilen kesgitlenip başlaýar.

Şeýlelikde, öwreniş, okuw işiň möhüm faktory bolup, onuň kömegi bilen çagada özüňi alyp barşyň we hakykaty şöhlelendirmegiň adama mahsus görnüşi kemala getirilip, biologik organizmiň kem-kemden şahsyýete öwrülmesi bolup geçýär.

Emma çaganyň seredilip geçilen özüni alyp barşynyň we işiniň ähli görnüşlerinde ahyrky netije – jemgyýetçilik tejribäni özleşdirmek, işiň hut öz maksady bilen gabat gelmeýär. Çaga predmetler bilen bir zady öwrenmek üçin iş salyşmaýar. Haçan-da ol ilkinji ädimleri ädende, ilkinji sözleri aýtmaga synanyşanda ol ýöremäni ýa-da geplemäni öwrenmegi maksat edinmeýär. Onuň hereketleri belli bir gaýragoýulmasyz islegleri, işjeňligi, zatlary almak meýlini, başga adamlara täsir etmek höwesini we ş.m. kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. Şonuň üçin-de degişli hereketleri we informasiýalary özleşdirmek oňa "şahsy" maksat hökmünde däl-de, degişli islegleri kanagatlandyrmaklyga serişde bolup durýar.

Ýöne wagtyň geçmegi bilen çaganyň durmuşyna işiň aýratyn görnüşi goşulýar. Bu işiň gös-göni maksady belli bir informasiýany, hereketleri, özüňi alyp barşyň görnüşlerini özleşdirmek bolup durýar. **Esasy maksady öwrenmek bolup durýan subýektiň şeýle özboluşly işine okuw** diýilýär.

Ol şu aşakdakylary öz içine alýar: a) düýäniň ähmiýetli häsiýetleri barada, işiň ideal we amaly amaly görnüşlerini özleşdirmek(bu prosesiň netijesi bilimlerdir), b) işiň düzümini düzýän usullary we operasiýalary özleşdirmek (bu prosesiň netijesi endiklerdir); w) mysallaryň şertlerine we goýlan maksada laýyklykda görkezilen informasiýalaryň ulanyş usullaryny operasiýalaryň dogry seçilip alynmagy we gözegçiligi üçin özleşdirmek (bu prosesiň netijesi başarnyklardyr).

Şeýlelikde, okuw işi adamyň hereketleri haçanda belli bir bilimleri, endikleri we başarnyklary özleşdirmek boýunça aňlanylan maksat boýunça dolandyrylýan wagtynda ýüze çykýar.

Bu ýerden görnüşi ýaly, okuw özboluşly, diňe adama mahsus işdir. Haýwanlarda diňe **öwrenmek** bolýar. Adamda-da okuw diňe onuň öz hereketlerini aňlanylan ideal maksat bilen dolandyryp biliş ukybyna görä ýüze çykýar. Görşümiz ýaly, şeýle ukyp diňe 6-7 ýaşda ondan öňki işleriň görnüşleriniň – oýnuň, sözleýşiň, amaly özüňi alyp barşyň we ş.m. bazasynda kemala gelýär. Çagada okuw işiniň predmetiniň ilkinji şerti belli bir bilimleri, başarnyklary we endikleri özleşdirmekligiň aňly motiwleriniň ýüze çykmagydyr.

Çaganyň ösüşine işjeň jemgyýetçilik täsir ýetirýänler ululardyr. Olar onuň işini we özüni alyp barşyny jemgyýetçilik amalyýetiniň kadasyna gönükdirmek arkaly guraýarlar. Çaganyň işini we özüni alyp barşyny adamzadyň jemgyýetçilik tejribesini özleşdirmeklige şeýle işjeň gönükdirmek **okatmak** diýip atlandyrylýar. Çaganyň şahsyýetiniň ösüşine edýän täsiri nukdaýnazardan bu proses **terbiýe** diýip atlandyrylýar. Ol görkezmek we düşündirmek, sylaglamak (höweslendirmek) we çäre görmek, wezipe goýmak we talap bildirmek, barlamak we düzetmek ýaly esasy serişdeler bilen alnyp barylýar. Bu täsirleriň kömegi bilen ulular çaganyň akyl ýetiriş we amaly işini dolandyrýarlar, bu işi döredýärler, gönükdirýärler, gözegçilik edýärler, korrektirleýärler we şonuň bilen birlikde kemala getirýärler.

Bu prosesiň nähili geçýändigi, nähili serişdeler bilen nähili materialda we nähili maksat bilen alnyp barylýandygy, nähili informasiýanyň aýdylýandygyny we nähili hereketleriň

özleşdirilýänligi – bu soraglaryň hemmesi bilen aýratyn ylym – pedagogika meşgullanýar.

Okuw işi adamy diňe bir jemgyýetçilige ähmiýetli işiň dürli görnüşlerine zerur bolan bilimler, endikler we başarnyklar bilen ýaraglandyrmaýar. Ol adamda özüniň psihiki proseslerini dolandyrmaklygy, öz hereketleriňi we operasiýalaryňy, endikleriňi we tejribäňi çözülýän meselä laýyklykda saýlamaklygy, guramaklygy we gönükdirmekligi kemala getirýär.

**Zähmet** Zähmet jemgyýete peýdaly (ýa-da jemgyýetde ulanylýan) belli bir maddy ýa-da ideal önümleri öndürmeklige gönükdirilen işdir. Zähmet işi adamyň esasy, baş işidir. Zähmet çekmese, adamlar görnüş hökmünde özüniň ýaşaýşyny tamamlardy. Şonuň üçin zähmet işi adamyň ýaşaýşyny onuň beýleki görnüşlerden üstün çykmaklygyny we tebigatyň güýjüni, tebigatyň predmetlerini ulanmaklygyny üpjün edýän özboluşly, adamyň görnüşine mahsus bolan özüni alyp barşy bolup durýar.

Zähmet işiniň maksady adamlaryň ulanylýan zatlar - çörek we maşynlar, mebel we gurallar, geýim we awtomobiller we ş.m. bolup biler. Ol energiýa (ýylylyk, yşyk hereket we ş.m.) informasiýa serişdesi (kitaplar, çyzgylar, filmler) bolup-da biler. Galyberse-de, bu ideal önümler (ylym, sungat, ideýalar) we adamlaryň özüni alyp barşyny we zähmetini guraýan hereketler (dolandyrmak, gözegçilik, goramak, terbiýe we ş.m.) bolup biler.

Şeýle ýagdaýda özdürilýän önümiň adamyň öz hususy isleglerini kanagatlandyrmaga zerurlygy-däldigi ähmiýetli däldir. Önümiň jemgyýete zerurlygy esasy zatdyr. Şol sebäpli adamyň işiniň maksady onuň şahsy islegleri bilen kesgitlenmeýär. Bu maksat jemgyýet tarapyndan goýlup, işiň özi bolsa belli bir jemgyýetçilik tabşyrygy ýerine ýetirmek häsiýetine eýe bolýar. Şeýlelikde, adamlaryň öz tebigaty boýunça jemgyýetçilik gurluşa eýedir. Jemgyýetiň islegleri ony kemala getirýär, kesgitleýär, gönükdirýär we dolandyrýar.

Bu iş öz häsiýeti boýunça-da jemgyýetçilik mazmundadyr. Zähmet bölünişigi mynasybetli hiç bir adam hiç wagt özüne zerur

ähli zady diňe ýeke özi öndürmeg-ä beýlede dursun, ýekeje önümiňde öndürilişine boýdan-başa gatnaşmaýar. Şonuň üçin-de adam özüne zerur zatlaryň ählisini jemgyýetden öz zähmetine çalyşyp alýar. Şahsyýetiň islegleri daşky görnüşi boýunça onuň öz husuy zähmeti bilen däl-de, jemgyýetçilik tarapyndan kanagatlandyrylýar. Bu prosesiň nähili amala aşyrylýandygy jemgyýetde hereket edýän önümçilik gatnaşyklarynyň ulgamy bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin-de islendik önümiň jemgyýetde öndürilişi şol bir wagtyň özünde adamlaryň zähmet prosesinde belli bir gatnaşyklary döretmekligini, önümleri bölüşmekligini, alyşmaklygyny we özleşdirmekligini aňladýar.

Şonuň bilen birlikde adamyň zähmet hereketleri biologik islegler bilen däl-de, goýlan önümçilik maksady bilen we onuň bu maksady amala aşyrmak prosesinde beýleki adamlara bolan gatnaşyklary bilen kesgitlenýär. Şeýle hereketleri ýerine ýetirmek we dolandyrmak, informasiýany gaýtadan işlemekligiň ýokary proseslerini, ilkinji nobatda hem hyýal we pikirlenmäni ulanmaklygy talap edýär.

Bu ýerden görnüşi ýaly adamyň psihikasynyň üýtgeşik häsiýetleriniň çeşmesini düşündirmek üçin gizlin syrlara salgylanmak düýbünden artykmaçdyr. Olaryň zerurlygy adamyň psihiki işiniň kanunlary bilen döredilen adamyň jemgyýetçilik ýaşaýyş görnüşinden gelip çykýar.

Özüniň amala aşyrylmagy üçin bu ýokary psihiki funksiýalary talap edýän kollektiwleýin iş şol bir wagtyň özünde adamzadyň ösüş prosesinde bu funksiýalaryň döremegine şertleri döredýär.

Mysal üçin, ilkidurmuş awçylyk ordasynda haýwanlary garyma kowýan adamyň özüni alyp barşyny synlalyň. Onuň hereketi gös-göni aw tutmaklyga gönükdirilen däldir. Üstesine-de, eger ol ýekelikde hereket edýän bolsa, bu hereketler ony aç galmaga, awuň ýeňil gutulmagyna getirerdi. Şonuň üçin-de onuň işi beýleki adamlaryň - awçylaryň işi bilen utgaşyklykda belli bir mazmuna eýe bolýar. Şonlukda onuň maksady biologik däl-de, jemgyýetçilik ähmiýetli bolýar. Maksat instinktiw meýiller görnüşinde şöhlelenmän, daşky dünýäniň obýektleriniň üstünden alnyp barylýan hereketleriň kabul edilişiniň üsti bilen şöhlelenýär. Amalyýet

mynasybetli obýektleriň keşpleri we olar bilen geçirilýän hereketler işe mejbur ediji biologik islegleriň meýillerinden boşaýar.

Zähmetiň tebigatyň önümlerini ýönekeý özleşdirmekden aýgytly tapawudy onuň gurallary ulanmak we ýasamak bilen baglanyşyklydyr. Bu prosesde predmetleriň biriniň beýlekisine täsir etdirilmegi bolup geçýär. Şonuň üçin-de zähmet prosesinde predmetleriň biri-birlerine degişlilikde obýektiw häsiýetleri ýüze çykýar. Her bir zähmet işi predmetleriň biologik ähmiýetine görä däl-de, olaryň şeýle obýektiw häsiýetlerine esaslanyp alnyp barylýan işjeňlikdir. Meselem, naýza süňkden uç ýasalanda süňkleriň iýmit häsiýetini däl-de, olaryň berkligini göz öňünde tutmalydyr.

Şeýlelikde, adamlaryň amaly jemgyýetçilik zähmet durmuşy olar üçin zatlaryň täze ähmiýetlerini we olara bolan täze gatnaşygy döredýär. Kollektiwleýin iş predmetlerde olaryň obýektiw häsiýetlerini ýüze çykarýar. Bu iş beýleki adamlar bilen informasiýa alyşmaklygy, bu informasiýany aýratyn kommunikatiw hereketlerde – sözleýişde berkitmekligi talap edýär. Ol beýleki adamlary işiň gatnaşyjylary hökmünde kabul etmeklige mejbur edýär. Galyberse-de ol öz hereketlerini ideal maksat bilen gönükdirmekligi we olary jemgyýetçilik tejribe bilen kesgitlemekligi öwredýär.

Ýokarda görşümiz ýaly, obýektiw hakykata şeýle gatnaşyk etmek aňyň esasyny düzýär. Ol adamyň zatlara degişlilikde işiň **subýektine**, adamlara degişlilikde **şahsyýete** öwrülmegine ýardam edýär. Bu gatnaşyk adamyň daşky dünýä nalajedeýinlik bilen garamakdan ony bu dünýäniň hojaýynyna öwürýär; ony bu dünýäni üýtgetmäge, uzak maksatlara ymtylmaga, adamyň hereketlerini aňly meýilnama laýyk işe ugrukdyryp, onuň daşky gurşawa uýgunlaşmak häsiýetdäki özüni alyp barşyny ýokary maksatly durmuşa öwürýär.

# 7-nji BAP

# ÜNS

## §1. Üns barada düşünje we onuň fiziologik esaslary

Şahsyýetiň psihiki işi her bir pursatda özüniň gönükdirilen häsiýeti bilen, ýagny şu ýagadaýda agdyklyk edýän motiwlerde ýüze çykýan islegleriň toplumy bilen tapawutlanýar. Adama köpsanly daşky gyjyndyryjylar täsir edip, onda islegleriň dürli görnüşleri bolýar. Bu islegler, degişli daşky gyjyndyryjylar, şahsyýet üçin dürli ähmiýete eýe bolýar. Häzirki pursatda has ähmiýetli bolan içki meýilleriň we daşky gyjyndyryjylaryň özara täsiri psihiki işiň saýlanma häsiýetini döredip, belli bir obýektiň seçilip alynmagyna getirýär. Bu proses **üns** tarapyndan amala aşyrylýar.

| | |
|---|---|
| **Ünsüň kesgitlenişi** | **Üns – munuň özi psihikanyň şahsyýet üçin belli bir ähmiýeti (durnukly ýa-da pursatlaýyn) bolan obýekte gönükdirilmegi we onda saklanmagydyr.** |

Psihiki işiň gönükdirilmesi hökmünde onuň erkli ýa-da erksiz ýagdaýda öz obýektini saýlamagyna düşünilýär. Okuwçy mugallymyň gürrüň berýän zadyny diňleýän wagtynda ol aňlanylan ýagdaýda şeýle diňlemek işini saýlaýar, onuň ünsi şeýle aňly goýlan maksada tabyn bolýar. Bu ýagdaýda okuwçynyň psihiki işiniň gönükdirilmesi okuw materialynyň mazmuny bilen gümra bolmaklygynda we hiç bir zada ünsüni sowmaýanlygynda ýüze çykýar.

Psihiki işiň gönükdirilmesi hökmünde diňe bir işiň saýlanyp alynmagy däl-de, onuň saklanmagy we şeýle saýlap almaklygy goldamaklygy-da düşünilýär. Okuwçynyň bir zada ünsüni çekmekligiň şeýle bir kyn zat däldigi pedagoglaryň ählisine mälimdir. Emma ony belli bir wagt aralygynda saklamak ýeňil bolmaýar. Bu maksat üçin ýörite pedagogik usullary ulanmaly bolýar. Şonuň üçin-de psihiki işiň gönükdirilmesi hökmünde diňe

onuň saýlanyp alynmak häsiýeti däl-de, belli bir dowamly wagt aralygynda saklanmagyna düşünilýär.

Psihiki işiň gönükdirilmesi bilen bir hatarda üns onuň jemlenmegini-de göz öňünde tutýar. Psihiki işiň jemlenmegi şu işe dahyly bolmadyk başga işleriň ählisinden sowulmaklygy aňladýar. Jemlenme – şol bir iş bilen gümra bolup, oňa has çuň çemeleşmekdir. Haýsy-da bolsa bir suratly kitabyň sahypalaryny çalt, elujundan seredip agtaryşdyrmak mümkin. Bu ýagdaýda jemlenme uly bolmaýar. Emma kyn kitaby okap, ondaky pikirleriň ählisine düşünmeklige ymtylmak, ondaky goşmaça çyzgyny tekste baglanyşyklykda detallaýyn seretmek-de mümkin. Bu ýagdaýda jemlenme has ýokary bolýar. Öýe iş berlen düzmäniň üstünde işleýän okuwçy kähalatlarda jaýdaky gürrüňleri, radiony, daşarynyň garaňkyranyny we çyra ýakmalydygyny duýmaýar.

**Ünsüň fiziologik esaslary**

Üns belli bir nerw merkezleriniň oýanmasy, beýlekileriniň tormozlanmasy bilen baglanyşykly bolup, olar subýekt üçin ähmiýetli gyjyndyryjylary ýüze çykarmaga, ýagny psihiki işiň gönükdirilmesini üpjün edýärler. Şeýle gönükdirilmäniň ýönekeý görnüşi **oriýentirleýji refleksdir**. Her bir täze döreýän gyjyndyrma, eger-de ol ýeterlik güýçlülikde bolsa, degişli oýanma döredip, ugrukdyryjy-**oriýentirleýji** refleksi ýüze çykýar. Bu ünsüň ýönekeý görnüşlerinin fiziologik esasydyr.

Häzirki wagtda oriýentirleýji refleksiň möhüm elektrofiziologik we wegetatiw häsiýetnamalary köp derejede biziň alymlarymyz we daşary ýurt alymlary tarapyndan öwrenilendir.

Bu derňewleriň görkezişine görä oriýentirleýji refleks wagtynda ukudan oýalyga geçendäki ýagdaýa meňzeş üýtgeşmeler bolup geçýär. Elektroensefalogramma fon ritmikasynyň desinhronizasiýasy görnüşinde üýtgeýär, oňa degişlilikde ýürek, dem alyş we deri galwaniki reaksiýalar-da üýtgeýär. Bularyň ählisi işjeňligiň ýokarlanýandygyny, "işjeňleniş reaksiýasynyň" döreýänligini oýanma proseslериniň köp derejede afferent, tormozlanmanyň bolsa efferent neýronlarda çylşyrymly ýagdaýda paýlanýandygyny subut

edýär. Şeýle ýagdaýda täze gyjyndyryja bolan reaksiýanyň güýçlüdigi onuň köne gyjyndyryjydan tapawudyna bagly bolýar.

Ünsüň has çylşyrymly görnüşlerine degişlilikde nerw we sekretor prosesleriň şeýle hertaraplaýyn öwrenilmesi heniz geçirlenok. Ýöne " işjeňleniş reaksiýasy" belli bir derejede ünsüň ähli görnüşlerine mahsusdyr diýip çaklamak mümkin. Oriýentirleýji iş has çylşyrymly bolup, ol obýektiň "täzeligine" döreýän ýönekeý şertsiz oriýentirleýji refleksiň çäginden has daşa çykyp-da biler. Üns assosiasiýasy boýunça döreýän ýada salmalar, täzeligi boýunça tapawutlanmaýan, emma garaşylmadyk ýagdaýda adama ähmiýetli bolan obýektleriň kabul edilişi bilen-de baglanyşykly bolup bilýär.

Ünsüň psihologik esaslaryny aýdyňlaşdyrmakda A.A.Uhtomskiý tarapyndan teklip edilen dominanta düzgüni-de uly ähmiýete eýedir. Bu düzgüne görä beýnide hemişe oýanmanyň agalyk ediji ojagy bolp, ol bu wagtda beýnä barýan oýanmalary özüne çekýär we şol mynasybetli has-da güýçlenýär. Şeýle ojagyň döremeginde diňe bir şu pursatda gyjyndyryjynyň güýji däl-de, eýsem nerw ulgamynyň öňki täsirler bilen döredilen içki ýagdaýy, berkidilmekligi uly rol oýnaýar. Nerw ulgamynyň işiniň häsiýeti onda agdyklyk ediji ojagyň barlygy bilen kesgitlenýär. Psihologik nukdaýdan bu ünsüň şu pursatda belli bir gyjyndyryjylara gönükdirilip, beýlekilerden sowulýandygyny aňladýar.

Ünsüň güýçlenmegi adatça onuň daşky alamatlary bilen baglanyşyklydyr: predmeti takyk kabul etmeklige gönükdirilen hereketler (endigan seretmek, diňlemek), artykmaç hereketleri saklamak, ünse mahsus bolan mimika bilen dem alşy togtatmak we ş.m.

## §2. Ünsüň görnüşleri

**Erksiz üns**

Psihiki işiň gönükdirilmesi we jemlenmegi erksiz häsiýetde hem bolup biler; bu ýagdaýda biz öz öňümizde ünsli bolmak barada maksat goýmaýarys. Ünsüň bu görnüşinde iş adamy özüniň gyzyklylygy ýa-da

duýdansyzlygy boýunça özüne çekýär. Adam ygtyýarsyz özüne täsir edýän predmetleriň , alnyp barylýan işiň täsirine düşýär. Radiýodan tanyş we ýakymly sazy eşidip, biz biygtyýar ýagdaýda işden ünsümizi sowup, oňa gulak asýarys. Emma ünsüň gönükdirilmesi we jemlenmesi erkli häsiýetde hem bolýar; bu ýagdaýda biz ol ýa-da beýleki işi ýerine ýetirmelidigini bilip, onuň amala aşyrylmagyny öňde goýlan maksadyň we gelnen netijäniň esasynda gazanýarys. Şeýle ýagdaýda ýerine ýetirilýän işe ünsli çemeleşmekligi biz öz öňümizde maksat edip goýýarys. Meselem, okuwçy aňly we erkli ýagdaýda sapaga taýýarlanmaga başlap, hut şu ýumşy öz öňünde goýýar. Onuň ünsüniň gönükdirilmesi we jemlenmegi bu ýagdaýda erkli häsiýetde bolýar.

Eýsem erksiz ünsüň döremeginiň sebäbi näme? Näme üçin kähalatlarda üns bir zat, beýleki ýagdaýda düýbünden başga zat boýunça döredilýär?

Adatça, biz bu ýerde biri-birleri bilen berk arabaglanyşykly bolan sebäpleriň çylşyrymly toplumyny görkezýäris. Seljerme maksady bilen biz olary şertli ýagdaýda ýönekeýden çylşyrymly geçýän düzgünde dürli kategoriýalara bölýäris. Hakykatdan-da bu sebäpleri diňe bir kategoriýa syrykdyrmak mümkin däldir. Köplenç biz sebäpleriň birnäçe kategoriýalarynyň özara täsiri bilen iş salyşýarys.

Sebäpleriň birinji kategoriýasyna gyjyndyryjylaryň daşky häsiýeti degişlidir. Bu kategoriýa ilki bilen gyjyndyryjynyň güýji ýa-da güýçlüligi degişlidir. Aýdaly, okuwçylar synpda haýsy-da bolsa bir ýazuw işini ýerine ýetirýärler. Çendan ümsümlikde okuwçylar öz işleri bilen gümra bolýarlar. Olar köçeden geçýän awtomobilleriň we ş.m. ýuwaş sesini eşitmeýärler. Ýöne birden has golaýda we duýdansyz ýere gaçan agyr predmetiň güýçli takyrdysy eşidilýär. Onuň okuwçylaryň ünsüni çekjekdigi düşnükli zatdyr. Her bir güýçli gyjyndyryjy, çasly ses, güýçli yşyk, güýçli itergi biziň ünsümizi özüne erksiz çekýär.

Bu ýerde gyjyndyryjynyň absolýut däl-de otnositel güýjüniň arasyndaky kontraslyk uly ähmiýete eýedir. Gyjyndyryjynyň dowamlylygyna, şeýle hem predmetiň giňişlikdäki ululygyna-da aýratyn rol degişlidir. Daş-töweregindäki predmetlerden öz ululygy

boýunça tapawutlanýan obýekt biziň ünsümizi çalt çekýär. Has dowamly gyjyndyryjy gysga wagtlaýyn gyjyndyryjylaryň arasynda berilse, tiz duýulýar. Ünsüň döremekligi üçin gyjyndyryjynyň arasynyň üzülmegi-de ähmiýetlidir. Yzygider öçüp-ýanýan yşyk üznüksiz täsir edýänden ünsi tiz özüne çekýär. Gyjyndyryjynyň kesilmegi-de kontrast boýunça biziň ünsümizi özüne çekip biler. Eger okuwçy perrigiň birsydyrgyn sesinde işleýän bolsa ony duýmaýar. Sesiň kesilmegi onuň ünsüni çekýär. Gyjyndyryjynyň daşky häsiýetlerine baglylykda döreýän üns, "mejbury" häsiýetde bolýar. Pedagogiki iş ünsi döredýän sebäpleriň bu görnüşini-de göz öňünde tutmalydyr. Mugallym kähalatlarda okuwçylaryň ünsüni özüne çekmek üçin gaty gürläp biler. Onuň tersine, şol maksat bilen ol has ýuwaş gepläp-de biler. Ýöne bu usullar hiç wagt mekdep amalyýetinde ünsi guramaklygyň wezipesini çözmeýär. Olar bilen birlikde okuwçylaryň ünsüni çekmekligiň beýleki usullary-da ulanylmalydyr.

Erksiz ünsi döredýän sebäpleriň ikinji görnüşine daşky gyjyndyryjylaryň adamyň içki ýagdaýyna, ilki bilen onuň isleglerine gabat gelmekligi degişlidir. Biz aç bolanymyzda iýmite dahyly bolan islendik gyjyndyryjy – iýmit baradaky gürrüň, goňşy otagda tarelkanyň şakyrdysy, tagamly ys, ünsümizi erksiz ýagdaýda özüne çekýär. Dok, üstesine-de başga bir zatlar bilen meşgul adam olary duýmaýar. Ünsi döretmegiň we saklamagyň sebäpleriniň ýene-de bir görnüşine kabul edilýän obýektler we alnyp barylýan iş bilen baglanyşykly duýgular degişlidir. Ol ýa-da beýleki duýgy döredýän islendik gyjyndyryjynyň ünsi özüne çekýändigi mälimdir. Sebäpleriň bu görnüşine höwesiň ilkinji alamaty bolýan gyzyklylyk we özüneçekijilik girýär. Mugallymyň gürrüňi dürli duýgular döredýän biri-birini çalyşýan wakalar görnüşinde gurlanda oňa bolan üns gowşamaýar. Şeýle ünse biz emosional üns diýip bileris. Pedagog amalyýetde ünsüň bu görnüşini ulanmalydyr; emma bu ýagdaýda daşky özüneçekijilik okuwçylaryň esasy özleşdirmeli zadyna päsgel bermeli däldir. Ünsi döredýän içki sebäplere mundan başga-da öňki tejribäniň täsiri, şol sanda bizde bar bolan bilimleriň düşünjeleriň, şeýle hem endikleriň täsiri, ünsüň guramaçylygy üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Meselem, okuwçy üçin kitap bilen işlemäge

başlamagyň nähili kyndygy hemmä mälimdir. Emma ol kem-kemden işe girişýär, üns indi bölünmeýär we onuň üçin ýazuw stoluň başyna geçip, adaty boýunça kitaby sahaplap başlamak hiç hili kynçylyk döretmeýär. Mekdep şertlerinde okuw prosesiniň umumy guramaçylygy synpdaky düzgün tertibi saklamak, belli bir endikleri döredip, okuwçylaryň ünsüni saklamaga köp derejede ýardam edýär. Iş ýeriniň dogry abzallaşdyrylmagy, sapaklaryň takyk gündeliginiň bolmagy, işde arassaçylygy we tämizligi talap etmek – bularyň ählisi okuwçynyň ünsüniň guralmagy üçin uly ähmiýete eýedir. Ünsi çekmekde belli bir lezzete garaşmaklyk hem uly rol oýnaýar. Okuwçynyň mugallymyň näme düşündirjekligini belli bir derejede bilmekligi materialyň uly üns bilen kabul edilmegine kömek edýär. Garaşmaklyk kähalatlarda biziň beýleki ýagdaýda üns bermeýän zatlarymyzy-da kabul etmekligimizi üpjün edýär.

Ünsüň belli bir sebäbi hökmünde adamyň şahsyýetiniň umumy gönükdirilmesiniň, meselem, höwesleriň täsiri örän uludyr. Gös-göni gyzyklandyrýan zat hemişe ünsi özüne çekýär we ol mekdep döwründe has-da güýçlüdir. Höwes ünsi çekmek serişdesi üçin ulanylanda onuň biziň öňki tejribämizde bar bolan bilimler we

**Erkli üns**

Ünsüň bu görnüşi erksiz ünsden özüniň ýörite karara gelmek we aňlanylýan maksatlar goýmak esasynda obýektlere gönükdirilendigi bilen tapawutlanýar. Eger-de erksiz ünsde iş bizi öz özünden gyzyklandyrýan, özüne

düşünjeler bilen baglanyşyklydygy göz öňünde tutulmalydyr. Haýsy-da bolsa bir predmeti ýaramaz bilmeklik oňa bolan höwesi peseldýär. Başga bir tarapdan, has mälim zatlar-da özüne höwes döretmeýär. Höwes köne, öňden mälim zatlarda täze häsiýetler açylanda döreýär. Şonuň üçin-de täze bilimler gürrüň berlende olaryň takyk yzygiderliligini gazanmalydyr. Okuwçylar aýdylan zatlara magat düşünýänçä, olaryň öňki bilimleri bilen baglanyşdyrylýança mugallym täze meteriala geçmäge howlukmaly däldir. Kähalatlarda öňki geçilenlere dolanyp, olary gaýtalap jemlemek-de has amatlydyr. Gyzykly gürrüň bermek bilen utgaşýan yzygiderlilik, ulgamlaýynlyk hemişelik höwesi we üznüksiz ünsi döretmäge mümkinçilik berýär.

çekýän bolsa, ünsüň bu görnüşinde biz işi ünsli ýerine ýetirmekligi aňlanylan maksat edip goýýarys, kynçylygy ýeňip geçýäris, erkli hereketler esasynda başga ähli zatlardan ünsümizi sowup, onuň hut şol obýektde jemlenmegini gazanýarys. Hut maksat goýmak häsiýetdäki ygtyýarly hereketler erkli ünsüň esasy mazmunyny düzýär (şonuň üçin-de “erkli” sözi erk düşünjesinden gelip çykýar).

Erkli üns biziň erkimiziň ýüze çykyşydyr. Haýsy-da bolsa bir işi ýerine ýetirmekligi göz öňünde tutup, biz ony edil şu pursatda käbir taraplary gyzyklandyrmasa-da ünsümizi oňa aňly gönükdirip amala aşyrýarys.

Şonuň üçin-de erkli üns erksiz ünsden hil taýdan tapawutlanýar. Ýöne, muňa garamazdan, ol biziň duýgularymyz, geçmişdäki tejribämiz we höwesimiz bilen berk baglanyşyklydyr. Emma bu zatlaryň erkli ünse täsiri gös-göni däl-de, aralaşdyrylan görnüşde bolýar. Bu täsir aňly goýlan maksatlar bilen aralaşdyrylýar.

Erkli üns erksiz ünsden gelip çykýar. Erkli üns adamda onuň zähmet işi prosesinde döreýär. Zähmet maksadalaýyk işdir. Maksat goýmak bolsa ünsüň gönükdirilmegini talap edýär. Jemgyýetçilik durmuşyň islegleri adamyň zähmet prosesinde bu işe ähmiýetli bolmadyk ähli zatlardan ünsi sowup, ony zähmet bilen baglanyşykly zatlarda jemlemekligi terbiýeleýär.

Erkli üns edil erksiz üns ýaly adamyň höwesleri bilen baglanyşyklydyr. Ýöne eger-de höwesler erksiz ünsde gös-göni häsiýetde bolsa, erkli ünsde olar esasan aralaşdyrylan häsiýetdedir. Olar maksada, işiň netijesine gönükdirilendir. Kähalatlarda iş gös-göni bizi höweslendirip bilmeýär. Emma işiň ýerine ýetirilmegi öňünde goýlan ýumuşy çözmäge zerur bolýanlygy üçin onuň maksady bizde höwes döredýär.

**Erkden soňky üns**

Erkli ünsden başga-da ünsüň ýene-de bir görnüşi bolup, ol edil erkli üns kimin maksada gönükdirilen häsiýetde bolup, ýöne hemişelik erkli güýç sarp edişi talap etmeýär. Arifmetik mysaly çözýän okuwçyny göz öňüne getireliň. Ilkibada mysal ony düýbünden gyzyklandyrmaýar. Ol ony zerur bolanlygy üçin işleýär. Mysal kyn bolup, ilki onuň çözlüşi aýdyň bolmaýar, okuwçy yzly-yzyna ünsüni

sowýar: kä penjirä seredýär, käte-de koridordaky sese gulak asýar, käte bolsa galam bilen manysyz ýagdaýda kagyzy çyzyşdyrýar. Özüni mysala dolanyp gelmeklige mejbur edýär. Ynha mysal çözlüp başlaýar, ol kem-kemden has düşnükli bolup ugraýar. Ol kyn-da bolsa, çözmekligi mümkin mysala öwrülýär. Okuwçy kem-kemden onuň bilen gümra bolup, ünsüni gapdala sowmaklygyny bes edýär. Mysal onuň üçin gyzykly zada öwrülýär. Üns bolsa erkden soňky ünse geçýär.

Erkden soňky ünsi erksiz üns bilen gatyşdyrmak bolmaz, sebäbi ol aňlanylan maksat bilen baglanyşykly bolup, aňlanylan höwes bilen goldalýar. Başga bir tarapdan ol erkli üns bilen-de meňzeş däldir, sebäbi onda erkli güýç sarp etmek ýokdur. Ünsüň bu görnüşi beýleki iki görnüşden hil taýdan tapawutlanýar.

Ünsüň bu görnüşi biziň durmuşymyz, pedagog proses üçin aýratyn ähmiýetlidir. Ünsi hemişe erkli güýç sarp etmek arkaly saklamak adamy ýadadýar. Şonuň üçin-de tejribeli pedagog ünsi döredip, soňra okuwçylary okuw materialynyň mazmuny boýunça gyzyklandyrmaga höweslendirmelidir.

## §3. Ünsüň häsiýetli aýratynlyklary

**Ünsüň durnuklylygy we yrgyldyly häsiýeti**

Üns köptaraply prosesdir. Ilki bilen onuň durnuklylygyny bellemelidir. Eýsem biziň ünsümiz belli bir wagt möçberi bilen çäklendirilenmidir? Biz takyk wagt möçberdäki “ünsüň tolkuny” hakynda gürrüň edip bilerismi?

Käbir alymlar ünsüň dowamlydygyny hususy biologik ritmler bilen çäklendirip, ony “ünsüň yrgyldamaklygyna” sysykdyrýarlar. Bu yrgyldylar has ujypsyz gyjyndyryjylarda öwrenilipdir. Görüp otursaň, eger zordan eşidilýän sese, meselem, sagadyň jykgyldysyna gulak assaň, bu ses biziň üns bermekligimize garamazdan kä eşdilýär, käte bolsa eşdilmeýär. Hut şeýle ýagdaý ýagtylygyň biri-birine ýakyn iki görnüşini saýgarmakda hem bolýar. Şeýle yrgyldylaryň periodlary hasaplanyldy. Olaryň dowamlylygy ujypsyz bolup, ol 1,5 sekuntdan 2,5 sekunda deň bolup, azda-kände durnukly bolýar. Bu ýagdaý

ünsüň yrgyldamagynyň esasynda biologik ritmler ýatýar diýen pikir ýöretmäniň döremegine getiripdi. Eýsem bu yrgyldylar nämäniň esasynda döreýär? Ỳörite derňewler bu hili yrgyldylarda diňe bir ünsüň rol oýnamaýandygyny anyklady. Gyjyndyryjy hat-da ünsüň barlygyna garamazdan duýulmasyny bes edýär. Şeýlelikde, biz ünsüň yrgyldylaryny däl-de, duýgy organlarynyň ýadamaklygyny görýäris.

Ǘnsüň yrgyldylarynyň biologik düşündirilişini kabul etmesek-de, ünsüň käbir ýagdaýda tebigy nukdaýdan durnuksyzlygyny göz öňünde tutmalydyrys. Meselem, üns hereketsiz obýektde uzak saklanyp bilmeýär. Ak kagyzda goýlan gara nokada ünsli seretjek boluň. Siz diňe birnäçe sekunt şeýle seredip bilersiňiz. Siz ýa-ha nokady unudyp başga bir zat hakynda pikirlenersiňiz, ýa-da bolmasa ol siziň gözüňiziň öňünde "darygyp başlaýar". Hat-da biziň görejimiz ünsli bir obýektde dowamly saklansa-da bu seretmek däl-de, gözi obýekte öwürmekdir. Biziň ünsümiz adatdan daşary üýtgeýji häsiýetdir. Hat-da biz bir işe doly girişen-de bolsak, üns hemişe "hereketde" bolýar, üýtgeýär, iň bolmanda alyp barýan işimiziň çäginde bir obýektden beýleki obýekte geçýär.

Ǘnsüň üýtgeýjiligine iki manyly şekillere seredenimizde has aýdyň göz ýetirýäs. Kesik piramida (7-nji surata seret) seretsek, ol bir pursatda depesi boýunça bize tarap gönükdirilen bolup, şol bir wagtyň özünde-de depesi bizden daşlaşýan ýaly bolup görünýär. Eger-de bu şekiliň iki mazmuny-da aýdyň seljerilse, piramidanyň merkezine üýtgemeýän göreç bilen seretsek biz uzak wagtlap diňe bir keşbi saklap bilmeýäris: piramida kä bize gönükdirilip, käte bolsa bizden uzaklaşýar. Bu çalyşmak gysga wagt aralygynda bolup geçýär.

Şekiliň bir mazmunyny saklamak üçin oňa real ähmiýet berilmelidir. Geliň, bu şekilde piramida däl-de, koridor diýeliň: onuň çep tarapynda gapylar, sag tarapynda bolsa penjireler ýerleşen, koridorda haly, dorožka, diwaryň ugrunda tutular we ş.m.. bar hasaplalyň. Eger hyýal güýçli bolsa onda bize şekiliň mazmunyny üýtgetmän saklamak başardar.

Eger hertaraplaýyn synlama bolmasa hereketsiz obýekte biz ünsi uzak jemläp bilmeýäris. Emma haýsy-da bolsa bir obýekti üýtgetmek bilen baglanyşykly işde ünsümizi uzak wagtlap saklap

bilýäris. Şeýle ýagdaý top oýnalanda ýüze çykyp, onuň obýekti ýagdaýyň üýtgemegi bilen hemişe üýtgeýişde bolýar. Oňa garamazdan biziň ünsümiz bu ýagdaýda durnuklydyr. Eger-de iş dowam edip, adamyň ünsi sowulmaýan bolsa onuň hereketleriniň obýektiniň üýtgemegi ünsüň durnuklylygyny peseltmeýär. Mysal işlenende okuwçy onuň bir şertinden beýleki şertine, bir sifirlerden beýlekä geçýär; onuň ünsüniň obýektleri yzygiderli üýtgeýär, emma işi şonlugyna galýar. Şonuň üçin-de biz bu ýagdaýda ünsüň durnuklylygyny görýäris.

Şeýlelikde, üns uzak wagtlap bir obýektde saklanyp bilmese-de, ol uzak wagtlap şol bir işde saklanyp bilinýär. Muny eksperimentde subut etmek hem mümkin; synag edilýän adamlara olaryň gözüniň öňünde çalt geçýän tegelekleri bellemek tabşyrylýar. Tegelekler çekilen lenta bir waldan beýleki wala saralyp, onuň gözüniň öňündäki penjireden bir sekuntda üç tegelek geçýär. Synag edilýän galam bilen ähli tegelekleri çyzmaly bolýar. Synagyň netijesine görä adam bu ýagdaýda orta hasap bilen üznüksiz 5, 10, 15, hatda 20 minut ýalňyşsyz işläp bilýär. Şeýlelikde, bir sekuntda 3 operasiýany talap edýän bu dartgynly iş (ünsi sekundyň üçden biri wagtynda sowmaga mümkinçilik berýän) üznüksiz 20 minut, ýagny 1200 sekunt dowam edip bilýär. Ünsüň durnuklylygy bu ýerde erkiň, mümkingadar oňat ýerine ýetirmeklige bolan ymtylyşyň hasabyna üpjün edilýär. Eksperimental derňewleriň we mekdep amalyýetiniň görkezişi boýunça gyzykly, has kyn bolmadyk işde okuwçynyň ünsi has-da dowamly saklanyp bilýär. Ýörite derňewde III, IV we V synp okuwçylarynyň ünsüniň durnuklylygy öwrenilýär. Synpa tekstden göçürmek tabşyrylýar. Her bir minutdan signal berlip, okuwçylar şol pursatda göçürip ýetişen harpynyň üstünde nokat goýmaly bolýarlar. Şeýlelikde, her bir okuwçynyň ýarym minutda göçüren harplarynyň sany bilinýär. Netijeleriň görkezişi boýunça 40 minudyň dowamynda ünsüň durnuklylygynda düýpli üýtgeşiklik duýulmaýar. Bu 10-13 ýaşly okuwçylaryň sapagyň bütin dowamynda yzygiderli işläp biljekdigini görkezýär. Elbetde, olar şeýle işde ýadaýarlar, şonuň üçin olara bu ýaşda şeýle uzak işi tabşyrmaly däldir. Okuwçylaryň ýaşy näçe kiçi we işi näçe kyn boldugyça, olara şonça-da işiň bir görnüşinden beýleki görnüşine çalt geçip, dynç bermelidir.

Görkezilen tejribelerden mälim bolşy ýaly ünsüň durnuklylygy gysga wagtlaýyn biologik ritmlere däl-de, köp derejede işiň ähmiýetliligine, oňa bolan höwese, erkiň güýjüne bagly bolýar.

Ünsüň durnuklylygy üçin alnyp barylýan işiň işjeňligi aýratyn ähmiýete eýedir. Obýekte bolan üns onuň bilen haýsy-da bolsa bir hereket etmeklige bolan tebigy isleg döredýär. Hereket bolsa ünsüň obýektde has-da jemlenmegine getirýär. Şeýlelikde, üns hereket bilen özara utgaşyp, obýekt bilen berk baglanyşykda bolýar.

**Ünsüň paýlanmagy**

Ünsüň paýlanmagy - bu birbada iki ýa-da ondan-da köp hereketi ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän psihiki işiň guralyşydyr. Eýsem, ünsüň paýlanmagy hakykatdan-da mümkinmi?

Baryp XIX asyryň ahyrynda geçirilen derňewler iki işi birbada etmegiň – ýatdan goşgy okamagyň we kagyz ýüzünde uly bolmadyk sifrleri goşmaklygyň mümkindigini görkezdi. Bu işleriň aýry-aýrylykda her haýsyna ikisi bilelikde alnyp barylmakdaky ýaly wagt sarp edilýär. Soňky käbir derňewler, munuň tersine ünsüň paýlanmagynyň mümkin däldigini görkezdi. Bu derňewleriň awtorlary ünsüň paýlanmagyny onuň çalt bir obýektden beýlekisine geçmegine syrykdyrypdyrlar. Emma ünsüň hususy paýlanmagyny-da döretmek mümkindir. Tejribede synag edilýänlere yzly-yzyna sanlary goşmak we haýsy-da bolsa bir el işini etmeklik (meselem, rukoýatkany aýlamak arkaly iňňäni metal plastinkadaky deşige geçirmek) tabşyrylýar. Iňňäni deşigiň ortasyndan geçirmeli bolýar. Onuň gyrasyna degmek ýalňyş hasaplanyp, elektrohasaplaýjyda bellik edilýär. Netijäniň görkezişine görä şeýle iki işi alyp barmak mümkinçiligi olaryň öňden adam üçin tanyş bolmaklygyna we hiç bolmanda bir işiň awtomatlaşanlygyna bagly bolýar. Hut şeýle şertlerde, eger-de synag edilýänleriň öňünde has kyn iş, meselem, supportyň iňňesini birden öwürmek wezipesi ýa-da kyn arifmetik mysal goýulsa, olar, adatça, işiň birini kynçylygy ýeňip geçýänçäler bes edýärler. Tejribeler şol bir wagtyň özünde ünsüň paýlanmak häsiýetiniň türgenleşýänligini görkezdi. Öz ünsüňi paýlap bilmek birnäçe kärlerde, meselem, uçarmanlarda, sürüjilerde, pedagoglarda we ş.m. uly ähmiýete eýedir. Mugallym sapakda materialy gürrüň

bermek bilen öz pikirine üns berip, şol bir wagtyň özünde bütin synpy, özüni okuwçylaryň nähili diňleýändigini üns merkezinde saklamaly bolýar.

**Ünsüň bir obýektden beýlekä geçirilmegi**

Ünsüň möhüm tarapynyň biri-de onuň geçirilmekligi, ýagny bir işden başga bir işe çalt geçip bilmek ukybydyr. Ünsüň geçirilmegine zerurlyk birbada iki sany dürli tipli gyjyndyryjylar kabul edilende döreýär. Muňa mysal hökmünde komplikasiýa boýunça bir wagtda döreýän iki gyjyndyryjyny utgaşdyrmak boýunça geçirilýän tejribeleri görkezmek mümkin. Bu maksat üçin ulanylýan ýörite abzal 100 bölüme bölünen, aýlanýan strelkaly uly siferblat bolup, strelka aýlanýan wagtynda belli bir ýerde jaňa galtaşýar. Synag edilýän adam jaň ýaňlananda strelkanyň siferblatyň haýsy bölüminde bolýandygyny kesgitlemeli bolýar. Strelka örän çalt aýlanýan wagtynda ony takyk kesgitlemek mümkin bolmaýar. Jaň strelka bölümi kesip geçmeginden öň ýa-da soň ýaňlanýan ýaly bolup görünýär. Meselem, eger-de jaň strelka 30-njy bölümi kesip geçende ýaňlanýan bolsa, ol bir adama 35-nji, beýlekä 25-nji bölümi kesende ýüze çykýan ýaly bolup eşidilýär. Ünsüň gönükdirilmesine, ýagny onuň nämä – strelkanyň hereketine ýa-da jaňyň sesine esasan gönükdiriljekdigine baglylykda, olaryň biri- strelka ýa-da jaň sesi “gijä” galýar. Bu ýagdaý strelka çalt aýlananda birbada biziň strelkany we jaňy üns merkezinde tutup bilmeýänligimizi görkezýär. Biziň üns berýän gyjyndyryjymyz has öň kabul edilýär. Şonuň üçin-de strelka üns berenimizde jaň “gijä” galýar, ýagny eýýäm strelka degişli bölümi geçenden soňra duýulýar. Haçan-da biziň ünsümiz jaňa gönükdirilende, biziň aňymyzda strelkanyň jaň ýaňlanmazyndan öňki ýagdaýy ornaşýar, sebäbi ol ýaňlanýan pursatynda strelkanyň gabatlaşan bölümi kabul edilmeýär. Biz iki ýagdaýda hem yzygiderlikde ünsümizi bir obýektden beýlekä geçirýäris, jaňdan strelka ýa-da strelkadan jaňa geçirýäris.

Komplikasiýa bilen geçirilen tejribeler bir wagtyň özünde mazmuny boýunça biri-biri bilen baglanyşyksyz, çalt ýüze çykýan iki dürli gyjyndyryjyny kabul edip bolmaýanlygyny görkezýär. Emma

beýle diýildigi islendik iki sany dürli gyjyndyryjy biri-birine päsgel berýär diýildigi däldir. Köplenç halatlarda olar biri-birlerine päsgel bermän, eýsem kömek edýärler. Suhangöýe-oratora seredeninde ony diňlemek ýeňil bolýar; eşidiş we görüş gyjyndyryjylary biri-birlerini güýçlendirýärler. Ünsüň aňly bir obýektden beýlekisine geçirilmegini ünsüň sowulmagy bilen çalşyrmaly däldir. Ünsüň ýeňillik bilen sowulmagy onuň ýeterlik durnukly däldigini görkezýär. Duýdansyz arasy bölünýän garaşylmadyk, şeýle hem emosiýalar bilen baglanyşykly gyjyndyryjylar ünsi has güýçli sowýarlar. Uzak wagtlaýyn birmeňzeş gyjyndyryjylar (hatda güýçli bolsa-da) ünsi diňe ilkibaşda sowup, soňra adam olara uýgunlaşýar we duýmaýar. Ünsüň sowulmagy tejribe üsti bilen işe goşmaça gyjyndyryjylar girizmek we olaryň işe edýän täsirini derňemek arkaly öwrenilýär.

**Ünssüzlik**

Ünsüň oňyndäl tarapy ünssüzlikdir. Köplenç ünssüzlik diýilip adamyň işe gümra bolmagy zerarly öz daş-töweregindäki zatlary unudýanlygyna düşünilýär. Şeýle gümralyk diňe biz haýsy-da bolsa bir işe bütinleý berlen wagtymyzda bolup biler. Hakykatda bolsa bir iş alnyp barylýan wagtynda biz daş-töweregimizde bolýan üýtgeşmelere gözegçilik edip, öz ünsümizi bölmeli bolýarys.

Adam haçan-da ünsüni hiç bir zatda dowamly saklap bilmän, üznüksiz bir obýektden beýlekä geçýän ýagdaýynda ünssüzligiň düýbünden başga bir ýagdaýy ýüze çykýar. Uly adamlarda şeýle ýagdaý ýadawlyk wagtynda bolýar. Çagalarda ol örän ýygy duş gelýär. BU hadysany tutuş şahsyýeti terbiýelemek, aýratyn-da erk häsiýetlerini döretmek arkaly ýeňip geçmek bolar.

Ünssüzlikden başga-da ünsüň bozulmagynyň beýleki häsiýetleri-de bolup bilýär. Olaryň biri aňyň patalogik daralmasy, ünsüň göwrüminiň kiçelmegi, hereket sferasynyň kemelmegidir. Munuň bilen ünsüň bölünmek ukybynyň peselmegi-de berk baglanyşyklydyr. Şeýle patalogik häsiýetler beýniniň birnäçe organiki kesellerinde ýüze çykýar. Kesselliniň ünsi bu ýagdaýlarda özüne has tanyş, pursatlaýyn ähmiýetli obýektler, ýada salmalar bilen çäklenýär. Munuň tersine, başga bir kesellerde ünsüň ýeňillik bilen sowulmagy, çendenaşa üýtgeýjiligi, ünsüň bir obýektden beýleki

obýekte we işiň görnüşine geçmekligi ýüze çykýar. Aýry-aýry ýagdaýlarda üznüksiz bir obýektden beýlekä geçmeklik hiç bir hili işi alyp barmaga mümkinçilik bermeýär. Birnäçe psihiki kesellerde ünsüň inertligi, haýal
üýtgeýjiligi ýa-da düýbünden üýtgemän bir obýektde saklanyp galmagy döreýär.

## §4. Ünsüň ösüşi

Çaganyň durmuşynyň ilkinji aýlarynda onda diňe erksiz üns bolýar. Bu ýagdaýda çaga ilki daşky täsirlere olar birden çalyşýan wagtynda üns berýär: garaňkydan ýagtylyga geçende, duýdansyz güýçli seslerde, temperaturanyň üýtgemeginde we ş.m. Üçünji aýdan başlap çaga obýektleriň daşky taraplary bilen gyzyklanyp ugraýar. Çaga haýsy-da bolsa bir predmeti uzak wagtlap synlap bilýär, ony elleýär, agzyna salýar. Ýalpyldaýan täze zatlar ony iňňän gyzyklandyrýar.

Erkli ünsüň häsiýetleri adatça, bir ýaşyň soňunda ýa-da ikinji ýaşyň başynda döreýär. Ünsüň bu görnüşi terbiýe esasynda döreýär. Çagany gurşaýan adamlar oňa diňe özüniň islän zadyny däl-de, zerur zatlary etmekligi öwredýärler. Çaga özüniň gös-göni meýillerinden ünsüni sowup, zerur hereketlere geçmeli bolýar. Çagada ýönekeý çaga mahsus aňlylyk ýüze çykyp ugraýar. Onuň bilen birlikde ünsüň erkli dolandyrylmasy başlanýar. Terbiýe prosesinde ulular çagany ilki has ýönekeý, emma aňlanylan maksat goýmaga mejbur edip, impulsiw-ýüzünugra meýilleri gysyp çykarýar. Çaga arassaçylygy, düzgüni, tertibi öwredip, onda şol bir wagtyň özüňde erkli ünsi ösdürilýär. Erkli ünsüň mekdebe çenli döwürde ösmeginde oýnuň uly ähmiýeti bardyr. Oýun ýumuşlara görä hereketleri sazlaşdyrmagy, hereketleri belli bir düzgünler boýunça gönükdirmekligi öwredýär. Bularyň hemmesi erkli ünsüň ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

Eger-de mekdebe çenli çaganyn erksiz ünsi has dowamly, durnukly we jemlenen (ol oýna gümra bolup daş-töweregini unudyp-da bilýär) bolsa, bu ýaşda erkli üns entek örän durnuksyz bolýar; uzak wagtlap bir obýektde saklanyp bilmeýär we ýeterlik çuňlukda

bolmaýar. Çaga çalt ünsüni sowýar, erkli belli bir zatda ünsi jemläp bilmeýär; onuň ünsi, adatça, daşky emosional häsiýetde bolup, öz duýgularyna doly erk edip bilmeýär. Kem-kemden türgenleşmek esasynda ünsi gönükdirmek we jemlemek ösýär.

Erkli ünsi terbiýelemekde okuw prosesi aýratyn ähmiýete eýedir. Mekdep sapaklarynyň terbiýeçilik täsiri, sapagyň bütin dowamynda synpda oturmak zerurlygy, mugallymy diňlemek, ünsi sowmazlyk – bular erkli ünsi ösdürmekde uly rol oýnaýar. Okuw işiniň dürli görnüşleri aňy okuw sapaklarynyň predmetine gönükdirmekligi we saklamaklygy talap edýär.

# 8-nji BAP

# SÖZLEÝIŞ

## §1. Dil we sözleýiş işi hakynda düşünje

Ýokarda görkezilişi ýaly, haýwanlar durmuş şertlerine diňe, "indiwidual häsiýetde", özlerinde şertli reflersleriň belli bir ulgamyny döretmek arkaly uýgunlaşyp bilýär. Haýwan öz indiwidual tejribesini öz görnüşiniň beýleki wekillerine geçirmeklige düýpgöter ukypsyz bolýar, şeýle hem ol özünden öň ýaşap geçen beýleki haýwanlaryň tejribesini öwrenmäge ukypsyz bolýar (eger-de şeýle tejribe onuň beden ýa-da nerw ulgamynyň gurluşynda şertsiz refleks görnüşinde ornaşan bolmasa). Adamyň haýwanlaryň ählisinden möhüm tapawudy, gysga wagtyň içinde (ewolýusion prosesiň umumy ýoly bilen deňeşdirilende) oňa tebigatyň güýjüne akyl ýetirmäge we ony boýun egdirmäge mümkinçilik berilýän atykmaçlyk, onda şahsy indiwidual tejribäniň umumyadamzat tejribesi bilen baglanyşykly bolmaklygy, aýry-aýry adamyn işiniň beýleki adamlaryň tejribesi bilen aralaşdyrylýan häsiýetde guralýandygy bilen düşündirilýär.

Bu aýratynlyk adamda dil mynasybetli bolýar.

**Dil hakynda düşünje**

Eýsem dil name? Iň bir umumy kesgitleme hökmünde dil söz belgileriniň ulgamy diýip düşünmek mümkin.

Belgi munuň özi biziň işimizi aralaşdyrýan, onuň häsiýetine baglylykda bu işiň amala aşyrylmaklygyny kesgitleýän hakykatyň islendik elementidir. Meselem, ýolda duş gelýän köçe hereketleriniň belgilerine baglylykda biz awtiomobil sürenimizde özümizi dürli-dürli alyp barýarys. Bu ýerden görnüşi ýaly belgi bilen guralyň arasynda düýpli tapawut ýokdur: olaryň arasyndaky tapawut guralyň biziň amaly işimizi, belginiň bolsa nazary intellectual işimizi aralaşdyrýanlygyndadyr, zähmet, amaly iş iki ugra – işiň obýektini we işiň hut özüni üýtgetmeklige gönükdirilendir (mazmuny boýunça

şol bir iş bolsa-da, çekiç bilen çüý kakmak ony daş bilen kakmakdan başgaçadyr).

Belgi biziň intellectual işimizi, ýokary psihiki funksiýalary – kabul edişi, ýady, pikiri we ş.m. aralaşdyryp ol hut şolara gönükdirilendir.

Eýsem biziň nazary işimizi döredýän söz belgileriniň obýektiw häsiýetleri nämeden ybarat? Sözüň manysy onuň mazmun tarapydyr. "Oturgyç" diýmek bilen biz iňňän köp sanly peýdaly informasiýany: onuň dört aýakly mebel predmetdigini, oturmaklyga niýetlenendigini, arkasy bar bolan esbapdygyny we ş.m. habar berýäris. Eýsem bu informasiýada "oturgyç" sözüniň seslenmesi bilen döreýän onuň düzümi ilki başdan bu informasiýa bilen içki taýdan baglanyşykly hasap etmek mümkinmi? Elbetde, ýok. Biz şertli ýagdaýda, şeýle seslneme bilen degişli häsiýetleri özünde jemleýän, gündelik durmuşda ulanylýan jemgyýetçilik ähmiýeti predmetleriň real toparyny baglanyşdyrýarys. "Oturgyç" sözüniň manysy, bolmaly görnüşinde aýtsaň, biziň real oturgyç bilen potensial edip biljek, onuň häsiýetleri hakynda bilýän ähli zadymyzdyr. Her gezekde bu sözi degişli predmete belgilemekde ulanyp, biz şonuň bilen öz gürrüňdeşimize ýa-da öz-özümize onuň predmetleriň haýsy toparyna degişlidigini, onuň bilen nähili iş alyp baryp boljakdygyny görkezýäris.

**Diliň esasy funksiýalary**

Her bir adamyň özüni alyp barşyny, işini umuman üç sany esasy faktor kesgitleýär. Birinjiden, bütinadamzadyň ýa-da çäkli kollektiwiň taryhy-jemgyýetçilik tejribesi. Ýaş çaga dünýä özbaşdak akyl ýetirip bilmeýär: ol ata-enä soraglar berýär, olar bolsa jogap berýärler; bu jogapda çaga umumy bilimiň bir bölejigini özleşdirip, ony soňabaka öz işinde ulanýar. Ol bu bilim bölejiigini dil görnüşinde, diliň söz belgiler ulgamynyn kömegi bilen kabul edýär. Edil şeýle proses mekdepde hem ýüze çykýar: dünýä hakynda ähli bilýän zatlaryny okuwçy mugallymyň düşündirişinden ýa-da okuw kitabyndan diliň üsti bilen alýar. Dil bu ýerde ýaşaýşyň, taryhy-jemgyýetçilik tejribäni

nesle geçirmekligiň we özleşdirmekligiň serişdesi funksiýasyny ýerine ýetirýär.

Ikinjiden, beýleki adamlaryň gös-göni jemgyýetçilik ähmiýeti bolmadyk tejribesi. Meselem, men naharhana barýaryn. Maňa bu ugurda ýolda sataşan ýoldaşym: "naharhana ýapyk, remont" diýýär. Bu habar hiç hili okuw kitaplaryna, uniwersitet sapaklaryna girmez, tutuş jemgyýet üçin ähmiýetsiz bolar. Emma şol bir wagtyň özünde bu habar meniň işimi özboluşly dolandyrýar: men yzyma öwrülip, beýleki naharhana gidýärin. Bu ýerde dil özüniň başga bir möhüm funksiýasynda – kommunikasiýanyň usuly ýa-da serişdesi, adamyň özüni alyp barşynyň dolandyryjysy hökmünde ýüze çykýar. Sebäbi her bir kommunikasiýa, sözleýiş öz maksady boýunça söhbetdeşiňe göni (eger biz oňa name etmelidigini aýdýan bolsak) ýa-da gytaklaýyn (eger biz onuň işi üçin şu pursatda ýa-da geljekde ugur görkeziji bolar ýaly möhüm maglumat aýdýan bolsak) täsir etmekdir.

Üçünjiden, her bir adamyň şahsy tejribesi. Ol belli bir manyda haýwanyň indiwidual tejribesine meňzeşdir (şeme elini ýakyp, çaga oňa soňra hiç wagt golaýlaşmaýar). Ýöne şahsy tejribe hemişe dil manysy bilen aralaşdyrylan häsiýetde bolup, ol köp dreejde dil bilen başga görnüşde hem baglanyşyklydyr. Bilşimiz ýaly, haýwan öz hereketlerini meýilleşdirip bilmeýär: ol şertli we şertsiz refleksleriň özüne habar berýän zatlaryna awtomatik häsiýetde jogap berýär. Adamyn özüni alyp barşy bolsa düýbünden başgaça guralýar. Onuň üçin tipiki ýagdaý – problema ýagdaýy, ýumuş bolup,ol ony diňe bir öz şahsy tejribesini (haýwanyn edişi ýaly) ulanmak bilen däl-de, beýleki adamlaryň bütin jemgyýetiň tejribesini ulanmak esasynda çözýär. Şeýle ýumşy goýmak we çözüş prosesine, intellektual akt diýilýär; ol üç tapgyrdan durýar: işi dolandyrmak, ony amala aşyrmak we ýetilen netijäni goýlan maksat bilen deňeşdirmek. Adamyň "indiwidual" özüni alyp barşy esasan şeýle intellectual aktlardan durýar. Şeýlelikde, onuň "şahsy" tejribesi indiwidual tejribäniň beýleki adamlaryň, jemgyýetçilik tejribäniň özboluşly sepleşigidir.

Diýmek, haýwandan tapawutlylykda adam öz hereketlerini meýilleşdirip bilýär. Şeýle meýilleşdirişiň özi umuman pikirlenme mysallaryny işlemekligiň esasy guraly dildir. Bu ýerde biz diliň

üçünji bir möhüm funksiýasyny – intelllektual işiň (kabul edişiň, ýadyň, pikiriň, hyýalyň) guraly funksiýasyny görýäris. Eýsem bu funksiýanyň haýsy biri esasy bolup durýar? Elbetde, kommunikatiw funksiýasy, sebäbi diňe sözleýiş prosesinde biz hakykat barada düşünje alyp bilýäris. Diliň intellectual işiň guraly serişdesi dogrusynda aýdylanda bolsa, ony sözleýşiň öz-özüň bilen geçirilýän görnüşi, hut öz hereketleriňi dolandyrmak işi hökmünde seredip bolar.

Dil söz belgileriniň ulgamy görnüşinde sözleýiş işinde ulanylýar.

**Sözleýiş işi hakynda düşünje**

**Sözleýiş – munuň özi adamyň dili taryhy-jemgyýetçilik tejribäni nesle geçirmek we özleşdirmek ýa-da kommunikasiýa döretmek, galyberse-de öz hereketlerini meýilleşdirmek maksady bilen ulanmagydyr.** Şeýlelikde, bu işiň gönükdirilmesi dürli-dürli bolup biler. Bir ýagdaýda onuň maksady täze informasiýany, düşünjeleri nesle geçirmek ýa-da haýsy-da bolsa pikirlenme mysalyny çözmek işi bolup biler (eger-de has takyk adalga çemeleşmesinden ugur alynsa, sözleýiş işi diýmän, haýsy-da bolsa bir çylşyrymly işiň, meselem, okuw ýa-da zähmet işiň düzümine girýän "sözleýiş hereketleri" diýilse has takyk bolýar). Diýmek, dil sözleýşiň serişdesi, guraly bolup, sözleýiş işi – bu sözleýiş aragatnaşygynyň hut prosesidir.

Sözleýiş işi we onuň esasynda durýan söz belgiler ulgamy bolan dil diňe bir psihologiýa däl, beýleki ylymlar arkaly-da öwrenilýär. Olaryň has möhümi lingwistika (dil öwreniş) bolup, ol dili onuň sözleýiş işindäki funksiýasyna baglanyşyksyzlykda, abstrakt ulgam görnüşinde öwrenýär. Psihologiýa sözleýşi öwrenmekde dili dürli işlerde, problema ýagdaýlarynda ulanyş aýratynlyklaryny, diliň adamyň özüni alyp barşyny programmirlemekdäki roluny, çagada sözleýiş prosesiniň kemala gelmeginiň ýollaryny we ş.m. anyklamakdan ugur alýar. Bu wezipeler lingwistikanyň çäginden has giňdir. Soňky wagtlarda psihologiýanyň we dili öwrenmekdäki lingwistikanyň toplan baý

tejribe usullaryny we düşünjelerini jemlemeklige ymtylýan we dil birliginiň sözleýiş işiniň mehanizmleri we amala aşyrýan funksiýalary bilen baglanyşyklygyny ýüze çykarmaga synanyşýan araçäk predmet – psiholingwistika ösýär.

## §2. Sözleýiş işiniň fiziologik mehanizmleri

**Sözleýiş işiniň reflektor häsiýeti.**

Sözleýiş işiniň dürli görnüşi birmeňzeş fiziologik mehanizmleri tarapyndan amala aşyrylmaýar. Hakykatda sözleýiş işi düpgöter başga-başga mehanizmler bilen üpjün edilýär; bu ol ýagdaýda beýleki hereketleriň takyk mazmunyna we maksada gönükdirilmekligine bagly bolýar.

Sözleýşiň döreýşi we kabul edilişi ýönekeý reflektor işiniň kanuny boýunça amala aşyrylyp, sözleýiş stimullary birinji signal ulgamynyň gyjyndyryjylary bolup biler. Meselem, ylgawçylar ylgaw ýodajygynda start almaga taýýar wagtynda "Marş!" sözi olar üçin birinji signal gyjyndyryjysy bolup durýar: olar üçin bu söze düşünmek zerur bolman, özüniň diňe ýüze çykyşy bilen täsir edýär. Öz adymyz tutulanda biziň biygtyýar ýüzümizi öwürmekligimiz-de fiziologik manysynda bu ýagdaýa meňzeşdir. Ýönekeý sözleýiş reaksiýasy "Salam!", "Ýagdaýlar niçik" sözleri-de birmeňzeş düzgünde geçýär. Emma şeýle ýagdaýlar sözleýiş işi üçin tipik däldir. Köplenç biz sözi döredenimizde we kabul edenimizde sözleri "signallaryň signaly" (I.P.Pawlow) hökmünde ulanýarys, ony mazmunlarynyň esasynda aňlanylmaýan (ýa-da aňlanylýan) ýagdaýda saýlaýarys we jemleýäris. Bu çylşyrymly proses uly ýarym şarlaryň gabygynda amala aşyrylyp, dürli sözleýiş hadysalary üçin degişli fiziologik mehanizmleri işleýär.

**Sözleýşiň dinamiki ýerleşişi**

Mundan ýüz elli ýyl gowrak ozal (1861) P.Broka beýni gabygynyň belli uçastogy zaýalananynda (çep ýarym şaryň aşaky maňlaý egreminiň yzky üçden biri) kessellide sözleýiş

artikulýasiýasynyň-geplemekligiň) bozulmagynyň ýüze çykýandygyny açypdyr. Broka bu uçastogy "sözleriň motor keşpleriniň merkezi" hasaplaýar. Mundan birnäçe wagtdan soňra (1874) K.Wernike çep ýarym şaryň ýokarky gapdal egreminiň yzky üçden biri zaýalananda sözleýşe düşünmekligiň bozulmagynyň ýüze çykýandygy belläp, bu uçastokda "sözleýşiň sensor keşpleri" ýerleşýär diýen netijä gelipdir. Bu derňewler bu ugurda geçirilýän beýleki işleriň başlangyjy bolup, soňabaka sözleýiş bilen baglanyşykly ähli psihiki funksiýalaryň beýni gabygynyň belli bir uçastoklarynda ýerleşdirilmekligine getiripdir. Kähalatlarda şeýle ýerleşmek örän sada göz öňüne getirilip, bu barda psihologlaryň biri: "her bir täze ýada ornaşdyrmak täze, entek eýelenmedik öýjügi tapýar… onda ornaşdyrmak … öz döredijilerini tapyp, olarda biri-birine goňşy ýagdaýda hemişelik saklaýar…" diýip ýazypdyr.

Fiziologlaryň (P.K.Anohin, N.A.Bernşteýn) we psihologlaryň (A.P.Luriýa, A.N.Leýonýew, D.N.Uznadze, ABŞ-da J.Miller) soňky ýyllardaky köp sanly derňewleriniň netijesi sözleýiş işiniň fiziologik esasyna şeýle düşünmegiň nädogrulygyny subut edýär.

Sözleýşiň (umuman psihiki işiň) fiziologik mehanizminiň ýönekeý düşündirilişini öz wagtynda J.Jekson (1835-1911) hem tankytlap, özüniň psihiki funksiýalarynyň "wertikal" guralyşy taglymatyny öňe sürýär. Jeksonyň pikiriçe (bu nukdaýnazar häzirki döwürde ählumumy ykrar edilýändir) nerw ulgamy boýunça amala aşyrylýan her bir funksiýa onuň çäkli öýjükleri bilen däl-de, nerw ulgamynyň fiziologik gurluşynyň çylşyrymly iýerarhiki derejeleri bilen alyp barylýar. Başgaça aýdanyňda, adamyň söz sözlemegi üçin uly ýarym şarlaryň gabygyndaky bu barada "jogapkär" (köne düşündirilişi boýunça) öýjükleri işjeňleşdirmek ýeterlik däldir: sözi döretmekde öz tebigaty, gurluşy we çuňluga aralaşmak derejesi boýunça dürli-dürli beýni mehanizmleri gatnaşyp, olar sözüň erkli ýa-da erksiz aýdylyşyna baglylykda hem tapawutlanýarlar.

P.K.Anohin tarapyndan geçirilen derňewleriň görkezişi boýunça sözleýiş işiniň fiziologik esasynda funksional ulgam,has takygy, birnäçe funksional ulgamyň çylşyrymly guralyşy durup, olaryň biri sözleýiş hökmünde ýöriteleşip, beýlekileri bolsa işiň başga

görnüşlerine “hyzmat” edýärler. Bu guralyş köp agzaly we köp derejeli bolýar. Sözleýiş proseslerini üpjün etmekde, bir tarapdan, “stimul - reaksiýa” tipli elementar fiziologiki mehaizmler, başga bir tarapdan bolsa özboluşly, sözleýşiň ýokarky görnüşlerine häsiýetli bolan iýerarhiki gurluşly mehanizmler gatnaşýarlar, soňraka mysal edip sözleýşiň içki programmirleýji mehanizmini görkezmek bolar.

**Sözleýşiň mehanizmi**

Eýsem,sözleýşiň mehanizmi ämeden ybarat?Derňewleriň görkezişine görä haýsy-da bolsa bir zat aýtmaklygy guramagyndan ozal adam aýratyn bir koduň kömegi bilen (“predmetşekillendirilişi”,ýagny gözöňüne getirmäniň, keşpleriň we shemalaryň) onuň “süňňüni” guraýar.

Bu söz aýtmaklygy programmirlemegiň mehanizmidir. Meýilnamadan (programmadan) soňra sözlemiň grammatiki (sintaktiki) gurluşyny düzýän mehanizmler gelýär; bulara sintaktiki konstruksiýany grammatiki çaklama edýän mehanizm, sözleriň grammatik häsiýetlerini ýada ornaşdyrýan saklaýan we amala aşyrýan mehanizm, konstruksiýalaryň bir titpinden beýlekisine geçmekligi (transformasiýany) üpjün edýän mehanizm, programmanyň elementlerini grammatik konstruksiýa geçirýän mehanizm we ş.m. degişlidir. Soňra zerur sözleri semantiki we ses alamatlary boýunça agtarmagy üpjün edýän mehanizm we sintagmalary hereket taýdan programmirleýän mehanizm işleýär. Galyberse-de, sözüň seslerini seçip almak we hereket programmadan ony sesler bilen “dolandyrmaklyga” geçmek mehanizmi bardyr. Iň soňundan sözleýşiň sesli real amala aşyrylmagyny gurýan mehanizmler herekete geçýär. Görnüşi ýaly sözleýiş prosesleriniň fiziologik esasy örän çylşyrymly mehanizmdir.

**Sözleýşiň bozulmagy**

Ýokarda aýdylyp geçilen sözleýşiň fiziologik esaslary baradaky esasy düşünjeler häzirki döwürde beýniniň beýleki uçastoklarynyň zaýalanmagynda döreýän “afaziýa” baradaky derňewlerde özüniň dowamyny tapdy. “Afaziýa” adalgasy bilen uly ýarym şarlaryň

gabygynyň aýry-aýry uçastoklarynyň ýaralanmak, çiş döremek we beýleki organiki bozulmalar esasynda döreýän sözleýşiň dürli bozulmalary aňladylýar. Bu ugurda psiholog A.P.Luriýanyň we onuň mekdebiniň işleri has ähmiýetlidir.

Dinamiki afaziýa – bu ýagdaýda näsag sözi gaýtalamakda, adyny tutmakda, düşünmekde hiç hili kynçylyk çekmese-de, jümleler boýunça sözleşmeklik bozulýar.

Dinamiki afaziýanyň iki görnüşi bolup, olaryň birinde sözleýşiň programmirlenmegi bozulyp, beýlekisinde bolsa onuň grammatik-sintaksiki gurluşy bozulýar.

Efferent motor afaziýasy hem sözleýşiň aýry-aýry sözleriniň aýdylmak ukybynyň saklanmagynda grammatiki gurluşynyň, şeýle hem onuň motor (hereket) shemasynyň bozulmagy bilen baglanyşyklydyr; aýry-aýry sesleri aýtmak ukybyny saklap, näsag olary belli bir yzygiderlige salyp bilmeýär. Bu ýerde umuman sözleýşiň suksessiw (yzygiderlilik) bozulýar.

Afferent motor afaziýasy sözleýiş artikulýasiýasynda agzalary aýyl-saýyl aýtmak ukybynyň bozulmagydyr. Näsag özüne zerur bolan sesi tapyp bilmän hemişe oňa golaý seslere "typýar", geçýär. Bu ýerde sesleri seçmek zwenosy bozulandyr.

Semantiki afaziýa – bu ýerde näsag söz tapmaklykda we sözleriň arasyndaky semantiki (logiki-grammatik) gatnaşyklara düşünmekde kynçylyk çekýär. Meselem, näsag "ata' we "dogan" sözlerine düşünýär-de, "atamyň dogany" diýmekligiň nämedigine düşünmeýär. Bu ýagdaýda sözleriň semantik ulgamy, ýagny sözleri manysy boýunça seçip almak bozulýar.

Sensor afaziýasy näsagyň sözleýşi kabul edişinde, ilkinji nobatda fonematik eşidişiň bozulmagynda, ýagny sözleriň ses düzümi bilen mazmunynyň arasyndaky arabaglanyşygyň dargamagynda ýüze çykýar. Çak edilişine görä, bu ýerde sözüň ses analizi bozulýar.

Sözleýşiň dürli görnüşdäki bozulmalary birnäçe psihiki kesellerde, meselem, şizofreniýanyň agyr görnüşlerinde döreýär.

## §3. Sözleýiş işiniň görnüşleri

**Sözleýşiň görnüşlere bölünişi**

Sözleýşiň aýry-aýry ýüze çykyşyny dürli alamatlar boýunça görnüşlere bölmek mümkin. Şeýle alamatlaryň birnäçesini görkezeliň. Birinjiden, sözleýşi üpjün edýän psihofiziologik mehanizmiň çylşyrymlylyk derejesi – bu kriteriý-şert boýunça sözleýşiň hor, eholalik (ýönekeý gaýtalamak), sözleýiş-atlandyryş we kommunikatiw görnüşlerini ýüze çykarmak bolýar.

Ikinjiden, meýilleşdirilişiň(programmirlemegiň) roly. Bu babatda işjeň sözleýiş (hemişe programmirlemegi talap edýän), reaktiw sözleýiş (guramaçylyk gurluşy talap edýän, ýöne öňki görnüşe seredende has az derejede) we sözleýşiň dürli kömekçi görnüşleri, meselem, ýazuw tekstini okamak (guramaçylyk gurluşy praktiki talap etmeýän), ýaly görnüşleri tapawutlandyrmak mümkin. Möhüm şert-kriteriýalaryň üçünji biri-de sözleýşiň erklilik derejesidir. Galyberse-de dördünji kriteriý – sözleýşiň eksteriorizasiýalaşmak ýa-da interiorizasiýalaşmak häsiýeti boýunça daşky we içki sözleýiş görnüşleri bardyr.

Aşakda biz bu kriteriler boýunça sözleýşiň diňe birnäçe görnüşlerine seredip geçmekçi. Bular ilkinji nobatda kommunikatiw işjeň sözleýiş we (öz gezeginde erkli ýa-da erksiz bolup bilýär) we kommunikatiw reaktiw sözleýişdir. Bularyň birinjisi, adatça, monolog sözleýiş (sesli ýa-da ýazuw görnüşde), ikinjisi dialog sözleýiş diýlip atlandyrylýar. Lingwistikadan gelip goşulan bu adalgalar sözleýşiň görnüşleriniň psihologik aýratynlygyny häsiýetlendirmeýän-de bolsa, psihologik edebiýatda giňden ulanylýar.

**Monologik sözleýiş**

Monolog sözleýşiň has ýaýraň görnüşidir. Bu görnüşde biz informasiýanyň söz çeşmesinden başga çeşmelerden az peýdalanýarys. Predmeti görkezmek üçin

monolog sözleýişde iň bolmanda, ony ýatladyp adyny tutmaly bolýarys, eger söhbetdeşimiz gadaý bilen tanyş bolmasa, onda predmeti häsiýetlendirmeli-de bolýarys. Mundan başga-da monolog köp derejede işjeň ýa-da erkli sözleýiş bolýar. Başgaça aýdanyňda, monology amala aşyrmak üçin sözleýji, adatça, belli bir mazmundaky materiala daýanyp, erkli hereket esasynda öz sözüniň we beryän gürrüňiniň yzygiderligini guramaly bolýar. Galyberse-de, monolog sözleýşiň has guramaçylykly görnüşi hasaplanýar. Beýle diýildigi sözleýji öňünden diňe aýry-aýry aýdylýan zatlary, sözlemleri meýilleşdirmän, eýsem, bütin monology programmirlemeli bolýar. Käýagdaýlarda bu meýilnama "ýatda" saklanyp, kähalatlarda bolsa geljekki çykyşyň meýili ýa-da konspekti görnüşinde kagyza geçirilýär.

Monolog sözleýşiň görkezilen aýratynlyklary ýörite sözleýiş terbiýesini talap edýär. Gündelik durmuşdan görnüşi ýaly, ýaş çaga, şeýle hem sowady, medeniýeti has uly adama erkli we ýaýraň sözlemek örän kyn bolýar: mekdebiň ene dili grammatikasy kursunyň möhüm funksiýasynyň biri-de sözleýşiň erkliligini we ýaýbaňlygyny üpjün edýän başarnyklary kemala getirmekden ybaratdyr. Guramaçylyklygy aýdylanda bolsa, bu häsiýet bilen baglanyşykly başarnyklar diňe yzygiderli oratorçylyk-suhangöýlik ýa-da pedagogik amalyýetiň esasynda döreýär. Mugallym üçin bular has-da zerurdyr: mugallymyň "peltek dilliliginden" gözgyny zat ýokdur. Diliň guramaçylyklygy diňe bir köpýyllyk amaly tejribäniň netijesinde döremeýär: ýeňilräk sözleýiş ýumuşlaryndan yzygiderli onuň kyn görnüşlerine, giňişleýin daşky sözleýiş "daýançlaryndan" onuň has az ulanylýan görnüşine geçmeklik arkaly çendan gysga möhletde degişli başarnyklary işjeň kemala getirmek mümkin. Bu wezipäni öňler ýörite predmet – ritorika amala aşyrýardy.

Monologik sözleýşiň erkliligi şu pursatda aýdylýan zatlara mahsus dil serişdelerini tapawutlylykda ulanmak başarnygyny talap edýär: sözleýji öz niýetini doly beýan edip biljek söz düzümlerinden, grammatik konstruksiýalardan peýdalanmalydyr. Emma şeýle başarnyk sözleýşiň diňe bir formal dogry bolmaklygy üçin däl, onuň ynandyryjy we aýdyň beýan edilmekligi üçin-de ýeterlik däldir.

Munun üçin sözleýän adam dilüstidäl, emma psihologik taýdan has ähmiýetli pikirleri aňladyş kommunikatiw serişdelerden (intonasiýa) hem peýdalanyp bilmelidir.

Sözleýän adam gepinde tassyklaýan zatlarynyň dürli derejelerini, sowallaryň dürli görnüşlerini berip bilýän bolmaly. Diňe bir “ýok” sözi pesinden onlarça intonasion wariantlarda – äheňde aýdylyp, onuň her birinden söhbetdeşimiz goşmaça informasiýa alyp bilýär. Ỳöne intonasiýany dilüstidäl ýeke-täk kommunikatiw serişde hasaplamak bolmaz, bu serişdelere mimika we el hereketlendirme, kähalatlarda ümlüklere degişli dürli görnüşdäki dil görnuşli bolmadyk “ses dolduryjylar”, dyngy-pauzalar toplumy, sesli sözleýişde özboluşly “nygtamaklyk” funksiýany alyp barýan käbir sözleriň bölekleýin aýdylmagy we ş.m. degişlidir. Sözleýişde aýdylýan zatlary “işjeň böleklere bölmek” ýagny aýdylýan zatlaryň logiki merkezini takyk şöhlelendirmek aýratyn mesele bolup durýar. Meselem, “Aman düýn irden geldi”diýen sözlem bizin nämäni göz öňünde tutýanlygymyza baglylyklda dürli-dürli aýdylyp biler: eger biz hut Amanyň (Berdiniň däl-de) gelenligini (hiç ýerde eglenmändigini), ýa-da onuň hut düýn gelenligini (şu gün däl-de), ýa-da onuň hut ir bilen (gün batansoň däl-de) gelendigini we ş.m. nygtaýanlygymyza baglylykda sözleýşiň logiki merkezi üýtgäp bilýär. Bu aýratynlyklary adama ýörite öwretmelidir.

**Dialog sözleýşi**

Sözleýşiň bu görnüşi köp derejede pursatlaýyn(ýagny sözleýşiň geçýän ýagdaýyna laýyk) we konstektual (ýagny her bir soňky aýdylýan zat köp derejede öňki bilen döredilýän) häsiýetde bolýar. Dialogyň häsiýeti monologa gapma-garşydyr. Birinjiden, ol çemelenýän görnüşdedir: monologda beýan edilýän zatlaryň köpüsi bu ýerde ýagdaýyň söhbetdeşleriň ikisine-de tanyş bolansoň sözsüz düşünilýär. Şonuň üçin-de dialog sözleýşiň ýazylyp alnan teksti başga adam üçin dýüşnüksiz bolýar. Bu aýratynlyk monologda kömekçi funksiýany ýerine ýetirýän dilüstidäl sözleýiş serişdeleriniň dialogda özbaşdak ähmiýete eýe bolýandygy we köplenç dil bilen aýdylýan zatlaryň ornuny tutýanlygy bilen düşündirilýär. Ikinjiden, dialog erksiz,

reaktiw häsiýetdedir: dialogda replika köplenç söz üsti bilen aňladylmaýan stimula jogap hökmünde döreýär (meselem, barmagyny gapa gapjadan adamyň “Wah, görä muny” diýmegi ýa-da bir adamyň özi geýnip duran wagtynda geýinmeýäne “Sen gideňokmy?” diýmegi we ş.m.); mazmuny öňki aýdylanlar bilen döredilýän dialoga mysal: birinji mysalda başga biriniň “Indi ägä borsuň!” diýmegi we ş.m. Kähalatda öňki aýdylan zat gös-göni jogabyň takyk görnüşini-de döredýär (ikinji mysalda geýinmän duranyň “Gidýän” diýmegi). Űçünjiden, dialog az guramaçylykdyr. Dialogda aýdylýan replikalar adatça, programmasyz bolýar; eger-de bu ýerde konstruirlemek ulanylaýanda-da ol has ýönekeý bolýar. Dialog sözleýiş öz akymly bolup, ony her bir aýdylýan zat doly derejede ýagdaý we öňki aýdylanlar (kontekst) bilen döredilýär, sözleýşiň bu görnüşinde dürli hili ülňüler, şablonlar, endik bolan söz öwürmeleri, replikalar we ş.m. (“ol bolýan zatlara seret”, “asla kelläňe geljek zat däl” we başgalar) uly rol oýnaýar.

**Içki sözleýiş**

Sözleýşiň özboluşly görnüşleriniň biri-de içki sözleýişdir. Ol amaly we nazary işiň meýilleşdiriş fazasy (meselem, bir punkta ýetmek üçin degişli ýoly saýlanymyzda biz ony öz ýanymyzda “maslahatlaşyp” haýsy biriniň amatlydygyny ykrar edýäris) ýa-da nazary işiň käbir çylşyrymly görnüşleriniň amala aşyrylyş fazasy (meselem, kyn matematiki mysaly işlänimizde biz öz-özümiz bilen gepleşip, ony derňeýäris) hökmünde ýüze çykýar.

Bu ýagdaýlarda biz öz-özümize ýarym sözden düşünýäris. Şonuň üçün-de içki sözleýişe fragmentarlyk-böleklilik häsiýetlidir. Başga bir tarapdan bu ýerde kabul ediş ýagdaýda hem hiç hili düşünmezlik bolman, bu nukdaýdan sözleýşiň içki görnüşi dialoga ýakynlaşýar.

Içki sözleýşi söz organlarynyň (dodakly, dil we ş.m.) hereketlerini registrlemek arkjaly daşa çykarylmaýar. Ony ses görnüşinde derňemek mümkin. Içki sözleýişdäki “görünmeýän” söz hereketleriniň derňewleriniň görkezişine görä içki sözleýiş käbir sesli sözleýiş aktlarynyň-da (aýratyn-da ýokary erkli görnüşlerinde)

öňüsyrasynda bolup bilýär. Muňa mysal edip çet ýurt dilinde gürlemegi we ýazuw üsti bilen sözleýşi görkezmek bolar.

**Ýazuw sözleýşi**

Monolog sözleýşiniň aýratyn görnüşleriniň biri-de ýazuw sözleýşidir. Oňa monologyň ähli häsiýetleri mahsus bolup, ýöne ondan has aýratyn aňladylýandyr. Ýazuw işi sesli monologdan has ýaýraňdyr. Bu aýratynlyk söhbetdeşden "yzyna gaýdýan baglanyşygyň" ýoklugy bilen döreýär. Başgaça aýdanymyzda, bir tarapdan, söhbetdeşimiz bizden düşünmedik zadyny gaýtalap sorap bilmeýän bolsa, ikinji tarapdan, biz onuň özüni alyp barşyna görä düşünenligini ýa-da düşünmänligini aňlap bilmeýäris. Şonuň bilen baglanyşyklykda ýazuw sözleýşiniň sesli sözleýişden has çylşyrymly gurluşy, oňa degişlilikde düşünmesiniň kynlygy, özüniň özleşdirilmegi üçin ýorite okadylyşy talap edýänligi gelip çykýar.

Ýazuw sözleýşiniň aýratyn erkli häsiýetde bolýanlygy-da bellemeli zatdyr. Dil serişdelerini seçip almak bilen biz olary ýöne bir sözleýşiň maksatlaryna uýgunlaşdyrmak bilen çäklenmän, onuň zerurlygyna, däldigine aňly baha berýäris. Üstesine-de, niýetlän zadymyzy azda-kände aýdyp, biz ony esasy maksat bilen aňly ýa-da aňsyz ýagdaýda deňeşdirip, esasy aýdyljak bolunýan mazmuna laýyk bolmasa ony galdyryp, bütin operasiýany täzeden başlap bilýäris; bu häsiýet monologda we dialogda düýbünden mümkin däldir. Amala aşyrylan wariantlary şeýle seçip bahalandyrmak, adatça, içki sözleýşi ulanmak bilen utgaşýar: aýdyljak zady ýazuw görnüşinde beýan etmezden ozal, sözleýän (häzirki ýagdaýda ýazýan) adam ony içki sözleýişde "gürleýär".

Ýazuw sözleýşiň bu babatda psihologik taýdan dürli-dürli bolup bilýänligini bellemelidir. Bu sözleýiş ilki özleşdirilýän döwründe içki sözleýiş düýbünden zerur bolman, daşky sözleýiş görnüşinde ýüze çykyp, adam öz-özüne degişli mazmuny aýdyp berýär. Adatça, içki sözleýiş ýazyljak bolunýan mazmuny ýaýraň ýa-da jemlenen häsiýetde içiňi gepletmek görnüşinde amala aşyrylýar. Ýazuw sözleýşiň ýokary medeniýeti bar bolan adamlarda bu tapgyr doly içki orna geçip, onuň programmirlenişi aňlanylmaýar we sözleýän adama sözler öz-özünden kagyza geçýän ýaly bolup görünýär.

Sözleýiş hereketleriniň guramaçylygy barada aýdylanda bolsa bu häsiýeti ýazuw monolog sözleýşinde amala aşyrmak sesli sözleýişde amala aşyrmakdan has ýeňildir, sebäbi ol bu ýerde has göze ilginç bolýar. Şonuň üçin-de guramaçylykly sözleýşi öwretmekligi ýazuw sözleýişden başlamak has amatlydyr.

## §4. Okadylyş prosesinde sözleýşiň ösüşi

**Çaganyň sözleýşinde fonetikanyň we grammatikanyň özleşdirilişi we ösüş tapgyrlary**

Çaganyň sözleýşiniň ösüşi üç sany esasy tapgyra bölünýär. Sözleýşi doly manyda özleşdirilmekligiň öňüsyrasynda duryan birinji tapgyr çaganyň iki aýlygyndan on bir aýlyga çenli aralygy öz içine alýar. Ikinji tapgyr, dili ilkinji öwreniş tapgyry on bir aýdan bir ýaş ýedi aýa çenli aralygy öz içine alýar. Diliň grammatiki gurluşy özleşdirilýän üçünji tapgyr bir ýyl ýedi aýdan üç ýaşa çenli aralykda bolýar. Soň-soňlar çaganyň sözleýşi düýpgöter üýtgemän, diňe sözlük ätiýajyň we grammatik görnüşleriň sanynyň köpelmegi bilen tapawutlanýar.

Söze çenli tapgyryň içinde ýaňlanma (güwwüldi) (5 aýlyga çenli) we wüjürdi döwürlerini ýüze çykarmak mümkin. Ỳaňlanma kähalatlarda fonetikany özleşdirmegiň başlangyç zwenosy hasaplansa-da, beýle diýmäge düýpli esas ýokdur, sebäbi çaganyň bu döwürde aýdýan sesleri: a) biri-birleri bilen baglanyşdyrylmaýar, b) belli bir zat bilen gabatlaşdyrylman, tötänleýin, adatça beýleki sözleýiş galmagallary bilen goşulyşyp döreýär, w) konstant (hemişelik) häsiýetde däldir, ata-enelere "birmeňzeş" bolup eşdilýän ses, hakykatda çaga tarapyndan her gezekde başga-başga aýdylýar; g) relewant däldir, ýagny belli bir dil bilen baglanyşykly däldir.

Wüjürdi döwrüň başynda (4 we 5 aýyň aralygynda) sesler aýdyň predmet, hadysalara degişlilikde we hemişelik häsiýete eýe bolýar. Soňra çaga "bogunlary" aýdyp başlap, olaryň içinde çekimli we çekimsiz sesleri biri-birlerine garşy goýup başlaýarbu sözleriň goşa dyrnakda getirilmesi olaryň metaforik manyda ulanylýandygy

bilen düşündirilýär). Bu aýratynlyk seslerde biri-birleri bilen baglanyşdyrmaklyk häsiýetiniň döremegi bilen ýüze çykýar. 6 aýlykda "hakyky däl söz" döreýär – çaganyň sözleýiş akymy birnäçe bogunlardan durýan hem-de basym, artikulýasiýa we intonasiýa birligi boýunça birleşdirilýän böleklere bölünýär.

Haçan-da bu "hakyky däl sözler" obýektiw predmetler bilen baglanyşdyrylmak häsiýetine eýe bolanda (8 aýlyk çemesinde), bu bir ýaşyň soňunda ýüze çykýan hil we mukdar taýdan dörejek üýtgeşmeleriň habar berijisi bolup durýar. Bu üýtgeşiklik, birinjiden, çaganyň sözleýşinde (işjeň sözlükde) ulanýan sözleriniň sanynyň düýpgöter köpelmeginde ýüze çykýar. Şeýle köpeliş çaganyň birgiden predmetleri we hadysalary söz arkaly çalşyrmak we jemlemek mümkinçiligini "açmaklygynyň" netijesidir. Ikinjiden, çaganyň sözleýşinde özboluşly hadysa döräp, ony "sintagmatik fonetika" diýip atlandyrmak mümkin. Beýle diýildigi, sözüň ses strukturasy döredilip, emma şol bir pozisiýada duran sesleriň biri-birlerine garşy goýulmaýandygyny, tapawutlandyrylmaýandygyny aňladýar. Meselem, "deeem" diýmek "demir", "degme", "degirmen" hatda "derman" diýmekligi aňladýar. Kähalatlarda sözüň bogun shemasy aýdylyp, çaga onuň hakyky ses düzümine golaýlaşmaga hatda synanyşyk-da etmeýär: "umma" – "emme". Şol bir sözdäki ähli sesleri biri-birine meňzetmek "sintagmatiki fonetika" üçin adaty ýagdaýdyr: "babam" – "banan", "güjük" – "jüjük" we ş.m. Bu döwrüň has aýgytly aýratynlygy-da sözleýşiň erkinligidir (aýry-aýry sesleriň aýdylyşynda ýüze çykmasa-da). Galyberse-de, sözleýşiniň ses düzümi degişli diliň ses düzümi bilen baglanyşdyrylýar.

1 ýaş 3 aýlyk döwür bilen 1 ýaş 6 aýlyk döwür aralygynda sözlük baýlygynyň ösüşi birneme haýallaýar; sebäbi bu döwürde çaga özi üçin täze mehanizm bolan pragmatiki fonetikany özleşdirip, bu bolsa oňa diňe bir ses bilen tapawutlanýan sözleri, meselem, "göle", "döle", "japbak", "ýapbak", "topbak" we ş.m. biri-birlerine garşy goýmak mümkinçiligini berýär. Bu mehanizmi özleşdirip, çaga gaýtadan leksikany ürç edip öwrenip başlaýar. Bu prosesiň ýokary depginde geçmegine belli bir derejede çaganyň bir sözli (meselem, "äber!") sözleýşinden onuň iki sözli görnüşine (meselem, "eje, çörek!") geçmekligi uly rol oýnaýar. Emma çaga iki ýaşa çenli

sözleriň baglanyşygy üçin hiç hili grammatiki serişdeleri ulanman, diňe bir sözüň ýanynda zerur ikinji sözi goşýar. Eger-de bu ýerde käbir grammatiki görnüşler gelseler-de, olar tötänleýindir. Çaga çem gelşi ýaly sözleri biri-birlerine utgaşdyrýar: "kaka oturjak", "kaka oturdy", "kaka otur" we ş.m. Bu döwür görkezilen tapgyrlaryň üçünjisine degişli bolup, ony "sintagmatik grammatika" tapgyry diýip atlandyrmak bolar. Galyberse-de iki ýaş çemesi döwürde çaga grammatik görnüşlery dogry ulanyp başlaýar. Soňra bolsa sözde onuň aýry-aýry grammatik düzüjilerini – morfemalary ýüze çykaryp ugraýar.

Çaganyň grammatikany özleşdirşiniň esasy mehanizmi heniz aýan däldir. Käbir daşary ýurt awtorlarynyň pikiriçe, çaga diliň grammatiki gurluşyny "kontekstual jemlemek" boýunça öwrenýär: ýagny ol "ululary̆ň" diliniň sözlerini olaryň sintaktiki häsiýetleri bilen bilelikde özleşdirýär. Ol ilkinji nobatda sözleriň yzygiderliligini öwrenip, soňra ondan ugur alyp, ähli sözleri grammatik synplar boýunça bölüşdirýär. Başga awtorlaryň pikiriçe sözlügi özleşdirmek çagada sözleýşiň belli bir shemasynyň döremegine itergi bolup, bu shema soňra yzygiderli döredilýän, anyklanýan sözler bilen "doldurylýar".

**Sözüň semantikasynyň we funksiýasynyň ösüşi**

Şu wagta çenli biz çaga sözleýşiniň fonetikasynyň we gramatikasynyň ösüşi hakynda gürrüň etdik. Bu ösüş orta mekdep ýaşyna çenli amala aşýar. Sözleýşiň semantikasynyň ösüşi L.S.Wygotskiý tarapyndan hertaraplaýyn öwrenilendir. Ol bu ösüşi çaganyň predmetleriň tötänleýin, ikinji derejeli häsiýetlerinden olaryň esasy häsiýetlerine geçişi hökmünde düşündirilipdir.

Çaganyň sözleýşiniň funksiýasynyň ösüşi aýratyn meseledir. Funksiýalarda düýpli özgerişler ýüze çykýar. Çaganyň sözleýşi ilkibaşda situatiw (ýagny sözleýşiň mazmunynyň çaganyň gür berýän ýagdaýyny, onuň el hereketlerini, mimikasyny, intonasiýasyny we ş.m. göz öňünde tutanyňda çaganyň söhbetdeşine düşnükli bolmaklygy), özüňi alyp barşyň hereket görnüşinden üzňedäl häsiýetde bolup, ol soň-soňlar kontekstleýin (ýagny ýerligi-konteksti

mälim bolanda düşnükli bolmaklygy) häsiýete eýe bolýar. Kontekstlilik we situatiw elementleriň utgaşmaklygy sözleýşiň maksadyna we şertlerine bagly bolýar.

Ž.Piaženiň (belli şweýsar psihology) pikiriçe çaganyň sözleýşi egosentrik ("öz-özüňe gönükdirilen") sözleýiş görnüşden jemgyýetleşen ("başgalar üçin sözleýiş") görnüşe tarap ösýär. Bu taglymata L.S.Wygotskiý öz nazaryýetini garşy goýup, egosentrik sözleýşi ilki başdan jemgyýetçilik mazmunly hasaplap, ony indiwidual sözleýşe geçmekligiň araçäk tapgyrydyr diýip düşündirdi. Bu nazaryýet eksperiment üsti bilen tassyklandy. L.S.Wygotskiniň pikiriçe (bu pikir häzir köp alymlar tarapyndan makullanýar) içki sözleýiş jemgyýetçilik sözleýşiň mundan beýläkki interiorizasiýasy we "indiwidualizasiýasy" bolup durýar; şeýlelikde, içki sözleýiş öz gelip çykyşy boýunça daşky sözleýişden öz gözbaşyny alýar.

Wygotskiniň eksperimentinde egosentrik stadiýadaky çagany onuň bilen sözli gatnaşyk edip bilmeýän çagalar kollektiwine (kerler, daşary ýurt dilliler) ýerleşdirilýär. Bu ýagdaýda egosentrik sözleýiş esasan ýok bolup gidýär. Şeýle ýagdaý jemgyýetçilik, kommunikatiw-aragatnaşyk häsiýeti bolmadyk beýleki ýagdaýlarda hem ýüze çykýanlygy anyklanypdyr. Bu ýerden Wygotskiý egosentrik sözleýşi ilkibaşdan çaganyň egosentrik, indiwidual häsiýetli pikirlenmesi bilen bagly däl diýen netijä gelýär: sebäbi şeýle baglanyşyk bolsa, sosial sözleýiş häsiýeti bolmadyk ýagdaýda(kerleriň, güňleriň gurşawynda) egosentrik sözleýiş özüniň ösmegi üçin amatly şert tapardy diýip Wygotskiý pikir jemleýär. Çaklanyşyna görä tersine, egosentrik sözleýiş ýeterlik indiwidual häsiýeti bolmadyk jemgyýetçilik sözleýişden gelip çykýar.

Sözleýşiň aragatnaşyk üçin ulanylyşy, onuň hereketleri meýilleşdirmek we dolandyrmak (oýunda, okuw işinde) üçin ulanylyşyndan öň döreýär. Soňky funksiýa mekdebe çenli ýaşyň soňunda ýüze çykýar.

Çaganyň öz sözleýşini aňlamaklygy doly manyda mekdebe çenli ýaşyň dowamynda döremeýär. Birinjiden, çaga ýörite okadylyş bolmasa öz sözleýşiniň sözlere bölünýänligini örän seýrek aňlaýar. Ondan başga-da sözleýşiň ses gurluşynda ol diňe aýry-aýry bogunlary, bognuň içinde bolsa esasan başky çekimsiz ses bölegini

ýüze çykaryp bilýär; bu ýerden kiçi ýaşly çagalaryň adaty ýalňyşy – çekimli sesleri aňladýan harplary sözde sypdyrylýanlygy gelip çykýar (meselem, "kaşa", "kşa").

**Dil özleşdirmekde ses we grammatikanyň roly.**

Mekdepde ene dili predmetiniň möhüm wezipeleriniň biri-de çagada öz sözleýşine we ony düzýän dil elementlerine aňly we erkli gatnaşygy kemala getirmekden ybaratdyr. Bu wezipe ýazuw we sowat özleşdirmekde has-da ähmiýetlidir.

Psihologik derňewlere esaslanýan häzirkizaman sowat öwrediş usullary özüniň esasy wezipesi hökmünde çagada sözleýşi erkli analiz etmek başarnygyny kemala getirmekligi öňe sürýär. Şeýle başarnyklary özünde döredip, diliň fonetikasynyň ulgamlaýyn häsiýetine düşünen çaga täze koda – ýazuw sözleýşiniň koduna geçmek ýeňil bolýar. Bu sowat we ýazuw öwretmekligiň bir funksiýasydyr. Onuň ikinji funksiýasy – soňky tapgyrlarda ene dilini öwretmekligiň özboluşly usuly propedewtikasy(öňisyralygy)[1] bolmakdyr: okuwçylar ilkinji gezek dil materiallaryna degişli bolan hereketleriň dil ulgamy bilen iş salşyp, soň-soňlar ony beýleki dil birliklerine geçirip bilýärler. Galyberse-de, onuň üçünji funksiýasy – ähli beýleki predmetleri öwretmekligiň real propedewtikasy bolup durmagydyr: sowat özleşdirmezden olary öwrenmäge geçmek mümkin däldir.

Ene diliniň grammatikasyny öwrenmeklik hem hut şeýle ýagdaýda guralýar. Bu ýerde, birinjiden, çaga grammatikanyň derejesinde diliň ulgamlaýynlygy hakynda düşünje berýärler. Ondan soňra sintaktiki birlikleri, sintagmalary, sözleri erkin ulanmak başarnygy döredilip, ol bolsa dil serişdelerini aňly, hiç bolmanda erkli seçip almaga mümkinçilik döreýär.

Mekdepde ene dilini öwretmekligiň ýene-de bir möhüm funksiýasy bolýar. Ol "dogrynyň" "nädogrudan" saýgarylmagyna, has möhümi-de dil serişdeleriniň funksional ýöriteleşmegine, olaryň

---

[1] Propedewtika – ilkinji maglumatlaryň toplumy bolup, onsuz esasy ylmy düşünjelere geçmek mümkin bolmaýar.

takyk şertlerde maksadalaýyk we täsirli ulanylmagyna getirýär. Ene dilini öwrenmekligiň bu funksiýasy entek ene diliniň mekdep kursunda aýdyň şöhlelenmesini tapan däldir. Hakykatda bolsa bu kurs sözleýşiň umumy ösüşine bolan ähmiýetinden başga edebiýat kursunyň propedewtikasy hökmünde örän möhümdir.

Ikinji dili öwrenmek, okuwçynyň haýsy ýaşdan okadylyp başlanyşyna baglylykda dürli psihologik mazmuna eýe bolýar. Ol ene dilini öwrenmeklik bilen parallel ýa-da ondan biraz yza galmak ýagdaýda gidip bilýär; şeýle ýagdaý iki dilde gepleýän maşgalalarda adatydyr. Bu ýagdaýda ol ene dilini öwrenmek bilen meňzeş bolýar. Ikinji dil öwrenmek mekdebe çenli ýaşda hem başlanyp biler: bu döwür umuman dil öwrenmek üçin "sensitiw" (has duýgur), ol fonetikany we gramatikany aňlamazdan "gös-göni" usul boýunça özleşdirmeklige amatly ýaş hasaplanýar. Ỳöne ikinji dili okatmaklygyň has adaty görnüşi – çagada ene diliniň faktlaryny erkli ulanyp bilmek başarnygy kemala gelenden soň okatmaklykdyr. Bu başarnyklaryň esasynda çet ýurt ýa-da islendik ikinji dili okatmaklyk başlanýar. Eger-de ene dili "aşakdan ýokary", ýagny ilki bogun emele getirmek ýaly elementar mehanizmleri, soňra diliň ýokary derejeleri, sözleýşiň erkliligi özleşdirilip, iň soňundan dil birliklerini aňly ulanmak görnüşinde kemala gelýän bolsa, ikinji dili öwrenmek "ýokardan aşak" – dili ulanmaklygyň aňly operasiýalaryndan başlap, dil serişdelerini erkli seçip almak arkaly sözleýşiň awtomatlaşmagyna geçmek ýoly bilen amala aşyrylýar. Çet ýurt dilini okatmaklygyň bu psihologik aýratynlyklaryny kähalatlarda pedagoglar ünsden düşürýärler.

**Sözleýşiň we şahsyýetiň akyl ýetiriş işi**

Ỳokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly adamyň psihiki durmuşynda sözleýşiň roly örän uludyr. Hakykatda adamyň aňy dil bilen guralandyr. Diliň kähalatlarda "hakyky aň" diýip häsiýetlendirmesi ýöne ýerden däldir. Diliň we sözleýşiň bu roly adamyň ýokary psihiki funksiýalaryny amala aşyrmakda has aýdyň ýüze çykýar.

Dil ähli psihiki hadysalardan pikirlenme bilen has ýakyn baglanyşyklydyr. Emma olaryň arasynda käbir lingwistleriň

tassyklaýşy ýaly parallellik ýokdur, Pikirlenmede diliň takyk ekwiwalenti-mynasybeti bolmaýşy ýaly, tersine, dilde-de pikiriň doly gabatlygy ýokdur; pikir öz tebigaty boýunça dilden durýar; dil pikiriň guralydyr; emma pikirlenmede (aýratyn-da uly adamlarda) dilden başga-da şeýle gurallar ulanylýar. Dil ýat bilen-de ýakyn arabaglanyşykdadyr. Hakyky adam ýady (aralaşdyrylan häsiýetde) köplenç dile daýanmak arkaly amala aşyrylýar. Kabul ediş hem hut şeýle derejede sözleýşiň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Diliň hyýal bilen baglanyşyklylygy gös-göni göze ilmese-de, bu ýerde hem onuň roly şübhesizdir. Bir eksperimentde okuwçylardan Ỳer togalagynyn haýsy-da bir bölegini (meselem, Ỳewropany) hyýala getirip, soňra suratyny çekmek tabşyrylanda olar kenar ýakasynyň diňe söz bilen aňladylan ýerlerini (aýlaglar, burunlar, adalar, ýarym adalar) çekmegi başarypdyrlar. Dil beýleki şertli belgiler, kartalar, çyzgylar, hasaplaýyş serişdeleri we ş.m. bilen bir hatarda “psihologik” gurallaryň biridir. Her bir psihologik gural ýaly dil “şolar ýaly psihiki funksiýalaryň bütin gurluşyny we geçişini üýtgedýär… edil tehniki gural ýaly zähmet operasiýalarynyň görnüşini kesgitläp, tebigy uýgunlaşyş prosesini üýtgedýär”[1].

Şeýlelikde, esasy akyl ýetiriş prosesleriniň (kabul ediş, ýat, pikirlenme we hyýal) psihologik häsiýetnamasyna diňe olaryň kemala getirilişinde şahsyýetiň sözleýiş işiniň aýratyn roly aýan edilenden soňra düşünmek mümkin.

---

[1] Выготский Л.С. Развитие высоких психических функций. М. 1960. 225-nji sah.

# ŰÇÜNJI BÖLEK

## 9-njy BAP

## DUÝMA

### §1. Duýmalar hakynda düşünje

**Duýmalaryň adamyň durmuşyndaky we işindäki roly**

Daşky dünýäniň hadysalary bolan sesler, reňkler, ys, ýylylyk, ululyk we ş.m. baradaky maglumatlary biz duýgy organlarynyň üsti bilen bilýäris.Duýgy organlarynyň kömegi bilen adam organizmi duýmalar görnüşinde daşky we içki gurşawyň ýagdaýy barada dürli informasiýalary kabul edýär.

Duýma – bu maddy dünýäniň predmetleriniň we hadysalarynyň, şeýle hem organizmiň içki ýagdaýynyň aýry-aýry häsiýetlerini maddy gyjyndyryjylaryň degişli reseptorlara täsir etmekliginde şöhlelendirýän ýönekeý psihiki prosesdir.

Duýgy organlary informasiýalary kabul edýär, toplaýar we beýnä geçirýär: beýni her sekuntda şeýle informasiýanyň ägirt uly we üznüksiz akymyny kabul edip alýar we gaýtadan işleýär. Netijede, daşky dünýäniň we organizmiň ýagdaýynyň takyk şöhlelendirilmesi döreýär. Şonuň esasynda ýerine ýetiriji organlara gelip gowuşýan, bedeniň temperaturasyny regulirleýän, iýmit siňdiriş, hereket organlarynyň, içki sekresiýa mäzleriniň işini edara edýän, duýgy organlarynyň hut özleriniň dolandyrylmaklygyna jogapkär bolýan nerw impulslary kemala gelýär. Sekuntda ýüz müňlerçe operasiýadan durýan şeýle çylşyrymly iş üznüksiz amala aşyrylýar.

Duýgy organlary daşky dünýäniň adamyň aňyna gelip girýän ýeke-täk kanallarydyr. Duýgy organlary adama daşky dünýäde oriýentirlenmäge mümkinçilik berýär. Duýgy organlary bolmadyk bolsa adam daş-töwereginde näme bolup geçýänligine göz ýetirip bilmezdi, beýleki adamlar bilen aragatnaşyk saklamakdan, iýmit

tapmakdan, howpdan goranmakdan mahrum bolardy. Lukmançylygyň tarhynda bir gözünden we eliniň hamynyň uly bolmadyk bölegindäki syzyşdan başga duýmanyň beýleki ähli görnüşlerinden mahrum bolan bir näsagyň ýagdaýy ýazylypdyr. Näsag gözüni ýumanda, onuň eline hiç zat galtaşman ýagdaýynda ol uklaýan eken.

Adam üçin hemişe daşky dünýä barada maglumat almak zerurdyr. Organizmiň daşky gurşawa uýgunlaşmagy gurşaw bilen organizmiň arasynda hemişelik bolýan belli bir informasiýa balansyny talap edýär. Informasion balansyň bozulmagy informasiýanyň agdyklyk etmeginde we ýetmezçiliginde ýa-da sensor(duýma) izolýasiýa-gabaw häsiýetinde bolup, organizmiň funksional näsazlygyna getirýär. Bu babatda soňky döwürlerde kosmos biologiýasy we medisinasy meseleleri bilen baglanyşykly geçirilýän sensor informasiýasyny çäklendirmek baradaky derňewler üns bermäge laýykdyr. Synag edilýänler doly sensor izolýasiýasyny üpjün edýän ýörite kameralara ýerleşdirilende (hemişelik birsydyrgynlyk, birmeňzeş sesler, sähelçe yşyk geçirýän tutuk äýnekler, elde we aýakda syzyşy geçirmeýän silindrler we ş.m.), olar birnäçe sagatdan galagoply ýagdaýa düşüp, tejribäniň togtadylmagyny kesgin talap edýärler. Doly bolmadyk sensor izolýasiýasy boýunça geçirilýän tejribeler, meselem, bedeniň aýry-aýry uçastoklaryny daşky täsirden mahrum etmek, bu uçastoklarda syzyşy, agyryny we temperaturany duýmaklygyň bozulýanlygyny görkezdi. Uzak wagtlaýyn monohromatik(birmeňzeş reňklilik) yşyk bilen täsir edilen adamlarda görüş gallýusinasiýalarynyň(gözegörünmeleriň) döreýänligi anyklandy. Bu we beýleki köpsanly faktlar adamda daşky dünýä barada duýma görnüşinde maglumat almaklyga bolan islegiň güýçlüdigini subut edýär.

Biziň daşky dünýä baradaky, hut özümiz hakyndaky alýan maglumatlarymyzyň çeşmesi hökmünde duýmalaryň adamyň durmuşyndaky roly iňňän uludyr. Emma duýma öz mazmuny boýunçä nämedir? Bu barada birnäçe taglymatlar bardyr.

**Duýmalar şöhlelenme taglymaty nukdaýnazaryndan**

Duýmanyň predmetleriň we olaryň häsiýetleriniň duýgy organlaryna edýän täsiriniň netijesidigini ykrar edýän taglymatlar has giňden ýaýrandyr.. Bu ýagdaýda duýmalaryň bize obýektiw hakykatyň dogry keşbini berýändigi, daşky dünýäni hakyky durkunyň şöhlelendirilýänligi nygtalýar. Her bir beýleki şöhlelenmede bolşy ýaly duýmalaryň hakykylygynyň kriterisi-şerti amalyýet, adamyň işi bolup durýar.

Duýmalaryň şöhlelenme taglymatyndan başgada birnäçe nazaryýeti bardyr. Şeýle taglymatlar dürli-dürli bolup, olaryň olaryň bir ugrunda duýmalary ýeke-täk hakykat hasaplap, şonun netijesinde dünýäni duýmalaryň toplumy hökmünde seredilýär (subýektiw idealizmiň wekilleri Berkli, Ỳum, Mah we beýlekiler). Başga bir tarapdan, duýmalara şertli belgiler, daşky täsirleriň simwoly hökmünde seredýän taglymat I.Mýuller, Gelmgols tarapyndan esaslandyrylandyr. Bu nazaryýet reseptorlaryň belli bir gyjyndyryjylara uýgunlaşýanlygyndan we şol bir gyjyndyryjynyň kähalatlarda dürlu duýgy organlaryna täsir edip dürli hili duýmalar döredýänligi ýaly çäkli faktlardan ugur alýar. Meselem, gözüň torly bardasyna yşyk, elektrik togy, basyş ýaly dürli gyjyndyryjylar täsir edeninde ondaky diňe bir görnüşli duýma - ýagtylyk duýmasy döreýär. Şeýle hem mehaniki gyjyndyryjy özüniň derä, gulaga ýa-da göze täsir edýänligine baglylykda basyş, ses, ýagtylyk duýmalaryny döredýär. Bu faktlara esaslanyp I.Mýuller özüniň “duýgy organlarynyň özboluşly energiýasy” düzgünini öňe sürdi. Mýulleriň taglymatyna görä duýma gyjyndyryjynyň hiline däl-de, gyjyndyryjynyň täsir edýän duýgy organynyň özboluşly energiýasyna bagly bolýar. Beýle diýildigi biziň duýmalarymyz bilen däsky dünýäniň predmetleriniň arasynda meňzeşlik bolman, duýmalar bu predmet-hadysalaryň simwoly, şertli belgileri bolup durýar diýildigidir.

Mýulleriň getiren faktlary dogry bolsa-da, hakykatda olar ählumumy häsiýete eýe däldir. Birinjiden, hemme gyjyndyryjylar elektrik togy we mehaniki gyjyndyryjy ýaly uniwersal däldir. Ses, ys

we beýleki gyjyndyryjylar göze täsir edip, görüş duýmasyny döretmeýärler. Şonuň ýaly-da yşyk we ys eşidiş duýmasyny döredip bilmeýär. Diýmek, elektrik togy we mehaniki gyjyndyryjy uniwersal täsir hökmünde seýrek duş gelýän faktorlardyr.

Ikinjiden, şol bir reseptora täsir etmek arkaly dürli gyjyndyryjylar bilen döredilýän duýmalar öz hili boýunça birmeňzeş däldir. Meselem, mehaniki urgy ýa-da elektrik togy gulaga täsir edip gödek eşidiş duýmasyny döretse-de, ony howa yrgyldylary bilen döredilýän eşidiş duýmalarynyň baý keşbi bilen hiç hili deňeşdirip bolmaz. Şol bir duýgy organyna laýyk we laýykdäl (adaty bolmadyk) gyjyndyryjylary saýgarmak zerurdyr. Bu fakt duýgy organlarynyň predmetleriň we hadysalaryň özboluşly energiýasyny, belli bir häsiýetlerini şöhlelendirmäge has inçelik bilen ýöriteleşýänligine şaýatlyk edýär. Duýgy organlarynyň ýöriteleşmekligi uzak wagtlaýyn ewolýisiýanyň önümidir: duýgy organlarynyn özi bolsa daşky gurşawyň täsirlerine uýgunlaşmaklygyň netijesi bolup, şonun üçin-de öz gurluşy we häsiýetleri boýunça bu täsirlere laýykdyr. Adamda duýmalardaky inçe tapawutlandyrylyş adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüşi, jemgyýetçilik zähmet amalyýeti bilen baglanyşyklydyr. Organizmiň daşky gurşawa uýgunlaşmaklygyny üpjün edýän duýgy organlary özüniň bu funksiýasyny haçan-da bu gurşawyň obýektiw häsiýetlerini dogry şekillendiren wagtynda ýerine ýetirip bilýär. Diýmek, bu ýerde “duýgy organlarynyň özboluşly energiýasy” düzgüni däl-de, “özboluşly energiýalaryň organlary” düzgüni amala aşyrylýar. Başgaça aýdanyňda, daşky dünýäniň özboluşly häsiýetleri bu organlaryň özboluşlylygyny döredýär. Duýmalar simwol, iýeroglifler bolman, maddy dünýäniň predmetleriniň we hadysalarynyň adamyň duýgy organlaryna täsir edýän, ýöňe ondan garaşsyz bolan hakyky häsiýetlerini şöhlelendirýär.

**Duýmalar we perseptiw iş**

Duýmalar mazmuny boýunça obýektiw dünýäniň subýektiw keşbidir. Emma duýmalaryň döremegi üçin organizme diňe maddy gyjyndyryjynyň täsir etmegi ýeterlik bolman, organizmiň hut öz aktiw işi zerurdyr. Bu iş diňe bir içki proses ýa-da daşky gymyldylar görnüşinde bolup biler.

Duýmalar häzirki pursatda reseptora täsir edýän gyjyndyryjynyň özboluşly energiýasyny nerw prosesleriniň energiýasyna öwürmek netijesinde döreýär. Şeýlelikde, duýma – bu diňe bir duýma keşbi ýa-da has takygy onuň düzüjisi bolman, eýsem bu özboluşly iş ýa-da işiň düzüjisidir. Köpsanly derňewleriň görkezişine görä duýma psihiki hadysa hökmünde jogap reaksiýasy bolmadyk ýagdaýynda ýa-da bu reaksiýanyň nätakyk ýagdaýynda döremeýär. Bu babatda hereketlenmeýän eliň akyl ýetiriş guraly bolup bilmeýşi ýaly hereketlenmeýän göz hem şol derejede kördür. Duýgy organlary hereket organlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Hereket organlary diňe bir uýgunlaşmak, ýerine ýetiriş funksiýalaryny alyp barman, informasiýany kabul etmäge hem gös-göni gatnaşýarlar. Meselem, syzmak we hereket berk baglanyşykdadyr. Iki funksiýa hem bir organda - elde birigendir. Şol bir wagtyň özünde eliň ýerine ýetiriş we duýuş hereketleri biri-birinden tapawutlanýarlar.

**Analizator**

Duýma nerw ulgamynyň ol ýa-da beýleki gyjyndyryja reaksiýasy hökmünde döräp, her bir psihiki hadysa ýaly reflektor häsiýetde bolýar. Duýmanyň fiziologik esasy bolup gyjyndyryjynyň laýyk analizatorlara täsir etmeginde döreýän nerw prosesidir.

Analizatorlar üç bölümden durýar: 1) daşky energiýany ýörite nerw prosesine öwrüji periferik bölümden (reseptordan); 2) analizatorlaryň periferik bölümini merkezi bölüm bilen birleşdirýän geçiriji ýollardan afferent (merkeze ymtylýan) nerwlerden; 3) periferik bölümden gelýän nerw impulslarynyň gaýtadan işlenilýän ýeri bolan analizatoryň gabykasty we gabyk bölümlerinden(beýni ujy).

Her bir analizatoryň gabyk bölüminde ýadro, ýagny merkezi bölüm bolup, onda reseptor öýjükleriň esasy massasy toplanandyr; bu ýerde ýadrodan başga-da periferiýa bolup, ol dürli mukdarda gabygyň dürli zolaklarynda ýerleşýän dagynyk öýjük elementlerden durýar. Analizatoryň ýadro bölümi öýjükleriň uly massasyndan ybarat bolup, olar reseptordan gaýdýan merkeze ymtylyjy nerwleriň kelle beýniniň gabygyna gelip goşulýan zolaklarynda ýerleşýär. Bu

analizatoryň dagynyk elementleri beýleki analizatorlaryň ýadrolary bilen goňşy ýerleşýän zolaklara goşulýarlar. Şeýlelikde, aýry-aýry duýma aktynda kelle beýniniň ähli gabygynyň köp böleginiň gatnaşmaklygy üpjün edilýär. Analizatoryň ýadrosy inçe analiz we sintez funksiýasyny, meselem, sesleri belentligi boýunça tapawutlandyrmaklygy alyp barýar. Dagynyk elementler gödek analiz edijilik funksiýasy bilen, meselem, saz seslerini gohdan tapawutlandyrmak bilen baglanyşyklydyr.

Her bir analizatoryň gabyk bölümi periferiýanyň beýnidäki proýeksiýasyny emele getirýän zolagy öz içine alýar. Bu ýerde periferiýanyň belli bir öýjüklerine gabyk öýjükleriniň belli bir uçastoklary gabat gelýär. Gözüň torly bardasynyň dürli nokatlarynyň wekilçiligi gabygyň dürli giňişlik nokatlary boýunça döredilendir. Eşidiş organy-da öýjükleriň gabykda dürli giňişlikde ýerleşişi boýunça öz wekilçiligini döredýär. Beýleki duýgy organlaryň ýerleşişi-de şular ýalydyr.

Emeli gyjyndyryş usuly bilen geçirilen tejribeler häzirki döwürde duýgy organlarynyň gabykda anyk ýerleşişini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Meselem, görüş duýmasynyň wekilçiligi esasan, kelle beýniniň gabygynyň ýeňse bölüminde ýerleşýär. Eşidiş duýmasy ýokary çekge egreminiň orta bölüminde ýerleşýär. Syzyş-hereket duýmasynyň beýni zwenosy yzky merkezi egremde ýerleşendir we ş.m.

Duýmanyň döremegi üçin analizatoryň bütewilikdäki işi zerurdyr. Gyjyndyryjynyň reseptora täsir etmegi gyjyndyrmaklygy döredýär. Reseptor tarapyndan amala aşyrylýan daşky energiýanyň nerw prosese öwrülmekligi bu gyjynmanyň başlangyjy bolup durýar. Reseptordan bu proses merkeze ymtylýan nerw boýunça analizatoryň ýadro bölümine ýetýär.

Haçan-da oýanma analizatoryň gabyk öýjüklerine ýetende organizmiň gyjynma bolan jogaby döreýär. Biz gyjyndyryjylaryň ýagtylygyny, sesini, tagamyny we beýleki häsiýetlerini duýýarys. Analizator nerw prosesleriniň ähli ýolunyň ýa-da reflektor dugasynyň möhüm gözbaşy bölümidir. Reflektor dugasy reseptordan, geçiriji ýollardan we effektordan durýar. Reflektor dugasynyň

elementleriniň özara baglanyşygy organizmiň işiniň ýaşaýyş şertlerine baglylykda oriýentirlemegini üpjün edýär.

**Duýmalarda peýdaly informasiýalaryň seçilip alynmagy**

Görüş duýmasy prosesi gözde başlanyp, şonda hem tamamlanýar. Bu aýratynlyk beýleki analizatorlara hem häsiýetlidir. Reseptor bilen beýniniň arasynda diňe bir göni (merkeze ymtylýan) baglanyşyk bolman, eýsem ters (merkezden gaýdýan) baglanyşyk-da bardyr.

Duýma diňe merkeze ymtylýan prosesiň netijesi däldir, onuň esasynda öz döreýşi we geçişi boýunça reflektor işiň umumy kanunlaryna tabyn bolýan doly we çylşyrymly reflektor akty durýar. Şeýle reflektor aýlawda geçýän prosesleriň dinamikasy daşky täsiriň häsiýetine laýyk gelmeklik görnüşinde amala aşyrylýar. Meselem, syzyş duýmasynda eliň hereketi öz görnüşi boýunça syzylýan obýektiň görnüşini gaýtalaýar, onuň gurluşyna laýyklygy saklaýar. Göz hem optiki “priboryň” işleýiş mysalynda şeýle düzgün boýunça hereket edýär.

Ses ýarkalarynyň hereketi-de obýektiw ses belentliginiň tebigatyny gaýtadan döredýär. Eksperimentde wokal-motor zwenosy togtadylanynda synag edilýänlere özboluşly ses belentligine bolan kerlik döreýänligi aýan edildi. Şeýlelikde, sensor we motor düzüjileriniň utgaşmaklygy mynasybetli sensor apparaty reseptorlara täsir edýän stimullaryň obýektiw häsiýetlerini gaýtadan dikeldýär we olaryň mazmunyna laýyklygy döredýär.

Duýgy organlary düýp mazmuny boýunça energiýanyň filtrleri bolup, olardan gurşawyň degişli üýtgeşmeleri geçýär. Bu üýtgeşmeler arkaly döredilýän impulslar aýry-aýry nerwlerde özboluşly we laýyk hereketleriň döremegine getirýär.

Eýsem, duýmalarda peýdaly informasiýanyň seçilip alnyşy haýsy düzgün esasynda amala aşyrylýar? Bu babatda birnäçe ylmy çaklamalar döredildi. Birinji çaklama görä çäkli signallary toplumy üçin ýüze çykaryş we geçiriş mehanizmi bar bolup, bu topluma gabat gelmeýän maglumatlar bolsa kabul edilmeýär. Bu mehinizmi adaty redaktorçylyk amalyýetine meňzetmek mümkin: mysal üçin bir döwürleýin neşir diňe sport we türgenler barada informasiýany çap

edýän bolsa, başga bir neşir diňe original ylmy makalalardan başga hiç bir zady kabul etmeýär. Şeýle seçip alyş wezipesini deňeşdirme mehanizmleri amala aşyrýar. Meselem, mör-möjeklerde bu mehanizmler öz görnüşinden bolan ýoldaşy gözläp tapmak ýaly ýeňil bolmadyk ýumşy çözmäge gönükdirlendir. Yşyklanýan tomzaklaryň ýanyp-öçmesi, kebelekleriň ritual "tanslary" we ş.m. – bularyň hemmesi biri-birleriniň yzyndan gelýän nesil arkaly berkidilen reflexleriň zynjyrydyr. Bu zynjyryň her bir tapgyryny mör-möjekler ikileýin ulgamda : - "hawa" ýa-da "ýok" mazmunda amal edýär. Eger-de urkaçy ýanýoldaşyň hereketi başgaça reňkli, tegmilleriniň ýerleşişi üýtgeşik, ganatlardaky keşdeler del bolup, tansly hereketlerine hem başga hili jogap berse diýmek, bu partnýor keseki, başga görnüşe degişli. Tapgyrlar iýerarhiýa(bir-birine tabyn) häsiýetli yzygiderliligi döredýärler: täze tapgyr diňe mundan öňki sowala "hawa" diýlip jogap alnandan soňra başlaýar.

Ikinji ylmy çaklamanyň düşündirişine görä maglumatyň kabul edilmegi ýa-da kabul edilmezligi janly-jandarlaryň islegi bolup durýan ýörite kriteriý-şertleriň esasynda edara edilýär. Ähli jandarlar, adatça ummasyz stimullar bilen gurşalyp, olar bu stimullara ýokary duýgurlyk bildirýärler. Emma janly organizmleriň köpüsi bu stimullaryň diňe organizmiň islegi bilen baglanyşykly görnüşlerine reaksiýa bildirýär. Açlyk, suwsuzlyk, beýleki jynsyň wekili bilen goşulyşmaklyga bolan taýýarlyk ýa-da bolmasa başga bir içki meýil stimul energiýasyny saýlamaklygyň dolandyryjylary, kriterileri bolup durýar.

Űçünji ylmy çaklama görä duýmalarda infiormasiýany seçip almak täzelik kriterisi esasynda amala aşyrylýar. Duýgy organlarynyň ählisiniň işinde hakykatdan-da gyjyndyryjylaryň üýtgemekligine gönükdirilen oriýentirlenmegi synlamak bolar. Hemişelik gyjyndyryjynyň täsirinde duýgurlyk göýä kütekleşýär we signallaryň reseptorlardan merkezi nerw apparata gelmegi kesilýär. Meselem, galtaşma duýmasy ýtip gitmek häsiýete eýedir. Eger-de gyjyndyryjy deriniň üstünde hereket etmesini togtatsa bu duýduryjynyň üýtgän wagtynda beýnä bu gyjyndyryjy dogrusynda signal barýär. Bu signal hat-da gyjyndyryjynyň derä güýçli ýa-da

gowşak basyşy örän gysga wagt aralygynda bolsa-da beýnä gelip gowuşýar.

Eşidiş duýmasynda hem ýagdaý hut şeýledir. Aýdymça öz sesine erk etmek we ony degişli belentlikde saklamak üçin wibratonyň[1] örän zerurdygy anyklandy. Bu ýörite döredilýän üýtgeşmeler höweslendirilmese, aýdymçynyň beýnisi sesiň belentliginiň kem-kemden üýtgeşmesini kabul edip bilmeýär.

Görüş analizatorlaryna hem hemişelik gyjyndyryja bolan oriýentirleýji reaksiýanyň ýitip gitmegi häsiýetlidir. Eger-de gurbaganyň görüş meýdanynda hereket edýän predmet bolmasa onuň gözi beýnä düýpli informasiýa goýbermeýär. Çaklanyşyna gorä, gurbaganyň görüş dünýäsi, adatça, edil synp tagtasy ýaly boş bolmaly, emma islendik hereketlenýän mör-möjek bu boşlugyň ýerliginde hökman ýüze çykarylýar.

Hemişelik gyjyndyryja gönükdirilen oriýentirleýji reaksiýanyň ýitip gitmekligine şaýatlyk edýän faktlar tejribelerde ýüze çykaryldy. Nerw ulgamy duýgy organlaryna täsir edýän daşky obýektleriň häsiýetlerini inçelik bilen modelirläp, olaryň "nerw modellerini" döredýär. Bu modeller seçip alynmak esasynda täsir edýän filtrleriň funksiýasyny ýerine ýetirýär. Häzirki pursatda reseptora täsir edýän gyjyndyryjy ol barada öň dörän "nerw modeli" bilen gabat gelmese, oriýentirleýji reaksiýa döredýän impulslar ýüze çykýar. Tersine, oriýentirleýji reaksiýa öňki tejribede ulanylan hemişelik gyjyndyryja degişlilikde ýitip gitmek bilen bolýar.

Şeýlelikde, duýma prosesi daşky täsirleriň özboluşly energiýasyny seçip almaklyga we üýtgetmeklige gönükdirilen, daşky dünýäniň takyk şöhlelenmesini üpjün edýän senssor ulgam hökmünde amala aşyrylýar.

**Duýmalaryň görnüşlere bölünişi**

Duýmalaryň belli bir gyjyndyryjylaryň degişli reseptora täsir etmegi netijesinde döreýänligi sebäpli, duýmalaryň görnüşlerini, bir tarapdan, gyjyndyryjylaryň häsiýeti, ikinjiden, bu gyjyndyryjylara täsir edýän

[1] Latynçadan vibrato (endiremek) – tonuň belentliginiň sähelçe üýtgemegi

reseptorlarynyň görnüşine esaslanýar. Şöhlelendiriş häsiýeti we reseptorlaryň ýerleşişi boýunça duýmalar üç topara bölünýär: 1) daşky gurşawyň predmetlerini we hadysalaryny şöhlelendirýän we reseptorlary bedeniň daşynda bolan **eksteroseptiw** duýmalar; 2) içki organlaryň ýagdaýyny şöhlelendirýän, reseptorlary içki organlarda we dokumalarda bolýan **interoseptiw** duýmalar; 3) hereketler we biziň bedenimiziň giňişlikdäki ýagdaýy barada informasiýa berýän, reseptorlary muskullarda we swýazkalarda ýerleşýän **proprioseptiw** duýmalar.

Eksteroseptorlary **kontaktly** we **distant** reseptorlar atlandyrylýan iki topara bölmek mümkin. Kontaktly reseptorlar özlerine täsir edýän obýektler bilen gös-göni galtaşan wagtynda gyjynmany geçirýärler; syzma, tagam biliş duýmalary munuň mysallarydyr. Distant reseptorlary özünden belli bir aralykda bolan obýektlerden gelýän gyjynmaklygy duýýarlar; görüş, eşidiş, ys alyş distant reseptorlarydyr.

Biz bu ýerde baryp Aristotel tarapyndan ýazylan duýmanyň bäş görnüşini; görüş, eşidiş, ys alyş, syzyş we tagam biliş duýmalary agzadyk. Bu nusga iki müň ýyla golaý ulanylypdyr. Emma hakykatda duýmalaryň görnüşi örän köpdür.

Syzyşyň düzüminde **taktil-galtaşma** duýmalary bilen bir hatarda duýmalaryň özbaşdak görnüşi **temperatura** duýmalary bolup, ol aýratyn temperatura analizatorlarynyň funksiýasydyr. Soňky duýmalar diňe bir syzyşyň düzümine girmek bilen çäklenmän, organizmiň daşky gurşaw bilen ýylylyk çalyşygy prosesini dolandyrmakda aýratyn ähmiýete eýeidr.

Taktil we eşidiş duýmalarynyň aralyk ýagdaýyny **wibrasiýa** (titremäni duýmak) duýmalary eýeleýär. Adamyň daşkly gurşawda umumy oriýentirlenmek prosesinde **deňagramlylyk** we **tizlenme duýmalary** uly rol oýnaýar. Bu duýmalaryň çylşyrymly ulgamlaýyn mehanizmi westibulýar apparaty, westibulýar nerwleri we gabygyň, gabygasty zolagyň dürli bölümlerini we beýnijigi öz içine alýar. **Agyry** duýmalary dürli analizatorlar üçin umumy duýmalar bolup, olar gyjyndyryjynyň berbat ediji güýjüni habar berýärler.

Häzirkizaman ylmynyň nukdaýyndan duýmalaryň kabul edilen daşky (eksteroseptiw) we içki (interoseptiw) toparlara bölünişi

ýeterlik däldir. Duýmalaryň käbir görnüşleri bir wagtyň özünde daşky we içki häsiýete eýedir. Olara temperatura we agyry, tagam biliş we wibrasiýa, muskul-bogun we statiki-dinamiki duýmalar degişlidir.

## §2. Duýmalaryň umumy kanunalaýyklyklary

**Duýmalaryň umumy häsiýetleri**

Duýmalar özlerine mahsus bolan gyjyndyryjylaryň şöhlelenmesiniň görnüşidir. Meselem, görüş duýmasynyň özüne mahsus oýandyryjysy tolkunlaryň uzynlygy 380 millimikrondan 770 millimikron diapazonda bolan elektromagnit şöhlelenmesi bolup, olar görüş analizatorynda görüş duýmasyny döredýän nerw prosesine öwrülýärler. Eşidiş duýmalary 16-dan 20000 çenli yrgyldyly çaltlyk bilen reseptorlara täsir edýän ses tolkunlarynyň şöhlelendirilmesidir. Taktil duýmalary deriniň üstüne mehaniki gyjyndyryjylaryň täsir etmegi bilen döreýär. Kerler üçin aýratyn ähmiýetli wabrasion duýmalar predmetleriň titremegi bilen döreýär. Beýleki duýmalaryň hem (temparatura, ys alyş, tagam biliş we ş.m.), hut özlerine mahsus gyjyndyryjylary bolýar. Ýöne duýmalaryň dürli görnüşleri diňe bir özboluşlylygy bilen tapawutlanman, eýsem özleri üçin umumy häsiýetlere hem eýedir. Duýmalaryň **hili, intensiwligi, dowamlylygy** we **giňişlikdäki ýerleşişi** şeýle umumy häsiýetlere degişlidir. Duýmanyň hili şu duýmany beýleki duýmalardan tapawutlandyrýan we şol bir duýmanyň çäklerinde onuň üýtgäp durýan esasy aýratynlygy bolup durýar. Meselem, eşidiş duýmalary belentligi, tembri, güýçlüligi boýunça tapawutlanýarlar, görüş duýmalary doýgunlygy, reňklilik tony we ş.m. boýunça tapawutlanýarlar. Duýmalaryň hil taýdan dürli-dürliligi materiýanyň hereketleriniň görnüşleriniň tükeniksiz köpdüginiň şöhlelenmesidir.

Duýmanyň **intensiwligi** onuň mukdar häsiýeti bolup, ol täsir edýän gyjyndyryjynyň güýji we reseptoryň funksional ýagdaýy bilen kesgitlenilýär.

Duýmanyň **dowamlylygy** onuň **wagt** aralygynyň häsiýetidir. Ol hem duýgy organyň funksional ýagdaýy boýunça, emma esasan gyjyndyryjynyň täsir edýän wagty we onuň intensiwligi bilen kesgitlenilýär. Gyjyndyryjy duýgy organyna täsir edende duýma şol bada döremän, birnäçe wagt aralygynda döränsoň, oňa duýmanyň **latent (gizlin)** döwri diýilýär. Duýmanyň dürli görnüşleri üçin latent döwri birmeňzeş däldir: meselem, taktil duýmalary üçin ol 130 millisekunt, agyry üçin 370 millisekunt bolýar. Tagam biliş duýmasy bolsa diliň üstüne himiki gyjyndyryjy täsir edenden 50 millisekunt geçenden soň döreýär.

Gyjyndyryjy täsir eden badyna duýma döremeýşi ýaly, gyjyndyryjy täsirini bes eden badyna ol ýitip hem gitmeýär. Duýmalaryň bu inersiýasy **hereketiň netijesiniň täsiri** diýilýän hadysada ýüze çykýar. Görüş duýmasy belli bir inersiýa eýe bolup, özüni döreden gyjyndyryjy täsirini bes eden badyna ýitip gitmeýär. Gyjyndyryjynyň yzy **yzgiderli keşp** diýilýän görnüşde saklanýar. **Yzygiderli keşpler oňyn we oňyndäl** görnüşde bolup bilýärler. Oňyn yzygiderli keşp özüniň ýagtylygy we reňki boýunça ilkibaşdaky gyjyndyryja gabat gelýär. Kinematografyň işleýiş düzgüni görüşiň inersiýasyna, görüş duýgylarynyň birnäçe wagt aralygynda oňyn yzygiderli keşp görnüşinde saklanmagyna esaslanandyr.

Yzygiderli keşp wagtyň geçmegi bilen üýtgeýär we şonda oňyn keşp oňyndäl keşp bilen çalyşýar. Haçan-da yşygyň çeşmesi reňkli bolanda yzygiderli keşbiň goşmaça reňke öwrülmesi bolup geçýär.

I.W.Gýote özüniň "Reňki öwrenmek barada oçerkinde" şeýle ýazýar: " Bir gezek men agşamara myhmanhana girenimde meniň otagyma uzyn boýly gözüňi gamaşdyryjy ak ýüzli , gara saçly, al-gyzyl korsažda bir gyz girdi, men özümden birnäçe ädim aralykda duran bu gyza ünsli seretdim. Ol gidenden soňra garşydaky ýagty

diwarda men ýagty şöhleler bilen gurşalan gara ýüzi, göýä deňiz tolkuny ýaly ýaşyl reňkli geýmiň aýdyň figurasyny gördüm"[1].

Yzygiderli keşpleriň döreýşini şeýle düşündirmek mümkin. Mälim bolşy ýaly, gözüň torly bardasynda üç görnüşli reňk duýujy elementleriň barlygy çaklanylýar. Gyjyndyrma prosesinde olar ýadap, olaryň duýgurlygy peselýär. Biz gyzyl reňke seredenimizde, bu reňki kabul edijiler beýlekilerden has gaty ýadaýarlar, şonuň üçin-de toruň edil şu uçastogyna soňra ak yşyk düşende kabul edijileriň beýleki iki görnüşi has ýokary kabul edijilik ýagdaýynda bolansoň, biz gök-ýaşyl reňki görýäris.

Eşidiş duýmalary edil görüş duýmalary ýaly, yzygiderli keşp bilen utgaşyp bilerler. Gulagy gapyjy sesleriň "gulagy şaňladyp" ýakymsyz duýgy döretmegi muňa has ýakyn mysal bolup biler. Gysga ses impulslarynyň ençemesi eşidiş analizatoryna birnäçe sekundyň dowamynda täsir edenden soň, olar edil gaty adaty bolmadyk häsiýetde guralan ýaly, bütewi ýa-da gyryljyk görnüşde eşidilip başlanýar. Bu ýagdaý ses impulsynyň täsiri kesilenden soň ýüze çykyp, impulslaryň intensiwligine we dowamlylygyna görä birnäçe sekunt dowam edýär.

Şuňa meňzeş hadysalar beýleki analizatorlarda-da ýüze çykýar. Meselem, temperatura, agyry we tagam biliş duýmalary-da gyjyndyryjynyň täsiri aýrylandan soňra birnäçe wagt dowam edýär.

Galyberse-de duýmalara gyjyndyryjynyň giňişlikde ýerleşişi häsiýetlidir. Distant reseptorlary arkaly amala aşyrylýan giňişlik analizi bize gyjyndyryjynyň giňişlikdäki ýerleşişi barada maglumat berýär. Kontaktly duýmalar (taktil, agyry, tagam biliş) gyjyndyryjynyň bedene täsir edýän ýerinde döreýärler. Bu ýagdaýda agyry duýmalarynyň ýerleşişi, taktil duýmalarynyňka garanda, has

**Duýgurlyk we onuň ölçelişi**

Bizi gurşap alýan daşky dünýäniň ýagdaýy barada bize degişli maglumatlar berýän duýgy organlary özleriniň şöhlelendirýän hadysalaryna ýokary ýa-da pes derejede duýgurlykda bolup olary dürli takyklykda şöhlelendirip

[1] Гете И.В. Избранные сочинения по естествознанию. Л., Изд-во АН СССР, 1957, 288-nji sah.

ýaýraň we takyklygy pes bolýar.
bilýärler. Duýgy organynyň duýgurlygy şol bir şertlerde duýma döredip bilýän minimal gyjyndyryjy bilen kesgitlenýär. **Çalaja duýmany ýüze çykarmak üçin zerur bolan gyjyndyryjynyň minimal güýjüne duýgurlygyň aşaky absolýut bosagasy diýilýär.**

**Bosagadan aşakdaky gyjyndyryjylar** diýlip atlandyrylýan minimal güýçli gyjyndyryjylar duýmalary döretmeýär we kelle beýniniň gabygyna olar barada signallar gelip ýetmeýär. Gabyk her bir aýratyn pursatda impulslaryň üznüksiz köplüginden diňe durmuş üçin wajyplaryny kabul edip, beýlekilerini, şol sanda içki organlardan gelýän impulslary-da özüniň oýanyş bosagasyny ýokarlandyrmak arkaly saklaýar. Bu ýagdaý biologik taýdan maksadalaýykdyr. Uly ýarym şarlarynyň gabygy ähli impulslary deň kabul edýän we olara degişli reaksiýany üpjün edýän organizmi göz öňüne getirmek mümkin däldir. Beýle ýagdaý organizmiň hökman ölmegine getirerdi. Hut uly ýarym şarlaryň gabygy möhüm däl impulslary öz oýanyş bosagasyny ýokarlandyrmak arkaly gysyp çykaryp, organizmiň ýaşaýyş islegleriniň goragynda durýar, ony zerur bolmadyk reaksiýalardan boşadýar.

Emma bu bosagasty impulslar organizm üçin ähmiýetsiz galmaýarlar. Nerw kesellileriň klinikasynda alnan köp sanly faktlar muny subut edýär. Meselem, daşky gurşawdan gelýän ujypsyz, bosagasty gyjyndyryjylar kelle beýniniň gabygynda dominant(agalyk ediji) ojagy döredip, gallýusinasiýalaryň(gözegörünmeleriň) we “aldaw duýgularyň” ýüze çykmagyna getirýär. Bosagasty seslerini keselliler öz-özünden döreýän sesler hökmünde gutulgysyzlyk bilen kabul edip, şol bir wagtyň özünde olar hakyky adam sesine biperwaý garaýarlar; ujypsyz çala göze ilýän yşyk şöhlesi dürli mazmunly gallýusinator görüş duýmalaryny döredip bilýär; çala bildirýän taktil duýmalary – deriniň geýim bilen galtaşmagy – ýiti deri duýmalaryny ýüze çykaryp bilýärler.

Duýmanyň aşaky bosagasy şol bir analizatoryň absolýut duýgurlyk derejesini kesgitleýär. Absolýut duýgurlyk bilen bosaganyň ululygynyň arasynda ters baglanyşyk bolýar: bosaganyň ululygy näçe kiçi boldugyça analizatoryň duýgurlygy şonça-da ýokary bolýar.

Bu gatnaşygy şu formulada aňlatmak bolar.

$$E = \frac{1}{P}$$

Bu ýerde E – duýgurlyk, P – gyjyndyryjynyň bosaga ululygy.

Biziň analizatorlarymyz dürli duýgurlykda bolýarlar. Adamyň her bir ys alyş öýjüginiň degişli ysly madda üçin bosagasy 8 molekuladan aňry geçmeýär. Tagam biliş duýmasyny döretmek ys alyş duýmasyny döretmekden 25 müň esse köp molekula gerek bolýar.

Görüş we eşidiş analizatorlarynyň duýgurlygy örän ýokarydyr. Tejribäniň görkezişine görä, adamyň gözi torly barda bary-ýogy 2-8 kwant yşyk energiýasy düşende yşygy görmäge ukyplydyr. Beýle diýildigi biz tüm garaňkylykda ýanýan şemi 27 km uzaklykdan görüp bilýäris diýildigidir. Şol bir wagtyň özünde biziň galtaşmaklygy duýmagymyz üçin görüş ýa-da eşidiş signallaryny kabul etmeklige garanda 100-10000 million esse köp energiýa zerurdyr.

Analizatoryň absolýut duýgurlygy diňe bir aşaky bosaga bilen çäklenmän, duýmanyň **ýokarky bosagasyny-da** öz içine alýar. **Entek täsir edýän gyjyndyryja laýyk duýmany döredip bilýän gyjyndyryjynyň maksimal güýjüne absolýut duýgurlygyň ýokarky bosagasy** diýilýär. Gyjyndyryjynyň biziň reseptorlarymyza täsir edýän güýjüniň mundan beýläk ulalmagy diňe agyry duýmasyny döredýär (meselem, adatdan daşary güýçli ses, gözüňi gapýan ýagtylyk we ş.m.).

Absolýut bosaganyň aşaky ululygy-da, ýokarky ululygy-da dürli şertlere - adamyň işiniň häsiýetine we ýaş aýratynlygyna, reseptoryň funksional ýagdaýyna, gyjyndyryjynyň güýjüne we dowamlylygyna we ş.m. baglylykda üýtgeýär.

Duýgy organlarynyň kömegi bilen biz diňe ol ýa-da başga bir gyjyndyryjynyň barlygyny ýa-da ýoklugyny ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem gyjyndyryjylary olaryň güýji we hili boýunça tapawutlandyryp bilýäris. **Duýmada çala üýtgeşiklik döredýän iki gyjyndyryjynyň arasyndaky minimal tapawuda parhlandyryş ýa-da tapawut bosagasy** diýilýär. Nemes fiziology E.Beber adamyň sag we çep elindäki predmetleriň has agyryny tapawutlandyryş ukybyny barlap, tapawut duýgurlygynyň absolýut däl-de otnositel

häsiýetdedigini kesgitledi. Beýle diýildigi goşmaça gyjyndyryjynyň esasy gyjyndyryja bolan gatnaşygy hemişelik ululykdyr diýildigidir. Meselem, elde 100 gr.ýuk bar bolsa, çala tapawut duýmasynyň döremegi üçin bu agramyň üstünde ýene 0,4 gr goýlan agramy goşmaly bolýar. Eger-de ýüküň agramy bir müň gram bolsa çala tapawut duýmasynyň döremegi üçin onuň üstüne ýene 3,4 g agramy goşmaly bolýar. Şeýlelikde, gyjyndyryjynyň ilkibaşdaky agramy näçe uly boldugyça, oňa goşulýan goşmaça-da şonça uly bolmalydyr.

**Tapawut bosagasy şol bir analizator üçin otnositel hemişelik ululygyny saklaýar**. Görüş analizatory üçin bu gatnaşyk takmynan 1/100, eşidiş üçin 1/10 bolup, taktil duýmasy üçin bolsa 1/30 deňdir. Bu ýagdaýyň eksperimental barlagy onuň diňe orta güýçdäki gyjyndyryjylara adatydygyny görkezdi.

Weberiň eksperimental maglumatlaryndan ugur alyp, nemes fizigi Fehner duýmalaryň intensiwliginiň gyjyndyryjynyň güýjüne baglydygyny şeýle formulada aňladypdyr.

$$S = K \lg I + C,$$

bu ýerde S– duýmanyň intensiwligi, I - gyjyndyryjynyň güýji, K we C konstantalar. **Esasy psihofiziki kanun** diýlip atlandyrylýan bu düzgüne görä, **duýmanyň intensiwligi gyjyndyryjynyň güýjüniň logarifmine proporsionaldyr**. Başgaça aýdanynda, gyjyndyryjynyň güýji geometrik progressiýa boýunça ulalanda, duýmanyň intensiwligi arifmetiki progressiýada ulalýar (Werber – Fehneriň kanuny).

Tapawut duýgurlygy ýa-da tapawutlandyrmaklyga bolan duýgurlyk hem tapawutlandyryş bosagasynyň ululygyna ters baglanyşykda bolýar: **tapawut bosagasy näçe uly boldugyça tapawut, tapawut duýgurlygy boýunça-da kiçidir.**

Tapawut duýgurlygy diýen düşünje diňe bir gyjyndyryjylary duýmagyň intensiwligi boýunça tapawutlandyrmagy häsiýetlendirmek üçin ulanylman, eýsem duýgurlygyň birnäçe görnüşleriniň beýleki aýratynlyklaryny görkezmek üçin hem ulanylýar; meselem, görüş üsti bilen kabul edilýän predmetleriň görnüşlerini, möçberini we reňkini tapawutlandyrmaklyga bolan duýgurlyk ýa-da sesiň belentligini parhlandyrmaklyga bolan duýgurlyk.

**Adaptasiýa** Analizatorlaryň absolýut bosagasynyň ululygy bilen kesgitlenilýän duýgurlygy hemişelik bolman ol birnäçe fiziologik we psihologik şertleriň täsirinde üýtgäp durýar, bu üýtgemeleriň arasynda bolsa **adaptasiýa** hadysasy aýratyn orun tutýar.

**Gyjyndyryjynyň täsiri netijesinde duýgy organlarynyň duýgurlygynyň üýtgemegine adaptasiýa ýa-da uýgunlaşmak diýlip düşünilýär.**

Bu hadysanyň üç dürli görnüşi bar.

I. **Gyjyndyryjynyň uzak wagtlaýyn täsir ediş prosesinde duýmanyň doly ýitip gitmegi hökmündäki adaptasiýa**. Bu hadysa barada biz şu babyň birinji paragrafynda analizatorlaryň gyjyndyryjynyň üýtgemegine bolan "sazlaşygy" dogrusyndaky söhbetimizde aýdypdyk. Gyjyndyryjylaryň täsiri hemişelik häsiýetde bolanda duýma kem-kemden ýitip gidýär. Meselem, deriniň üstündäki ýeňil ýük tiz wagtdan soň duýulmaýar. Biz ýakymsyz ysly atmosfera düşenimizde hem tiz wagtdan soň ys alyş duýmalary ýitip gidýär. Haýsy-da bolsa bir tagamly zady birnäçe wagtlap agyzda saklanyňda tagam biliş duýmalaryň intensiwligi peselýär, soňra bolsa asla duýulmaýar.

Hemişelik we hereketsiz gyjyndyryjy täsir edýän mahalynda görüş analizatorynda doly adaptasiýanyň bolmaýanlygy, gyjyndyryjynyň hereketsizliginiň reseptor apparatynyň gymyldysynyň hasabyna öweziniň dolunýanlygy bilen düşündirilýär. Gözüň hemişelik erkli we erksiz hereketleri görüş duýmalarynyň üznüksizligini üpjün edýär. Şekili gözüň torly bardasyna görä ýörite berkitmek[1] arkaly geçirilen tejribede 2-3 sekuntdan soň görüş duýulmasynyň ýitýänligi, ýagny doly adaptasiýanyň döreýänligi aýn edildi.

2. Ỳokarda ýazylyp beýan edilen hadysa ýakyn, ýagny **güýçli gyjyndyryjynyň täsiri netijesinde duýmanyň kütelmegine-de adaptasiýa** diýlip düşünilýär. Meselem, elimizi sowuk suwa

[1] Şeýle berkitmeklik, ýa-da stabilizasiýa göz almasyna berkidilýän üstüne şekil ýerleşdirilenden soň göz bilen bile hereket edýän ýörite endikler arkaly gazanyldy.

sokanymyzda sowuklyk gyjyndyryjysy bilen döredilýän duýmanyň intensiwligi peselýär. Biz ýarym garaňky otagdan ýiti ýagtylykly giňişlige geçenimizde ilkibada görejimiz gapylyp, töweregimizdäki hiç hili detaly saýgarmaýarys. Birnäçe wagtdan soňra görüş analizatorynyň duýgurlygy üzül-kesil peselýär we biz kadaly ýagdaýda görüp başlaýarys. Intensiw ýagtylyk gyjyndyryjysynyň täsiri astynda gözüň duýgurlygynyň beýle peselmek hadysasyna ýagtylyk adaptasiýasy diýilýär. Adaptasiýanyň şu ýokarda beýan edilen iki görnüşini **negatiw-oňyndäl adaptasiýa** diýen umumy adalga bilen birleşdirmek bolýar, çünki olaryň netijesinde **analizatorlaryň duýgurlygy peselýär**.

3. Galyberse-de, **pes gyjyndyryjylaryň täsiri netijesinde duýgurlygyň ýokarlanmagyna-da adaptasiýa** diýýärler. Duýmalaryň käbir görnüşlerine mahsus bolan bu adaptasiýa görnüşini **pozitiw-oňyn** adaptasiýa diýip atlandyrmak bolar. Görüş analizatorynda tümlük diýlip atlandyrylýan bu pozitiw adaptasiýa, garaňkyda bolmagyň täsiri astynda gözüň duýgurlygynyň ýokarlanmagynda ýüze çykýar. Eşidiş adaptasiýanyň muňa meňseş görnüşi ümsümlige bolan adaptasiýadyr. Temperatura duýmalarynda pozitiw adaptasiýa şol bir gradusly suwa sokulanda ozaldan sowadylan eliň gyzgynlyk duýmagynda, öňünden gyzdyrylan eliň bolsa sowuklyk duýmaklygynda ýüze çykýar. Negatiw-oňyndäl agyry adaptasiýanyň bolup biljekdigi uzak wagtlap çekelişikli meseleleriň biri boldy. Belli bolşa ýaly, agyrdyjy gyjyndyryjynyň köp gezek ulanylmagy negatiw adaptasiýany döretmän, gaýtam, wagtyň geçmegi bilen has güýçli täsir edýär. Emma welin täze faktlar iňňe sançmaklyga we intensiw gyzgyn şöhle täsirine bolan doly negatiw adaptasiýanyň barlygyny subut edýär.

Dürli analizatorlar özlerinde adaptasiýa hadysasynyň geçiş intensiwligi boýunça deňeşdirilende olaryň birleriniň çalt, beýlekileriniň haýal adaptasiýalary ýüze çykarýandygy mälim bolýar. Meselem, taktil reseptorlary örän çalt adaptirlenýärler. Olaryň duýujy nerwlerine haýsy-da bolsa bir uzak wagtlaýyn gyjyndyryjy täsir edende, diňe uly bolmadyk impulslaryň zalpy täsir başlaýan badyna akyp geçýär. Haýal adaptirlenýän analizatorlara görüş (tümlük

adaptasiýasy onlarça minuda ýetýär), ys alyş we tagam biliş reseptorlary degişlidir.

Duýgurlygyň derejesini reseptorlara nähili gyjyndyryjylaryň (pes ýa-da güýçli) täsir edýänligine baglylykda adaptasion regulirlemek uly biologik ähmiýete eýedir. Adaptasiýa duýgy organlarynyň üsti bilen pes gyjyndyryjylary tutmak arkaly bu organlary adatdan daşary güýçli gyjyndyryjylaryň zyýanly täsirinden goraýar.

Adaptasiýa hadysasyny reseptorlara uzak wagtlaýyn gyjyndyryjy täsir edende döreýän periferik üýtgeşmeler bilen düşündirmek mümkindir. Mälim bolşy ýaly, ýagtylygyň täsirinde gözüň torly bardasynda ýerleşýän taýajyklardaky görüş purpury dargaýar (reňki ýitýär). Garaňkyda bolsa, munuň täsirine, görüş purpury gaýtadan döräp, duýgurlygyň ýokarlanmagyna getirýär. Beýleki duýgy organlarynyň reseptorynda şeýle häsiýetli himiki maddanyň barlygy heniz subut edilenok.

Mundan başga-dsa analizatorlaryň merkzei bölümlerinde geçýän prosesler hem adaptasiýa hadysasyny emele getirýär. Uzak wagtlap gyjyndyrylanda kelle beýnisiniň gabygy oňa duýgurlygy peseldýän goraýjy tormozlanma bilen jogap berýär. Tormozlanmanyň ösmegi beýleki ojaklarda oýanmanyň güýçlenmegini döredip, täze şertlerde duýgurlygyň ýokarlanmagyna getirýär (bu yzygiderli özara induksiýa hadysasydyr).

**Duýmalaryň özara täsiri**

Duýmanyň intensiwligi diňe bir gyjyndyryjynyň güýjüne we adaptasiýanyň dörediјisine bagly bolman, eýsem şu pursatda beýleki duýgy organlaryna täsir edýän gyjyndyryjylara hem baglydyr.

Beýleki duýgy organlarynyň gyjyndyrylmagynda analizatoryň duýgurlygynyň üýtgemegine duýmalaryň özara täsiri diýilýär.

Duýmalaryň özara täsiri netijesinde döreýän duýgurlygyň üýtgemegi dogrusynda edebiýatda köpsanly faktlar ýazylandyr. Meselem, eşidiş gyjyndyryjysynyň täsirinde görüş analizatorynyň duýgurlygy üýtgeýär. Bu üýtgeşmäniň eşidiş gyjyndyryjysynyň güýjüne bagly bolýandygy S.E.Krawkow tarapyndan anyklanyldy. Pessejik ses gyjyndyryjylary görüş analizatorynyň reňk

duýgurlygyny ýokarlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde ses gyjyndyryjysy hökmünde awiasion motoryň güýçli gürrüldisi ulanylanda gözüň saýgaryş duuýgurlygynyň has erbetleşýänligi aýan edildi. Görüş duýgurlygy birnäçe ys alyş gyjyndyryjylaryň täsirinde hem ýokarlanýar. Emma welin ys üzül-kesil otrisatel emosional häsiýetde bolanda görüş duýgurlygy peselýär. Şuňa meňzeşlikde pes ýagtylyk gyjyndyryjysynyň täsirinde eşidiş duýmasy güýçlenip, has intensiw ýagtylyk gyjyndyryjysynyň netijesinde bolsa eşidiş duýgurlygy peselýär. Pes agyry gyjyndyryjylaryň täsirinde görüş, eşidiş, taktil we ys alyş duýgurlygynyň ýokarlanýandygy hem mälimdir.

Ol ýa-da beýleki analizatoryň duýgurlygynyň üýtgemegi belki analizatorlaryň bosagasty gyjyndyrylmagynda hem bolup biler. Meselem, P.P.Lazarýew deri ultramelewşe yşyklar bilen gyjyndyrylanda görüş duýgurlygynyň peselýändigini anyklady.

Umuman, biziň ähli analizatorlar sistemamyz belli bir derejede bir-birlerine täsir edýär. Şonlukda duýmalaryň özara täsiri edil adaptasiýa ýaly iki sany gapma-garşylykly prosesde: duýgurlygyň ýokarlanmagynda ýa-da peselmeginde ýüze çykýar. Bu prosesde pes gyjyndyryjylaryň analizatorlaryň duýgurlygyny ýokarlandyrýanlygy, güýçli gyjyndyryjylaryň bolsa ony peseldýänligi umumy kananulaýyklykdyr.

**Sensibilizasiýa**

Analizatorlaryň özara täsiriniň we türgenleşigiň netijesinde duýgurlygyň ýokarlanmagyna sensibilizasiýa diýilýär.

Duýmalaryň özara täsiriniň fiziologik mehanizmi kelle beýniniň gabygyndaky analizatorlaryň merkezi bölümlerinde bolup geçýän oýanmanyň irradiasiýa we konsentrasiýa prosesidir. Pawlowyň düşündirişi boýunça güýçli bolmadyk gyjyndyryjy ýarym şarlaryň gabygynda çalt irradirlenýän (ýaýraýan) oýanma prosesini döredýär. Oýanma prosesiniň irradiasiýasy netijesinde beýleki analizatoryň duýgurlygy ýokarlanýar. Munuň tersine, güýçli gyjyndyryjy täsir edende konsentrasiýa (jemlenmä) ýykgyn edýän oýanma prosesi döreýär. Özara induksiýa kanuny boýunça bu ýagdaý beýleki analizatorlaryň merkezi bölümlerinde tormozlanma prosesini döredip, olaryň duýgurlygynyň peselmegine getirýär.

Analizatorlaryň duýgurlygynyň üýtgemegi şertli refleks boýunça ikinji signal sistemasynyň gyjyndyryjylarynyň täsiri netijesinde hem bolup biler. Synag edilýän adamlara “limon ýaly turşy” diýen sözler bilen ýüzlenilende olaryň gözleriniň we diliniň elektrik duýgurlygynyň üýtgeýänligi subut edildi; bu üýtgeşmeler hakyky limon şiresi bilen dile gyjyndyryş täsiri edilende döreýän üýtgetmelere meňzeşdir.

Duýgy organlarynyň duýgurlygynyň üýtgeýiş kanunlaryny bilmek bilen, ýörite seçilip alnan goşmaça gyjyndyryjylary ulanmak arkaly ol ýa-da beýleki reseptory sensibilizirlemek, ýagny onuň duýgurlygyny ýokarlandyrmak bolar.

**Sinesteziýa.** Duýmalaryň özara täsiri sinesteziýa diýlip atlandyrylýan ýene bir hadysada hem ýüze çykýar. Sinesteziýa – munuň özi duýmanyň bir analizatoryň gyjyndyrylmagynyň täsiri astynda beýleki analizatora mahsus bolan duýnmanyň döremegidir.

Sinesteziýa hadysasy duýmalaryň dürli görnüşlerinde ýüze çykýar. Görüş-eşidiş sinesteziýasy – ses gyjyndyryjylary täsir edende subýektde görüş obrazlarynyň döremekligi has köp duş gelýär. Dürli adamda beýle sinesteziýalar birmeňzeş bolmasa-da, olar her bir aýry-aýry adamda hemişelik häsiýetde bolýar. Käbir kompozitorlarda (Rimskiý-Korsakow, Skrýabin we beýlekiler) “reňkli eşidiş” ukybynyň bolanlygy mälimdir. Şeýle sinesteziýanyň has aýdyň ýüze çykyşyny litwaly hudožnik Çurlýonisiň döredijiliginde, onuň reňkler simfoniýasynda görmek bolýar.

Soňky ýyllarda ses obrazlaryny reňk obrazlaryna öwürýän “reňkli – saz” apparatlaryň döredilişi we “reňkli sazyň” intensiw barlanyşy sinesteziýa hadysasyna esaslandyrylýar. Görüş gyjyndyryjylarynyň täsiri astynda, ses duýmalarynyň döremegi, ses gyjyndyryjysynyň esasynda tagam bilişiň ýüze çykmagy we ş.m. örän seýrek duş gelýär. Sinesteziýa hemme adamlara mahsus bolmasa-da, ol giňden ýaýrandyr. “Ỳiti tagamly”, “sowuk reňk”, “süýji sesler” we ş.m. ýaly söz utgaşmalaryny ulanmagyň mümkindigi hiç kimde şübhe döretmeýär. Sinesteziýa hadysasy adamyň analizatorlar sistemasynyň hemişelik özara baglanyşykda

bolýandygynyň, adamyň obýektiw dünýäni duýgular arkaly şöhlelendirmesiniň bitewiliginiň ýene-de bir subutnamasydyr.

**Duýgurlyk we türgenleşik.**

Duýgy organlarynyň sensibilizasiýasy diňe bir goşmaça gyjyndyryjylaryň ulanylmagy bilen däl, eýsem türgenleşik esasynda hem bolup bilýär. Duýgy organlarynyň türgenleşmek we kämilleşmek mümkinçiligi örän uludyr. Duýgy organlarynyň duýgurlygynyň ýokarlanmagyny kesgitleýän iki sferany tapawutlandyrmak bolar: 1) sensor şikesleriniň (körlük, kerlik) öwezini dolmak boýunça döreýän sensibilizasiýa we 2) adamyň hünäriniň, işiniň mazmunynyň özboluşly talaplary netijesinde döreýän sensibilizasiýa.

Görüşiň we eşidişiň zaýalanmagynyň öwezi duýgurlygyň beýleki görnüşleriniň ösdürilmeginiň hasabyna belli bir derejede dolunýar. Görüşden mahrum bolan adamlaryň syzma duýgusynyň güýçli ösmeginiň hasabyna skulptura bilen meşgullanýanlarynyň bardygy mälimdir. Edil şeýle häsiýetde kerler güýçli ösen wibrasiýa duýmalarynyň hasabyna saz diňlemeklige ukyply bolýarlar. Olar saz guralyna elini goýýarlar ýa-da orkestre arkasyny öwrüp oturýarlar.

Kör hem-de güň Elen Kelleriň ys alyş duýmasy şeýle güýçli ösensoň, ol öz dostlaryny, myhmanlary olardan gelýän yslar boýunça assosiasiýa döretmek arkaly tanaýar, tanyşlaryny ýada salmaklyk köp adamlarda ses bilen baglanyşdyrylýan bolsa, bu adamda ys alyş bilen baglanyşdyrylyp ýada salynýar.

Adamda gös-göni belli bir reseptora degişli bolmadyk gyjyndyryjylara bolan duýgurlygyň döremegi aýratyn üns bermeklige mynasypdyr Körlerde päsgelçiliklere bolan distansion duýgurlyk muňa mysal bolup biler.

Duýgy organlarynyň sensibilizasiýasynyň ýene-de bir uly topary käbir ýörite hünärler bilen uzak wagt meşgullanýan adamlarda bolýar. Ỳylmaýjylaryň görnüşiniň adatdan daşary ýiti bolýandygy mälimdir. Eger türgenleşmedik adamlar diňe 0,1 mm möçberdäki büdür-südürligi görýän bolsa, olar 0,0005 mm çenlilikdäkini görmäge ukyplydyrlar. Mata reňklemek boýunça hünärmenler gara reňkiň 40-dan 60-a çenli aýratynlygyny saýgarmaga ukyply bolýarlar. Türgenleşmedik göz olary birmeňzeş kabul edýär. Tejribeli polat

eredijiler eredilen massanyň ujypsyz reňk öwüşgünligi boýunça onuň temperaturasyny we ondaky goşmaça maddalaryň mukdaryny ýokary takyklykda kesgitläp bilýärler.

Ys alyş duýmalary çaýyň, peýniriň, çakyrlaryň, temmäkiniň tagamyny kesgitleýjilerde ýokary derejede kämilleşýär. Tagam kesgitleýjiler çakyryň diňe bir üzümiň haýsy sortundan edilendigini bilmekden başga-da, üzümiň nirede ösenligini hem bilýärler.

Žiwopis döredijilik işiniň özboluşly görnüşi hökmünde predmetleri şekillendirmekde formalary we reňk utgaşmalaryny kabul etmeklige aýratyn talaplar bildirýär. Tejribeleriň görkezişi boýunça hudožnigiň gözi proporsiýalary kesgitlemäge örän duýgur bolýar. Ol predmetiň ululygyndaky 1/60 – 1/150 çenli üýtgemeleri duýmaga ukyplydyr. Reňk duýmalarynyň inçeligine Rimdäki mozaika ussahanasy boýunça göz ýetirmek mümkin, onda adam tarapyndan döredilen esasy reňkleriň 20000-den gowrak öwüşgini bar.

Eşidiş duýgurlygynyň ösüş mümkinçiligi-de örän uludyr. Meselem, skripkada oýnamak, ses belentligini saýgarmaklygyň aýratyn ösüşini talap edýär, bu başarnyk skripkaçylarda pianistlerdäkiden has ýokarydyr. Ses belentliklerini kynlyk bilen tapawutlandyrýan adamlarda ýörite sapaklar arkaly ses belentligini saýgarmagy ösdürmek bolar. Tejribeli uçarmanlar eşidiş boýunça hereketlendirijiniň aýlanyş sanyny ýeňillik bilen kesgitleýärler. Olar minutda 1300 aýlawdan 1340 aýlawy erkin saýgarýarlar. Türgenleşigi bolmadyk adamlar 1300 bilen 1400 aýlawyň tapawudyny saýgarýarlar.

Bu zatlaryň hemmesi biziň duýmalarymyzyň durmuş şertleriniň we amaly zähmet işiniň täsiri astynda ösýänligini subut edýär.

Köp sanly şeýle faktlaryň bolmagyna garamazdan, duýgy organlarynyň türgenleşmek meselesi entek ýeterlik öwrenilen däldir. Eýsem, duýgy organlarynyň türgenleşigine näme esas bolýar? Enrek bu soraga doly jogap bermäge mümkinçilik ýok.

Körlerde syzma duýmasynyň ýokarlanýanlygyny düşündirmäge synanyşyk edildi. Kör adamlaryň meýidiniň barmaklarynyň derisiniň aýa tarapynda taktil reseptorlarynyň – **paçiniýew bedenjikleriniň** barlygy ýüze çykaryldy. Deňeşdirmek üçin şeýle derňewler dürli

hünärdäki görýän adamlaryň meýidiniň derisinde hem geçirildi. Netijede, körlerde taktil reseptorlarynyň sanynyň köpdügi mälim boldy. Meselem, görýän adamlaryň birinji barmagynyň dyrnak aýtymynyň derisinde bedenjikleriň sany orta hasap bilen 186 bolsa, kör dogulanlarda ol 270, ölmezinden 5 ýyl öň kör bolanlarda 311 bolupdyr.

Şeýlelikde, reseptorlaryň gurluşy konstant (hemişelik) däl-de, üýtgeýji häsiýetde bolup, şol bir reseptoryň öz funksiýasyny takyk ýerine ýetirmeklige uýgunlaşmaklygy esasynda hemişe üýtgeýär. Reseptorlaryň üýtgemegi bilen bilelikde täze şertlere laýyklykda we amaly işiň talaplaryna görä analizatorlaryň gurluşy hem tutuşlaýyn gaýtadan gurulýar.

# 10-njy BAP

# KABUL EDIŞ

## § 1. Kabul ediş hakynda düşünje we onuń aýratynlyklarynyń häsiýetnamasy

**Predmetleriń ýa-da hadysalaryń duýgy organlaryna gös-göni täsir etmegi netijesinde adamyń ańynda şöhlelenip, aýry-aýry duýmalaryń tertipleşmegine we zatlaryń hem-de wakalaryń bir bitewi keşplere birleşmegine kabul ediş diýilýär.**

Gyjyndyryjynyń diňe aýry-aýry häsiýetlerini şöhlelendirýän duýmalardan tapawutlylykda, kabul edişde predmet öz ähli häsiýetleriniń toplumy görnüşinde tutuşlygyna şöhlelendirilýär. Ýöne kabul ediş aýry-aýry duýmalaryń ýönekeý toplumyna syrykdyrylman, syzma üsti bilen amala aşyrylýan akyl ýetirişiń özboluşly täze basgançagydyr. **Predmetlilik, bitewilik, strukturalyk, konstantlylyk, ańlanylanlyk** kabul edişiń has möhüm aýratynlyklarydyr.

**Kabul edişiň predmetliligi we strukturalylygy**

Kabul edişiń **predmetliligi** obýektiwizasiýada, ýagny daşky dünýäden alan maglumatlarymyzy şu dünýäniń predmetleri, hadysalary bilen baglanyşdyrmaklygymyzda ýüze çykýar. Şeýle baglanyşdyrmaklyk bolmasa, kabul ediş adamyń amaly işinde özüniń oriýentirleýji we regulirleýji funksiýasyny amala aşyryp bilmez. Kabul edişiń predmetliligi dogabitdi häsiýet däldir, adam üçin daşky dünýäniń predmetliligini açyp görkezýän hereketleriń belli bir ulgamy bar. Bu ýerde syzyş we hereket aýgytlaýjy rol oýnaýar. Predmetlilik hemişe daşky hereket häsiýetde bolýan, predmetiń hut özi bilen baglanyşygy üpjün edýän prosesleriń esasynda emele gelýändigi mälimdir. Hereketler gatnaşmasalar, biziń kabul edişimiz daşky dünýäniń obýektleri bilen baglanyşdyrylyp, predmetlik

häsiýetnine eýe bolup bilmezdi. Tejribede kesellide görüş analizatorlarynyň duýgurlygynyň, galyndy elementleri we ýönekeý tapawutlandyryjylygy saklanyp, görüş kabul edişiniň predmetliliginiň bozulan ýagdaýynyň ýüze çykarylandygy ýazylýar. Kontuziýa netijesinde kesellide kelle beýniniň organiki zaýalanmagy we göz almalarynyň doly hereketsizligi döräpdir. Keselli ähli görünýän giňişligi tutuş ýagtylyk akymy görnüşinde ýa-da içinden ýşyk şöhleleri geçýän duman kimin kabul edipdir. Görüşiň täzeden dikeldilişiniň birinji tapgyrynda bu tutuş boşlukda özüniň ýagtylygy we ulylygy boýunça dürli hili, mazmunsyz, amorf häsiýetli tegmil döredýänligi ýüze çykarylypdyr. Bu ýagdaýda kesselliniň görüşi duýma derejesinde hereketlenip, ol haýsy-da bolsa bir obýekti predmet hökmünde söz boýunça ýa-da grafiki usulda gaýtadan dikeltmäge, onuň häsiýetlerini atlandyrmaga ukypsyz bolýar. Diňe üç aýlap geçirilen gaýtadan dikeldiş işiniň netijesinde kesselliniň görüşi diňe bir duýujy däl-de, eýsem kabul ediji häsiýete hem eýe bolupdyr. Diýmek, görüş duýmasy öz-özünden predmetleýin şöhlelendirmäni üpjün edip bilmeýär. Meselem, alymlar gurbaganyň gözüniň torly bardasyny "mör-möjekleriň detektory" hökmünde häsiýetlendirýärler. Bu "detektor" torly barda mör-möjegiň kölegesi düşende reflektor hereketini döredýär. Gurbaganyň gözi obýektiň diňe käbir sypatlary barada, esasan onuň hereketi, burçlarynyň barlygy dogrusynda signal berýär, galan häsiýetleri beýnä geçirilmeýär. Eýsem bu ýagdaýda gurbagada predmetleýin görüş keşbi döreýärmi? Çaklanyşy boýunça döremeýär, sebäbi öli mör-möjekleriň arasynda goýlan gurbaganyň açlygyndan ölmegi mümkin.

Kabul edişiň sypaty hökmünde predmetleýinlik özüňi alyp barşy dolandyrmakda aýratyn rol oýnaýar. Daşky dünýäden alynýan maglumatlary bu dünýä bilen baglanyşdyrmak, kabul edişiň keşbiniň reýal predmetlere meňzeşligine kontrollygy üpjün edýär. Kerpiç we partladyjy dinamit blogy görnüşi, syzylyşy boýunça örän meňzeş bolsalar-da, olaryň predmetligini olaryň görnüşi boýunça däl-de, olary amalyýetde ulanyşymyz ýa-da olaryň esasy häsiýetlerine görä kesgitleýäris.

Predmetlilik hut perseptiw prosesleriń[1] mundan beÿläk-de kemala getirilişinde uly rol oÿnaÿar. Haçan-da daşky dünÿä bilen onuń dogry şöhlelenmesiniň arasynda gabat gelmezlik döränd, adam onuň şöhlelenmegi üpjün edÿän täze kabul ediş usullaryny agtarmaly bolÿar.

Kabul edişiń ÿene-de bir aÿratynlygy – onuň **bitewiligidir**. Duÿgy organlaryna täsir edÿän predmetleriń aÿry-aÿry häsiÿetlerini şöhlelendirÿän duÿmadan tapawutlylykda, kabul ediş predmetiń bitewi keşbidir. Bu bitewi keşp predmetiń aÿry-aÿry häsiÿetleri baradaky dürli görnüşdäki duÿma görnüşinde alynan maglumatlary jemlemek esasynda döreÿär. Kabul edişiń bitewiligi bilen onuń **strukturalylygy** baglanyşyklydyr. Kabul edişe biziń hut şu pursatdaky duÿmalarymyza gös-göni jogap hökmünde seretmek bolmaz; ol duÿmalaryń ÿönekeÿ jemi däldir. Biz hakykatda bu duÿmalardan abstragirlenÿän(sowulynÿan), birnäçe wagtyń dowamynda döreÿän, elementleri özara baglanyşykly bolan jemleÿji strukturany-gurluşy kabul edÿäris. Adam haÿsydyr bir melodiÿany eşidende, öń eşidilen notalar, täze notalar başlansa-da, onuń ańynda seslenmegini dowam etdirÿär. Adatça dińleÿji saza düşünÿär, ÿagny duÿdansyz, mukama gulak asÿan haÿsydyr bir pursatynda onuń strukturasyny bitewilikde kabul edÿär. Mälim bolşy ÿaly, iń sońky eşidilen notalar aÿry-aÿrylykda şeÿle düşünişiń esasy bolup bilmez; dińleÿjiniń ańynda melodiÿanyń bütin s t r u k t u r a s y özüniń elementleriniń dürli baglanyşyklary bilen seslenÿär.

Ritm kabul edilende hut şeÿle proses ÿüze çykÿar. Her bir aÿratyn pursatda dińe bir urgyny eşitmek mümkin, emma ritm bu ÿekelikdäki urgy bolman, ähli urgular ulgamynyń yzygiderli seslenmesidir, urgular öz aralarynda belli bir özara baglanşykda bolup, bu özarabaglanyşyk ritmiń kabul edilişini kesgitleÿär.

Kabul edişiń bitewiliginiń we strukturalylygynyń çeşmesi, bir tarapdan, hut şöhlelendirilÿän obÿektleriń özünde bolup, ikinji tarapdan, adamyń predmetleÿin işindedir.

Daşky obÿektleriń kabul ediji subÿekte

[1] Perseptiw prosesi– kabul ediş prosesi.

**Kabul edişiň konstantlygy** görä dürli erkinlikde ýerleşmekligi we ýerleşmekligi we ýüze çykyş şertleriniň iňňän köp görnüşde bolmagy (ýagtylyk derejesi, giňişlikdäki ýagdaýy, kabul edijiden daşlaşmagy) olaryň öz görnüşlerini üznüksiz üýtgetmekligine getirýär. Muňa degişlilikde perseptiw prosesler hem üýtgeýärler. Emma bu üýtgeşmeleriň öwezini dolýan perseptiw ulgamyň konstantlyk häsiýeti mynasybetli biz daşky predmetleri görnüşi, ululygy, reňki we ş. m. boýunça hemişelik häsiýetde kabul edýäris.

Kabul edişiň bu häsiýetini ulylygyň konstantlygynda düşündireliň. Mälim bolşy ýaly, predmetiň şekili (şol sanda onuň torly bardadaky şekili ) oňa bolan aralyk gysgaldygyça ulalýar (we tersine, aralyk ulaldygyça kiçelýär). Emma welin synlanýan distansiýa üýtgände obýektiň torly bardadaky şekili üýtgäýse-de, onuň kabul edilýän ululygy üýtgemän galýar. Teatrda tomaşaçylara serediň; uzakdakylaryň ýüzüniň golaýdakylaryňka garanda has kiçi görünmegine garamazdan, olar biziň üçin bir ulylykda diýen ýaly kabul edilýär. Öz elleriňiziň penjelerine serediň; bir elliňiziň penjesini beýleki eliňizdäkiden iki esse uzaklykda saklaň; uzakdaky eliň gözüň torly bardasyndaky şekili golaýdakynyň ýarpy ululygynda bolsa-da, olar bir möçberde ýaly kabul edilýär. Eýsem, kabul edişiň konstantlygynyň çeşmesi näme? Belki bu mehanizm dogabitdidir? Bu çaklamany barlamak maksady bilen kabul edişiň ululyk konstantlygy boýunça hemişe gür tokaýlykda ýaşaýan adamlarda derňew geçirildi. Tokaýda uly giňişligiň bolmaýanlygy we uzak aralykdaky predmetleri görüp bilmeýänligi sebäpli bu adamlaryň kabul edişi uly gyzyklanma döredýär. Haçan-da olara uly uzaklykda ýerleşen predmetleri görkezenlerinde olar bu obýektleri uzakda ýerleşýän predmetler hökmünde däl-de, göýä kiçi möçberdäki predmetler hökmünde kabul edipdirler. Konstantlygyň şeýle bozulmagy düzlükde ýaşaýan adamlar belentlikden aşak seredenlerinde hem duş gelýär. Köp gatly jaýyň ýokardaky äpişgelerinden seredenimizde hem

obýektler (adamlar, awtomobiller) bize kiçi ýaly bolup görünýär. Emma tokaýda işleýän gurluşykçylar aşakdaky obýektlere seredenlerinde olaryń ululygyny hiç hili gyşarnyksyz kabul edýärler. Kabul edişiń konstantlyk mehanizminiń dogabitdi däldigini çagalykda kör bolup, sońra ululyk döwründe operasiýanyń üsti bilen görüşi dikeldilen adamda geçirilen synaglar-da subut edýär. Operasiýadan tiz wagtdan soń onuń göwnüne jaýyň ýerden 10-12 metr ýokardaky äpişgesinden ýere hiç bir kynçylyksyz böküp bolaýjak ýaly bolup görnüpdir. Aşakdaky obýektleri hem ol uzaklaşan häsiýetde däl-de, ýöne bir kiçi predmetler ýaly kabul etmek bilen, belentligi kesgitlemekde-de ýalńyşypdyr. Konstantlygyń hakyky çeşmesi perseptiw ulgamyń işjeň hereketidir. Reseptor apparatlarynyń hereketleriniń we olar bilen baglanyşykly jogap reaksiýasy hökmünde döreýän duýmalaryń köpdürli we üýtgeýän akymyndan adam obýektiniń otnositel hemişelik, inwariant gurluşyny bölüp alýar. Dürli şertlerde şol bir obýektleriń köp gezek kabul edilmegi, perseptiw keşbiń bu üýtgeýän şertlere we reseptor apparatynyń hut öz hereketine otnositel inwariantlygyny üpjün edýär we bu keşbiń konstantlygyny döredýär. Şeýle ýagdaýda kabul edişiń şertleriniń üýtgemegi we synlaýjynyń duýgy organlarynyń işjeň hereketleri sebäpli döreýän wariasiýalar-üýtgeşmeler onçakly duýulmaýar, predmetiń dińe otnositel inwariant aýratynlyklary meselem, görnüşi, onuń möçberi we ş. m. kabul edilýär.

Biziń perseptiw ulgamymyzyń daşky dünýäniń predmetleriniń kabul edilişinde döreýän tebigy ýalńyşlary düzetmek, korrektirlemek we kabul edişiniń dogry keşplerini döretmek ukybynyń barlygy görüş kabul edişinde şekilleri tersine öwürýän, göni çyzyklary gyşardýan we ş. m. äýnegi dakynmak bilen geçirilýän tejribede has aýdyń duýulýar. Adam predmetleri üýtgedýän äýnegi dakynyp, nätanyş jaýa girende ol kem-kemden bu üýtgeşikligi "düzetmekligi" öwrenip, bu gyşarmalar gözüń torly bardasynda hakykatda bar bolsa-da, olary duýmaýar. Şeýlelikde, konstantlyk häsiýeti, kabul edişiń öz-özüni

edara edýän, onuń obýekte we ýaşaýyş şertlerine laýyklygyny döredýän ters baglanyşyk mehanizminiń hereketi bolup durýar. Predmet işiniń prosesinde emele gelýän kabul edişiń konstantlygy adamyń durmuşynyń we işiniń zerur şertiniń biridir. Bu bolmasa adam üznüksiz köpdürli we üýtgäp durýan dünýäde oriýentirlenip bilmezdi. Konstantlyk häsiýeti predmetiń bitewiligini we onuń saklanyş şertlerini şöhlelendirmek arkaly daşky dünýäniń otnositel durnuklylygyny üpjün edýär.

**Kabul edişiň aňlanylan häsiýeti**

Kabul ediş gyjyndyryjynyń gös-göni reseptorlara täsir etmegi netijesinde ýüze çykýan-da bolsa, perseptiw keşpler hemişe belli bir ähmiýetli mazmuna eýedir. Adamyń kabul edişi pikirlenme bilen, predmetiń mazmunyna düşünmek bilen berk baglanyşyklydyr.

Predmeti ańly kabul etmek – munuň özi ony pikirde atlandyrmak, ony belli bir topara, synpa goşmak, ony sözde jemlemek diýmekdir. Hatda nätanyş predmete duş gelenimizde-de biz onda öńden tanyş obýektlere meńzeşligi ýüze çykarmaga, ony belli bir kategoriýa goşmaga çalyşýarys. Kabul ediş duýgy organlara täsir edýän gyjyndyryjylaryń ýönekeý toplumy bilen kesgitlenmän, bar bolan maglumatlara has ońat düşündiriş bermeklige gönükdirilen dinamiki agtaryşdyr. Bu babatda gezekli-gezegine bir görseń figura, bir görseń fon görnüşde kabul edilýän “iki manyly” atlandyrylýan şekiller (8-nji surat ) üns bermäge laýykdyr.

Bu şekillerde kabul edilişiń obýektini ýüze çykarmak onuń ańlanylmagy we atlandyrylmagy bilen (iki profil we waza) baglanyşyklydyr.

Jemläp aýdylanda kabul ediş predmetiń takyk keşbini döretmek üçin adamyń köp dürli perseptiw hereketleri amala aşyrmagy bilen baglanyşykly işjeň prosesi bolup durýar. Kabul edişiń işjeňligi ilkinji nobatda bu prosesde effektor komponentleriń (syzyşda eliń hereketi, görüş kabul edilişinde gözüń hereketi we beýlekiler) gatnaşmagy bilen döredilýär.

Kabul ediş prosesinde mundan başga-da, has ýokary derejedäki işjeňlik, ýagny öz göwräňi işjeň hereketlendirmek zerurdyr.

| | |
|---|---|
| **Appersepsiýa** | Kabul ediş özüni gös-göni dörediji gyjyndyryjy bilen bir hatarda kabul ediji subýekt tarapyndan ýüze çykarylýan birnäçe beýleki faktorlar arkaly döredilýär. |

Kabul ediji ýekelikdäki göz, gulak bolman, takyk adamdyr, şonuň üçin-de kabul edişe belli bir derejede onuň şahsyýetiniň aýratynlygy, kabul edilýän obýekte bolan gatnaşygy, islegleri, höwesleri, arzuw-duýgulary öz täsirini ýetirýär. **Kabul edişiň adamyň psiihiki durmuşynyň mazmunyna, onuň şahsyýetiniň aýratynlygyna baglylygyna appersepsiýa diýilýär.**

Köp sanly maglumatlar adamyň kabul edýän şekiliniň şol pursatdaky duýmalaryň ýönekeý jemi däldigini görkezýär; şekiliň keşbi köplenç şu pursatda, hat-da gözüň torly bardasynda bolmadyk, emma adamyň öňki tejribesiniň esasynda görýän detallaryny-da özünde saklaýar.

Kabul ediş – munuň özi informasiýany çaklamalar döretmek we olary barlamak üçin ulanylýan işjeň prosesdir. Bu çaklamalaryň häsiýeti şahsyýetiň öňki tejribesiniň mazmuny bilen kesgitlenilýär. Derňewleriň netijesiniň görkezişi boýunça haçan-da adama göni çyzyklaryň we egremleriň dürli utgaşmalaryndan ybarat bolan nätanyş figuralar görkezileninde, eýýäm kabul edişiň ilkinji fazalaryndan başlap bu oýekti birleşdirip bolar ýaly etalonlar agtarylyp başlanýar. Kabul ediş prosesinde obýektiň ol ýa-da beýleki kategoriýalara degişlidigini esaslandyrýan çaklamalar döredilýär we barlanylýar.

Şeýlelikde, haýsy-da bolsa bir predmet kabul edilende öňki kabul edişleriň galdyran yzlary işjeňleşýär. Şonuň üçin-de şol bir predmetiň dürli adamlar tarapyndan dürli hili kabul edilýänligi we gaýtadan dikeldilýänligi tebigy zatdyr.

Eksperimentde synag edilýänlere köpmazmunly figuralar görkezilipdir. Figuralaryň her biri iki hili söz bilen atlandyrylypdyr. Şol bir figuralar iki topar adamlarda görkezilip, ýöne topara söz

atlarynyň birinji sanawyny, ikinji topara bolsa - ikinji sanawyny beripdirler. Synag edilýänler ähli figuralar görkezilenden soňra olary gaýtadan aýdyp bermeli bolupdyrlar.

Tejribe figuralaryň sözüsti bilen atlandyrylmasynyň kesgitleýji rol oýnaýandygyny görkezipdir. Synag edilýänleriň birinji toparynyň gaýtadan dikeldilen figuralarynyň 74 %-ti birinji sanawda atlandyrylan obýektlere meňzeş bolupdyr. Ikinji toparda bolsa gaýtadan dikeldilen figuralaryň 73 %-ti ikinji sanawda atlandyrylan obýektleri ýada salypdyr.

Şahsyýetiň öňki tejribesiniň kabul edişiň mazmunyna täsiri synag edilýänlere predmetiň torly bardadaky şekilini wertikallygyna 180 ters öwürýän prizmaly äýnegi geýdirilip geçirilen tejribede hem aýan boldy. Tejribäniň ilkinji günlerinde, haçan-da synag edilýänler daşky predmetleriň ählisini tersligine görýän mahalynda şeýle ýagdaýda bolup bilmejek predmetler dogry kabul edilipdir. Meselem, ýakylmadyk şem ters kabul edilip, ol ýakylan badyna normal wertikallyk ýagdaýynda, ýagny ýalyny ýokarlygyna gönükdirilen halda kabul edilipdir.

Bu babatda Eýmsiň "gyşardylan" otagy bilen geçirilen tejribeleri hem gyzyklydyr. Bu otag özboluşly gurlup, perspektiwa düzgünini ulanmak esasynda ol gözüň torly bardasynda edil adaty dörtburçly otag ýaly keşp döredýär. Haçan-da bu otaga haýsy-da bolsa bir obýekt ýerleşdirilse, ol öz möçberinden üýtgän şekilde kabul edilýär (meselem, uly adam çagadan-da kiçi görünýär). Adamlaryň normal dörtburç otaga has öwrenişenligi sebäpli olaryň görşünde otaga ýerleşdirilen islendik obýektler üýtgedilen görnüşinde kabul edilip, otag şol bir görnüşinde galýar. Emma şeýle otagda aýallaryň öz ärlerini üýtgeýän görnüşde kabul etmeýändikleri gyzykly zatdyr, aýallar olary adaty görnüşde kabul edip, otagy üýgedilen häsiýetde görýärler. Bu tejribede perseptiw (kabul ediş)ulgam gapma-garşylykly informasiýadan birini seçip almaga mejbur bolup, bu saýlawyň netijesi adamyň öňki tejribesine bagly bolýar: otag diňe has tanyş predmetleri üýgetmän galdyrýar. Otag bilen sermelemek arkaly tanyş bolmak, kem-kemden beýleki

predmetleriň-de üýtgedilmän kabul edilip, otagyň hut özüniň gyşarnyklydygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Diýmek, kabul ediş adamyň öňki tejribesine bagly bolýar. Adamyň tejribesi näçe baý boldugyça, bilimi köp boldugyça, onuň kabul edişi şonça-da baý bolup, ol predmetde köp zatlary görýär.

Kabul edişiň mazmuny adamyň öňde goýan wezipesi, onuň işiniň motiwleri bilen hem kesgitlenýär. Meselem, orkestriň çalýan saz eserini diňlemek bilen, biz ony akkompanement bilen utgaşdyrylýan bitewi mukam hökmünde kabul edýäris. Mukam we akkompanement bir bitewi sazlaşyga goşulyp, aýry-aýry gurallaryň sesleri seljerilmeýär. Emma, eger-de biz haýsy-da bolsa bir guralyň sesini aýratyn ýüze çykarmakçy bolsak, birnäçe synanyşygyň esasynda ol bize başardýar. Şeýle ýagdaýda bu guralyň sesi öň orunda bolup, ähli galanlary fona öwrülýär.

Kabul edişiň mazmunyna täsir edýän möhüm faktorlaryň biri-de şahsyýetiň gönükdirilmesidir. Kabul edişiň gönükdirilmeäniň täsiri netijesinde üýtgeýşi barada köp sanly faktlar beýän edilendir. Olar belli bir derejede N.W.Gogolyň “Derňewçi” komediýasynda ýokary hökümli emeldaryň gelmegine garaşýan adamlarda Hlestakowy görenlerinde döräN ýagdaýy ýada salýar.

Kabul edişiň prosesinde emosiýalar hem gatnaşyp, olar onuň mazmunyny üýtgedip bilýärler. Emosional reaksiýalaryň kabul edişdaki roly dürli eksperimentleriň mysalynda subut edilendir.

Kabul edişe adamyň öňki tejribeleriniň, motiwleriniň we onuň iş wezipesiniň, gönükdirilmeleriniň, emosional ýagdaýynyň (bulara adamyň dünýägaraýşyny, ynanjyny, höweslerini we ş. m. goşmak bolar) täsir edýänligi dogrusynda aýdylanlar kabul edişiň dolandyrylmagy mümkin bolan işjeň prosesdigini subut edýär.

**Kabul edişiň fiziologik esaslary**

Duýma ýaly, kabul ediş hem reflektor prosesdir. Ýrite derňewler daşky dünýäniň predmetleri reseptorlara täsir edeninde kelle beýniniň uly ýarym şarlarda döreýän şertli reflektsleriň, wagtlaýyn nerw

baglanyşyklaryń kabul edişe baglanyşyklykda üýtgeýändigini görkezdi.

Reseptorlara täsir edýän predmetler bu ýagdaýda gyjyndyryjylaryń kompleksi hökmünde ýüze çykýar. Analizatorlaryń gabyk bölümleriniń ýadrolarynda bu gyjyndyryjylar kompleksiniń çylşyrymly analizi we sintezi amala aşyrylýar. Analiz kabul edişiń obýektiniń fondan bölünip aýrylmagyny üpjün edýär. Analiziń esasynda kabul edişiń ähli häsiýetleriniń bitewi keşbe sintezlenmegi bolup geçýär.

Duýmalar bilen deńeşdirilende kabul ediş beýniniń analitik-sintetik işiniń ýokary görnüşidir. Analizsiz ańlanylan kabul ediş mümkin däldir. Meselem, nätanyş çet ýurt dili tutuş ses akymy ýaly kabul edilýär. Sözleýşi ańly kabul etmek üçin, ýagny ońa düşünmek üçin gürrüńi aýry-aýry jümlelere, öz manysy boýunça sözlere bölmek zerurdyr. Şol bir wagtyń özünde kabul ediş prosesinde analiz bilen bilelikde sintez bolýar, ol bize sözleýşi dińe aýry-aýry ses görnüşinde däl-de, sözler we jümleler görnüşinde kabul etmäge mümkinçilik berýär. Kabul edişiń esasynda nerw baglanyşygynyń iki görnüşi ýatýar: bir analizatoryń çäginde döreýän baglanyşyklar we analizatorlar aralygyndaky baglanyşyklar. Birinji ýagdaý organizme bir modallykdaky kompleks gyjyndyryjylar täsir eden wagtynda ýüze çykýar. Şeýle gyjyndyryja eşidiş analizatorlaryna täsir edýän, aýry-aýry sesleriń özboluşly utgaşmasy bolup durýan melodiýany mysal edip görkezmek bolar. Bu tutuş kompleks bir çylşyrymly gyjyndyryjy hökmünde täsir edýär. Bu ýagdaýda nerw baglanyşyklary dińe bir gyjyndyryjylaryń özlerine degişlilikde däl-de, olaryń gatnaşygy barada - gińişlik, wagt we ş. m.(gatnaşygy bolan refleks) döreýär. Netijede, uly ýarym şarlaryń gabygynda integrirlenmek(bitewilige birleşdirilmek), çylşyrymly sintez prosesi bolup geçýär.

Kompleks gyjyndyryjy täsir edende döreýän nerw baglanyşyklarynyń başga bir görnüşi dürli analizatorlaryń çäginde bolýan baglanyşykdyr. Predmetleriń ululygy, olaryń uzaklaşmaklygy we beýlekiler kabul edilende görüş aktynda sap görüş duýmalary hemişe muskul duýmalary bilen

assosirlenýär(baglanyşýar). Belli bir dermanlaryń täsiri bilen göz muskullaryny güýçlendirmek ýa-da gowşatmak arkaly bu baglanyşyklary dargatmak bolar. Şeýle ýagdaýda makroniýa (predmetleriń göýäki ulalmagy, predmetleriń ululygynyń göýäki kiçelmegi ) ýüze çykýar.

Kabul edişiń esasynda ýatýan wagtlaýyn nerw baglanyşyklary daşky dünýäniń predmetleriniń hadysalarynyń obýektiw baglanyşyklarynyń esasynda döreýär. Analizatorlaryń arasynda döreýän baglanyşyklar mynasybetli biz kabul edişde predmetleriń ýa-da hadysalaryń özleri üçin ýöriteleşdirilen analizatorlary bolmadyk häsiýetlerini-de şöhlelendirýäris (meselem, predmetiń ululygy, udel agyrlygy we ş. m.). Şonuń üçin-de biz kabul edişde duýmalara garanyńda dünýä has çuń akyl ýetirýäris.

Şeýlelikde, kabul edişiń keşbini döretmegiń çylşyrymly prosesiniń esasynda analizatoryń içindäki we analizatorlar arasyndaky baglanyşyklaryń ulgamy ýatyp, olar gyjyndyryjyny ýüze çykarmagy we predmetiń häsiýetleriniň özara täsirini çylşyrymly bitewilik hökmünde göz öńünde tutmaklygy üpjün edýär.

**Kabul edişiň görnüşlere bölünişi**

Kabul edişiń görnüşlere bölünişi edil duýmalardaky ýaly bu prosese gatnaşýan analizatorlaryń tapawudy esasynda düzülýär. Kabul edişde haýsy analizatoryń aýgytlaýjy rol oýnaýanlygyna baglylykda görüş, eşidiş, syzyş, kinestezik, ys alyş we tagam biliş kabul edişlerini ýüze çykarmak bolýar.

Kabul ediş adatça özara täsirde bolan analizatorlaryń hatary boýunça amala aşyrylýar. Hereket duýmalary belli bir derejede kabul edişiń ähli görnüşlerine gatnaşýar. Muńa mysal edip ýüze çykyşynda taktil we kinestezik analizatorlary gatnaşýan syzyş kabul edişini görkezmek bolar. Edil şonuń ýaly eşidiş we görüş kabul edişlerine hem hereket analizatorlary gatnaşýar.

Kabul edişiń dürli görnüşleri sap görnüşde örän seýrek duş gelip, olar kombinirlenýärler we kabul edişiń çylşyrymly görnüşlerini döredýärler. Meselem, sapakda okuwçynyń teksti

kabul edişi görüş, eşidiş we kinestezik kabul edişlerini öz içine alýar.

Kabul edişiň görnüşlere bölünişiniň başga bir tipiniň esasynda materiýanyň ýaşaýyş görnüşleri - giňişlik, wagt we hereket durýar. Muňa mysal edip giňişligi, wagty we hereketi kabul etmekligi görkezmek mümkin.

## § 2. Kabul ediş hereket hökmünde

**Kabul edişde motor komponentleriniň roly**

Kabul ediş synlanylan obýekti derňemäge we onuň kopiýasyny, oňa meňzeşligi döretmäge gönükdirilen hereketdir. Kabul edişiň möhüm komponenti motor prosesleridir. Olara predmeti barlaýan eliň hereketi, görünýän kontury yzarlaýan gözüň gymyldysy, eşidilýän sesi döredýän kekirdegiň hereketi we ş. m. degişlidirler.

Motor komponenetleri syzyş aktynda uly rol oýnaýarlar. Mälim bolşy ýaly, passiw-işjeňdäl syzyş adamyň organizminiň derisiniň ähli üstüne mahsusdyr. Işjeň syzyş ýokary takyklygy bilen tapawutlanýar; predmetiň şöhlelendirilişiniň takyklygy eliň hereketiniň kabul edilýän predmete otnositel üýtgedilmegi arkaly gazanylýar.

Eliň we gözüň işinde köp umumylyk bar. Göz, edil el ýaly, yzygiderlikde şekiliň konturyny we predmeti synlaýar we "sermeleýär". El göze özüniň sermeleýiş usullaryny, bu hereketiň özboluşly strategiýasyny we taktikasyny öwredýär.

Eliň syzyş prosesindäki we gözüň görüşdäki hereket funksiýalarynyň analizi olaryň iki uly synpa bölünýänligini görkezdi. Birinji synpa agtaryş, gönükdiriji we korrektirleýji hereketler girýär. Olaryň kömegi bilen berlen obýekti agtarmak, gözi (ýa-da eli) "başlangyç pozisiýa" ýagdaýyna getirmek we bu pozisiýany korrektirlemek amala aşyrylýar.

Hereketleriň ikinji synpyna keşbi döretmäge, tanyş obýektler öwrenileninde olaryň giňişlik häsiýetlerini ölçemäge we ş. m. gatnaşýan hereketler girýär. Bular hususy gnostiki (grekçe – akyl ýetiriş sözünden) perseptiw hereketleriň synpydyr. Köp dürli funksiýalary ýerine ýetirýän göz hereketleri öz görnüşi boýunça dürli hilidir. Görüş kabul edişinde gözüň mikro-makro hereketleri bolýar. Gözüň makrohereketleriniň iki esasy tipini görkezmek mümkin: yzarlaýan we sakkadik hereketler.

Yzarlaýjy herketler, öz adyndan görnüşi ýaly endigan, yzygiderli hereketler bolup, olar göze ýerini üýtgedýän obýekti üznüksiz görmäge mümkinçilik berýär. Sakkadik hereketler - gözüň kitap okalanda ýa-da hereketsiz obýektler synlananda ýüze çykýan çalt böküşli hereketleridir. Adam gözüň sakkadik hereketlerini sanap bilmeýär we adatça okalanda ýa-da bolmasa bir predmet synlanylanda öz gözüniň gymyldysy barada takyk maglumat alyp bilmeýär. Okalanda biziň gözümiz hemişelik tizlikde, yzygiderli setirleriň ugry boýunça süýşýän ýaly bolup görünýär: emma gözüň hereketlerini obýektiw registirleýän usullaryň görkezişi boýunça hakykatda biziň gözümiz böküş häsiýetinde süýşmek bilen wagtal-wagtal saklanmalar bilen utgaşýar.

Gözüň sakkadik hereketleri mikrointerwal wagt aralygynda amala aşyrylýar. Meselem, okalanda gysga böküş ortaça 0,022 sekunt aralygynda bolup, indiki setiriň başlangyjyna gaýdyp gelmekdäki böküşiň dowamlylygy bolsa 0,04 sekunda barabardyr. Haçan-da göz hereketde bolup, görejiň bolsa obýekte çuň gönükdirilmede bolmagyna obýektiň görüş fiksasiýasy diýilýär.

Gözüň fiksirlenmeginiň umumy roly onuň hut şol pursatda beýniniň iň köp informasiýa almagyny üpjün edýänligi bilen baglanyşyklydyr. Dürli görüş mysallary işlenilende köplenç göz fiksasiýa ýagdaýynda bolýar. Meselem, obýektlere weşelillere seredilende göz ähli synlanýan wagtyň 90 % dowamlylygynda fiksirlenen ýagdaýda bolýar. Gözüň hereketlerini okamak prosesinde derňemekligiň görkezişi boýunça bu ýerde hem fiksasiýa umumy okamak dowamlylygynyň 95 % -ni tutýar.

Okamak endiginiń ösüşi üç faktoryń hasabyna amala aşyrylýar: bir setirdäki fiksasiýalaryń sanynyń azalmagy, okamak prosesinde fiksasiýanyń dowamlylygynyń we yza gaýtmak hereketleriń sanynyń kemelmegi. Yza dolanmak hereketleriniń azlygy okyjynyń okalýan materiýalyń mazmunyny yzarlaýanlygyny we yza diňe düşnüksiz zatlary anyklamak üçin dolanýanlygyny görkezýär.

Okamak prosesinde fiksasiýanyń sany köp derejede tekstiń çylşyrymlylygy ýa-da düşnükliligi bilen kesgitlenýär. Oňat okyjy öz okaýyş çaltlygyny oňa teklip edilýän tekstiń aýratynlygyna uýgunlaşdyrýar.

Haçan-da synlaýjy gymyldysyz predmetiń haýsy-da bir nokadyna çiňňerilip seredeninde ol bu nokady üýtgemeýän göreç bilen synlaýandyryn öýdýär. Emma gözüń hereketleri we ygtyýarsyz mikrohereketler - haýal çaýkanmak, çalt böküşler we yrgyldylar (gözüń tremory) bilen utgaşan häsiýetde bolýar. Muny ýönekeý mysalda suratlandyrmak mümkin. Ýaşyp barýan güne çiňňerilip serediń, soňra bolsa görejiňizi haýsy-da bolsa bir tekizligiń üstüne gönükdiriń: siz iki sany yzygiderli keşp görersiňiz. Görnüşi ýaly, fiksirlenýän obýekt hemme wagtda şol bir fiksasiýa nokadynda bolmaýar; obýektiń iki fiksirlenýän nokady iki sany yzygiderli keşp berýär. Diýmek, biz fiksasiýa nokady däl-de, fisasiýa zonasy ýa-da zolagy bilen iş salyşýarys.

Görüş kabul edilişinde motor komponentleriniń roly barada täze maglumatlar şekilleri gözüń torly bardasyna gabatlap stabilizirlemek boýunça amala aşyrylýan kabul edilişiń derňewinde alyndy. Eger-de şekil ýörite: guralyń kömegi bilen gözüń torly bardasyna otnositel stabilizirlense(berkidilse), ýagny şekiliń torly bardada süýşmezligi gazanylsa, onda synag edilýän adam 2-3 sekuntdan soňra görmegini bes edýär. Haýsy-da bolsa bir ynandyryjy maglumatlar almak üçin torly barda otnositellikde stabilizirlenen şekiliń kabul ediş wagtyny uzaltmaly bolupdyr. Bu ýagdaýda reňk modulýasiýasynyń (stabilizirlenen şekiliń ýagtylygynyń üýtgemegi bilen yşygyń yrgyldamagy) stabilizirlenen keşbiń kabul ediş wagtyny islendikçe uzaltmaga mümkinçilik berýänligi anyklanypdyr (“pereadaptasiýa täsiri”).

Şeýlelikde hususy motorikasyny ulanyp bilmeýän passiw-işjeňdäl görüş ulgamynyň kabul edişiniň aýratynlyklaryny derňemeklige mümkinçilik açylýar.

Eksperimentler stabilizasiýa wagtynda köp bölegi hakykata laýyk gelmeýän birnäçe keşpleriň döreýänligini görkezdi. Synag edilýän adamlar stabilizasiýa şertinde tekiz we göwrümli obýektleri tapawutlandyryp bilmeýärler. Real kesik piramida we onuň şekili birmeňzeş hasap edilip, käte tekiz, käte göwrümli ýaly kabul edilýär. Kubuň şekilini kesip gelýän göwrümli spiral göýä kubuň ornunda çekilen ýaly kabul edilýär. Stabilizasiýa şertlerinde kabul ediji hereketsiz we hereketli obýektleri, figurany we fony, tekiz we göwrümli obýektleri we ş. m. tapawutlandyrmakda kynçylyk çekýär.

Görnüşi ýaly, synlaýjynyň stabilizasiýa şertlerinde görýän keşpleriniň kömegi bilen ýagdaýda oriýentirlenmek we özüňi alyp barşy dolandyrmak mümkin däl. Bu ýagdaýda subýekt birnäçe nätakyk keşpleriň içinden takyk keşpleri tapmaly we fiksirlemeli bolýar. Gözüň hereketiniň pozitiw-oňyn roly degişli hereketleriň kömegi bilen takyk keşbi döretmekdir. Hut şeýle usul bilen görüş ulgamy kabul edişiň konstantlygyny üpjün edýär. Keşpler bilen manipulirlemek ukyby bize dürli taraplary boýunça öwrülýän predmetleri konstant we stabil häsiýetde görmäge mümkinçilik berýär.

Kabul edişiň keşbiniň hakykata laýyklygynyň kriteriýasy-şerti durmuş şertleriniň we öwretmegiň täsiri astynda döredilip, onuň kähalatlarda üýtgemegi mümkindir. Muny dogabitdi körleriň gözüniň katarakty aýrylandan soňky ýagdaýy subut edýär. On ýaşynda kör bolup, 52 ýaşynda operasiýanyň netijesinde gözi gaýtadan dikeldilen adam haçan-da gözüniň sargysy aýrylanda ol dumanly sudurlardan başga hiç zat görmändir. Ol predmetleri biziň gözümüzi açanymyzda görşümiz ýaly görüp bilmändir. Kem-kemden onuň görşi kadalaşsa-da, ol dünýäni dumanly, dagynyk görüpdir. Köp wagtyň dowamynda onuň görüşi öňden syzyş üsti bilen özüne tanyş predmetler bilen çäklenipdir. Ol okamaklygy öwrenip bilmän, diňe çap edilen baş harplary we sanlary tanapdyr, sebäbi körler mekdebinde oňa diňe baş

harplary okamagy öwredipdirler. Onuń çeken suratlarynda diňe syzyş arkaly ońa öňden tanyş predmetleriń şekilleri bolupdyr. Eli bilen öń barlap bilmänligi üçin, ol hatda gözi açylandan bir ýyldan soń hem awtobusyń öń tarapynyń suratyny çekip bilmeýär. Şekili gözüń torly bardasyna otnositel stabilleşdirmek boýunça geçirilen tejribeler we kör doglup, soń gözi açylanlarda edilen synaglar ilki kabul etmäni öwrenmezden, kabul edişiń bolup bilmejekdigini subut edýär.

Kabul ediş perseptiw hereketleriń ulgamydyr, ony öwrenmek bolsa ýörite okamagy we öwrenmegi talap edýär.

**Perseptiw hereketleriň derejeleri**

Göz kabul edilýän obýekte otnositel hereket edip belýän organdyr. Gözüň dürli obýektler kabul edilendäki hereketleriniň köp sanly ýazgysy mälimdir. Nefertitiniň 9-njy suratdaky skulptura portretiniň synlanmagy boýunça gözüň hereketleriniň ýazgysy onuň şeýledigine mysal bolup biler. Şol bir wagtyň özünde adam bu skulpturany özüne sekundyň birnäçe böleginiň dowamynda görkezilende tanaýar, bu wagt aralygynda göz hereket edip ýetişmeýär. Eýsem birinji ýagdaýda kabul ediş onsuz-da döreýän bolsa, göz näme üçin herekete gelýär?

Eýsem tebigat bu çylşyrymly mehanizmi diňe synlaýjynyň görünýän predmetleriň konturyny göreji bilen çekip, bu çekilen konturdan gyssagly, wagt ýetmezçiligi pursatda peýdalanyp bilmez ýaly edip döretdimikä? Bu ýerde kabul edişde gözüň hereketiniň roly we gözüň iňňän çalt görüp bilmek, predmetleri "surata düşürmek" ukybynyň sebäbi barada sorag ýüze çykýar. Bu mesele düýp manysy boýunça perseptiw hereketleriň dürli derejeleri baradaky meseledir.

Görüş we syzyş kabul edilişi dogrusynda dürli awtorlaryň geçiren derňewleriniň netijeleri kabul edişe özboluşly "operasion gurluş" hökmünde garamaga esas berdi.

Operasiýanyň ýa-da perseptiw hereketiň dört derejesini esaslandyrmak mümkin: ýüze çykarmak, tapawutlandyrmak,

identifikasiýa we tanamak. Birinji ikisi perseptiw, soňkular bolsa akyl ýetiriş hereketlerine degişlidir.

Perseptiw hereketiň birinji operasiýasy – ýüze çykarmak her bir sensor prosesiniň ilkinji fazasydyr. Bu stadiýada subýekt diňe stimulyň bardygyna ýa-da ýokdugyna jogap berip bilýär.

Indiki operasiýa tapawutlandyrma ýa-da husuy kabul edişdir. Onuň ahyrky netijesi perseptiwkeşbi, etalony döretmekdir.

Perseptiw we tanamak hereketlerini öwrenmegiň has oňaýly usuly genetiki usuldyr.

Bu prosesleriň mekdebe çenli çagalarda kemala gelşiniň eksperimental derňewi formanyň görüş we syzyş kabul ediliş materialynda geçirildi. Eksperimentler wagtynda gözüň yzarlaýjy we eliň barlaýjy hereketleriniň kinoregistrasiýasy ulanyldy. Soňra hereketiň traýektoriýasy görkezilýän tekst-obýekte geçirildi. Synag edilýän adamlaryň esasy wezipesi görkezilýän nädogry görnüşli figuranyň keşbini döretmek ýa-da tanyş figurany bilip, ony beýlekileriň içinden saýlamakdan ybarat bolup durýar. Elbetde, bu wezipäniň nukdaýnazaryndan synag edilýänler üçin has informatiw zat figuranyň kontury bolmaly. Şonuň ýaly-da beýleki wezipeler synag edilýänlerden başga häsiýetleri – ululygy, reňki, figurany, agramy we ş.m. seljermegi talap edip biler.

Eliň we gözüň traýektoriýasynyň analizi keşbiň döreýşinde şu aşakdaky perseptiw hereketleriň gatnaşýanlygyny görkezdi: saýgarmak, obýektde wezipä laýyk informasion mazmuny ýüze çykarmak, ýüze çykarylan mazmun bilen tanyşmak. Synag edilýänleriň ýaşyna baglylykda görkezilen perseptiw hereketleriň ýaýbaňlygy dürli derejede bolýar. Meselem, 3 ýaşly mekdebe çenli çagalarda entek bu mysala degişlilikde informatiw mazmuny ýüze çykaryş perseptiw hereketi kemala gelen däldir. Olar entek kontury hususy häsiýetde ýüze çykaryp bilmän, beýleki häsiýetlere oriýentirlenýärler (çagalaryň ünsüni esasan ekranyň merkezine berkidilen kinoapparatyň obýektiwi özüne çekýär), bu bolsa hil tarapdan pes tanyşmaklyga getirip, tanamakda ýalňyşlyklar döredýär. 6 ýaşly çagalar figuranyň konturyny endigan yzarlaýarlar. Uly adamlar bolsa figurany ýüzüniň ugruna synlamak bilen çäklenip, ony iki-üç sany hereket bilen kabul edýärler. Uly adam üçin ähli

konfigurasiýalar şeýle bir ýönekeý bolansoň, ol dessine olaryň belli bir synpa degişlidigini kesgitleýärler; ýagny bu ýerde kabul ediş akyl ýetiriş bilen bitewilikde bolýar.

Emma perseptiw keşbi kemala getirmek wezipesi mekdebe çenli ýaşyň möçberi bilen çäklenmeýär. Şeýle wezipe her gezekde adam täze obýektlere duşanda (geometrik forma, kartina we ş.m.) ýüze çykýar. Şunda obýekt bilen tanyşmak prosesinde synlaýjy onda bir ýa-da az sanly häsiýetleri has informatiw häsiýetler hökmünde ýüze çykarýar. Başgaça aýdanyňda predmetleriň birnäçe häsiýetlerini (ýa-da häsiýetlertoplumyny) kabul edişiň operatiw birliklerine öwürýär.

Kabul edişiň operatiw birlikleri subýektiň ol ýa-da beýleki perseptiw wezipäni ýerine ýetirmekde ýüze çykarýan mazmunydyr. Meselem, ýagtylygyň, görnüşiň gradasiýasy(derejesi), predmetleriň beýleki sypatlary ýa-da olaryň kompleksleri, tutuş predmetler, galyberse-de predmetleriň toplumy we olaryň arasyndaky gatnaşyklar şeýle birlik hökmünde hasap edilip bilner.

Kabul edişiň operatiw birlikleriniň çalşyşyny okamagy öwrenmek prosesinde yzarlamak bolar. Ilkibada okuwçy aýratyn harp bilen iş salşyp, onuň sypatlaryny ýüze çykarýar, soňra alfawiti öwrenenden soň, onuň hereketiniň birligi we predmeti tutuş harp bolup, ondan soňra bolsa bogunlar, sözler, jümläniň bölekleri, tutuş jümleler bolýar; tejribeli okyjylar bolsa tutuş abzasyň mazmunyny birbada kabul edip bilýärler.

Şeýlelikde, perseptiw hereketleriň häsiýetli aýratynlygy – olaryň ýaýbaňlygy, suksessiwligidir (yzygiderliligidir). Perseptiw hereketiň ösüşi, görkezilýän materialyň we subýektiň öňünde durýan wezipäniň aýratynlygyna baglylykda özboluşly sensor mazmuny ýüze çykarmak liniýasy boýunça gidýär. Onuň ahyrky netijesi görkezilýän obýektiň keşbini kemala getirmekdir.

Haçan-da perseptiw keşp döredilende, akyl ýetiriş hereketini amala aşyrmak mümkinçiligi döreýär. Akyl ýetirmek üçin deňeşdirmek we identifikasiýa hökmanydyr. Identifikasiýa operasiýasyna tapawutlandyrmak bilen akyl ýetirmekligiň arasyndaky aralyk zweno hökmünde garamak bolar. Identifikasiýa bir wagtda kabul edilýän iki sany stimuly ýa-da gös-göni kabul

edilýän stimuly onuň ýatda saklanýan keşbi bilen meňzeşligini ýüze çykarmakdyr. Akyl ýetiriş hökman identifikasiýa daýanýar, ýöne welin oňa syrykdyrylmaýar. Akyl ýetiriş mundan başga-da görkezilýän stimuly öň kabul edilen obýektleriň belli bir synpyna goşmagy – kategorizasiýany we degişli etalony uzak wagtlaýyn ýat keşpleriniň içinden çykaryp almagy göz öňünde tutýar.

Akyl ýetiriş prosesi özüniň ilki stadiýalarynda köp derejede tanyşmak prosesini ýada salýar.Oňa ýumuşa laýyk gelýän informatiw mazmuny ýüze çykarmak, agtarmak ýaly hereketler hem gatnaşýar. Haçan-da bu mazmun ýüze çykarylanda görkezilýän predmetiň ýatda bolan etalony bilen deňeşdirmek we identifikasiýalaşdyrmak amala aşyrylyp başlanýar. Köpsanly düýpli häsiýetleri bar bolan obýekti deňeşdirmek aýry-aýry elementler boýunça amala aşyrylyp, bu prosesiň dowamlylygy obýektiň we onuň tanyşmak prosesinde döredilýän modelindäki şeýle häsiýetleriň sany boýunça kesgitlenilýär. Muňa obýekti detallaýyn gaýtadan synlamak, eliň we gözüň bu prosesde amala aşyrýan köp sanly hereketleri gabat gelýär. Emma obýektiň şeýle alfawiti özleşdirildigiçe akyl ýetiriş prosesiniň häsiýeti üýtgeýär. Deňeşdirmek prosesi artykmaç informasiýanyň elekden geçirilmegi, düýpli we daýanç häsiýetleriniň ýüze çykarylmagy netijesinde ymykly gysgalýar. Gaýtadan synlamak netijesinde şeýle daýanç nokatlarynyň sany minimuma getirilip, bu bolsa predmeti gözüň hereketiniň gatnaşmasyzlygynda tanamaklyga mümkinçilik berýär. Gözüň (ýa-da eliň) hereketi keşp döretmek funksiýasyny däl-de, döredilen keşbi görkezilýän obýekt bilen deňeşdirmek funksiýasyny ýerine ýetirip başlaýar. Şeýlelikde, **simultan tanamak**, ýagny öňden tanyş zada bada-bat, örän çalt akyl ýetirmek mümkinçiligini döredýär.

Tanamaklyk keşbi ýüze çykarmak we döretmek, laýyk informatiw mazmuny ýüze çykarmak we deňeşdirmek operasiýalaryndan soň döreýär. Emma bu operasiýalaryň hemmesi yzygiderlikde amala aşyrylmaýar: ilki ýüze çykarmak, soňra tapawutlandyrmak, ondan soň deňeşdirmek we iň ahyrda tanamak ýaly dowamlylykda geçmeýär. Kabul edişiň ösen görnüşlerinde bu operasiýalaryň hemmesi akyl ýetiriş hereketiň düzüminde amala aşyrylyp, tanamaklyk akyl ýetirmek bilen birleşýär. Bütin bu proses

mikrointerwal wagtda geçip biler. Bu ýerde simultan akyl ýetiriş nämäniň hasabyna döreýär we haýsy mehanizmler arkaly amala aşyrylýar diýen nazry we amaly nukdaýnazardan möhüm sorag ýüze çykýar. Bu kabul ediş we akyl ýetiriş proseslerini öwrenmekde iň bir kyn punktdyr.

Bu soragy çözmek üçin keşbiň emele geliş we aňlanylyş proseslerini öwrenmeklik keşbiň torly bardada stabilizirlenen şertlerinde geçirildi. Eksperimentde synag edilýän adamlara nätanyş geometrik figuralar, ýapon iýeroglifleri, çylşyrymly labirintler we ş.m. görkezildi. Kabul edişe perseptiw hereketleriň ulgamy hökmünde garaýan taglymatdan ugur alyp, synag edilýänler stabilizasiýa şertlerinde tanamak, aňlamak we derňemek ýaly çylşyrymly ýumuşlary çözüp bilmezler diýip çaklanylýardy. Emma bu çaklama dogry çykmady: synalýanlar özlerine berilýän ähli ýumuşlary ýeňillik bilen çözýärdiler.

Göräýmäge kabul edişe hereket hökmünde garaýan taglymatyň aýgytly subutnamasyna düýpli garşylyklaýyn delil döreýär. Emma bir fakt munuň şeýle däldigine şaýatlyk edýär. Ahli synag edilýänler öz göwünlerine blmasa gözleriniň obýektiň kontury boýunça hereket edýänligini belleýärdiler. Şeýle subýektiw pikiri stabilizasiýalaşdyrmak arkaly geçirilýän tejribe wagtynda registrirlenýän gözüň hereketleri hem subut edýärdiler. Eksperiment wagtynda şekiliň torly barda otnositellikde süýşmesi bolmasa-da, synag edilýänleriň pikiriçe şeýle süýşme azda-kände bar ýaly bolýardy. Şeýle ýagdaýda synag edilýänlerde eksperiment wagtynda gözüň hereketini gadagan edýän instruksiýa berildi. Bu şertde olar çylşyrymly derňew we tanamak ýumuşlaryny çözüp bilmeýärdiler. Haçan-da synag edilýänlere gözi hereketlendirmek rugsat edilende ýumuşlar ýeňillik bilen çözülipdir. Göräýmäge ähmiýetsiz bolsa-da, gözüň hereketi stabilizasiýa şertlerinde görüş ýumuşlaryny çözmekde möhüm rol oýnaýar. Olaryň kömegi bilen synag edilýänlerde görüşiň stabilizirlenen şekil boýunça hereket edýänligi barada duýgy döreýär.

Eýsem bu “içki görüşiň” mehanizmi näme we bu mehanizme gözüň hereketiniň näme dahyly bar? Mälim bolşy ýaly, torly bardanyň aýry-aýry reseptiw elementler has uly funksional birliklere – **torly bardanyň reseptiw meýdanyna** birleşýärler. Çaklanyşy

boýunça reseptiw meýdan informasiýany kabul edip, ony çäkli wagtda saklap bilýär. Reseptiw meýdanda saklanýan informasiýa ýa-ha boşadylyp, nerw ulgamynyň ýokarky tapgyrlaryna geçirilýär ýa-da könelip, täze stimullar bilen çalşyrylýar. Görejiň stabilizirlenen şekil boýunça geçýän hereketini, şekiliň informatiw uçastoklaryna laýyk gelýän reseptiw meýdanlar toparynyň yzly-yzyna utgaşdyrylmasy hökmünde göz öňüne getirmek bolar. Görüş ulgamy köpkanallydyr. Emma bu kanallar şeýle köp bolansoň, olaryň özara täsirini bir bitewi görüş kabul ediş prosesine öwürmegi guramak meselesini gysgaltmak funksiýasyny, reseptiw meýdanlary yzly-yzyna goşýan we olarda toplanan informasiýalary kabul edýän göz hereketi ulgamy öz üstüne alýar. Şeýlelikde, kabul edişiň ýokary ösen stadiýalarynda, haçan-da görüş ulgamy esasan tanyş obýektler bilen iş salşanda, olaryň özboluşlylygyny saýgarmaküçin gözüň iki hereketiniň aralygyndaky wagt, ýagny fiksirleýji wagt ýeterlik bolýar. Akyl ýetiriş prosesi beýleki alfawite geçirilýär. Obýektiň göýä torly bardada suraty alnyp, ol otnositel gymyldysyz bolan wagtynda informasiýa gözüň has ownuk gymyldylarynyň esasynda kabul edilýär, ýagny içki perseptiw hereket amala aşyrylýar.

Diýmek, görüş kabul edişiň motor komponentleriniň has çuňňur analizi bu komponentleriň akyl ýetirişiň simultan stadiýasynda hem bardygyny, ýöne olaryň kömegi bilen informasiýa daşky dünýäden däl-de, gözüň torly bardasynda surata alnan keşbiň yzyndan alynýar. Öz çeşmesini torly bardadaky yzdan alýan perseptiw hereketleriň ulgamy **wikar**, ýagny daşky perseptiw hereketleri çalşyryjy ulgam diýlip atlandyrylýar.

Akyl ýetiriş prosesi ýaly göräýmäge şeýle elementar prosesi amala aşyrmakda wikar hereketleriň ulgamynyň bolmaklygy, mysal çözmek ýaly çylşyrymly prosesler hem belli bir maddy esasa daýanmalydyr, ýagny öz hususy motor alfawiti bolmalydyr diýip çaklama döretmäge esas berýär. Mysal çözülýän wagtda birbada gözüň mikrogymyldylaryny we gözüň göräýmäge passiw halatynda, ýagny fiksasiýa wagtynda amala aşyrylýan gymyldylary registrirlemek bu çaklamany barlamaga mümkinçilik berdi.

Derňewleriň netijesi mysal çözülýän wagtda göz hereketleriniň iki görnüşiniň bardygyny görkezdi. Olaryň birinjisi daşdan synlap

bolýan uly amplitudaly hereketler bolup, olaryň kömegi arkaly ýagdaý bilen tanyşmak we onuň keşbini döretmek amala aşyrylýar. Ikinji fazada, görüş fiksasiýasy pursatynda kiçi amplitudalaryň böküşleriniň arasynda wikar hereketler ýüze çykyp, olar keşbi üýtgetmegi amala aşyrýarlar we çözlüş üçin zerur bolan hereketler ulgamyny döretmäge gatnaşýar.

Diýmek, wikar perseptiw hereketler ýagdaýyň keşbini üýtgetmeklige gatnaşýar we keşpli pikirlenmäniň möhüm şerti bolup

**Kabul edişiň göwrümi**

Okamak, hereketsiz obýektleri synlamak, agtaryş we ş.m. ýaly dürli ýumuşlar ýerine ýetirilende göz sakkadik(bökýän) häsiýetde süýşýär we informasiýany diňe böküşler aralygyndaky fiksasion(berkidilen) pauzalar(arakesmeler) wagtynda kabul edýär. Eýsem synlaýjy bir fiksasiýada (ýa-da gysga ekspozisiýada) näçe durýar.

obýekti kabul edip biler? Kabul edişiň göwrümi synag edilýäne berilýän instruksiýa, ulanylýan materialyň häsiýetine, synlaýanlaryň ýaşyna, türgenleşigine baglylykda nähili üýtgeýär?

Kabul edişiň göwrümini derňemek üçin geçirilýän eksperimentlerde gyjyndyryjy hökmünde adatça dürli obýektler: sifrler, harplar, manysyz bogunlar, nokatlar we ş.m. ulanylýar: synag edilýänlere gysga wagt aralygynda dürli sanly obýektler görkezilýär we dogry tanalan obýektleriň sany kesgitlenilýär.

Dürli synaglarda biri-birleri bilen baglanyşyksyz obýektler görkezilende kabul edişiň göwrüminiň bosaga derejesi 4-8 elementden ybarat bolýar. Haçan-da obýektler toplananda, meselem, şifrler – harplara, harplar – sözlere, figuralaryň bölekleri bitewi figuralara, nokatlar – nokatly konfigurasiýalara birikdirilende we ş.m. bosaga şol bir derejede 4 – 8 birligiň çäginde galyp, ýöne olar indi 5 – 6 biri-birleri bilen baglanyşyksyz harp bolman, eýsem bitewi, toplanan birlik, meselem, sözler bolup durýar.

Häzirki wagtda kabul edişiň göwrümini häsiýetlendirýän täze maglumatlar alyndy. Hat-da gysga ekspozisiýa wagtynda-da synag edilýän adam özüniň görenleri barada maglumat berýäninden has köp

informasiýa kabul edip bilýär diýen çaklama öňe sürülýärdi. Bu çaklamany tassyklamak üçin bölekleýin gaýtadan dikeltme usulyndan peýdalanylýardy, synag edilýäne üç hatara toplanan 12 harpy 0,05 sekunt wagt ekspozisiýasynda görkezilýärdi, ekspozisiýanyň yzyndan synag edilýäniň haýsy hatary gaýtadan dikeltmelidigini görkezýän ses signaly berilýärdi. Alnan maglumatlara görä ekspozisiýa tamamlanan badyna synag edilýäniň ýadynda entek 12 simwoldan orta hasap bilen 76, ýagny 9,1 simwol saklanýar. Bu netije barada şeýle düşündiriş berlipdir. Obýektiň görüş keşbi ekspozisiýa wagty gutaran badyna gysga wagtlaýyn keşpsoňy görnüşde saklanyp galýar. Synag edilýänler bu çalt öçýän suraty berilýän komanda laýyklykda materiallaryň böleklerini saýlamakda ulanyp bilýärler. Galanlary ýatdan öçürilip, olary gaýtadan dikeldip bolmaýar. Diýmek, gaýtadan dikeldilýän materialyň göwrümi kabul edişiň göwrümi bilen çäklendirilmän, eýsem ýadyň mümkinçiligi boýunça çäklendirilýär.

**Syn etmek**

Kabul edişiň möhüm görnüşiniň biri syn etme bolup, ol **öňden maksat edinilen niýet boýunça, daşky dünýäniň predmetleriniň we hadysalarynyň meýilnamaly kabul edilmegidir.**

Syn etmede kabul ediş özbaşdak iş hökmünde ýüze çykýar. Munuň özi duýgy organlaryny ulanmagy, syzmagy, görmegi, eşitmegi we ş.m. öwrenmegi talap edýär. Biz köplenç çet ýurt diliniň aýry-aýry seslerini tapawutlandyryp bilmeýäris., saz eseri ýerine ýetirilende ýalňyşlygy eşitmeýäris ýa-da reňkli tonlardaky şekile geçirilende ony görmeýäris we ş.m. Bularyň hemmesini öwrenmek bolar we öwrenmek zerurdyr. Edil sözleýiş medeniýetiniň bolşy ýaly, kabul edişiň, syn edişiň-de medeniýeti bar. Bu babatda belli golland astronomy M.Minnartyň sözlerini ýatlamak ýeterlikdir: "Gözüňiziň açylmagy siziň özüňize baglydyr; size diňe "nämä seretmelidigini bil" diýen jadyly taýajyk bilen öz gözüňize çalaja dürtmek ýeterlikdir"[1].

Hakykatdan-da syn etmegiň üstünlikli bolmagy köpderejede ýumşy takyk goýmak bilen kesgitlenýär. Adamyň gözüniň her günde

[1] Миннарт М. Свет и цвет в природе. М. «Наука», 1969, 14-nji sah.

100 000-e golaý sakkadik(böküşli) gymyldy edýänligi anyklandy. Bu gymyldylary biri-biri bilen baglanyşyksyz, bulam-bujar, maksatsyz we dolandyryp bolmaýan gymyldylar hökmünde göz öňüne getireliň. Bu ýagdaýda synlaýjy şeýle garym-gatymlykda öz kabul eden zatlaryndan asla baş çykaryp bilmezdi. Oňa syn etmäniň tarapyny görkezýän "kompas" zerur. Syn edijiniň öňünde durýan ýumuş, syn etmäniň meýilnamasy şeýle kompas bolup hyzmat edýär.

Syn etmäni üstünlikli amala aşyrmak üçin öňden görülýän taýýarlyk, synlaýjynyň öňki tejribesi, bilimleri uly rol oýnaýar. Adamyň tejribesi näçe baý, bilimi näçe köp bolsa, onuň kabul edişi şonça-da köpdür.

Mugallym öz okuwçylarynyň işini guramakda syn etmäniň bu kanunlaryny göz öňünde tutmalydyr. Täze okuw materialynyň üstünlikli kabul edilişini üpjün etmek üçin ol okuwçylary oňa ýörite taýýarlamalydyr: olaryň öňki tejribelerini işjeňleşdirmek bilen, ony täze material bilen baglanyşdyryp, olaryň öňünde täze ýumuşlar goýmak arkaly okuwçylaryň kabul edişini gönükdirmelidir.

Netijä gelmek prosesini eksperimental derňemek, oriýentirleýji-derňew, perseptiw işi esasynda döreýän ýagdaýyň keşbini manipulirlemegiň bu prosesiň esasy komponentiniň biri bolup durýanlygyny anyklady. Bu ikinji faza, real ýagdaýdan sowulmak (çekilmek) fazasy, hut keşbi goýlan ýumşa laýyklykda gaýtadan struktirlemek işidir.

Netijä gelmek prosesi meseleleýin(problemalaýyn) ýagdaýy "içki orna" geçirmek zerurlygy okatmakda aýdyňlyk dügünini ulanmaga dogry çemeleşmegiň möhümdigini tassyklaýar. Aýdyň esbaplar diňe bir materialy beýan etmeklige illýustrasiýa hökmünde ulanmaly däldir. Okuwçynyň täze bilimleri "açmaklygynyň" edil ylymda ýa-da sungatda döredijilik meselesini çözmek ýaly "hupbatly" bolmazlygy üçin, okatmakda aýdyňlygy ulanmagy diňe bir ýagdaýyň keşbini döretmek prosesi gönükdirmän, eýsem bu keşbi goýlan ýumşa laýyklykda gaýtadan struktirlemek prosesi-de gönükdirmelidir. Şeýle çemeleşmede diňe bir ulanylýan aýdyň esbaplaryň häsiýeti, olary seçip almak ähmiýetli bolman, olary sapakda görkezmegiň dinamikasy-da aýgytly rol oýnaýar. Sapakda

aýdyň esbaplary ulanmagyň yzygiderliligi okuwçylaryň öwrenilýän materialyň modelini döretmek boýunça işini gönükdirmelidir.

Okuwçynyň syn etmeginiň we akyl işiniň işjeňligine esaslanyp guralan okadyşda ulanylýan aýdyňlyk düzgini bilimleriň düýpli we netijeli özleşdirilmegini üpjün edýär.

## § 3. Giňişligiň kabul edilişi

Giňişligi kabul etmek adamyň daşky gurşaw bilen özara täsirinde uly rol oýnap, adamyň bu gurşawda oriýentirlenmeginiň esasy şerti bolup durýar. Ol obýektiw giňişligiň beýnide şöhlelenmegi bolup, obýektleriň görnüşini, ululygyny we özara ýerleşişini, olaryň relýefini, uzaklaşmaklygyny we gönükdirilmesini öz içine alýar.

Adamyň gurşaw bilen özara täsiri onuň hut öz bedenini-de oňa mahsus bolan koordinatalar ulgamy bilen öz içine alýar. Daşky täsirleri duýýan adamyň özi maddy bedeni bolup, giňişlikde belli bir ýer tutýar we belli bir giňişlik häsiýetlerini özünde jemleýär (ululygy, görnüşi, üç ölçegli beden, hereketleriň giňişlikde gönükdirilmesi we ş.m.).

Predmetleriň biri-birine otnositellikdegörnüşlerini, ululygyny, ýerleşişini we orunlaryny üýtgetmegini kesgitlemek we şol bir wagtyň özünde daşky predmetlere otnositellikde öz hususy göwräň ýagdaýyny analizlemek organizmiň hereket işiniň prosesinde amala aşyrylyp, ol **giňişlik analizi** diýip atlandyrylýan analitiko-sintetik işiň aýratyn ýokary ýüze çykyş görnüşi bolup durýar. Giňişleýin analiziň dürli görnüşleriniň esasynda analizatorlaryň kompleksiniň işi ýatýandygy we gurşawyň giňişlik faktorlaryny analizlemekde olaryň hiç birine monopoliýa-ýeketäklik orny degişli däldigi anyklanyldy.

Giňişlikde oriýentirlenmekde hereket analizatoryna aýratyn rol degişlidir. Onuň kömegi bilen dürli analizatorlaryň arasynda özara baglanyşyk döreýär.

Giňişlikde oriýentirlenmegiň ýörite mehanizmlerine iki ýarym şaryň arasyndaky nerw baglanyşyklary goşmak bolar (iki göz bilen görmek, iki gulak bilen eşitmek, iki el bilen syzmak, burnuň iki taraplaýyn kanaly boýunça ys almak we ş.m.)

Predmetleriň giňişlik häsiýetlerini şöhlelendirmekde ähli jübüt analizatorlara mahsus bolan **funksional asimmetriýa** möhüm rol oýnaýar. Funksional asimmetriýanyň manysy analizatorlaryň haýsy-da bolsa bir tarapynyň belli bir babatda has aýgytlaýjy bolmagydyr. Analizatorlaryň häsiýetleriniň arasynda belli biriniň aýgytlaýjy bolmagy üýtgeýji ýagdaýda bolýar. Meselem, göz, görüşiň ýitiliginde aýgytlaýjy ululygynda aýgytlaýjy däldir.

**Predmetleriň görnüşiniň kabul edilişi**

Predmetleriň görnüşiniň kabul edilişi adatça görüş, taktil we kinestezik analizatorlaryň kömegi arkaly amala aşyrylýar.

Haýwanlaryň käbirlerinde belli görnüşdäky obýektler täsir edende döreýän özüňi alyp barşyň dogabitdi herekete getiriş mehanizmi diýlip atlandyrylýan dogabitdi bolup, görüş meýdanynyň reaksiýalary bolýar.

Bu dogabitdi mehanizmler şeýle ýöriteleşip, edil açaryň gulpa gabat gelşi ýaly bolýarlar. Muňa mysal edip ýyrtyjy guşuň görnüşini ýada salýan karton haç görkezilende jüýjeleriň goranyş reaksiýasy bilen jogap berşini görkezmek bolar.

Görnüş bilen tanyşylanda has informatiw häsiýetleriň biri konturdyr. Hut kontur iki reallygyň, ýagny figura bilen fonuň tapawutlandyryjy araçägi bolup durýar.

Mikrohereketler mynasybetli göz obýektleriň araçägini (kontur we ownuk detallar) ýüze çykaryp bolýär. Görüş ulgamy diňe bir "obýekt" bilen "fonuň" araçägini ýüze çykarmak bilen çäklenmän, olary yzarlamagy-da öwrenmelidir. Bu ukyp gözüň hereketleriniň üsti bilen amala aşyrylýar, ol hereketler göýä ikinji gezek kontury ýüze çykarýan ýaly bolýarlar we predmetiň görnüşiniň keşbini döretmegiň zerur şertidir.

Hut şeýle prosese biz syzyş kabul edilişinde duşýarys. Syzyş arkaly görünmeýän predmetiň görnüşini kesgitlemek üçin, ony elde öwrüp, onuň dürli taraplaryny ellemeli bolýar. Bu ýagdaýda el predmeti ýeňil hereketler bilen barlap, wagtal-wagtal yza gaýdyp, göýä onuň ol ýa-da beýleki böleginiň dogry kabul edilenligini

barlaýar. Predmetiň kemala getirilýän keşbi taktil we kinestezik duýmalarynyň komplekse birleşdirilmegi esasynda döreýär.

Predmetiň görnüşiniň görüş üsti bilen kabul edilişi synlamanyň şu aşakdaky şertleri: predmetiň ululygy, onuň synlaýjynyň gözünden uzaklygy, ýagtylyk derejesi, obýektiň we fonuň ýagtylyk derejesiniň kontrasy we ş.m. bilen kesgitlenýär.

**Predmetleriň ululygynyň kabul edilişi**

Predmetleriň kabul edilýän ululygy olaryň şekiliniň torly bardadaky ululygy we synlaýjynyň gözünden uzaklygy bilen kesgitlenýär. Gözüň dürli uzaklykdaky predmetleri görmäge uýgunlaşmagy **akkomodasiýa** we **konwergensiýa** diýlip atlandyrylýan iki mehanizm arkaly amala aşyrylýar.

**Akkomodasiýa – hrustalligiň öz egremligini üýtgetmek arkaly ýagtylyk şöhlelerini döwmek ukybyny üýtgetmegidir**. Meselem, golaýdaky predmetlere seredilende muskullar çekilip, onuň netijesinde hrustalligiň dartgynlygy gowşap, onuň görnüşi has güberçek bolýar.

Ýaş ösdügiçe hrustalligiň çeýeligi peselip, akkomodasiýa ukybyny, ýagny dürli uzaklykdaky predmetlere seredilende öz görnüşini üýtgetmek ukybyny ýitirýär. Şonuň netijesinde aýdyň görmegiň iň ýakyn nokadynyň ýaş gitdigiçe has uzaga süýşmegi – uzakdan görmeklik döreýär.

Akkomodasiýa adatça **konwergensiýa bilen, ýagny görüş oklarynyň fiksirlenýän predmete goşulmagy** (10-njy surat) bilen baglanyşyklydyr. Akkomodasiýanyň belli bir ýagdaýy görüş oklarynyň degişli ýagdaýyny döredýär we munuň tersine görüş oklarynyň belli bir utgaşdyrylmagyna akkomodasiýa derejesi dogry gelýär.

Konwergensiýa burçy gös-göni uzaklygyň indikatory hökmünde ulanylyp, göýä "uzaklygyň ölçegi" bolup hyzmat edýär. Şol bir uzaklyk aralygy üçin konwergensiýa burçuny obýektiň öňüne goýlan prizma arkaly üýtgetmek bolýar. Eger şeýle ýagdaýda konwergensiýa burçy ulalsa, obýektiň görülýän ululygy ulalýar, oňa çenli bolan kabul ediş aralygy bolsa kiçelýär. Eger prizmalar

konwergensiýa burçy kiçeler ýaly ýerleşdirilen bolsa, onda obýektiň görülýän möçberi kiçelip, oňa çenli bolan aralyk ulalýar.

Iki gyjyndyryjynyň – predmetiň torly bardadaky şekiliniň ululygynyň we akkomodasiýa hem-de konwergensiýa netijesinde göz muskullarynyň dartgynlygynyň kombinasiýasy, kabul edilýän predmetiň möçberiniň şertli reflektor signaly bolup durýar.

**Predmetleriň çuňlugynyň we uzaklaşmagynyň kabul edilişi**

Akkomodasiýa we konwergensiýa uly bolmadyk predellerde, gysga aralykda – akkomodasiýa 5-6 m, konwergensiýa bolsa 450 m predellerde herekete gelýär. Emma adam 2500 m çenli aralykdaky kabul edilýän predmetleriň çuňlugyny we tutýan giňişligini saýgaryp bilýär. Göräýmäge çuňlugy bahalandyrmak ukyby dogabitdi häsiýetde bolýar. Emedekleýän çaga bir tarapynda “uçut” bolan sekiniň üstünde goýulýar. “Uçut” – üstüne galyň aýna goýlan boşluk bolýar. (11-nji surat). Eksperimentiň görkezişi boýunça sekiniň üstünde erkin emedekleýän çaga onuň çäginden çykmaýar we aýnanyň üstüne geçmeýär. Emma has çuň derňewleriň görkezişi boýunça çaga çuňlugy göz öňünde tutup saklanman, eýsem ýagdaýyň täzeligine, entek nämälim tekizlige çekinmek zerurlygyna oriýentirlenýär. Çagany çuňluk däl-de, oriýentirleýji reaksiýa we hereketi togtadýan täzelik saklaýar. Haçan-da sekiniň gutarýan ýerinde aýnanyň aşagynda ýalpyldawuk folga ýerleşdirilende hem çaga iki sany dürli tekizligiň araçäginde saklanýar.

Predmetleriň çuňlugynyň we uzaklygynyň kabul edilişi esasan **binokulýar** (iki göz bilen görmek) görüş arkaly amala aşyrylýar. Uzakdaky obýektler binokulýar fiksirlenende (meselem, asmandaky ýyldyzlar) iki gözüň-de görüş liniýalary parallel bolýarlar. Bu ýagdaýda şekilleriň sag ýa-da çep gözüň, ýa-da iki gözüň bilelikde torly bardasyna täsir edýänligine garamazdan, uzakdaky predmetleriň şekilleri giňişligiň şol bir ýerinde görünýär. Diýmek, bir gözüň torly bardasynyň belli nokatlaryna beýleki gözüň torly bardasynyň belli bir nokatlary gabat gelýär. Iki gözüň torly bardalarynyň simmetrik ýerleşen bu nokatlary **korrespondirleýji nokatlar** diýip atlandyrylýar. Korrespondirleýji nokatlar – eger-de bir torly barda

beýlekiniň üstüne goýulsa, wertikal we gorizontal oklary boýunça biri-birine gabat geljek nokatlardyr.

Torly bardanyň korrespondirleýji nokatlary gyjyndyrylanda görüş meýdanynda bir obýektiň kabul ediliş duýgusy döreýär. Gözüň her bir ýagdaýynda torly bardanyň korrespondirleýji nokatlaryna daşky giňişligiň kesgitli nokatlary dogry gelýär. Gözüň şol bir ýagdaýynda bir obýektiň görülmegini üpjün edýän giňişligiň nokatlarynyň grafiki şekillendirilmegine **goropter** diýilýär. (12-nji surat). Eger-de predmetiň şekili iki gözüň torly bardadan dürli uzaklaşan korrespondirleýji däl, ýa-da torly bardanyň disparat nokatlaryna düşse, onda şu aşakdaky täsirleriň biri ýüze çykýar: 1) goşalaýyn şekiliň döremegi (eger-de nokatlaryň disparatlygy has uly bolsa); 2) bu obýektiň fiksirlenen obýekte garanda uly ýa-da ýakyn daşlykda bolup görünmek duýgusy (eger-de disparatlyk uly bolmasa). Soňky ýagdaýda göwrümlilik duýgusy ýa-da **stereoskopik täsir** döreýär.

Bu täsiri stereoskopyň – iki şekili sag we çep göze aýry-aýrylykda görkezýän apparatyň – kömegi bilen synlamak bolýar. Bu şekiller uzaklygy iki gözüň aralygy çemesinde bolan daşlykda ýerleşýän iki fotokamera bilen aýry-aýrylykda surata düşürilende döreýän **stereojübütligi** emele getirýär. Şeýlelikde, synlanylanda relýefleýin şekili döredýän disparat şekiller alynýar.

Eger-de stereoskopda şekilleriň goşulyşmagyny üpjün etmeýän tapawutlygy bolan iki şekil görkezilse, özboluşly täsir döreýär: käte bir figura, käte bolsa beýleki figura gezekleşýän yzygiderlikde görünýär. Bu hadysa binokulýar ýaryş hökmünde mälimdir. Kähalatda iki obýekt iki figuranyň kombinasiýasy(utgaşmasy) görnüşde ýüze çykýar. Meselem, bir göze görkezilýän haýatyň suraty we beýleki göze görkezilýän atyň suraty haýatdan at böküýän ýaly duýgyny döredýär.

Çuňlugyň kabul edilişi uzaklygyň şertli signaly bolup durýan ikinji derejeli sypatlar arkaly-da gazanylyp bilner.

Çuňlugyň goşalaýyn kabul edilişini döredýän suratlar oňat mälimdir. (13-nji, 14-nji, 15-nji suratlar).

Olar çuňlugyň gezekli-gezegine dürli-dürli kabul edilişini döredýärler. Adaty şertlerde torly bardadaky şekiliň dogry

interpretasiýasy (düşündirilişi) agzalyp geçilen goşmaça häsiýetleri ulanmak arkaly üpjün edilýär.

Şeýle-de bolsa käbir halatlarda çuňlugyň interpretasiýasy düýpgöter tersine üýtgäp, bu fakt aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Meselem, uçar gondurylýan wagtda gondurylyş zolagyň çuňlugynyň pilot tarapyndan kabul edilişi çuňlugy boýunça tersine çöwrülen häsiýetde bolmagy mümkindir. Şeýle ýagdaý gije ýa-da duman wagtynda, haçan-da pilot üçin predmetleriň uzaklygyny dogry şöhlelendirmäge kömek edýän şertli signallaryň – detallaryň görünmeýän şertlerinde döreýär. Şeýle signallaryň biri-de gonduryş zolagyndaky yşyklaryň ýitiligi (mälim bolşy ýaly yşygyň has ýiti çeşmeleri öçügsilere garanda has ýakyn ýerleşen ýaly bolup görünýär) we çuňlugy ters öwrülen häsiýetde kabul etmeklige sebäp bolup durýan yşyk signallarynyň nädogry utgaşmaklygydyr.

**Ugruň kabul edilişi**

Giňişligi saýgarmagyň möhüm pursatlarynyň biri-de bir obýektleriň beýleki obýektlere ýa-da synlaýja görä ýerleşiş ugruny kabul etmekdir. Obýektiň kabul edilýän ugry onuň gözüň torly bardasyndaky şekiliniň ýerleşýän orny we biziň öz göwrämiziň daşky predmetlere görä ýerleşişi boýunça kesgitlenýär. Adam üçin onuň göwresiniň ýeriň gorizontal tekizligine görä wertikal bolmagy adatydyr. Adamyň jemgyýetçilik-zähmet tebigaty mynasybetli döredilen bu ýagdaý, daşky predmetleriň ugruny kesgitlemek üçin iň esasy başlangyç pursatlaryň biri bolup durýar. Şonuň üçin-de giňişligi görmekde, şol sanda ugry kabul etmekde görüş duýmalaryndan, gözüň ýa-da eliň kinestezik duýmalaryndan başga-da statiki duýmalar, ýagny göwräniň ýagdaýyny we deňagramlylygyny duýmaklyk uly rol oýnaýar.

Binokulýar görnüşde görünýän predmetiň ugry **meňzeş ugur** kanuny boýunça kesgitlenilýär. Bu kanun boýunça torly bardanyň korrespondirleýji nokatlaryna düşýän gyjyndyryjylary biz şol bir ugurda görýäris. Bu ugur iki gözüň görüş liniýalarynyň kesişýän nokadyndan geçýän we ýerleşişi boýunça iki gözüň ortasyna dogry gelýän liniýa boýunça döredilýär. Başgaça aýdanyňda, biz korrespondirleýji nokatlara düşýän şekilleri göýä maňlaýyň ortasynda

ýerleşýän ýeke "siklopik gözden" gelýän göni çyzykda görýäris.

Mälim bolşy ýaly, gözüň torly bardasynda biziň seredýän predmetlerimiziň ters şekili emele gelýär. Synlanylýan obýektiň süýşmegi torly bardadaky şekiliň ters süýşmegine getirýär. Emma welin biz predmetleri üýtgedilen görnüşde däl-de, gözüň optiki ulgamynyň olary torly barda geçirişi ýaly kabul edýäris. Bu görüş duýmalarynyň taktil, kinestezik we beýleki signallar bilen utgaşmagy netijesinde döreýär.

Bu babatda synag edilýän adamlaryň gözüniň torly bardasynda predmatleriň şekilleriniň ýagdaýy ýa-da oriýentasiýasy ýörite optiki gurallar arkaly bilgeşleýin üýtgedilip geçirilen tejribelerde gyzykly maglumatlar alyndy. Bu gurallar şekilleri wertikal hem-de gorizontal ugurlar boýunça tersligine öwrüp kabul etmäge mümkinçilik berýär. Görüp otursaň birnäçe wagtdan adaptasiýa(uýgunlaşma) döräp, synag edilýän üçin, doly bolmasa-da dünýä "üýtgedilip gurlup" başlaýar.

Şonuň ýaly tejribeler haýwanlarda geçirilende olaryň şeýle uýgunlaşma ukypsyzdygy belli boldy. Meselem, towugyň gözüne şekili çenden saga öwürýän prizmalar goýlup, olaryň däne çokmak endigi öwrenilipdir. Towuklarda bu endik düýpgöter bozulyp, hat-da äýnegi üç aýlap dakynandan soňra-da onuň hiç hili gowulaşmagy doýulmandyr. Ýerda-suwda ýaşaýanlarda hem edil şeýle netijeler alnypdyr. Görnüşi ýaly, eger-de jandar instinktiw reaksiýalara gapma-garşylykly hereketi etmäge mejbur edilse, haýwanlarda predmetleriň ýerleşişine bolan dogabitdi görüş reaksiýalary öwredişiň täsirinde üýrgemeýär.

Obýektleriň durýan ugurlaryny kabul etmek diňe bir görüş analizatoryň däl, eýsem eşidiş we ys alyş analizatorlarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Kä halatlarda ses we ys haýwanlar üçin howply ýagdaýlary habar berýän ýeke-täk signallar bolup durýar.

Sesiň ugruny kabul etmek **binaural** (iki gulak bilen) eşidilişde amala aşyrylýar. Sesiň ugruny tapawutlandyrmak, kelle beýniniň gabygyna iki gulakdan gelin gowuşýan signallaryň wagt tapawudyna esaslanýar.

Sesler diňe bir gorizontal orunda çep ýa-da sag tarapda däl, eýsem ýokarlygyna-da şeýle ugurlarda ýerleşip biler. Eksperimental

derńewleriń görkezişi boýunça sońky ýagdaýda sesiń giňişlikdäki ýerleşişini kabul etmek üçin synag edilýän adam kellesini hereketlendirmeli bolýar. Şeýlelik-de, sesiń ýerleşiş mehanizmi diňe bir eşidiş signallaryna däl-de, beýleki analizatorlar ulgamyna hem daýanýar.

**Görüş illýuziýalary (aldanmalary)**

Biziń kabul edişimiz obýektiw dünýäniń predmetlerini hemişe takyk şöhlelendirýärmi? Bu babatda kabul edişde, esasan onuń görüş görnüşinde, bolýan köp sanly ýalńyşlyklaryń faktlary we şertleri ýazylyp beýan edilendir. Olaryń käbiriniń üstünde durup geçeliń.

1)"Peýkam ilýuziýasy"(16-njy surat). Ol liniýalaryń birigýän we dargaýan düzgünine esaslanýar: ujy iki tarapa ýaýraýan peýkam has uzyn ýaly görünýär, hakykatda bolsa olaryń ikisi-de deń uzynlykdadyr.

**16-njy surat**

2)"Demir ýol liniýalarynyń ilýusiýasy"(17-nji surat). Birigýän iki göni çyzygyń arasynda ýerleşýän liniýa giňişligiń dar böleginde has uzyn ýaly görünýär, hakykatda parallel liniýalaryń ikisi-de deń uzynlykdadyr.

**17-nji surat**

3) Wertikal liniýalary artykmaç bahalandyrmak (18-nji surat), silindriń beýikligi onuń giňliginden uly ýaly görünýär, emma olaryń ikisi-de deńdir.

**18-nji surat**

4) "Ýelpewaç ilýuziýasy" (19-njy surat). Fonuń täsirinde parallel liniýalaryň merkeze golaýy güberçek, merkezden uzakdakysy bolsa oýuk ýaly görünýär.

**19-njy surat**

5) Kesişmek ilýuziýasy (20-nji surat). Bir göni liniýanyń ugrunda, göwnümize bolşy ýaly, B we X, kesimleri däl-de, A we X kesimleri ýerleşýär.

**20-nji surat**

6) Konsentrik töwerekleriń ilýuziýasy (21-nji surat). Suratda şekillendirilen konsentrik töwerekler olary töweregiń fon bilen

utgaşýan ýerinde gysga göni kesimleriň kesip geçýänligi üçin spiral görnöşde kabul edilýär.

**21-nji surat**

Görüş ilýuziýalary haýwanlarda hem ýüze çykaryldy.

Birentek haýwanlaryň (balyklar, guşlar we mör-möjekler) goranyş serişdesi üçin ulanýan maskirowkalary "görüş ilýuziýasyny" amaly ulanmaklygy bilen baglanyşyklydyr. Maskirowkanyň başga bir usuly, haýwany tanamaz, saýgarmaz ýaly onuň şekilini özgerdýän **defomirleýji keşbi** ulanmaklygyny görkezmek bolar : zebranyň ýiti zolaklary belli bir aralykdan bu haýwanyň konturyny saýgarmaga mümkinçilik bermeýär.

Bu faktlaryň ählisi görüş ilýuziýalaryny döredýän haýsydyr bir umumy faktlaryň bardygyna şaýatlyk edýär. Görüş ilýuziýalary dogrusynda birnäçe düşündirişler teklip edildi. Meselem, "peýkam ilýuziýasy" kabul edişiň bitewilik häsiýeti bilen düşündirilýär : biz öz görýän figuralarymyzy we olaryň böleklerini aýry-aýry däl-de, bitewilikde kabul edip, tutuş figuranyň häsiýetlerini onuň böleklerine geçirýäris (eger bitewilik uly bolsa, onuň bölekleri-de uly bolýar). "Ýelpewaç ilýuziýasyny-da" şeýle düşündirmek bolar.

Wertikal liniýalaryň aşa kabul edilmesi gözüň wertikal tekizlikdäki hereketleriniň gorizontal tekizlikdäkä garanda has ýokary muskul güýjüni talap edýänligi bilen düşündirilýär. Muskul güýjüniň intewsiwliginiň geçilen aralyk möçberine barabar bolup durýanlygy sebäpli, wertikal aralyklar bize gorizontal aralykdan uly ýaly bolup görünýär.

Ýöne entek görüş ilýuziýalarynyň ähli görnüşleri üçin düýpli düşündiriş tapylanok.

## § 4.Wagtyň we hereketiň kabul edilişi

**Wagtyň kabul edilişi**

Wagt hem, edil giňişlik ýaly, materiýanyň ýaşaýyş görnüşidir. **Wagty kabul etmek – obýektiw hakykatyň hadysalarynyň dowamlylygyny, tizligini we yzygiderliligini**

**şöhlelendirmekdir.**
Wagty kabul etmek, obýektiw reallygy şöhlelendirmek bilen, adama daşky dünýäde oriýentirlenmäge mümkinçilik berýär.

Wagty ölçemek diňe adamlar üçin däl-de, haýwanlar üçun hem uýgunlaşmak işiniň örän möhüm bölegi bolup durýar.

Wagta oriýentirlenmek adamda beýniniň gabyk bölümleriniň kömegi bilen alnyp barylýar. Geçirilen köp sanly kliniki synaglar beýni gabygynda wagty kabul etmegiň ojaklaýyn, ýörite wagt ölçeýiş mehanizminiň ýoklygyny subut etdi. Wagty kabul etmegiň bozulmagy beýni gabygynyň dürli uçastoklary zaýalananda ýüze çykýar. Wagty kabul etmek bir ulgama jemlenen, bir bitewi hereket edýän dürli analizatorlaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. Kabul edişiň bu görnüşiniň esasynda oýanmanyň we tormozlanmanyň orunlarynyň ritmik çalyşmagy, kelle beýniniň uly ýarym şarlarynda oýanma we tormozlanma prosesleriniň öçmegi ýatýar.

Wagty kabul etmeklige dörli analizatorlar gatnaşýar, emma wagt aralyklaryny takyk tapawutlandyrmak kinestezik we eşidiş duýmalary arkaly aşyrylýar. I. M. Seçenow kinestezik analizatorlary giňişligi we wagt gatnaşyklaryny kabul ediş organy diýip atlandyrypdy. Hereket guýmalary hadysalaryň dowamlylygyny, tizligini we yzygiderliligini ýeterlik derejede takyk şöhlelendirmegi üpjün edýär. Kinestezik analizator ritmi kabul etmekde esasy rol oýnaýar. Psihologik nukdaýnazardan ritm - munuň özi obýektleriň seriýasyny stimullar toparynyň seriýasy hökmünde kabul etmeklikdir. Yzygiderli toparlar adatça bir nusga boýunça gurlup, gaýtalama görnüşde kabul edilýär. Kabul edilýän toparlaryň häsiýeti köp derejede stimullar seriýasynyň aýratynlyklary: stimullaryň otnositel intensiwligi olaryň absolýut we otnositel dowamlylygy, wagt boýunça ýerleşişi bilen kesgitlenýär.

Eger-de seriýa fiziki taýdan birmeňzeş we wagt boýunça bir tipli stimullardan ybarat bolsa, onda ritmiň kabul edilişi subýektiw faktorlar bilen kesgitlenýär. Synag edilýän adam adatça her birinde belli bir elementler ähmiýetlendirilýän toparlar seriýasyny kabul edýär. Şeýle ýagdaýda kabul edilýän ritme **subýektiw ritm** diýlip, basyma bolsa **subýektiw basym** diýilýär.

Ritmiń kabul edilişi adatça hereket akkompanenti bilen utgaşdyrylýar. “***Ritmi duýmak öz tebigaty boýunça hereket motor häsiýetdedir…”, “*** Ritmi syzmak öz mazmuny boýunça işjeňdir. “Ritmi″ ýöne ″eşitmek″ mümkin däldir. Dińleýji ritmi dińe özi “döreden”, “amala aşyran” wagty syzýar… Özünde kabul edişiń işjeň-hereket häsiýetini aýdyń ýüze çykarýandygy üçin ritmiń kabul edilişi psihologik nukdaýnazardan aýratyn ähmiýete eýedir”*(Теплов Б.М. Проблемы индивидуальных различий. М., 1961, с.205,209, 210).

Eşidiş duýmalary täsir edýän gyjyndyryjynyń wagt aýratynlyklaryny: onuń dowamlylygyny, ritmiki häsiýetini we ş. m. şöhlelendirýär. Seçenow eşidişi wagt ölçeýjisi, eşidiş ýadyny bolsa wagt ýady diýip atlandyrypdy.

Has dowamly döwürleriń wagtynyń kabul edilişi köpderejede olaryń galdyran täsirleri bilen kesgitlenýär. Adatça gyzykly, çuńńur esaslandyrylan iş bilen doldyrylan wagt aralyklary boş geçirilen wagta garanyńda gysga ýaly duýulýar. Sensor informasiýany çäklendirip geçirilen eksperimentleriń görkezişi boýunça sensor izolýasiýasynda wagtyń subýektiw haýal geçmegi ýüze çykýar. Meselem, ýörite düşegiń üstünde baka meńzeş respiratora ýerleşdirilen adam, üznüksiz monoton sesde, pessejik emeli yşykda, taktil we hereket duýmalary çäklendirilen wagtynda minudyń sagat ýaly uzalýanlygyny aýdypdyr. Emma retrospektiw (ýatlaýyş) hasaplamada bu gatnaşyk tersine bolup biler: boş we ýürek gysgynç geçirilen wagt birnäçe döwürden soń ýatlanylanda has gysga duýulyp bilner.

Wagtyń kabul edilişi emosional ýagdaýyń täsirinde hem üýtgeýär. Oňyn emosiýalar wagtyń çalt geçýän ilýuziýasyny döredip, oňyndäl emosiýalar bolsa wagt aralygyny subýektiw uzaldýar.

Çagalarda wagty kabul etmek has giç döräp, uly ösüş ýoluny geçýär. Psihiki ösüşiń umumy depgini bilen, okadylyş prosesinde toplanan bilimleriń esasynda wagt aralyklaryny takyk tapawutlandyrmak ýüze çykýar. Mekdep okuwçylary öz gündelik işleri bilen baglanyşykly wagt aralyklaryna has ońat oriýentirlenýärler.

**Gymyldylaryń kabul edilişi**

**Gymyldylary kabul etmek giňişlikde obýektleriň ýagdaýynyň üýtgemegini şöhlelendirmekdir.** Kabul edişiň bu görnüşi durmuşda iňňän ähmiýetlidir. Hereketlenýän obýektler käbir haýwanlar üçin howpuň ýa-da potensial iýmitiň signaly bolup, olarda çalt jogap reaksiýasyny döredýär.

Adamyň gözüniň torly bardasynyň gurluşynda görüş ulgamynyň ewolýusion ösişiniň käbir aýratynlyklary saklanypdyr: adamyň gözüniň torly bardasynyň periferik bölümleri diňe gymyldyny duýmaga ukyplydyr. Obýekt görüş meýdanynyň periferiýasynda ýüze çykarylan wagtynda gözüň reflektor öwrülişi döräp, onuň netijesinde obýektiň şekili merkezi görüş meýdanyna süýşüp, ol ýerde obýektiň saýgarylmagy we tanalmagy bolup geçýär.

Gymyldylary kabul etmekde görüş we kinestezik analizatorlar esasy rol oýnaýar. Obýektiň gymyldysynyň parametrlerine tizlik, tizlenme we gymyldynyň ugry degişlidir. Adam obýektiň giňişlikde ornunyň üýtgemegi barada iki dürli ýol arkaly: orun üýtgemekligi gös-göni kabul etmek we birnäçe wagt başga ýerde duran obýektiň hereketi barada pikir ýöretmek esasynda onuň hereketini şöhlelendirmek bilen maglumat alyp bilýär.

Hereketiň gös-göni kabul edilişi haçan-da hereketlenýän obýektiň tizligi şol bir wagt birliginde, görüş ýitiliginde we synlaýyş distansiýasynda gözüň tapawutlandyryp biläýjek aralygyndan pes bolmadyk aralygy geçýän wagtynda ýüze çykýar. Başgaça bolanda biz hereketiň hut özüni däl-de, onuň netijesini kabul edýäris. Sagadyň minut we sagat strelkalarynyň hereketi baradaky pikir ýörite hut şoňa esaslanandyr. Görşüň kömegi bilen biz obýektleriň hereketi baradaky infirmasiýany iki sany dürli usul arkaly: fiksirlenen nazar arkaly we gözüň yzarlaýjy hereketleri boýunça informasiýa almak arkaly alyp bilýäris. Birinji ýagdaýda göz otnositel hereketsiz bolup, hereketlenýän obýekt torly bardada ornuny çalt üýtgedýän şekil döredýär. Bu ýagdaýda obýektiň torly bardadaky şekiliň orny diňe bir süýşmän, eýsem üznüksiz üýtgeýär. Emma biz obýekti her

biri predmeti başga-başga ýagdaýda suratlandyrýan, üznüksiz ýoýulýan şekilleriń seriýasy görnüşinde däl-de, şol bir obýekti hereketlenýän ýagdaýda kabul edýäris.

Göräýmäge bu zatlara esaslanyp, hereketi kabul etmek üçin gözüń torly bardasynda görüş şekilleriniń süýşmegi zerur diýen netijä gelmek mümkin. Torly bardada şekiliń hut şeýle süýşmegi biz görejimizi bir nokatdan beýleki nokada, meselem, otagyń bir burçundan beýlekisine geçiren wagtymyzda-da ýüze çykýar.Ýöne bu ýagdaýda bizde daşky predmetleriń hereketini duýmaklyk döremeýär. Adam otagda gezmelände, gözüniń torly bardasynda şekilleriń süýşmegine garamazdan, ol otagy hereketsiz, özüni bolsa hereket edýän ýagdaýda kabul edýär.(Westibulýar apparatyń zaýalanmagy netijesinde şeýle düzediş bolmaýan ýagdaýynda adam ýörän wagtynda ońa bütin daşky dünýä hereketde ýaly bolup görünýär ).

Hereketi kabul etmegiń ikinji bir mümkin bolan usuly - göreç arkaly hereketlenýän obýekti yzarlamakdyr. Bu ýagdaýda hereketlenýän obýektiń şekili torly barda otnositellikde hereketsiz, üýtgemän galýar, emma biz ýene-de obýektiń hereketini görýäris. Görnüşi ýaly, gözüń yzarlaýjy hereketleri torly bardada süýşýän signallar bolmadyk ýagdaýda hem hereketiń kabul edilişini döredýär.

Başga bir tarapdan, ýokarda görkezilşi ýaly, gözüń erkli hereketleri netijesinde şekiliń torly bardada ornuny üýtgetmegi (haçan-da göz hereket edýän obýekti ýörite yzarlamaýan ýagdaýynda) hereket duýmasyny döretmeýär. Gözüń passiw hereketlerinde (haçan-da bir gözüńi ýapyp, beýlekisini ýuwaşja barmak bilen süýşireńde) –tersine, dünýä gözüń passiw hereketiniń garşysyna hereket edýän ýaly görünýär. Diýmek, dünýäni stabil ( durnukly ) görmeklik,gözüń passiw däl-de, erkli hereketleri esasynda döreýär. (Kliniki mysallarda gözüń muskullary ýa-da nerw apparaty zaýalanan wagtynda, näsaglar gözlerini hereketlendirjek bolanlarynda olar dünýäni aýlanýan ýaly duýýarlar ).Torly bardadaky keşpleriń ornuny üýtgetmegi haçan-da adam gözüń we kelläniń hereketinden kinestezik gyjyndyryjylar almaýan we öz göwresiniń hereketsiz ýagdaýynda hereketiń signaly bolup hyzma edýär.

Käbir halatlarda subýekt hereketleri bir ýagdaýda daşky predmetlere, başga bir ýagdaýda bolsa özüne degişlilikde kabul

edýär. Eger synlaýjy ýörese ýa-da ylgasa, ol köp sanly kinestezik we beýleki signallary kabul edensoň, onda şol sebäpli hereketleriniň takyk haýsy predmetlere degişlidigi barada şübhe döremeýär. Ol maşynda gidende ýa-da uçarda uçanda başgaça bolýar. Bu ýagdaýda informasiýanyň esasy çeşmesi görüş analizatory bolup, bu informasiýa köplenç iki manyly bolýar. Meselem, adam duran otluda oturan bolsa, ol öz duşundan geçýän başga otlyny görende oňa ilki bada öz münen otlusy ýöreýän ýaly duýulýar. Emma wibrasiýanyň we silterlenmäniň ýoklugy az wagtdan soň bu duýgynyň nädogrudygyna ony ynandyrýar.

Hereketlenýän predmetler göreç bilen uzak wagt fiksirlenen wagtynda hereketiň oňyndäl yzygiderli keşbi döreýär. Meselem, ýöräp barýan otlynyň äpişgesinden uzak wagtlap daşary seredip, soňra göreç wagonyň içindäki hereketsiz predmetlere geçirilende olar ters tarapa hereketlenýän ýaly duýulýar.

Hakyky we göýäki hereketler bardyr. Daşky predmetleriň göýäki hereketleri adamyň ýadaw ýa-da serhoş ýagdaýynda döreýär. Göýäki hereketlere **stroboskopik hereket** hem girip, kinematograf onuň döreýiş düzgünine esaslandyrylandyr. Mälim bolşy ýaly, gözde inersiýa häsiýeti bolup, ol häsiýet görüş duýmalarynyň gyjyndyryjy täsir eden badyna döremän we gyjyndyryjy täsirini bes eden badyna gutarmaýanlygynda ýüze çykýar. Bu häsiýet mynasybetli göz täsir eden ýagtylyk efektini birnäçe wagtlap özünde saklaýar: biz kinoda bir sekuntda 24 kadr çalyşanda gaýmalaşýan suratlar seriýasyny däl-de, durnukly şekili görýäris. Bu ýagdaýda predmetiň hereketlenýändigi baradaky duýgy predmetleriň aýry-aýry ýerleşiş orunlarynyň biri-birlerinden belli bir giňişlik we wagt aralygy boýunça üzňelikde kabul edilmegi esasynda döreýär.

Labarotoriýa şertlerinde göýäki hereketler biri-biriniň yzyndan awtomatik yzygiderlikde ýanýan iki yşyk çeşmesi arkaly öwrenilýär. Yşyk çeşmeleriniň ýanmagynyň arasynda belli bir uzaklyk we wagt interwal üpjün edilende yşyk nokadynyň birinji çeşmeden ikinjä gönükdirilen hereketini görmek bolýar. Bu hadysa “fi-fenomen”, ýagny fenomenal, diňe kabul edişde döreýän hereket diýip atlandyrylýar.

# 11-nji BAP

# Ýat

## § 1. Ýat hakynda umumy düşünje

Psihikanyň möhüm aýratynlygynyň biri-de onda şöhlelendirilýän daşky täsirleriň adamyň mundan beýläkki tejribesinde ulanylmagydyr. Özüni alyp barşyň kem-kemden çylşyrymlaşmagy indiwidual tejribäni toplamagyň hasabyna amala aşyrýar. Eger-de daşky dünýäniň beýniniň gabygynda döreýän keşpleri düýpgöter ýitip gidýän bolsa, hiç bir hili tejribe mümkin bolmazdy. Öz aralarynda dürli baglanyşyklara goşulyp, bu keşpler berkleşýär, uzak wagt saklanyp, durmuşyň we işiň talabyna laýyklykda gaýtadan dikeldilýär.

**Ýadyň kesgitlenişi. Indiwidyň tejribesiniň beýnä ornaşdyrylan, belli wagt aralygynda saklanyp, soňra gaýtadan dikeldilmegine ýat diýilýär**. Ýat **beýnä ornaşdyrmak, saklamak, gaýtadan dikeltmek we ýatdan çykarmak** ýaly esasy prosesslerden ybaratdyr. Bu prosessler awtonom psihiki „ukyplar“ däldir. Olar işde kemala gelip, iş bilen kesgitlenýärler. Belli bir materialy **beýnä ornaşdyrmak** iş, durmuş prosessinde indiwidual tejribäni toplamak bilen baglanyşyklydyr. Beýnä ornaşdyrylan zady soňra işde ulanmak **gaýtadan dikeltmegi** talap edýär. Belli bir materialyň işde ulanylmazlygy onuň **ýatdan çykarylmagyna** getirýär. Materialyň ýatda saklanylmagy-da onuň şahsyýetiň işine gatnaşýan derejesi bilen kesgitlenýär, çünki her bir pursatda adamyň özüni alyp baryşy onuň bütin durmuş tejribesi bilen kesgitlenýär.

Şeýlelik bilen, ýat psihikanyň örän möhüm konstituirlenji häsiýetnamasy bolup durýar. Onuň roluny diňe bir „geçmişde bolany“ beýnä ornaşdyrmaklyga syrykdyrmak bolmaz (geçmişiň keşpleri psihologiýada **gözöňüne getirmek** diýip atlandyrylýar). Ýatsyz hiç hili işjeň hereket mümkin däldir, çünki her bir elementar psihiki aktyň döremegi-de onuň häzirki elementini soňraklary bilen „tirkeşdirmegi“ talap edýär. Şeýle tirkeşdirmek ukyby bolmasa, ösüş

mümkin bolman, adam Seçenowyň aýdyşy ýaly, „ömürlik ýaňy dogan çaganyň ýagdaýynda“ galardy.

Ähli psihiki prosessleriň möhüm häsiýetlendirmesi bolup, ýat adamyň şahsyýetiniň birligini we bitewiligini üpjün edýär. Ýat adatça psihologiýanyň iň bir işlenen bölümi hasaplanýardy. Muňa garamazdan ýadyň kanunlaryny mundan beýläk-de öwrenmek ýene-de ylmyň meselesine öwrüldi. Ýadyň psihologik meseleleriniň çözülmegi ylmyň beýleki pudaklarynyň-da (birinji nobatda tehnikanyň) ösüş derejesini köp derejede kesgitleýär.

**Ýadyň psihologik taglymatlary.** Häzirki zaman şertlerinde ýady öwrenmekde merkezi meseleleriň biri onuň mehanizmleri bolup durýar. Ýatda saklamagyň mehanizmine ol ýa-da beýleki hili düşünmek ýadyň dürli taglymatlarynyň esasyny emele getirýär.

Häzirki döwürde ylymda ýadyň ýeke-täk we gutarnykly taglymaty ýokdyr. Bu babatda çaklama-gipotetiki nazaryýetleriň we modelleriň köplügi, soňky ýyllarda dürli ylymlaryň bu ugurda alyp barýan derňew işleriniň işjeňleşendigine şaýatlyk edýär. Ýadyň mehanizmlerini we kanunlaryny psihologik we neýrofiziologik nukdaýnazardan öwrenmek häzirki döwürde biohimiki jähtden öwrenmek bilen utgaşdyrylýar. Ýady öwrenmegiň kibernetik çemeleşilişi-de kemala gelýär.

Ýadyň mehanizmleriniň görkezilen üç derejede öwrenilişiniň esasy ugurlary bilen gysgaça tanşalyň.

Ýady **psihologik** nukdaýnazardan öwrenmeklik beýleki çemeleşişlerden hronologik jähtden has „ýaşuly“ bolup, ylymda köpsanly taglymatlar we ugurlar bilen bellidir. Bu taglymatlary ýat prosessini düşünmekde subýektiň işjeňligine olaryň nähili ähmiýet berýänligine we bu işjeňligiň tebigatynyň nähili düşündirilýänligine baglylykda görnüşlere bölmek bolar.

Ýadyň psihologik taglymatlarynyň köpüsinde üns merkezinde ýa-ha obýekt ýa-da subýekt (aňyň „sap“ işjeňligi) bolup, olarda subýektiň we obýektiň özara täsirinden, ýagny indiwidiň işinden üzňelikde birtaraplaýyn garalýar. Bu garalýan nazaryýetleriň gutulgysyz birtaraplaýynlygy şu ýerden gelip çykýar.

Taglymatlaryň birinji toparyny **assosiatiw taglymat** ugry düzýär. Onuň merkezi düşünjesi **assosiasiýa** – baglanyşyk, birleşme

diýmekligi aňladyp, ol ähli psihiki hadysalaryň düşündiriş düzgüni bolup durýar. Bu düzgüne laýyklykda, eger-de belli bir psihiki hadysalar aňda bir bada ýa-da biri-biriniň yzyndan döreseler, olaryň arasynda assosiatiw baglanyşyk döreýär we olaryň haýsy-da bolsa bir elementiniň aňda gaýtadan peýda bolmagy aňda beýleki elementleriň-de döremegine getirýär. Şeýlelik bilen, assosianizmiň tassyklaýşyna görä iki sany psihiki hadysanyň arasynda baglanyşyk döremeginiň zerur we ýeterlik şerti – olaryň aňda bir wagtda peýda bolmagydyr. Şonuň üçin-de assosianistler ýada ornaşdyrmagyň mehanizmlerini öwrenmegi diňe „bir wagtda kabul etmegi" üpjün edýän daşky şertleri häsiýetlendirmeklige syrykdyrypdyrlar. Şeýle şertler şu aşakdaky üç görnüşe bölüpdirler:

a) degişli obýektleriň giňişlik – wagt utgaşmasy
b) olaryň meňzeşligi;
c) olaryň tapawutlylygy ýa-da gapma-garşylygy

Daşky dünýäniň hadysalarynyň arasynda döreýän bu üç hili gatnaşyklara laýyklykda assosiýalar üç görnüşe bölünipdir: **gabatlaşmagy** boýunça döreýän assosiasiýalar, **meňzeşligi** we **kontrastlygy** boýunça döreýän assosiasiýalar.

Assosiasiýalaryň görkezilen tipleriniň esasynda baryp Aristotel tarapyndan esaslandyrylan gözöňüne getirmeleriň „ilişdirilişiniň" üç düzgüni ýatýar. Assosianistlar bu üç düzgüniň astyna zoraýakdan köp dürli baglanyşyklary, şol sanda sebäp-netije baglanyşyklaryny-da goşupdyrlar. Sebäp we netije öz aralarynda belli bir wagt gatnaşygy boýunça baglanyşykly bolýanlygy üçin („bu sebäpli" – bu zat hemişe „bu zatdan soňra"), olar sebäp – netije assosiasiýalaryny gabat gelmek arkaly döreýän assosiasiýalaryň kategoriýasyna goşupdyrlar.

Assosiasiýa düşünjesi psihologiýada berk ornaşsa-da, soňabaka onuň mazmuny düýpgöter täzeçe aňlanylýar we çuňlaşdyrýar. Ýada onda ornaşdyrmak bu hakykatdan-da täzäni ozalky tejribede bar zatlar bilen „baglanyşdyrmakdyr". Baglanyşdyrmak operasiýasy haçan-da biz ýat prosessini elementleri boýunça yzarlanymyzda, ýagny haýsy-da bolsa bir materialy gaýtadan dikeldenimizde has-da aýdyn ýüze çykýar. Meselem, biz „ýada salyş düwünçegi" usulyny ulanyp, nämedir bir zady nähili ýada salýarys? Biz düwünçegi görýäris, düwünçek bizi özüniň baglanan ýagdaýyna gönükdirýär,

ýagdaý bolsa söhbetdeşimizi ýatladýar, söhbetdeşimizden biz gürrüňiň we temasyna we ahyrsoňy gözleýän predmetimize gelýäris. Emma assosiasiýalaryň şeýle zynjyrlaryny döretmäge giňişlik-wagt gabat gelmekligi ýeterlik bolýan bolsa, onda şol bir ýagdaýda dürli adamlarda birmeňzeş baglanyşyklar zynjyry dörärdi. Hakykatda bolsa baglanyşyklar saýlanylyp alynmak häsiýetinde döreýär, bu saýlanmaklyk nämäniň esasynda döreýär diýen soraga assosianizm jogap bermän, diňe faktlary açyp görkezmek bilen çäklenýär. Bu soragyň çözgüdi diňe soňky döwürde ylmy esaslandyrşyny tapdy.

Assosianizmi tankytlamak esasynda psihologiýada ýadyň birnäçe täze taglymatlary we nazaryýetlery döredi. Olaryň mazmuny köp derejede assosiatiw taglymatda nämäniň tankytlanýandygy, hut assosiasiýa düşünjesine nähili çemeleşilýänligi bilen kesgitlenýär. Ýadyň assosiatiw taglymaty **geştaltizm** diýip atlandyrylýan psihologiýanyň ugrunyň wekilleri tarapyndan has aýgytly tankyk edildi (nemes dilinde gestalt –keşp diýmekdir). Bu täze taglymatyň esasy düşünjesi bolan **geştalt** – öz düzüm bölekleriniň mukdaryna syrykdyrylmaýan bitewi gurluşy, strukturany aňladýar. Şeýlelikde, geştaltizm ilkinji nobatda assosianistleriň aňyň hadysalaryna elementleýin çemeleşişine elementleriň sintezi-birleşmesi düzgünini, bitewiliginiň onuň böleklerine garaňda ilkinjilik düzgünini garşy goýýar. Şoňa laýyklykda bu taglymatda baglanyşyklary dörediji esasy faktor hökmünde **materialyň guralyşy** öňe sürlüp, şeýle guralyşyň izomorfizm düzgüni boýunça beýninde galdyrylýan yzlarda emele getirilýänligi ykrar edilýär.

Materialyň belli bir guralyşy hakykatdan-da ýada ornaşdyrmakda uly rol oýnaýar, ýöne bu funksiýa materialyň hut öz gurluşyny açyp görkezýän, ony ýada ornaşdyrmaga, ulanmaga mümkinçilik berýän subýektiň işiniň üsti bilen amala aşyrylýar. Geştaltistlerde bolsa bitewilik düzgüni öňden berlen ýaly hasaplanylyp, geştaltyň kanunlary bolsa (edil assosiasiýanyň kanunlary ýaly) subýektiň işinden üzňelikde hereket edýär. Bu nukdaýnazardan geştaltizm assosianizm taglymaty bilen bir hatarda durýar.

Aňa göýä bir passiw hadysa hökmünde garaýan assosianizmiň we beýleki taglymatlaryň tersine, pihologiýanyň birnäçe ugurlary ýat prosessinde aňyň işjeň rolunyň bardygyny nygtaýarlar. Bu ugurlarda

ýada ornaşdyrmakda we gaýtadan dikeltmekde ünsüň, niýet etmekligiň, aňlamaklygyň uly rolunyň bardygy aýdylýar. Emma bu taglymatlarda hem ýat prosessleri hakykatda subýektiň işinden üznelikde seredilip, şol sebäpli dogry düşündirilip bilinmändir. Meselem, niýet etmeklige diňe erke zor salmak, aňyň „sap işjeňligi“ hökmünde garalyp, onuň hut ýada ornaşdyrmaga ýa-da hakyda getirmäge üýtgedijі täsiriniň bardygy seljerilmändir.

Bu taglymatda ýada ornaşdyrmagyň işjeňligi we aňlanylanlygy häsiýeti ýadyň ýokary ösüş tapgyrlary bilen baglanyşdyrylýanlygy sebäpli onuň aşaky ösüş tapgyrlaryna degişlilikde ýene-de gabat gelmek boýunça döreýän assosiasiýa düşünjesi ulanylypdyr. Şeýlelikde, baglanyşyklaryň assosiatiw we aňlanylan görnüşleri hakyndaky nazaryýet döräp, olar bilen ýadyň iki hili taglymaty baglanyşdyrylypdyr. Bu taglymatlaryň birinjisi mehaniki („materianyň ýady“), beýlekisi logiki („ruhyň ýady“, „materiýadan absolut garaşsyz“) [A. Berkson] ýat taglymatlary diýlip atlandyrylypdyr. Ýadyň bu ýörgünli taglymatynyň häzirkizaman psihologiýasynda esasan taryhy ähmiýeti bardyr.

Psihologiýada şahsyýetiň işine ähli psihiki prosessleriň, şol sana ýadyň, esasy kemala getiriji faktory hökmünde garaýan taglymat hem mälimdir. Bu taglymata görä ýada ornaşdyrmak, ýatda saklamak we gaýtadan dikeltmek prosessleriniň geçişi, netijeliligi materialyň subýektiň işinde nähili orun tutýanlygy bilen kesgitlenýär. Eksperimental derňewleriň görkezişi boýunça ýada ornaşdyrylýan elementleriň arasynda netijeli baglanyşyk we olaryň zerur wagtda gaýtadan dikelmegi haçan-da degişli material **hereketleriň maksady** hökmünde ýüze çykanda döreýär. Bu baglanyşyklaryň berkligi we çeýeligi (üýtgeýjilik, operatiwlik) degişli materialyň sybýektiň mundan beýläkki işinde ulanylyş derejesi, olaryň öňünde goýulýan maksada ýetmekdäki ähmiýeti bilen kesgitlenýär.

Şeýlelikde bu nazaryýetiň esasy tezisy (ýokarda seredilen nazaryýetleriň tersine) şeýle aňlatmak bolar: dürli keşpleriň arasynda baglanyşyklaryň döremegi ýada ornaşdyrylýan materiýalyň hut öz häsiýeti bilen däl-de, ony subýektiň nähili ulanýanlygy kesgitlenýär.

**Ýadyň fiziologik esaslary.** Ýadyň mehanizmleriň fiziologik taglymatlary I. P. Pawlowyň ýokary nerw işiniň kanunlary baradaky taglymatynyň möhüm meseleleri bilen baglanyşyklydyr. Şertli wagtlaýyn baglanyşyklaryň döremegi baradaky taglymat – bu subýektiň indiwidual tejribesiniň kemala getiriliş mehanizmleriniň „fiziologik derejede ýada ornaşdyrmagyň“ hususy taglymatydyr. Hakykatdan-da şertli refleks täze gyjyndyryjy bilen öňden beýnä ornaşdyrylan täsirleriň keşbiniň arasyndaky baglanyşygyň döremegi bilen ol ýada onaşdyrmagyň fiziologik esasy bolup durýar. Bu prosessiň sebäbine düşünmekde **berkitmek** düşünjesi aýratyn ähmiýetlidir. Berkitmek (özüniň asyl görnüşinde) bu indiwidyň hereketiniň maksadyna gös-göni ýetilmegidir. Başga bir ýagdaýda berkitmek – hereketiň motiwirleýji ýa-da ony düzediji (oňyndäl berkitmek) stimuldyr. Şeýlelikde, berkitmek täze nerw baglanyşygyň hereketiň maksadyna ýetilmegi bilen gabatlaşmagydyr: „baglanyşyk maksada ýetilmegi bilen gabatlaşan badyna ol saklanýar we berkeýär (Pawlow). Bu baglanyşygyň ähli häsiýetleri, aýratynda, onuň berkligi, hut berkitmäniň şol hereketiň durmuş (biologik) maksadyna laýyk ähmiýeti bilen kesgitlenýär. Berkitmäniň korrigirleýji (düzediji) funksiýasyny, onuň subýektiň işjeňligini edara etmekdäki, reflektor halkanyň utgaşmagyndaky roluny açyp görkezýän A. K. Anohinyň işlerinde has doly derňelýär.

Diýmek, fiziologik düşünje bolan berkitmek, psihologik düşünje bolan **hereketiň maksady** bilen baglanyşdyrylanda ýada ornaşdyrmagyň mehanizmlerini seljermegiň fiziologik we psihologik jähtleriniň birleşen punkty bolup durýar. Düşünjeleriň şeýle sintezi olaryň her birini baýlaşdyryp, ýadyň durmuşda öz alyp barýan funksiýasy bolsa geçmişe däl-de, gelejege gönükdirilendigini tassyklaýar, öň bolan zatlary ýada ornaşdyrmak, soňky boljak zatlar üçin ulanylmasa öz manysyny ýitirýär. Üstünlikli amala aşyrylan hereketleriň ýada ornaşdyrylmagy olaryň öňde goýlan maksada ýetmek üçin peýdasyny öňünden ähtimallygy bilen kesgitlemekdir.

Ýadyň fiziologik taglymatlaryna has golaýy onuň **fiziki teoriýasydyr**. Bu taglymaty esaslandyryjylaryň pikiriçe islendik nerw impulsy belli bir neýronlar toparlaryndan geçenden soň yz galdyrýar. Yzyň fiziki materializasiýalaşmagy sinapslaryň (nerw

öýjükleriniň biri-birine galtaşýan ýeri) elektrik we mehaniki üýtgeşmeleri arkaly döredilip, ol ikinji gezek impulsyň „tanyş“ ýol bilen geçmegini ýeňilleşdirýär.

Alymlaryň çaklaýşyna görä obýektiň şöhlelendirilmesi, meselem, görüş kabul edilişinde gözüň impulsyň kontury boýunça „sermelemegi“, predmeti degişli nerw öýjükli toparynda göýä obýekti durnukly giňişlik – wagt neýron strukturasy görnüşinde modelirlenýän hereketi bilen utgaşdyrylýar. Şonuň üçin-de seredýän bu taglymatymyzy başgaça, **neýron modeller taglymaty** diýip atlandyrylýar. Neýron modelleriniň döreýiş prosessi we soňraky işjeňleşmesi bu taglymatyň tarapdarlarynyň nukdaýnazaryna görä ýada ornaşdyrmagyň berkitmegiň we gaýtadan dikeltmegiň mehanizmi bolup durýar.

Häzirki zaman neýrofiziologik derňewleri ýada ornaşdyrmak we berkitmek mehanizmi has çuňňur, neýron we molekulýar derejede öwrenmäge girişýär. Bu derňewler, meselem, nerw öýjüginden çykýan aksonlaryň başga öýjükleriň dendritleri bilen galtaşýandygyny ýa-da öz öýjüginiň bedenine dolanyp gelýändigini anyklady. Nerw kontaktlaryň şeýle gurluşy mynasybetli dürli çylşyrymlykdaky oýanmalaryň **rewerbererleýji öwrümleriniň** (latynja rewerberare - şöhlelendirmek) sirkulýasiýa mümkinçiligi döreýär. Bu ýagdaýda öýjükde dörän zarýadyň hut şu öýjüge dolanyp oýanmany berkidýändigini ýa-da neýronlar zynjyryndan geçip gidýänligi sebäpli öýjügiň öz-özüni zarýadlandyrmasy bolup geçýär. Bu öwrüm şol bir ulgamyň çäginden çykmaýar. Şeýle durnykly rewerbererleýiji öwrümleri käbir alymlar **yzlaryň saklanyş prosesleriniň fiziologik substraty** diýip hasap edýärler. Bu ýerde yzlaryň gysga wagtly ýatdan uzak wagtlaýyn ýada geçmekligi bolup geçýär. Alymlaryň bir topary ýadyň bu görnüşleriniň esasynda ýeketäk mehanizm durýar diýip hasap edýän bolsa, beýlekileri bu ýerde dürli häsiýetdäki mehanizm bolýar diýip çaklaýarlar. Bu meseläniň gutarnykly çözülmegine biohimiki derňewler ýardam eder diýip çaklanylýar.

**Yadyň biohimiki taglymatlary**.Şeýlelikde, häzirki döwürde ýadyň mehanizmlerini neýrofiziologik derejede öwrenmek ony biohimik derejede öwrenmek bilen has ýakynlaşýar, köplenç

halatlarda bolsa gös-göni utgaşýar. Munuň özi köpsanly derňewleriň mysalynda tassyklanýar. Bu derňewleriň esasynda ýada ornaşdyrmak prosesiniň **iki basganҫakly häsiýeti** dogrusyndaky ҫaklama döredi. Bu ҫaklamanyň mazmuny şeýledir: birinji basganҫakda beýnide (gyjyndyryjynyň täsiriniň yzysüre) öýjüklerde birnäçe wagtdan öňki ýagdaýyna öwrülýän fiziologiki üýtgeşmeleri emele getirýän gysga wagtlaýyn elektrohimiki reaksiýa döreýär. Onuň esasynda döreýän ikinji stadiýa täze prosesleriň döremegi bilen baglanyşykly bolan hususy biohimiki reaksiýasydyr. Birinji stadiýa birnäçe sekund ýa-da minut dowam edip, ol gysga wagtlaýyn ýada ornaşdyrmanyň fiziologik mehanizmi hasaplanýar. Öýjüklerde öňki ýagdaýyna dolanmaýan himiki üýtgeşmeleň döredýän ikinji stadiýa uzak wagtlaýyn ýada ornaşdyrmagyň mehanizmi hasap edilýär.

Eger synag edilýän haýwana täze bir zat öwredip, soňra şol bada gysga wagtlaýyn elektrohimik reaksiýanyň biohimik reaksiýa geçmeginden öň arasy üzülse, haýwan öwredilýän zady „ýada salyp“ bilmeýär. Bir tejribede alaňňyrdy poldan sähel ýokarda duryan meýdanҫajyga goýupdyrlar. Şol bir bada ol pola böküpdir. Ýöne soňky bir tejribede alaňňgyrt pola bökende elektrik razrýadyndan urgy alyp, hat-da 24 sagat geҫenden soň meýdanҫajyga ýerleşdirilse-de pola bökmän, özüniň ol ýerden düşirilmegine garaşypdyr. Başga bir tejribede alaňňyrt urgy alan badyna onda gysga wagtlaýyn ýada ornaşdyrmanyň arasyny kesipdirler (onuň beýnisinden pes elektrik toguny göýberipdirler). Ertesi gün bu alaňňyrt tejribede hiҫ zat bolmadyk ýaly özüni alyp barypdyr. Mälim bolşy ýaly adamlaryň hem wagtlaýyn özünden gitmekligi edil öňüsyrasy bolan zatlaryň ýatda galmazlygyna getrirýär.

Pikir edilişi boýunҫa biohimiki reaksiýa geҫip ýetişmedik gysga wagtlaýyn elektrohimik reaksiýalaryň kesilmeginde döreýän yzlar has ҫalt ýitip gidýärler.

**Ýadyň himiki taglymatynyň** tarapdarlary yzlary beýnä ornaşdyrmak, berkitmek we gaýtadan dikeltmek esasynda daşky täsirler netijesinde nerw öýjüklerinde döreýän himiki üýtgemeler ýatýar diýip hasaplaýarlar. Bu ýerde esasy rol neýronlaryň belok molekulalarynyň, ilkinji nobatda nuklein kislotalarynyň dürli orun ҫalşmalaryna degişlidir. Dezoksiribonuklein kislotasy (DNK)

genetiki nesle geçiji ýadyň amala aşyryjysy bolup, ribonuklein kislotasy (RNK) – indiwidual, ontogenetik ýadyň esasy diýlip hasaplanylýar. Şwed biohimigi Hideniň tejribesinde nerw öýjügi gyjyndyrylanda öýjüklerde RNK mukdarynyň köpelip, uzak waglaýyn biohimiki yz galdyrýandygy, yzlaryň bolsa „tanyş“ gyjyndyryjylar gaýtadan täsir edilende öýjüge **rezonirleýiji** häsiýet berýändigi aýan edilde.

RNK örän üýtgediji häsiýetdedir; onuň özboluşly üýtgejilik ukyby $10^{15}$ - $10^{20}$san bilen ölçelýär; onuň komponentleriniň kontury, olaryň giňişlikde ýerleşişi, dargamak tizligi we beýlekiler üýtgeýär. Beýle diýildigi RNK-nyň informasiýa kodlarynyň biçak uly sanyny saklap bilýändigini aňladýar. RNK-nyň başga täsirlere jogap bermän, „tanyş gyjyndyryjylaryň“ özboluşly gurluşyny rezonirlemek ukyby ýadyň içgin biohimik mehanizmi bolup durýar diýip çaklanylýar.

Häzirki zaman biohimiki derňewleriň gazanýan üstünlikleri geljekde adamyň ýadyny dolandyrmak mümkinçiligi barada umytly çaklamalara esas berýär. Şeýle çaklamalar bilen bir hatarda soňky döwürde göýä nerw ulgamyna gös-göni himiki täsir etmek arkaly adamlary okatmak, bilimleri ýörite tabletkalaryň kömegi bilen beýnä ornaşdyrmak we ş.m. mümkinçiligi dogrusyndaky hiç bir ylmy esasy bolmadyk hyýaly ideýalar-da ýüze çykdy.

Bu babatda adamyň ýadynyň prosesleri örän çylşyrymly häsiýetde bolsalar-da, olaryň döreýiş sebäbiniň adamyň işi arkaly döredilýäandigini bellemek gerek. Bu ýerde bitewilikden – onuň böleklerine geçmek düzgüni aýgytlaýyjy rol oýnap durýar. Şunuň bilen baglanyşykda daşky täsirleriň yzlarynyň maddalaşmagy organizm – organ – öýjük ugur boýunça geçýär. Ýadyň formakalogik katalizatoryny(işjeňleşdirijisini) ulanmak bu düzgüni üýtgedip bilmez.

Munuň şeýledigini haýwanyň dürli ýaşaýyş şertleriniň onuň beýnisiniň morfologik we himiki gurluşyna edýän tasirleri ugurda geçirilen ýörite derňewleriň alnan maglumatlarda tassyklanýar. Meselem, has çylşyrymly şertlerde saklanan alaňňyrtlaryň beýnisiniň gabygy, psihologik taýdan garyp şertlerde saklananyňka garanyňda has uly we agyr bolup durýar. Has ösen alaňňyrdyň beýnisiniň himiki düzüminde hem özboluşly üýtgeşmeler bolýar: meselem nerw

impulslarynyň geçirmekligine gatnaşýan asetilholin fermentiniň mukdary köpelýär. Şeýlelikde indiwidiň psihologik derejesi, iş derejesi aşakda ýerleşýän derejeleriň hereketlenişine garanda aýgytlaýyjy rol oýnaýar.

Öz gezeginde nerw öýjügindäki agzalyp geçilýän gurluş we himiki üýtgeşmeler öňki işleriň öňümi bolup, mundan beýläkki has çylşyrymly hereketleriň ýerine ýetiriliş mehanizmine goşulyp, olaryň zerur şertleri bolup durýarlar. Şoňa göräde bu mehanizmlere hem ikinji orundaky manyda garalman, olary aşakdan, meselem, beýnä gösgöni „taýýar“ görnüşde degişli himiki maddalary göýbermek arkaly döredip bolmaýanlygyny göz öňünde tutýarlar. Ýat prosesleriniň ýokarda ýerleşýän derejeleriniň funksionirlenişiniň aşakda ýerleşýänlere görä sebäpdörediji rolunyň ähmiýeti-de hut şu manyda düşünilmelidir.

Ýadyň mehanizmleriniň dürli derejede öwrenilmegi olaryň biri-birini has çuňlaşdyrýar we baýlaşdyrýar.

## § 2. Ýadyň görnüşleri

Adamyň durmuşynyň we işiniň ähli taraplarynda ýadyň orun tutýanlygy üçin onuň ýüze çykyş görnüşleri-de dürli – dürlüdir. Ýady görnüşlere bölmek, beýnä ornaşdyrmak we gaýtadan dikeltmek proseslerini amala aşyrmak işiniň aýratynlyklary esasynda bolmalydyr. Bu talap ýadyň ol ýa-da beýleki görnüşi (meselem, görüş ýa-da eşidiş) adamyň psihiki häsiýetiniň bir görnüşi hökmünde ýüze çykýan ýagdaýynda-da adalatlydyr. Hakykatdan-da belli bir psihiki häsiýet işde ýüze çykmazyndan ozal işde kemala gelmelidir.

Ýadyň dürli görnüşlerini ýüze çykarmagyň umumy esasy hökmünde öz prosesinde ýada ornaşdyrmak we gaýtadan dikeltmek amala aşyrylýan wagtynda işiň hut öz aýratynlyklary durýar. Şoňa laýyklykda ýadyň aýry-aýry görnüşleri üç sany esasy kriteriýa-şert boýunça tapawutlandyrylýar.

1. Işde has tapawutlanýan **psihiki işjeňligiň häsiýeti boýunça** ýadyň hereket, emosional, keşp we söz-logiki görnüşleri bardyr.

2. **Işiň maksatlarynyň häsiýetine** görä erkli we erksiz ýat tapawutlandyrylýar.

3. **Materialyň ornaşdyrylyş we saklanyş dowamlygy** boýunça (onuň işdäki roluna we ornuna laýyklykda) ýat – gysgawagtlaýyn, uzakwagtlaýyn we operatiw görnüşlere bölünýär.

**Hereket, emosional, keşp ýady we söz-logiki ýat.**

Adamyň işiňiň dürli görnüşlerinde psihiki işjeňligiň dürli görnüşleri: hereket, emosional, sensor, intellektual görnüşleri agdyklyk edip biler. Işjeňligiň her bir görnüşi degişli hereketlerde we olaryň netijelerinde – hereketde, duýguda, keşplerde, pikirde aňladylyp bilner. Olaryň esasynda duryan ýadyň görnüşleri psihologiýada hereket, emosional, keşp we söz-logiki ýady diýlip atlandyrylýar.

Hereket ýady – bu dürli gymyldylary we olaryň ulgamyny beýnä ornaşdyrmak, saklamak we gaýtadan dikeltmekdir.

Durmuşda ýadyň bu görnüşiniň beýleki görnüşlerinden has tapawutlanýan adamlar gabat gelýär. Bir psiholog özüniň "düýbünden saz pýesasyny ýatdan gaýtalap bilmeýänligini" boýun alyp, ýaňy-ýakynda eşiden operasyny diňe pantomima görnüşinde ýada salyp bilýänligini aýdypdyr. Başga birentek adamlar, tersine, özlerinde hereket ýadyň barlygyny "duýmaýarlar". Ýadyň bu görnüşiniň aýratyn ähmiýeti onuň dürli amaly we zähmet, şeýle hem ýöremek, ýazmak we ş.m. endikleri kemala getirmegiň esasy bolup durýanlygyndan ybaratdyr. Hereket ýady bolmasa, degişli hereketleri ýerine ýetirmegi biz her gezekde "täzeden başlamaly" bolardyk. Adamyň fiziki başarjaňlygy, zähmet endikleri, "altyn elleri" onuň hereket ýadynyň kämilliginiň şaýadydyr.

Emosional ýat – duýgulara bolan ýatdyr. Emosiýa mydam biziň isleglerimiziň we höweslerimiziň nähili kanagatlandyrylýanlygyny, biziň daşky dünýä bolan gatnaşyklarymyzyň nähili amala aşyrylýandygyny habar berýär. Şonuň üçin-de ýadyň bu görnüşi her bir adamyň durmuşynda we işinde örän möhüm rol oýnaýar. Başdan geçirilen we ýatda saklanan duýgular hereketlere ugrukdyrýan ýa-da hereketden saklaýan (öň oňyndäl duýgy döreden) signal hökmünde ýüze çykýarlar. Adamyň beýleki bir adama duýgudaşlyk etmegi, kitap gahrymanlaryna begenmesi we gynanmasy emosional ýada esaslanandyr. "Eger-de siz

öň bir gezek bolan zady ýatlanyňyzda gyzarmaga, tolgunmaga ukyply bolsaňyz, eger-de başdan geçirilen betbagtçylyk hakynda pikirlenmäge gorkýan bolsaňyz, onda munuň özi sizde duýga bolan ýa-da emosional ýadyň bardygyna güwä geçýär”[1] – diýip Stanislawskiý ýazypdy.

Emosional ýat belli derejede ýadyň beýleki görnuşlerinden has güýçli bolup biler. Her bir adam bir wagt seredilen we düýpli ýatdan çykarylan wakalardan, kitaplardan, kinofilmlerden dine bir “täsiriň”, duýgunyň galýanlygyna öz tejribesinde göz ýetirýär. Emma şeýle duýgy-da predmetsiz däldir. Hut şonuň üçin-de ol assosiasiýa zynjyryny gözlemekde ilkinji düwünjik bolup hyzmat edýär.

Keşp ýady – bu gözöňüne getirmeler, tebigat we durmuş, şeýle hem seslere, yslara, tagama bolan ýatdyr. Ol görüş, eşidiş, syzyş, ys alyş, tagam biliş görnüşlerde bolýar. Eger görüş we eşidiş ýady adatça her bir adamda oňat ösen we durmuşynda aýgytlaýjy rol oýnaýan bolsa, ýadyň syzyş, ys alyş we tagam biliş görnüşlerini belli bir derejede ýadyň “professional”-hünär görnüşi diýip hasap etmek bolar: edil degişli duýmalar ýaly, olar işiň özboluşly şertlerine baglylykda ösýärler. Ýadyň bu görnüşleri haçan-da olar ýadyň ýetmeýän görnüşleriniň öwezini tutmaly bolanlarynda (meselem, körlerde, kerlerde we ş.m.) has ýokary derejede ösýärler.

Keşp ýady aýratyn-da “çeper” hünärlere degişli adamlarda has ösen bolýar.

Kähalatlarda **eýdetik** ýatly (grekçe “eýdos” –keşp diýmek) adamlar-da duş gelýär. Ýadyň eýdetik ýa-da aýdyň keşpleari duýgy organlarynyň daşky gyjyndyryjylar bilen oýandyrylmasynyň dowamly täsiriniň netijesidir. Gözöňüne getirmä meňzeşlikde bular hem predmetiň bolmadyk wagtynda döräp, iňňän ýokary detallaşdyrylan aýdyňlykda bolýarlar. Adam bu ýagdaýda ýok predmeti ownuk detallaryna deňeç “görüp”, edil kabul edişdäki ýaly “görejini” ol detaldan beýlekä geçirýär.

Eýdetik görüş ýady ýaly, hut şeýle aýdyň eşidiş, hatda syzyş ýady bar diýip çaklamaga doly esas bar.

---

[1] Станиславский К.С. Собранные сочинения, т.2, М., «Искусство», 1954, 217-nji sah.

Söz – logiki ýadyň mazmuny biziň pikirlerimizdir. Pikiriň dilsiz bolmaýşy sebäpli ýadyň bu görnüşine diňe bir logiki ýat diýilmäň, söz – logiki ýady diýilýär.

Pikirleriň dürli dil görnüşlerinde bolup bilýänligi üçin olaryň gaýtadan dikeldilişi bir ýagdaýda materialyň esasy mazmunyny aýtmaga gönükdirilse, başga bir ýagdaýda onuň harpma – harp söz düzümini aýtmaga gönükdirilip bilinýär. Eger-de soňky ýagdaýda material düýbünden mazmun taýdan işlemese, onuň harplaýyn ýada ornaşdyrylmasy logiki bolman, mehaniki ýat tutma bolýar.

Söz-logiki ýadynda esasy rol ikinji signal ulgamyna - dil, sözleýşe degişlidir. Ol has ýönekeý görnüşinde haýwanlara hem mahsus bolan hereket, emosional we keşp ýatlaryndan tapawutlylykda, hususy adam ýadydyr. Ýadyň beýleki görnüşleriniň ösüşine esaslanyp, söz – logiki ýat olara görä has kesgitleýji bolýar we onuň ösüşi beýleki görnüşleriniň ösüş derejesini kesgitleýär. Okatmak prosesinde okuwçylaryň bilimi özleşdirilmeklerinde söz – logiki ýady uly rol oýnaýar.

**Erksiz we erkli ýat**

Ýadyň ýokarda seredilen görnüşlerinde onuň işde kemala gelip, soňra bu işiň "konstitusional" aýratynlyklaryna öwrülýän häsiýetleri açylyp görkezildi. Adamyň ýadynyň ol ýa-da beýleki "sypaty" işiň üýtgeýän şertleri bolan motiwlere, maksada, alnyp barlyş usullaryna garaşsyzlykda hem ýüze çykyp biler.

Ýadyň aktual alnyp barylýan işiň aýratynlyklary bilen gös-göni baglanyşykly toparlara bölünişi-de bar. Meselem işiň maksadyna laýyklykda ýat erkli we erksiz görnüşlere bölünýär.

Ýörite maksatsyz ýada ornaşdyrmaklyga we gaýtadan dikeltmeklige **erksiz ýat** diýilýär. Şeýle maksat öňde goýlan ýagdaýda **erkli ýat** döreýär. Bu ýagdaýda ýada ornaşdymak we gaýtadan dikeltmek ýörite mnemiki (grekçe "mneme" – ýat) hökmünde ýüze çykýar.

Erksiz we erkli ýat şol bir wagtyň özünde ýadyň ösüşiniň iki yzygiderli basgançagy bolup durýar. Biziň tejribämiziň göwrümi we durmuşdaky ähmiýeti boýunça iňňän uly böleginiň erksiz ýadyň esasynda kemala gelýänligi her bir adama öz tejribesinden mälimdir.

Emma adamyň işinde köplenç ýady dolandyrmak zerurlygy döreýär. Bu ýagdaýda zerur zatlary maksadalaýyk ýat tutmaklyga, ýada gaýtadan dikeltmeklige mümkinçilik berýän erkli ýat möhüm rol oýnaýar.

**Gysga wagtlaýyn we uzak wagtlaýyn ýat. Operatiw ýat**

Soňky wagtlarda ýadyň psihologiýasyny öwrenmekde ýada ornaşdyrmaklygyň has başlangyç döwürlerinde, daşky täsirleriň galdyrýan yzlarynyň entek berkleşmedik ýagdaýynda, şeýle hem olaryň hut döreýän wagtynda bolup geçýän prosesleri uly ünsi çekýär.

Ol ýa-da beýleki materialyň ýatda berkidilmegi üçin, onuň subýekt tarapyndan gaýtadan işlenilmegi zerurdyr. Şeýle gaýtadan işlemek belli bir wagt talap edip, ol yzlaryň **konsolidasiýalaşmak wagty** (latynça – consalidatic – berkemek) diýip atlandyrylýar. Bu proses subýektiw ýagdaýda şu pursatda bolup geçen wakanyň "ýaňlanmasy" hökmünde syzylýar: haýsydyr bir pursatda biz edil şu wagt göz-göni kabul etmeýän zatlarymyzy görmegi, eşitmegi we ş.m. dowam edýäris (gözümiziň öňünde "duran", "gulagymyzda" ýaňlanýan zatlar we ş.m.). Bu prosesler durnuksyz we üýtgeýjilikli häsiýetde bolsalar-da, olaryň tejribe toplamak mehanizminiň hereketlenmegindäki roly iňňän ýokary bolup, olara informasiýany ýada ornaşdyrmagyň, ýatda saklamagyň we gaýtadan dilektmegiň aýratyn görnüşi hökmünde garamak bilen, olary **gysgawagtlaýyn ýat**[1] diýip atlandyrylýarlar.

---

[1] Ýadyň gysgawagtlaýyn we uzaklaýyn görnüşlere bölünmegi täzelikdir. Bular ýadyň bir wagt gös-göni we aralaşdyrylan diýip atlandyrylýan görnüşlerine belli bir derejede gabat gelýär. "Gös – göni" ýada ornaşdyrmak adalgasy subýektiň hiç bir işjeňliginiň gatnaşmazlygynda amala aşyrylýar, göýä "awtomatik" häsiýetde beýnä ornaşdyrmagy aňladýardy. Aralaşdyrylan ýada ornaşdyrmak haýsy-da bolsa ýaýraň usullary, serişdeleri ulanmaklygy göz öňünde tutýardy. Häzirki wagtda ýady gös – göni we aralaşdyrylan görnüşlere bölmek belli bir derejede öz manysyny ýitirdi. Munuň sebäbi hatda gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmakda hem subýektiň belli bir işjeňliginiň bolýanlygy we degişli usullary ulanýanlygy bilen düşündirilýär. Başgaça aýdanyňda gysgawagtlaýyn ýat hem aralaşdyrylan häsiýetde bolýar. Onuň usullarynyň ýokary derejede awtomatlaşan içki hereketler bolup durýanlygy sebäpli, ony bu usulda öz-özüňi synlamak esasynda ýüze çykaryp bolmaýar.

Materialy birnäçe gezek gaýtalanandan we gaýtadan dilekdilenden soňra uzak wagtlap saklamaklyga mümkinçilik berýän uzakwagtlaýyn ýatdan tapawutlylykda, gysgawagtlaýyn ýat özüniň ýeke-täk we gysga wagtlaýyn kabul edişden soňra şol bada gaýtadan dikeldilmekligi (material kabul edilenden ilkinji sekuntlardan soňra) bilen häsiýetlidir.

"Gysgawagtlaýyn" ýat düşünjesinde hadysanyň daşky, wagt parametri öňe sürlüp, ol bir tarapdan indiwidiň işine, onuň maksadyna we motiwlerine dahylsyz ýaly bolup görünýär. Emma bu yerde hem wakanyň wagt parametriniň organizme bolan ähmiýeti göz öňüňde tutulmalydyr. Wakanyň dowamlylygy ýat üçin "öz-özünden ähmiýetlidir", çünki uzakwagtlaýyn täsir özüniň geljekde gaýtalanmak mümkinçiligini özünde saklaýar. Bu bolsa uly taýýarlygy talap edýär. Bu babatda yzlaryň konsolidasiýasyna şol bir materialyň ýaşaýşyň möhüm maksatlaryny amala aşyrmak üçin bolan ähmiýeti hökmünde garamak mümkin. Emma gös-göni wagt faktorynyň täsiri çaksiz däldir: hiç bir ähmiýeti bolmadyk gyjypdyryjynyň uzak wagtlaýyn gaýtalanmagy ony uzakwagtlaýyn ýada öwürmän, gaýtam goranyş tormozlanmagyny döredýär.

Gysgawagtlaýyn ýat düşünjesine derek edebiýatda köplenç onuň dürli sinonimleri – "pursatlaýyn", "ilkinji", "bada-bat", "gysga möhletli" diýen düşünjeler we ş.m. ulanylýar. Emma birnäçe awtorlar şeýle sinonimleriň biri hökmünde **"operatiw" ýat** adalgasyny ulanyp, şunuň bilen onuň wagt aralygyny däl-de, "işewürlik" häsiýetini nygtamak isleýärler. Şeýle-de bolsa, operatiw ýadyň mazmuny dogrusynda psihologiýada adamyň ýerine ýetirýän aktual hereketlerini, operasiýasyny beýnä ornaşdyrýan we gaýtadan dilkeldýän mnemiki proseslere düşünilýär. Biz haýsy-da bolsa bir çylşyrymly, meselem, arifmetik hereketi ýerine ýetirenimiz-de, ony "bölekleýin" amala aşyrýarys. Bu ýagdaýda biz birnäçe aralyk netejeleri olar bilen iş salyşýan wagtymyz tamamlanýança "hakydamyzda" saklaýarys. Ahyrky netijä ýakynlaşdygymyzça takyk "işlenilen" material ýatdan çykarylýar. Hut şeýle ýagdaýy okamakda, göçürmekde, umuman islendik çylşyrymly hereketde görýäris. Adamyň iş salyşýan materialynyň bölekleri dürli hili bolup biler (çagada okamak prosesi aýry-aýry harplary jemlemekden başlanýar).

**Ýadyň operatiw birlikleri** diýip atlandyrylýan bu bölekleriň göwrümi işiň üstünlikli amala aşyrylmagyna düýpli täsir edýär. Şonuň üçin-de operatiw birlikleriň optimallygy gazanylmalydyr.

Operatiw ýada şeýle düşünmeklik ony uzak we gysgawagtlaýyn ýatdan tapawutlandyryp, şol bir wagtyň özünde olaryň arabaglanyşygy şöhlelendirýär. Operatiw ýatda gysga we uzakwagtlaýyn ýatlardan gelip gowuşýan materiallaryň "işçi toplumy" emele gelýär. Bu işçi material entek hereketlenýän wagtynda operatiw ýadyň garamagynda bolýar.

**Ýadyň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygy**

Ýady görnüşlere bölmegiň ýokarda görkezilen kriteriýalary adamyň işiniň bir organiki bitewiligi döredýän dürli taraplary bilen baglanyşykly bolup durýar. Ýadyň degişli görnüşleri-de hut şeýle birlik häsiýetinde bolýar. Meselem, pikire we düşünjä bolan ýat söz – logiki görnüşde bolup, şol bir wagtyň özünde erkli ýa-da uzakwagtlaýyn bolýar.

Başga bir tarapdan şol bir kriteriýa boýunça ýüze çykyralýan ýadyň dürli görnüşleri-de özara baglanyşyklydyrlar. Meselem, daşky dünýäniň predmetleriniň we hadysalarynyň özara baglanyşykda bolýanlygy sebäpli olary şöhlelendirýän hereket, keşp, söz – logiki ýatlary-da bir-birlerinden aýry-aýrylykda bolup bilmeýärler.

Ýadyň erkli we erksiz görnüşleriniň arasynda hem çylşyrymly özara baglanyşyk bardyr. Bu barada ýada ornaşdyrmak prosesini seljerenimizde durup geçeris.

Gysga we uzakwagtlaýyn ýatlar bir bitewi prosesiň iki stadiýasydyr. Gysgawagtlaýyn ýat degişli materiallaryň uzakwagtlaýyn ýada tarap geçiş ugrundaky basgançakdyr. Ýadyň ähli prosesleri onuň gysgawagtlaýyn görnüşinden başlanýar.

## § 3. Ýadyň prosesleri

Ýadyň ýokarda görkezilen görnüşleri ýüze çykarylanda olaryň işde nähili takyk funksiýalary (berkitmek, saklamak ýa-da materialy gaýtadan dikeltmek) alyp barýanlygyna üns bermezden, käbir durnukly häsiýetleri we taraplary göz öňünde tutuldy. Meselem, ýat keşp, söz – logik, hereket we emosional görnüşlere bölünende, onda beýnä ornaşdyrmagyň, saklamagyň, obýekti gaýtadan dikeltmegiň görnüşi (keşp, söz we ş.m.) esasy üns merkezinde bolýar.

Ýadyň görnüşlerinden başga onuň prosesleri-de bardyr. Bu ýerde proseslere bölmegiň esasy hökmünde ýadyň ýaşaýyşda we işde ýerine ýetirýän dürli funsiýalary göz öňünde tutulýar. Ýadyň proseslerine **ýada ornaşdyrmak** (berkitmek), **gaýtadan dikeltmek** (işjeňleşdirmek, täzelemek) hem-de **saklamak,** materialy **ýatdan çykarmak** degişlidir.

Görkezilen proseslerde ýadyň iş bilen arabaglanyşygy, şeýle hem onuň aktlarynyň aýratyn özbaşdak (mnemiki) hereket hökmünde geçýänligi ýüze çykýar.

Ýadyň prosesleri biri-birleri bilen deňeşdirilende olaryň göýä funksional gapma-garşylykly gönükdirilmesi duýulýan bolsa-da, olara bitewilikde garamak zerurdyr. Bu bitewilik olaryň diňe bir daşky baglanyşygynda ýüze çykman, eýsem prosesleriň biri-birlerine dialektiki geçirişlerinde döreýär.

Ýadyň mazmunyny gaýtadan döretmeklik bu materialyň awtomatik “sanalmagy” bolman, onuň aňly döredilmegi, hat-da rekonstruirlenmegi bolýanlygy sebäpli, gaýtadan dikeltmek prosesine gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmak we saklamak hem goşulýar. Galyberse-de, gaýtadan dikeldiş prosesinde uzakwagtlaýyn ýada ornaşdyrmak hem amala aşyrylýar. Materialy gaýtalamak ony gaýtadan dikeltmek bilen bir hatarda ýat tutmakdyr.

**Saklamak – ýatdan çykarmak** proseslerini-de şeýle seljermek bolar. Ýöne onuň üçin olar hut proses hökmünde aňlanylmalydyr. Meselem, ýatda saklamak materialyň indiwidiniň işine gatnaşmak funkiýasy hökmünde düşünilip bilner. Şeýle gatnaşmaklyk gös – göni däl-de, aňlanylmaýan häsiýetde bolup biler. Emma adamyň islendik hereketinde onuň şahsyýetiniň bütin tejribesi gatnaşýar. Bu babatda ol ýa-da beýleki materialyň ýatdan “çykmagy” (ýatdan çykarmak) onuň diňe işe gatnaşmaýanlygyny aňladýar. Başgaça aýdanyňda

ýatdan çykarmaklyk absolýut häsiýetde bolman, psihologik nukdaýnazardan ol psihikanyň belli bir mazmunyny gysgawagtlaýyn ýada, aňlanylýan ulgama geçirmegiň kyndygyny (ýa-da mümkin däldigini) aňladýar. Ýatdan çykarmaklyga adaty söz ulanylyşynda hut şeýle (ýatdan çykarmaklygyň çuňluk derejesi) manyda düşünilýär. Emma proses hökmünde ýatdan çykarmaklyk ünsüň obýektden sowulmagyndan başlanýar. Ünsüň islendik *A* obýetktden *B* obýekte geçirilmeli belli bir derejede *A*-nyň ýatdan çykarylmaklygyny aňladýar. Şonuň üçin-de diňe bir gaýtadan dikeldilmeli kyn (ýa-da mümkin däl) zatlar ýatdan çykarylman, häzirki pursatda işjeň aňlanylmaýan tejribäniň mazmuny ýatdan çykarylýar. Şeýlelikde, ýatdan çykarmaklyk islendik psihiki prosesiň, şol sanda ýadyň hem degişli tarapy bolup durýar. Proses hökmünde ýada ornaşdyrmagyň özi aňyň obýekt boýunça "süýşmegini" göz öňünde tutmak bilen, hökmany ýagdaýda materialyň wagtlaýyn ýatdan çykarylmagyny özünde jemleýär. Bu ýat prosesleriniň "gapma – garşylygynyň" birliginiň ýüze çykmagydyr.

Şeýlelikde, ýat tutuşlygyna çylşyrymlly, emma bitewi we yzygiderli prosesdir. Ýatsyz hereketlenýän aňyň hiç bir ýagdaýyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Ýat prosesleriniň geçişi şaýsyýetiň işi, onuň maksadagönükdirilmesi arkaly döredilýär.

Aýry – aýry ýat proseslerini adaty seljerenimizde biz olaryň çylşyrymly baglanyşyklaryndan sowlup, ol ýa-da beýleki prosesi onuň dominirrleýji(agalyk ediji) häsiýetine laýyklykda kesgitleýäris.

Ýadyň her bir prosesleriniň özara bagalanyşyklydygyny ýatda saklap, olaryň her biriniň örän düýpli aýratynlyklaryny aýry-aýrylykda garap geçeliň.

## § 4. Ýada ornaşdyrmak

**Ýada ornaşdyrmak** ýadyň prosesi hökmünde bu täze materialyň öňki tejribede gazanylanlar bilen baglanyşdyrylmagy arkaly berkidilmegidir. Munuň özi indiwidiň tejribesini täze bilimler we özüňi alyp barşyň görnüşleri bilen baýlaşdyrmagyň şertidir. Ýada ornaşdyrmak hemişe saýlanylyp alynmak esasynda guralýanlygy

sebäpli biziň ýadymyzda duýgy organlaryna gelýän täsirleriň diňe käbirleri saklanýar. Eýsem şeýle saýlamak nämä esaslanýar?

**Ýada ornaşdyrmak we hereket** Eksperemental derňewleriň görkezişi boýunça islendik ýada ornaşdyrma, şol sanda erksiz ornaşdyrmak hem subýektiň obýekt bilen işiniň kanunalaýyk önümi bolup durýar.

Bir tejribede synag edilýänlere kartoçkalarda şekillendirilen predmetleri görnüşlere bölmek tabşyrylypdyr. Her bir kartioçkada predmetden başga san ýazgysy hem bolupdyr. Tejribe tamamalanadan soň olardan kartoçkalarda nämäni görendiklerini ýada salmagy soradylar. Bu ýagdaýda predmetleriň gowy ýatda galandygy anyklanypdyr. Sanlar hakynda aýdylanda bolsa, synag edilýanler olary "asla görmändiklerini" aýdypdyrlar. Başga bir tejribede hur şol kartoçkalary olarda ýazylan sanlar boýunça yzly – yzyna goýmak tabşyrylypdyr. Bu ýagdaýda tersine, sanlar gowy ýatda galyp, suratlar ünssüz galdyrylypdyr. Diýmek, ilkinji nobatda adamyň iş salyşýan zady ýada ornaşdyrylýar. Bu kanunalaýyklykamaly, zähmet işleriniň mysalynda hem ýüze çykaryldy.

Görkezilen faktlar wakalaryň diňe biri-birlerine gabatlaşmagynyň (suratlar we sanlar) ýada ornaşdyrmagy üpjün etmeýänligine şaýatlyk edýär. Esasy faktor – adamyň bu material bilen näme edýänligidir. Mälim bolşay ýaly, işiň şol bir daşky şertleri, dürli adamlarda olaryň şahsy indiwidual, öňki tejribeleriniň aýratynlyklaryna baglylykda absolýut birmeňzeş ýada ornaşdyrmagy döretmeýar. Beýle diýildigi ýada ornaşdyrmagyň işe baglylygyna şahsyýet kontekstinde, ýagny motiwleriň, maksatlaryň we olaryň amala aşyrylyş usullarynyň aýratynlyklygyna baglanyşýklykda garamaly diýmekdir.

Diýmek, ol ýa-da beýleki materialy ýada ornaşdyrmaklyk motiwler, maksatlar we şahsyýet işiniň usullary bilen kesgitlenýär. Ýadyň döreýşini, ösüşini adamyň işinden getirip çykarýan, ýady öwrenmekde psihologiýanyň bir ugrunda kesgitlenýän taglymatyň mazmuny hut şundan ybaratdyr. Ýada ornaşdyrmak prosesleriniň ähligörnüşleri, kemala geliş tapgyrlary, bu tapgyrlaryň has başlangyç

derejesi, ýagny gysgawagtlaýyn beýnä ornaşdyrmak derejesi-de hut şu nukdaýnazardan düşündirilýär.

**Gysga we uzak wagtlaýyn ýada ornaşdyrmak**

Eýsem gysga wagtlaýyn ýada ornaşdyrmak näme? Eger-de size birnäçe sifrleri, harplary ýa-da sözleri aýdyp, şol bada hem olary gaýtalamak teklip edilse, siz ony hiç bir kynçylyksyz ýerine ýetirersiňiz. Hat-da bernäçe manysyz bogunlary gaýtadan dikeltmek hem sizde uly bir kynçylyk döretmez (eger-de hatar bäş-ýedi elementden köp bolmasa). Meselem, siz bo, da, at, gu, tu, týa hatary ol aýdylan badyna gaýtalap bilersiňiz. Birnäçe wagt geçenden soň welin bu size başartmaz. Bu gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmakdyr. Uzakwagtlaýyn ýatda saklamak üçin siz bu hatary birnäçe gezek gaýtalamaly ýa-da ýörite ýada ornaşdyrmak usullaryny ulanmaly bolarsyňyz (meselem, bogunlary sözlere birleşdirip, olardan emeli sözlem ýasamak: BOgDAn Ata Guş TUTÝAr). Bu ýagdaýda ýada ornaşdyrmak uzakwagtlaýyn bolýar.

Ilkinji nobatda inženerçilik psihologiýasynyň zerurlygy boýunça başlanan gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmagy derňemek häzirki döwürde uly umumy nazary ähmiýete eýe bolýar. Tutuşlygyna häzirki zaman ýat psihologiýasynyň meselesi belli bir derejede gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmagyň proseslerini öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Bu ýerde ýady öwrenmegiň psihologik, neýrofiziologik, biohimik jähtleri öz düýpli çözlüşini tapmalydyr.

Adyndan görnüşi ýaly, “gysgawagtlaýyn” ýada ornaşdyrmagyň esasynda wagt ölçegi goýlandyr. Emma wagt parametri näçe möhüm bolsa-da, gös-göni gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmagy doly häsiýetlendirip bilmez. Ýat prosesleri adamyň işiniň häsiyetine baglylykda informasiýanyň dürli wagt şertlerinde gaýtadan işlenişine laýyklykda garalmalydyr. Ýada ornaşdyrmak ýokardan berilýän programma boýunça, ýagny adamyň material bilen amala aşyrýan işiniň häsiýeti boýunça kesgitlenilýär.

Häzirki wagtda gysgawagtlaýyn ýadyň adamyň alyp barýan işiniň häsiýetine, amala aşyrýan ýümşunyň aýratynlyklaryna baglylygyny öwrenmäge gönükdirilen derňewler geçirilýär. Henize çenli gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmagy öwrenmekde esasan iki faktor – ekspozisiýasynyň (ýada ornaşdyrylýan zady subýekte görkezmeklik) wagty we hödürlenýän material göz öňünde tutulýardy. Synag edilýäniň öňünde goýulýan ýumşuň talaby bolsa üýtgemän galyp, ol hemişe mnemiki ýumuş bolup galýardy. Şonuň üçin-de ýada ornaşdyrmagyň göwrümi hödürlenýän materialyň şol bir wagt režiminde hemişelik ululykda galyardy. Häzirki wagtda dürli akyl ýetiriş mnemiki ýumuşlaryň gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmagyň netijeliligine dürli hili täsir edýänligine şaýatlyk edýän maglumatlar alyndy. Bu maglumatlara görä gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmak şol bir öwrenilen wagt predellerinde gös-göni beýnä ornaşdyrmak däldir (tejribeler sifrleýin materialda her bir sana degişlilikde wagt ekspozisiýasyny 1 sekuntdan 0.25 sekunda çenli üýtgedip eşitdirmek arkaly geçirilipdir).

Derňewleriň netijesiniň görkezişi boýunça gysgawagtlaýyn beýnä ornaşdyrmak şertlerinde diňe çözlüşi üçin awtomatlaşdyrylan usullary ulanmak mümkin bolan ýumuşlar has netijeli bolýarlar. Çözlüşi giňişleýin usullary talap edýän ýumuşlar bolsa gysgawagtlaýyn görkezilende materialyň ýada ornaşdyrylyşýny kynlaşdyrýar.

Ýokarda görkezilenlerden ugur alyp, **gysgawagtlaýyn ýada ornaşdyrmagy adamyň materialy özleşdirmekde diňe awtomatlaşdyrylan usullary ulanmaga mümkinçilik berýän wagt aralygynda ýat tutmagy** diýip kesgitlemek mümkindir.

Gysga we uzakwagtlaýyn ýada ornaşdyrmagyň aralyk derejesi hökmünde **operatiw** ýada ornaşdyrmagy görkezmek bolar.

Operatiw ýada ornaşdyrmak adamyň pursatlaýyn işini alyp barmaga gönükdirilen ýat prosesidir. Ol adamyň ýerine ýetirýän işiniň her bir takyk operasiýasynyň netijesini gazanmagyň belli bir şertidir.

Derňewleriň görkezişi boýunça, bir tarapdan, operatiw ýadyň häsiýetleri (göwrüm, takyklyk, çeýelik we ş.m.) işiň mazmuny we

gurluşy bilen, başga bir tarapdan bolsa, işiň guramaçylyk derejesi bilen kesgitlenýär.

Operatiw ýadyň, şol sanda onuň hyzmat edýän işiniň netijeliliginde öň aňladylyp geçilen ýadyň operatiw birlikleri, ýagny işiň maksadyna ýetmek prosesinde ýatda saklanan materialyň belli bir göwrümi esasy orun tutýar. Ýadyň operatiw birliklerini dürli derejede kemala getirmek operatiw ýadyň we onuň hyzmat edýän işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy serişdeşi bolup durýar.

Operatiw ýada ornaşdyrmagyň derejesinde informasiýanyň gysgawagtlaýyn ýatdan uzak wagtlaýyn görnüşine geçişine göz ýetirmek bolar. Tutuş bitewileýin tekst okalanda biz söze jemlenýänçä harplaryň manysyny, sözlem düzülýänçä bolsa sözleriň manysyny ýadymyzda saklamaly bolýarys we ş.m. bu operasiýalaryň her biri ýerine ýetirilenden soň degişli takyk mazmunlar ýatdan çýkarylýar (meselem, öňki sahypada üçnji abzasyň ikinji sözleminiň haýsy söz bilen başlanýandygyny biz ýadymyza salyp bilmeýäris). Emma aralyk operasiýalarda "işlenen" material bütinleý ýatdan çykýan bolsa, biz her gezekki operasiýadan soňra işi dowam edip bilmezdik. Bölekleýin mazmunlary özünde birleşdirýän, degişli mazmun eleginden ötürilen umumy mazmunlar indiki has ýokary derejä geçirilýär.

Uzakwagtlaýyn ýadyň düzümine şahsyýetiň işiniň durmuş taýdan ähmiýetli maksadyna ýetmek üçin taktiki dä-de strategik ähmiýete bolan informasiýa goşulýar.

Uzakwagtlaýyn ýada ornaşdyrmak adamyň işiniň kanunalaýyk önümi bolmak bilen, hereketiň dine bir "yz galdyryjy" täsiri bolman, bu işiň hususy içki zerur şerti hökmünde amala aşyrylýar. Başgaça aýdanyňda islendik materialyň ýada ornaşdyrlmagy – bu bir tarapdan, öňki işiň önümi bolup, şol bir wagtyň özünde hem indiki işi amala aşyrmagyň serişdesi bolup durýar. Öz maksady boýunça ýada ornaşdyrmak erksiz we erkli görnüşlerde bolýar.

**Erksiz we erkli ýada ornaşdyrma**

**Erksiz ýada ornaşdyrmak akyl ýetiriş we amaly hereketleriň önümi we ýerine ýetirişiniň şerti bolup durýar.** Bu ýagdaýda ýada ornaşädyrmak biziň esasy maksadymyz bolmansoň,

ähli erksiz ýatda galan zatlara biz “öz-özünden ýatda galypdyr” diýýäris. Hakykatda bolsa bu biziň işimiziň aýratynlyklary bilen döredilýän kanunalaýyk prosesdir. Derňewleriň görkezişi boýunça erksiz ýada ornaşdyrmagyň netijeliligi üçin materialyň işiň gurluşynda tutýan orny örän möhümdir. **Eger-de material işiň esasy maksadynyň mazmunyna girýän bolsa, ol maksada ýetmegiň şertine, usullaryna girýän ýagdaýyna seredeniňde has oňat ýada ornaşdyrylýar.**

I, II, III synp okuwçylary we talyplary bilen geçirilen tejribede olara bäş sany ýönekeý arifmetik mysallary işlemek tabşyrylypdyr. Tejribäniň ikisinde-de synag edilýänlerden duýdansyz ýagdaýda mysallaryň şertini we sanlaryny ýada salmagy sorapdyrlar. I synp okuwçylary talyplardan üç esse diýen ýaly köp sanlary ýatlapdyrlar. Bu netije birinji synplar üçin goşmagyň we aýyrmagyň heniz endige öwrülmänligi bilen düşündirilýär. Bu operasiýalar olar üçin manyly maksada gönükdirilen iş bolup durýar. Olar üçin sanlar bilen işlemeklik hereketiň maksady bolup, talyplar üçin bolsa ol maksadyň mazmunyna dä-de, usulyň mazmunyna girýär.

Adamyň işinde dürli orun tutýan material onuň işi üçin dürli ähmiyete eýe bolýar. Şonuň üçin-de ol özüne dürli gönükdirilme döredip, dürli hili berkleşdirilýär. Esasy maksadyň mazmunyny düzýän material oňa ýetmek üçin serişde bolup durýan materiala garanda has işjeň oriýentirlenmegi we ýetilen netije hökmünde berkidilmegi döredip, has oňat ýatda hem galýar.

Ýörite derňewleriň görkezişine görä, işiň esasy maksadyny düzýän material haçan-da özünde düýpli mazmunly baglanyşýklar döredilende ýada ornaşdyrlýar. Tekstiň erksiz ýada ornaşdyrylyşyny öwrenmek üçin geçirilen bir tejribede okuwçylaryň ortaça çylşyrymly tekstlere garanda has ýeňil testleri pes ýada ornaşdyrýandyklary anyklanypdyr. Çylşyrymly tekst bolsa haçan-da okuwçylaryň hut özleri meýilnama düzüp özleşdirenlerinde, bu teksti taýýar meýilnama boýunça ulanandakylaryndan has oňat ýada ornaşdyrypdyrlar. Şeýlelikde, bizde işjeň akyl işi talap edýän materialyň ýada ornaşdyrylyşy has ýokary bolýar.

Mälim bolşy ýaly, biz ilkinji nobatda möhüm durmuş ähmiýeti bolan, bizde höwes we duýgy döredýän zatlary has doly we

uzakwagtlaýyn erksiz ýadymyza ornaşdyrýarys. Biz ýerine ýetirýän ýumşumyzyň mamunyna näçe gyzyklanma bilen çemeleşdigimizçe erksiz ýada ornaşdyrmak şonça-da netijeli bolýar. Meselem, eger sapak okuwçyny gyzyklandyrýan bolsa, ol ony "Ýöne göz üçin diňleýän" ýagdaýyndan has oňat ýatda saklaýar. Okadyşda bilimleriň erksiz ýada ornaşdyrylyşyny öwrenmek boýunça geçirilen ýörite derňewler, okamygyň hususy içki motiwizasiýasyny döretmegiň onuň esasy şertleriniň biri bolup durýanlygyny görkezdi. Bu bolsa haçan-da okuw ýumuşlarynyň ulgamy her bir gazanylan netijäniň indiki netijäni gazanmak üçin zerur serişde bolup durýan görnüşde guralan ýagdaýynda döreýär.

**Erkli ýada ornaşdyrmak** – esasy maksady hut ýada ornaşdyrmak bolup durýan ýörite mnemiki hereketleriň önümidir. Şeýle hereketleriň netijeliligi-de onuň maksatlarynyň we ýerine ýetiriliş, usullarynyň aýratynlyklaryna baglydyr. Bu ýagdaýda esasy şertleriň biri – ýada ornaşdyrmak boýunça anyk ýumuş goýmakdyr.

Materialy takyk, doly we yzygiderli ýada ornaşdymak barada geçirilen birnäçe ýörite derňewlerde ýumuş goýmaklygyň oňyn roly subut edildi. Dürli mnemiki maksatlar ýada ornaşdyrmagyň prosesine, onuň dürli usullaryny saýlap almaga, şonuň bilen baglanyşyklylykda bolsa onuň netijesine düýpli täsir edýär. Bu tejribede okuwçylara iki sany hekaýany ýat tutmak tabşyrylypdyr. Olaryň birinjisini barlamak ertire bellenilip, ikinjisini bolsa uzak wagtlap ýat tutmak tabşyrylypdyr. Hakykatda bolsa iki hekaýanyň-da barlagy dört hepdeden soňra geçirilipdir. Netijede ikinji hekaýa birinjä garanda has oňat ýada ornaşdyrylypdyr. Mälim bolşy ýaly, uzak wagtlaýyn maksat bilen däl-de, diňe synag üçin ýat tutulýan material çalt ýatdan çykarylýar.

Diýmek, mnemiki işiň roluny diňe ýada ornaşdyrmak niýetine syrykdyrmak mümkin däldir. Dürli mnemiki ýumuşlar materialyň mazmunynda, gurluşynda, dil görnüşinde dürli oriýentirlenme emele getirip, ýada ornaşdyrmagyň degişi usullaryny döredýär. Şonuň üçin-de okuw işinde okuwçylara differensirlenen (tapawutlandyrylan) ýumuşlar bermelidir: bir tarapdan nämäni ýada ornaşdyrmalydygy nygtalyp, beýleki tarapdan bolsa nähili ýat tutmalydygy aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Erkli ýada ornaşdyrmakda ýat tutmaga ugrukdyrýan motiwler uly rol oýnaýarlar. Habar berilýän informasiýa okuwçy tarapyndan düşünilip we ýat tutulyp bilner, ýöne onuň üçin hiç bir ähmiýeti bolman çalt ýatdan çykarylmagy mümkindir. Özlerinde borç we jogapkärçilik duýgusy terbiýelenmedik adamlar öz ýatda saklamaly zatlaryny köplenç unudýarlar.

Erkli ýada ornaşdyrmagyň netijeliligini üpjün edýän şertleriň arasynda rasional usullary ulanmak esasy orun tutýar. Bilimler faktlaryň, düşünjeleriň, pikir ýöretmeleriň belli bir ulgamyndan emele gelýär. Olary ýada ornaşdyrmak üçin degişli many birliklerini ýüze çykaryp, olaryň arasynda baglanyşyk döretmeli, ol ýa-da beýleki derejede ýaýbaňlandyrylan pikirlenme prosesleri bilen baglanyşykly logiki usullary ulanmaly bolýar. Logiki, aňlanylan ýada ornaşdyrmagyň zerur şerti materiala düşünmeklikdir. Düşünilen material öňki özleşdirilen bilimler, adamyň öňki tejribesi bilen manyly assosirlenýänligi üçin çalt we durnukly ýada ornaşdyrlýar. Munuň tersine, düşünilmedik ýa-da doly düşünilmedik material adamyň aňynda özbaşdak, adamyň öňki tejribesi bilen manyly baglanyşykly bolmadyk görnüşde ýüze çykýar. Düşünilmedik material adatça adamyň ünsüni hem çekmeýär.

Logiki ýada ornaşdyrmagyň möhüm usullarynyň biri-de ýat tutulýan materialyň **meýilnamasyny** düzmekdir. Ol üç zwenodan durýar: materialy düzüm böleklere bölemek, olar üçin sözbaşy tapmak ýa-da materialyň şol böleginiň mazmuny bilen assosirlenýän haýsy-da bolsa bir daýanç punkty ýüze çykarmak; bölekleri olaryň sözbaşlary ýa-da daýanç punktlary boýunça assosiasiýalaryň bir bitewi hataryna baglanyşdyrmak. Aýry – aýry pikirleri, sözlemleri many böleklerine birleşdirmek, ýada ornaşdyrmaly materialyň göwrümini kiçeltmän, onuň birlikleriniň sanyny azaldýar. Materialyň meýilnamasyny düzmek, ony böleklenen we sazlyşykly görnüşe salmaklyga mümkinçilik berip, onuň okamak prosesinde aňsat kabul edilmegini üpjün edýär. Bu bolsa öz gezeginde materialyň ýada ornaşdyrylmagyny ýeňilleşdirýär.

Materiala düşünmek üçin düzülýän meýilnamadan tapawutlykda, ýada ornaşdyrmak üçin düzülýän meýilnamada has bölekleýin birlikler döredilip, sözbaşylar bolsa diňe gaýtadan

dikeltmeli zady ýatladýanlygy üçin öz görnüşi boýunça dolydäl, bölekleýin, häsiýetde bolýar.

Logiki ýada ornaşdyrmagyň usuly hökmünde **deňeşdirme** hem uly ähmiýete eýe bolýar. Bu babatda obýektlerdäki tapawudy açyp görkezmek has ähmiýetlidir. Bu bolsa ýada ornaşdyrmakda baglanyşyklaryň ýöriteleşmegini üpjün edip, şonuň netijesinde obýektleriň keşplerini belli bir ugur boýunça gaýtadan dikeldilmeklige gönükdirýär. Obýektleriň arasyndaky diňe umumy, üstüsine-de has giňişleýin baglanyşyklary döretmek olaryň ýada salynmagyny kynlaşdyryp biler. Ýada salmakdaky kynçylyk köp derejede şonuň bilen düşündirilýär (meselem, Çehowyň "Ýaby familýasy" atly hekaýasynda Owsow familiýasy).

Obýektleriň arasynda tapawut näçe ýiti ýüze çykdygyça olaryň beýnä ornaşdyrylmasy has çalt we durnukly amala aşyrylýar. Şonuň üçin-de obýektleriň deňeşdirmesini olaryň has ýiti tapawutlaryndan başlap, diňe şondan soňra beýleki tapawutlaryna geçmelidir. I.Pawlow öz geçren tejribesiniň netijesinde belli bir gyjyndyryjy döreýän nerw baglanyşygynyň çaltlygynyň we berkliginiň onuň bir özüniň köp gezek berkidilmegi bilen däl-de, eýsem onuň berkidilmeginiň beýleki özüne meňzeş berkidilmeýän gyjyndyry bilen aralaşdyrylmagyna, oňa garşy goýulmagyna bagly bolýanlygyny anyklapdyr.

Erkli ýada ornaşdyrmanyň çylşyrymly usullary bolan materialy ýat tutmak maksady boýunça görnüşlere bölmek we ulgamlaşdyrmak meňzeşligiň we konrastlygyň assosionirlenmegine esaslanýandyr.

Haçan-da materialy logiki özleşdirmek giňişleýin keşp baglanyşyklaryna daýanýan bolsa, ol ýada ornaşdyrmagyň aňlanylyşyny we berkligini ýokarlandyrýar. Şonuň üçin-de özünde mümkin boldugyça degişli keşpleri döredip, olary ýada ornaşdyrylýan materýalyň mazmuny bilen baglanyşdyrmalydyr.

Ýada ornaşdyrmagyň möhüm serişdeleriniň biri-de beýnä ornaşdyrylan materialy öz-özüňe aýdyp bermek görnüşinde gaýtadan dikeltmekdir. Emma bu usula materialy öňürti düýpli aňlatmakdan soňra ýüzlenmelidir. "Öz sözleriň" boýunça gaýtadan dikeltmek materiala düşünmegi aýratynda-da gowulandyrýar. Ýeterlik

düşünilmedik material adatça “deľ” dil görnüşi bilen baglanyşykly bolup, düşünilen material bolsa çalt “öz diliňe” “terjime edilýär”.

Gaýtadan dileltmek aýratynda-da mehaniki ýat tutmakda beýnä ornaşdyrmagy çaltlaşdyrýar, çünki öz-özümize gaýtalap aýdyp bermek “gowşak ýerleri” ýüze çykaryp, subýekte öz-özüne kontrollygy amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Gaýtadan dikeltme **tanamakdan** tapawutlandyrylmalydyr. Tanamak, predmeti gös-göni kabul etmek esasynda döreýänligi üçin ýada ornaşdyrmakdan has ýeňildir. Diňe materialy gaýtadan dikeltmek, ýada salmak bilimleri ynamly özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Öz göwrümi boýunça birnäçe gezek gaýtalanmaklygy talap edýän material üç usulda ýada ornaşdyrylyp bilner: bölekleýin usul; ýa-da tutuşlaýyn – bitewileýin usul; ýa-da bitewileýin we bölekleýin – kombinirlenen usul. Bu usullaryň has amatlysy – konbinirlenen usul bolup, pes netijelisi – bölekleýin usuldyr. Bölekleýin usulda bitewi materialyň umumy mazmunyna ugrukdyrmaklygyň bolmaýanlygy sebäpli onuň aýry-aýry bölekleri biri-birinden üzňelikde ýat tutulýar. Bu bolsa materialyň çalt ýatdan çykarylmagyna getirýär. Bitewileýin usul has netijeli bolup, onda materialyň aýry – aýry böleklerine özara baglanyşykda düşünmäge mümkinçilik berýän we ýada ornaşdyrmagy ýeňilleşdirýän umumy mazmuny ulanylýar. Ýöne bölekler dürli kynlykda bolup, üstüsine-de uly göwrümli materialyň orta bölegi başky hem-de ahyrky böleklerine garanyňda hemişe ýada pes ornaşdyrylýar. Kombinirlenen usulda material şeýle tertipde ýada ornaşdyrylýar: ilki material tutuşlygyna aňlanylyp, onuň aýry-aýry bölekleri ýüze çykarylyp, soňra bölekleriň has kynlary ýada ornaşdyrylýar, iň soňunda bolsa material tutuşlygyna täzeden gaýtalanýar.

Ýada ornaşdyrmagyň şeýle usuly şu aşakdaky operasiýalary: materiala tutuşlaýyn oriýentirlenmek, onuň toplumyny ýüze çykarmak, topar içindäki baglanyşgy, topar arasyndaky baglanyşygy döretmek operasiýalaryny özünde birleşdirýän mnemiki hereketleriň gurluş aýratynlygyna laýyk gelýär.

Materialy gaýtadan dikeltmek mümkinçiligi hemişe ýada ornaşdyrmagyň berkliginiň alamaty bolup durmaýar. Şonuň üçin-de mugallym gaýtalamak üsti bilen okuwçylarda bilimleriň berk

ornaşdyrylmagyny gazanmaga çalyşmalydyr. Belli pedagoglaryň aýtmagyna görä, gaýtalamak hakynda, bilimleri berkitmek ugrunda alada etmeýän mugallym ýüki gowşak daňylan içgili arabaça meňzeşdir: ol yzyna garaman haýdamak bilen, arabany menzile eltip, diňe uly ýoluň geçilenligi bilen öwünýär.

Emma gaýtalamak diňe aňlanylan, pikir ornaşdyrylan we işjeň häsiýetde netijelidir. Bu häsiýetler bolmasa, ol: mehaniki ýada ornaşdyrmaklyga getirýär. Şonuň üçin-de gaýtalamagyň iň amatly usuly – özleşdirilen materialy soňra gündelik işiň mazmunyna goşmakdyr. Eksperimental okadyşyň tejribesiniň görkezişine görä, eger-de programmalaýyn material ýumuşlaryň kesgitli ulgamy hökmünde guralsa (her bir geçilen basgançak öňdäki basgançak üçin zerur görnüşde düzülende), okuwçynyň gündelik işinde möhüm material her gezekde täze derejede we baglanyşykda zerurlyk bilen gaýtalanýar. Bu ýagdaýda zerur bilimler erksiz ýagdaýda ýörite maksatsyz ýada ornaşdyrylýar. Täze özleşdirilen bilimler täze bilimleriň ýerligine-kontekstine goşulyp, diňe bir täzelenmän, hil taýdan hem üýtgeýär, täzeden aňlanylýar.

**Okuwçylaryň bilimi özleşdirmeklerinde erkiz hem erkli ýa-da ornaşdyrmagyň orny**

Okadyşda ýada ornaşdyrmagyň diňe bir erkli görnüşini däl-de, eýsem erksiz görnüşini-de göz öňünde tutmalydyr . Deňeşdirme häsiýetde geçirilen derňewler olaryň her biriniň okuwçylaryň bilimleri özleşdirmeginde erksiz we erkli ýada ornaşdyrmagyň ornuny kesgitlamäde mümkinçilik berýär.

Aýdyň keşpli obýektleri (kartoçkalarda şekillendirilen predmetler) görnüşlere bölmek prosesinde erksiz ýada ornaşdyrmak, olary diňe kabul etmek esasynda erkli ýat tutmakdan oňat ýada ornaşdyrylypdyrr. Diýmek, erksiz ýada ornaşdyrmak haçan-da material bilen işlemegiň mazmunly we işjeň usullaryna esaslananda bu usullar ulanylmaýan erkli ýat tutmakdan has netijeli bolýar.

Ýöne erksiz ýada ornaşdyrmak material bilen şol birmeňzeş usullarda işlenende (meselem, şekillendirilen obýekleri görnüşlere bölmek) mekdebe çenli we kiçi mekdep ýaşly çagalarda has

netijeliliginde galyp, kem-kemden orta mekdep ýaşly okuwçylarda we ulularda erkli ýada ornaşdyrmakda netijeliligini ýitirýär.

Erksiz we erkli ýada ornaşdyrmagyň netijeliliginiň gatnaşygyndaky bu üýtgeşmeler kemala getiriş prosesinde akyl ýetiriş we mnemiki hereketleriň arasyndaky çylşyrymly baglanyşyklar bilen düşüşndirilýär. Mnemiki hereket akyl ýetirişiň esasynda döräp, soňa baka ondan yza galýar. Görnüşlere bölmek - klassifikasiýa diňe akyl ýetiriş hereket derejesinde kemala getirilen ýagdaýynda ýada ornaşdyrmagyň usuly rolunda ýüze çykyp bilýär. Diňe görnüşlere bölmegi öwrenip, bu akyl işini erkli ýada ornaşdyrmagyň usuly hökmünde ulanmak mümkin. Bu kanunalaýyklyk teksti taýar görnüşinde ýa-da özbaşdak meýilnama düzmek esasynda erksiz we erkli ýada ornaşdyrmak tejribelerinde ýüze çykaryldy.

Erksiz ýada ornaşdyrmak okuwçylaryň materialy işjeň düşünmek esasynda amala aşyrýan akyl ýetiriş ýumuşlarynda has netijeli bolýar. Bu ýagdaýlarda ol erkli ýatdan has netjeli bolýar. Munuň sebäbi erkli ýatda düşünmegi mnemiki ýumşy ýerine ýetirmek bilen utgaşdyrmagyň kynlygy ýa-da mümkin däldigi bilen düşündirilýär. Erkli ýada ornaşdyrmak haçan-da materiala düşünmeklik bütinleý mnemiki ýumşy ýerine ýetirmäge tabyn edilen ýagdaýynda maksimal netijeli bolýar.

Erksiz ýada ornaşdyrmagy täze material öwrenilende has işjeň ulanyp, mnemiki ýumşy bolsa ony berkitmekde bermeklik has amatlydyr. Şeýlelikde, bilimleri ýada ornaşdyrmagy gurmagyň möhüm pursatlarynyň biri-de akyl ýetiriş we mnemiki ýumuşlary ýüze çykarmakdyr.

## § 5. Gaýtadan dikeltmek

Gaýtadan dikeltmek psihikada öňden ornaşdyrilan mazmuny uzak wagtlaýyn ýatdan operatiw ýada geçirmek arkaly aktualizasiýalaşdyrmakdyr.

Aktualizasiýalaşdyrmak, ýagny öň özlaşdirilen materialy dikeltmek prosesi öz geçişiniň kynlygy, ýeňilligi boýunça dürli derejede bolup biler.bir tarapdan bizi gurşap alýan predmetleri

“awtomatik” tanamakbolýan bolsa, beýleki tarapdan ýardan çykarylan zatlary uly hupbat bilen hakyda getirmek bolýar.

Şoňa baglylykda gaýtadan dikeltmäniň içinde onuň görnüşlerini ýüze çykaryp, olary şeýle tertipde ýerleşdirmek bolar: tanamak, hususy gaýtadan diketlmek (bu öz gezeginde erksiz ýa-da erkli bolup biler) we hakyda getirmek. Bularyň arasynda hatyralamak – şahsyýetiň taryhy ýady, aýratyn orun eýeleýär.

**Tanamak**

**Tanamak – haýsy-da bolsa bir obýektiň ikilenç kabul edilýän şertlerinde gaýtadan dikeldilmegidir.** Tanamaklygynyň uly durmuş ähmiýeti bar. Onsuz biz her gezek tanyş predmetleri-de göýä düýbünden täze zat hökmünde kabul etmeli bolardyk. Ol biziň tejribämizi daşky obýektler bilen baglanyşdyryp, daşky dünýäde dogry oriýentirlenmäge mümkinçilik berýär.

Özüniň kesgitlilik, takyklyk we dolulyk derejesi boýunça tanamak dürli hili bolýar. Ol erksiz we erkli proses hökmünde amala aşyrylýar. Tanamak adatça doly, aýdyň, kesgitli bolan ýagdaýynda ol pusatlaýyn erksiz akt hökmünde geçýär. Biz erksiz, hiç bir hili güýç sarp etmän, kabul ediş prosesinde öň kabul edilen predmeti biygtyýar tanaýarys. Erksiz tanamaklyk adamyň gündelik işinde duşýar. Ýöne onuň doly däl, şonuň üçin-de nätakyk bolmagy mümkindir. Meselem, bir adama duşanymyzda “tanyşlyk duýgusy” dörese-de, biz kähalatlarda ony öňden tanalýan kesgitli bir adam hökmünde ýada salyp bilmeýäris. Aralyk ýagdaýlar-da bolýar: biz adamy tanasak-da, ony öň haýsy şertlerde görenimizi hakydamyza getirip bilmeýäris. Tanamaklyk adatdan daşary nätakyk, doly däl bolan ýagdaýynda ol çylşyrymly erkli häsiýete öwrülýär. Obýektiň kabul edilişine daýanyp, ony tanamagy anyklamak üçin biz erkli ýagdaýda ýörite maksat boýunça dürli ýagdaýlary, durmuş pursatlaryny göz öňüne getirmeli bolýarys. Bu tanamaklyk gaýtadan dikeltmeklige öwrülýär.

**Erksiz we erkli gaýtadan dikeltmek**

**Hususy gaýtadan dikeltmek tanamakdan obýekti ikilenç kabul edilmesizden hakyda getirýänligi** bilen tapawutlanýar.

Gaýtadan dikeltmek adamyň şu pursatda alyp barýan işiniň mazmuny bilen döredilýär. Emma bu iş ýörite gaýtadan

dikeltmeklige gönükdirilmeýän häsiýetde hem bolup biler. Bu ýagdaýda ol erksiz bolýar. Emma şeýle gatadan dikeltmek düýbünden “sebäpsiz”, “intergisiz”, “öz-özünden” bolmaýar. Belli bir daşky täsirler bilen döredilýän predmetleriň kabul edilişi, göz öňüne getirmeler, pikirler hem erksiz gaýtadan dikeltmä itergi bolup bilýär. Erksiz gaýtadan dikeltmek hat-da tötänleýin kabul edilen obýektler boýunça döredilen ýagdaýynda hem bulam – bujar däl-de, gönükdirilen häsiýetde bolýar. Bu ýagdaý gaýtadan dikeldilýän keşpleriň we pikirleriň mazmuny we gönükdirilmesi biziň öňki tejribämizde dörän assosiasiýalar bilen kesgitlenýär.

“Biziň çagalygymyz geçen köne öýde onuň her bir burçy geçmişiň kartinalary bilen doly... wakalar, adamlar we olary gurşaýan daşky şertler bilen ýatda ornaşdyrylyp, edil goşgy ýat tutanymyzdaky ýaly baglanşykly toparlar ýa-da assosiýalar döredýär we bu topar onuň her bir zwenosyna göz aýlanymyzda gaýtadan dikeldilip bilinýär”[1] – diýip Seçenow ýazypdy.

Erksiz gaýtadan dikeltmek haçan-da adamyň şu pursatda ýerine ýetirýän haýsy-da bolsa bir işiniň mazmuny bilen döredilen ýagdaýynda obýektiň tötänleýin kabul edilmeginden has guramaçylykly we gönükdirilen häsiýetde bolýar. Meselem, okalan kitabyň mazmuny okyjynyň öňki tejribesini has gönükdirilen we guramaçylykly häsiýetde gaýtadan dikeldýär. Erksiz gaýtadan dikeltmäniň bu häsiýeti ony ýörite döretmegiň we dolandyrmagyň mümkindigini görkezýär. Mugallym sapagy näçe ulgamlaýyn we logiki gurýan bolsa, okuwçylaryň öňki tejribeleri şonça-da erksiz, özakymyna gaýtadan dikeldilip, düşündirilýän material bilen baglanyşdyrylýar.

Erkli gaýtadan dikeltmek adamyň öz öňünde goýýan reproduktiw(gaýtadan dikeltmek) ýumşy arkaly döredilýär. Material berk ornaşdyrylan ýagdaýynda gaýtadan dikeltmek has ýeňil amala aşyrylýar. Kähalatlarda zerur bolan zady hakyda getirip bolamaýar. Bu ýagdaýda biz işjeň agtaryşa ymtylyp, belli bir kynçylyklary ýeňip

---

[1] Сеченов И. М. Избранные с илософике и психологические произведения. М., Госполитиздат, 1947, s.449.

geçmeli bolýarys. Şeýle gaýtadan dikeldiş **hakyda getirmek** diýlip atlandyrylýar.

Hakyda getirmek erkli ýada ornaşdyrmak ýaly örän çylşyrymly akyl ýetiriş hereketi bolup biler. Çalt we netijeli hakyda getirmegi ýörite öwrenmeli bolýar. Bu başarnyk bilimleriňi ulanmaklyga taýýar bolmagy we onuň netijeliligini üpjün edýär. Adatça, oňat ýada ornaşdyrmaklyk oňat gaýtadan dikeltmegi döredýär. Ýöne hakyda getirmegiň üstünligi köpderejede onuň nähili şertlerde amala aşyrylanlygy bilen hem kesgitlenýär. Derňewleriň görkezişi boýunça hakyda getirmegiň netijeliligi reporduktiw ýumşyň mazmunynyň aýdyň we takyk aňlanylyşyna bagly bolýar. Hakyda getirmekde kynçylyklar dörän ýagdaýynda bilimleriň, reproduktiw ýumuşyň giň möçberinden kem-kemden kiçi möçberine geçmeli bolýar. Şeýle bolanda bu prosesde assosiýasiýalary gaýtadan dikeltmeli material bilen deňeşdirmegi ulanmaly.

Hakyda getirmek hem, edil ýa-da ornaşdyrmak ýaly, saýlanylyp alynýan häsiýetde bolýar. Oňat aňlanylan we sözde takyk kemala getirilen ýumuş, hakyda getirmegiň mundan beýläkki ugruny kesgitläp, biziň ýadymyzdan zerur bolan materialy saýlamaga we gerekmejek assosiýasiýalary togtatmaga mümkinçilik berýär.

Hakyda getirmegiň netijeliligi bu prosesde ulanylýan usullara bagly bolýar. Şeýle usullaryň has möhümlerine: hakyda getirilýän materialyň meýilnamasyny döretmek; degişli obýektleriň keşplerini işjeň döretmek, zerur materialy öwrümleýin hakyda getirmäge eltýän kömekçi assosiasiýalary ýörite döretmek degişlidir.

Hakyda getirmegiň üstünlikli amala aşyrylmagy reproduktiw ýumşuň motiwirleniş derejesine bagly bolýar.

Hakyda getirmek öňki ýa-da ornaşdyrmalaryň ýönekeý gaýtadan dikeldilmesi däldir. Öňki özleşdirilen bilmler gaýtadan dikeldilmede täze bilimler bilen baglanyşdyrylýar, täzeçe guralýar, çuň aňlanylýar. Hakyda getirmek prosesine ýatda saklamadyň mümkindigine bolan ynam uly täsir edýär.

**Ýatlama.** **Ýatlama – bu geçmişiň keşplerini wagta we giňişlige baglanyşdyrylan häsiýetde gaýtadan dikeltmekdir**. Ýatlamada biz geçmişdäki obýektleri diňe bir gaýtadan dikeltmek bilen

çäklenmän, olary belli bir wagta, ýere baglanyşykda göz öňüne getirýäris, olaryň nähili şertlerde kabul edilendigini, durmuşymyzyň haýsy döwürleri bilen baglanyşyklydygyny, wagt yzygiderliligini anyklaýarys.

Her bir adamyň durmuşy taryhy jemgyýetçilik durmuşy bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetiçilik durmuşynyň wakalary adamyň ýatlamasynyň mazmunyna wagt yzygiderliligi boýunça nokatlary bolup durýar. Haýsy-da bolsa bir zady ýatlanymyzda biz: bu Garaşsyzlygyň 15 ýyllygynyň öňüsyrasy bolupdy, bu Beýik Watançylyk urşundan soň bolupdy we ş.m. diýýäris. Ýatlama hem gaýtadan dikeldilýän wakalaryň mazmunyny, olaryň yzygiderliligini, sebäpli baglanyşyklaryny aňlamaga zerur bolan çylşyrymly akyl işi bilen baglanyşykly bolýar.

Şonuň üçin-de biziň ýatlamalarymyzyň mazmuny üýtgemän galmaýar. Ol üýtgeýjidir. Ol şahsyýetiň gönükdirilmesiniň ewolýusiýasyna baglylykly täzeden düzülýär we alynylýar.

Ýatlamalar adatça adamyň şahsy durmuşyna degişli zatlar bilen baglanyşykly bolýandyklary üçin hemişe emosional duýgular bilen utgaşyklydyrlar.

## § 6. Ýatdan çykarmak we saklamak

**Ýatdan çykarmak.** Ýatdan çykarmak prosesi dürli derejede bolup biler. Şoňa baglylykda, ýatdan çykarylan keşpleriň ýa-da pikirleriň işjeňleşdirilmesi ol ýa-da beýleki derejede kynlaşýar ýa-da düýbünden mümkin bolmaýar. Material şahsyýetiň işine näçe seýrek girizilýän bolsa, ýatdan çykarmak şonça-da çuň bolup, şeýle material işjeň durmuş maksatlaryna ýetmek üçin ähmiýetsiz bolýar. Emma haýsy-da bolsa bir materialyň hakyda getirip bolmaýanlygy onuň düýbünden şahsyýetiň tejribesinden ýitip gidenligini aňlatmaýar. Materialyň anyk “faktlaýyn” (amaly) görnüşi ýatdan çykarylyp, emma onuň düýpli, durnukly, ähmiýetli mazmuny degişli bilimlere we özüňi alyp barşa goşulyp, jemlenen görnüşde özüňi alyp barşyň görnüşlerinde ýüze çykýar. Öçen refleksler

özleriniň dilekdilmegi üçin ilkinji gezek döredilýän şertlere garanyňda gaýtalamagy az talap edýär. Mundan başga-da, öçen refleksler belli bir şertlerde gaýtadan dikeldilip bilinýänligi, adamyň halatlarda düýbünden ýatdan çykarylan diýip hasaplaýan zadynyň birden hakydasyna gelmeginiň sebäbini düşündirýär. Meselem, adam keselli ýagdaýynda bir wagt ýesirlikde öwrenen, soňra bolsa düýbünden ýatdan çykardym diýip hasap edip ýören dili bolan nemes dilinde gepländir.

Adatça ýatdan çykarmak maksadalaýyk hadysadyr. Şahsyýetiň işine goşulyp, oňa ähmiýetli bolan zat ýatdan çykarylmaýar. Materialy şahsyýetiň işine goşmak ony adamyň islegi bilen baglanyşdyrmagyň, şoňa baglylykda bolsa ýatdan çykarmaga garşy göreşmegiň esasy serişdesidir. Işe goşmagyň esasy tärleriniň biri-de ýatda saklanjak bolýan zady yzygiderli gaýtalamakdyr.

Durnuksyz, wagtlaýyn ýatdan çykarmak oňyndäl induksiýa bilen döräp biler. Meselem, ýat tutulýan wagtda döreýän güýçli, goşmaça gyjyndyryjylar täze wagtlaýyn baglanyşyklaryň döremegini kynlaşdyrmak bilen, ýada ornaşdyrmagyň netijeliligini peseldýär, ýa-da bolmasa öň dörän baglanyşyklaryň yzyny öçürip, ýatdan çykarmagy döredip bilýär. Şeýle görnüşli ýatdan çykarmaklyk adamyň ozalky işiniň soňky işinde baglanyşyklaryň döremegine edýän täsiri bilen (proaktiw, ýagny öňe täsir edýän tormozlanma we tersine, soňraky işiň ozalky işde dörän baglanyşyklara edýän oňyndäl täsiri (retroaktiw, ýagny yza täsir edýän tormozlanma) bilen baglanyşykly bolup biler. Şeýle tormozlanma haçan-da ozalky ýa-da soňky iş çylşyrymly ýa-da mazmuny boýunça meňzeş bolanda has aýdyň ýüze çykýar.

Bu ýerden möhüm pedagogik netijeler gelip çykýar. Birinjiden, bir materialdan beýlekä geçende uly bolmadyk, arakesme etmek, akyl işine bir az dynça bermek zerurdyr. Ikinjiden, öý işlerini mazmuny boýunça meňzeş bolmadyk predmetler boýunça ýerine ýetirmelidir. Meselem, edebiýatdan soňra taryhy däl-de, algebrany goýmak we ş.m. sapaklaryň tertibi düzülende-de bu düzgünden ugur alynmalydyr.

Proaktiw we retroaktiw tormazlanma şol bir işiň möçberinde, meselem, haýsy-da bolsa materialy ýat tutmakda hem bolup biler..

Mälim bolşy ýaly, materialyň ortasy başýna we ahyryna garanyňda erbet ýatda galýar: proaktiw we retroaktiw tormozlanma materialyň orta bölegine oňyndäl täsir edýär. Bu ýagdaý aýratyn-da material göwrümi boýunça uly bolan ýagdaýda aýdyň ýüze çykýar. Şonuň üçin-de materialyň orta bölegi ençeme gezek gaýtalamagy talap edýär. Bu işde asudalyk, haýallandyrylan depgin esasy zat bolmalydyr. Haçan-da üns uzak wagtlap predmetde saklananda gyjyndyryjy beýnide ornaşyp bilýär.

Wagtlaýyn ýatdan çykarmak degişli gabyk öýjükleriniň uly dartgynlygynyň netijesinde ýüze çykýan adatdanýokary tormozlanmanyň netijesinde hem döräp bilýär. Adamyň ýadaw wagtynda ýada ornaşdyrmagyň peselýändiginiň sebäbi şundan ybaratdyr. Nerw öýjükleriniň normal işi döredilen wagtynda ýatdan çykarylan zat gaýtadan dikeldilip bilinýär.

Oňyndäl induksiýa we adatdanýokary tormozlanma arkaly döredilýän wagtlaýyn ýatdan çykarmak bilen **reminissensiýa** hadysasy (latynça – ýatlama) baglanyşyklydyr. Ol gijikdirip gaýtadan dikeltmegiň ýat tutulan badyna dikeltmekden has doly bolýanlygynda ýüze çykýar. Bu köplenç uly göwrümli material ýada ornaşdyrylanda bolýar. Tejribeleriň görkezişi boýunça reminissensiýa hadysasy ululara garanda çagalarda köp duş gelýär. Reminissensiýanyň döremeginiň mümkindigini okuw işinde göz öňünde tutmak gerek.

Materialy gaýtadan dikeltmegiň kynçylygy hakyda getirmäge bolan örän uly islegiň tormozlaýjy täsiri netijesinde hem güýçlenip bilýär. Soňa baka ýadyň başga zatlara gümra bolan ýagdaýynda bu tormozlanma aýrylýar we hakyda getirmeli zat göýä “öz-özünden” ýada düşýän ýaly bolýar.

Şeýlelikde, materialy gaýtadan dikeldip bilmezlik hatda ony tanamak mümkinçiliginiň ýoklugy, entek onuň doly ýatdan çykarylandygyny aňlatmaýar. Okuw işinde diňe gaýtalamak arkaly düzedip bolýan şeýle wagtlaýyn ýatdan çykarmany onuň uzak wagtlaýyn formasyndan tapawutlandyrmak möhümdir. Kähalatlarda okuwçynyň bilimine baha bermekde mugallymyň goýberýän düşünmezligi wagtlaýyn ýatdan çykarmany onuň uzak wagtlaýyn formasyna derek kabul etmeginden gelip çykýar.

Wagtlaýyn nerw baglanyşyklaryny uzak wagtlap saklamak üçin olaryň berkligi uly ähmiýete eýedir. Olar näçe pes berkleşdirilen bolsalar, şonça çalt ýitip gidýärler we tersine, berkligi näçe ýokary bolsa, şonça-da uzak saklanyp, az ýatdan çykarylýar. Diýmek, materialy ilki başyndan başlap ýat tutmak gerek. Pugta berkleşdirilen zat uzak wagtlap huşda saklanýar we az ýatdan çykarylýar. Berkleşdirilen materiala höwesiň bolmagy onuň has uzak wagtlap saklanmagyna ýardam edýär.

**Ýatdan çykarmanyň depgini**

Ýatdan çykarmaklyk wagta baglydyr. Bu kanunalaýyklygy ilkinji gezek nemes psihology Ebbingauz eksperimental subut etdi. Ol ýatdan çykarmanyň ýada ornaşdyrylan badyna has güýçli häsiýetde bolup, soňra peselýändigini anyklady.

Ebbingauz eksperimentlerde material hökmünde manysyz aýry-aýry bogunlary ulanypdyr (ýatdan çykarmaklyga öňki tejribäniň täsirini aýyrmak üçin). Soňky geçirilen köp sanly synaglarda ýatdan çykarmanyň depgininiň materialyň mazmunyna, onuň aňlanylan derejesine baglydygy we şonda ýatdan çykarmanyň peselýändigi anyklandy. Emma aňlanylan materiala degişlilikde hem ýatdan çykarmanyň ilki çalt gidip, soňra haýallanýandygy subut edildi.

Bu kanunalaýyklygy okuw işinde hem göz öňünde tutmak gerek. Ýatdan çykarmagyň mümkingadar öňüni almalydyr. Uşinskiniň belleýşi ýaly "ýadyň tebigatyna düşünýän terbiýeçi gaýtalamaklyga ýykylan ymaraty bejermek üçin däl-de, ony berkitmek we onuň üstünde täze gat gurmak üçin ýadawsyz ýüzlenýär"[1].

**Saklanmaklygyň şertleri**

Ýatdan çykarmak diňe bir wagt faktorynyň funksiýasy däldir. Ýada ornaşdyrmak we gaýtadan dikeltmek ýaly ol hem saýlanylmak häsiýetinde bolýar. Öz mazmuny boýunça adamyň islegleri, onuň çuňňur höwesleri, işiniň maksady bilen

---

[1] Ушинский К.Д. Собр.соч., т. 10, М. Л. Изд-во АПН РСФСР, 1950, 425-nji sah.

baglanyşykly we durnukly ähmiýetli material haýal

ýatdan çykarylýar. Ýada ornaşdyrylan zatlardan adam üçin aýratyn durmuş ähmiýetlileri hiç wagt ýatdan çykarylmaýar. Materialyň saklanmagy onuň şahsyýetiň işine gatnaşmak funksiýasydyr.

Ýatdan çykarmaklyk ornaşdyrylýan materialyň göwrümine baglydyr. Derňewleriň görkezişi boýunça, ýat tutulan materialyň saklanmak göterimi onuň mukdar we hil taýdan şol bir işleniş derejesinde belli bir wagt geçenden soňra materialyň göwrümine ters proporsionaldyr. Şoňa görä, okuwçylara ýat tutmak üçin hödürlenýän materialyň göwrümi optimal möçberde bolmalydyr.

Ýöne ýatdan çykarmaklygy öň kabul edilen materialyň diňe mukdarynyň kemelmegine syrykdyryp bolmaz. Ýada ornaşdyrylýan material diňe saklanmak we gaýtadan dikeltmek prosesinde hil taýdan belli bir üýtgemelere sezewar bolýar. Şu mynasybetli materialyň mazmunynyň dürli bölekleri birmeňzeş ýatdan çykarylmaýar. Synaglaryň görkezişi boýunça okuwçylara dürli mazmundaky materiallary ýada ornaşdyrmagy tabşyrmak boýunça geçirilen synaglar, materialyň oňat saklanýan böleginiň onuň esasy düzgünleri bolýandygyny, ondan pesräk derejede aýry-aýry mazmun birlikleriniň, iň pes derejede bolsa onuň tekstual mazmunynyň ýatda galýanlygyny subut etdi. Şu mynasybetli ýatda saklanýan material has umumylaşdyrylan häsiýetde bolýar.

Şeýlelik bilen, bilimleri ýatdan çykarmagyň öňüni almagyň esasy serişdesi olary mundan beýläkki işde, amalyýetde ulanmakdyr. Bu diňe bir olaryň saklanmagyna däl-de, eýsem çuňňur özleşdirilmegine ýardam edýär.

## §7. Ýadyň indiwidual aýratynlyklary

**Ýadyň proseslerindäki indiwidual aýratynlyklar**. Adamlaryň ýadyndaky indiwidual aýratynlyklar ýadyň proseslerinde – dürli adamlarda ýada ornaşdyrmanyň, gaýtadan dikeltmäniň özboluşlylygynda, ýagny olaryň nähili amala aşyrylýandygynda, şeýle hem ýadyň mazmunynyň, ýagny nämäniň ýat tutulýanlygynyň

aýratynlygynda ýüze çykýar. Bu üýtgeşiklikler adamyň ýadynyň netijeliligini dürli tarapdan häsiýetlendirýär.

Ýat prosesindäki indiwidual aýratynlyklar ýada ornaşdyrmagyň tizliginde, takyklygynda, berkliginde we gaýtadan dikeltmäge bolan taýýarlykda ýüze çykýar. Ýada ornaşdyrmagyň tizligi belli bir göwrümdäki materially ýat tutumak üçin ol ýa-da beýleki adama zerur bolan gaýtalamanyň sany bilen kesgitlenýär. Berklik ýat tutulan materialyň saklanmagy we onuň ýatdan çykarylyş tizligi bilen kesgitlenýär. Gaýtadan dikeltmeklige taýýarlyk bolsa adamyň degişli materialy zerur bolan pursatda aňsat we çalt hakyda getirip bilmegi bilen kesgitlenýär.

Bu tapawutlar belli bir derejede ýokary nerw işiniň tipiniň aýartynlyklary – onuň güýji we nerw prosesleriniň oýanmagynyň we tormozlanmagynyň çaltlygy bilen baglanyşyklydyr.

Ýokary nerw işiniň aýratynlyklary we olar bilen baglanyşykly ýat prosesleriniň indiwidual özboluşlyklary durmuş we terbiýe işleriniň täsirinde üýtgeýär. Şonuň üçin-de ýadyň şu ýokarda görkezilen aýratynlyklary terbiýe şertleri bilen kesgitlenip, ilkinji nobatda her bir adamda ýada ornaşdyrmaklygyň rasional usullarynyň haýsy derejede kemala getirilendigine bagly bolýar. Olar işde takyklyk we tertiplilik endikleriniň döredilendigi, öz wezipelerine jogapkärçilikli çemeleşmegiň, olary gaýra goýmazdan ýerine ýetirmeklige ymtylyşyň kemala getirilenligi we ş.m. bilen baglanyşyklydyr. Mundan başga-da ýadyň taýýarlygy bilimleri özleşdirmegiň we berkitmegiň yzygiderliligine baglydyr.

**Ýadyň tipleri.** Ýadyň indiwidual aýratynlyklary, aýdylanlardan başga-da käbir adamlarda keşp materialynyň (predmetler, şekiller, sesler, reňkler we ş.m.) has oňat ýat tutulýanlygynda, üçünjilerinde bolsa belli bir materially ýat tutmagyň şeýle artykmaçlygynyň bolmaýandygynda hem ýüze çykýar. Şu mynasybetli psihologiýada ýadyň aýdyň-keşp, söz-abstrakt we aralyk tipleri tapawutlandyrylýar. Bu tipler ýokary nerw işinde birinji we ikinji signal ulgamlarynyň özara utgaşmasyna hem belli bir derejede bagly bolýar. Durmuşy synaglaryň görkezişi boýunça ýada ornaşdyrmakda keşpleriň ýa-da pikirleriň agdyklyk etmegi esasan adamlaryň durmuş sertleri we işi bilen kesgitlenýär. Durmuşyň, adamlaryň professional işiniň talaplary

ýadyň ol ýa-da beýleki tiplerini döredýär. Meselem, ýadyň aýdyň-keşp tipi suratkeşlerde, söz-abstrakt tipi bolsa alymlarda-taglymatçylarda duş gelýär. Köplenç bolsa adamlarda ýadyň ol ýa-da beýleki titpi şeýle bir göze ilmeýär.

Ýadyň aýdyň-keşp tipi ýada ornaşdyrmakda haýsy analizatoryň has netijeliligi boýunça tapawutlandyrylýar. Şoňa baglylykda ýadyň hereket, görüş we eşidiş tiplerini görkezmek bolýar. Ýöne bu tipler sap görnüşde seýrek duş gelýär. Adatça garyşyk tip: görüş-hereket, görüş-eşidiş, eşidiş-hereket tipler köp duş gelýär. Öz ýadynyň aýratynlygyna baglylykda adam onuň degişli kämilleşdiriş usullaryny saýlap alýar.

Mugallym okuwçylaryň ýat prosesleriniň indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Şol bir wagtyň özünde ol okuwçylaryň ýadyny hemmetaraplaýyn (görüş, eşidiş, hereket ýadyny) ösdürmelidir. Okuw materialynyň köpdürlüligi-de şony talap etmek bilen, okuwçylaryň ýadynyň hemmetaraplaýyn ösmegine amatly şertler döredýär.

# 12-nji BAP

# PIKIRLENME

## § 1. Pikirlenmäniñ umumy häsiýetnamasy

Adamyñ bütin durmuşy, ilkinji nobatda bolsa amalyýeti hemişe onuñ öñünde çylşyrymly mysallary we meseleleri goýýar. Şeýle meseleleri kynçylyklaryñ, garaşylmadyk ýagdaýlaryñ we ş.m. döremegi ony gurşap alan barlykda entek köp näbellilikleriñ, düşnüksizligiñ, gizlin syrlaryñ bardygyny añladýar. Bu bolsa dünýä has çuñ akyl ýetirmegi, onda täze-täze prosesleri, häsýetleri we predmetleriñ özara baglanşygyny açmagyny talap edýär. Pikirlenme hut adamyñ durmuşunda, gündelik işinde duş gelýän predmeyleriñ we hadysalaryñ täze, öñden mälim bolmadyk häsýetlerine akyl etirmek üçin zerurdyr. Şeýle ýagdaýda adamyñ öñki bilimleri ýeterlik bolmaýar. Älemiñ çäksiz bolşy ýaly, akyl ýetiriş prosesiniñ hem çägi ýokdur. Pikirlenme hemişe bu çäksiz çuñluga, aýan edilmedik syrlaryñ jümmişine gönükdirilendir. Her bir adam pikirlenme wagtynda haýsy-da bolsa bir näbelli zady aýan edip, belli bir täzeligi, iñ bolmanda, adamzat möçberinde däl-de "özi üçin" özbaşdak açýar. Meselem, her bir okuwçy okuw ýumşyny çözende hökmany ýagdaýda özi üçin bir täzelik açýar.

**Pikirlenme - bu jemgyýetiñ döreden, sözleýiş bilen aýrylmaz baglanşykly, düýipli täzeligi açmaga we agtaryşa gönükdirilen psihiki hadysa bolup, onuñ prosesinde analiz we sintez etmek arkaly daşky daşky barlyk aralaşdyrylan we umumylaşdyrylan görnüşde beýnide şöhlelendirilýär. Pikirlenme akyl ýetirişiñ duýgy organlaryñ üsti bilen alnyp barylýan görnüşiniñamaly işiñ esasynda döräp, onuñ çäginden has uzakdaky hadysalary añlamaga mümkinçilik berýär.**

**Duýma üsti bilen akyl ýetiriş we pikirlenme.** Akyl ýetiriş işi duýmadan we kabul edişden sonar pikirlenmä geçýär. Emma pikirlenmäniñ iñ bir ösen görnüşi hem duýma üsti bilen amala aşyrylýan görnüşi – duýma, kabul ediş bilen öz baglanşygyny

saklaýar. Pikirlenme öz ähli “materiýalyny” diňe bir çeşmeden – duýma arkaly akyl ýetirişden alýar. Pikirlenme duýma we kabul ediş arkaly daşky dünýä bilen baglanşyp, ony şöhlelendirýär. Bu şöhlelendirmäniň takyklygy, dogrulygy amalyýetiň gidişinde, tebigaty we jemgyýeti özgeritmek prosesinde barlanyp durulýar.

Gündelik işde duýmanyň we kabul edişiň daşky dünýä barada berýän maglumaty zerurdyr, emma oňa çuňňur, hemmetaraplaýyn akyl ýetirmek üçin ýeterlik däldir. Bu maglumatda dürli predmetleriň, wakalaryň çylşyrymly özara täsiri, olaryň sebäpleri we netijeleri, biri-birine geçişi we ş.m. entek ýeterlik aýyl-saýyl edilen däldir. Őzara garaşlylyklaryň ýumagyny akyl ýetirişiň diňe duýma görnüşi bilen “çöşlemek” mümkin däldir.

Meselem, eliň haýsy-da bolsa bir jisime galtşmakdan berýän ýylylyk duýmasy onuň ýylylyk ýagdaýyny doly häsiýetlendirmeýär. Şeýle duýma, bir tarapdan, predmetiň ýylylyk ýagdaýy bilen kesgitlenýän bolsa, ikinji tarapdan, adamyň öz ýagdaýy bilen kesgitlenýär (ikinji ýagdaýda predmetiň ýylylyk ýagdaýy adamyň eliniň ony tutmazdan öňurti yssy ýa-da sowuk zada galtaşýandygyna bagly bolýar ). Eýýäm şu ýönekeý mysal ýokarda agzalan sebäpli özara garaşlylyklaryň duýma üsti bilen akyl ýetirmekde aýyl-saýyl edilmedik, bitewlik ýagdaýda bolýandygyny subut edýär. Kabul edişde subektiň (adamyň) akyl ýeturilýän obýekt bilen özara täsiriniň netijesi umumy, jemleýji häsýetde bolýar. Ýöne ýaşaýyş, işlemek üçin ilki bilen predmetleri adamyň nähili kabul edýänligine garamazdan, olaryň obýektiw häsiýetleri boýunça şöhlelendirmek, bilmek zerurdyr.

Duýma üsti bilen alynyp barylýan akyl ýetirişiň çäginde subektiň akyl ýetirilýän obýekt bilen özara täsiriniň şeýle umumy jemleýji netijesini ahyryna çenli aýyl-saýyl edip bolmaýandygy sebäpli duýmadan we kabul edişden pikirlenmä geçmeli bolýar. Pikirlenme prosesiniň barşynda daşky dünýä mundan beýlekki has çuňňur akyl ýetirme amala aşyrylýar. Şonuň netijesinde predmetleriň, wakalaryň, hadysalaryň çylşyrymly özara garaşlylyklaryny “çözlemek” başardyýar. Geliň,

ýene-de jisimiň ýylylyk ýagdaýy baradaky şol öňki ýönekeý mysala ýüzleneliň. Pikirlenmäniň kömegi bilen biz görkezilen özara garaşlylygyň her bir tarapyny biri-birinden sowlup-abstragirläp bilýäris. Munuň özi akyl ýetirişiň aralaşdyrylan usuly arkaly amala aşyrylýar. Jisimiň ýylylyk ýagdaýynyň adamyň hut öz ýagdaýyna baglylygy, predmetiň tempraturasyny aralaşdyrylan görnüşde – termometiriň kömegi bilen ölçäp bolýanlygy sebäpli doly ýeňilip geçilýär; jisimiň ýylylygyny eliň üsti bilen syzmak zerurlygy aradan aýrylýr. Şonuň netijesinde predmetiň duýma keşbi indi diňe predmetiň özi boýunça obýektiw kesgitlenýär. Predmetiň beýleki häsiýetlerine has çuňňur akyl ýetirmek üçin olaryň beýleki häsiýetlerinden çekilmek, abstragirlenmek (meselem, eliň daşky predmet bilen özara päsiri) abstrakt, aralaşdyrylan pikirlenmäniň esasy aýratynlygydyr.

Pikirlenme prosesinde adam duýmanyň, kabul edişiň we göz öňüne getirmäniň berýän magumatyna esaslanyp, şol bir wagtyň özünde duýma üsti bilen amala aşyrylýan akyl ýetirişiň çäginden çykylýar we daşky dünýäniň hadysalarynyň gös-göni kabul edişde berilmedik, gös-göni synanylmaýan häsiýetlerine we gatnaşyklaryna akyl ýetirip başlaýar. Meselem, häzirki zaman fizikasynyň iň çylşyrymly meseleleriniň biri elementar bölejikleriň taglymatyny döretmekdir. Emma bu ownuk bölekleriň häzirki zamanyň iň kuwwatly mikroskowynyň kömegi bilen-de gärüp bolmaýar. Başgaça aýdanyňda, olar gös-göni kabul edilmeýär; olary görip bolmaýar-da, olar hakynda diňe pikir etmek mümkin. Abstrakt, aralaşdyrylan pikirlenme şeýle elementar bölejikleriň hakykatda bardygyny, belli bir obýektiw häsiýetleri özünde jemleýändigini subut etmäge mümkinçilik berýär. Bu gös-göni synanylmaýan bölejiklere pikirlenme prosesinde aralaşdyrylan usulda akyl ýetirilýär.

Şeýlelikde, pikirlenme duýma üsti bilen akyl ýetirmek ýeterlik bolmaýan ýerinde başlanýar. Pikirlenme duýmanyň, kabul edişiň we göz öňüne getirmäniň çäginden has daşa çykyp, olaryň akyl ýetiriş “işini” dowam etdirýär we ösdürýär. Bu babatda duýma üsti bilen geçirilýän akyl ýetirişi we

pikirlenmäniñ deñeşdirilmesine degişli bir mysala ýüzleneliñ. Meselem, biz sekuntda 50 000 km. tizlik bilen barýan planetara gämisniñ uzakdaky ýyldyza tarap ýagtylygyñ tizliginden 6 esse haýal hereket etjekdigine añsatlyk bilen düşinip, emma sekuntda 300 000 km. we 50 000 km. tizligiñ ara tapawudyny gös-göni kabul edip bilmeýäris. Her bir adamyñ real akyl ýetiriş işinde duýma üsti bilen akyl ýetiriş we pikirlenme biri-birine geçirip, biri-birini döredýärler.

**Pikirlenme we sözleýiş.** Adamyñ pikirlenme işi üçin onuñ diñe bir duýma arkaly alnyp barylýan akyl ýetiriş bilen baglanyşygy däl-de, eýsem dil, sözleýiş bilen arabaglanşygy-da örän möhümdir. Adamyñ we haýwanlaryñ psihikasynyñ arasyndaky düýpli tapawut hut şu arabaglanyşyk üsti bilen ýüze çykýar. Haýwanlaryñ elementar, ýönekeý pikirlenmesi hemişe aýdyñ hereket häsiýetinde bolýar; ol abstrakt, aralaşdyrylan akyl ýetiriş görnüşinde bolup bilmeýär. Ol diñe haýwanyñ şu pursatda gözünüñ öñünde duran gös-göni kabul edilýän pridmetleriñ esasynda geçýär. Haýwanyñ ýönekeý pikirlenmesi predmetler bilen aýdyñ - hereket jähtde iş salyşmak bilen, onuñ çäginden çykyp bilmeýär.

Diñe söz döränden soñra akyl ýetirilýän obýektden ol ýa-da beýleki häsiýetleri abstragirlap, ol baradaky göz öñüne getirmäni ýa-da düşünjäni ýörite sözde berkidip bolýar. Pikir söz arkaly öziniñ maddy bardasyny döredip, beýleki adamlar we özimiz üçin gös-göni hakykata öwrülýär. Adamyñ pikilenmesi haýsy görnüşde amala aşyrylýandygyna garamazdan, dilsiz mümkin däldir(Ýöne beýle diýildigi sözsüz pikiriñ ýokdugyny añlatmaýar. Sözsüz ýa-da “keşpsiz pikirlenme” baryp XIX asyryñ ahyrynda nemes Kýulpe, fransuz Bine tarapyndan açylandyr). Her bir pikir sözleýiş bilen baglanşyklylykda döreýär we ösýär. Pikir näçe düýpli oýlanylan bolsa, ol sözde, sesli ýa-da ýazuw sözleýşinde şonça-da has aýdyñ añladylýar. Munuñ tersine, pikiriñ sözde añladylyşy näçe kämil bolsa, ol şonça-da düşnükli bolýar.

Ýörite psihologik synaglaryñ görkezişi boýunça käbir okuwçylar, hat-da ulular-da, öz pikir ýöretmelerini sesli

sözleýişde añladýançalar, mysallary işlemekde kynçylyk çekýärler. Haçan-da olar esasy pikirini ýörite we aýdyñ sözleseler, şeýle pikiri sözleýşe geçirmeklik, adatça, olar üçin mysallaryñ çözlüşini ýeñilleşdirýär. Adam öz pikir ýöretmelerini beýleki adamlara sesli añladyp, şol bir wagytyñ özinde olary özi üçin hem añladýar. Şeýle añlatmak, berkitmek pikiriñ dürli pursatlarynda ünsi saklamaga mümkinçilik berip, olaryñ has çuñ düşünilmegine kömek edýär. Şol mynasybetli has ýaýrañ, yzygiderli pikir ýöretme, ýagny, pikirlenme prosesinde döreýän ähli esasy pikirleri biri-birine aýdyñ we dogry deñeşdirmeklige mümkinçilik döreýär. Şeýlelikde, diskursiw, ýagny oýlanyşykly, logiki añlanylan pikirleriñ möhüm taýýarlygy pikiri sözde añlatmakda döreýar. Sözde añladylýanlygy we berkidilýänligi mynasybetli pikir dörän badyna ýitip gitmeýär. Ol sesli ýa-da ýazuw sözleýşinde düýüpli berkidilýär. Şonuñ üçin-de zerur bolanda hemişe bu pikire dolanyp gelmek we ony has çuñ oýlanmak, pikir ýöretmek prosesinde beýleki pikirler bilen baglanyşdyrmak, mümkinçiligi bolýar. Pikirleri sözleýişde añlatmak olary kemala getirmegiñ esesy şertidir.

Diýmek, adamyñ pikirlenmesi dil, sözleýiş bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Pikirlenme maddy, söz bardasynda funksionirlenýär.

**Pikirlenmäniñ jemgyýetçilik tebigaty.** Pikirlenmäniñ dil bilen özara baglanşygy adamyñ pikirlenmesiniñ sosial, taryhy jemgyýetçilik mazmunynyñ aýdyñ subutnamasydyr. Akyl ýetiriş adamzat taryhynda gazanylan ähli bilimleriñ yzygiderli ulanylmagyny talap edýär. Bilimleriñ şeýle taryhy yzygiderligi haçan-da bu bilimler birikdirilip, saklanyp, soñra bolsa bir adamdan beýlekä, nesilden-nesle geçirilen ýagdaýynda mümkin bolýar. Akyl ýetirişiñ esasy netijelerini şeýle berkitmek dil üsti bilen – kitaplarda, žurnallarda, çyzgylarda we ş.m. amala aşyrylýar. Bu bolsa adamyñ pikirlenmesiniñ jemgyýetçilik tebigatynyñ aýdyñ mysalydyr ( psihologik jähtde bu mesele L. S Wigotskiniñ, S. L. Rubinşteýiniñ, A. N. Leontwyñ, Ž. Piaženiñ we beýlekileriñ işlerinde derñeldi ). Adamyñ akyl taýdan ösişi adamzadyñ taryhy – jemgyýetçilik ösüş ýolunda gazanan

bilimlerini özleşdirmek prosesinde amala aşyrylýar. Indiwidiñ dünýä akyl ýetiriş prosesi ylmy bilimleriñ taryhy ösüşi bilen şertlendirilendir, şeýle bilimleri her bir adam okadyş prosesinde özleşdirýär ; bu adamyñ adamzat bilen arabaglanyşygy, sözleşmegidir.

Mekdep okuwynyñ bütin dowamynda çaganyñ öñünde adamzadyñ geçen taryhynda gazanan bilimleri, düşünjeleri göýä taýýar, öñden mälim ulgam ýaly bolup durýar. Emma adamzada mälim zat her bir çaga üçin ilkibada nämälim, täze ýalydyr. Şonuñ üçin-de, taryhyñ toplan bilim baýlgyny özleşdirmek çagadan pikirlenmäni, ulularyñ ýolbaşçylygynda döredijilikli işi talap edýär. Diýmek, çagalar adamzada eýýam mälim bilimleri özleşdirýän-de bolsalar, üstesine-de ony ulularyñ kömegi bilen amala aşyrsalar-da, olarda özbaşdak pikirlenmäniñ bolmagy zerurdyr. Başgaça bolanda bilimleriñ özleşdirilişi formal, ýüzleý, mehaniki prosese öwrülýär. Şeýlelikde, pikirlenme adamzadyñ taryhy ösüşinde, bir tarapdan, bilimi özleşdirmegiñ (meselem, çagalarda), ikinji bir tarapdan, täze bilimleri döretmegiñ (ilkinji nobatda alymlar tarapyndan) serişdesidir.

**Pikirlenmäniñ logikasy we psihologiýasy.** Akyl ýetirişiñ jemgyýetçilik taryhy ösüşinde, tebigaty we jemgyýeti özgertmek prosesinde ylmy düşinjeler döredilýär, ösdürilýär we ulgamlaşdyrylýar. Başgaça aýdylanda, akyl ýetiriş dilüsti berkidilmek arkaly emele getirilýän gazanmalary we netijeleri öz gezeginde ylymlar ulgamyny – fizika, himýa, biologiýa, sosiologiýa, pisihologiýa we ş.m. emele getirýärler. Akyl ýetirişiñ bu taryhy ösüşi we onuñ netijesinde döreýän ylymy düşinjeleriñ ulgamy akyl ýetiriş taglymatynyñ (ýagny filosofiýanyñ bir bölegi hökmünde gnoseologiýanyñ) predmetini düzýär. Filosofik ders hökmünde akyl ýetiriş taglymaty ähli akyl ýetiriş işiniñ has umumy kanunlaryny öwrenýär. Meselem, ol adamzat taryhynyñ ösüşinde durmuş, materiýa, añ, hil, mukdar we ş.m. ýaly kategoriýalaryñ döreýşini we ösüşini öwrenýär. Akyl ýetirişiñ filosofik, has umumy düzgünleriniñ esasynda adamyñ pikirlenmesi iki sany biri-biriniñ üstüni dolduryan anyk

bölekleýin ylym – formal logika we psihologiýa arkaly öwrenilýär.

Logiki pikirlenmäniň logiki görnüşlerini– **düşinjeleri, pikir ýöretmeleri pikir jemlemeleri** öwrenýär.

**Düşinje – bu özünde predmetleriň we hadysalaryň umumy, düýpli tapawutlandyryjy häsiýetlerini şöhlelendiriýän pikirdir.** Meselem “adam” düşünjesine zähmet işi, zähmet guralyny öndürmek, sözleýiş we ş.m. ýaly esasy düşinjeler girýär. Bu möhüm häsiýetler adamlary haýwandan tapawutlandyrýar.

Düşinjeleriň mazmuny **pikir ýöretmelerde** açylyp görkezilip, olar sesli ýa-da ýazuw görnüşde, sözleýiş arkaly ýa-da pikirde amala aşyrylýar. **Pikir ýöretme – bu predmetleriň we hadysalaryň ýa-da olaryň häsiýetleriniň arasyndaky baglanşyklary aňda şöhlelendirmekdir.** Meselem, “Metallar gyzdyrylan ýagdaýynda giňelýärler” diýen pikir ýöretme temperaturanyň üýtgemegi bilen metallaryň göwrüminiň arasyndaky baglanyşygy aňladýar. Düşinjeleriň arasyndaky dürli baglanyşyklary we gatnaşyklary ýüze çykarmak bilen, pikiir ýöretmeler belli bir zat hakynda degişli bir zat aýtmaklykdyr. Olar predmetleriň, wakalaryň, hadysalaryň arasyndaky gatnaşyklar dogrusunda belli bir zady ykrar edýärler ýa-da ret edýärler. Meselem, haçan-da biz “Ýer günüň töwereginden aýlanýar” diýenimizde, giňişlikde iki sany asman jisiminiň arasynda obýektiw baglanyşygyň bardygyny tassyklaýarys. Haçan-da biz “Beýik Galkynyşlar zamanasy” düşünjesiniň manysyny açyp görkezenimizde bu taryhy wakalaryň aýratynlyklaryny häsiýetlendirýän birnäçe pikir ýöretmeler aýdýarys.

Pikir ýöretmeler obýektiw barlygy özleriniň nähili şöhlelendirýändigine baglylykda hakyky ýa-da ýalan bolup bilýärler. Hakyky pikir ýöretme predmetleriň we hadysalaryň hem-de olaryň häsiýetleriniň hakykatda bar bolan baglanyşygyny aňladýar. Tersine, ýalan pikir ýöretme obýektiw hadysalaryň arasynda hakykatda bolmaýan baglanyşygy aňladýar. Meselem,

“Ÿewklidiň geometriýasynda üçburçlugyň içki burçlarynyň jemi iki gönüburça deň däldir” diýen pikir ýöretme ýalandyr.

Pikir ýöretmeler umumy, bölekleýin we ýekeleýin häsiýetde bolýarlar. Umumy pikir ýöretmelerde şol bir topardaky, synpdaky predmetleriň ählisine degişlilikde belli bir zat ykrar edilýär ýa-da ret ediliýär. Meselem : “Ähli balyklar žabralar arkaly dem alýarlar”. Bölekleýin pikir ýöretmelerde ykrar etmek ýa-da ret etmek diňe birnäçe predmede degişlilikde aýdylýar. (Talyplaryň birnäçesi – bäşlikçilerlerdir; bu okuwçylar bäşlikçilerdir; bu okuwçy sapaga taýýarlanmandyr”).

Pikir ýöretmeler iki sany esasy usul boýunça döredilýär:

1)göni usul – pikir ýöretmelerde kabul edilýän zat aňladylýar;

2) aralaşdyrylan usul – pikir ýöretmeler oýlanmalaryň ýa-da pikir jemlemäniň esasynda döredilýär. Birinji ýagdaýda mawy reňkdäki asmany görüp: “Asman – mawy reňkli” – diýen ýönekeý pikir ýöretmäni aňladýarys. Ikinji ýagdaýda bolsa pähim etmek arkaly bir pikir ýöretmeden ikinji bir pikir ýöretme döredilýär. Meselem, D.I.Mendeleýew özüniň açan periodik kanununyň esasynda sap nazary usulda, pikir jemlemäniň kömegi bilen entek şol döwürde belli bolmadyk himiki elementleriň bardygyny öňünden aýdýar. Soňky döwürlerde bu elementler açylanda ylmyň nazary öňündengörüjiligi esasan tassyklanyldy.

Pikirlenmäniň şeýle pikir jemleýji, pähim etmek “işinde” onuň aralaşdyrylan häsiýeti has-da aýdyň ýüze çykýar. Pikir jemleme pähim etmek – barlyga aralaşdyrdyrylan häsiýetde akyl ýetirmegiň esasy görnüşidir. Meselem, eger-de “Ähli kömürler ýangyçdyr” diýen pikir ýöretmesi belli bolsa, (birinji pikir ýöretme ) we “Bu jisim –kömür” aňlatma bolsa (ikinji pikir ýöretme), onda bada-bat “Bu jisim ýangyçydyr” (iki öňki ýöretmäniň esasynda döredilen üçünji pikir ýöretme) diýip netijä gelmek mümkin; bu ýagdaýda şeýle netijä gelmek üçin ýörite tejribelere ýüzlenmek zerur bolmaýar. Şeýlelikde, pikir jemleme – munuň özi bir ýa-da birnäçe pikir ýöretmeden başga bir pikir

ýöretmäni almaklyga mümkinçilik berýän pikirleriñ (düşinjeleriñ, pikir ýöretmeleriñ) arasyndaky baglanyşykdyr. Őzinden ikinji bir pikir ýöretme getirilip çykarylýan başlangyç pikir ýöretmä pikir jemlemäniñ posylkasy diýilýär. Ýokarda getirilen mysallarda “Ähli kömürler ýangyçdyr” (umumy ýa-da uly posylka) . “Bu jisim kömürdir” (bölekleýin ýa-da kiçi posylka) diýen pikir ýöretmeler posylkalardyr. Bu iki posylkany jemlemäniñ prosesinde alynýan netijä **jemleme** diýilýär (“Bu jisim kömürdir”).

Pikir jemlemäniñ iki esasy görnüşi bolýar 1) **induktiw** (induksiýa) we 2) **deduktiw** (deduksiýa).

**Induksiýa bölek mysallardan** (ýagny bölek pikir ýöretmelerden) **umumy netijä gelinýän pikir jemlemedir** (umumy pikir ýöretmä gelmek). Meselem, demriñ, misiñ, alýumininiñ, platinanyñ we ş.m. elektrik toguny geçirýänligi anyklanandan soñ bu ýekeleýin faktlary umumy pikir ýöretmä jemlemek mümkinçiligi döreýär : “Ähli metallar elektrik toguny geçirijidir”.

Tersine, **deduksiýa umumy netijeden** (pikir ýöretmeden) **bölekleýin, faktlara, mysallara geçilýän pikir jemlemedir**. Deduktiw pikir jemlemäniñ has ýaýran görüşi **sillogizmdir**. Sillogizme mysal edip induktiw usula ters bolan, umumylykdan ýekeleýinlige geçmek usulunda gurlan şeýle pikir ýöretmäni görkezmek mümkin :

Ähli metallar elektrik toguny geçirijidirler.

Galaýy metaldyr.

Diýmek, galaýy elektrik toguny geçirijidir.

Şeýle sillogistik deduktiw formulanyñ kömegi arkaly iki posylkadan (umumy we bölek) galaýynyñ elektrik geçirijiligi barada pikir ýöretme döredilýär.

Sillogizm – ýönekeý, şonuñ bilen birlikde hem pikirlenmäniñ logiki görnüşiniñ tipiki görnüşidir. Şeýle usullaryñ we formulalaryñ esasynda adamyñ pikirlenme işinde ulanýan ol ýa-da beýleki düşünjelerini we pikir ýöretmelerini biri-birleri bilen deñeşdirmek bolar. Şunuñ ýaly deñeşdirmäniñ prosesinde mysal çözmek ýüze çykýan esasy pikirler barlanýar. Şonuñ

netijesinde her bir pikiriñ dogrulygy düýüpli esaslandyrylýar. Umuman aýdanyñda, ähli subut etmek prosesi (meselem, matematik teoremanyñ) ahyrky netijede dürli pikir ýöretmeleri, düşünjeleri biri-birleri bilen baglanyşdyrýan sillogizmleriñ zynjyry hökmünde guralýar.

Diýmek, sillogizm we deduksiýanyñ hem-de induksiýanyñ beýleki logiki görnüşleri pikirlenme işiniñ normal amala aşyrylmagy üçin zerur faktorlardyr. Olar mynasybetli her bir pikirlenme subutnamalary, ynandyryjy, garşylyksyz bolýar we obýektiw barlygy dogry şöhlelendirýär. Şonuñ üçin-de pikirlenmäniñ düşünje, pikir ýöretme we pikir jemleme ýaly görnüşlerini ýörite derñeýän formal logika pikirlenme işiniñ düýpli kanunlaryny öwrenýär.

Formal logikanyñ öwrenýän kanunlary zerur bolsalar-da, adamyñ pikirlenmesini doly, çuññur, hemmetaraplaýyn düşündirmäge ýeterlik däldir.

Formal logikanyñ predmeti pikirlenmäni tutuşlaýyn öz içine alman, ýokarda görşümiz ýaly, onuñ diñe bir tarapyny (pikirlenmäniñ logiki görnüşlerini) öwrenýär. Formal logika pikirleriñ eýýäm dörän, taýýar görnüşlerini – düşünjeleri, pikir ýöretmeleri we ş.m. öwrenip, olaryñ arasynda belli bir gatnaşyklary (formulalary) ýüze çykýar. Sillogizm şeýle gatnaşyklaryñ ýa–da formulalaryñ bir mysalydyr. Şonuñ bilen birlikde formal logika bu pikirleriñ – düşünjeleriñ, pikir ýöretmeleriñ, pikir jemlemegiñ gös-göni döreýiş we ösüş şertlerinden sowulýar, abstragirlenýär.

Sillogizmiñ formulasy ýa-da formal logikanyñ islendik beýleki görnüşi şol pikirleriñ nähili anyk döreýşini we ösüş prosesini aýdyñlaşdyrmaýar. Meselem, sillogizmde adatça ilkibaşda uly, umumy posylka, soñra kiçi, bölekleýin posylka bolup, diñe şondan soñra ikisinden umumy netije çykarylýar. Emma beýle diýildigi real pikirlenme prosesinde ilki umumy netije (umumy pikir ýöretme) we diñe şondan soñra belli bir bölekleýin pikir ýöretme döreýär diýildigi däldir. Umumylyk we bölekleýin häsiýet mydam aýrylmaz baglanyşykda ýüze çykýar.

Üstesine-de, real pikirlenmede sillogizmiñ ýa-da islendik beýleki pikir jemlemäniñ posylkalary hiç wagt bir bada **taýýar** görnüşde berlen bolmaýar. Olary pikirlenmäniñ kömegi bilen tapmaly, ýüze çykarmaly bolýar.

Ol ýa-da beýleki mysallary işlemekde pikirlenmäniñ täze netijeleri (düşinjeleri, pikir ýöretmeler we ş.m.) ýüze çykanda sillogizimiñ kömegi arkaly olaryñ arasynda belli bir baglanşyklar döredilýär. Olaryñ arasyndaky döredilýän logiki gatnaşyklaryñ esasynda bir pikir ýöretmeden beýlekisi emele getirilýär. Sillogizmiñ we beýleki logiki görnüşleri derñemek bilen, formal logika pikir jemlemeleriñ posilkalarynyñ ilkibaşdan taýýarlygyndan ugur alýar. Bu bolsa formal logikanyñ pikirleriñ gös–göni döreýiş şeritlerinden sowulýandygyny, abstragirlenýändigini añladýar. Ol pikirlenmäniñ we akyl ýetişiñ duýma üsti bilen alnyp barylýan görnüşiniñ arasyndaky baglanşykdan-da doly sowulýar. Başgaça aýdylanda, formal logika pisihologiýadan tapawutlylykda, biziñ pikirlenmämiziñ mazmunynyñ duýma, kabul ediş we göz öñüne getirmäniñ esasynda nähili baýlaşýandygyny öwrenmeýär. Logiki formulalarda, meselem, sillozimde öñden taýýar pikirler, ýagny pikirlenmäniñ **netijeleri** biri- birleri bilen baglanşdyrylýar.

Ýöne pikirlenme işiniñ ýene-de bir düýipli tarapy – **pikirlenme prosesi** bolup, onuñ netijesinde adamda pikirlenmäniñ netijeleri – düşinjeler, pikir ýöretmeler we ş.m. döreýär. Pikirlenmäniñ bu ikinji möhüm tarapyny formal logika däl-de, pisihologiýa öwrenýär. Her bir adama ol pikir eden wagtynda, okadylyşda we bilimleri özleşdirmekde, zähmet we öýün işinde, haýsy-da bolsa bir mysalyñ üstünde pikirlenen wagtynda, çeper we ylmy döredijilikde we ş.m. täze pikirler, çaklamalar, meýilnamalar döreýärler we ösýärler.

Pisihologiýa indiwidiñ **pikirlenme prosesini**, ýagny, ol ýa-da beýleki pikiriñ näme üçin döreýändigini we ösýändigini öwrenýär.

Şeýlelikde, **logikanyñ predmeti pikirlenme prosesinde döreýän akyl ýetiriş netijeleriniñ arasynda arabaglanlanyşyk döretmekdir**. **Pisihologiýa bolsa akyl ýetiriş netijelerine**

**getirýän pikirlenme prosesiniñ geçiş kanunlaryny öwrenýär.** Logika we psihologiýa şol bir akyl ýetiriş işini dürli tarapdan öwrenýärler. Logika pikirlenmäni esasan netije tarapdan (pikirlenmäniñ önümleri bolan düşünjeleri, pikir ýöretmeleri, pikir jemlemeleri), pisihologiýa bolsa proses tarapdan çemeleşýär. Pikirlenmäniñ prosesiniñ we netijeleriniñ (düşünjeler, bilimler we ş.m.) aýrylmaz özara baglanyşykly bolýanlygy sebäpli pisihologiýa we logika pikirlenmäni derñemekde ýakyndan baglanyşykly, biri-biriniñ üstini dolduryan häsýtde bolýar.

**Pikrlenme proses hökmünde.** Psihologik taýdan p**ikirlenmäni proses hökmünde** öwrenmek – ol ýa-da beýleki akyl ýetiriş netijelerini emele getirýän içki, gizlin sebäpleri ýüze ýüze çykarmak diýmekdir. Pikirlenmäniñ şunuñ ýaly netijelerine mysal edip şeýle faktlary: okuwçynyñ şu mysaly işleýänligini ýa-da işlemeýänligi; onda çözlüşiñ çaklanmasynyñ ýa-da meýilnamasynyñ döreýänligini ýa-da döremeýänligini; onuñ belli bir bilimleri, hereket usullaryny özleşdirenligi ýa-da özleşdirmänligini ; onda täze düşünjäniñ döränligi ýa-da döremänligi we ş.m. görkezmek bolar. Pisihologiýa bu daşky faktlaryñ ählisiniñ arasyndan olaryñ içki pikirlenme prosesini ýüze çykarmaga ymtylýar. Şonuñ üçin ol daşky häsiýeti boýunça göze ilýän psihiki hadysalary we wakalary diñe bir ýüze çykarman, añlatman, eýsem olaryñ içki, özboluşly sebäplerini derñäp, olara düşündiriş berýär. Bu prosesde psihologiýa ylmy sebäpli dörediliş – determinizm düzgüninden ugur alýar. Bu düzgüne görä ähli daşky sebäpler içki şertleriñ üsti bilen täsir edýär. Başgaça aýdylanda, meselem, islendik pedagogik täsir adama göni däl-de, aralaşdyrylan görnüşde – şol adamyñ psihiki ýagdaýynyñ üsti bilen, onuñ duýgularyna, pikirlerine we ş.m. baglylykda täsir edýär.

Aýdaly, şol bir mysaly birnäçe okuwçy özbaşdak işleýärler; okuwçylaryñ pikirlenme işiniñ belli bir tapgyrynda mugallym olaryñ her birine, meseläniñ esasy çözlüşine ugrukdurýan birmeñzeş kömek berýär. Şeýle kömek okuwçynyñ hut özüniñ meseläni çözmekde öñe süýşmek derejesine, ýagny

onuñ pikirlenmesiniñ içki şeritlerine baglylykda olaryñ her birine dürli-dürli täsir edýär. Okuwçy meseläni näçe çuññur oýlanan bolsa, daşdan berilýän kömegi kabul etmäge şonça-da amatly “orun” taýýarlanýar. Tersine, okuwçy meseläni näçe ýüzleý pikire ornaşdyran bolsa, onuñ üçin daşdan berilýän kömegi kabul etmek şonça-da kyn bolýar we meseläni ahyryna çenli çözip bilmeýär. Ilkibaşda onuñ daşdan berilýän kömegiñ bu meselä hiç hili dahyly ýok diýip pikir etmegi mümkin, bu kömegi asla kabul etmezligi, ondan peýdalanyp bilmezligi mümkindir. Bularyñ hemmesi daşky (pedagogik we ş.m.) täsirleriñ döredýän psihologik netijesiniñ diñe içki şertleriñ üsti bilen emele gelýänligine şaýatlyk edýär. Ýokarda görkezilen mysaldaky daşdan berilýän kömegiñ (göräýmäge çözlüşe gös-göni ýol görkezýän) ulanylmazlygyny, pikirlenme prosesiniñ şeýle özboluşly içki şertleriniñ bardygyny has-da aýdyñ görkezýär.

**Analiz we sintez.** Pikirlenmäniñ prosesleri ilkinji nobatda – analiz, sintez we umumylaşdyrmakmakdyr. **Analiz – obýektde onuň ol ýa-da beýleki taraplaryny, elementlerini, gatnaşyklaryny we ş.m. ýüze çykarmak,** akyl ýetirilýän obýekti elementlere bölmekdir. Meselem, okuwçy ýaş tehnikleriñ gurnagynda haýsy-da bolsa bir mehanizimiñ işleýiş usuluna düşünmek üçin bu mehanizimiñ düýipli elementlerini, detallaryny ýüze çykaryp, ony aýry-aýry böleklere bölýär. Okuwçy akyl ýetirilýän obýekti iñ bir ýönekeý böleklere bölýär, seljerýär.

Seljerme-analiz prosesinde haýsy-da bolsa bir predmetiñ ol ýa-da beýleki häsýeti öziniñ ähmiýetliligi, gyzyklylygy we ş.m. boýunça has güýçli “gyjyndyrma” öwrülip, birinji orna süýşýär. Şeýle gyjyndyrjylar kelle beýniniñ gabygynda has güýçli oýanma döredip, fizologik induksiýa kanuny boýunça predmetiñ beýleki häsuýetleriniñ differensiýasyny pes gyjyndyryjy hökmünde tormozlaýar. Şeýlelikde kelle beýniniñ ýokarky gatlaryndaky oýanmanyñ we tormozlanýanyñ belli bir özara gatnaşygy analiz-seljerme psihologiki prosesiniñ fiziologik esasy bolup durýar.

**Analiz prosesinde bölünen bitewligiñ komponentlerini birleşdirmeklige sintez** diýilýär. Sintez prosesinde akyl ýetirilýän obýektiñ böleklere dargydylyp, elementleri biri-birleri bilen baglanyşdyrylýar, birleşdirilýär.

Meselem, mysalda görekezilen okuwçy mehanizimiñ ýüze çykarylan böleklerini biri - birleri bilen deñeşdirip, olaryñ arasynda baglanşyk döredýär, olaryñ biri-birlerine nähili täsir edýändigine düşünýär. Şonuñ netijesinde sintez, ýagny dürli elementleriñ arasynda özara gatnaşyklar, baglanyşyk döreýär. Sinteziñ fiziologiki esasy kelle beýniniñ gabygyndaky wagytlaýyn baglanşyklaryñ utgaşmagy bilen döredilýär.

Analiz we sintez hemişe özara baglanşyklydyr. Olaryñ aýrylmaz baglanyşygy akyl ýetiriş prosesiniñ biri bolan **deñeşdimede** has aýdyñ ýüze çykýar. Daşky dünýä bilen tanyşmagyñ başlangyç tapgyrlarynda dürli obýekitlere ilki bilen deñeşdirme esasynda akyl ýetirilýär.

Iki ýa-da birnäçe predmetleriñ islendik deñeşdirilmesi olaryñ biri – birleri bilen ýanaşdyrylmadan ýa-da baglanyşdyrylmagyndan, ýagny sintezden başlanýar. Bu sintetiki işiñ prosesinde deñeşdirilýän predmetiñ analizi bolup geçýär – olaryñ umumy we dürli häsiýetleri ýüze çykarylýar. Meselem, okuwçy süýitemdirjileriñ dürli synplaryny öz aralarynda deñeşdirip, mugallymyñ kömegi bilen kem-kemden bu haýwanlaryñ umumy häsiýetlerini ýüze çykarýar. Deñeşdirme şeýlelikde umumylaşdyrylmaklyga getirýär.

**Umumylaşdyrmak** prosesinde deñeşdirilýän predmetleri analizlemek netijesinde haýsy-da bolsa bir umumy häsiýet ýüze çykýar. Bu umumylyk dürli obýektlerde degişlilikde iki görnüşde bolýar :

1) meñzeş häsiýetleriñ umumylygy we 2) düýpli häsiýetleriñ umumylygy. Meselem, düýbünden başga – başga predmetlerde meñzeşlik tapmak mümkin ; bu babatda şol bir topara reñkiniñ meñzeşligi boýunça üljäni, horazgüli, gany, çig eti, gaýnadylan leññeji we ş.m. goşmak mümkin. Emma bu meñzeşlik ( umumylyk ) agzalan predmetleriñ düýipli häsiýetlerini añlatmaýar; ol predmetleriñ diñe daşky, örän ýüzlek, esasy

bolmadyk alamatlaryna esaslanýar. Şeýle esasda döredilýän umumylaşdyrmalaryñ uly ähniýeti bolman, olar köplenç ýalñyşlyga getirýär. Hut şeýle ýüzleý usulda döredilen umulaşdyrmanyñ esasynda, meselem, kiti süýtemdirjilere goşmagyñ deregine balyklara degişli edip, düýipli ýalñyşmak mümkin. Bu ýagdaýda deñeşdirilýän obýektleriñ häsiýetleriniñ içinden diñe meñzeş, ýöne esasy däl (daşky görnüş, bedeniñ balyga meñzeş keşbi we ş.m.) sypatlary alynýar. Tersine, umumy häsiýetler obýektiñ düýipli, esasy alamatlaryny analizlemek esasynda umumylaşdyrylanda kit balyklara däl-de, süýitrmdirjilere degişli bolýar.

**Şeýlelikde, her bir düýipli, esasy häsiýet şol bir wagtyñ özünde bir meñzeş pedmetler topary üçin umumydyr, ýöne her bir topar obýektler üçin düýipli, esasy däldir.** Şeýle umumy düýpli häsiýetler çuñlaşdyrylan analiziñ we sinteziñ netijesinde ýüze çykarylýar.

Analiz, sintez we umumylaşdyrma pikirlenmäniñ içki esasy özboluşly kanunlarydyr. Diñe şeýle kanunlaryñ esasynda pikirlenme işiniñ daşky görnüşleri çuññur düşündirilişe eýe bolýar.

Şeýlelikde, mugallym gündelik amalyýetde okuwçynyñ bir mysaly işläp, şertleri az-kem üýtgedilen başga mysallary çözmekde bolsa onuñ usulyny ulanyp bilmeýändigine göz ýetirýär. Meselem, okuwçy ýiti burçly üçburçlukda onuñ içki burçlarynyñ jemi baradaky teoremany sbut edýär, eger-de çyzgy 90° öwrülen ýagdaýda ýa-da oña kütek burçly üçburçluk teklip edilse, ol şol bir subutnamany ulanyp bilmeýär. Amaly taýdan özän möhüm bu faktlar özüniñ psihologiki düşindirilişini talap edýär. Ÿumuşlaryñ çözlüş ussullaryny, bilimleri bir ýagdaýdan beýläkä geçirmegiñ ýa-da geçirmezligiñ sebäpleriniñ biri-de berilýän mysallaryñ şeritleriniñ üýtgedilmegi bolup durýar; çözlüşi şol bir teorema esaslanýan mysallaryñ şertleri düýipli üýtgedilse, onda çözlüş usuly bir ýumuşdan beýlekä geçirilýär. Şeýle üýtgetme bolmasa, usulyñ geçirilmegi mümkin bolmaýar. Bu ýerde “geçirişiñ “ ýeke-täk şerti ütgetmek ýaly bolup

görünýär. Emma pisihologik mukdaýnazardan şeýle düşündirliş örän ýüzleýdir.

Hakykatdan bolsa okuwça berilýän ýumuşuñ şertleriniñ üýtgedilmegi (çyzygynyñ we ş.m.) okuwçynyñ däl-de, mugallymyñ işidir. "Geçirilişi" gös – göni şertiñ üýtgelidilmegi bilen baglanşdyrmak, daşky pedogogik täsiri (mugallym tarapynda ýumuşuñ şertiniñ üýtgedilmegi) okuwçynyñ pikirlenme işiniñ diñe netijesi bilen, ýagny "geçirişiñ" ýa-da geçirmezligiñ daşky fakty bilen baglanşdyrmak bolýar. Okuwçynyñ bu netijäni döredýän pikirlenme işiniñ prosesi, onuñ içki özboluşly kanunlary barada bolsa bu ýagdaýda hiç zat aýdylmaýar. Okuwçynyñ pikirlenmesiniñ içki şertleriniñ daşky pedogogik täsiri nähili aralaşdyrýandygy näbelli bolup galýar.

Hakykatda bolsa ýumuşlaryñ şertlerini üýtgetmek psihologik nukdaýnazardan okuwçynyñ pikirlenme işine amatly şertleriñ döredilendigini añladýar. Şertleri üýtgetmek, okuwçy üçin işlenýän ýumuşuñ analizini gowlandyrmaga we olary umumylaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Okuwçy dürli ýumuşlaryñ düýpli şertlerini ýüze çykarmak we umumylaşdyrmak bilen olaryñ çözlüş usullaryny bir mysaldan "beýlekä" geçirýär. Şeýlelikde, üýtgetmek – geçirmek görnüşde ýüze çykýan daşky baglanyşyk, psihologik taýdan analiz – umumylaşdyrmak – içki baglanyşyk görnüşde bolýar. Daşdan synlanylýan netije ("geçirmek"), okuwçynyñ içki pikirlenme prosesiniñ kanunalaýyk önimi bolup durýar. Čözlüşi bir mysaldan beýlekä geçirmek üçin olaryñ arasyndaky düýipli umulyga ýüze çykarmaly bolýar. Çözlüşiñ bu umumy düzgünini iki mysaly-da analizlemek esasynda açyp görkezmek, geçirilişiñ içki, psihologik şertdir.

**Pikirlenmäniñ motiwasiýasy.** Analiz we sintez, umuman pikirlenme işi, adamyñ her bir işi ýaly, mydama öz başlangyjyny belli bir isleglerden alýar. Eger islegler bolmasa, iş hem ýokdur. Her bir psihiki prosesde bolşy ýaly, pikirlenmäniñ öwrenilmeginde hem psihologiýa ylmy hemişe adamyñ akyl ýetiriş işiniñ haýsy islegleriñ esasynda amala aşyrylýandygyny, onda analize, sinteze, we ş. m. bolan islegiñ

haýsy anyk şertlerde döreýändigini derňeýär (munuň tersine, formal logika diňe bir pikirlenmäniň akyl ýetirişiň duýma görnüşi bilen baglanşygyndan sowulýandygy bilen çäklenmän, pikir işiniň islegler, motiwler, emosiýalar we ş.m. bilen baglanyşygy bilen-de gyzyklanmaýar). Pikir edýän, oýlanýan "sap" pikirlenme däl-de, belli bir ukyplary, duýgulary we islegleri bolan adam, indiwid, şahsyýet pikir edýär, oýlanýar. Pikirlenme işiniň islegler bilen aýrylmaz baglanşygyny islendik pikirlenmäniň hemişe belli bir özboluşly şahsyýete degişli bolýandygynda aýdyň ýüze çykýar.

Pikirlenmäniň psihologiýada öwrenilýän motiwleri iki görnüşde bolýar : 1) hususy akyl ýetiriş motiwleri we 2) hususy däl akyl ýetiriş motiwleri. Birinji ýagdaýda pikirlenme işiniň ugrukdyryjy we hereketlendiriji güýji hökmünde akyl ýetirişe bolan höwesler we motiwler durýarlar (meselem, çagalara mahsus bilesigeljilik). Ikinji ýagdaýda pikirlenme sap akyl ýetiriş höweslerden däl-de, haýsy-da bolsa bir daşky sebäpleriň esasynda başlanýar. Meselem, okuwçy sapaga taýýarlanmagy, mysal işlemegi we ş.m. täze bir zat öwrenmek we özi üçin haýsy-da bolsa bir açyş etmek üçin däl-de, ulularyň talaplaryny ödemäge mejbur bolýandygyny, ýoldaşlaryndan yza galmakdan gorkýandygyny we ş.m. üçin alyp baryp biler. Başlangyç motiwleriň görnüşine garamazdan, pikirlenme amala aşyrylyp başlanandan soňra hususy akyl ýetiriş motiwleri öz güýjüne girýär: okuwçy sapaga taýýarlygy ulularyň talabyna mejburlukda başlap, okuw işiniň prosesinde onda öz edýän işine höwes, akyl ýetiriş islegi döreýär.

Şeýleleikde, adam belli bir istegleriň täsiri astynda pikir edip başlaýar, onuň pikirlenme işiniň prosesinde bolsa has täsirli akyl ýetiriş motiwleri döreýär we ösýär.

## § 2 Pikirlenme we mysallary çözmek

**Probema situasiýasy we ýumuş.** Pikirlenme maksada gönükdürlen häsiýetde bolýar. Pikirlenmä zerurlyk haçan-da adam öz durmuş amalyýetinde täze maksat, täze mesele we işiň

täze şertleri bilen ýüzbe-ýüz bolan wagtynda döreýär. Meselem, şeýle ýagdaý haçanda lukman henize çenli öz amalyýetinde gabat gekmedik kesele duşanda, ony bejermäge täze usullary agtarmaly bolanda döreýär. Pikirlenmä bolan hakyky zerurlyk haçan-da täze maksatlar döräp, olara ýetmek üçin işiň öňden bar bolan usullarynyň ýetmezçilik edýän ýagdaýlarda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlara **problema situasiýasy – mesele ýagdaýy** diýilýär. Problema situasiýasyndan öz başlangyjyny alýan akyl ýetiriş işiniň kömegi bilen maksada ýetmegiň, islegleri kanagatlandyrmagyň täze serişdelerini we usullaryny döretmek, açmak mümkin bolýar.

Pikirlenme bu täzeligi agtarmak we ony açmakdyr. Haçan-da hereketleriň öňden mälim bolan usullary, öňki bilimler we endikler bilen meseläni çözmek başardýan bolsa, problema situasiýasy we pikirlenmä bolan zerurlyk dýbünden döremeýär. Meselem, eýýäm II synp okuwçysynda “ 2 x 2 = näçe bolar” diýen sowal pikirlenme döretmeýär. Şeýle soraga jogap bermek üçin ol okuwçyda bar bolan öňki bilimler doly ýeterlik bolup, pikirlenme bu ýerde artykmaç bolýar. Pikirlenmä bolan zerurlyk okuwçy mysaly çözmegiň täze usullaryny oňat özleşdirip, soňra şol bir tipli mysallary işlemeli bolanda hem döremeýär. Diýmek, durmuşyň islendik ýagdaýlary problemalaýyn bolman, pikirlenmäni hem talap etmeýär.

**Problema situasiýasyndan yumşy tapawutlandyrmak** zerurdyr. Problema situasiýasy adamyň iş prosesinde (köplenç duýdansyz) haýsy-da bolsa bir nämälim, düşnüksiz, galagoply zada uçurandygyny aňladýar. Meselem, uçarman uçuş wagtynda motorda garaşylmadyk, düşnüksiz güwwüldini saýgarýar. Şol wagtda ýüze çykan zada akyl ýetirmek üçin uçarmanyň işine pikirlenme goşulýar. Şeýlelikde, problema situasiýasy **aňlanylýan ýumuşa** öwrülýär. Ýumuş problema situasiýasyndan döräp, onuň bilen berk baglanyşykda bolup, şol bir wagtyň özünde ondan tapawutlanýar. Problema situasiýasy – bu entek doly aýdyň bolmadyk, çala aňlanylan psihiki ýagdaý bolup: “bu ýerde bir gizlinlik bar”, “bu-ha adaty zat däl” diýen ýaly duýgylaryň ýerliginde geçýär. Meselem, uçarman motorda bir düşnüksizligiň

bardygyny bilse-de, entek näsazlygyň motoryň haýsy böleginde, näme sebäbe görä dörändigini we döräp biläýjek howpuň nähili öňüni almalydygyny aýan edip bilmeýär. Pikirlenme prosesi hem öz başlangyjyny hut şeýle problema situasiýasyndan alýar. Ol şu problema situasiýasynyň özüni analiz etmekden başlanýar. Şeýle analiziň netijesinde ýumuş döreýär.

Problema situasiýasyndan tapawutlylykda, ýumşuň döremegi indi iň bolmanda meselede belli bilen näbelliniň aýdyňlaşdyrylandygyny aňladýar. Şeýle tapawutlandyryş ýumşy söz üsti bilen aňlatmakda ýüze çykýar. Meselem, okuw ýumşunda onuň başlangyç şertleri (näme berlen, näme belli we ş.m.) we talaplary, soraglary (nämäni tapmaly, hasaplamaly we ş.m.) belli bir derejede aňladylan ýagdaýda bolýar. Şeýlelikde, diňe ilkinji golaýlaşmak, başlangyç derejede näbelliniň subudynyň ugry ýüze çykýar. Başgaça aýdanyňda, ýumşuň başlangyç aňladylyşy näbellini diňe minimal derejede aýdyňlaşdyrýar. Ýumşuň çözlüşi ugrunda, ýagny, kem-kemden onuň täze-täze şertlerini, talaplaryny ýüze çykarmakda näbelli köpderejede aýdyňlaşdyrylýar. Onuň häsiýetleri has manyly we takyk bolýar. Ýumşuň gutarnykly çözülmegi näbelliniň doly ýüze çykarylyp, kesgitlenendigini aňladýar. Eger-de näbelli ýumşuň başlangyç aňladylyşynda, onuň ilki şertleriniň we talaplarynyň goýluşynda doly mälim bolsa, onda ony agtarmagyň hiç bir hili zerurlygy bolmazdy. Bu ýagdaýda ýumuş döremän, pikirlenmä bolan zerurlyk hem öz-özünden galýar. Tersine, eger-de ýumşuň başlangyç aňladylyşy, näbellini nireden gözlemelidigi düýbünden nämälim bolsa, bu ýagdaýda näbellini asla tapyp bolmazdy. Adam näbellini agtarmak, ony "ilteşdirmek" üçin hat-da çen tutmaklyga zerur bolan maglumatdan hem mahrum bolardy. Problema situasiýasy näbelliniň çözlüşiniň iň bolmanda minimal elementlerini öňünden aýdyňlaşdyryp bolmaýan ýagdaýynda, ýumşa öwrülmän, adama aljyraňňylykdan, (halk nakylynda aýdylyşy ýaly) kelebiň ujuny ýitirmekden başga zat bermeýär.

**Pikirlenmäniñ determinasiýasy (sebäpli dörediliși) proses hökmünde.**

Mysal işlemegiň gidişinde pikirlenme proses hökmünde has aýdyň ýüze çykýar. Pikirlenmä proses hökmünde düşünmek, pikirlenme işiniň hut determinasiýanyň (sebäpli şertliliginiň) proses hökmünde amala aşyrylýandygyny aňladýar. Başgaça aýdylanda ýumşuň çözlüşiniň barşynda adam onuň heniz mälim bolmadyk täze-täze talaplaryny, şertlerini ýüze çykarýar, olar bolsa öz gezeginde pikrlenmäniň mundan beýläkki amala aşyrylmagyny döredýär. Diýmek, pikirlenmäniň determinasiýasy ilki başda doly, gutarnykly görnüşde berilmän, proses hökmünde kem-kemden kemala gelip, ýumşuň çözlüşiniň barşynda ösýär. Prosesiň başlangyç şertlerinde onuň mundan beýläkki geçişini doly we gutarnykly "programmirläp" bolmaýanlygy üçin pikirlenme prosesinde üznüksüz düzetmeler, barlamalar zerurlyk bilen ýüze çykýär.

Ýumşuň çözlüşiniň tapylmagyny adatça duýdansyz, garaşylmadyk, bada-bat pähime getirmek hökmünde ýazýarlar. Bu fakty edil bilgiçlik, "insaýt", ewristika (latynça "ewrika" – "tapdym") ýaly düşündirýärler. Hut şeýle häsiýetde pikirlenmäniň netijesi tapylýar: psihologiýanyň wezipesi bolsa bu netijäni döredýän içki pikirlenme prosesini derňemekdir. Göýä duýdansyz döreýän "insaýtyň", ýagny näbellini bada-bat tapmagyň sebäpli döreýşini ýüze çykarmak üçin ilki bilen, çözlüşiň barşynda ýumuşdaky näbelliniň mydama iň bolmanda minimal, ýakynlaşdyrylan görnüşde öňünden pikire getirilmesi bolup geçýär. Şeýle öňünden pikire getiriş mynasybetli belliden näbellä köprüjik gurap, olaryň arasyndaky boşlugy doldurmak başardýar.

Pikirlenme prosesiniň esasy "mehenizmlerini" oňat aýdyňlaşdyrmak üçin näbellini öňünden pikirde şöhlelendirmägiň roluna baha bermek dogrusynda psihologiýada belli bolan üç sany biri-birine gapma-garşy garaýşa seredip geçeliň. Bu garaýyşlaryň her biri öz gezeginde mysal işlemek prosesinde okuwçylaryň pikirlenmesini kemala getirmegiň degişli usulyny kesgitleýär.

Olaryñ birinjisi akyl ýetiriş prosesiniñ her bir öñki stadiýasy ("ädimi"), şonuñ gös-göni yzyndaka başlangyç bolup hyzmat edýär diýen pikirden ugur alýar. Şeýle tezis dogry bolsa-da, ýeterlik däldir. Hakykatda pikirlenmäniñ barşynda näbelli hiç bolmanda minimal ýagdaýda öñünden pikire getirilýär. Şonuñ üçin-de ähli zady diñe akyl ýetirişiñ öñki we soñky tapgyrlarynyñ arasyndaky baglanyşyga syrykdyrmak nädogrudyr. Başgaça aýdylanda, ýumşuñ çözlüşinde öñünden pikire getirmegiñ "möçberini" kiçeltmek, ýa-da oña kembaha garamak bolmaz.

Birinjiä gapma-garşylykly bolan ikinji bir çemeleşiş, tersine, näbelliniñ çözlüşini tapmakda öñünden pikire ornaşdyrmagy absolýutlaşdyryp, oña aýratyn ähmiýet berýär. Adatça golaýlaşdyrylan, takmynan häsiýetde bolýan öñündengörüjilik bu nukdaýnazardan çözlüşi tapmagyñ taýýar we doly kesgitleýjisine öwrülýär. Bu garaýşyñ nädogrudygyny şeýle mysalda görkezmek mümkin. Okuwçy kyn meseläni çözmäge çalyşýar; ol entek ýumşuñ çözlüşini bilenok, ony diñe öziniñ pikirlenme prosesiniñ netijesinde tapyp biler. Ýumşuñ çözlüşini eýýam bilýän mugallym okuwça kömek edip başlaýar. Tejribeli mugallym hiç wagt oña çözlüşiñ ähli ýoluny birbada "ýañzytmaýar", ol oña zerur bolan kömegi kem- kemden berip, işiñ esasy bölegini okuwçynyñ ýerine ýetirmegini gazanýar. Diñe şeýle usul bilen okuwçylarda özbaşdak, hakyky pikirlenmäni kemala getirilýär we ösdürilýär. Eger-de çözlüşiñ esasy usuly birbada aýdylan pikirlenmäniñ geljekki netijesi ol başlamanka aýan edilse, ol okuwçynyñ pikirlenme işiniñ ösüşini togtadýar. Haçan-da okuwçy çözlüşiñ ähli tapgyryny bilsa, onda onuñ pikirlenmesi asla işlemeýär ýa-da passiw, minimal derejede işleýär. Okuwçylar mydama mugallymyñ kömegine mätäç ; ýöne bu kömek olaryñ pikirlenmesini gysyp çykaryp, prosesi öñünden mälim bolan netije bilen çalşyrmaly däldir.

Şeýlelikde, garalyp geçilen çemeleşişleriñ ikisi-de näbellini agtarmakda öñünden pikire ornaşdyrmagyñ bardygyny ykrar edýär: olaryñ biri oña kembaha garap, beýlekisi bolsa şeýle öñünden pikire ornaşdyrmanyñ rolyny has ýokorlandyrýar. Úçinji

çemeleşiş bolsa, tersine, ýumuş işlemek prosesinde öňünden pikire ornaşdyrmany inkär edýär.

Üçinji çemeleşiş pikirlenmä kibernetiki çemeleşişiň ösmegi bilen giň gerime eýe boldy. Bu nukdaýnazara görä pikirlenme prosesiniň barşynda degişli obýektiň ähli ýa-da birnäçe häsiýetlerini we olar bilen baglanşykly umumy düzgünleri, teoremalary we çözlüş warýanytlaryny we ş.m. yzly-yzyna saýlamaly (ýada salmaly, gös öňüne tutmaly, ulanmaga synanyşmaly we ş.m.). Netijede olardan diňe çözlüşe zerur bolanlarynyň üstünde saklanmaly. Meselem, eger-de ýumşuň başlangyç şertlerinde parallelogram görkezilen bolsa, onda mesele pikirlenilýän wagtynda bu obýektiň ähli häsiýetlerini ýada salyp, olary saýlap, çözlüş üçin gezekli-gezegine ulanmaga synanyşmaly. Ahyr netijede olaryň biriniň çözlüş usulyna gabat gelmegi mümkin. Hakykatda bolsa, ýörite psihologik derňewleriň görkezişi boýunça pikirlenme hiç wagtda şeýle tötänleýin, "köre-kör", çözlüşiň ähli wariantlaryny elden geçirmek häsiýetinde işlemeýär.

Pikirlenmäniň barşynda hiç bolmanda obýektiň haýsy häsiýetiniň minimal derejede ýüze çykaryljakdygy we umumylaşdyryljakdygy öňünden pikire ornaşdyrylar. Bu häsiýet çözlüş üçin esasy zat bolansoň, obýektiň başga häsiýetleri agtaryş zolagyna girmeýär. Pikirlenmäniň "gönükdirilen", saýlanylma häsiýeti hut şeýle ýüze çykýar. Näbelliniň şeýle, hiç bolmanda minimal derejede öňünden görülmegi ony çözmekde obýektiň ähli häsiýetlerini köre-körlük bilen elden geçirmekden azat edýär. Munuň tersine, haçan-da şunuň ýaly öňdengörüjilik bolmaýan ýagdaýda şeýle mehaniki elden geçirme gutulgysyz bolup durýar.

Kibernetikler tarapyndan döredilen häzirki zaman "pikir ediji" maşynlary hut şeýle ýeke-ýekelikde elden geçirmek düzgüninde işleýärler. Bu maşynlaryň programmalarynda mysalyň çözlüşiniň mümkingadar wariantlary öňünden goýlup, her bir mysaly degişli warianty tapmak ýeke-ýekelikde elden geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Şonuň netijesinde maşynlaryň kömegi bilen hakykatdan-da mysallaryň birnäçe toparlary işlenilýär, bu bolsa kibernetikanyň hakyky üstünligidir. Emma görşümiz ýaly, kiberrnetiki maşynlar

adamyň pikirlenmesinden düýbünden başga düzgünde işleýär. Bu maşynlaryň kömegi bilen çylşyrymly mysallaryň birentegi işlense-de, olar adamyň pkirlenmesini "modelirlemeýärler", ony gaýtadan döretmeýärler. Üstesine-de adam öňünden pikire ornaşdyrmagy özüniň akyl ýetiriş işiniň barşynda amala aşyrýar. Munuň özi pikirlenmäniň psihologiýasynyň merkezi meseleleriniň biridir. Bu meseläni çözmekde psihologiýa ýokarda getirilen öňünden pikire ornaşdyrmak dogrusyndaky üç sany nädory çemeleşmekligi ýeňip geçýär. Bu meeäni çözmeklik pikirlenmäniň esasy "mehanizmini" açmakdyr.

**Pikirlenmäniň esasy mehanizmi.** Näbelli hiç tarapyndan çemeleşip bolmaýan "absolýut boşluk" däldir. Ol hemişe haýsy-da bolsa bir belli, mälim zat bilen baglanyşyklydyr. Eýýäm bellenip geçilişi ýaly, her bir ýumuşda haýsy-da bolsa bir mälim häsiýet (ýumşuň soragy, başlangyç şertleri we ş.m.) bolýar. Belli bir näbelliniň arasyndaky baglanyşyga we gatnaşyklara esaslanyp, entek aýdyň bolmadyk täze zatlary agtarmak,açmak bolýar. Meselem, himiki elementiň näbelli häsiýetlerini kesgitlemek üçin ony ozal belli bolan himiki reaktiwler bilen özara täsir etdirmeli bolýar. Her bir predmet beýleki predmetler bilen özara täsirinde özüne mahsus häsiýetleri ýüze çykarýar.

Gegeliň filosofiýasynda bellenen pikirlere esaslanyp, bu mehanizm barada şeýle netijä gelmek mümkin : **şol bir zat onuň hut özüdir ýöne dürli gatnaşyklaryň we baglanyşyklaryň ulgamynda ýüze çykandygy üçin şol bir wagtyň özünde başga bir zatdyr.** Meselem, stakan hem-ä çüýşeden edilen silindrdir, hem-de suw içilýän gapdyr. Emma stakan diňe bir şol iki sany sypata eýe bolmak bilen çäklenmeýär.

Diýmek, stakan hem aýnadan edilen silindr, hem suw içmek guraly, hem çeper şekillendirişli predmet we ş.m. Beýleki predmetler bilen täze baglanyşyklara goşman obýektleriň heniz mälim bolmadyk häsiýetlerini açmak üçin bu häsiýetleriň ýüze çykýan gatnaşyklaryna, özara baglanyşyklaryna akyl ýetirip bolmaýar.

Şonuň üçin-de pikirlenme prosesiniň esasy "mehanizmini" şeýle aňlatmak bolýar: pkirlenme prosesinde obýekt täze-täze baglanyşyklara goşulyp, onuň netijesinde, täze häsiýetde ýüze çykyp, täze düşünjelerde jemlenýär; şeýlelikde obýektiň täze mazmuny ýüze

çykarylýar; ol her gezekde özüniň dürli taraplary boýunça öwrülip, onda täze-täze häsiýetler döredilýär. Meselem, mysalyň başlangyç şertlerinde bissektrisa hökmünde kesgitlenen göni çyzyk, mysalyň işleniş ugrunda mediana we beýiklik, soňra bolsa iki parallel kesiji we ş.m. bolup bu göni çyzyk täze-täze häsiýetlerde ýüze çykýar. Ýokarda agzalan pikirlenmäniň esasy "mehanizmi" "**sintez arkaly geçirilýän analiz**" diýip atlandyrylýar; munuň sebäbi obýektde ýüze çykarylýan (analiz) täze häsiýetler, derňelýän obýekti beýleki predmetler bilen baglanyşdyrmak (sintez), ýagny täze baglanyşyklara goşmak arkaly amala aşyrylýar.

Diňe analizlenýän obýektiň beýlekiler bilen baglanyşyklaryny we gatnaşyklaryny açmak arkaly adam bu obýektiň näbelli häsiýetlerini aýdyňlaşdyrýar. Şeýle baglanyşyklary onuň hut özi açyp başlamasa ol çözlüşiň gös-göni ugry salgy berilse-de, ony kabul edip bilmeýär.

Tötänleýin "ýaňzytmak" kähalatlarda açyş etmeklige ýardam edip bilýär. Emma şeýle "ýaňzytmany" kabul edip bilmekde pikirlenmäniň ýokarda agzalan kanuny esasy rol oýnaýar. "Bagtly" tötänlik diňe ýumşuň çözlüşiniň üstünde pikirlenen adama kömek berýär. Hemme ýerde bolşy ýaly, bu ýerde daşky sebäpler içki şertleriň üsti bilen täsir edýär.

Ýörite eksperimentler çözlüşiň ugry ýaňzydylanda kabul edip bilmegiň birnäçe pisihologik içki şertlerini aýdyňlaşdyrdy. Tejribeler şu aşakdaky ýaly geçirildi. Tejribeleriň birinde eksperimentator synag edilýän adama çözlüşiň şol bi ugruny ýaňzytmagy mysal işlemegiň dürli tapgyrlarynda (başlangyç hem-de ahyrky) aýdýar; başga bir tapgyrda çözlüşiň ugruny ýaňzytmagy dürli derejede (mysalyň çözlüşiniň az ýa-da köp zwenolaryny çözmekde) aýdýar. Bu ýagdaýda esasy eksperimental ýumşuň çözlüş düzgünini özünde jemleýän ikinji, kömekçi, kynlygy boýunça has pes mysal berilýär. Synag edilýän adam bu düzgüni umumylaşdyryp, bir mysaldan ikinjä geçirip bilipdir.

Meselem, esasy ýumuş hökmünde şeýle mysal berilýär. "Trapesiýanyň diagonallarynyň arasyndaky ABO we OCD üçburçluklaryň deňulylygyny subut etmeli". Kömekçi ýumuşda ABCD gönüburçlugynyň diagonallarynyň deňligini subut etmek

tabşyrylýar. Olar deňdirler, çünki AD umumy esasy, AB we CD deň taraplary we olaryň arasynda göni burçlary bolan ABD we ACD üçburçluklary deňdirler. Esasy ýumuş kömekçi ýumşuň üsti bilen, ýagny kömekçiniň çözlüşini oňa "geçirmek" arkaly çözülýär. Iki ýumşuň-da çözlüşiniň umumy düzgüni bolup ABD we ACD üçburçluklarynyň umumy esasy – AD-ni ulanmak hizmat edýär. AD birinji ýagdaýda deňululykly, ikinji ýagdaýda bolsa ABD we ACD deň üçburçluklaryň umumy esasy hökmünde ulanylýar. Şeýlelikde, esasy ýumşy çözmek üçin deň ululykly ABD we ACD (ABO we OCD üçburçluklary bilen baglanyşykly) figuralary tapmaly. Çözlüşiň bu zwenosyny iki ýumşuň-da düýpli umumy şerti hökmünde ýüze çykarmaly, ýagny umumylaşdyrmaly.

Diýmek, umumylaşdyrma we onuň netijesi bolup durýan çözlüş usulyny geçirmeklik(bir şertden beýlekä), ilkinji nobatda, ýumuşlaryň ikisini-de analitiko-sintetik işiň bir biewi prosesine goşmaklyga bagly bolup durýar. Umumulaşdyrmanyň, geçirmekligiň derejesi analiziň haýsy tapgyrynda, irki ýa-da giçki tapgyrynda ýumuş we çözlüş dogrusynda berilýän kömegiň biri-birleri bilen baglanyşdyrylýandygyna bagly bolup durýar. Prosesiň netijesi(çözlüşi geçirmek, kömegi ulanmak) mysal işleýäniň hut özüniň ýmşy analizlemek boýunça geçiren işine görä bolýar.

Haçan-da adamyň hut özi çözlüşiň ugry aňladylýan zwenosyna golaýlaşanda ol daşdan berilýän kömegi (mugallymyň,ýolbaşçynyň we ş.m) kabul etmäge taýar bolýar. Bolmasa ol berilýän kömege düşünmän, ony ýa-ha formal ýagdaýda kabul edýär, ýa-da bolmasa ony düýbünden kabul etmeýär; bu ýagdaýda pikirlenmä derek zoraýakdan süýremeklik emele gelýär. Berilýän kömek degişli baglanyşyklary, gatnaşyklary diňe okuwçynyň özi aýyl-saýyl eden ýagdaýynda ol tarapyndan hakyky kabul edilip, goýlan ýumuşa bölekleýin jogap hökmünde ulanylýar. Bu bolsa onuň pikirlenmesiniň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär. Munuň tersine, daşdan berilýän kömegiň ulanylmazlygy bolsa okuwçynyň pikirlenme prosesleriniň pes derejediginiň subutnamasydyr. Şeýlelikde, daşdan berilýän kömegiň ulanylyp ýa-da ulanylmazlygy içki pikirlenme prosesiniň görkezijisi bolup hizmat edýär. "Çözlüşiň

ugruny ýaňzytmak" diýlip atlandyrylýan tejribe usuly pikirlenme işiniň içki özboluşly kanunlaryny derňemäge mümkinçilik berýär.

**Ŷumuşlary işlemekdäki pikirlenme.** Pikirlenme we ýumuşlary işlemek biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Emma pikirlenmäni ýumuş işlemeklige syrykdyryp, olary garyşdyrmak bolmaz. Ŷumuş işlemeklik diňe pikirlenmäniň kömegi bilen amala aşyrylýan bolsa-da, pikirlenme diňe bir ýumuş işlemekde ýüze çykman, eýsem ýumuşlaryň hut özüni goýmakda, täze meseleleri ýüze çykarmakda we aňlamakda hem zerurdyr. Köplenç meseleläny tapmak we goýmak onuň çözlüşinden köp akyl işini talap edýär. Pikirlenme bilimleri özleşdirmekde, okamakda, tekste düşünmeklikde we başgada köp ýagdaýlarda möhüm bolup, ol ýumşuň çägindäki giňişlikde adamyň işiniň has zerur serişdesi bolup durýar. Pikirlenme ýumuşlary çözmeklige syrykdyrylmasa-da, ony hut ýumuş çözmeklik prosesinde kemala getirmek has oňaýlydyr. Meselem, okuwçy öz güýjüniň ýetäýjek meselelerine we sowallaryna gabat gelip, olary özi aňladýar we çözülýänini tapýar. Soňky döwürlerde problema situasiýany we ýumuş çözmekligi ýörite psihologik derňemekligiň esasynda okuwçylary problemalaýyn okatmak usullary işlenilip düzülýär. Bu usullar okuwçyny öz güýjüniň ýetäýjek meselelerini çözmekde "ilkinji açyjynyň", "derňeýjiniň" ýagdaýynda goýmaklyga göpükdirilendir. Meselem,okuwçy ýumuşlar toplumyny işläp, özi üçin (adam zat üçin däl-de) olaryň ählisiniň esasynda ýatýan teoremany täze açýar. Hut şeýle şertlerde çagada hakyky özbaşdak, kynçylyklary ýeňip geçmäge ukyply täze pikirlenmäni kemala getirmek mümkin. Psihologiýa ylmy okuwçynyň öňünde durýan kynçylyklary aýyrmagy maslahat bermeýär. Diňe bu kynçylyklary ýeňip geçmek prosesinde ol öz akyl ukyplaryny ösdürip biler. Pedagogyň okuwça berýän kömegi we onuň pikirlenme prosesini dolandyrmagy zerur kynçylyklary aýyrmaklyga syrykdyrylman, okuwçyny ol kynçylyklary ýeňip geçmeklige taýarlamaga gönükdirilmelidir. Bu ýerde A.Gramşi tarapyndan aýdylan umumy düzgün aýgytlaýjy rol oýnaýar: "Öz durkuňy üýtgedäýmeseň ýeňilleşdirip bolmaýan zady ýeňilleşdirjek bolmaga garşy durmak gerek".

## §3. Pikirlenmäniň görnüşleri

Psihologiýada pikirlenmäniň şu aşakdaky ýönekeý hem-de şertli görnüşlere bölüniş nusgasy giňden ýaýrandyr: 1) **aýdyň-hereket** 2) **aýdyň-keşp** we 3) **nazary-teoretiki pikirlenme.**

**Aýdyň-hereket pikirlenme.** Taryhyň ösüşinde adamlar öz durmuşynda döreýän meselelri ilki-ilkiler amaly iş arkaly çözüpdirler. Diňe amaly işiň netijesinde soň-soňlar naary-teoretiki iş bölünip aýrylypdyr. Meselem: ilkidurmuş adamy ilkibaşda amaly usulda (ädimläp we ş.m) ýer uçastoklaryny ölçemegi öwrenip, diňe bu işiň barşynda döreýän düşünjeleriň esasynda geometriýa aýratyn teoretiki ylym hökmünde döräpdir hem-de ösüpdir. Praktiki we teoretiki iş aýrylmaz özara baglanyşyklydyr. "Ideýalaryň, düşünjeleriň, aňyň ösdürilmegi ilkibaşda adamlaryň gös-göni maddy işine ornaşandyr"* - diýip marksizmiň esasyny goýujylar ýazypdyrlar. Bu amaly işiň ilkinjidigini aňladýar. Diňe ösüş prosesinde amalyi işden çendan özbaşdak teoretiki pikirlenme işi bolünip aýrylýar. Bütin adamzat taryhynyň ösüşinde däl-de, eýsem her bir çaganyň psihiki ösüş prosesinde hem ilkinji nobatda teoretiki iş däl-de, amaly iş döreýär. Amaly işiň jümmüşinden ilki bilen çaganyň pikirlenmesi ösüp başlaýar. Mekdebe çenli ýaşyň öňüsyrasynda 3 ýaşa çenli çagada pikirlenme esasan aýdyň-hereket görnüşde bolýar. Çaga akyl ýetirilýän, şu pursatda kabul edilýän obýektleri eli bilen amaly böleklere bölüp, birleşdirýän prosesinde olary analiz edýär hem-de sintezleýär. Bilesigelji çagalar şol sebäpli köplenç "Içinde näme bardygyny" bilmek üçin öz oýnawaçlaryny döwýärler.

**Aýdyň-keşp pikirlenme.** Mekdebe çenli ýaşly çagalarda, 4 –7 ýaşlarda döreýär.

Olarda pikirlenmäniň amaly hereketler bilen baglanyşygy saklansa-da, ol edil öňki ýaly aýrylmaz, berk häsiýetde däldir. Akyl ýetirilýän obýekti analizlemek we sintezlemek prosesinde indi çaga predmetleri eli bilen birleşdirmek, dargatmak zerur bolmaýar. Indi köplenç obýekt bilen üznüksiz amaly manipulirlemek zerur bolmasa-da, emma çaga öl obýekti aýdyň göz öňüne getirmelidir. Başgaça

aýdanyňda mekdebe çenli çagalar entek düşünjeler arkaly däl-de, aýdyň keşpleriň üsti bilen pikirlenýärler.

Mekdebe çenli ýaşli çagalarda düşünjeleriň ýokdygy şweýsar psihology Ž.Piaženiň geçiren ekspermentlerinde has aýdyň ýüze çykýar. 7 ýaş töweregindäki çagalara hamyrdan ýasalan birmeňzeş göwrümi boýunça deň iki sany şarjagazy görkezýärler. Çagalaryň her biri şarjagazlaryň ikisini-de ünsli synlap olaryň deňdigini aýdýarlar. Soňra çagalaryň gözüniň öňünde şarjagazlaryň birini kökejige öwürýärler. Çagalar bu kökejige öwrülen şarjagaza hiç bir artykmaç hamyr goşulman, ýöne onuň görnüşini üýtgedendiklerini anyk görýärler. Şeýle-de bolsa olar kökejikde hamyryň mukdarynyň köpelendigini aýdýarlar. Munuň sebäbi çagalaryň aýdyň-keşp pikirlenmesiniň olaryň gös-göni kabul edişine tabyndygyndan, düşünjeleriň kömegi bilen sowlup, abstragirlenip bilmeýändiginden ybaratdyr. Kökejik hakynda pikir edip çagalar ony synlaýarlar we onuň stoluň üstünde şarjagaza garalanda köp ýer tutýandygyny görýärler. Çagalaryň aýdyň-keşp görnüşinde amala aşyrylýan pikerlenmesi kabul edişe eýerip, olary kökejikde indi şarjagazdakydan hamyryň köpdügi hakyndaky netijä getirýär.

**Nazary-teoretiki pikirlenme.** amaly we aýdyň-keşp tejribäniň netjesinde **mekdep ýaşyndaky** çagalarda ilki has ýönekeý görnüşde teoretiki pikirlenme, ýagny abstrakt düşünjelerde amala aşyrylýan pikirlenme döreýär. Pikirlenme bu ýerde diňe bir amaly hereketler we aýdyň keşpler (kabul ediş, gözöňüne getirme) görnüşinde däl-de, eýsem teoretiki düşünjeler we pikir ýöretmeler görnüşinde bolýar.

Dürli ylymlaryň - matematikanyň, fizikanyň, taryhyň we ş.m. esaslarynyň özleşdirilmeginde döredilýän düşünjeler çagalaryň akyl taýdan ösüşinde uly ähmiýete eýedir. Mekdep okuwy prosesinde dürli predmetler boýunça matematiki, geografik, fiziki, biologik we başga birentek düşünjeleriň kemala getirilişi we özleşdirilişi psihologlar tarapyndan ýörite öwrenilýär. Olaryň işlerinde düşünjeleriň haýsy häsiýetleriniň okuwçylar tarapyndan nähili yzygiderlilikde we şertlerde özleşdirilýändigi çuňňur barlanylýar. Mekdep okuwynyň ahyryna çenli okuwçylarda düşünjeleriň belli bir derejesi – ulgamy kemala getirilýär. Okuwçylar diňe bir aýry-aýry düşünjeler bilen däl-de (meselem, "udel agramy", "suýdemdirijiler",

“realizm” we ş.m), eýsem düşünjeleriň tutuş synplary ýa-da ulgamlary arkaly pikirlenmäge ukyply bolýarlar.

Öň belleýşimiz ýaly, iň bir abstarkt pikirlenme hem duýma üsti bilen amala aşyrylýan akyl ýetirişiň çäginden has daşa çykyp, şol bir wagtyň özünde duýmadan, kabul edişden we gözöňüne getirmeden doly arasyny üzmeýär. Pikirlenmäniň aýdyň-duýgy tejribe bilen şeýle özara baglanyşyklygy okuwçylarda düşünjeleri kemala getirmekde uly rol oýnaýar.

Aýdyňlyk okuwçylarda düşünjeleri ösdürmekde iki dürli rol oýnaýar. Bir tarapdan, ol bu prosesi ýeňilleşdirýär. Çaganyň pikiri özüniň ilkinji ösüş tapgyrlarynda aýdyň takyk duýma esaslanan materialy aňsat özleşdirýär. Meselem, köp sanly taryhy düşünjeler (“haç göterijiler”, “täjir” we ş.m.) degişli suratda aýdyň şekillendirmeler bilen uygaşdyrylsa, has ýeňil özleşdirilýär.

Emma başga bir tarapdan, aýdyňlygyň käbir şertlerde okuwçylarda teoretiki pikirlenme döremäge kömek etmeýänleri-de bar. Aýdyň görkezme esbaplaryndaky we illýustrasiýalardaky çendenaşa ýiti göze ilginç detallar akyl ýetirilýän obýektiň esasy, düýpli häsiýetlerinden ünsi sowýar. Şeýlelikde, bu düýpli häsiýetleriň analizi we umumylaşdyrylmasy kynlaşýar. Meselem, VI synp okuwçylarynyň köpüsine “Basyş” temasy boýunça fiziki test meseleleriniň “abstrakt” görnüşlerini çözmek, bu temanyň köp sanly takyk aýdyň detally görnüşini çözmekden ýeňil düşýär. Fiziki we beýleki hadysalaryň arasyndaky baglanyşyklar predmetleriň aýdyň kabul edilýän häsiýtleri arkaly ikinji orna geçip, açylman galýar (meselem, ekskawatoryň aýdyň modelinde birbada ryçag düzgünini ýüze çykarmak aňsat däldir). Şonuň üçin-de aýdyň-takyk we abstrakt komponentleriň arasynda kesgitli optimal utgaşyklyk bolmalydyr.

Okuwçylarda düşünjeleri özleşdirmekde teoretiki pikirlenmäniň ösmegi, olarda pikirlenmäniň aýdyň-hereket we aýdyň-keşp görnüşleriniň mundane beýläk ösüşden galýandygyny aňlatmaýarlar. Gaýtam,pikirlenmäniň bu görnüşleri öňküleri ýaly ütgeýişde bolup, teoretiki pikirlenmäniň hut öz täsiri astynda ösýärler. Diňe bir çagalarda däl, eýsem uly adamlarda hem pikirlenmäniň ähli görnüşleri belli bir derejede hemişe ösýär. Meselem, tehniklerde, inženerlerde we konstuktorlarda aýdyň-hereket pikirlenmesi,

ýazyjylarda bolsa aýdyň-keşp (anyk-duýgy) pikirlenmesi has ýokary derejede ösen bolýar.

**Pikirlenmäniň indiwidual aýratynlyklary.** Pikirlenmäniň indiwidual aýratynlyklarynyň dürli adamlarda dürli bolmagy ilki bilen olarda pikirlenme işiniň agzalan görnüşleriniň biri-birleri bilen özboluşly utgaşýandygy bilen düşündirilýär. Pikirlenmäniň indiwidual aýratynlyklaryna akyl ýetiriş işiniň beýleki häsiýetleri – pikiriň özbaşdaklygy, çeýeligi, çaltlygy we ş.m. degişlidir.

Pikirlenmäniň özbaşdaklygy ilkinji nobatda täze sowaly, meseläni görmek, ony öňde goýup, çözlüşini öz güýjüň bilen tapmakda ýüze çykýar. Pikirlenmäniň döredijilikli häsiýeti onuň özbaşdaklygynda has aýdyň ýüze çykýar.

Pikirlenmäniň çeýeligi eger-de, ýumşuň ilki göz öňünde tutulan çözlüş meýilnamasy meseläniň çözlüş prosesinde soňra dörän şertleri kanagytlandyrmaýan ýagdaýynda ony üýtgedip bilmekde ýüze çykýar.

Pikiriň çaltlygy adamyň örän gysga wagt aralygynda (meselem, söweş wagtynda, awariýada we ş.m.) degişli netijä gelip bilmeginde döreýär. Emma bu häsiýet okuwçylara hem zerurdyr. Meselem, birnäçe oňat okaýan okuwçy hat-da ýokary synplarda hem täze mysallary işlemek üçin tagta çagyrylan wagtynda tolgunyp, bütin synpyň öňünde özüni ýitirýär. Şeýle oňyndäl emosiýalar olaryň pikirini togtadýar; olaryň pikiri örän haýal we köplenç şowsyz bolýar. Emma erkana ýagdaýda bolsa (öýde, partada otyrýan ýerinde) bu okuwçylar has kyn ýumuşlary-da üstünlikli işleýärler. Emosiýanyň täsirinde pikiriň şeýle "haýallanmagy" synag wagtynda hem bolýar. Başga bir okuwçylarda bolsa, tersine, umumy tolgunmaklyk olaryň pikirlenmesini "çaltlandyrýar". Bu ýagdaýda olar erkana ýagdaýdakydan oňat netije gazanýarlar. Käbir okuwçylaryň şeýle idiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak olaryň akyl ukyplaryna dogry baha bermäge ýardam edýär.

Pikirlenmäniň agzalyp geçilen häsiýetleri, onuň esasy häsiýeti bilen berk baglanyşyklydyr. Bu düýpli häsiýet - **pikiriň obýektleriň düýpli alamatlaryny ýüze çykaryp, özbaşdak täze jemlemelere gelmek ukybydyr**. Adam pikirlenen wagtynda, her näçe gyzykly, täze we duýdansyz bolsa-da, aýry-aýry fakty ýüze çykarmak bilen

çäklenmeýär. Pikirlenme predmetleriň has çuňňur mazmunyna aralaşyp, meňzeş hadysalaryň umumy kanunyny açýar.

Diňe bir ýokary synp okuwçylary däl, eýsem kiçi mekdep ýaşly okuwçylar-da öz mümkinçiliklerine laýyk materialda hadysalaryň we aýry-aýry faktlaryň düýpli häsiýetlerini ýüze çykaryp, täze umumylaşdyrmalary, döredýärler. Watan psihologiýasynda D.B.Elkoniniň, W.W.Dawidowyň, L.W.Zankowyň we beýlekileriň köp ýyllaryň dowamynda geçiren köpçülikleýin psihologik-pedagogik eksperimentleri hat-da başlangyç synp okuwçylarynyň-da has çylşyrymly materialy (meselem, diňe arifmetik däl-de, eýsem algebraik baglanyşyklary-da) umumylaşdyrylan görnüşde özleşdirip bilýändigini subut etdi.

Okuwçylaryň pikirlenmesiniň örän uly, ýöne ýeterlik ulanylmaýan ätiýaçlary-rezerwleri we mümkünçilikleri bar. Psihologiýanyň we pedagogikanyň esasy wezipelerinden biri – bu rezerwleri açyp, olaryň esasynda okadyşy has netijeli we döredijilikli guramakdan ybaratdyr.

# 13-nji BAP

# HYÝAL

## §1. Hyýal, onuň esasy görnüşleri weprosesleri

**Hyýal we problema situasiýasy**

Hyýal ýa-da fantaziýa hem edil pikirlenme ýaly, ýokary akyl ýetiriş proseslerine degişli bolup, onda işiň hut adama mahsus bolan häsiýetleri ýüze çykýar. Zähmetiň ahyrky netijesini hyýalyna getirmän, adam işe başlap bilmeýär.

Fantaziýanyň kömegi bilen işiň garaşylýan netijesini göz öňüne getirip bilmeklik adam zähmetiniň haýwanlaryň instinktiw işinden esasy tapawudydyr. Her bir zähmet işi belli bir derejede hyýala daýanýar. Hyýal çeperçilik, konstruktorçylyk, ylym, edebiýat, saz, umuman döredijilik işiniň zerur tarapy bolup durýar. Hakykatdan hem, ýönekeý oturgyjy ýasamak üçin hyýalyň zerurlygy simfoniýany ýa-da powest ýazmak üçin gerek bolşundan pes däldir: ilki bilen oturgyjyň nähili görnüşde boljakdygyny, onuň beýikligini, ustüniň giňligini, aýaklarynyň nähili berkidiljekdigini, onuň nahar oturgyjy, ýa-da laboratoriýa oturgyjy boljakdygyny, bir söz bilen aýdanyňda işe girişmezden ozal bu oturgyjy taýýar görnüşde göz öňüne getirmeli bolýar.

**Hyýal – munuň özi döredijilik işiniň zerur elementi bolup, ol zähmetiň aralyk we ahyrky netijeleriniň keşbini göz öňüne getirmekde, bu keşbiň predmete öwrülmegini stimulirlemekde, şeýle hem problema situasiýasynda näbellilik ýokary bolan wagtynda özüňi alyp barşyň programmasyny üpjün etmekde ýüze çykýar.** Şol bir wagtyň özünde hyýal aktiw işiň programmasyny däl-de, hut onuň özüniň ornuny tutýan keşpleri döretmegiň serişdesi bolup bilýär.

Psihiki proses hökmünde hyýalyň iň bir möhüm ähmiýeti – işe girişmezden ozal onuň aralyk we ahyrky netijesini göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýändiginden, zähmetiň diňe ahyrky önümini (mysal üçin, taýýar önüm hökmünde ýasalyp bolunan

oturgyjy däl-de, eýsem onuň aralyk önümlerini hem (bu halatda oturgyjy gurnamak üçin yzygiderli ýasamaly detallary hem) göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýänliginden ybaratdyr. Diýmek, hyýal zähmetiň ahyrky ýa-da aralyk önümleriniň psihiki modelini döretmek arkaly işiň prosesinde adamy gözükdirýär, bu bolsa olaryň zada öwrülmegine ýardam edýär.

Hyýal pikirlenme bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Edil pikirlenme ýaly, ol geljegi öňünden görmäge mümkinçilik berýär. Eýsem pikirlenme bilen fantaziýanyň arasyndaky umumylyk we tapawutlylyk nämeden ybarat?

Edil pikirlenme ýaly, hyýal hem problema situasiýasynda, ýagny täze çözlüşleri agtarmaly bolan ýagdaýda döreýär we edil pikirlenme ýaly, şahsyýetiň islegleri bilen emele getirilýär. Islegler hakyky kanagatlandyrylmazdan ozal olaryň hyýaly kanagatlandyrylmasy bolup geçýär. Hakykatyň fantaziýada öňündengörüjilikli şöhlelendirilmesi anyk –keşp görnüşde amala aşyrylýar, pikirlenmede bolsa ol düşünjeler görnüşinde amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, işiň öz gözbaşyny alýan problema situasiýasynda aň tarapyndan bu işiň netijesini öňünden görmegiň iki ulgamy bardyr: **guramaçylykly keşpler ulgamy** we **guramaçylykly düşünjeler ulgamy**. Keşplere esaslanmak hyýala, düşünjeler bilen akyl ýetirmek bolsa pikirlenmä mahsusdyr. Köplenç akyl ýetiriş işi birbada "iki gatda" –keşplere we düşünjelere daýanmak arkaly ýerine ýetirilýär.

Pikirlenmäniň we hyýalyň meňzeşligini we aratapawudyny ýüze çykarmak üçin problema situasiýasynyň näbellilik derejesiniň dürli-dürli bolýandygyny bellemelidir. Eger-de ýumşuň meselem, ylmy problemanyň ilkinji şertleri mälim bolsa, onda onuň çözlüşi pikirlenme arkaly döredilýär. Eger-de problema situasiýasynyň näbellilik derejesi ýokary bolup, takyk analiz etmäge mümkinçilik bermeýän bolsa, bu ýagdaýda onuň çözlüşi hyýalyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Meselem, başlangyç maglumatlaryň ýokary näbelliligi ýazyjynyň işinde adaty zatdyr. Şonuň üçin-de edebi döredijilik işinde ýazyjy öz gahrymanlarynyň ykbalyny yzarlaýan wagtynda hyýalyň roly uludyr. Bu ýagdaýda ýazyjy konstruktorlara ýa-da inženerlere garanda näbelliligiň ýokary derejesi bilen iş

salyşýar. Sebäbi, adamyň psihikasynyň, özüni alyp barşynyň kanunlary fiziki kanunlardan çylşyrymlydyr.

Problema situasiýasynyň dürli şertlerde ýüze çykyşyna baglylykda şol bir mesele, ýumuş hyýalyň ýa-da pikirlenmäniň kömegi bilen çözlüp bilner. Hyýal akyl ýetirişde situasiýanyň näbellilik derejesi ýokary bolan tapgyrynda zerur bolýar. Haçan-da situasiýa adaty kesgitli ýagdaýa öwrülende ony çözmekde hyýal zerur bolmaýar. Hyýalyň esasy artykmaçlygy onuň problema situasiýasynda bilimleriň hat-da ýetmezlik edýän ýagdaýynda hem çykalga tapyp berýändigindedir. Hyýaly pikirlenmäniň belli bir tapgyrlarynyň üstünden böküp geçip, akyl ýetirişiň ahyrky netijesini göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. Ýöne hut şu artykmaçlykda hyýalyň çäklidigine hem göz ýetirmek bolýar. Hyýal üsti bilen göz öňünde tutulan meseläniň, problemanyň çözlüşi köplenç ýeterlik, takyk bolmaýar. Ýöne durmuşda informasiýanyň ýetmezliginde netijä gelmek zerulygy hyýaly zerur psihologik mehanizm hökmünde ösdürýär we saklaýar.

**Hyýalyň görnüşleri**

Hyýal özüniň işjeňlik, täsirlilik häsiýetleri bilen tapawutlanýar. Belleýşimiz ýaly, hyýal diňe bir şahsyýetiň daşky dünýäni özgertmäge gönükdirilen döredijilik işinde ulanylman, käbir şertlerde ol işiň deregini tutujysy, hökmünde ýüze çykýar. Bu ýagdaýda adam wagtlaýyn,

hakykatdan daş bolan fantastiki keşpleriň dünýäsine düşüp, ol ýerde durmuşyň agyr hupbatlaryndan, öz ýalňyşlyklarynyň netijesinden gizlenmek isleýär. N.W.Gogol Manilowyň keşbini döredip, netijesiz arzuw etmek arkaly işden gaçýan adamlaryň tipini umumylaşdyryp, şekillendirýär. Bu ýerde fantaziýa durmuşa ornaşdyrylmaýan keşpleri döredip, özüňi alyp barşyň hiç wagt amala aşyryp bolmajak programmasyny göz öňünde tutýar. Hyýalyň şeýle görnüşine **işjeňdäl - passiw hyýal** diýilýär.

Adam passiw hyýaly ygtyýarly ýagdaýda hem döredip bilýär: durmuşa ornaşdyrmaga gönükdirilen, erk bilen baglanyşygy bolmadyk, ygtyýarly döredilýän şeýle fantaziýanyň keşplerine **göwün ýüwürtmeklik, ham-hyýal** diýilýär. Haýsy-da bolsa bir

ýakymly, şatlykly zatlar hakynda göwün ýüwürtmeklik her bir adama belli bir derejede mahsus bolup, ol fantaziýanyň islegler bilen baglanyşygyny aňladýar. Ýöne eger-de adamyň durmuşynda göwün ýüwürtmek agdyklyk edýän bolsa, ol şahsyýetiň ösüşiniň şikeslidigine onuň passiwligine şaýatlyk edýär. Eger-de adam passiw bolup röwşen geljek üçin göreşmeýän bolsa, onuň hakyky durmuşy kyn, hasratly bolsa, ol köplenç özüne hyýalda guralan durmuş döredip, onda ähli isleglerini doly kanagatlandyryp, özüniň hakyky durmuşa ýetip bilmeýän derejesine hyýalynda doly ýetýär.

Passiw hyýal ygtyýarsyz hem döräp bilýär. Bu köplenç aňyň ikinji signal ulgamynyň işi gowşap, ýarym ukuly, affekt, aňyň patologik bozulmaklygy (gallýusinasiýa) we ş.m. ýagdaýlarda döreýär.

**Eger-de passiw hyýal ygtyýarly we ygtyýarsyz görnüşlere bölünse, aktiw hyýal döredijilikli we gaýtadan dikeldiji häsiýetde bolýar.**

Beýan edilişine laýyklykda degişli keşpler ulgamyny döredýän hyýala **gaýtadan dikeldiji hyýal** diýilýär. Okuw ýa-da çeper edebiýat okalanda geografiki kartalar we taryhy ýazuwlar öwrenilende hemişe hyýal üsti bilen bu kitaplarda, kartinalarda we hekaýalarda şekillendirilen zatlaryň keşplerini döretmeli bolýar. Stereometriýany öwrenmekde zerur bolan giňişligi şöhlelendirýän hyýal göwrümli natural predmetleri we çyzgydaky şekilleri ünsli synlamakda ösýär.

Köp okuwçylar kitap okanlarynda tebigatyň ýa-da şäher peýzažynyň beýan edilýän ýerlerini, gahrymanlaryň söz portretlerini, çalt, ýüzleý okaýarlar ýa-da düşünmän geçýärler. Netijede olar özleriniň gaýtadan dikeldiji hyýallaryny zerur materialsyz galdyryp, çeper kabul edişi we şahsyýetiň emosional ösüşini garyplaşdyrýarlar. Gaýtadan dikeldiji hyýaly döretmegiň özboluşly usullarynyň biri geografiki kartalary öwrenmekdir. Karta boýunça dünýä göz aýlamak hyýalyňda dürli mazmunly geografik çäkleri-territoriýalary, dag-düzlükleri göz öňüne getirmeklige, soňra olary hakykatda dogry kabul etmeklige ýardam edýär.

**Gaýtadan dikeldiji hyýaldan tapawutlylykda döredijilikli hyýal işiň original we gymmatly önümlerinde amala aşyrylýan**

**täze keşpleri özbaşdak döretmekden ybaratdyr**. Zähmet prosesinde dörän hyýalyň bu görnüşi tehniki, çeper we islendik beýleki döredijilik işiniň zerur komponenti bolup, islegleri kanagatlandyrmagyň ýoluny agtarmakda aýdyň keşpleri işjeň we maksada okgunly häsiýetde döretmek görnüşde ýüze çykýar. Adamyň şahsyýetiniň gymmaty köpderejede onuň gurluşynda hyýalyň haýsy görnüşiniň agdyklyk edýändigi bilen ölçenilýär.

Eger-de ýetginjeklerde işiň anyk görnüşlerinde amala aşyrylýan döredijilikli hyýal passiw hyýaldyr, boş göwün ýüwürtmeden ýokary bolsa, bu onuň şahsyýetiniň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär.

**Hyýal prosesleriniň analitik-sintetik häsiýeti**

Adamyň öz amaly we döredijilik işini ugrukdyrýan fantaziýanyň keşpleri nähili döreýär, olaryň gurluşy nämeden ybarat? Edil kabul ediş, ýat we pikirlenme prosesleri ýaly, hyýalyň prosesleri-de analitiki-sintetiki häsiýetinde bolýar. Eýýäm kabul ediş we ýat proseslerinde analiz obýektiň käbir umumy häsiýetlerini ýüze çykaryp, onuň ähmiýetsiz häsiýetlerinden sowulmaga mümkinçilik berýär. Bu analiz özboluşly "etalon" döredýän sintez bilen tamamlanyp, bu etalonyň kömegi bilen bolsa her hili üýtgeşmelerde hem "meňzeşlik çäginden" çykmaýan obýektleriň akyl ýetirilmesi amala aşyrylýar. Analiz we sintez hyýalda başga hili gönükdirilmekde bolup, keşpler bilen işlenende başga häsiýetleri ýüze çykarýar.

Ýadyň esasy ugry - "etalona" ýakynlaşanda , keşplerleriň täzelenmeginden, ýagny öňki tejribede ýüze çykan, kabul edilen, aňlanylan situasiýanyň takyk kopiýasyna golaýlaşmakdan ybaratdyr. Hyýalyň esasy ugry bolsa situasiýanyň hiç wagt bolmadyk täze modelini döretmäge mümkinçilik berýän gözöňüne getirmeleriň ( keşpleriň) üýtgedilmeginden ybarat bolup durýar. Bu ugurlaryň ikisi-de otnositel häsiýetde bolýar, sebäbi ýat mehanimzminde biz, meselem, öz tanyşymyzy köp ýyllardan soň onuň sypaty, eşigi, hat-da sesi düýpgöter üýtgän ýagdaýynda hem tanaýarys. Edil şonuň ýaly-da fantaziýanyň döreden islendik täze , keşpbinde öňden mälim zatlar, täze bilen könäniň arasyndaky biri-birine geçişlik saklanýar.

Hyýalyň mehanizmi gözöňüne getirmeleri üýtgedip, bar bolan , keşpleriň esasynda täze keşpleri döretmekdir. Hyýal, fantaziýa – real hakykaty täze, garaşylmaýan utgaşmalarda we baglanyşyklarda şöhlelendirmekdir. Hatda iň bir adaty bolmadyk zat oýlanyp tapylanda hem, ünsli seredilende onuň ähli elementleriniň öňki tejribeden, durmuşdan alnyp, köp sanly faktlaryň ygtyýarly ýa-da ygtyýarsyz analiziniň esasynda döredilendigine göz ýetirmek bolýar. Hyýalyň çeper döredijilikde ýüze çykan görnüşine degişlilikde bu kanunalaýyklygy

22-nji surat

K.Paustowskiniň: "her bir minut, her bir biperwaý okanylan söz we nazar, her bir çuňňur ýa-da degişme pikir, adamyň ýüreginiň her bir bildirmeýän hereketi, edil şonuň ýaly deregiň gaýyp ýören tozgasy, ýa-da gije tümlüginde ýyldyzyň ýagtysy – bularyň hemmesi altyn tozgajyklardyr. Biz ýazyjylar bu million tozanjyklary onlarça ýylyň dowamynda toplap, özümizden biygtyýar ýagdaýda splawa öwrüp, soňra bolsa bu splawdan öz "altyn bägülimizi" – powest, roman ýa-da poema ýazýarys" diýen sözleri bilen aňlatmak bolýar.

Göz öňüne getirmeleriň hyýal prosesindäki sintezi dürli formalarda amala aşyrylýar.

22-nji surat

Keşpleri sintezlemegiň iň elementar görnüşi – **agglýutinasiýa** – gündelik durmuşda birikdirip, baglanyşdyryp bolmaýan häsiýetleri, alamatlary bölekleri "biri-birine ýelmemekden" ybaratdyr. Agglýutinasiýanyň kömegi bilen köp erteki keşpleri (peri, towuk aýagynda duran kepbe, pegas, kentawr we ş.m.) döredilip, mundan başga-da tehniki döredijilikde (meselem, tankyň we gäminiň häsiýetlerini özünde jemleýän tank – amfibiýa – fortepiýanany we baýany özünde birikdirýän akkordeon) ulanylýar. Agglýutinasiýa ýakyn gözöňüne getirmeleriň üýtgediliş görnüşleriniň biri-de **giperbolasiýa** bolup, ol bir tarapdan, predmetleriň ulaldylmagy ýa-da kiçeldilmegi bilen (meselem, äpet döw, ýartygulak ýaly oglanjyk we ş.m.) baglanyşykly bolsa, başga bir tarapdan predmetleriň bölekleriniň, sanynyň üýtgedilmegi arkaly amala aşyrylýar: hindi mifologiýasyndaky köp elli hudaýlar, ýedi kelleli aždarha we ş.m. Fantaziýanyň keşplerini döretmegiň ýene-de bir usuly – ýiteltmek

bolup, onda haýsydyr bir häsiýetler has ýiteldilýär we doýgunlaşdyrylýar. Bu usulyň kömegi bilen dostluk degişmeleri we elhenç karrikaturalary döredyärler .

Eger-de fantaziýanyň keşpleri döredilýän gözöňüne getirmeler biri-birlerine goşulyşyp, aratapautlary ýuwmarlanyp, meňzeş häsiýetleri öň orna geçse, ol **shematizasiýany** döretmäge mümkinçilik berýär. Muňa mysal edip, suratkeşiň elementlerini ösümlik dünýäsinden alyp döredýän ornamentini görkezmek bolar. Galyberse-de, hyýalda gözöňüne getirmeleriň sintezi **tipizasiýanyň** kömegi bilen döredilip bilner. Bu usul çeper edebiýatda giňden ulanylyp, onda belli bir gatnaşykda, bir tipli faktlarda gaýtalanýan düýpli bir häsiýeti ýüze çykaryp, ony anyk keşbe ornaşdyrmak amala aşyrylýar.

23-nji surat

Döredijilik prosesi köp sanly assosiasiýalaryň döremegine esaslanýar. Ýöne olaryň gaýtadan dikeldilmesi ýat prosesinden tapawutly bolýar. Assosiasiýalaryň gönükdirmesi döredijilik prosesini ugrukdyrýan isleglere, motiwlere tabyn bolýar. S.A.Tolstoýyň gündeliginde L.N.Tolstoýyň döredijilik hyýalynda assosiasiýalaryň saýlanyp alnyş aýratynlygyny görkezýän ýazgy bar: “Şu wagyt L.N.Tolstoý maňa ýazylýan roman hakynda pikirleriň nähili emele gelýändigini gürrüň berdi: “Men aşakda, kabinetde otyryn we haladyň egnindäki örän owadan ýüpek nagyş setirine seredýärin. Otyryn we nagyş çekmegiň, sünnälemegiň adamlaryň aňyna nädip gelýändigi hakynda pikir edýärin; aýallaryň durmuşynyň esasy mazmuny bolup durýan birgiden zenan işleri bar. Bu işler olara şatlyk getirýän bolmaly, aýallar bu işleri uly söýgi bilen ýerine ýetirip bilerler. Elbetde, bu pursatda meniň pikirlerim (roman hakyndaky pikirler) Anna hakynda, … Birdenkä bujagaz nagyş setiri tutuş bir babymyň mazmunyny berdi. Anna adatça, aýallara şatlyk getirýän bu işlerden mahrum, çünki ol ýeke, ähli aýallar ondan ýüz öwürdiler, oňa hut aýallaryň gündelik aladalary bolup durýan zatlar hakynda pikir alyşmaga-da söhbetdeş ýok”(Дневники Софьи Андреевны Толстой (1869-1891). М., 1928, с.36.

Döredijilikli hyýalyň esasy aýratynlygy onda assosiasiýalaryň adaty ugurda gitmeýändigindedir; bu assosiasiýalar şu pursatda

suratkeşiň psihikasynda agdyklyk edýän emosiýalara, pikirlere, isleglere tabyn edýär. Assosiasiýalaryň mehanizmleri (meňzeşlik, ýanaşyklyk ýa-da kontrast boýunça assosiasiýalar) üýtgemeýän bolsalar-da, ýöne keşpleriň saýlanyp alnyşy ýokarda agzalan emosiýalar, islegler we ş.m. esasynda amala aşyrylýar. Meselem, sagat ussahanasynyň öňünde asylyp goýlan "Sagat remonty" diýen ýazgy nähili assosiasiýalarlar döredip biler? Ýörite synaglar şeýle sözleriň aýdylýandygyny görkezýär: "Sagat remonty… Men sagadymy bireýýäm arassalatmalydym, gijä galýar… Her niçik-de bolsa, bu ýere gelmeli" ýa-da "sagat remonty … Biziň şäherçämizde sagat ussahanasy bar, ýöne aýakgap ussahanasyny welin hiç açanoklar-da" we ş.m. Şol ýazga şahyryň gözi düşäýse, onuň goşgusy belli bir derejede şu pursatda kabul edilýän keşpler bilen ony has tolgundyrýan meseleleriň assosiasiýatiw baglanyşygynyň netijesi bolup biler: "Sagat remonty, minut remonty, hepde, aý remonty" : "Meniň manysyz ýaşan ýylymy remont etmek bolarmy" we ş.m. Assosiasiýalaryň şeýle adaty bolmadyk gurluşy döredijilikli hyýalyň düýpli häsiýetleriniň biridir.

## §2. Hyýalyň prosesleriniň fiziologik esaslary

**Fantaziýa beýniniň funksiýasy hökmünde**

Fantaziýa keşpleriniň döremegi adam beýnisiniň işiniň netijesidir, hyýal beýleki psihiki prosesler ýaly, beýniniň uly ýarym şarlarynyň gabygynyň funksiýasydyr.

Ýadyň fiziologik esasy wagtlaýyn nerw baglaýşyklarynyň utgaşmagy we olaryň soňra işjeňleşmesi(täzelenmek, tormozlanmadan boşamak) bilen döredilýär.
Eger-de ýat proseslerinde utgaşan baglanyşyk soňra täzelenýän bolsa hyýalyň proseslerinde adamyň bütin durmuşynda dörän baglanyşyklar ulgamy dargaýar (dissosirlenýär) we täze ulgamlara birleşýärler. Bu birleşdirilme oýanan isleg arkaly beýnide döreýän güýçli oýanma ojagy esasynda amala aşyrylýar. Şeýlelikde, fantaziýa bilen meşgul adamda nerw öýjüklier topary täzeçe baglanyşýar.

Fantaziýanyň keşpleriniň ýat keşplerinden täzeligi, biri-biri bilen azda-kände meňzeşligi hut şoňa bagly bolýar.

Hyýal uly ýarym şarlaryň gabygynyň funksiýasy bolsa-da, derňewler onuň emosiýalar bilen ýakyn baglanyşygynyň bardygyna, onuň fiziologik mehanizmleriniň beýniniň has çuň bölümlerinde hem ýerleşýändigine şaýatlyk edýär. Soňky döwürlerdäki derňewler muny doly tassyklaýarlar.

Fantaziýanyň keşplerini döretmäge uly ýarym şarlaryň gabygy bilen bir hatarda gatnaşýan beýniniň şeýle çuňluk bölümlerine gipotalamo – limbiki ulgam (gipotalamusyň gadymy gabykasty zolaklary bilen baglanyşyp, "limbany" ýa-da beýni sütüniniň ýarym şara girýän ýeriniň öň tarapynyň serhedini döredýän ýeri) diýilýär. Eksperimental derňewler gipotalamo-limbiki ulgam şikeslenende adamyň psihikasynda häsiýetli üýtgeşmeleriň döreýändigini görkezdi. Bu ýagdaýda adamyň özüni alyp barşy belli bir programma boýunça dolandyrylman, biri-birleri bilen baglanyşdyrylmadyk aýry-aýry çylşyrymly hereketlerden ybarat bolýar. Eger-de şeýle keselli adam eline satyn almaly zatlaryň spisogy berlip, dükana ugradylsa, ol tabşyrygy doly ýerine ýetirýär. Ýöne zatlary alandan soň olary näme etjegini bilmän etmeli iş barada täze instruksiýa alýança ýa-da ony tötänden ýada salýan bir zada gabat gelýänçä (meselem, sfetoforyň ýaşyl yşygy) maksatsyz ygyp ýörýär. Şeýle keselliler özleriniň okan birnäçe sanlaryny, ýa-da kitapdan bir parçany gaýtalamaga ukyply bolup, ýöne olar herekediň ýönekeýje meýilnamasyny döretmäge, olaryň netijesini göz öňüne getirmäge ukypsyz bolýar.

Şeýlelikde, bu ýagdaýda beýnä ýetirilen şikest, çaklanylyşyna görä, özüňi alyp barşyň meýilleşdirilişini, geljekdäki hereketleriň programmasynyň düzlüşini döredýän uçastoklaryň gurluşyna zeper ýetirilendigine şaýatlyk edýär. Öň belleýşimiz ýaly, hyýalyň iň bir adaty, şol bir wagtyň özünde hem iň bir möhüm ähmiýeti hut özüňi alyp barşyň meýilnamasyny, programmasyny döretmekden ybaratdyr.

**Hyýal we organiki prosesler.**

Fantaziýanyň keşplerini döredýän adam beýnisi organizmiň periferik(aýaküç) böleklerine regulirleýji(edara ediji) täsir edýär, olaryň hereketleniş proseslerini

üýtgedýär. Baryp orta asyrlarda şeýle geň zat belli bolupdyr: nerw keseli (isteriýa) bilen kesellän adamlaryň käbirinde olar Iisus Hristosyň injil legendasynda beýan edilen ezýetleri dogrusynda pikir ýöredilenden soňra olaryň elleriniň aýasynda, aýaklarynda gan dömmeleri, hatda ýaralar görnüşinde "haça çüýlenmegiň belgileri" döräpdir. Şeýle belgiler "stigmatlar" diýlip atlandyrylypdyr (grekçe – "stigma" – "tagma", "belgi" diýmekdir).

Özleriniň has ýokary duýgurlygy we baý fantaziýasy bilen tapawutlanýan adamlarda geçirilen synlamalar hem hyýalyň fiziologik prosesleriniň geçişine edýän täsiri dogrusynda gyzykly faktlary toplamaga mümkinçilik berdi. Flober Emma Bowariniň zäher içýän ýordumyny ýazanda öz agzynda myşýagyň tagamyny magat duýupdyr. Wolter her ýyl Warfolomeý gijesiniň ýyllygy gününde keselläpdir. Ençeme müňlerçe bigünä adamlaryň dini fanatizimiň pidasy hökmünde heläk bolan bu güni hakynda pikir ýöredeninde onda gyzdyrma ysytmasy döräp, gyzgyny galyp, gan damarlarynyň urşy ýokarlanypdyr.

Moskwanyň psihologiýa institutynda birnäçe ýylyň dowamynda hyýalynyň keşpleri fenomenal aýdyňlygy bilen tapawutlanýan S.Ş. öwrenilipdir. "Ş-niň haýsy-da bolsa bir zady göz öňüne getirdigi, ýa-da onuň özüniň aýdyşy ýaly, "gördügi", onuň bedeninde bolup geçýän täsin ütgeşmeleri görmek bolýardy. Ýörite tejribelerde biz onuň sag eliniň temperaturasyny 2 gradus ýokarladyp, çep eliniň temperaturasyny bolsa 1,5 gradus aşakladyp bilýändiginiň şaýady bolýardyk, munuň üçin oňa sag elini ýanýan plitanyň gyrasynda "görmek", çep elinde bolsa buz bölejigini saklaýandygyny göz öňüne getirmek ýeterlikdi. Hiç bir kynçylyksyz ol ýüregiň işleýiş ritmini çaltlaşdyryp (özüni tramwaýyň yzyndan ylgaýan halda "görüp"), ýa-da ony haýallandyryp (özüni düşekde asuda ýatýan halda "görüp") bilýärdi; haçan-da ol garaňky kamerada (tejribe geçirilýän) oturyşyna yşygyň ýiti toplumyny "görüp" başlanda onuň elektroensefalogrammasynda[1] alfa-ritmiň depressiýa hadysasy ýüze

[1] Ýörite pribor arkaly kelle beýnisiniň gabygynyň elektrik aktiwligini ýazmak. Otnositel dynçlyk ýagdaýynda beýniniň yrgyldylar (alfa-ritm) häsiýetde bolup,

çykýardy. Ol dişini narkozsyz aýyrdyp bilýärdi. Munuň üçin ol diş sogurdylýan kürside özüni däl-de, keseki birini "görüp", dişi çekilýän başga bir adam hasaplaýardy"[1].

Psihiki işiň käbir näsazlyklarynda çendenaşa duýgurlyk we joşgunlylyk hyýalyň esasynda döreýär. Kähalatlarda şeýle şikeslilik abraýly adamyň nädogry düşünilen sözüniň esasynda döreýär. Käbir ýagdaýlarda nähoş lukmanyň seresapsyz aýdan sözüniň täsirin-de hyýalynda özüni howply kesel bilen kesellän hasaplap, özünde bu "keseliň" dürli häsiýetlerini "tapyp" ugraýar. Bu ýagdaýda **ýatrogeniýa** diýlip atlandyrylýan kesel ýüze çykýar. Pedagogyň pähimsiz hereketi ýa-da onuň seresapsyz aýdan sözi fantastiki gorkulary oýaryp, uly urgy bolup biler. Käbir halatlarda **"didaktogeniýa"** diýlip atlandyrylýan nerw näsazlyklary şeýle sebäbe görä döreýär.

Ylmy edebiýatda şeýle ýagdaý mälimdir. "16 ýaşly, orta mekdebiň IX synp okuwçysy, sagdyn, zähmetsöýer, erjel (ejesiniň aýdyşyna görä) Lýudmila W. synpda ýazuw işiniň öňüsyrasynda özünde "galagoply gorkynyň" döreýänligi barada arz edipdir. Ýazuw işine başlamazdan kän öň onda içki galagoplyk döräp, "haýsydyr bir gutulgysyz gorkuly zada" gaýgy-hasrat bilen garaşyp başlapdyr. Şol bir wagtyň özünde şol günlerde onuň işdäsi düýbünden gaçyp, onda ukysyzlyk peýda bolup, ol sapaklaryna taçýýarlanyp bilmändir. Hut ýazuw işi wagtynda özüni ýitirip, ünsüni jemläp bilmän, näme ýazýandygyny unudypdyr we oňa gaty özüňi ýitirmeklik aralaşyp, "ähli iş dumanda bolup geçen ýaly görnüpdir". Şolaryň netijesinde adaty bolmadyk, özüniň hemaýyn çagynda oňat bilýän sözlerinde hem gödek grammatik ýalňyşlary goýberipdir. Öý işlerini bolsa ol asuda, ýalňyşsyz ýazypdyr.

Eýsem Lýudmilanyň ýazuw işini ýerine ýetirendäki şowsuzlyklary döreden newrozyň we fantastiki galagoplygyň sebäbi näme? Soň anyklaýşyna görä, baryp IV synpda gyzjagazy bir mekdepden başga mekdebe geçirenlerinde, täze mekdebiň rus dili

---

tolgunma, ýokary ünslülik ýagdaýynda bolsa alfa-ritm tormozlanýar (alfa-ritmiň depressiýasy).

[1] Seret. Лурия А. Память и строение психических процессов. «Вопросы психологии», 1960, № 1, 155-nji sah.

mugallymy ony örän sowuk garşylap, tagtada jogap berýän wagtynda oňa biçak çylşyrymly sowallar beripdir. Ýöne gyzjagaz dilden aýdylmaly jogaplarda hiç hili kynçylyk çekmändir. Emma ilkinji ýazuw iş wagtynda mugallym onuň ýanyna baryp: "Dilden samramaly bolanda sen hiç kime ýol bereňok, hany göreli bakaly, ýazuwy nähili ýazarkaň" – diýip, morta aýdypdyr. Gyzjagaz güýçli tolgunyp: "birden ýalňyş goýberäýsem nähili bor?" – diýip öz ýanyndan howsala düşüpdir. Şol bada oňa özüni haýsydyr bir howp gysyp-gowrup barýan ýaly bolupdyr. Elleri, ýüzi we endamy derläp, kellesi güwläpdir we ol ähli ýazan zadyny dumanda ýazan ýaly duýupdyr. "Näme ýazanymy-da bilemok!" – diýip ýatlapdyr. Ýazuw işine goýlan erbet baha hakynda aýdylanda bolsa (mugallym depderi yzyna gaýtaran wagty: "Şeýle boljagyňy öndenem bilýärdim" diýipdir) gyzjagazyň içki dünýäsinde adaty bolmadyk bir ýagdaý döräpdir. "Ähli zatlar toplanyp, kellede ýene duman döredi". Şol günden başlap synpda geçirilýän ýazuw işiniň öňünden gorkuly galpyldama başlapdyr"[1].

Bu zatlaryň dini fanatikleriň "stigmatlary" bilen meňzeşdigine bada-bat göz ýetirmek bolýar. Bu meňzeşlik iki ýagdaýda hem fantaziýanyň adamyň özüni alyp barşyny diňe bir dolandyrman, eýsem fiziologik prosesleriň geçişini-de üýtgedýänligine baglydyr. Bu ýerde fantaziýanyň keşpleri beýni gabygynyň funksiýasy bolup, beýniden üzňelikde adamyň bedeniniň organlaryna täsir edip bilmeýär.

Adam diňe hereketleri göz öňüne getirende döreýän gymyldylar – **ideomotor aktlar** hem bar. Muňa şeýle tejribede göz ýetirmek mümkin. Adam elinde ujuna ýüpjagaz dakylan ýüp-maýatnigi tutýar. Oňa ýüpjagazyň konsentrik hereket edip başlajakdygyny göz öňüne getirmek teklip edilýär. Birnäçe wagtdan şeýle hereket hakykatdan-da döreýär. Hereketi aýdyň göz öňüne getirmek adam aňynda duýulmaýan muskul güýjüni döredip, bu güýç hem maýatnigi herekete getirýär. Meşhur Wolf Messingiň gizlenen predmetleri tapmak effekti-de ideomotor aktlaryň şifrowkasyny aňlatmaklyga

---

[1] Платонов К.И. Слово как физиологический и лечебный фактор. М., Медгиз, 1957, 225-nji sah.

esaslanandyr. Wolf Messing adaty bolmadyk ýokary duýgurlyk esasynda elini öz elinde saklap duran adamsynyň ideomotor aktlarynyň döredýän çalaja signallaryny kabul etmek bilen, onuň hereketiniň ugruny bilip, şonuň esasynda hem gizlenen predmeti tapmany, kitapdan garşydaşynyň huşunda bellän setirlerini görkezmäni başarýar we ş.m.

Ideomotor aktlarda gan-damar ulgamynyň reaktiwligi ýüze çykýar. Meselem, adam elini epmekçi bolup niýetlenende, eýýäm hereket amala aşyrylmanka bilegiň göwrümi ulalýar. Göwrümiň bu ulalyşy eliň muskullarynyň damarlarynyň giňelmegi bilen baglanyşyklydyr. Real hereketde gan hereketiniň güýjemegi peýdaly zat bolup, onuň netijesinde muskullaryň kislorod we glýukoza bilen üpjünçiligi gowulanýar we işlenen önümler çykarylýar. Eger-de adama ýük göterýändigini göz öňüne getirmek tabşyrylsa, onda muskullar çalaja ýygrylyp, elektrik aktiwligi döräp, muskullarda biotoklar emele gelýär. Adam näçe agyr ýüki göz öňüne getirdigiçe muskullaryň dartgynlygy we elektrik işjeňliginiň intensiwligi şonça-da artýar. Edil şonuň ýaly-da adam ýokary, aşak ýa-da gapdala seretmegi göz öňüne getireninde, onuň göz muskullarynda aktiwlik döreýär. Soňky döwürlerde biotoklar bilen dolandyrylýan el protezleri giňden ýaýrady. Şeýlelikse, hyýal adam organizminiň dürli ulgamlarynyň işine düýpli täsir edýär.

## §3. Çaganyň oýun işinde we ululary̆ň döredijilik işinde fantaziýanyň roly

**Fantaziýa we oýun**

Mekdebe çenli döwürde we mekdep okuwynyň ilkinji ýyllarynda çaganyň esasy işi oýun bolýan döwürde hyýal prosesleri has intensiw ösüşde bolýarlar.

Oýnuň möhüm elementi – **hyýaly situasiýa** – “goý, diýeli” sözler arkaly bilen girizilip, ol logikanyň düzgünlerine tabyn bolmaýan we dogruçyllygyň talaplary bilen basmarlanmaýan, çaganyň toplan gözöňüne getirme keşpleriniň erkin özgerdilmegidir. Fantaziýanyň keşbi bu ýerde oýnuň programmasy bolup durýar. Meselem, hyýalynda özüni kosmonawt hasaplap, çaga öz hereketlerini bile oýnaýan deň-duşlarynyň özlerini alyp barşyna

degişlilikde guraýar: "ýakyn adamlary" bilen hoşlaşýar, "baş konstruktora" raport berýär, startda duran raketany we özüni raketada ornaşan häsiýetde şekillendirýär we ş.m. Rolly oýunlar çaganyň hyýalynyň ösmegine baý material berip, onuň şahsyýetiniň möhüm häsiýetlerini (batyrgaýlyk, gaýduwsyzlyk, ugurtapyjylyk we ş.m.) berkleşdirýär; hyýaly situasiýada öz hereketlerini, beýlekileriň hereketlerini göz öňüne getirilýän real gahrymanyň özüni alyp barşy bilen deňeşdirip, çaga baha bermegi, deňeşdirmegi öwrenýär.

Işi guramagyň we amala aşyrmagyň möhüm serişdesi bolup durýan hyýalyň özi işiň dürli görnüşlerinde kemala gelýär; çaganyň işjeň hereketleri togtan ýagdaýynda hyýal ösmegini bes edýär. Mekdebe çenli ýaşyň dowamynda kem-kemden hyýal çagada hemişe daşky daýanja (ilkinji nobatda oýunjaklara) mätäç bolup durýan işiň görnüşinden, ýönekeý söz (erteki, waka oýlap tapmak, goşgy düzmek) we çeper (surat) döredijilige mümkinçilik berýän özbaşdak içki işe öwrülýär. Çaganyň hyýaly söz özleşdirmek bilen baglanyşyklylykda, ulular bilen sözleşmekde ösýär. Söz çagalara hiç wagt görmedik predmetlerini göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. Bu babatda sözleýşiň ösüşi kemelende hyýalyň mazmunynyň garyplaşýandygy örän häsiýetlidir.

Fantaziýa çaganyň şahsyýetiniň kadaly ösüşiniň, onuň döredijilik mümkinçilikleriniň erkin ýüze çykmagynyň esasy faktory bolup durýar. K.I.Çukowskiý özüniň çuňňur psihologik synlamalara baý "Ikiden bäşe çenli" diýen kitabynda ertekini düýbünden halamaýan bir aýalyň oglunyň ertekiden mahrum edileniniň öwezine ertirden agşama çenli çypdyrma fantastika bilen meşgul bolýandygyny ýazýar: "Ol bir görseň ýanyna gyzyl piliň görme-görşe gelendigini, bir görseňem Kora atly aýy dostunyň bardygyny aýdýar, şol bir wagtyň özünde hem: - stulda oturmaň, göreňzokmy, onuň aňyrsynda aýy otyr ahyryn. Eje sen nirä? Göni möjeklere tarap ýöreýäňmi? Bu ýerde möjekler dur ahyryn" – diýip gygyrýar.[1] Diýmek çaga hyýala bolan islegini kanagatlandyryp, ony dürli päsgelçiliklerden goramaga ugur tapýar. Kähalatlarda dürli sebäplere

[1] Чуковский К.И. От двух до пяти. М., «Детская литература», 1968, 277-nji sah.

görä, esasan hem pedagogik işdäki nogsanlyklara görä çagalarda hyýal ösmedik bolsa, olar hat-da hakyky zatlar hakynda hem şübhelenip başlaýarlar. K.I.Çukowskiý mekdepleriň birinde okuwçylara akula hakynda gürrüň berlende, olaryň bir iniň “Akula diýen zat ýok” – diýip gygyrandygyny ýazýar.[1]

Mekdebe çenli ýaş döwründe fantaziýa çagalaryň jemgyýetçilik tejribesini özleşdirmeginiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Daşky dünýä baradaky hakyky keşpler hyýalyň üsti bilen çaganyň aňyna ornaşdyrylýar. Bu babatda ähli çagalaryň höwes bilen aýdýan “tersöwürmeleri” has-da bellemäge mynasypdyr (dört ýaşly çaga: “Menden bir bölek süýt bilen bir golça pişme” – diýip, tersöwürüp aýdýar). “Tersöwürmeler” edil beýleki keşpler ýaly, fantaziýanyň önümi bolup, adaty keşpleriň elementleriniň ornuny çalşyrmak arkaly emosional degişme täsirine bolan isleg esasynda döreýär. Bu ýerde keşpleri üýtgedilen predmetleriň hakyky etalonlarynyň bolmagy esasy zat bolup, “tersöwürmedäki” “kelewligi” düzedilip, çagalarda dogry düşünje has-da berkidilýär. Zatlaryň nädogry koordinasiýasy (“Gyzyl şyrdaklyja gyz möjegi ýuwutdy”) olaryň aňyrsyndaky kanunalaýyklyklary aňlatmaga mümkinçilik döredip, çaganyň akyl ýetirşiniň ösmegine zerur goltgy bolup hyzmat edýär.

Fantastik keşpleriň çaganyň akyl ýetirişiniň ösmegine, onuň jemgyýetçilik tejribesini özleşdirmegine zerur serişde bolup durýandygyna köp sanly psihologik maglumatlar şaýatlyk edýär. A.P.Çehow “Öý” hekaýasynda ýedi ýaşly çaga çilim çekmegiň zyýanlydygy barasyndaky öwüt-nesihatyň düýbünden netije bermedik wagtynda, oňa ölümine çilim çekmek sebäp bolan şazada baradaky ertekiniň garaşylmadyk täsir edendigini ýazýar. Fantaziýanyň emosional keşbi oglanjyga güýçli täsir edip ol: “… bir minut çemesi garaňky penjirä pikirli seredip, tisgindi-de jynssyz sesi bilen: “Men indi gaýdyp çilim çekmerin…” - diýdi[2].

Hyýal daşky dünýäni çagalara oýunda, ululara bolsa işjeň döredijilikde özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Eýýäm aýdylyp geçilişi ýaly, döredijilik işinde

---

[1] Чуковский К.И. От двух до пяти. М., «Детская литература», 1968, 86-njy sah.
[2] Чехов А.П. Собр.соч. т.5., М.Госполиздат, 1962, 113-nji sah.

**Arzuw** hemişe fantaziýa bolýar. Ỳöne welin hyýalyň prosesleri adamyň amaly işinde hemişe bada-bat amala aşyrylmaýar. Köplenç hyýal adamyň amala aşyrmaga höwes edýän zatlarynyň keşplerini döretmek boýunça aýratyn bir işiň içki görnüşine öwrülýär. Şeýle ýagty geljegiň keşplerine **arzuw** diýilýär.

Arzuw adamyň hakykaty özgertmeklige gönükdirilen döredijilik güýçlerini durmuşa geçirmegiň zerur alamaty bolup durýar.Ol ylmy taýdan öňdengörüjiligiň esasy elementidir.

Adamlaryň amaly önümçilik işinde fantaziýanyň roly örän uly bolup, ýöne göze ilginç däldir. Hat-da islendik adaty predmetde (elektrik çyrasy, galam, gutudaky ýelim, almaz we ş.m.) adamlaryň köp nesilleriniň bu zatlara bolan isleg-arzuwynyň ornaşdyrylandygyny görýäris. Hasyl bolan arzuw täze isleg döredip, täze isleg bolsa täze arzuwa ugrukdyrýar. Ilki bada her bir önümçilik işiniň netijesi doly kämil häsiýetde kabul edilip, soňabaka özleşdirildigiçe onuň kemçilikleri ýüze çykyp, adamlar has kämil zatlar hakynda arzuw edip, olaryň hasyl bolmagyna ymtylyş döredýärler. Dört asyr mundan ozal adaty penjire aýnasy ýetilmez arzuw bolup durýardy. Ol wagtlar edil suw ýa-da howa ýaly ýagtylyk geçirýän material hakynda diňe arzuw bardy. Şeýle material aýnanyň taýýarlanyş tehnologiýasyny kämilleşdirmek arkaly alyndy. Ỳöne adaty aýna ultramelewşe şöhleleri geçirmeýär. Onsuz bolsa gün şöhlesi otagdaky çagalaryň süňküni berkleşdirip bilmeýär we şeýle aýnaly otagda zyýanly mikroblar ýaşamagyny dowam etdirýär. Täze gazanylan üstünlikler täze islegler döredýär. Bu isleg-arzuwlar bolsa onuň täze görnüşleriniň gözbaşy bolýar.

**Fantaziýa çeper we ylmy döredijilikde** Görnüşi ýaly hyýal, fantaziýa durmuşyň giň ulgamynda ulanylýan edebiýat we sungat döredijiliginiň zerur elementi bolup durýar. Suratkeşiň ýa-da ýazyjynyň döredijiligine gatnaşýan hyýalyň esasy aýratynlygy onuň köpderejede emosionla häsiýetde bolmagydyr. Ỳazyjynyň beýnisinde döreýän keşp, ýagdaý, ýordumyň garaşylmadyk öwrümleri özboluşly "baýlaşdyryjy" gural hökmünde şahsyýetiň emosionla ulgamynyň

üstünden geçýär. Ỳazyjy, suratkeş we sazanda duýgulary başdan geçirip, olary çeper keşplere ornaşdyryp, öz gezeginde okyjylary, tomaşaçylary, diňleýjileri hut şeýle duýgulary syzmaga mejbur edýärler. Meşhur Bethoweniň möwç urýan duýgulary onuň simfoniýalarynda we sonatalarynda saz keşbi hökmünde ýüze çykyp, sazandalaryň we diňleýjileriň köp nesillerinde hut şeýle duýgy döreýär. Käbir awtorlar hyýalyna getirýän ýagdaýlaryny iňňän çuňňur syzýarlar. Bu babatda G.Floberiň haty has täsirlidir: "Gündiz sagat ikiden bäri (nahar edinmäge sarp edilen 25 minudy hasaplamasam) "Bowarini" ýazýaryn. Onuň at üstünde gezelenç edişini beýan edýärin, häzir iň bir gyzyp joşýan wagtym, eseriň orta gürpüne ýetdim, der suw bolup akýar, damagym dolýar. Men boýdan-başa illýuziýa bolup duran ömrümiň iň bir seýrek günlerini başdan geçirdim"[1]. Ç.Dikkens özüniň "Gadymky zatlaryň dükany" romanyny baş gahryman gyzyň ölümi bilen gutarmazyndan ozal kän ikirjiňlenipdir. Hatlarynyň birinde ol şeýle ýazýar: "Nelliniň ölümi gudratyň netijesidir, ýöne welin entek meniň özüm hem öz çagamyň wepat bolany sebäpli edil öli ýaly"[2] . Elbetde, edebi prosesi şeýle gös-göni syzmak adaty zat däldir, ýöne umuman çeper döredijilikde fantaziýa we adamyň duýgulary biri-birinden aýrylmaz häsiýetdedir.

Şeýlelikde, hyýal ylmy meseläni öwrenmegiň irki stadiýalarynda iňňän uly rol oýnap, köplenç ajaýyp açyşlara getirýär. Emma, haçan-da çaklamanyň birnäçe kanunlary aňlanylyp, eksperimental şertlerde öwrenilenden we amalyýetde barlanylandan soň, akyl ýetiriş tutuşlygyna ylmy pikirlenme arkaly amala aşyrylyp başlaýar. Bu tapgyrda fantaziýa baş urmaklyk ýalňyşdan başga zada getirmeýär.

Häzirki döwürde psihologiýa ylmynyň uly geljegi bolan pudaklarynyň biri – **ylmy döredijiligiň psihologiýasydyr**. Ylmyň bu pudagynyň derňew ugurlarynyň biri-de ylmy açyşlaryň taryhyny öwrenmekdir. Eger haýsy-da bolsa bir ýokary ösüş derejesine ýeten ylmyň taryhyna göz aýlasaň, ol heniz matematiki hasaplamalar

---

[1] Флобер Г. Собр. Соч., т.5, М., Изд-во «Правда», 1956, 134-nji sah.

[2] W.W.Iwaşowyň "Творчество Диккенса" diýen kitaby boýunça getirilýär. M. Изд-во МГУ, 1934, 122-nji sah.

ulanylýan nazary maglumata öwrülýänçä, onuň irki ösüş tapgyrlarynda fantastik çaklamalaryň, netijä gelmekligiň bolandygyna göz ýetirmek bolýar. Ylmyň bu pudagy kem-kemden ösdügiçe hyýala bolan zerurlyk düşüp galýar. Emma şeýle ýagdaý uzak dowam etmeýär. Ylmyň özüniň belentliklere galýan ýolunda ýene-de täze-täze näbelli zatlara, kanunlara gabat gelnip, olaryň ilkinji çözlüşini tapmakda ýene-de hyýal akyl ýetiriş prosesine goşulýar. Diýmek, hyýal hemişe ylmyň öň hatarynda bolup, täze açyşlaryň möhüm serişdesidir. Bularyň hemmesi adamyň ýaşaýşynda fantaziýanyň rolunyň biçak uludygyny görkezýär.

Ýaşlar açyşlar we oýlap tapyşlar hakynda, oňat durmuş, kär hakynda, wepaly söýgi, dostluk hakynda, gahrymançylyk, bagt hakynda arzuw edýärler. Käwagtlar ýaşlar özleriniň arzuwlaryndan utanyp, ony çaga häsiýeti hasaplap, ol hakynda dil ýazdyrmazlygy makul bilýärler. Arzuw etmek ähli döwrüň, nesliň ýaşlaryna, mahsusdyr. Bu kemçilik däl-de, gymmatly häsiýetdir. Psihiki ösüşi kadaly ýekeje adam fantaziýasyz oňup bilmez. Ýöne bu häsiýet ýaşlarda ululara seredeniňde has güýçli bolýar. Başgaça bolup-da bilmez. Fantaziýa ösýän şahsyýet üçin Ýer togalagyny galdyrmaga daýanç bolýan Arhimediň ryçagydyr.

Eger-de şeýle daýanç nokady döredijilikli zähmet bolup, fantaziýanyň keşplerine ýüzlenmeklik hakykata has çuň aralaşmak makadyna tabyn bolsa – şeýle“arhimed ryçagy” hyýalyň hut özi bolup durýar. Fantaziýany ösdürmek we terbiýelemek ýaşlaryň şahsyýetini kemala getirmegiň möhüm şertidir.

# DÖRDÜNJİ BÖLEK

## 14-nji BAP

## Duýgy

### § 1. Duýgular hakynda düşünje

**Duýgular hakykatyň şöhlelendirilmesi hökmünde.** Adam şol bir wagtyň özünde janly organizm we jemgyýetiň agzasy bolup, şahsyýet hökmünde dürli obýektlere bolan gatnaşyklaryny beýnisinde şöhlelendirýär. Bu şöhlelendirmäniň esasy mazmunyny şahsyýetiň hereket ediji we akyl ýetiriji subýekt hökmünde islegini kanagatlandyryp biljek ýa-da päsgel döretjek obýektlere bolan gatnaşyklary düzýär. Daşky dünýäniň adamyň beýnisinde şöhlelenmesiniň şeýle özboluşly tarapyny şahsyýetiň duýgy ýa-da emosional ulgamy döredýär. **Duýgular – adamyň beýnisinde onuň real gatnaşyklarynyň, ýagny isleginiň subýektiniň özüne ähmiýetli obýektlere gatnaşyklarynyň şöhlelenmesidir.**

Bu kesgitlemä adalga jähtden düşündiriş bermek zerurdyr.

"Gatnaşyk" düşünjesi psihologiýada iki manyda ulanylýar: birinjiden, subýektiň we obýektiň arasynda döreýän obýektiw arabaglanyşyk (obýektiw gatnaşyklar), ikinjiden, - bu baglanyşyklaryň şöhlelendirilmesi ýa-da syzylmagy – meselem, subýektiň isleginiň we olary kanagatlandyryp biljek obýektleriň arabaglanyşygy (şahsyýetiň subýektiw gatnaşyklary).

Duýgy sözi gündelik durmuşda we edebiýatda köp manyda ulanylýar. Meselem, bu söz bilen duýmalar (ten duýmalary), kähalatda bolsa meýiller we höwesler, başga bir wagtda bolsa aňyň bardygy ýa-da ýokdugy aňladylýar. Ylmy adalga hökmünde "duýgy" düşünjesi janly-jandarlaryň beýnisinde olaryň isleglerini kanagatlandyrýan ýa-da päsgel döredýän obýektlere bolan gatnaşygynyň şöhlelenmesini aňlatmak üçin ulanylmalydyr.

Başga bir tarapdan, "duýgy" we "emosiýa" adalgalary-da biri-birinden tapawutlandyrmalydyr. Emosiýa alamatlary has aýdyň

ýüze çykýan duýguny syzmagyň takyk görnüşidir. Meselem: watançylyk duýgusyny, tabşyrylan işe jogapkärçilikli garamak duýgusyny, ýa-da enä we çagalara bolan söýgini emosiýa diýip atlandyrmak bolmaz.

Şol bir wagtyň özünde duýgy we emosiýa düşünjelerini biri-birinden düýpli aýyrmak hem bolmaz. Kähalatlarda "duýgy" sözüne subýektiň şahsyýet hökmünde döreýän gatnaşyklarynyň şöhlelenmesi, "emosiýa" bolsa özüňi alyp barşyň instinktiw görnüşi bilen baglanyşykly, organizme täsir edýän gyjyndyryjylaryň peýdaly ýa-da zyýanlydygyny görkezýän "pes duýgular" (iýmit, jyns we ş.m.) hökmünde garaýarlar. Emma emosiýa şahsyýetiň ýokary duýgularynyň syzylmagy hökmünde hem ýüze çykýar.

**Duýgularyň signal-habar beriji we regulýatiw-edara ediji funksiýalary.** Duýgular adamyň psihikasynyň, şahsyýetiniň işiniň özboluşly ulgamy bolup, olar dünýä akyl ýetiriş we ony özgerdiş prosesinde dürli görnüşde syzylýar.Birinjiden, duýgular dünýäde bolup geçýän zatlaryň adam üçin ähmiýetini habar beriji signallar ulgamy bolup durýar. Hakykatdan hem duýgy organlaryna täsir gyjyndyryjylaryň birnäçesi döreýän duýgy arkaly jemlenip, belli bir täsir döredýär we ýat keşbi hökmünde ol ýa-da beýleki duýgy tonunda saklanýar. Fiziologik taýdan bu ýagdaý belli bir gyjyndyryjylaryň janly organizm üçin lezzetiň ýa-da erbetligiň signalyna öwrülýändigi bilen düşündirilýär; bu ýagdaýda döreýän duýgunyň syzylmagy bolsa şertli refleksleri berkidiji mehanizm bolup durýar. Duýgularyň bu signal funksiýasyna psihologiýada duýgynyň impressiw tarapy latynça (impressiýa - täsir) diýip atlanydyrylýar.

İkinjiden, duýgular adamyň işiniň aýry-aýry hereketleriniň uzak ýa-da gysga wagtlaýyn motiwleri bolup, öňde goýulan maksada meýil, ymtylma döredýär. Duýgular signal, motiwirleýji funksiýalaryndan başga-da, regulýatiw funksiýasyny-da ýerine ýetirýär. Emosiýalar hereketlerde we köpsanly beden üýtgeşmelerinde ýüze çykýar. Bu üýtgeşmeler syzylýan duýgularyň obýektiw alamatlarydyr. Uýgunlaşma häsiýetdäki erksiz we aňly hereketleri etmek, sesiň üýtgemegi, mimika, yşarat hereketleri, organizmde geçýän prosesleriň üýtgemegi psihologiýada emosional

ýagdaýlaryň ekspressiw tarapy (latynça–ekspresio diýen sözden – aňlatmak) diýip atlandyrylýar.

**Duýgularyň esasy häsiýetleri.** Duýgularyň subýekti şahsyýet bolup, olar diňe anyk, janly adamyň häsiýeti hökmünde ýaşaýarlar. Subýektsiz duýgular bolup bilmez. Adamyň amaly we nazary işiniň gönükdirilýän predmetleri we hadysalary onda belli bir emosional täsir döredýärler, duýgularyň obýekti bolup durýarlar.

Duýgular subýektiw häsiýetde bolsalar-da, aňlanylyp bilinýär. Olar hemişe sebäpli esasda döreýärler. Şol bir wagtyň özünde adam amaly we nazary işde öz duýgularyna erk edip, hadysalara öňden endik bolan äheňde baha bermegi we öz içki subýektiw dünýäsini aňly üýtgetmeli bolýar. Ähli subýektiw zatlar öz gelip çykyşy we mazmuny boýunça obýektiw häsiýetdedir. Obýektiw dünýäniň döredýän subýektiw duýgulary diňe bir ten üýtgeşmelerinde däl-de, şahsyýetiň hereketlerinde, sözleýşinde, özüni alyp barşynda ýüze çykýar.

Adamyň öz duýgusynyň obýektine bolan gatnaşygynyň aýratynlygy, onda nähili şahsy gatnaşygyň aňladylýandygy, duýgynyň hil mazmunyny döredýär. Adam söýýär, ýigrenýär, gorkýar, gaharlanýar, geň galýar, gynanýar we ş.m. Ýöne bu häsiýetler sanardan köpdür, çünki dünýäde şahsyýetiň islegini kanagatlandyrýan ýa-da oňa päsgel berýän we şahsyýetiň degişli gatnaşygyny döredýän zatlar çensiz köpdür. Emma şeýle bolsa-da, islendik duýga, emosional ýagdaýa mahsus bolan esasy häsiýetleri ýüze çykarmak zerurdyr.

Bu babatda şahsyýetiň emosional gatnaşyklarynyň iki esasy häsiýetini **oňyn** – we **oňyndäl** duýgulary ýüze çykarmak mümkin. Bu häsiýetler duýgunyň haýsy zatlartyň oýanýan islegleri kanagatlandyrýandygyny, ýa-da kanagatlandyryp biljekdigini we munuň tersine, nämäniň kanagatlandyrma päsgel berip biljekdiginiň görkezijisi bolup durýandygy bilen baglanyşyklydyr. Meselem, iýmite bolan islegiň kanagatlandyrylmagy lezzet döredip, onuň normal kanagatlandyrylmagyna päsgel berýän zat bolsa nägilelik döredýär. Hat-da islegleriň kanagatlandyrylmagyna böwet bolan zatlary ýada salmakda ýakymsyz duýgy döredýär.

Görkezilen baglanyşyk, organizmiň islegleri bilen dürli sosial motiwleriň, islegleriň utgaşýan ýagdaýlaryna hem häsiýetlidir. Meselem, ýaş şahyryň iň bolmanda özüniň iki-üç sany goşgusyny çap etdirmek islegi iki dürli ýagdaýda ýüze çykýar: bir ýagdaýda uly lezzet, kanagatlanma hökmünde (eger-de redaktor goşgulary magtap, çap etmäge söz beren bolsa), başga bir ýagdaýda lapykeçlik hökmünde (redkollegiýa olary originallygynyň azlygy ýa-da gazetde ýer bolmanlygy üçin nomerden aýran wagtynda) duýgy döreýär.

Emma has dogrusy, hakyky emosional ýagdaýlaryň dört sany esasy häsiýeti bolýar. Oňyn we oňyndäl duýgulardan başga, şahsyýetiň duýgy obýektlerine **goşa we näbelli – oriýentirleýji** gatnaşyklaryny ýüze çykarmak mümkin.

Goşa (ýa-da ambiwalent) duýguda lezzet we hesret diňe biri-birine goşulman, eýsem olaryň bileligini döredýän duýgunyň zerur häsiýeti bolup durýar. Şeýle duýga mysal gabanjaňlyk bolup, onda söýgi we ýigrenç özboluşly birleşýär. Goşa duýgularyň bolmagy predmetleriň we hadysalaryň, durmuş ýagdaýlarynyň mazmuny boýunça örän çylşyrymlylygy bilen düşündirilýär. Suwsyzlykdan tebsirän turist sowujak suwdan gananda, lezzet almaly ýaly bolup görünýär. Emma, eger-de suwdan nebtiň ysy gelýän bolsa, onda adam şol bir obýektden birbada lezzet we närazylyk alýar. Çeper edebiýatda goşa duýgulara degişli kän mysallar bolýar: “söýýän we ýigrenýän”, “lezzet alýan we utanýan”, “aýrylyşmak – süýji hasrat, ýakymly ezýet” we ş.m.

Şahsyýetiň emosional durmuşy hemişe gapma-garşylyklaryň döremegi, olaryň çözlüşi we gaýtadan döremegi bilen häsiýetlidir. Şahsyýetiň gatnaşyklary bilen gurşawyň arasyndaky we organizmiň içki sredasyndaky deňagramlylyk (tebigy we jemgyýetçilik) hemişe bozulyp, gaýtadan dikeldilip ýene-de üýtgeýär. Hut şeýle üýtgeýjilik emosional ýagdaýlaryň esasy häsiýetlerini:oňyn, oňyndäl, goşalaýyn sypatlaryny kesgitleýär.

Subýektiň predmetlere emosional gatnaşygynyň dördünji bir häsiýeti – **näbellilikdir**, ol adatça gysgawagtlaýyn emosional reaksiýa, kähalatlarda bolsa durnukly duýgy görnüşinde ýüze çykýar we obýektlere bolan oriýentirlenme – ugrkma bilen baglanyşykly bolýar. Adam durmuşda täze predmete gabat gelip, öz kabul edişinde

ony beýleki predmetlerden saýlaýar we geň galmaklyk, düşünmezlik, gyzyklanma syzýar. Bu täze täsirlenme emosional oriýentirlenme bolup durýar. Predmetler, janly jandarlar, tebigatyň we jemgyýetiň nätanyş hadysalary belli bir durnukly isleg bilen baglanyşdyrylmazyndan ozal, akyl ýetiriş işi bilen utgaşýan emosional ýagdaýyň predmeti hökmünde ýüze çykýar. Kähalatlarda şeýle duýgularyň esasynda "bu näme?" diýen soraga düşünmäge bolan isleg durýar. Oriýentirleýji duýgular durnuksyz we gysgawagtlaýyn bolup, obýekte bolan ol oňyndäl ýa-da oňyn gatnaşyklara çalt öwrülýär.

**Duýgularyň mazmuny.** Duýgularyň mazmunyny adamyň ýaşaýşynyň esasyny düzýän, onuň ösüşini kesgitleýän, kähalatlarda bolsa gös-göni lezzet ýa-da gynanç döredýän gatnaşyklar emele getirýär. Başgaça aýdanyňda, adamyň duýgusynyň esasynda köpsanly tebigy we medeni islegler durýar. Oýanan islegi kanagatlandyrýan ýa-da oňa ýardam edýän zatlar oňyn emosional ýagdaý döredip, durnukly duýgy hökmünde berkleşýär. Bu islegi kanagatlandyrmaýan ýa-da onuň kanagatlandyrylmagyna howp döredýän zatlar oňyndäl emosional ýagdaýy döredip, öz gezeginde duýgy görnüşinde berkleşýär.

Duýgy adamyň durmuş ýolunda oňa üstünligiň ýa-da şowsuzlygyň garaşýandygyny, onuň beýleki adamlar bilen gatnaşyklarynyň, jemgyýetde tutýan ornunyň ýerlikli ýa-da ýerliksizdigini habar berýär. Adam jemgyýet gurluşly jandar bolup, onuň duýgularynyň mazmuny şahsy durmuşyň çäginden has uzakdaky gatnaşyklary öz içine alýar. Şatlanmak ýa-da tukatlanmak, gahar we joşgun, käriňi söýmek we ýürek gysgynçlyk we beýleki jemgyýet mazmunly gatnaşyklar şahsyýetiň durmuş ornuna, işjeňligine, jemgyýet ähmiýetli işe gatnaşmagyna, kollektiwdäki şahsyýetara gatnaşyklaryna bagly bolýar.

Käbir duýgular gaýtalanmagy netijesinde özleriniň dörän şertlerine utgaşyklykda berkleşip, şahsyýetiň dominirleýji-aýgyrtly emosional häsýetine öwrülýärler. Adamlary hoşniýetliligi ýa-da gaharjaňlygy, gorkaklygy ýa-da gaýduwsyzlygy, bilesigelijiligi ýa-da biperwaýlygy we ş.m. boýunça häsiýetlendirmek bolar. Terbiýäniň möhüm wezipeleriniň biri-de adamlarda şahsyýetiň ýokary

mazmunly emosional häsiýetlerini döretmekdir. Bu häsiýetleriň esasylaryna gahrymançylyk, aladaçyllyk, öz ýokary ahlak ideallaryňa ygrarlylyk degişlidir.

**Duýgularyň dinamikasy.** Adamyň duýgularynda onuň durnukly we üýtgeýän komponentleriniň birligi ýüze çykýar. Duýgular şahsyýetiň berkleşen emosional häsiýetleri görnüşinde bolsalar-da, olarda düýpli üýtgeşmeler bolýar. Duýgunyň ösüş ugruny kesgitlemek, onuň üýtgeýjiligini öňünden görmek, duýgunyň dinamikasyny ýüze çykarmak örän möhümdir.

Dörän duýgy berkleşip, kem-kemden has ýiti we tolgundyryjy häsiýete eýe bolup bilýär. Meselem, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda biziň ýurdumyzyň adamlary faşizmiň iň bir aýylganç wagşylygyna göz ýetirip, öz duýgularynda olara bolan ýigrenji has güýçlendirdiler. Faşizme bolan ýigrenç Watana bolan yhlasly söýgi bilen utgaşyp, biziň halkymyzy beýik ýeňşe getirdi. Şahsyýetiň duýgusy näçe mazmunly boldugyça, onda şöhlenenýän gatnaşyklar has baýlaşyp, şeýle duýgy kem-kemden güýçlenýär we çuňlaşýar.

Duýgularyň dinamikasy kähalatlarda başga häsiýetde bolýar. Duýgunyň ösüşinde ösüş bilen bir hatarda onuň öçmegi-de bolup bilýär. Okuwçylaryň ünsüni çekmek üçin “güýçli täsir edijі” serişdelerden peýdalanýan mugallym (sesiňi gataltmak, gygyrmak, taýajyk bilen stoly kakmak we ş.m.) birnäçe wagtyň dowamynda bu prosesde okuwçylarda döredýän gorky emosiýasyna daýanyp biler. Emma bu usulyň çalt gaýtalanmagy ahyr netijede okuwçylarda muňa biperwaýlyk döredýär we onuň täsiri gaçýar. Mugallym okuwçylaryň emosional uýgunlaşmak mümkinçiligini göz öňünde tutup, bu ugurdaky dürli torç edilen usullardan örän seresaply peýdalanmalydyr. Duýgunyň obýektiniň mazmuny şahsyýet üçin öz ähmiýetini tamamlanda **emosional doýgunlyk** ýagdaýy döreýär. Bu ýagdaýda öň özüne çekýän zatlar biperwaýlyk döredip, ýakymlylyk ýakymsyzlyga öwrülýär. Adamyň hoşuna gelen saz, aýdym we ş.m. köp gezek üznüksiz gaýtalansa, diňe bir öz ähmiýetini gaçyrman, eýsem ýürege düşýär.

## § 2. Emosional ýagdaýlaryň fiziologik esaslary

### Emosiýalaryň döremeginde beýniniň dürli bölümleriniň roly

Ähli psihiki prosesler ýaly, emosional ýagdaýlar hem beýni işiniň önümidir. Olaryň döremegi daşky dünýäde bolup geçýän üýtgeşmelerden başlanýar. Bu üýtgeşmeler islegleriň bir toparynyň oýanmagyna, beýlekileriniň peselmegine, organizmiň, şahsyýetiň umumy ýagdaýynyň ýokary göterilişine ýa-da peselmegine getirýär. Emosiýany häsiýetlendirýän fiziologik prosesleriň esasynda şertsiz we şertli reflekslerinň çylşyrymly ulgamy durýar. Mälim bolşy ýaly, şertli reflekslerinň ulgamy ýarym şarlaryň gabygynda döredilip berkidilýän bolsa, şertsiz refleksler beýni sütünine degişli ýarym şarlaryň gabykasty uzelleri, görüş güberçegi we nerw oýanmasyny beýniniň ýokary bölümlerinden wegetatiw nerw ulgama geçirýän beýleki merkezler arkaly döredilýär. Duýgularyň syzylmasy hemişe gabyk we gabykasty merkezleriň bilelikdäki işiniň netijesidir.

Daşky dünýäde bolup geçýän zatlar adam üçin näçe ähmiýetli bolsa, duýgular şonça-da çuňňur syzylýar. Bu prosesde ýüze çykýan wagtlaýyn baglanyşyklar ulgamynyň üýtgedilip guralmagy oýanma prosesini döredip, ol bolsa ýarym şarlaryň gabygyna we gabykasty merkezlere ýaýraýar. Beýniniň ýarym şarlarynyň astyndaky bölümlerde organizmiň fiziologik işiniň merkezleri ýerleşýär: dem alyş, ýürek-damar, iýmit bişiriş, sülekeý işläp çykaryş we ş.m. Şol sebäpli gabykasty merkezleriň oýanmasy beýleki içki organlaryň işini güýçlendirýär. Şonuň bilen baglanyşyklylykda duýgularyň syzylmagy dem alşyň (adamyň tolgunmakdan demi tutulyp, dem almagy kynlaşýar) we ýüregiň işleýşiniň (ýürek urmasy çaltlaşýar), ritmiň üýtgemegi bilen, organizmiň aýry-aýry bölümleriniň gan bilen üpjünçiliginiň (utançda gyzarmak, gorkuda agarmak), sülekeý mäzleriniň funksiýasynyň (hasratda gözüň ýaşarmagy, tolgunmakda agzyň kepemegi, gorkuda “sowuk” deriň döremegi ş.m.) bozulmagy bilen utgaşýar.

Kadaly ýagdaýlarda ýarym şarlaryň gabygy gabykasty merkezlere esasan tormozlaýjy täsir edip, duýgunyň daşky ýüze çykyşyny saklaýar, çäklendirýär. Eger-de beýniniň gabygy adatdan

daşary oýanma ýagdaýyna gelip, onuň regulirleýji funksiýasy güýçli gyjyndyryjynyň täsirinde (ýadawlykda, serhoşlykda) bozulsa, irradiasiýanyň(impulslaryň ýaýramagy hadysasy) netijesinde gabykasty merkezler-de güýçli oýanma ýagdaýyna gelip, duýgy hereketlerine bolan gözegçilik we özüňi saklamaklyk has gowşaýar ýa-da ýitýär. Diýmek, emosional ýagdaýlarda adamyň özüni alyp barşynyň, işiniň ähli taraplarynda çuňňur üýtgeşmeler ýüze çykýar.

**Emosiýanyň döremeginde gipotalomo-limbiki we retikulýar formasiýa ulgamynyň roly.** Beýniniň işini elektrofiziologik usullar bilen öwrenmek, emosiýanyň adamyň we haýwanlaryň ýaşaýşynda iňňän uly roly oýnaýandygyny, şeýle hem olaryň özboluşly döreýiş mehanizmlerini ýüze çykarmaga mümkinçilk berdi. Bu derňewler emosional ýagdaýlaryň diňe bir uly ýarym şarlaryň gabygynyň we onuň gözegçiliginde durýan gabykasty merkezleriň "umumy" netijesi däl-de, nerw ulgamynyň kesgitli bölüminiň, birinjiden, - retikulýar formasiýanyň häsiýeti bolup durýandygy anyklanyldy. Beýniniň bu bölüminiň özbaşdak funksiýasy bolman, ol beýniniň beýleki mehanizmleriniň işini işjeňleşdirýär. Emosional ýagdaýlary döredýän ikinji bir beýni bölümi – talamusdaky (görüş güberçeklerinde), aýratynam gipotalamusdaky güberçekasty zolakdaky, limbiki ulgamda ýerleşýän merkezlerdir. Limbiki ulgam gadymy gabykasty bölümler bilen uly ýarym şarlaryň täze gabygynyň arasynda ýerleşýär. Emosional reaksiýalar üçin gabykasty uzelleriň düzümine girýän merkezleriň funksiýalary-da möhümdir. Bu uzeller uly ýarym şarlaryň ak maddasynyň düzümine goşulýan çal maddalaryň toplanmasyndan ybaratdyr. Eger uly ýarym şarlaryň gabygy takyk operasiýalara we hereketlere birleşýän aýry-aýry duýmalary we herketleri inçelik bilen analizleýän we dolandyrýan bolsa, beýniniň şu ýokarda sanalan formasiýalary organizmiň daşky we içki sredadaky üýtgeşmelere bolan umumy reaksiýalaryny dolandyrýar.

Beýniniň uly ýarym şarlarynyň gabygyna uly zeper ýetip, daşky we içki sredadan gelýän gyjyndyryjylaryň inçe analizi bozulan ýagdaýynda hem esasy emosional reaksiýalar saklanyp, jandar limbiki sistema ("emosional beýnä"), gelip gowuşýan şeýle hem

güberçek we retikulýar formasiýa gelýän gyjyndyryjylara adaty emosional reaksiýalara – lezzet-ezýet çekmek, keýplilik-keýpsizlik, gahar ýa-da gorky, şatlyk ýa-da gaýgy bilen jogap berýär.

Beýniniň belli nokatlaryna elektrodlar ornaşdyryp, onuň biotoklaryny ýazyp almak arkaly geçirilen eksperimentler süýdemdirijileriň gipotalamusynda **lezzet** we **hasrat** merkezleriniň bardygyny anyklady. Merkezleriň birinjisi gyjyndyrylanda jandar şeýle bir ýakymly duýgy syzyp, soňra şeýle gyjyndyrmanyň gaýtalanmagyny isleýär. "Hasrat" merkezi gyjyndyrlanda bolsa, haýwan gorkusyna titräp, gaçmaga synanyşyp, soňra şeýle emosiýalar döreýän ýagdaýdan gaça durýar. Oňyn we oňyndäl emosiýalaryň şeýle merkezleri beýniniň beýleki görkezilen bölümlerinde hem bolup, olarda lezzet we hasrat merkezleri biri-birlerine has golaý ýerleşýär. Şonuň üçin-de olaryň goňşy zolagy gyjyndyrylanda goşa duýgular döreýän bolmagy mümkin.

"Hasrat" we "lezzet" merkezleri özleriniň biri-birine golaý we meňzeşligine garamazdan, belli bir derejede dürli gurluşdadyrlar. Meselem, beýniniň dürli bölümlerindäki "hasrat" merkezleri biri-birleri bilen bir bitewi ulgama baglanyşdyrylan bolup, onuň netijesinde oňyndäl emosiýalar tutuş organizm boýunça syzylyp, onuň umumy ynjalyksyzlygyny döredýär; beýniniň dürli bölümindäki lezzet merkezleri bolsa belli bir derejede biri-birinden garaşsyzdyrlar, şonuň üçin-de aýry-aýry oňyn emosiýalar hili boýunça aýry-aýry oňyndäl emosiýalardan güýçli tapawutlanýar. Merkezleriň ýerleşişiniň bu aýratynlygy emosiýalaryň jübitdigine ýa-da polýar häsýetdedigine düşünmäge kömek edýär. Emosiýalaryň her birine olaryň gapma-garşylykly görnüşini tapmak mümkin: ýaraýar-ýaramaýar, oňaýly-oňaýsyz, söýgi-ýigrenç, şatlyk-hasrat we ş.m.

**Hasrat çekmek we lezzet almak şertli baglanyşyklaryň berkidilmegi hökmünde.** "Hasrat" we "lezzet" merkezlerini elektrik bilen gyjyndyrmak arkaly geçirilen tejribeler bu merkezleri oýarmagyň şol bir wagtyň özünde bu duýgularyň berkidilmegi bolup durýandygyny, netijede bolsa şertli refleksler döreýändigini görkezdi. Beýle diýmek ýarym şarlaryň gabygynda kabul edişiň, ýadyň, hyýalyň, pikirlenmäniň, endikleriň, ýörelgeleriň we özüňi alyp barşyň stereotipleriniň (ýagny adamyň aňly işini

düzýän ähli zatlaryň) esasyny düzýän wagtlaýyn baglanyşyklar emele gelýär diýmekdir. Şol bir wagtyň özünde beýni sütüniniň gapdalynda, güberçegastynda hem-de kem-käsleýin uly ýarym şarlaryň gabygasty uzellerinde ýerleşýän hut şu “emosional merkezleriň” hemişelik işlemekligi, şertli reflekleriň ýitip gitmegini, olaryň tormozlanmagyny, şonuň netijesinde bolsa uly ýarym şarlaryň bütin kämil saýlap alyş iş ulgamyny dörediji mehanizm bolup durýar.

“Bu gabygasty uzeller iýmit, goranyş, jyns we ş.m. ýaly möhüm şertsiz reflekleriň ýa-da instinktleriň merkezi bolup, şeýlelikde janly organizmiň esasy meýillerini, gönükdirilmelerini düzýärler. Gabygasty merkezlerde organizmiň esasy daşky iş funksiýalarynyň fondy ýerleşendir... Gabygasty zolak uly ýarym şarlaryň gabygyna oňyn täsir edip, olaryň esasy güýç çeşmesi bolup durýar” – diýip, I.P.Pawlow belläpdi. Onuň pikiriçe ýaşaýyş prosesinde ýokary nerw işiniň belli bir “dinamiki stereotipi” döredilenden soňra onuň “bozulmagy” oňyndäl duýgulary syzmagyň mehanizmi bolup, ony taýýarlykly üýtgetmek bolsa oňyn häsiýetli duýgulary döredýär. Ýerleşişi boýunça dürli-dürli bolan lezzet we hasrat merkezleri degişli emosiýalar, şertli reflektor baglanyşyklary dürli hili berkidýärler ýa-da tormozlaýarlar. Meselem, eger-de güberçegastynda (gipotalamus) ýerleşýän merkezler lezzetiň we hasratyň sansyz gaýtalanýan ýagdaýlarynda üýtgemezden hereket edýän bolsa, onda uly ýarym şarlaryň gabygasty uzellerinde ýerleşen merkezler köpsanly gyjyndyryjylardan soňra çalt öçüp başlaýar we emosional reaksiýalar gowşap, soňra bolsa düýbünden ýitýärler. Akyl işiniň we ahlak duýgularynyň emosional öwüşgininiň kanagatlandyrylyşyna laýyklykda çalt güýçlenip we kesilmek häsiýeti, organizmiň esasy kuwwatly isleglerini habar berýän emosional reaksiýalaryň bolsa köpsanly kanagatlandyrmalardan soňra hem ýitip gitmezligi hut şunuň bilen düşündirilýär. Organiki heläkçilik esasynda dörän agyry kemelmeýär, fiziki türgenleşikden alynýan lezzet hiç wagt ýürege düşmeýär (tä oňyndäl, oňyn ýa-da garyşyk-ambiwalent signal indiwidumyň ýaşaýşy üçin öz ähmiýetini ýitirýänçä, başgaça aýdanyňda, tä gomeostatik reaksiýalar düýpli üýtgeýänçä). Amerikan derňewçisi Oldzyň tejribesinde güberçegasty zolakdaky degişli merkezi elektrik bilen gyjyndyrýan ryçaga basmak

arkaly özünde lezzet emosiýasyny döretmegi öwrenen alaňňyrt bu işini ukydan we iýmitden ýüz öwürip yzygider dowam etdirip, agyr fiziki mejalsyzlyk ýagdaýyna ýetipdir. Şol bir wagtyň özünde, meselem, serçelerde bakjadaky garantgy arkaly döredilýän gorky çalt ýitip gidýär.

Hut dürli merkezleri gyjyndyrmakda lezzetiň we hasratyň hiliniň, derejesiniň we durnuklylygynyň tapawuduna laýyklykda bir ýagdaýda emosional öwüşginli şertli refleksler baglanyşygyň bir gezek berkidilende döremegini, başga bir ýagdaýda bolsa ýüzlerçe berkitmäniň-de berk baglanyşyk döredip bilmeýändigini düşündirmek bolar. Edil şonuň ýaly-da ýiti emosional öwüşginli käbir şertli refleksler çalt ýitýärler, beýlekileri bolsa ýokary berklikde bolup, olara güýçli täsir edýän şertli tormozlar-da hiç hili täsir etmeýär.

Bu faktlarda şahsyýetiň käbir doýgun emosional öwüşginli ýörelgeleriniň we meýilleriniň adatdan daşary durnuklylygyna düşündiriş tapmak mümkin (meselem, şahsyýetiň göwnüne ýaran durmuş keşbini alyp barmaklyga bolan meýli). Şeýlekilde alkogoligi hatda özi üçin aýratyn ähmiýetli wakalar-da (ýakyn adamsynyň ýogalmagy, iş ýerinde uly ýakymsyzlyklaryň bolmagy we ş.m.) serhoşlukdan lezzet almak bilen baglanyşykly özüni alyp barşyndan saklap bilmeýär, ýa-da diňe gysga wagtlaýyn saklap, soňra "ýene-de hemme zat öz ornuna geçýär".

## § 3. Emosiýanyň haýwanlarda we adamlarda ýüze çykyşy

**Adamyň we haýwanlaryň emosiýalarynyň hil tapawutlylygy.** Adamyň emosional ulgamynyň eksperimentde ýüze çykarylan fiziologik mehanizmleri göräýmge haýwanlaryň has ösen görnüşleriniň emosional mehanizmlerinden düýpli tapawutlanmaýar. Emma duýgularyň hil mazmunyna we olaryň ýüze çykyş görnüşlerine üns bersek olaryň arasyndaky tapawut şeýle düýpli bolup, haýwanlarda ýokary duýgularyň hiç bir nyşanynyň-da ýokdugyna göz ýetirýärsiň.

Adamda duýgularyň iňňän uly topary bolýar, emma olar haýwanlarda düýbünden ýokdur. Şol bir wagtyň özünde adamlarda we haýwanlarda umumy bolan emosiýalar (gahar, gorky, jyns

duýgusy, şatlyk we ş.m.) olarda hil taýdan tapawutlanýar. Adamyň emosiýalary sosial şertler bilen döredilip, hemişe (kesellilik ýagdaýdan başga) adama mahsus, jemgyýetçilik gönükdirilmeginde ýüze çykýar. Açlyk duýgusy iýmit instinktiniň elementi bolup, ýöne adamda onuň emosional syzylyşynyň ýüze çykyşy haýwanlaryňkydan düýbünden başgaçadyr. Jyns duýgusy-da köpelmek instinktiniň "jähti" bolup, adamzadyň uzak taryhy ösüş ýolunda hil, mazmun taýdan hususy adam duýgusyna öwürlendir.

**Adamyň duýgularynyň taryhy häsiýeti.** Adamyň duýgulary taryhy taýdan döredilendir. Şonuň üçin iň bir çylşyrymly biologik we fiziologik seljerme hem olaryň anyk mazmunyny, olaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyna, aňlanylan gatnaşyklaryna öwrülişini aýdyňlaşdyryp bilmez.

Emosiýalaryň taryhy häsiýeti olaryň mazmunynyň haýwanlaryňka garanyňda iňňän baýdygy bilen düşündirilýär. Adamlaryň öz aralaryndaky (zähmet, syýasy, medeni, maşgala durmuşy), şeýle hem tebigat bilen gatnaşygynda ýüze çykýan gatnaşyklar köp sanly täze duýgulary we olaryň ýüze çykyş görnüşlerini döredipdir. Adam ýüzüniň durky, kellesini ýaýkamak, manyly dem almak arkaly beýleki adama öz duýgusyny bildirýär: çagalara, öz söhbetdeşine mylaýym jogap bermegi, hoşniýetli ýylgyrmagy, garrylara we inwalidlere ýer bermegi, körpelere mylaýym ýüzlenmegi öwredýär. Adam öz emosiýalaryna erk edip, olaryň ýerliksiz görnüşlerini ýüze çykarmaýar, olara ahlak, kanun, däp-dessurlar nukdaýnazardan baha berýär.

Köplenç adamlar güýçli emosiýalary syzsalar-da, daşyndan asudalygy saklaýarlar, käwagtda bolsa olary daşa çykarmaga utanyp, düýbünden gapma-garşylykly duýgulary ýüze çykarýarlar: güýçli agyry ýa-da hasrat wagtynda ýylgyryp, güljek bolanlarynda agras görnüşe geçýärler. Emma bu ýagdaýda dem alyş, gan-damar, iýmit bişiriş ulgamda döreýän beden üýtgemelerini basyp ýatyrmak, saklamak ýüz-gözüň, eliň hereketlerini saklamakdan kyn bolýar. Adam tolgunýan wagtynda asuda dem almany, gözýaşyny saklamany başarsa-da, ýüzüniň gyzarmasyny ýa-da agarmasyny saklamak oňa örän kyn bolýar; ýürek urmasynyň çaltlaşyşy, adrenaliniň böwreküsti mäzlerden gana geçmesini, görejiň giňelmesini we uçganaklamasyny

saklamak bolsa düýbünden mümkin däldir. Emma bu ýagdaýlarda hem ýerliksiz emosiýalar döredýän predmetlerden ünsi sowup (meselem, gorky, aljyramak, gahar, öýke), duýgulary gowşadyp bolýar. Emosiýany saklamakda salyhatlylyk, şahsyýetiň ahlak sypatyny häsiýetlendirýän ýokary duýgular bolan ahlak borç duýgusy ýaly şahsyýeiň sarpaly duýgularynyň ähmiýeti has-da uludyr.

**4. Emosional ýagdaýlaryň ýüze çykyşy.** Emosiýalaryň daşky ýüze çykyşy fiziologik we psihologik nukdaýnazardan seljermegi talap edýän meseleleriň biridir. Bu meseläniň çylşyrymlylygy şahsyýet üçin möhüm çuň duýgularyň köplenç daşky ýüze çykyşy boýunça ýönekeý duýgulardan hem gurak we garyp bolýanlygyndadyr. Meselem, durmuş ýoluny saýlan jahylyň duýgularynyň görnüşi öz daşky beden üýtgeşmeleri boýunça tötänden palçyga ýykylyp, üstüni hapalanyň gynanjyndan-da pes bolmagy mümkindir. Emosional duýgular ikinji signal ulgamy(dil,sözleýiş) bilen berk baglanyşykda bolan ýagdaýynda olaryň ýönekeý daşyna çykarylyş görnüşleri has pes bolýar: emosiýalar erksiz ýa-da ýönekeý endik reaksiýalarynyň bir tarapy bolup duran wagtynda, daşky ýüze çykyş hereketleri has güýçli bolýar.

Emosiýanyň ýüze çykyşy, birinjiden, daşky aňladyş hereketlerinden (mimiki we pantomimiki), ikinjiden bolsa dürli beden üýtgeşmelerinden, ýagny içki organlaryň işleýşiniň üýtgemeginden (köplenç ýagdaýda adamyň daşky sypatynyň üýtgemegi bilen utgaşýan) ybaratdyr, üçünjiden bolsa gumoral häsiýetdäki üýtgeşmeler, ýagny ganyň himiki düzüminiň we beýleki suwuklyklaryň, madda çalyşmagynyň çuň özgerişlerinden ybarat bolýar.

Emosiýanyň daşky aňladyşyna mimikada, yşaratlarda, göwräniň kaddyndaky, daşky mäzleriň bölünişiniň, gözýaşyň, sülekeýiň, deriň döremegi, şeýlelik-de aýry-aýry hereketleriň aýratynlyklaryndaky üýtgeşmeler (olaryň çaltlygy, güýji, gönükdirilmesi, sazlaşyklygy we ş.m.) degişlidir. Olara sözleýşiň fonetikasynyň, “ses mimikasynyň” üýtgemegi we sözlemleriň sintaktiki özgerişleri, “dyngy bermek” ýa-da aýratyn “süýjüligiň” döremegi, galyberse-de, özüni alyp barşyň hereketlerindäki üýtgeşmeler girýär.

Aňladyş hereketleriniň käbirleri beýniniň ýarym şarlarynyň gabygy arkaly ýeňillik bilen dolandyrylýan we şonuň netijesinde adamyň beýlekiler bilen sözleşmeginde maksadalaýyklykda ýüze çykarylýar ýa-da togtadylýar. Mimiki we pantomimiki hereketler adama öz duýgularyny beýleki adamlara habar bermeklige serişde bolup, olara içki dünýäsinde duýgularyň obýektine öz gatnaşyklary dogrusynda maglumat berýär. Bu ýagdaý adam beýleki birine duýgudaşlygyny aňladanda ýa-da oňa özüni tolgundyrýan zatlar barada habar berende has aýdyň ýüze çykýar.

Diýmek, mimika, yşaratlar, özüňi alyp barşyň aýratynlygyny aňladýan hereketler, manyly dem almak, sesiň intonasiýasynyň üýtgemekligi "adamyň duýgularynyň dili" bolup, söhbetdeşe, kähalatlarda tutuş kollektiwe "hakyky" sesli dile derek pikir aňlatmanyň serişdesi bolup durýar. Bu dil dürli taryhy zamanalarda, dürli halklarda, dürli sosial toparlaryň wekillerinde belli bir umumylyk saklasa-da, düýpli tapawutlanýar.

**5. Duýgularyň syzylyş görnüşleri.** Duýgular şahsyýetiň işiniň tarapy hökmünde giň emosional dan ybaratdyr. Şahsyýetiň emosional ulgamynyň syzylyş görnüşleriniň köpdürlüligi şeýle düşünjelerde aňladylýar: **duýgy tony, emosiýalar, affektler, stress ýagdaýy we şäht**.

**Duýgy tony.** Duýgy köplenç psihiki prosesiň özboluşly emosional öwüşgini hökmünde ýüze çykýar. Bu ýagdaýda onuň hut özi aňlanylman, ol şahsyýetde belli bir gatnaşyk döredýän predmetleriň aýratyn häsiýeti hökmünde syzylýar. Adam kähalatlarda duýgunyň predmetleriň obýektiw häsiýetleriniň şöhlelenmesi ýa-da özüniň olara subýektiw gatnaşygy esasynda döreýändigini aýyl-saýyl aňlamaýar: ýakymly söhbetdeş, gülküli waka, ýakymsyz ys, ýürek gysgynç kitap, nepis ýaprak, ýakymly habar, hupbatly iş we ş.m. diýende bular köplenç adamyň öz subýektiw gatnaşygy boýunça döredilýär.

Duýgularyň şeýle emosional öwüşgini öz tony (affektiw tony) bilen tapawutlanýar. Käbir yslar (meselem, merkaptan we beýleki organiki birleşmeler) her bir normal adam üçin ýakymsyzdyr. Muňa mysal edip ýene-de ýakymsyz sesleri, käbir reňkleriň utgaşmasyny

we suwly bardalaryň gyjyndyrylmasyny görkezmek bolar. Köplenç ýagdaýda kabul edişiň we gözöňüne getirmäniň duýgy tony öňki tejribeden galan emosiýalaryň dowamy görnüşinde bolup, ol adamlarda dogabitdi häsiýetde duýulýar. Adatça duýgy tony ýagdaýyň adamyň isleginiň kanagatlandyryljak ýa-da päsgelçilige uçrajakdygynyň görkezijisi bolýar.

Käbir adamlarda has güýçli ýüze çykýan duýgy tony **idiosinkrasiýa** -häsiýetine eýe bolup, onda beýleki adamlar üçin parhsyz, ýa-da ýakymly gyjyndyryjylar adatdan daşary, kesel derejesinde ýakymsyz duýgy döredýär. Meselem, käbir adamlaryň eli mahmala galtaşanda, burnuna balyk ysy degende, aýna döwükleri gyjyrdadylanda şeýle duýgy döreýär.

Görüş, eşdiş, ys alyş, kinestetik (hereket) duýmalarynyň we kabul edişiň duýgy tonlaryny we kabul edişiň duýgy tonlaryny öwrenmegiň uly amaly ähmiýeti bardyr. Meselem, iş ýeriniň, stanoklaryň, transport serişdeleriniň reňki özleriniň ýakymly ýa-da ýakymsyz duýgy tonlaryna baglylykda işiň netijeliligine, zähmetkeşleriň umumy keýpine düýpli täsir edip biler. Himiki dökünleriň ýakymsyz ysy kartoşkanyň we gök önümleriň hilini ýaramazlaşdyrýar. Önümçiligiň ýakymsyz sesleri diňe bir güýji boýunça däl-de, özboluşly duýgy tony arkaly işe päsgel berip, zaýa - önümleriň köpelmegine sebäp bolýar. Iş wagtynda ýörite saýlanylyp alnan sazy göýbermek bolsa zähmet öndürijiligini ýokarlandyrýar.

**Hususy emosiýalar.** Emosional prosesler we ýagdaýlar ýa-da emosiýalar (adalganyň dar manysynda) duýgulary syzmagyň adaty görnüşidir. Emosiýa – bu haýsy-da bolsa bir duýguny gös-göni syzmakdyr. Meselem, adamyň ornaşan häsiýeti hökmünde saza bolan duýgusy emosiýa däl-de, konsertde diňlenilýän sazyň oňat ýa-da erbet ýerine ýetirilişinden alynýan lezzet ýa-da lapykeçlik emosiýadyr. Gorkmaklygyň ýa-da howpuň biri-birinden tapawutly dürli emosiýalarda syzylmagy mümkindir: kähalatda adam gorkuly zatdan gaçýar, käwagt bolsa gorkudan ýaňa özüni ýitirip, hiç bir hili herekete ukypsyz bolýar; başga bir ýagdaýda bolsa başyny etegine salyp, gorka garşy gaýduwsyz hereket edýär.

Bir ýagadýda emosiýalar has güýçli bolup, olara **steniki** (grek sözünden stenos - güýç) **emosiýalar** diýilýär. Olar özüňi alyp barşyň

ugrukdyryjysy hökmünde adamyň güỳjüne güỳç goşỳar. Şatlanan wagtynda adam "dag agdarmaga" taỳỳar bolỳar. Ỳoldaşyna duỳgudaşlyk bildirip, oňa kömek etmegiň ỳoluny agtarỳar. Güỳçli emosiỳalar wagtynda adam işjeň hereketsiz durup bilmeỳär. Başga bir ỳagdaỳda emosiỳalar passiw häsiỳetde bolup, adamy gowşadỳar (asteniki emosiỳalar). Käwagtlar güỳçli duỳgunyň esasynda adam bus-bus bolỳar. Bu ỳagdaỳda duỳgudaşlyk netijesiz, içki emosional syzylyş häsiỳetinde bolup, utanç bolsa gizlin ynsabyň azabyna öwrülỳär.

Hereketleriň motiwlerine öwrülip, emosiỳalar bir ỳagdaỳda işiň guramaçylyk elementi, başga bir ỳagdaỳda bolsa ony dargadyjy faktor bolup durỳarlar. Emosional passiwlik ỳagdaỳyndan adamyň işe maksadaokgunlylygyny ỳitirip, pikirlenme we fantaziỳa zerur stimullardan-höweslendirijilerden mahrum bolỳarlar. Başga bir tarapdan, has güỳçli emosionallyk köplenç obỳektleri hädogry şöhlelendirmäge, faktlary subỳektiw düşündirmäge, netijä gelmekde we baha bermekde ỳalňyşlara eltỳär.

**Affektler. Affekt – adamyň çalt kalbyny eỳeleỳän, möwç urỳan, aňy düỳpli özgerdip, hereketleriň erkli dolandyrmasyny bozỳan, erki elden giderdỳän, şeỳle hem organizmiň işini üỳtgedỳän emosional prosesdir.** Affektler gysgawagtlaỳyn bolup, olar uçguna, partlaỳşa meňzeỳär. Eger emosiỳa ruhy tolgunma bolsa, affekt -gaỳdyr. Bu ỳagdaỳ biri-birini çalşyrỳan dürli stadiỳalardan ybaratdyr. Gazap, gorky, aỳylganç gülki ỳagdaỳynda adam daşky dünỳäni öz aňynda dürli hili şöhlelendirip, öz duỳgusyna, özüni alyp barşyna dürli derejede erk edỳär. Munuň sebäbi aralyk beỳnidäki we ỳarym şarlaryň gabygyndaky merkezleriň şol bir wagtyň özünde bolup geçỳän tormozlanmasy çenden aşa bolup, biri-birini çalşyrỳanlygy bilen düşündirilỳär. Kähalatlarda bolsa ỳokary nerw işiniň bozulmagy ỳüze çykỳar. Organizmiň işiniň steniki ỳokary göterilişi bölekleỳin ỳa-da doly suratda asteniki ỳagdaỳ - energiỳanyň ỳitirilmegi, güỳjiň gaçmagy bilen çalşyp, öňki kaddyna gelip ỳetişmeỳär. Meselem, güỳçli hereketlerde, gözüň uçgunynda, ỳüzüň gyzarmagynda ỳüze çykỳan gahar, hereketleriň bozulmagy, görejiň ümezlemegi, ỳüzüň agarmagy bilen utgaỳan gazaba öwrülỳär.

Galagoply organizmiň güỳçli reaksiỳasy uzak özüňden gitmek, ỳa-da hereketsiz doňup galmak bilen çalyşỳar.

Affekt ỳagdaỳyň başynda adam öz duỳgusynyň predmeti hakynda pikirlenip, başga ähli zatdan ünsüni sowỳar. Beden üỳtgeşmeleri we duỳgy aňladyjy hereketler öz kadaly ỳüze çykyşyny ỳitirip ugraỳar. Maỳda hereketler güỳçli duỳgunyň täsirinde dargaỳarlar. Ỳarym şarlaryň gabygynda tomozlanma kem-kemden artyp, gabykasty uzelleriň we aralyk beỳniniň oỳanmasy güỳçlenỳär. Adam doly ỳagdaỳda öz duỳgusyna berilỳär. Gahar, gorky, tolgunmak onuň psihikasyny eỳeleỳär.

Köp duỳgular affektiw görnüşde ỳüze çykyp bilỳär. Meselem, kähalatlarda teatr tomaşaçylarynyň ỳa-da şatlykdan möwç urỳan mähelläniň duỳgusy affekt ỳagdaỳynda bolỳar. Çeper edebiỳatda "kör" söỳginiň affektiw duỳgy görnüşindäki mysallary seỳrek zat däldir.

Hat-da ylmy açyşlar-da köp ỳylky hupbatly agtaryşdan soňra şatlygyň uly jaşguny bilen möwç urup biler.

Affektiň birinji stadiỳasynda her bir adam, şol sanda çaga-da özüne erk edip bilỳär. Soňky stadiỳalarda adam köplenç erkini ỳitirip, gözegçiliksiz, aňlanylmaỳan hereketler edỳär. Nerw ulgamy sag adamlarda şeýle ýagdaý ozüne bolan jogapkärçiligi düỳbünden ỳitiren ỳa-da serhoş ỳagdaỳlarynda ỳüze çykỳar: şeỳle adam agyr affekt ỳagdaỳyna biygtyỳar düşmeỳär-de, oňa öz meỳli boỳunça girỳär, şonuň üçin ol öz hereketlerine doly jogap bermelidir.

Affekt harasadyndan soňra kähalatlarda rahatlanmak we ỳadawlyk döreỳär: başga bir ỳagdaỳlarda (has agyr) adamda lagşamak, güỳjüň gaçmagy, ähli zatlara biagyrylyk, käwagtlar bolsa uka meỳil etmek – affektiw şok döreỳär: käbir ỳagdaỳlarda möwjemek uzak wagt dowam edip, wagtal-wagtal güỳjeỳär we gowşaỳar.

**Stress ỳagdaỳlary.** Soňky ỳyllarda dartgynlylyk ỳagdaỳlar bilen döredilỳän, stress[1] atly emosional ỳagdaỳlary öwrenmek has uly ähmiỳetli bolup durỳar. Stres – bu howply ỳagdaỳda, dürli fiziki we akyl işiniň agyr geçỳän wagtynda, çalt we

---

[1] Iňlis sözünden stres – dartgynlyk.

jogapkärçilikli netijä gelmeli bolanda we ş.m. döreýän hereketlerdir. Bu ýagdaýlar degişli emosiýalary döredýär. Dartgynlyk ýa-da stress ýagdaýynda döreýän emosiýalaryň psihologik aýratynlyklaryny bilmek diňe bir uçarmanlar, kosmonawtlar, ofiserler, elektrostansiýalaryň operatorlary, dispetçerler, maşinistler, sürüjiler üçin möhüm bolman, eýsem çykarýan çözgüdi adamyň ykbalyny çözýän kazylar, kärhana ýolbaşçylary, okuwçydan synag alýan pedogoglar üçin-de örän möhümdir.

Stresi öwrenmek U. Kennonyň gomeostazis hakyndaky (gomeostazis –organizmiň funksionirlenmeginiň içki şertleriniň hemişelik häsiýeti) we G. Selýäniň "umumy adaptasion sindrom" hakynda taglymatlarynda fiziologik taýdan esaslandyryldy. Adaptasiýa sindromy – bu organizmiň güýçli we zyýan ýetiriji (örän güýçli) daşky täsirlere (fiziki ýa-da nerw-psihiki) jogap hökmünde öz resurslaryny (ilkinji nobatda içki mäzleriň iş önümlerini) mobilizlemek boýunça özboluşly goranyş reaksiýasydyr. Stress ýagdaýlar ýürek-damar, dem alyş, deriniň elektrik geçirijiligi we beýleki wegetatiw görkezijileriň işindäki üýtgeşmelerde ýüze çykýar. Stress wagtynda elektroensefalogrammada ýazylyp alynýan merkezi nerw ulgamda bioelektriki, ganda biohimiki we ş.m. üýtgeşmeler bolup geçýär. Ýöne bu üýtgeşmeler diňe strese mahsus däldir, şonuň üçin olaryň esasynda emosiýanyň mazmuny hakynda netijä gelip bolmaz. Meselem, pulsuň çaltlanmagy gorky we şatlyk emosiýalary bilen döredilip bilner. Örän güýçli stresde bu görkezijilerden başga-da, adamyň özüni alyp barşy düýpli üýtgeýär: umumy oýanma reaksiýasy döräp, özüňi alyp barşyň sazlaşygy bozulýar (belli bir kadasyz hereketler, yşaratlar, baglanyşyksyz sözleýiş we ş.m. emele gelýär). Stresiň mundan beýläk güýçlenmegi ters reaksiýanyň döremegine getirýär: adamda umumy tormazlanma, passiwlik, hereketsizlik döreýär.

Güýçli bolmadyk, gysgawagtlaýyn stresde fiziologik üýtgeşmeler aýdyň daşa çykmaýarlar; bu ýagdaýlarda stres özüňi alyp barşyň has inçe, özboluşly üýtgeşmeleri arkaly aňlanylaýar. Şeýle özgerişler ilkinji nobatda aňly gözegçiligi talap edýän we pikirlenmäniň ol ýa-da beýleki ýumşy işlemeklige gönükdirilmegi bilen baglanyşykly funksiýalary amala aşyrmakdaky kynçylyklarda

ýüze çykýar. Bu ýagdaýda ünsüň bölünmegi we bir obýektden beýleki obýekte geçmegi kynlaşýar. Şol bir wagtyň özünde endikler özüňi alyp barşyň özleşdirilen we awtomatlaşan görnüşleri adamyň erkiniň garşysyna, aňly hereketleriň ornuny tutýar. Meselem, çagasynyň duýdansyz kesellemegi netijesinde tolgunan ene lukmanyň telefonunyň nomerine derek öz telefonunyň nomerini aýlap, jaň edip bilmeýär. Aňly hereketleriň tormozlanmasy bilen bir hatarda stres wagtynda kabul edişde, ýatda ýalňyşlyk bolup, duýdansyz gyjyndyryjylara adaty bolmadyk reaksiýalar döreýär, ünsüň we kabul edişiň göwrümi kiçelip, wagt interwalynyň dowamlylygyny kesgitlemekde we ş.m. nätakyklyk emele gelýär. Emma stresiň beýle oňyndäl häsiýetleri mydama bolmaýar; uly bolmadyk stres adama güýç goşup, işi işjeňleşleşdirýär, pikiri aýdyňlaşdyryp, joşgunly emosiýalar döredýär. Hut şonuň üçin-de, stresiň taglymatyny esaslandyryjy G.Selýe distres ýagdaýyna geçmeýän stresi kadaly hadysa hasaplaýar.

Diňe daşky täsiriň güýjüne we dowamlylygyna görä adamyň strese nähili jogap reaksiýasyny döretjekdigini kesgitlemek mümkin däldir. Bu babatda esasy rol adamyň şahsyýetiniň aýratynlygyna, türgenleşigine degişlidir. Şol bir daşky täsir adamyň bu häsiýetlerine baglylykda dürli stres reaksiýasyny döredip biler. Ýokary ideýalylyk, borç duýgusy, organizmiň ýokary türgenleşmek ýagdaýy stres wagtynda özüňi alyp barşy kadaly saklamagyň esasy şertidir.

**Şäht.** **Şäht aýry-aýry psihiki proseslere we adamyň özüni alyp barşyna uzak wagtyň dowamynda öwüşgin berýän umumy emosional ýagdaýdyr**. Kähalatlarda geň galmaklyk, rowaçlyk, ýumor, özüňden göwnüň geçmek, tukatlyk ýaly duýgular okuwçynyň psihiki ýagdaýynyň umumy fonuna öwrülip, käbir emosiýalaryň döremegine amatly, beýlekileriň döremegine bolsa amatsyz şerte öwrülýär. Gaharly wagtynda okuwçy ýoldaşynyň ýa-da mugallymyň duýduryşyna şatlykly wagtyndakydan düýbünden başgaça jogap berýär. Synp kollektiwinde sagdyn, işewür, wagtal-wagtal bolsa jogapkärçilikli we şatlykly şähtlilik döretmek okuw işiniň netijeliliginiň möhüm şerti bolup durýar.

Şäht wagt möçberinde dürli uzaklykdaky sebäpler esasynda döreýär. Onuň esasy sebäpleriniň biri adamyň jemgyýetde eýeleýän

orny bilen baglanyşyklydyr. Durmuşdan umumy kanagatlanmak ỳa-da kanagatlanmazlyk, mekdepde okuwyň gidişiniň, yoldaşlary we mugallymlar bilen gatnaşyklarynyň, maşgalada bolup geçyän zatlaryň ayratynlygy, durmuşdaky garşylyklaryň çözlüşi, islegleriň, höwesiň kanagatlandyrylyşy – yetginjegiň şähdiniň esasy sebäpleri bolup duryar. Uzak wagytlaỳyn erbet ỳa-da ruhupes şähtlilik onuň durmuşynda haỳsy-da bolsa bir zadyň göwnejaỳ däldiginiň subutnamasydyr. Şeyle ỳagdaỳlarda okuwça oỳlanyşykly, uly salyhatlylyk bilen çemeleşip, şeỳle şähtlilik ỳagdaỳynyň obỳektiw sebäbini anyklap, onyň öňüni almalydyr.

Kähalatlarda şäht we onuň üỳtgemegi durmuşyň güỳçli emosiỳa döredỳän aỳry-aỳry wakalaryna bagly bolyar. Çagalarda şähtiň tötänleỳin wakalara baglylygy örän uly bolup, olarda şäht özüniň ỳokary üỳtgeşmesi we gysga wagtlaỳynlygy bilen tapawutlanỳar. Ỳokary ỳaşlarda bu babatda ideỳa täsiri has ähmiỳetli bolỳar: çeper edebiỳatyň, kinofilimleriň, ỳoldaşlaryň we ulular bilen şahsyỳetiň häsiỳeti we borjy hakyndaky çekişmeleriň, ahlak talaplary we olary ödemek baradaky söhbetleriň şähtiň belli bir gönükdirilmesini döretmekde oỳnaỳan roly uludyr .

**6. Ỳokary duỳgular.** Emosional prosesleriň dürli görnüşleri adamda adatça biri-birlerinden üzňe bolmaỳarlar. Olar hemişe şahsyỳetiň örän çylşyrymly, durnukly emosional ỳagdaỳlarynyň düzüminde döreỳärler we duỳulỳarlar. Olaryň döreỳşi aňly hereketleri ỳerine ỳetirmegiň obỳektiw şertlere gönükdirilmesine, mazmunyna bagly bolỳar. Şeỳle umumylaşdyryjy häsiỳetdäki emosional ỳagdaỳlara **ỳokary duỳgular** diỳilỳär. Bu duỳgular birnäçe ỳönekeỳ duỳgulary öz içine alyp, ỳöne olardan tapawutlylykda özbaşdak mazmuna eỳe bolỳarlar.

Meselem, Watanyň tabşyrygyny bitirmäge bolan jogapkärçilik duỳgusy şol bir wagtyň özünde alada (tabşyrygyň ynanylỳandygy şatlyk, ony ödemezlik – gorky döredỳär), özüňe göwniỳetijilik, galyberse-de, tabşyryga sowuk – sala garayan ỳoldaşyňa gatyrganmak we beỳleki emosiỳalar görnüşinde duỳlup bilinỳär. Emma tabşyrygy bitirmäge bolan duỳgunyň mazmuny bu emosiỳalaryň ỳönekeỳ jeminden düzülmeỳär. Bu duỳgynyň mazmuny kollektiwiň zerurlygyny aňlamagyň onuň agzalarynyň her

biri üçin borja öwrülendiginden ybaratdyr. Oỳlap tapmakda döreỳän dörediјilik şatlygyny–da hut şeỳle mazmunda düşündirmek mümkin.

Ỳokary duỳgularda şahsyỳetiň özüni alyp barşy onuň beỳnisinde şöhlelenỳän işiň talaplary boỳunça dolandyrylỳar. Bu duỳgularyň her birine jemgyỳetiň taryhy ösüşinde dörän we jemgyỳetçilik aňa ornaşdyrylan gowulyk ỳa–da erbetlik görnüşinde bahalandyryş mahsusdyr.

Esasynda adamyň işiniň haỳsy görnüşiniň ỳatỳandygyna baglylykda ỳokary duỳgularyň şu aşakdaky görnüşlerini ỳüze çykarmak mümkin: **amaly-praktiki** duỳgular (grekçe prahsis – sözden – iş, dörediјilik) diỳmek; **intelektual** duỳgular (latynçada intellektus diỳen sözden – düşünmek, akyl diỳmek), **ahlak** duỳgular (latynça moralis – diỳen sözden – ahlaklyk); **estetiki** duỳgular (grekçe aesthesis diỳen sözden - duỳgy üsti bilen kabul edilỳän diỳmek).

**Amaly-praktiki duỳgular.** Adamyň amaly işiniň islendik tarapy şahsyỳetiň gatnaşyklarynyň obỳekti bolup durỳar. Munuň özi ilkinji nobatda adamyň zähmet işine degişlidir, bu işde adam aňly ỳagdaỳda ol ỳa-da beỳleki maksady kabul edỳär ỳa-da ondan ỳüz öwürỳär. Onuň amala aşyrylyş usullaryny makullaỳar ỳa-da makullamaỳar, galyberse-de, onuň şowsuzlygy ỳa-da üstünligi dogrusynda degişli duỳgulary syzỳar.

Zähmet – adamyň ỳaşaỳşynyň esasy bolup durỳandygy sebäpli ỳokary duỳgularyň arasynda zähmete oňyn emosional gatnaşyk esasy orun tutỳar: zähmeti dörediјilik hökmünde syzmak, şol bir wagtyň özünde ony "kyn", emma şatlyk, işjeň hyjuwlylyk çeşmesi hökmünde kabul etmek, ony üstünlikli tamamlamakda ỳeňiјilik duỳgusynyň döremegi, we beỳlekiler zähmetde döreỳän duỳgularyň doly bolmadyk görnüşleridir.

Zähmetkeş adam öz şahsy üstünliginiň zähmet bilen baglanyşyklydygyna düşünỳänligi üçin biziň ỳurdumyzda dörediјilikli, jemgyỳet ähmiỳetli iş adamda uly kanagatlanma, ruhy ỳokary göteriliş döredỳär.

**Ahlak duỳgulary. Ahlak duỳgularynda adamlaryň beỳleki adamlara, kollektiwe we öz jemgyỳetçilik borçlaryna bolan gatnaşyklary ỳüze çykỳar**. Bu duỳgulary syzmak bilen, adam öz

hereketlerine ỳa-da beỳleki adamlaryň psihiki aỳratynlyklaryna belli bir ahlak nukdaỳnazardan, ỳagny jemgyỳetçilik özüni alyp barşyň düzgünleriniň we kadalarynyň nukdaỳnazaryndan baha berỳär.

Adamyň iň bir esasy ahlak duỳgularynyň biri borç duỳgusydyr. Onuň esasynda jemgyỳetiň talaplaryna, isleglerine düşünmek we bu talaplary öz gündelik işiň ugrukdyryjy güỳjüne öwürmek islegi durỳar. Bu duỳgy öz zähmet çekỳän (maşgala, ỳaşlar guramasy, mekdep, daỳhan birleşigi we ş.m.) kollektiwiň isleglerine degişlilikde hem syzylỳar. Adam diňe bir özüniň jemgyỳetçilik borçlaryna düşünmek bilen çäklenmän, eỳsem olary ỳerine ỳetirmegiň zerurlygyny-da aňlaỳar, "olar bilen ỳaşaỳar". Bu babatda A.S. Makarenko isleg bizde "borjuň süỳtdeş uỳasydyr"[1]- diỳip ỳazypdy.

Watana gulluk etmekde oňa bolan hakyky söỳginiň ỳüze çykmagy watançylyk duỳgusy diỳip atlandyrylỳar. Bu duỳgy öz halkyňa, Watanyňa, ỳurdumyzyň ähli milletleriniň zähmetkeşlerine bolan wepadarlykda ỳüze çykỳar. Watançylyk söweş we zähmet gahrymançylygynyň çeşmesi bolup durỳan möhüm motiwleriň biridir. Watançylyk duỳgusy adalat jemgyỳetiniň sagdyn dünỳägaraỳşynyň yzagalak dünỳägaraỳyşdan artykmaçlygyny aňlamaklyga esaslanỳar.

Progressiw jemgyỳetde adamlaryň ỳaşaỳşynda we durmuşynda biri-birine kömek bermek, umumy maksada ymtylmak esasynda guralỳan ỳoldaşlyk gatnaşyklary döreỳär. Ỳoldaşlyk duỳgularyň ösmeginde zähmete öňde baryjy çemeleşmek, şonuň bilen baglanyşyklylykda bolsa öňde baryjy zähmetkeşiň ahlak-psihologik häsiỳeti –jemgyỳet bähbidine ugrukmaklyk aỳgytly rol oỳnaỳar; bu sypat şahsyỳetiň indiwidualistik gatnaşygynyň gapma–garşykykly häsiỳeti bolup, onda jemgyỳetçilik isleg şahsy isleglere garşy goỳulmaỳar.

Ỳoldaşlyk gatnaşyklarynyň iň ỳokary ösen derejesi dostluk duỳgusydyr. Dostluk diňe özara kömege, goldamaklyga, höwesleriň umumylygyna syrykdyrylmaỳar. Bu duỳgy ỳoldaşa ỳürekden berilmekde, ony görmek, söhbetdeş bolmak, pikirleriňi, duỳgularyňy

---

[1] Makarenko A.S. soç.,t. IV, M., Izd-wo APN RSFSR, 1957, 40-njy sah.

paỳlaşmakda ỳüze çykỳar.hakyky dostluk duỳgusy dosta ỳokary talap bildirmek bilen utgaşỳar. Onuň bir-biregiň ỳalňyşyna göz ỳummakdan tapawudy hem şondan ybaratdyr.

Dostluga golaỳ bolan ahlak duỳgularyň biri-de söỳgüdir. Erkek bilen aỳalyň arasyndaky söỳgi özüniň fiziologik esasynda diňe bir nesil öndürmek ýaly şertsiz reflekslere syrykdyrylman, ol şahsyỳetara gatnaşyklaryň tejribesi jemlenỳän çylşyrymly şertli reflekslериniň (däp-dessur, endikler, höwesler, ahlak, ynançlar we ş.m.) ulgamyndan ybaratdyr. Adamlaryň arasyndaky söỳgi duỳgularynyň esasy tapawudy hut şondadyr. Jemgyỳetçilik gatnaşyklary adamyň ähli duỳgularyna, şol sanda söỳgi duỳgularyna-da öz täsirini ỳetirỳär. Progressiw jemgyỳetde söỳgi maşgala – nika gatnaşyklarynaň ahlak-psihologik esasydyr.

Azat jemgyỳetiň adamlarynda söỳgi sulhy alyşỳanlaryň durmuşa, höweslere, isleglere bolan garaỳyşlarynyň gabat gelmeginde döreỳän şatlyk duỳgusy bilen tapawutlanỳar. Hakyky söỳgi – gysga wagtlaỳyn höwes däl-de, çuň duỳgudyr. Azat jemgyỳetde söỳgi adamyň jemgyỳet bilen gatnaşygynda päsgelçilik däl-de, bu gatnaşyklary berkleşdirỳän güỳç bolup durỳar. Söỳgi esasynda gurulan maşgala progressiw jemgyỳetde öz isleglerini döwlet isleglerine garşy goỳmaỳar. Bu islegler biri-birine gabat gelỳärler, utgaşỳarlar. Şonuň üçinde bizde maşgala egoizminiň döremegine hiç hili esas ỳokdur.

Hakyky söỳgi duỳgusy adamyň akyl we fiziki işini işjeňleşdirip, onda döredijilik ỳokary göterilişini döredỳär.

**Estetik we inteliktual duỳgular.** Ahlak duỳgulary özüniň ösüşinde estetik duỳgulara daỳanỳar. Adamlar durmuşyň dürli faktlaryna we olaryň sungatda şekillendirilişine bolan gatnaşyklarynda olara gözellik ỳa-da erbetlik, tragiki ỳa-da gülküli, has belent ỳa-da mazmunsyz, nepis ỳa-da gödek hökmünde seredỳärler. Bu duỳgular belli bir baha berlende, estetik kabul edijilikde ỳüze çykyp, çeper lezzet almagyň özboluşly görnüşlerinde syzylỳar.

Intelektual duỳgularda adamyň pikirlere, olaryň hakykylygyna ỳa-da nädogrylygyna, geňligine ỳa-da şübhelidigine,

düşnüklidigine ỳa-da düşnüksizligine bolan gatnaşyklary ỳüze çykỳar.

Intellektual duỳgularyň mysaly hökmünde ilkinji nobatda geň galmaklygy görkezmek bolar. Ol akyl ỳetiriş işiniň möhüm tarapydyr. Haỳsy-da bolsa bir düşnüksiz zada geňirgenip, adam emosional ỳagdaỳda özüniň akyl ỳetiriş islegini kanagatlandyrmaga ymtylỳar. Akyl ỳetiriş işinde adam üznüksiz çaklamalar goỳup, olary tassyklap ỳa-da nödogrydygyny subut edip, çözlüşiň has dogry wariantlaryny agtarỳar, ỳalňyşỳar, ỳene-de dogry ỳola düşỳär. Hakykaty agtarmak şübhelenmek duỳgusy hökmünde hem syzylyp bilner.

Galyberse-de, meseläniň çözülmegi, hakykatyň anyklanmagy (ỳa-da özleşdirilmegi) özüňe bolan ynam duỳgusy bilen utgaşỳar. Bu duỳgy adamyň öz ideỳalaryny, ynançlaryny durmuşa ornaşdyrmagyň kyn pursatlarynda oňa uly goltgy bolup durỳar.

# 15-nji BAP

# Erk

## § 1. Erk hakynda düşünje

Şahsyýetiň tebigy we medeni, maddy we ruhy islegleri boýunça döredilýän we maksada gönükdirilen işjeňligi dürli hereketlerde amala aşyrylyp, olaryň kömegi bilen bolsa daşky dünýä özgerdilýär. Bu hereketleri iki kategoriýa bölmek mümkin: ygtyýarsyz we ygtyýarly hereketler.

Ygtyýarsyz hereketler aňlanylmaýan ýa-da ýeterlik derejede aňlanylmaýan meýilleriň (ymtylyş, gönükdirilme we ş.m.) esasynda ýüze çykýar. Olar impulsiw häsiýetde bolup, meýilnamasyz alnyp barylýar. Erksiz hereketlere mysal edip adamyň affect, gorky, çenden aşa geň galmak ýagdaýyndaky özüni alyp barşyny görkezmek bolar.

Ygtyýarly hereketler bolsa maksady aňlamak, ony amala aşyrmak üçin zerur bolan operasiýalary ilki göz öňüne getirmek esasynda döreýär we ýerine ýetirilýär. Ygtyýarly hereketleriň aýratyn bir topary erk diýip atlandyrylýar. **Erk – bu belli bir maksada gönükdirilen we oňa ýetmekde döreýän kynçylyklary ýeňip geçmäge zerur bolan güýç sarp etmek bilen baglanyşykly aňly hereketlerdir.**

**Şahsyýet we erkli iş.** Adamyň erkli işi diňe bir öňde goýlan aňly maksatlara ýetmekden ybarat däldir. Meselem, galamy almagy niýet edip, ony eliňe almak, kagyza zerurlyk dörände oňa eliňi uzatmak we ş.m. erkli hereketler däldir. Erkli hereketler özboluşly häsiýete eýedir. Erkde adam öňde goýlan uly ähmiýetli maksada özüňi alyp barşyň ähli beýleki motiwlerini tabyn edýär.

Erk adamyň işjeňliginiň aýratyn görnüşidir. Erkde adam özüni alyp barşyny dolandyrýar, maksada ýetmäge ähmiýetsiz beýleki islegleri, meýilleri togtadýar we bu ugurda dürli hereketleriň zerur yzygiderliligini guraýar. Adam özüni edara edip, ygtyýrsyz impulslara gözegçilik edýär, zerur bolsa olary gysyp çykarýar.

Şahsyỳetiň erkli hereketleri amala aşyrmagy aňyň gatnaşmagynda geçỳär. Erkli iş wagtynda şahsyỳet oňa mobilizleỳän güỳjüni we psihiki proseslerini aňlamaly bolỳar. Dörän ýagdaỳa baha bermek, indiki etmeli hereketiň ỳoluny kesgitlemek, oňa serişde agtarmak, netijä gelmek we ş.m. bularyň hemmesi aňlamak esasynda guralỳar.

Käbir ỳagdaỳlarda erkli gelnen netije adamyň bütün durmuş ỳoluny, onuň jemgyỳetçilik ornuny, ahlak synatyny kesgitleỳär. Şonuň üçin şeỳle erkli hereketler tutuş şahsyỳetiň derejesinde amala aşyrylỳar.

Bu ỳagadỳda adam öz durnukly ynançlaryndan, durmuş maksatlaryndan, gönükdirilmelerinden we ahlak düzgünlerinden ugur alỳar. Jogapkärli erkli hereketleri ỳerine ỳetirmekde adamyň aňynda bu ynançlar, gönükdirilmeler, aỳry-aỳry pikir, duỳgy hökmünde janlanyp, onuň ýagdaỳa baha berşine, netijä gelmegine, ony amala aşyrmak üçin serişde saỳlaỳşyna öz düỳpli täsirini ỳetirỳär.

Jemgyỳetçilik we medeniỳet wekilleriniň birenteginiň terjimehalynda jogapkärli netijä gelmegiň olaryň ruhy sypatyny açyk aỳdyňlaşdyrỳan epizodlaryna duş gelmek bolỳar. Muňa mysal edip patyşa hökümetiniň rehimsiz repressiỳalarynyň garşysyna özüniň “Dymyp bilemok” diỳen makalasyny ỳazan L.N. Tolstoỳy, Reỳhstagyň otlanmagy barada faşistleriň guran prosesinde günäkärleỳän däl-de, günäkärleỳji rolda çykyş eden Georgiỳ Dimitrowy, ýesir ýagdaýda faşistleriň öz ýoldaşlaryny nemeslere gulluk etmäge çagyrmak üçin eline mikrofon berlende “Ganym faşistleri uruň!” diỳýän ildeşimiz Aýdogdy Tahyrowy görkezmek bolar. Olaryň hemmesi jogapkärli erkli hereket arkaly öz dünỳägaraỳyşlaryny açyp görkezen, hereketlerine öz ideallaryny we ahlak düzgünlerini siňdiren adamlardyr. Ýurtdaşlarymyz Beỳik Watançylyk urşy döwründe erkli hereketleriň ajaỳyp nusgalaryny görkezdiler. Harby ỳyllaryň ỳazgylary biziň gahrymanlarymyzyň köp sanly edermenliklerini özünde saklaỳar.

**Erkli işiň aỳratynlyklary.** Psihologik nukdaỳnazardan erkli iş özüniň birnäçe düỳpli aỳratynlyklary bilen tapawutlanỳar. Tutuşlygyna erkli işiň we aỳry-aỳry erk hereketleriniň aỳratynlygynyň biri – amala aşyrylỳan işiň erkinligini, azatlygyny aňlamak – bolup durỳar. Bu ỳerde ỳagadaỳa kaỳyl bolmak,

çykalgasyzlyk duỳgusy bolman, çözlüşe gelmekde doly erkinlik bolỳar. Çözlüşe, netijä gelmegiň erkinlik duỳgusy şol bir wagtyň özünde öz niỳetiň we hereketiň barada jogapkärçilik duỳgusy bilen utgaşỳar.

Eỳsem bu nämäni aňladỳar? Erk azatlygyna hereketleriň adamyň öz meỳlinden başga sebäbe tabyn bolmaỳan, awtonom, sap ruhy zat görnüşinde düşünmek bolmaz.

Adamyň ähli aňlanylỳan ỳa-da aňlanylmaỳan hereketleri obỳektiw döredilendir. Biz mydama belli bir takyklykda adamyň ol ỳa-da beỳleki hereketi name üçin edendigini aỳdyň bilỳäris. Adamyň erkli işi sebäpli döredilendir. Ol şahsyỳetiň durnukly häsiỳeti, onuň motiwleri we durmuş maksatlary esasynda döredilỳär: soňkular bolsa öz gezeginde adamyň jemgyỳetçilik durmuşyndaky dürli täsirleri netijesinde ỳüze çykỳar. Şol bir wagtyň özünde erkli işiň gös-döni sebäbini dürli durmuş şertleri döredỳärler.

Adamyň erkli işi obỳektiw döredilen-de bolsa, onuň sebäbi adama dahylly bolmadyk mejbury daşky zerurlyk hökmünde kabul edilmeỳär. Adam hemişe ol barada öz jogapkärçiligini duỳỳar.

Erkli işiň häsiỳetli aỳratynlyklarynyň biri-de erki hemişe adamyň şahsyỳet hökmünde amala aşyrỳanlygydyr. Hut şonuň üçin-de erkli hereketde adam hemişe onuň netijesi boỳunça jogapkärçilik çekỳär. Erkli hereketler mynasybetli adam özüni şahsyỳet kimin aňlap, durmuş ỳoluny we ykbalyny özi kesgitleỳär.

## § 2. Erkli hereket we onuň gurluşy

Adamyň erkli hereketleri çylşyrymly psihologik gurluşa eỳedir. Jogapkärçilikli erkli hereket wagtynda uly dartgynlylyk, ikirjeňlenmek, şübhelenmek, motiwleriň özara göreşi ỳüze çykỳar.

**Erkli hereketiň düzüm bölekleri.** Erkli hereketiň psihologik gurluşyny derňemek möhüm meseleleriň biridir. Islendik erkli hereket ilkinji nobatda özünde aňlanylỳan maksadyň bolỳandygy bilen nämä ymtylỳandygyny aňlaỳar: öz ỳagdaỳyňy üỳtgetmek, belli bir islegleri kanagatlandyrmak we ş. m. Erkli hereketiň kähalatlarda jemlenen, käte aỳry-aỳrylykda ỳüze çykỳan ỳene-de bir zwenosy

hereketleriň **motiwleri** bolup, ol adamyň name üçin bu maksada ymtylýandygyny, ony nämäniň ugrukdyrýandygyny düşündirýär.

Adatça adamyň öňünde dürli maksatlar döräp, olar dürli ähmiýetliligi bilen tapawutlanýarlar. Adam olary häzirki pursatdaky ýa-da durmuşyň gelejekki tapgyrlarynda ähmiýetliligi boýunça saýlap almaly bolýar. Şol bir wagtyň özünde bu maksada ýetmek höwesi döreýär. Meselem, käriňi üýtgetmek, ÝOM-e girmek, ekspedisiýa gitmek we ş.m. Erkli hereket maksadyň aňlanylmagy bilen bir hatarda onuň ýetip boljakdygyny aňlamagy göz öňünde tutýar. Şonuň bilen baglanyşyklylykda erkli hereketiň esasy trapgyrlarynyň biri - goýlan maksadyň ýetiliş usullaryny pikirlenmek, oňa zerur bolan hereketleri hakyda getirmeklik tapgyry ýüze çykýar. Şeýle pikirlenmede käwagtlar ol ýa-da beýleki usullaryň, ýollaryň amatlylygyny, maksada ýetmeklige has oňaýly serişdeleri saýlap almaklyk bolup geçýär. Bularyň hemmesi erkli hereketleriň intelektual elementleridir.

Hereketleriň hususy erkli häsiýeti eýýäm ol ýa-da beýleki maksada ýetmek, özleşdirmek üçin netijä gelmekde ýüze çykýar. Netijä gelmeklik käwagtlar degişli hereket ýeke-täk dogry, makul hasaplanan wagtda hiç bir kynçylyksyz amala aşyrylýar. Emma netijä gelmeklik köp ýagadýlarda şeýle ýönekeý bolmaýar. Köplenç bu prosesde **motiwleriň göreşi** ýüze çykýar.

Meselem, adam öz kärini üýtgetmekçi bolýar; ýöne şol bir wagtyň özünde bu niýete garşy duryan başga birnäçe meýiller, islegler döreýär. Hakykytdan-da käriňi üýtgetmek aýlygyň wagtlaýyn kemelmegine getirip, ýene-de yzygiderli okamagy, öwrenişilen kollektiwden başga kollektiwe geçmegi we ş.m. talap edýär. Şonuň üçin höwes edilýän käre geçmelimi ýa-da başga ähli zatdan ýüz öwrüp, möhüm prespektiwa ymtylmalymy diýen meýilleriň arasynda motiwleriň göreşi döreýär. Bu ýagdaýda diňe bir çözlüşi ugrukdyrýan ýa-da ondan ýüz öwürmäge mejbur edýän pähimleriň deňeşdirilmegi bolman, eýsem biri-birine garşy dyrýan hereketlere ugrukdyrýan motiwleriň göreşi bolup geçýär. Garşylykly motiwler näçe saldamly, olaryň esasynda duryan islegleriň obýektleriniň ähmiýeti näçe deň boldugyça, bu göreş şonça-da güýçli bolýar. Eger-de kino gitmeklik bilen uzak syýahatdan gaýdyp gelen dostuň bilen duşuşmaklygy

saýlap almaly bolsa, bu ýerde motiwleriň göreşi döremeýär – kino gitmeklik meýli gysylyp çykarylýar. Ýöne, eger-de ýetginjek söýüşýän gyzy bilen belleşilen duşuşyga gitmek bilen duýdansyz kesellän ýakyn adamsyna kömek bermekligi saýlap almaly bolsa, onda motiwleriň göreşi örän güýçli bolýar.

Motiwleriň göreşiniň netijesinde çözlüş döreýär: ýaýdanmak, şübhelenmek ýeňlip geçilip, çözlüşi ýerine ýetirmeli bolýar. Eger-de karara gelnenden soňra hem böwrüňi diňlemek dowam etse, erkli hereket hakyky maksada okgunlylygyny ýitirýär.

**Özüňe erkli zor salmak.** Käbir ýagdaýlarda hut karara gelmekligiň özi uly içki dartgynlylyk bilen bagly bolup, hyjuw ýagdaýyna ýetýär: adam karara gelmeklige päsgel berýän beýleki güýçli islegleri ýeňip geçmeli bolýar. Özünde bar bolan garşylyklary ýeňip geçmek zerurlygy (öz durnukly meýilleriň, zyýanly endikleriň we ş.m. garşysyna göreşmek) özüňe erkli zor salmak bilen baglanyşykly bolup, onuň döremegi erkli hereketiň esasy häsiýetidir.

Eýsem adamy özünde bar bolan käbir meýilleri basyp ýatyrmaga näme mejbur edýär? Bu ýagdaýda haýsy-da bolsa bir zadyň ahlak düzgünlerine dogry gelmeýändigine ýa-da jemgyýet ähmiýetligine düşünmeklik adamy kyn işe gönükdirmek üçin ýeterlik däldir. Emma şeýle düşünmeklik öz borç duýgyňa görä hereket etmek zerurlygyny syzmak bilen baglanyşdyrylsa, onda meýilleri basyp ýatyrmaga ýeterlik güýç döredýär. Borç duýgusy ahlak talaplaryň şahsyýetiň ynanjyna öwrülendiginiň görkezijisi bolup, egoistik meýiller bilen jemgyýetçilik bähbidiniň arasynda garşylyk döreýän her bir pursatynda esasy ugrukdyryjy güýç bolup durýar. Hut şeýle borç duýgusy motiwleriň göreşi dörände adamyň haýsy ugry saýlaýandygyny kesgitleýär.

Erkli hereket hakynda gürrüň edilende özüňe zor salmagyň diňe bir karara gelmekde bolmaýandygyny bellemek gerek. Köplenç ol gelnen karary ýerine ýetirmekde has güýçli ýüze çykýar. Munuň sebäbi karary ýerine ýetirmegiň köplenç obýektiw hem-de subýektiw häsiýetdäki päsgelçiliklere uçraýandygy bilen düşündirilýär. Meselem, synaglara taýýarlanyp başlamak dogrusynda gelnen karary ýerine ýetirmeklige öz ýagdaýyňy aladasyz, kadasyz geçirmegiň ýaşaýşa ornaşan endigi päsgel döredýär. Bu ýagdaýda adamdan

agşamlaryna gezelenje gitmek islegini, ukudan giç oỳanmak meỳlini we ş.m. ỳeňip geçmek üçin uly güỳç talap ediľỳär. Bu zatlaryň hemmesi öň biperwaỳ garalỳan zatlara uly üns bermegi talap edỳär. Adamda biygtyỳar garşylyk, oňyndäl emosiỳalar döredỳär. Dogrusy, öz-özüň bilen göreşmekde üstün çykmak oňyn duỳgy döredỳär: özüňe erk edip bilỳändigiňe, goỳlan maksada ỳetiljekdigine göz ỳetirmek, adamyň öz-özünden göwünhoşlugyny döredỳär. Şeỳle-de bolsa, bu ỳagdaỳlarda dartgynlyk has güỳçli bolup, ony kadalaşdyrmak uly güỳç talap edỳär.

Erkli iş özüňde bolan garşyklardan başga, daşky garşylyklaryda ỳeňip geçmek bilen baglanyşykly bolỳar. Maksat aỳdyň, oňa ỳetmek zerurlygy hiç bir ýaýdançsyz aňlanylanda, karara gelmeklik motiwleriň güỳçli bolmadyk göreşiniň esasynda geçỳär, emma ony ỳerine ỳertirmeklik kynçylyklara uçraỳar: bu ỳagdaỳda adamdan uly çydamlylyk, özdiỳenlilik, duỳdansyz dörän ỳagdaỳy göz öňüne tutmaklyk talap ediľỳär. Üstesine-de şeỳle güỳç sarp etmeklik bir gezek, iki gezek däl, uzak wagtyň dowamynda gerek bolỳar. Özüňde garşylygy ỳeňip geçmeklige taỳỳarlyk ỳagdaỳyny döretmek we ony hemişe saklamak talap ediľỳär. Bularyň hemmesi adamy uzak wagtlap dartgynlylyk ỳagdaỳa düşürỳär we ony ỳeňip geçmek ỳeňil bolmaỳar.

Diỳmek, erkli işe mahsus bolan güỳç sarp etmeklik diňe bir garşylykly motiwleriň konflikti netijesinde däl-de, gelnen karary gutarnykly amala aşyrmakda döreỳän daşky obỳektiw garşylyklary ỳeňip geçmek zerurlygy esasynda hem döreỳär.

Erkli hereketiň gurluşyny seljermek şahsyỳetiň tutuş erkli işiniň aỳratynlygyna göz ỳetirmäge mümkinçilik berỳär. Erkli iş özüňi alyp barşyň guralyşyny ỳokary derejä galdyrỳan birnäçe düỳpli funksiỳalary ỳerine ỳetirmek bilen, adamy durmuşda döreỳän möhüm wezipeleri çözmeklige uỳgunlaşdyrỳar.

Erkli iş adamyň özüňi alyp barşyny onuň şahsyỳet hökmünde öz öňünde goỳan möhüm maksatlaryna laỳyklykda dolandyrỳar. Adam öz ideallaryna, ynançlaryna baha berşine gabat gelmeỳän meỳilleriň we hereketleriň döremeginiň öňüni alỳar, olaryň ỳerine ỳetirilmegini togtadỳar. Şeỳlelikde, erkiň möhüm funksiỳalarynyň

biri – özüňi alyp barşy tormozlamak, oňa gözegçilik etmek, ony edara etmek bolup durýar.

Özüňi alyp barşy dolandyrmak diňe bir şahsyýet üçin amatsyz meýilleri we hereketleri synlamak bolman, ol adamyň öz işjeňligini ýörite bir ugra gönükdirip, oňa güýç goşýanlygyndan ybaratdyr.

Erk ulgamy hemişe adamyň işjeňligini ugrukdyrýar. Hereketleriň üstünlikli amala aşyrylmagy özüňe ynamlylyk döredýär. Her bir üstünlikli ýerine ýetirilen erkli hereket diňe bir indikileriň döremegini ýeňilleşdirmän (adam özünden erk talap edýän hereketlerde türgenleşýär), eýsem adamy erkli häsiýetleri mundane beýläk-de ösdürmäge ugrukdyrýar.

## § 3.Şahsyýetiň erkli häsiýetleri we olaryň kemala getirilişi

Erkli işde şahsyýetiň degişli erk häsiýetleri kemala gelýär. Adamlaryň erkli işi dürli-dürli bolýar: bir adam özdiýenli, başga biri agza seredýän bolýar; biri özbaşdak karara gelýän, beýlekisi daşky täsirlere görä pikirini üýtgetýän bolýar; biri özüniň gaýduwsyzlygy bilen, beýlekisi nalajedeýinligi bilen tapawutlanýar. Diýmek, şahsyýetiň erkli häsiýetleri oňynwe oňyndäl taraplary bilen tapawutlanýar.

Haçan-da erkli hereketleriň ýerine ýetiriliş usullary we olaryň hususy ýüze çykyş görnüşleri belli bir durnuklylyga eýe bolanynda olar şahsyýetiň erkli häsiýetlerine öwrülýärler. Bu häsiýetler köpsanly bolup, biz diňe olaryň **özbaşdaklyk, töwekgellik, erjellik, özdiýenlilik, özüňe erk etmek** ýaly görnüşlerine seredip geçmekçi.

1. Özbaşdaklyk – erkli hereketiň motiwasiýasynda we karara gelniş aýratynlygynda ýüze çykýar. Özbaşdaklyk adamyň öz hereketleriniň daşyny gurşaýanlaryň görkezmesi boýunça däl-de; degişli ýagdaýlarda özüňi nähili alyp barmalydygy dogrusynda öz ynançlarynyň, bilimleriniň we düşünjeleriniň esasynda guramagynda ýüze çykýar.

Döreýän meseleleri özbaşdak çözmeklik şahsyýetiň erkiniň has ösen derejesiniň görkezijisi bolýar. Özbaşdaklygyň gapma-garşylygy häsiýeti **yrylmak**, daşky täsirlere görä pikiriňi üýtgetmek, iş alyp barmakdyr. Şeýle häsiýetli adam daşky täsire görä çalt üýtgäp,

onuň hereketleriniň motiwleri öz pikirleriniň, ynançlarynyň esasynda däl-de, eỳsem gapdal täsirleriniň esasynda döreỳär.

2. Töwekgelçilik – adamyň öz wagtynda, uzak ikirjiňlenmän karara gelip, ony gaỳra goỳulmazdan durmuşa geçirmek ukybynda ỳüze çykỳar.

Erkiň bu häsiỳetiniň gapma-garşylykly häsiỳeti **ỳaỳdanmaklyk** bolup, ol adamyň karara gelmekde ikirjiňlenip, saỳlap alan ugrunyň dogrulygyna üznüksiz şübhelenmeginde ỳüze çykỳar; bu häsiỳetiň esasy aỳratynlyklarynyň biri-de onda motiwleriň göreşiniň üznüksiz bolỳanlygyndadyr. Ỳaỳdanmaklyk gelnen karary amal aşyrmakda hem dowam edỳär. Aỳgytly ädimiň öňündäki gorky şeỳle häsiỳetli adama ilki karara gelmäni yza çekdirmäge, oňa gelnenden soň bolsa birnäçe gezek gaỳtadan seretmäge mejbur edỳär.

3. Töwekgellik bilen bir hatarda gelnen karary üstünlikli amala aşyrmaga mümkinçilik berỳän erkiň möhüm häsiỳetleriniň biri hem **erjellikdir**. Erjellik adamyň uzak wagtlap gowşamaỳan dartgynlykda öz güỳjini mobilizlemeginde ỳüze çykỳar; adam goỳlan maksadyň kynçylygyndan gorkman, oňa ỳetmeklige çalyşỳar. Erjellik **keçjallykdan** tapawutlanỳar. Keçjallyk adamyň öňde goỳan meỳilnamasyndan oňa ỳetip bolmajakdygyny aỳdyň görüp durka-da el çekmän, ỳerliksiz dyzamaklygynda ỳüze çykỳar. Şeỳle häsiỳetli adam hakykatda dogry baha bermäge ukypsyz bolup, ỳagdaỳyň üỳtgemeginde öz hereketini üỳtgedip gurap bilmeỳär. Adamyň erkiniň gowşaklygy-da hut şondan ybaratdyr.

4. Adamyň erkli işiniň ỳokary derejeli häsiỳetleriniň biri-de **öz-özüňe erk etmeklikdir** (saklanmaklyk, sowukganlylyk).

Bu häsiỳet adamyň gelnen karary dürli päsgelçiliklere (ỳaltalyk, gorky we ş.m.) garamazdan, amala aşyrmaklyga özüňi mejbur etmeginde ỳüze çykỳar. Başgaça aỳdanyňda adam güỳçli ỳerliksiz meỳilleri öz erkine tabyn edỳär. Adamyň erki özüniň makullamaỳan duỳgularyny – gahary, gorkyny, affekti, ruhdan düşmekligi we ş.m. basyp bilmekliginde ỳüze çykỳar.

Adamyň erk häsiỳetleri eỳsem nähili kemala gelỳär? Onuň kemala geliş ỳollary, usyllary barada birmazmunly jogap bermek kyndyr. Erk häsiỳetleriniň dürli görnüşleriniň dürli kemala getiriliş şertleri bardyr. Şonuň bilen birlikde bu häsiỳetleriň döreỳşiniň

umumy şertleriniň bardygyny bellemelidir. Adamyň möhüm erk häsiỳetleriniň döremegine onuň şahsyỳetiniň birnäçe aỳratynlyklary oňyn täsir edỳär. Olaryň esasylary - ösen borç duỳgusy, durmuş maksatlarynyň aỳdyňlygy, olara ỳetmäge bolan aỳgytly ymtylyşyň bolmagy we beỳlekilerdir. Bu häsişetler adamyň özüni alyp barşynda işjeňlik, erjellik, maksadaokgunlylyk döredỳär we goỳlan maksada gaỳra goỳulmasyz ỳetilmegini üpjün edỳär. Durmuşyň islendik ỳolunda adamyň öňünde goỳan maksadyna ỳetmekligi hemişe dürli kynçylyklary ỳeňip geçmek bilen baglanyşykly bolỳar. Kähalatlarda ol kynçylyklardan yza çekilip, özüniň üstünlige ymtylyş derejesini peseldỳär; bu onda şowsuzlyk, duỳgusyny döredỳär. Adamda berk ynançlaryň bolmagy, durmuşdaky wezipeler barada dürli pozisiỳanyň döremegi, bu dörän kynçylyklary ỳeňip geçmekde möhüm şertleriň biri bolup durỳar.

Psihologiỳanyň möhüm düzgünleriniň biri – psihiki prosesleriň we häsiỳetleriň işde kemala gelỳändigi dogrusyndaky düzgüni – şahsyỳetiň erk ulgamynda has aỳdyň ỳüze çykỳar. Karara gelmeklik, erjellik, öz-özüňe erk etmek adamyň real hereketlerinde, olary amala aşyrmakda içki (keçjallyk, ỳaltalyk, egoistik endikler, tötänleỳin keỳpe meỳil etmek) we daşky garşylyklary ỳeňip geçmeginde kemala gelỳär. Erkiň möhüm häsiỳetlerini kemala getirmekligiň iň bir esasy şerti – gündelik amaly işde degişli erkli hereketleri ỳerine ỳetirmekdir.

Adamyň erkli häsiỳetlerini kemala getirmekde sosial toparyň roly örän uludyr. Özüniň durmuş maksatlaryny kollektiwiň maksatlary bilen baglanyşdyrỳan adam özüňi alyp barşyň nusgalaryny görỳär, kabul edỳär, öz häsiỳetine ornaşdyrỳar. Her bir agzybir kollektiw özüňi alyp barşyň belli bir nusgasy dogrusynda öz agzalaryna talaplar bildirỳär, boỳun alnan borçnamalary ỳerine ỳetirmegi, işjeňligi, ỳoldaşlaryň barada alada etmegi, kollektiwiň abraỳyny saklamaga çalyşmagy we ş.m. talap edỳär. Bu talaplar, adamlary degişli hereketlere ugrukdyryp, olaryň amala aşyrylmagynda degişli erk häsiỳetlerini kemala getirmäge esasy şertleriň birine öwrülỳärler. Kollektiwiň edilen işi makullamagy adamda oňyn duỳgular döredip, ony goỳulỳan maksatlaryň has ỳokary derejelerini gazanmaga ugrukdyrỳar.

# BÄŞINJI BÖLEK

## Şahsyýetiň psihologik aýratynlyklary

## 16-njy BAP

## Temperament

### § 1.Temperamentiň umumy häsiýetleri

**Temperament hakynda düşünje.** Adamyň psihiki durmuşy suw akymyna meňzeşdir. Daşky dünýä baradaky duýgular, geçmişiň ýatlamalary, geljege arzuw, höwesler, pikirler bir-birini çalşyrýarlar. Bu akymyň geçişi dürli adamlaryň ruhy durmuşynda dürli-dürlüdir. Adamlaryň bir topary durmuşyň wakalaryny çalt duýup, olara seslenýär. Olar duýgur adamlar. Beýleki birleri bu babatda haýal bolýarlar. Olar biperwaý adamlardyr. Ýene-de bir topary ganygyzgyn, gallaw bolýar. Başga bir topar adamlaryň özüni alyp barşy orta depginde bolýar. **Temperamentiň häsiýetleri – bu psihikanyň indiwidual aýratynlyklary bolup, olar adamyň psihikasynyň dinamikasyny, ýagny geçiş çaltlygyny kesgitleýär.**

Ýöne psihiki işiň dinamikasy diňe temperamente bagly däldir. Ol motiwlere we psihiki ýagdaýa hem bagly bolýar. Meselem, her bir adam temperamentine garamazdan, işe häwesli bolanda has çalt we öndürijilikli işläp, höwessiz ýagdaýynda haýal işleýär. Ýakyn adamyň ýogalmagy her bir adamda ruhupeslik, gamgynlyk döredýär. Indiwidual dinamiki aýratynlyklaryň temperament ýa-da motiwler we psihiki ýagadýalar bilen döredilendigini tapawutlandyrmak üçin goşmaça häsiýetleri bilmek zerurdyr. Bu häsiýetler aşakylardan ybaratdyr.

1. Motiwlerden we psihiki ýagdaýalardan tapawutlylykda temperamentiň häsiýetleri şol bir adamda onuň işiniň dürli görnüşlerinde(meselem, zähmetde, oýunda, dürli sapaklarda we ş.m.) we dürli maksatlarynda ýüze çykýar.

2. Temperamentiň häsiýetleri adamyň ýaşaýşynda uzak wagtlaýyn ýa-da bütün ömrüniň dowamynda oňa durnukly we hemişelik mahsus bolýar.

3. Temperamentiň dürli häsiýetleri şol bir adamda tötänleýin utgaşman, biri-birleri bilen kanunalaýyk baglanyşykly bolup, temperamentiň tipini döredýän belli bir gurluşy emele getirýärler.

Şeýleleikde, temperamentiň häsiýetleri bu adamyň psihiki işiniň dinamikasyny kesgitleýän, işiň dürli görnüşlerinde we motiwlerinde, maksatlarynda otnositel hemişelik galýan we temperamentiň tipini häsiýetlendirýän gurluşy döredýän psihikanyň indiwidual alamatlarydyr.

## 1. Temperamentiň fiziologik esasy

I.P. Pawlow haýwanlaryň ýokary nerw işini öwrenmekde şeýle kanunalaýyklygy açýar: şertli reflekslerinň döreýiş aýratynlygy boýunça tapawutlanýan itler temperamentleri boýunça hem tapawutlanýarlar; alym bu faktyň esasynda şertli reflector işiň indiwidual aýratynlyklary we temperament bir sebäbe bagly bolýar diýen netijä gelýär.

I.P. Pawlowyň taglymatyna görä, şertli refleksleriň döreýşiniň indiwidual aýratynlyklarynyň sebäbi nerw ulgamynyň häsiýetleridir. Ol şeýle häsiýetleriň üç sanysyny tapawutlandyrýar: 1) oýanma we tormozlanma prosesleriň güýji; 2) oýanmanyň we tormozlanmanyň güýçleriniň özara deňagramlylygy ýa-da nerw ulgamynyň deňagramlylygy; 3) oýanmanyň tormozlanma bilen, we munuň tersine, tormozlanmanyň oýanma bilen çalyşmagynyň çaltlygy ýa-da nerw prosesleriniň çeýeligi.

I.P. Pawlow haýwanlaryň temperamentiniň bu häsiýetleriniň aýry-aýry görnüşlerine däl-de, olaryň utgaşmagyna bagly bolýandygyny anyklaýar. Nerw ulgamynyň häsiýetleriniň şol bir wagtyň özünde şertli reflector işiň indiwidual aýratynlygy we temperamenti döredýän şeýle utgaşmasyny Pawlow nerw ulgamynyň tipi diýip atlandyrypdyr. Ol nerw ulgamynyň dört sany esasy tipini

tapawutlandyrÿar: 1) güÿçli, deňagramly, çalt; 2) güÿçli deňagramsyz, çalt; 3) güÿçli, deňagramly, haÿal; 4) gowşak tip.

B.M. Teplow we onuň şägirtleri I.P. Pawlowyň derňewlerini dowam etdirip, onuň taglymatyny has baÿlaşdyrdylar. Olar nerw ulgamynyň dinamiki derejesi, onuň çeÿeligi ÿaly täze häsiÿetlerini açdylar. Nerw ulgamynyň dinamiki derejesi oňyn we tormozlaÿjy şertli reflekslerň döreÿşiniň çaltlygyny häsiÿetlendirse, onuň çeÿeligi oÿanma prosesiniň döreÿşiniň we ÿitip gitmeginiň çaltlygy bilen kesgitlenÿär.

Temperamentiň nerw ulgamynyň häsiÿetlerine baglylygy şeÿle faktlarda ÿüze çykÿar: adamda şertli reflektor işiň indiwidual aÿratynlyklarynyň özara baglanyşykly belli bir topary näçe aÿdyň ÿüze çykÿan bolsa, şonça-da özüňi alyp baryşda temperamentiň degişli häsiÿeti güÿçli bolÿar. Meselem, fiziologik synaglarda adamda şertli refleks özüniň berkidilÿändigine garamazdan, çalt peselÿän bolsa, eger-de daşky gyjyndyryjy şertli refleksi güÿçli tormozlaÿan bolsa, eger-de pes gyjyndyryjylary adam edil güÿçli gyjyndyryjylar ÿaly kabul edÿän bolsa, başgaça aÿdanyňda eger-de ol oÿanma prosesiniň gowşaklygyna bagly bolan aÿratynlyklary ÿüze çykarÿan bolsa, onda bu adamda şonuň bilen baglanyşyklykda ÿokary emosional duÿgurlyk, ünsüň sowulmaklygy we ş. m. ÿaly psihologik aÿratynlyklar ÿüze çykar.

I. Pawlowyň tejribelerinde temperamentiň psihologik häsiÿetleriniň nerw ulgamynyň diňe bir häsiÿeti bilen däl-de, olaryň utgaşmagy, ÿagny nerw ulgamynyň tipi bilen döredilÿändigi subut edilipdir. Edil şonuň ÿaly temperamentiň aÿratyn bir häsiÿeti nerw ulgamynyň birnäçe häsiÿetlerine bagly bolÿar. Şonuň üçin-de nerw ulgamynyň häsiÿetleriniň dürli mukdar gatnaşygynda temperamentiň häsiÿeti hil taÿdan üytgeÿär. Meselem, çydamsyzlyk (durnuksyzlyk) nerw prosesleriniň güÿjüne we olaryň deňagramsyzlygyny bagly bolÿar. Emma nerw prosesleriniň deňagramsyzlygy nerw prosesleriniň güÿjüniň dürli mukdar gatnaşygynyň esasynda döräp bilÿär: adam, bir tarapdan, güÿçli oÿanma pesräk güÿçdäki tormozlanmadan agdaklyk edende deňagramsyzlyk ÿagdaÿda bolÿan bolsa, ikinji bir tarapdan – gowşak oÿanma has gowşak tormozlanmadan agdaklyk edende deňagramsyzlyk häsiÿetde bolÿar.

Şonuň üçin durnuksyzlyk bu iki ỳagdaỳda düỳbünden başga-başga häsiỳetde bolỳar. Birinji ỳagdaỳda adamda möwç urỳan dyzamaklyk bolsa, ikinji ỳagdaỳda isteriki-nadara özüňi saklap bilmezlik bolỳar. Şonuň üçin temperamentiň diňe tutuş bitewi häsiỳetnamasy däl-de, eỳsem onuň her bir häsiỳeti ahyr netijede nerw ulgamynyň tipine bagly bolỳar.

Häzirki wagtda temperamentiň tutuş häsiỳetlendirmesiniň we onuň aỳry-aỳry häsiỳetleriniň nerw ulgamynyň I.P. Pawlow tarapyndan açylan dört sany tipi bilen baglanyşyklydygy subut edilendir. Nerw ulgamynyň temperamenti döredỳän tipleri adamda we haỳwanlarda umumy bolỳandygy üçin olar **umumy tipler** diỳip atlandyrylỳar. Şol bir wagtda, I.P. Pawlow tarapyndan açylan nerw ulgamynyň tipleri onuň häsiỳetleriniň ỳeke-täk mümkin bolỳan utgaşmalary däldir. Gelejekde onuň täze-täze tipleriniň açylmagy mümkindir.

**Nerw ulgamynyň tipleriniň gelip çykyşy**. Nerw ulgamynyň umumy tiplerini I.P. Pawlow genetik, ỳagny nesil arkaly dörän tip diỳip atlandyrỳar. Umumy tipleriň nesil üsti bilen döreỳändigini kepillendirỳän köp sanly faktlar bar. Itlerde, towuklarda, öỳ towşanlarynda we alaňňyrtlarda geçirilen synaglar esasynda olaryň ata-eneleriniň we çagalarynyň nerw ulgamlarynyň güỳjiniň arabaglanyşygynyň bardygy statistic takyklykda subut edildi. Mundan başga-da, seleksiỳa(seçgi) üsti bilen nerw prosesleri haỳallygy bilen tapawutlanỳan itleriň tohumy döredildi. Bu häsiỳet haỳwanlarda örän seỳrek duş gelỳär. Bu tejribelerde nerw ulgamynyň ähli häsiỳetleri däl-de diňe bir häsiỳetiniň nesle geçỳändigini subut edilen-de bolsa, bu häsiỳetiň (meselem, nerw ulgamynyň güỳjüniň) umumy tipiň häsiỳetnamasynda esasy orun eỳeleỳändigi üçin bize umumy tipiň-de nesil üsti bilen döreỳändigi dogrusynda maglumat berỳär.

Başga bir taglymat ugrunda temperamentiň nerw ulgamynyň umumy tipine däl-de, organizmiň umumy konstitutsiỳasyna bagly bolỳandygy aýdylýar. Organizmiň umumy konstitutsiỳasy bedeniň fiziki gurluşyny, onuň aỳry-aỳry bölümleriniň biri-biri bilen utgaşmasyny, şeỳle hem organizmiň dürli dokumalarynyň mukdar taỳdan özara utgaşmasyny öz içine alỳar. Şeỳle taglymaty

esaslandyryjylar nemes psihology Kreçmer, amerikan psihology Şeldondyr. Olaryň pikiriçe temperament we bedeniň gurluşy umumy faktora – içki sekresiýa mäzleriniň işleriniň nesil aýratynlyklaryna bagly bolýar. Şonuň üçin-de beden gurluşy bilen temperamentiň häsiýetleriniň arasynda belli bir gabat gelmeklik bolýar. Meselem, Şeldonyň pikiriçe semiz, garyn boşlugy has ösen adamlarda şähdiaçyklyk, sözleşmäge höweslilik, gowy iýmäge meýil ýaly häsiýetler mahsus bolýar (olar wisserotoniklerdir). Sklet myşyssalary güýçli ösen adamlara (somatotonikler) kuwwatlylyk, işjeňlik mahsusdyr. Nerw ulgamy, esasan hem kelle beýnisi güýçli ösen adamlara (serebrotonikler) ýokary duýgurlyk, galagoplulyk, öz içki dünýäsi bilen meşgul bolmaklyk häsiýetli bolýar.

Buýerde bir meselä üns bermek zerurdyr. Içki sekresiýa mäzleriň konstitusiýasy daşky şertlere we işiň talaplaryna uýgunlaşmaýar ýa-da nerw ulgamyna garanyňda örän pes derejede uýgunlaşýar. Şol sebäpli bu nazaryýetden temperamentiň daşky durmuş şertlerine we işiň talaplaryna uýgunlaşmagy üçin bu şertler we talaplar temperamentiň aýratynlygyna görä saýlanylyp alynmalydyr diýen pikir gelip çykýar. Adama öz temperamentine laýyk iş tapyp bermeklik ony işiň talabyna uýgunlaşdyrmagyň bir şerti bolup durýan hem bolsa, nerw ulgamyň tipiniň temperamenti döredýänligi baradaky taglymaty düýpgöter inkär etmek bolmaz.

Ikinjiden, bu taglymat temperamentiň döreýşinde organizmiň umumy konstitusiýasynyň roluny çenden aşa ulaldýar. Umumy konstitutsiýa dogrudan-da nerw ulgamynyň umumy tipine we temperamentine belli bir täsir edýär. Munuň şeýledigi nerw ulgamynyň belli bir häsiýetleriniň madda çalyşmagynyň we içki mäzleriň işiniň indiwidual aýratynlygyna gabat gelýändiginde ýüze çykýar. Şeýle-de bolsa, şol bir konstutisional tipde temperamentiň dürli nerw ulgamynyň tipine degişli häsiýetleri bolup bilýär, Şonuň üçin temperamentiň gelip çykyşynda organizmiň umumy konstitusiýasynyň roluny aşa bahalandyrmak bolmaz.

Temperamentiň fiziolagik esasy nerw ulgamynyň umumy tipi bolýan-da bolsa, onuň psihologik häsiýetlerini bilmek üçin diňe nerw ulgamynyň fiziologik tipiniň häsiýetleriniň tipini bilmek ýeterlik däldir. Sebäbi nerw ulgamynyň şol bir fiziologik häsiýetine

temperamentiň birnäçe psihologik häsiýetleri bagly bolýar. Meselem, oýanma prosesiniň güýjüne kuwwatlylyk, şähdiaçyklylyk, ýokary işjeňlik, hereketleriň çaltlygy we ş.m. bagly bolýar. Galyberse-de, nerw ulgamynyň umumy tipine diňe bir temperament garaşly bolman, eýsem beýleki psihiki häsiýetler-de garaşlydyr (meselem, duýmanyň käbir aýratynlyklary, hyýalyň keşpleriniň ýitiligi we ş.m.).

Ýokarda belleýşimiz ýaly temperamentiň haýsy-da bolsa bir häsiýeti nerw ulgamynyň umumy tipiniň haýsy-da bolsa ýeke-täk häsiýetini däl-de, birnäçe dürli häsiýetine bagly bolýar. Şeýle baglanyşyga, ýagny, bir garaşly üýtgeýji ululyk birnäçe garaşsyz üýtgeýji ululyklar arkaly döredilýän bolsa we bir garaşsyz üýtgeýän ululyk birnäçe garaşly ululygy döredýän bolsa, muňa **köpmazmunly baglylyk** diýilýär.

Temperamentiň psihologik häsiýtleri nerw ulgamynyň umumy tipiniň fiziologik häsiýetleri bilen köp mazmunly aragatnaşykda bolýar. Şol sebäpli nerw umumy tipini fiziologik taýdan öwrenmek zerur bolsa-da, temperamentiň döreýiş kanunlaryna düşünmek üçin ýeterlik däldir. Fiziologik öwreniş psihologik öwreniş bilen doldurylmalydyr.

## § 2. Temperamentiň tipleri

**Temperamentiň tipi barada düşünje.** Temperamentleri boýunça deňeşdirilende adamlaryň köp topary birmeňzeş häsiýetleri ýüze çykarýarlar. Şondan ugur almak bilen, temperamentiň birnäçe tipleriniň bardygy dogrusynda baryp biziň eramyzdan öň V - VI asyrlarynda çaklama döräpdir.

Temperamentiň tipi hökmünde köp sanly adamlaryň toparyny häsiýetlendirýän psihiki häsiýetleriň belli bir toplumyna düşünilipdir.

**Häzirki zaman psihologiýasynda temperamentiň tipi hökmünde adamlaryň belli bir toparyna umumy bolan häsiýetleriň ýönekeý toplumyna däl-de, bu häsiýetleriň kanunalaýyk, özara baglanyşygyna düşünilýär.**

Temperamentiň birnäçe häsiýetlerini olaryň haýsy-da bolsa bir daşky alamatlary boýunça kesgitlemek mümkin. Meselem, adamyň impulsiwlik (ýüzüňugra hereket etmekligi) derejesini onuň

iki sany mümkin bolan ỳönekeỳ hereketleriň haỳsy birini saỳlap almaklyga sarp edỳän wagtyny, bu hereketleriň diňe adatça birini ỳerine ỳetirmeklige sarp edỳän wagty bilen deňeşdirmek arkaly kesgitlemek mümkin. Eger şeỳle usul bilen temperamentiň birnäçe häsiỳeti öwrenilse, anda olaryň biri näce uly mukdarda ỳüze çyksa, munuň tersine, beỳleki bir häsiỳet şonça-da kiçi mukdarda bolỳar. Ỳa-da bolmasa dürli häsiỳetleriň aňladỳan mukdar ululygy şol bir tipdäki dürli adamlarda dürli-dürli bolsa-da, olaryň matematiki gatnaşygy hemişelik ululykda galỳar (sanawçyny we maỳdalawjyny şol bir sana köpeldilende drobyň üỳtgemeỳşi ỳaly).

Her bir tipe mahsus bolan häsiỳetleriň özara baglanyşygy mundan başga-da, her bir häsiỳetiň hiliniň temperamentiň tipiniň beỳleki ähli häsiỳetlerine bagly bolỳandygynda ỳüze çykỳar. Ỳokarda görkezilşi ỳaly, temperamentiň abstrakt durnuklylyk ỳa-da durnuksyzlyk häsiỳeti bolman, temperamentiň bir tipi üçin durnuksyzlyk – bu möwç urỳan dyzmaçlyk bolsa, beỳleki biri üçin isteriki deňagramsyzlyk görnüşinde bolỳar. Bir tip üçin durnuklylyk – emosional-erkli deňagramlylyk bolsa, beỳleki üçin – äwmezlik we epeỳlik bolỳar.

Temperamentiň tipleriniň psihiki häsiỳetleriň arasyndaky kanunalaỳyk utgaşma hökmünde düşünilişi bu düşünjäniň biziň eramyzdan öň IV asyrda grek lukmany Gippokrat tarapyndan esaslandyrylan mazmunyna golaỳdyr. Gippokrat bu düşünjäni “krasis” diỳip atlandyrypdyr, ol bolsa latynça temperamentum-proporsiỳa, utgaşmaklyk diỳen manyny aňladỳar.

Temperamentiň fiziologik taỳdan nerw ulgamynyň umumy tipleri arkaly döredilen tiplerine I.P. Pawlowyň atlandyryşy boỳunça gippokratik tipler diỳilỳär. Gippokrat bu tipleri sangwinik, holerik, flegmatik, melanholik[1] - diỳip atlandyrypdyr. Emma täze psihologik maglumatlar esasynda bu düşünjeler täze mazmuna eỳe boldular. Birinjiden, nerw ulgamynyň we onuň esasynda döreỳän

[1] Gippokrat tarapyndan döredilen tipleriň ady temperamentiň tiplerini adamyň organizminde dürli suwuklyklaryň-ganyň (sangwinik), ödüň (holerik), suwuklygyň (nemiň), (flegmatik) we gara ödüň (melanhsilik) agdyklyk etmegi bilen baglanyşdyrỳan gadymy döwrüň ỳönekeỳ - materialistik taglymaty bilen düşündirilỳär.

temperamentiň diňe dört tipiniň bardygyny aỳgytly ykrar etmek mümkin däl. Biziň gippokratik diỳip atlandyrỳan tiplerimiz diňe olaryň mümkin bolan we bar bolan psihofiziologik maglumatlara gabat gelỳän görnüşleriniň biridir. Mundan başga-da, täze faktlar gippokratik tipleriň psihologik häsiỳetlerine täzeçe çemeleşmegi talap edỳär.

**Temperamentiň tipleriniň psihologik häsiỳetleri**. Temperamentiň tipleriniň psihologik häsiýetnamasy şu aşakdaky häsiỳetler bilen kesgitlenỳär.

1. **Senzitiwlik**. Adamda haỳsy-da bolsa bir psihiki reaksiỳa döretmek üçin zerur bolan daşky täsirleriň iň bir kiçi ululygy bilen kesgitlenỳär. Muňa mysal edip duỳmany döretmek üçin zerur bolan gyjyndyryjylaryň minimal güỳjüni (duỳmanyň aşaky bosagasy), ỳa-da adamy ynjalyksyzlandyrỳan islegleriň minimal kanagatlandyrylmazlyk derejesini görkezmek bolar.

2. **Reaktiwlik**. Adamlaryň şol bir güỳçdäki daşky we içki täsirlere(tankydy bellik, göwnedegiji söz, howp, ýitiwe garaşylmadyk ses) emosional jogap beriş derejesi bilen kesgitlenỳär. Reaktiwligiň has aỳdyň görnüşleri emosionallyk we ỳokary kabul edijilikdir.

3. **Işjeňlik**. Adamyň nähili derejede daşky dünỳä işjeň täsir edỳändigi we maksada ỳetmekde daşky we içki garşylyklary ỳeňip geçỳändigi boỳunça kesgitlenỳär. Muňa maksada ýetmekde maksadaokgunlylyk we erjellik, dowamly işde ünsüň jemlenmegi we ş.m. degişlidir.

4. **Reaktiwligiň we işjeňligiň utgaşmagy**. Adamyň işiniň esasan daşky we içki tötänleỳin sebäplere (meselem, keỳp, tötänleỳin wakalar) ỳa-da maksada, niỳete, ynanja baglylygy bilen kesgitlenỳär.

5. **Reaksiỳalaryň depgini**. Dürli psihiki reaksiỳalaryň we prosesleriň ỳüze çykyş tizligi boỳunça kesgitlenỳär (meselem, hereketleriň çaltlygy, sözleỳşiň depgini, dörän ỳagdaỳdan çykalga tapmagyň, ýada ornaşdyrmanyň, pikiriň çaltlygy we ş.m.). 6. **Çeỳelik we onuň garşylykly häsiỳeti – rigidlik**. Adamyň üỳtgeỳän daşky täsirlere çalt uỳgunlaşmagy (çeỳelik) ỳa-da, munuň tersine, özüni alyp barşyny üỳtgedip bilmeỳändigi (rigidlik) bilen kesgitlenỳär.

7. **Ekstrawertlik we onuň garşylykly häsiỳeti – intrawertlik**. Adamyň reaksiỳasynyň we işiniň şu pursatda täsir edỳän daşky täsirlere (ekstrawertlik) ỳa-da, munuň tersine, geçmiş we geljek bilen baglanyşyklykeşplere, pikirlere (intrawertlik) baglylygy bilen kesgitlenỳär.

Häzirki döwürde belli bir programma boỳunça temperamentiň ähli tiplerine giňişleỳin häsiýetnama bermäge ỳeterlik faktlar ỳokdur. Şonuň üçin-de okuwça degişlilikde temperamentiň tipleriniň şu aşakdaky psihologik häsiýetnamasyny ulanmak bolar. (seret: sah.).

## § 3. Temperamentiň döreýşi we ösüşi

**Neslegeçijilik we durmuş şertleri temperamentleriň tapuwutlarynyň sebäbi hökmünde.** Temperamentiň döreýşinde esasy rol nesle geçijilige degişli diýip çaklanylýar.Bu çaklamanyň hakykata golaýlygy, eger-de fiziologik nesil aýratynlyklary birmeňzeş bolan, bir ýumurtgadan (gomozigot) dörän ekizler bilen iki ýumurtgadan dörän (geterozigot), fiziologik esaslary birmeňzeş bolmadyk ekizleriň temperamentleri deňeşdirilende has-da aýdyň duýulýar. Gomozigot ekizleriň temperamentiniň meňzeşligi geterozigotlaryňkydan şeýle ýokary bolup, temperamentiň nesilüsti bilen döreýşiniň ähtimallygynyň 85 %-e deňdigini görkezýär. Bu fakt dürli maşgalalara terbiýelenmäge berlen gomozigot ekizleriň temperamentleri deňeşdirilende hem tassyklanýar. Bu ekizleriň terbiýe şertleri dürli-dürli bolsa-da, olaryň temperamentiniň häsiýetlerindäki tapawut köp ýyllaryň dowamynda ujypsyz bolýar.

Temperamentiň tipi tutuşlygyna nesilüsti bilen dörese-de, onuň aýry-aýry häsiýetleri belli bir derejede durmuş, terbiýe şertlerine baglylykda üýtgeýär. Şeýle üýtgemeler has hem çagalyk döwründe, agyr durmuş şertleri netijesinde dörän keselçilik, ýetginjeklik döwründe bolsa başdan geçirilen psihologik konfliktler esasynda bolup geçýär. Bu babatda uzak wagtyň dowamynda belli bir terbiýe şertleriniň-de täsirini bellemek gerek.

Temperamentiň aýry-aýry häsiýetleriniň adamyň ömrüniň dowamynda üýtgemegi temperamentiň tutuş tipiniň üýtgemegi bilen gös-göni baglanyşykly däldir. Eger-de temperamentiň häsiýetleriniň

üýtgemegi olaryň arasyndaky mukdar gatnaşygynyň öňküligi bilen utgaşýan bolsa, onda temperamentiň tipi tutuşlygyna üýtgemeýär (sanawçy bilen maýdalawjy şol bir sana köpeldilende drobuň ululygynyň üýtgemän galyşy ýaly). Diýmek, temperamentiň häsiýetleriniň durmuş we terbiýe şertleriniň täsirinde üýtgemegi temperamentiň tutuş tipiniň nesilüsti bilen döreýändigine garşy gelmeýär.

Temperamentiň aýry-aýry häsiýetleriniň durmuş we terbiýe şertleriniň täsirinde üýtgemegi temperamentiň tipiniň kemala gelşinden tapawutlandyrylmalydyr. Temperamentiň tipi adam dünýä inen badyna ýa-da belli bir ýaşda tutuşlygyna doly ýüze çykmaýar. Nerw ulgamynyň kemala gelşiniň umumy kanunlary temperamentiň döreýşine hem täsir edýär. Meselem, has kiçi ýaşly we mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň nerw ulgamynyň ýaş aýratynlygy nerw prosesleriniň gowşaklygy we deňagramly däldigi bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin-de temperamentiň nerw ulgamynyň gowşaklygyna bagly häsiýetlerini mekdebe çenli ýaşly çagalaryň ýaş aýratynlygyna mahsus bolan psihologik häsiýetlerden tapawutlandyrmak kyn bolýar; başga bir tarapdan, temperamentiň nerw ulgamynyň güýjüne bagly häsiýetleri bolsa bu döwrüň ýaş aýratynlygyna baglylykda entek doly ýüze çykmaýar. Temperamentiň kiçi mekdep ýaşly çagalarda ýüze çykýan gaharjaňlyk, gorkaklyga ýa-da gazaplanmaga bolan meýiller, gowşaklyk, mekdebe çenli ýaşdaky çagalarda ýüze çykmaýar.

Temperamentiň tipiniň esasy häsiýetleri birbada kemala gelmän, nerw ulgamynyň kemala gelşine görä ýüze çykýar. Bu prosese temperamentiň kemala gelşi diýilýär.

**Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň ýollary.**

Haýsy temperament zähmetiň talaplaryna has uýgunlaşan bolýar? Eger-de temperamentiň ýokarda getirilen tipleriniň häsiýetnamasyna göz aýlasak, onda biz olaryň her birinde oňyn we oňyndäl häsiýetleri görýäris. Meselem, sangwinik emosional we oňat işeňňir bolsa-da, onuň höwesleri we ünsüniň jemlenmegi durnuksyz bolýar. Melanholik çalt ýadaýan, özüne ynamsyz, galagoply, ýöne ol inçe duýguly, seresap adam. Ýokary ynsanperwer ideýaly adamlar

temperamentleri boýunça düýpli tapawutlanýarlar. Zähmet we uruş gahrymanlarynyň arasynda biz sangwinigi, flegmatigi, holerigi hede melanholigi görýäris. Edil şonuň ýaly-da, temperamentiň şol bir tipine degişli adamlar ýokary ahlakly we zalym bolup biler. Diýmek, oňat ýa-da erbet temperament ýok.

Şeýle-de bolsa, işiň her bir görnüşi psihiki prosesleriň dinamikasyna belli bir talaplar bildirýär. Köp stanokçy dokmaçy aýallaryň hünäri dokmaçydan bir topar stanogyň işinde ýüze çykýan üýtgeşmeleri wagtynda duýmagy talap etse, synpda tertibi berjaý etmek okuwçydan öz duýgularyna erk etmegi, meýillerini saklamagy talap edýär; baýdarkada küreklemek türgenden deňagramlylygyň bozulmagyny bada-bat duýmagy talap edýär. Bu talaplar işiň obýektiw mazmunyna bagly bolansoň, olary öz ygtyýaryňa üýtgetmek bolmaz.

Eýsem adam öz temperamentiniň durnukly we hemişelik tipini nähili ýol bilen hünärleriň dürli görnüşlerine, mugallymyň talaplaryna uýgunlaşdyrýar?

Şeýle ýollaryň mümkin görnüşiniň biri – **öz temperamentiniňe laýyk iş saýlap almakdyr**. Meselem, tehnikanyň häzirki ösen derejesinde melanholige uçarman – istrebitel bolmak ýa-da duýdansyz döreýän awariýa howpuny bada-bat duýup, aýgytly netijä gelmegi talap edýän çylşyrymly energoulgamda işlemek örän kyn bolýar. Işi adamyň psihiki häsiýetlerine laýyklykda saýlamaklaryna **hünäre seçip almak (seçgi) we saýlamak** diýilýär.

Ýöne işi temperamente laýyklykda seçip almak mydama mümkin we mydama oňaýly däldir. Işiň köp görnüşlerini öz islegiňe görä saýlap bolmaýar. Okamak we sapakda tertibi saklamak temperamente dahylsyz, ähli çagalaryň borjudyr. Köpçülikleýin häsiýetli hünärlere adamlary temperamentine görä çekmek mümkin däl, çünki zerur hünärmenleriň sany temperamenti gabat gelýänlerden hemişe köpdür.

Uýgunlaşdyrmagyň ikinji bir ýoly **adama bildirilýän talaplary indiwiduallaşdyrmakdyr**. Mekdepde şol bir pedagogik çemeleşiş usulynyň dürli temperamentli çagalara dürli täsir edýändigi ähli mugallyma mälimdir. Meselem, melanholik okuwçynyň özüni alyp barşy güýçli ýazgarylsa, munuň özi onda ruhdan düşmegi, özüne

ynamsyzlygy öňküden-de beter güýçlendirýär. Eger-de melanholik okuwça şeýle çemeleşiş adaty zada öwrülse, ol gorkak, nalajedeýin bolup ýetişýär. Munuň tersine, öwgi, hoşamaýlyk oňa özüne bolan ynamy berkitmäge kömek edýär.

Şeýle usullar sangwinige düýbünden başgaça täsir edýär. Sangwinigiň ýakymsyz zatlary çalt ýadyndan çykarýandygy we öz güýjüne artyk baha bermäge meýillidigi sebäpli, oňa dözümli daraşmak, özüni alyp barşynyň kemçiliklerine kesgitli oňyndäl baha bermek, oňa oňyn täsir edýär. Temperamentiň aýratynlygyny göz öňünde tutup, her bir adama indiwidual çemeleşmek zähmeti guramakda, sportçylary türgenleşdirmekde we beýleki ýagdaýlarda amatlydyr.

Ýöne şeýle indiwiduallaşdyrylan täsir ediş usullarynyň mümkinçiligi çäklidir, sebäbi işiň adama bildirýän talaplary obýektiw şertler boýunça döredilýär. Mugallym melanholik okuwçynyň nädogry jogabyna özüniň berýän oňyndäl bahasynyň äheňini ýumşadyp bilse-de, oňa “ikilige” derek “bäşlik” goýup bilmez. Mugallym holerigiň çydamlylygyny, takatlylygyny döretmek üçin indiwidual usullar ulanyp bilse-de, ol şeýle okuwçydan asudalygy talap etmän bilmez.

Temperamenti işiň talabyna uýgunlaşdyrmagyň üçünji bir usuly – **temperamentiň oňyndäl häsiýetlerini motiwler bilen ýeňip geçmekdir**. Ýokarda görkezilişi ýaly, işiň dinamiki aýratynlyklary diňe temperament bilen däl-de, eýsem motiwler arkaly hem döredilýär. Şonuň üçin ol ýa-da beýleki adam üçin täsirli motiwleri ulanyp, onuň temperamentiniň häsiýetine gapma-garşylykly özüňi alyp barşyň görnüşini döretmek mümkin. Meselem, okuwçylaryň ýokary işjeňligini döredýän örän gyzykly sapakda holerigiň özüne erk edişi, takatlygy edil sangwinikleriňki ýaly bolýar. Uruşda öz borjuna düşünen melanholik esger, öz tebigy galagoplylygyna garamazdan, sangwinikden pes bolmadyk gahrymançylyk görkezýär. Ýöne temperamenti uýgunlaşdyrmagyň bu usuly-da çäklidir: örän kyn ýagdaýlarda, öňünden taýýarlyksyz çalt hereket etmeli wagtynda temperamentiň häsiýetleri motiwlere garamazdan ýüze çykmagy mümkin.

Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmak belli bir derejede onuň häsiýetlerini täzeden tebiýelemek üsti bilen-de amala aşyrylyp bilner. Fiziki terbiýäniň we sagaldyş çäreleriniň kömegi bilen melanholigiň işe ukyplylygyny artdyrmak mümkindir. Emma durmuş şertleri we terbiýe temperamentiň ähli häsiýetlerini üýtgedip bilmeýär.

**Temperament we işiň indiwidual stili.** Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň iň bir ähliumumy-unwersal usuly – **işiň indiwidual stilini döretmekdir**. Haýsy-da bolsa bir hünär okuw we zähmet işiniň şol bir wezipelerini, talaplaryny dürli usullar bilen üstünlikli ýerine ýetirmek mümkindir. **Işiň indiwidual stili bu hereketleriň usullarynyň şol bir adama mahsus we işiň üstünligi üçin amatly bolan indiwidual ulgamydyr.**

Indiwidual stili kemala getirmegiň ilkinji şertleriniň biri – temperamentiň häsiýetlerini göz öňünde tutmakdyr. Adam hereketleri ýerine ýetirmegiň usullaryny öz temperamentine laýyklykda saýlap alýar. Temperamente laýyk hereket usullary temperament esasynda döreýän ygtyýarsyz hereketleriň aýratynlygyna bagly bolýar. Meselem, deňagramly bolmadyk holerik gadagan edilen hereketleri basyp ýatyrmak üçin sangwinige garanyňda has köp derejede gapma-garşylykly hereket edýär. Hereketleriň şeýle ygtyýarsyz, aňlanylmaýan görnüşleriniň esasynda işiň, hereketleriň aňly, meýilleşdirilen we maksada gönükdirilen usullary döräp, olar indiwidual stiliň mazmunyny düzýär. Melanholik okuwçy ýazuw işinde özüne ynamynyň pesligi we galagoplygy sebäpli köp wagtyny garalama sarp edip, galan wagtda barlanan, düzedilen teksti arassalama göçürýär. Sangwinik okuwçy, munuň tersine, garalamany düýbünden ulanman ýa-da örän gysga ýazyp, ony barlamaga we düzetmäge az wagt sarp edýär. Temperamente bagly bolan şeýle indiwidual stil köp stanokçy dokmaçylaryň, slesar-timarlaýjylaryň, awtomatçylaryň, akrobatlaryň we beýlekileriň işlerinde hem ýüze çykaryldy.

Indiwidual stiliň döremegi üçin esasy möhüm şertleriň biri-de öz işiňe aňly, döredijilikli çemeleşmekdir. Indiwidual stil haçan-da adam ýokary netije gazanmaga özüne mümkinçilik berýän amatly usullary agtarýan wagtynda döreýär. Şonuň üçin-de indiwidual stil

oňat okuwçylarda, öňde baryjy işçilerde, ussat sportçylarda has aýdyň ýüze çykýar.

Işiň indiwidual stili adamda öz-özünden, özakymlaýyn döremeýär. Ol okatmak we terbiýe bermek proseslerinde kemala gelýär. Indiwidual stiliň kemala gelmeginiň ilkinji alamatlary mekdebe çenli ýaşyň ahyrlarynda çaganyň oýun häsiýetdäki praktiki ýumuşlary çözmeginde ýüze çykýar.

Işiň indiwidual stilini terbiýelemegiň birnäçe aýratyn psihologo-pedogogik düzgünleri bar. Okatmagyň we terbiýe bermegiň esasy wezipeleriniň biri-de indiwidual stili kemala getirmek arkaly adamyň temperamentini işiň obýektiw talaplaryna uýgunlaşdyrmakdan ybaratdyr.

**Temperamentiň tipleriniň pshologik häsiýetnamasy**

| Psihologik harakteristikasy | Nerw ulgamynyň umumy tipi |
|---|---|
| Sangwinik<br>Ýokary reaktiwlik. Sähelçe sebäp bolsa joşgunly gülýär. Şonuň ýaly-da ujypsyz sebäp ony gaharlandyrýar. Ünsüni çeken zada uly joşgun bilen seslenýär. Mimikasy we hereketleri has janly we manyly. Onuň keýpini we adamlara, predmetlere gatnaşygyny ýüzünden aňyp bolýar. Çalt ünsüni jemläp bilýär.<br>Senzitiwligi pes. Duýgurlyk bosagasy örän ýokary. Pes sese we ýagtylyk gyjyndyryjylaryna äwmeýär.<br>Işjeňligi ýokary. Örän dogumly we işe ukyply, sapakda çalt elini galdyrýar, ýadaman uzak wagtlap işläp bilýär, täze işe uly energiýa bilen ýapyşýar. | Güýçli, deňagramly, çalt. |

| | |
|---|---|
| Işjeňlik lik we reaktiwlik deňagramlaşan. Ony çalt tertibe getirip bolýar. Öz duýgularyna we reaksiýalaryna erk-ygtyýar edip bilýär. Hereketleri çalt, sözleýiş depgini ýokary, täze işe çalt goşulýar, ünsüni çalt jemleýär. Pikirlenmesi we ugurtapyjylygy çalt.<br>Çeýeligi ýokary. Duýgulary, keýpi we meýilleri çalt üýtgeýär. Nätanyş adamlar bilen çalt tanyşýar. Täze wakalara we talaplara çalt uýgunlaşýar. Bir işden başga işe çalt geçip bilýär. Endikleri çalt özleşdirýär we üýtgedip bilýär. Akyly çalt işleýär.<br>Ekstrawert. Geçmişiň we gelejegiň keşplerine garanda daşky täsirlere köp derejede seslenýär. | Güýçli, deňagramsyz, çalt. |
| Holerik.<br>Edil sangwinik ýaly, sentiziwligi pes, reaktiwligi we işjeňligi ýokary. Ýöne reaktiwligi işjeňlikden agdaklyk edýär. Şonuň üçin-de özüne erk edip bilmeýär, çydamsyz, ganygyzgyn. Sangwinige garanyňda çeýeligi pes, rigidligi ýokary. Şol sebäpli höwesleri, meýilleri has durnukly, özdiýenli, ünsi bir predmetden beýlekä geçirijiligi pes. Psihikanyň depgini çalt. | Güýçli, deňagramly, haýal. |
| Flegmatik.<br>Sentiziwligi pes. Emosiýalary güýçli däl. Kynlyk bilen gülýär, edil şonuň ýaly-da aňsat gahary gelmeýär we gaýgylanma ýagdaýa haýallyk bilen düşýär. synpda ähli okuwçy bir zada gülse-de, ol gülmeýär. Gaýgyly ýagdaýlarda daşky görnüşi asuda. Mimikasy garyp, | |

| | |
|---|---|
| hereketleri çeper mazmunly däl. Kuwwatly, işeňňir. Işjeňligi köp derejede ýokary gelýär. Çydamlylygy, özüne erk edip bilijiligi bilen tapawutlanýar. Hereketleriň we sözleýşiň depgini haýal, ugurtapyjy däl. Ünsüni kynlyk bilen jemleýär. Rigidligi ýokary. Ünsüni kynlyk bilen bir predmetden beýlekä geçirip, täze şertlere kynlyk bilen uýgunlaşýar we endiklerini, başarnyklaryny kynlyk bilen üýtgedýär. İntrawert, täze adamlar bilen kyn tanyşýar, daşky täsirlere haýal seslenýär.<br>Melanholik.<br>Sentiziwligi ýokary. Duýgur (duýmalaryň bosagalary pes). Sähelçe bahana bolsa göz ýaş dökýär. Öýkelek, göwnüne alyjy. Reaktiwligi pes. Mimikasy we hereketleri garyp. Sesi pes. Sessiz aglaýar. Joşgun bilen seýrek gülýär. Işjeňligi pes. Sapakda seýrek el galdyrýar. Özüne ynamsyz, sähel kynçylyk ony ruhdan düşürýär. Kuwwatly däl, özdiýenliligi pes, çalt ýadaýar we işeňňirligi aşak. Ünsi dunuksyz, çalt bölünýär. Psihikasynyň depgini aşak. Rigidligi ýokary. İntrawert. | Gowşak. |

# 17-nji BAP

# GYLYK

## § 1. Gylyk hakynda düşünje

Her bir adam beýleki adamlardan özüniň indiwidual psihologik aýratynlygy boýunça tapawutlanýar. Hut şonuň üçin-de adaty gürrüňde adamyň özboluşly alamatlary, häsiýeti hakynda aýdylýar. "Gylyk" sözi grekçeden terjime edilende *taplanan görnüş, galdyrylan yz, tagma* diýmegi aňladýar. Emma psihologiýada "gylyk" sözüniň has dar we takyk manysy bardyr. Adamyň her bir indiwidual aýratynlygy gylyk däldir. Meselem, psihikanyň indiwidual aýratynlyklary bolan görşüň we eşidişiň ýitiligi gylyga degişli däldir.

**Gylygyň alamatlary we şahsyýetiň gatnaşyklary.** Eýsem adamyň nähili indiwidual psihologik aýratynlyklary häsiýeti döredýär? Muny anyklamak üçin on iki ýaşly okuwçy M.A-nyň gylygynyň ýüze çykyşy dogrusynda bir derňewde beýan edilen mysala ýüzlenmek ýerliklidir. Bu gyzjagaz hemişe beýleki okuwçylardan çetde gezip, geplemezek, sapakda elini galdyrmaýan, synp ýygnaklarynda öz pikirini aýtmaýan, çekinjeň bolýar. Öýlerinde, umumy howluda bolsa ol örän şadyýan, batyrgaý, hemişe daşy joralary bilen gurşalgy bolýar. Şeýlelikde,M.A -da gylygyň iki dürli görnüşi ýüze çykýar. Mekdepde çekinjeň, ýygra bolup, öýünde bolsa ysnyşykly bolýar. Mekdepde onuň ysnyşyklylygy mälim bolman, öýünde bolsa oňa çekinjeňlik ýat bolýar.

Bu mysaldan görnüşi ýaly, gylygyň her bir alamaty diňe degişli tipiki ýagdaýlarda ýüze çykýar. Munuň sebäbi gylygyň her bir alamatynda adamyň daşky zatlara bolan gatnaşygy amala aşyrylýar.M.A-nyň synpda ýygralygy, geplemezekligi – onuň golaýda obadan şäher mekdebine geçirilip, entek kollektiwe öwrenişip bilmeýändigi bilen düşündirilýär. Öýündäki şadyýanlygy, alçaklygy onuň eýýäm goňşular bilen ysnyşandygy, oýunda we

beýleki bilelikdäki işlerde özüniň beýlekilerden kem däldigine göz ýetirendigi bilen düşündirilýär.

**Psihologiýada gylygyk diýlip şol bir şahsyýete adaty bolan işiň usullarynda, adaty şertlerde ýüze çykýan we şahsyýetiň bu şertlere bolan gatnaşyklary bilen döredilýän psihikanyň özboluşly – indiwidual alamatlarynyň toplumyna düşünilýär.**

Şahsyýetiň gatnaşyklary gylygyň indiwidual özboluşlylygyny iki hili usulda döredýär. Bir tarapdan, bu gatnaşyklar her bir tipiki ýagdaýda emosional duýgularyň indiwiduallygyny döredip, gylygyň degişli tarapyna özboluşlylyk berýär. Ýokarda getirilen mysalda M.A -nyň gylygy mekdepde onuň nätanyş ýagdaýdan çekinmeginde, beýlekilerden özüni pes duýmagynda, öýde bolsa boýdaşlarynyň arasynda şähdaçyklygynda, olara bolan dostluk, ýakynlyk duýgusynda ýüze çykýar. Şonuň üçin-de, okuwçylarynyň gylygyny kesgitlemek bilen bir hatarda, onuň tipiki ýagdaýlardaky emosional duýgularyny ýüze çykarmak zerurdyr.

Başga bir tarapdan, şähsyýetiň gatnaşyklary her bir tipiki ýagdaýda hereketleriň usullarynyň we hiliniň indiwidual özboluşlylygyny döredýär. Ýokarky mysalda M. A -nyň gylygy mekdepde sapakda we öýde özüni alyp barşynda ýüze çykýar. Edil şonuň ýaly, meselem, gylygyk hökmünde zähmetsöýerlik, birinjiden, zähmetiň adamda döredýän şatlygy, onuň işýakmazlyga bolan ýigrenji bilen kesgitlense, ikinjiden, adamyň hyjuwly, hiç bir gaýry zada ünsüni sowman, işjeň işleýşi bilen kesgitlenýär.

Adamyň hereketleriniň usuly we hili diňe bir şahsyýetiň gatnaşygyna bagly bolman, onuň erkine, duýgularyna, ünsüne, ýagny psihiki prosesleriň indiwidual aýratynlygyna bagly bolýar. Meselem, zähmetde ýüze çykýan çalyşmaklyk we tertiplilik, diňe bir zähmete bolan oňyn gatnaşyk bilen kesgitlenmän, ünsüň jemlenmegi, hereketleriň takyklygy we türgenleşenligi, erkiň güýji we ş.m. bilen hem kesgitlenýär. Şonuň üçin-de hereketleriň usulyna dürli psihiki prosesleriň tapawutly täsir edişine baglylykda, gylygyň intellektual, emosional we erk alamatlaryny ýüze çykarmak mümkindir.

**Gylygyň alamatlary meýiller hökmünde.** Gylygyň köp sanly alamatlary adamyň özüni alyp barşynyň, hereketleriniň düýpli işjeň meýilleri bolup durýarlar. Şol bir şertlerde, birmeňzeş motiwlerden,

gatnaşyklardan ugur alyp, şol bir maksada ymtylýan dürli adamlar, bu maksada ýetmegiň özlerine mahsus bolan dürli usullaryna ymtylmagy ýüze çykarýarlar. Hut şeýle ymtylmalarda gylygyň alamatlarynyň ugrukdyryjy, meýildörediji güýji ýüze çykýar. Gylygyň alamatlarynyň şeýle meýil dörediji güýjüniň bardygy sebäpli adamyň hereketiň obýektiw şertlere garşy gelýän amatsyz usullaryny ulanýan wagty seýrek bolmaýar.

Adam kähalatlarda öz gylygyna göwni ýetmese-de, özüni başgaça alyp baryp bilmeýär. Mysal üçin, daşary ýurt psihologlarynyň biriniň derňewlerinde görkezilişine görä käbir adamlaryň işde üstünlige ymtylyşy olaryň şowsuzlykdan çekinmeginden ýokary bolýar. Şonuň üçin-de olar şowsuzlyga uçrasalar-da, synag wagtynda kyn eksperimental ýumuşlara ýapyşmaga ýykgyn edýärler. Olara ýerliksiz şowsuzlykdan heder etmezlik mahsus bolýar. Başga bir adamlara, munuň tersine, şowsuzlykdan heder etmek üstünlige ymtylmakdan has ýokary bolýar. Şonuň üçin-de, olara ýerliksiz seresaplyk mahsus bolup, olar hat-da kyn ýumuşlary çözüp biljekdigine gözi ýetip durka-da, ýeňil ýumuşlary saýlap alýarlar.

Adama mahsus bolan hereketleriň şeýle maksadalaýyk bolmadyk usullaryny saýlamak meýli dartgynly ýagdaýlarda, stress situasiýalarynda has aýdyň ýüze çykýar. Şol bir wagtyň özünde eger-de adama mahsus bolan hereketleriň usuly häzirki şertlerde maksadalaýyk bolsa, onda ol özüniň mejbury, öz häsiýetine gabat gelmeýän usullarda işleýşinden has ýokary işjeňlik, energiýa, özdiýenlilik ýagdaýda hereket edýär.

Diýmek, adamyň gylygy haçan-da ony obýektiw talaplaryň garşysyna hereket etmäge ugrukdyrýan ýagdaýda oňa päsgel berýär. Eger-de gylyk adama şu ýagdaýda bildirilýän talaplara gabat gelýän bolsa, ol adama ähli güýjüni mobilizlemäge, döredijilikli işlemäge meýil döretmek bilen, oňyn rol oýnaýar.

Adamyň gylygy ony belli bir usulda, kähalatlarda bolsa daşky şertlere garşy hereket etmäge ugrukdyrýandygy sebäpli durmuşyň has kyn pursatlarynda doly aýan bolýar. Dogruçyllyk, gönümellik, batyrgaýlyk, kolletiwiň agzasyny ýygnakda ýoldaşynyň kemçiligini, soňundan heder etmän, göni ýüzüne aýtmaga ugrukdyrýar.

Gylyk gapma-garşylykly päsgelçiligi ýeňip geçmek bilen baglanyşykly şertlerde synagdan geçýär. Gylygyň işjeňligi onuň amatsyz şertleri ýeňip geçmäge döredýän ugrukdyryjy güýji bilen kesgitlenýär. Onuň işjeňligi erkiň güýjüne düýpli täsir edýär. Gylygy näçe işjeň bolsa, adam şonça-da onuň ugrukdyryjy täsiri netijesinde işde ýokary erklilik görkezýär. Gylygyň işjeňligi bolmasa, adamda güýçli erk bolup bilmez. Çeper edebiýatyň oňyn gahrymanlarynyň – Welmyrat aganyň(“Kitap”), Taýmaz babanyň (“Taýmaz baba”), Akmyradyň (“Söýgi”) aýdyň taraplarynyň biri-de olaryň ynsanperwer gylygynyň güýji, gaýduwsyzlygydyr. Gylygy terbiýelemek adalat jemgyýetiň mynasyp şahsyýetini terbiýelemegiň iň bir möhüm wezipeleriniň biridir.

## § 2. Gylygyň fiziologik esaslary

**Ýokary nerw işiniň umumy tipi we gylyk.** Gylygyň fiziologik döreýşiniň esasy şerti haçan-da gylyk nerw ulgamynyň umumy tipiniň häsiýetleri bilen deňeşdirilende ýüze çykýar.

Köp sanly psihologik derňewlerde nerw ulgamynyň häsiýetleri gapma-garşylykda bolan adamlaryň şol bir ýagdaýda, işe birmeňzeş oňyn gatnaşygy bolan şertde olaryň hereket usullary synag edilipdir. Bu ýagdaýlarda nerw ulgamynyň umumy tipi gapma-garşylykly bolan adamlara psihologik taýdan hereketiň gapma-garşylykly usullarynyň mahsuslygy aýan edilipdir. Meselem, ýoldaşlaryna we tutuşlygyna synp kollektiwine oňyn gatnaşygy bolanda, nerw prosesleri haýal geçýän okuwçylar özleriniň has oňat tanaýan, az sanly okuwçylar bilen aragatnaşyk etmäge, sözleşmäge meýil edýärler. Olar öz inisiatiwasy boýunça özleri hakynda örän seýrek gürleýärler; olara täze adamlar bilen tanyşmak örän kyn bolup, şonuň ýaly hem köne tanyşlardan aýrylyşmak agyr düşýär. Munuň tersine, nerw prosesleri çalt geçýän okuwçylar bu ýagdaýlarda düýbünden gapma-garşylykly häsiýetlerde bolýarlar; adamlar bilen gatnaşyk saklamak, sözleşmekdäki bu indiwidual aýratynlyklar gylygyň alamatydyr.

Hereketleriň usullaryndaky şeýle indiwidual aýratynlyklar okuw, sport we zähmet işinde hem ýüze çykarylandyr

(B.M.Tenlowyň, B.S.Merliniň, E.A.Klimowyň laboratoriýalarynyň geçiren derňewlerinde). Diýmek, gylygyň fiziologik gelip çykyşynyň başga bir şerti – nerw ulgamynyň umumy tipiniň häsiýetleridir.

Mälim bolşy ýaly, nerw ulgamynyň umumy tipi temperamentiň hem fiziologik esasy bolup durýar, bu bolsa temperament bilen gylygyň arasynda ýakyn baglanyşygyň bardygyny görkezýär. Temperamentiň tipi – gylygyň alamatlarynyň indiwidual özboluşlygyny döredýän möhüm psihologik şertleriň biridir.

Eýsem gylyga degişli hereketleriň indiwidual özboluşlygynyň nerw ulgamynyň umumy tipiniň häsiýetlerine bagly bolýandygy näme bilen düşündirilýär?

I.P.Pawlowyň laboratoriýasynda haýwanlaryň özüni alyp barşyny synlamak esasynda alnan maglumatlara görä nerw ulgamynyň umumy tipiniň häsiýetleri belli bir daşky şertlerde degişli dinamiki stereotipiň döremegine ýardam edýän ýa-da ony kynlaşdyrýan faktor bolup durýar.

Meselem, nerw ulgamy gowşak tipe degişli haýwan bolan itlerde passiw goranyş şertli reflexleriň dinamiki stereotipi ýeňil döreýär. Sähelçe gyjyndyryjy ses, nerw ulgamy gowşak tipli itlerde sandyramak, guýrugyny ýamzyna gysmak, çyňsamak we ş.m. döreýär. Nätanyş adam golaýlaşandan it ýere arkan ýazylyp, aýaklaryny ýokary göterýär. Adamda şeýle sypatlary gorkaklyk diýip hasaplardyk. Munuň tersine, nerw ulgamy güýçli tipe degişli itlerde agressiw şertli reflexleriň dinamiki stereotipi ýeňil döräp, oňa degişli häsiýetleri biz adamda uruşganlyk diýip hasaplardyk. Hut dinamiki stereotipiň özi ýaly, haýwanlaryň bu häsiýetleri-de gös-göni nerw ulgamynyň umumy tipi arkaly döredilmän, olar öňki tejribelerde kän gaýtalanan gyjyndyryjylaryň täsirine jogap reaksiýasy hökmünde döreýärler.

## § 3. Gylygyň gurluşy we onuň alamatlarynyň simtomokompleksleri

Gylygyň gurluşy dürli alamatlaryň tötänleýin utgaşmasy däldir. Onuň aýry-aýry alamatlary biri-birine berk bagly bolup, bitewi gurluş emele getirýär. Şeýle bitewilige gylygyň gurluşy ýa-da

düzümi diýilýär. Şonuň üçin-de, gylygyň birnäçe alamatlaryny bilip, biz onuň beýleki bize näbelli sypatlaryny-da öňünden aýdyp bilýäris. Meselem, adamyň ulumsy, şöhratparazlygyny bilip, onuň adamlara hoşniýetli däldigini aýdyp bilýäris; eger-de ol kiçigöwün bolsa, onda ol rehimdar bolýar diýmäge esas bolýar.

Psihiki häsiýetleriň özara baglanyşykly ulgamyna **simptomokompleksler ýa-da faktorlar** diýilýär. Bu simptomokompleksleri seljerip, biz gylygyň gurluşynyň näme bilen döredilýändigini bilýäris. Meselem, gylygyň şahsyýetara gatnaşyklarynda döreýän gapma-garşylykly alamatlarynyň ulgamyny ýüze çykarmak mümkin (ony şertli "şahsyýet – daş-töwerekdäki adamlar" diýip atlandyralyň).

Şeýle gapma-garşylykly simptomokomplveksleriň ulgamy bir topar adamlarda şeýle häsiýetleriň utgaşmagynda ýüze çykýar : özüňe göwniýetijilik, özüňe artyk baha bermek, öwünjeňlik, agressiwlik, öçlülik, gopbamsyramak, öz içki dünýäňe gümrra bolmaklyk, jemgyýetçilik makullamasyna gulak asmazlyk, özüňi alyp barşyň umumy kadalaryny hasap etmezlik. Beýleki bir adamlarda bu ulgam düýbünden gapma-garşylykly häsiýetlerde ýüze çykýar. Şeýle adamlar özüne ynamsyz, kiçigöwün, kaýyl bolujy, kömek etmäge döwtalap, ýumşak, tanyşmaklyga, sözleýşe meýilli, göwnaçyk, özüňi alyp barşyň umumy kadalaryny göwünjeň ýerine ýetirýän adamlar bolýarlar.

Görnüşi ýaly, gylygyň ulumsylyk, öz pikiriňe eýermek, jemgyýetçilik makullamasyna gulak asmazlyk we özüňi alyp barşyň umumy kadalaryny berjaý etmezlik ýaly sypatlary birleşdirýän umumy zat – adamlara göwniýetmezçilikli gatnaşykdyr. Edil şonuň ýaly-da olaryň gapma-garşylykly häsiýetleri bolan tanyşmaklyga, söhbetdeş bolmaga meýil, göwnaçyklyk, özüňi alyp barşyň umumy talaplaryny berjaý etmek – adamlara hoşniýetli gatnaşyklary aňladýar. Diýmek, gylygyň sypatlaryny, alamatlaryny baglanyşdyryjy esas – şahsyýetiň daşky zatlara birmeňzeş gatnaşyklary bolup durýar.

Psihologiýada şahsyýetiň gatnaşyklary bilen kesgitlenýän gylygyň alamatlarynyň dört ulgamy tapawutlandyrylýar.

1. Kollektiwe we aýry-aýry adamlara degişli gatnaşyklary aňladýan sypatlar(adamkärçilik, döwtalaplyk, talap edijilik, gopbamlyk we ş.m.).

2. Zähmete bolan gatnaşyklary aňladýan sypatlar (zähmetsöýerlik, ýaltalyk, wyždanlylyk, zähmete jogapkärçilikli ýa-da jogapkärçiliksiz çemeleşmek we ş.m.).

3. Zatlara bolan gatnaşyklary aňladýan sypatlar (zähmetsöýerlik ýa-da hapysalyk, tygşytlylyk we tygşytsyzlyk we ş.m.).

4. Öz-özüňe bolan gatnaşyklary aňladýan sypatlar (öz mertebäňi bilmeklik, namysjaňlyk, şöhratparazlyk, belent göwünlilik, was-waslyk, kiçigöwünlilik we ş.m.).

Gylygyň bulardan başga taraplary hem bolup, olar öz ähmiýetliligi boýunça ýokardakylara garanda ikinji derejelidirler.

Gylygyň alamatlary şahsyýetiň diňe bir gatnaşygy esasynda özara baglanyşman, birnäçe gatnaşyklara baglylykda hem utgaşyp bilýärler. Meselem, “şahsyýet – daş-töwerekdäki adamlar” simptomokompleksinde biz gylygyň diňe bir başga adamlara bolan gatnaşyklar esasynda dörän alamatlaryny däl-de, eýsem öz-özüňe bolan gatnaşyklar esasynda ýüze çykýan sypatlaryny-da görýäris. Bu gatnaşyklar bir topar adamlarda özüňe göwnüýetijilik, öz güýjüňe daýanmaklyk, öwünjeňlik, beýlekilerde munuň tersine, öz güýjüňe ynanmazlyk, her bir zatda özüňi günäkärlemeklik, ýygralyk ýaly sypatlarda ýüze çykýar.

Diýmek, “şahsyýet – daş-töwrekdäki adamlar” diýip atlandyrylýan ulgam adamlara we kollektiwe hem-de öz-özüňe bolan gatnaşyklara bagly bolan häsiýetleri özüne birleşdirýär. Munuň özi adamyň daşky dünýäniň dürli toparlaryna bolan gatnaşyklarynyň biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklygy bilen düşündirilýär. Dürli gatnaşyklar özara baglanyşyp, ulgam emele getirýär. Meselem, zähmete, zatlara hat-da öz-özüňe bolan gatnaşyk köp derejede adamlara we kollektiwe bolan gatnaşygyna bagly bolýar. Zähmet kollektiwine bolan oňyn gatnaşyk adamyň kolletiwiň öňündäki borjuny aňlamagyny (meselem, zähmetde jogapkärçilik duýmak), onda ulanylýan umumy jemgyýetçilik gurallaryna tygşytly çemeleşmegini kesgitleýär. Hat-da öz-özüňe bolan gatnaşyk

kollektiwe bolan gatnaşyga bagly bolýar. Meselem, öz kollektiwini söýýän adama öwünjeňlik mahsus bolmaýar.

Şahsyýetiň dürli gatnaşyklarynyň arabaglanyşygy onuň gylygynyň käbir aýratynlygyny döredýär.

Birinjiden, şeýle arabaglanyşyga görä gylygyň her bir häsiýeti şahsyýetiň dürli gatnaşygy esasynda döreýär.

Ikinjiden, şahsyýetiň gatnaşyklarynyň özara baglanyşygy netijesinde diňe bir gylygyň şol bir gatnaşyga degişli (meselem, zähmete, adamlara) alamatlary özara bagly bolman, eýsem onuň dürli gatnaşyklarynyň degişli alamatlary-da, özara baglanyşykly bolýar. Adamyň gylygy otnositel bitewidir.

Üçünjiden, şahsyýetiň gatnaşyklarynyň özara baglanyşygynda merkezi, özeni häsiýetli we olara tabyn bolýan gatnaşyklar ýüze çykýar.

Şahsyýetiň merkezi özeni häsiýetli gatnaşyklary jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenýändigi üçin hemişe sosial-tipiki gatnaşyklar bolýar. Meselem, ynsanperwer şahsyýetiň merkezi –özeni gatnaşygy adamlara we kollektiwe bolan gatnaşyklardyr. Gylygyň alamatlarynyň özara baglanyşygynyň şahsyýetiň gatnaşyklarynyň özara baglanyşygy boýunça kesgitlenýändigi sebäpli, gylygyň her bir alamatynyň indiwidual özboluşlylygyna garamazdan, onuň gurluşynyň esasynda hemişe şahsyýetiň sosial-tipiki gatnaşyklary ýatýar. Gylygyň gurluşynyň kanunlaryndan möhüm pedagogik netijeler gelip çykýar. Eger-de, terbiýe işiniň meýilnamasynyň we programmasynyň wezipesi diňe gylygyň aýry-aýry kemçiliklerini (meselem, gödeklik, ýalançylyk) düzetmeklige we onuň aýry-aýry oňyn taraplaryny (meselem, sypaýyçylygy ýa-da dogruçyllygy) döretmeklige gönükdirilen bolsa, şeýle terbiýe hiç hili netije bermez. Adamlara dogry gatnaşyklary terbiýelemezden, gödekligi aýyrmak we sypaýyçylygy terbiýelemek mümkin däldir. Terbiýe, sözüň doly manysynda hemişe häsiýetleriň tutuş ulgamyny döretmegi, kemala getirmegi göz öňünde tutýar. Şeýle ulgamy terbiýelemegiň esasy şertleriniň biri – şahsyýetiň merkezi-özeni gatnaşyklaryny kemala getirmekdir. Terbiýede bu wezipe – kollektiwe we zähmete gatnaşygy kemala getirmekden ybaratdyr.

Emma, gylygyň bitewiligi absolýut däldir. Gylykda absolýut terbiýelilik haçan-da şahsyýetiň şol bir merkezi özeni gatnaşygy onuň ähli beýleki gatnaşyklaryny doly kesgitlän ýagdaýynda mümkin bolardy. Gapma-garşylyklaryň obýektiw hakykatyň hut özünde ýüze çykýandygy sebäpli şeýle ýagdaý mümkin däldir. Şeýle gapma-garşylyklar zähmetiň adama bildirýän talaplarynda ýüze çykyp, olar rolly konfliktleri döredýär (seret: 4-nji bap). Şahsyýetiň gatnaşyklary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şöhlelenmesi bolýandygy üçin gapma-garşylyklar şahsyýetiň gatnaşyklary bilen olaryň esasynda döreýän gylygyň alamatlarynyň arasynda hem döreýär.

Adamyň gylygy diňe otnositel bitewidir. Gylygyň bitewiligi-de indiwidual özboluşlydyr. Adamlar gylyklarynyň bitewiligi ýa-da gapma-garşylygy boýunça tapawutlanýarlar. Gylygyň alamatlarynyň hereketleriň indiwidual özboluşlylygynda ýüze çykýandygy sebäpli, gapma-garşylyklar adamyň hereketlerinde, özüni alyp barşynda garşylyk, sosial-ahlak kadalarynyň ýerine ýetirilişinde näsazlyk döredýär. Meselem, bir derňewde okuwçynyň tertipsizliginiň, gaharjaňlygynyň, jemgyýete garşy hereketleriniň sebäbiniň onuň kollektiwiň ynamyna girmek, mugallymlarynyň we ýoldaşlarynyň oňyn bahasyny almak höwesi bilen özüne örän ýokary baha bermegiň arasyndaky gapma-garşylyk bolup durýandygy aýan edildi. Bu ýagdaýda özüňi alyp barşyň kemçilikleriniňiň öňüni almak üçin gylykdaky gapma-garşylygy çözmeli bolýar.

Gylygyň gurluşy onuň diňe bir aýry-aýry häsiýetleriniň özara baglanyşygy bilen däl-de, oňa bitewilik görnüşinde mahsus bolan alamatlar boýunça kesgirlenýär. Gylygyň şeýle sypatlaryna, birinjiden, olaryň **çuňluk derejesi** degişlidir. Gylygyň has çuň alamatlary şahsyýetiň merkezi-özeni gatnaşyklary arkaly döredilip, olar beýleki alamatlaryň giň ulgamy bilen baglanyşykly bolýar. Meselem, şahsyýetiň has çuň häsiýetleri onuň adamlara, kollektiwe we zähmete bolan gatnaşyklary bilen kesgitlenýär.

Gylygyň alamatlary öz çuňluk derejesi boýunça tapawutlanýandygy üçin, adamyň häsiýetnamasyny alamatlaryň ýönekeý jemine syrykdyrmak bolmaz. Adama häsiýetnama bermekde gylygyň alamatlary çuňluk derejesi boýunça ýerleşdirilmelidir. Diňe

şeýle çemeleşmekde gylygyň düýpli we ýüzleý görnüşlerini tapawutlandyrmak mümkin.

Ikinjiden, häsiýetiň bitewi alamatlaryna **işjeňlik** ýa-da **gylygyň güýji** degişlidir. Gylygy işjeňligi onuň alamatlarynyň ugrukdyryjy güýji, daşky täsirlere garşy durmak derejesi boýunça kesgitlenilýär. Bu babatda adamlar güýçli we gowşak gylyklary boýunça tapawutlanýarlar.

Gylygyň gurluşynyň bitewi alamatlarynyň üçünji bir görnüşi onuň **durnuklylygy** ýa-da **üýtgeýjiligidir**. Gylygyň durnuklylygy we üýtgeýjiligi uýgunlaşmak işiniň möhüm şertleridir. Daşky şertleriň her bir üýtgeşmeginde gylyk düýpgöter üýtgeýän bolsa, onda adamyň özüni alyp barşy passiw jogap reaksiýasyna öwrülip, hereketler öz işjeňligini ýitirip, uýgunlaşmak häsiýetine eýe bolardy. Haýwanlaryň adamlara garanda özüni alyp barşynyň passiwligi hut olaryň motiwleriniň organizmiň we daşky şertleriň ýagdaýyna görä çalt üýtgeýänligindedir. Adamyň işiniň aktiwligi onuň gylygynyň dürli şertlerde, päsgelçiliklere garaman, özüni alyp barşy ugrukdyrýandygy bilen düşündirilýär. Haýwan garny doýansoň iýmit agtarmagyny bes edip, howply ýagdaý dörese ondan gaçýar. Munuň tersine, eger-d, zähmetsöýerlik gylygyň durnukly alamatyna öwrülen bolsa, onda ol adamyň işi ýüregedüşgüç, işe degişli baha berilmeýän ýagdaýynda hem ýüze çykýar. Şonuň üçin-de adam daşky şertleriň passiw kabul edijisi däldir. Ol bu şertlere diňe bir tabyn bolman, eýsem olary belli bir derejede özi döredýär.

Şol bir wagtyň özünde şahsyýetiň ýagdaýynyň zerur şertleriniň biri - gylygyň belli bir üýtgeýjiligidir. Gylygyň üýtgeýjiliginiň iki hili ähmiýeti bardyr. Birinjiden, edil durnuklylyk ýaly, ol daşky gurşawa işjeň täsir etmegiň bir şertidir. Hereketleriň we özüňi alyp barşyň maksadalaýyk, peýdaly bolmagy üçin olar daşky şertleriň üýtgeýän ýagdaýlaryna laýyk gelmelidir. Şeýle maksadalaýyklyk haçan-da gylgyň alamatlary belli bir derejede daşky täsirlere görä üýtgeýän ýagdaýynda mümkin bolýar. Başga bir tarapdan, gylygyň üýtgeýjiligi onuň ösüşiniň we terbiýelenmeginiň zerur şerti bolup durýar. Biz adamyň gylygyny diňe onuň üýtgeýjiligine görä gaýtadan terbiýeläp bilýäris. Durnuklylyk we

üýtgeýjilik hem indiwidual özboluşly bolup, gylygyň bitewi alamatlarynyň biri bolup durýar.

Gylygyň bitewi alamatlary özara baglanyşyklydyr. Has düýpli sypatlar şol bir wagtyň özünde işjeň we durnuklydyrlar. Munuň tersine, ýüzleý alamatlar, has passiw we ýokary üýtgeýjidir.

Gylygyň alamatlarynyň güýji we durnuklylygy olaryň esasynda durýan şahsyýetiň gatnaşyklary bilen kesgitlenýär. Has düýpli, şol bir wagtyň özünde işjeň we durnukly sypatlar ynsanperwer şahsyýetde onuň kollektiwe bolan gatnaşygy bilen döredilýär. Şol bir wagtyň özünde gylygyň işjeňligi we durnuklylygy şahsyýetiň gatnaşyklarynyň mazmunyna otnositel bagly däldir; bu ýagdaýda gylyk formal görnüşde bolýar. Esasy zat işjeňwligiň nämä gönükdirilip, onuň özüni alyp barşyň nähili görnüşini döredýänligindedir. Edil şonuň ýaly-da, durnuklylyk başga bir tarapdan temperamente bagly bolup, şahsyýetiň mazmunyna otnositel bagly däldir. Gylygyň has ýokary durnuklylygy flegmatik temperamentli adamda bolýar. Şonuň üçin-de gylygyň güýji we durnuklylygy gös-göni onuň oňyn ýa-da oňyndäl gönükdirilmesini kesgitlemeýär.

## § 4. Gylygyň kemala gelşi

**Neslegeçijilik we gylyk.** Eýsem gylyk nähili döreýär? Dünýäde iki sany birmeňzeş gylykly adamyň bolmaýandygy näme bilen düşündirilýär? Psihologlaryň bir topary şeýle tapawudy adamlaryň nesil arkaly döreýän alamatlarynyň dürli-dürlüligi bilen düşündirilýär. Olar gylygyň köp alamatlaryny nesil arkaly döreýän alamatlar hasaplap, olary temperamentiň häsiýetlerinden tapawutlandyrmaýarlar (Kreçmer, Şeldon).

Hakykatda bolsa organizmiň nesil arkaly dörän alamatlarty gylygyň döremegi üçin diňe bir şert bolup durýar. Gylyk nesliň biologik kanunlary bilen däl-de, jemgyýetçilik kanunlary esasynda döreýär.

Gylyk neslegeçijilikden getirip çykarmagyň birtaraplaýynlygy bir ýumurtgadan dörän (gomozigot) ekizleri öwrenmekde aýdyň ýüze çykýar. Öň bellenilip geçilişi ýaly, fiziologik sebäplere görä

gomozigot ekizleriň nesil aýratynlyklary birmeňzeşdir. Ekizler sosial ýagdaýy, maddy we medeni derejesi boýunça dürli maşgalalara terbiýelenmäge berlip, olaryň gylygy öwrenilýär.

Öň aýdylyşy ýaly, ekizler temperamenti boýunça bu şertlerde birmeňzeş bolýarlar. Emma gylyklary boýunça düýpli tapawutly bolup, ýyl geldigiçe bu tapawut has-da artýar. Diýmek, organizmleriniň nesil arkaly dörän alamatlary birmeňzeş bolan adamlarda dürli häsiýetler döreýär. Adamlar dogruçyl ýa-da ýalançy, ýalta ýa-da zähmetsöýer, gowy ýa-da erbet bolup dünýä inmän, bu häsiýetler olarda terbiýe esasynda döreýär.

## Gylygyň kemala gelşiniň kanunlaýyklyklary

Eýsem, gylygyň kemala gelşiniň esasy kanunalaýyklyklary nähili? Gylygyň her bir alamaty şahsyýetiň gatnaşyklary esasynda döreýär. Şahsyýetiň gatnaşyklary bolsa öz gezeginde jemgyýetçilik gatnaşyklary esasynda emele gelýär. Hut şu esasy sebäbe görä nesil aýratynlyklary birmeňzeş bolan ekizler dürli sosial ýagdaýdaky maşgalada dürli gylykly bolýarlar. Bu prosesde jemgyýetçilik gurluşyny tutuşlaýyn häsiýetlendirýän jemgyýetçilik gatnaşyklary uly ähmiýete eýedir. Maddy mätaçlik ýa-da bol-elinlik, işsizlik ýa-da geljege umytlylyk, ezilmeklik ýa-da sosial deňlik – bularyň hemmesi şahsyýetiň diňe sosial-tipiki gatnaşyklaryna täsir etmän, eýsem gylygyň indiwidual alamatlarynyň döremegine hem düýpli täsir edýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gös-göni ýa-da aralaşdyrylan häsiýetine baglylykda maşgalada okuw ýa-da zähmet kollektiwinde şahsyýetara gatnaşyklary döräp, olar sulh almaklyk, ýoldaşlyk, özara kömek, raýdaşlyk ýa-da munuň tersine, sütemkärlik, rehimsizlik, bassaşlyk, ýigrenç gatnaşyklary görnüşinde ýüze çykýar. Olar häsiýetiň döremegine uly täsir edýärler. Ýeke çagaly we köp çagaly, bassaş ýaşly ýa-da ýaşlarynda uly tapawut bolan maşgalada, ata-eneleriň gatnaşygy konfliktli ýa-da agzybir maşgalada ösýän çagada häsiýetiň özboluşlu sypatlary döreýär: şonuň ýaly-da çagalar bagyndaky we mekdepdäki şahsyýetara gatnaşyklary gylygyň birnäçe özboluşly alamatlaryny kemala getirýär. Hat-da adam kämillik

ýaşyna ýetende hem şahsyýetara gatnaşyklary biri-birinden düýpli tapawutlanýan bir zähmet kollektiwinden beýlekä geçende onuň gylygynda düýpli üýtgeşmeler döreýär.

Nerw prosesleri ýaş çagalyk döwründe haýal, durgunlyk ýagdaýda bolýandygy üçin bu döwürde dörän gylygyň alamatlary has durnukly bolýar we uly ýaşlara garanda täzeden terbiýelemegi has kyn bolýar. Şonuň üçin psihologlaryň birnäçesi şahsyýetiň gylygynyň sypatlary adamyň bütin ömrüniň dowamynda, ýaş çagalyk döwürden onuň islegleriniň kanagatlandyrylyp ýa-da kanagatlandyrylmazlygy bilen kesgitlenýär diýip tassyklaýarlar. Hakykatda bolsa gylygyň çuňlugy, durnuklylygy we hemişeligi köpderejede şahsyýetiň dürli gatnaşyklary aňlap bilmek derejesi bilen kesgitlenýär. Şahsyýetiň has aňly gatnaşyklary adamyň ideýa gönükdirilmegi, sagdyn dünýägaraýşyň esasynda kemala gelýär. Şonuň üçin-de gylygyň alamatlary haçan-da ynsanperwer aňly gatnaşyklar we ynançlar esasynda ugrukdyrylanda, olaryň işjeňligi we durnuklylygy ýokary bolýar.

Eger-de wyždanlylyk ýa-da zähmetsöýerlik adamda özakymlaýyn däl-de, onuň aňly gatnaşyklary, ynançlary esasynda kemala gelen bolsalar, onda olar durmuşyň her bir kyn pursatlarynda hem ýüze çykýar. Biziň adamlarymyzyň gylygynyň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda bütin dünýäni haýran galdyran güýjüniň we durnuklylygynyň çeşmesi –ynsanperwer dünýägaraýyşdyr. Şonuň üçin-de adamyň aňly dünýägaraýşynyň kemala gelşiniň has aýdyň ýüze çykýan döwri bolan ýetginjeklik ýaşy, gylykda düýpli üýtgeşmeleriň bolup geçýän, gylygyň ikilenç kemala gelýän döwri bolýar.

Sosial toparda jemgyýetçilik we şahsyýetara gatnaşyklary jemgyýetiň ýa-da toparyň ähli agzalary üçin birmeňzeşdir. Şonuň üçin-de olaryň esasynda döreýän şahsyýetara gatnaşyklary sosial-tipik häsiýetde bolýar. Eýsem şeýle birmeňzeş sosial şertlerde gylygyň indiwidual özboluşly häsiýetleri nähili kemala gelýär? Bu ýagdaý şahsyýetiň şol bir gatnaşyklarynyň dürli indiwidual hereketlerinde amala aşyrylýandygy bilen düşündirilýär. Meselem, zähmete oňyn gatnaşyk bir adamda onuň işe çalt, hyjuwly ýapyşmagynda, kynçylyklara we şowsuzlyga çydamsyz garamagynda

ýüze çyksa, başga birinde zähmete yhlasly garaýyşda – hereketleriň asuda, sabyrlylyk bilen amala aşyrylmagynda ýüze çykýar.

Şahsyýetiň gatnaşyklarynyň alnyp barlyş usullarynyň indiwidual aýratynlygy, nerw ulgamynyň dogabitdi aýratynlyklaryna we psihikanyň soňky dörän indiwidual özboluşlylygyna bagly bolýar. Şoňa görä-de şol bir sosial şertler we şahsyýetiň şol şertler netijesinde dörän sosial-tipiki gatnaşyklary gylygyň düýbünden başga-başga indiwidual-özboluşly alamatlaryny kesgitleýär. Başga bir tarapdan, psihikanyň şol bir indiwidual aýratynlygy şahsyýetiň dürli, hat-da gapma-garşylykly gatnaşyklarynda bolup bilýär. Wyždanly we wyždansyz adamlaryň hereketlerinde gallawlyk ýa-da asudalyk, çydamlylyk ýa-da sabyrlylyk bolup biler. Şonuň üçin-de psihikanyň şeýle indiwidual aýratynlyklary diňe şahsyýetiň degişli sosial-tipiki gatnaşyklary bilen utgaşýan ýagdaýynda adamyň gylygyny kesgitleýär. Bu babatda psihikanyň indiwidual aýratynlyklarynyň arasynda temperament möhüm ähmiýete eýedir.

**Gylyk we temperament.** Gylygyň we temperamentiň özara baglanyşygy olaryň fiziologik esaslary bilen kesgitlenýär. Ýokarda görkezilişi ýaly, nerw ulgamynyň tipi gylygyň daşky alamatlaryny düzýän hereketleriň indiwidual özboluşlylygyna täsir edýär. Temperament hem gylyga onuň daşky özüni alyp baryş tarapy boýunça täsir edýär. Temperamentiň tipine baglylykda hereketleriň käbir häsiýetli usullary güýçli ýa-da gowşak, daşky we içki meýillerde, çalt ýa-da haýal, ýeňil ýa-da kynlyk bilen döräp biler. Öň aýdylyşy ýaly, sözleşmäge meýil bolan ýagdaýda sangwinikler adatça sözi ilki başlap, flegmatikler bu babatda has passiw bolýarlar. Olar öz pikirleri, duýgulary barada ýoldaşlaryna göwünjeň gürrüň berip, pikirlerini bölüşseler-de, bu zady öz başlangyçlary bilen örän seýrek amala aşyrýarlar. Sangwinikler çalt täze tanyşlyk açyp, şeýle çaltlykda hem köne dostlugyny bes edýärler. Flegmatikler kynlyk bilen tanşyp, ondan uly kynlyk bilen aýrylyşýarlar. Gylygyň alamatlarynyň şeýle wagt tapawutlylygyndaky daşky ýüze çykyşyny dinamiki aýratynlyk diýip atlandyrmak bolar. Gylygyň dinamiki aýratynlyklary temperamentiň häsiýetlerine bagly bolýar.

Temperamentiň roly diňe şu aýdylanlara syrykdyrylmaýar. Görşümiz ýaly, nerw ulgamynyň häsiýetleri şertli reflektsleriň belli

bir ulgamynyň döremegine ýardam edip ýa-da päsgel berip bilýär; bu şertli refleksler bolsa gylygyň fiziologik esasyny düzýärler. Şonuň üçin-de temperament gylygyň käbir alamatlarynyň döremegini ýeňilleşdirip ýa-da kynlaşdyryp bilýär. Meselem, amatsyz şertlerde melanholik holerige garanda has çalt gorkak bolup bilýär. Munuň tersine, amatly şertlerde bolsa batyr bolmak melanholige garanda holerige has ýeňildir. Şol bir wagtyň özünde temperamentiň hiç bir tipi gös-göni batyrlygy ýa-da gorkaklygy we gylygyň beýleki görnüşlerini döredip bilmeýär.

**Gylyk we iş.** Ösüşiň sosial şertleri, terbiýe we olaryň psihikanyň dogabitdi indiwidual aýratynlyklary bilen özara baglanyşygy gylygy gös-göni kemala getirmeýärler. Bu şertler gylygy diňe adamyň işiniň üsti bilen döredýär. Adamyň hereketlerine we özüni alyp barşyna baglylykda, şol bir sosial şertlerde we indiwidiň dogabitdi aýratynlyklarynda dürli gylyk alamatlary döreýär.

Bu ýagdaý gomozigot ekizleriň bir maşgalada gylygynyň kemala gelşini öwrenmekde has aýdyň ýüze çykýar. Meselem, ekizleriň biri adatça köp zatda işjeň, ugurtapyjy bolýar. Beýlekisi oňa tabyn, passiw bolýar. Bu tapawudy ata-eneleriň ekizlere, onda-da bir jynsa degişli ekizlere dürli garaýyşlary boýunça düşündirmäge esas ýokdur. Munuň sebäbini başga zatdan gözlemeli.

Kähalatlarda tötänlikde ekizleriň biri beýlekisine kömek etmeli ýa-da işe ilki girişmeli, kynçylykda işjeň hereket etmeli bolýar. Eger-de şeýle tötänleýin hereket uly täsir edip, çuň duýgular döretse, ol gylygyň üýtgemegine sebäp bolýar.

Hereketleriň we özüňi alyp barşyň tapawudy bu ýagdaýlarda tötänleýin hadysalara bagly bolýandygy sebäpli bir maşgalada terbiýelenýän gomozigot ekizleriň gylygyndaky tapawut ujypsyz bolýar. Eger-de şeýle tapawutlar jemgyýet kanunly şertlere bagly bolsa, onda gylygykdaky tapawut has düýpli we köp taraplaýyn bolýar.

Diýmek gylygyň ösüşi adamyň aktiw işinde onuň hereketlerine we özüni alyp barşyna baglylykda amala aşýar.

Çaganyň aktiw işiniň özboluşlylygy onuň ýaş aýratynlygy bilen kesgitlenýär. Mekdebe çenli ýaşda gylygyň ösüşinde oýun işi çaga

oýnunyň sýužeti, oýun rollary, çagalaryň oýundaky özara gatnaşygy esasy rol oýnaýar. Eýýäm uly mekdebe çenli ýaşda zähmet ýumuşlarynyň we didaktiki sapaklaryň terbiýeçilik ähmiýeti ýokary bolýar. Mekdepde gylygyň kemala gelşi ilki bilen okuw işinde, soňra bolsa esasan mekdebiň ýanyndaky uçastokda we okuw ussahanasyndaky zähmet işinde amala aşyrylýar. Uly adamlarda bolsa gylygyň kemala gelşinde esasy rol zähmet işine degişlidir.

Gylygyň kemla gelmeginde aktiw işiň roly onda hereketleriň usullarynyň döreýändigi bilen düşündirilýär; hereketleriň usullary bolsa, bilşimiz ýaly, gylygyň ýüze çykyş görnüşini emele getirýär. Ýöne adamyň iş prosesinde ulanýan hereketleriniň durnukly we hemişelik bolup, tipiki şertlerde ýüze çykmagy üçin, olar awtomatlaşan häsiýetde bolmalydyr. Hereketleriň usullarynyň awtomatlaşmagy gylygyň fiziologik esasy bolan şertli refleksleriň dinamiki stereotipiniň döremegi bilen bagly bolan funksional ýagdaýy netijesinde döreýär. Awtomatlaşan usullar dartgynly ýagdaýda çalt netijä gelmekligi we aýgytly hereket etmeli ýagdaýda adamyň ikirjiňlenmän işe girişmegini üpjün edýär. Adam gark bolýany halas etmek üçin, howpdan heder etmän, özüni suwa urýar, önümçilikdäki awariýanyň öňüni almaga ylgaýar. Eýsem şeýle awtomatizmler nähili döreýär? Munuň birnäçe psihologik mehanizmleri bolup, olaryň biri – endiklerdir. Zähmetsöýerlik gylyk hökmünde diňe zähmete bolan endikler esasynda ýüze çykýar. Sapýüreklilik özüňi alyp barşyň degişli endikleri bolmasa ýüze çykyp bilmeýär. Endikler şol bir hereketleriň birnäçe gezek gaýtalanmagy netijesinde döreýärler. Diýmek, gylygyň kemala gelşiniň möhüm şertleriniň biri – degişli hereketlerde üznüksiz türgenleşmekdir.

Emma endikler diňe şahsyýetiň aňly gatnaşyklary bilen utgaşan ýagdaýynda gylygyň sypatlaryna öwrülýärler. Meselem, çagany işlemäge mejbur edip, her bir ýumşy bitirmedik ýagdaýynda oňa çäre görüp, onda zähmete endik döredip bolar. Ýöne eger-de zähmet çaga hiç hili şatlyk getirmese, belli bir höwes döretmese, biz onda zähmetsöýerligi gylyk hökmünde terbiýeläp bilmeris.

**Gylygy kemala getirmekde öýkünmegiň roly. Hereketleriň usullarynyň awtomatlaşmagynyň başga bir çeşmesi – öýkünmekdir. Onuň gylygy kemala getirmekdäki roly täsirli**

**hereketleriň, özüňi alyp barşyň adamyň emosional duýgularyna edýän täsirleri bilen düşündirilýär. Eger-de adama duýgudaşlyk bilen ýylgyrsaň, oňa ýigrençli seretmek kyn bolýar. Munuň tersine, gödek, gaharly sözleşýän adamyňa hoşniýetlilik, söýgi bilen seretmek kyndyr. Şonuň üçin-de eger-de çaga öýkünmek esasynda gowy adamlaryň hereketlerini, özüni alyp baryş aýratynlyklaryny (ýüzüniň nuranalygy, sesiň mylaýymlygy we ş.m.) özleşdirip, olary endik edinse, onda onuň içki dünýäsi hem düýpli üýtgeýär.**

Ýöne daşky hereketlere öýkünmek esasynda diňe hereketleriň awtomatizmleriniň döreýändigi üçin bu usul gylygyň kemala gelşinde esasy şert däldir. Öýkünmek haçan-da nusga hökmünde kabul edilýän özüňi alyp barşyň belli, bir görnüşine şahsyýetiň belli bir gatnaşyklary esasynda ugrukdyrylan ýagdaýda gylygyň döretmeginiň şertine öwrülýär. Bu babatda hormatlanýan mugallymyňa ýa-da edebiýat gahrymanyňa, taryhy şahsa öýkünmegiň gylykda düýpli üýtgeşiklik döredýändigi mälimdir. Meselem, Beýik Watançylyk urşy döwründe türkmen esgerlerinde gaýduwsyzlygyň döremeginde olaryň öz ýanynda göterýän “Görogly” şadessany uly rol oýnapdyr.

**Gylyk we berkidilen gönükdirilme.** Gylygyň ösüşinde psihologik mehanizmi gönükdirilmäniň-ustanowkanyň ähmiýeti uludyr. Gönükdirilme adamyň bitewi we awtomatik ýagdaýda belli bir psihiki işe meýilli bolmagydyr. Endiklerden tapawutlylykda, gönükdirilme diňe bir hereketlerde däl-de, eýsem adamyň belli bir kabul edişe, ýada ornaşdyrmaklyga, hyýala, pikire we belli bir emosional, erk reaksiýalaryna bolan taýýarlygydyr.

Gylygyň gelip çykyşynyň gönükdirilmäniň döreýşine baglylygyny ýüze çykarmak boýunça derňewleriň maglumatlaryna görä gylygyň belli bir alamatlaryna gönükdirilmäniň laboratoriýa synagynda görüş, syzyş, hereketi kabul edişlerinde ýüze çykýan aýratynlyklary gabat gelýär. Meselem, gylygy bitewi, sazlaşykly bolan adamlarda berkidilen gönükdirilme çalt döreýär. Munuň tersine, durnuksyz we gapma-garşylykly gylykly, hereketleri ujypsyz sebäplere görä döreýän impulsiw adamlarda berkidilen gönükdirilme, adatça, emele gelmän, döräýse-de 1-2 gezek bolup, çalt ýitip gidýär.

Edil beýleki awtomatizmler ýaly, gönükdirilmäniň döreýşi-de diňe şahsyýetiň aňly gatnaşygy bilen utgaşan ýagdaýynda gylygyň kemala gelmegine ýardam edýär.

Awtomatizmiň döreýşi endiklerden tapawutlydyr. Ol diňe bir işi köp gezek gaýtalamak esasynda däl-de, güýçli emosional duýgular bilen utgaşyp, bir gezek ýüze çykan ýagdaýyň esasynda hem döräp bilýär. Şonuň üçin-de gylygyň üýtgemegi kähalatlarda durmuş şertleriniň duýdansyz, düýpli özgermegi netijesinde ýüze çykýar.

**Gylygyň döreýşinde konflikt ýagdaýlarynyň roly.** Ýokarda aýdylanlar bilen baglanyşyklylykda gylygyň döreýşinde konflikt ýagdaýlary belli bir ähmiýete eýe bolýar. Derňewleriň görkezişi boýunça gylygyň düýpli özgerşini döredýän şeýle konfliktler irki döwürde çaganyň başga bir mekdebe geçirilmegi ýa-da mekdebiň we maşgalanyň çaga bildirýän talaplarynyň gapma-garşylykly utgaşmagy bilen baglanyşykly bolýar. Gylyk konfliktli, kyn ýagdaýlarda diňe bir has aýdyň ýüze çykman, eýsem bu şertlerde kemala gelýär.

Gylygyň kemala gelşi çagalyk döwri bilen çäklenmän, adamyň bütin ömrüniň dowamynda bolup geçýär. Derňewleriň maglumatlaryna görä, 25 ýaşdan 55 ýaş aralygynda sorag edilen adamlaryň 78%-i özleriniň gylygynyň belli bir derejede üýtgeýändigini belleýärler. Ýetginjeklik döwründe we uly adamlarda durmuşyň öwrümli, dartgynly pursatlarynda edilen hereketler gylygyň üýtgemeginde esasy rol oýnaýar. Bu babatda gylygyň agyr hasratdan soň üýtgemegi bellemäge mynasypdyr. Şol bir daşky şertlerde, meselem, inwalidlige uçramak, adalatsyzlygy başdan geçirmek, dürli adamlarda gylygyň dürli üýtgeşmegini döredýär. Bir topar adamlar bu ýagdaýda gazaplanyp, adamlardan çetleşip, ahlak sypatlaryny has peseldýärler. Beýlekiler munuň tersine, has mylaýym, döwtalap bolup, işjeňligini ýokarlandyryp, höweslerini artdyrýarlar.

Bu tapawutlylyklar adamyň konflikt ýagdaýdan nähili çykalga tapandygyna, özüňi alyp barşyň nähili görnüşini saýlap alandygyna bagly bolýar. Şeýle ýagdaýlarda adamyň haýsy ugry saýlap alýandygy onuň öňki durmuş tejribesi, şahsyýeti, ösüş aýratynlygy bilen döredilýär. Emma has amatly şertlerde hem daşky we içki

faktorlaryň çäksiz dürli görnüşde utgaşmagy şol bir adamda özüňi alyp barşyň dürli görnüşlerini döretmegi mümkindir.

Adam bütin ömrüniň dowamynda öz hereketleriniň, aňly işiniň esasynda öz gylygyny kemala getirýär.

# 18-nji BAP

# Ukyplar

## § 1. Ukyplar hakynda düşünje

Ukyp gylyk bilen bir hatarda şahsyýetiň umumy sypatyny düzýär. Ukyp adaty psihologik hadysalara mahsus bolmadyk aýratynlygy özünde jemleýär : özüniň ýüze çykyşynda, bir tarapdan, ýokary derejedäki aýanlyk bolup, ikinji tarapdan bu aýanlyk onuň özüne doly degişli däldir. Ukybyň has ýokary ösen derejesinde (zehin, talant) onuň esasynda bitirilýän iş, ýumşuň çözgüdiniň diňe ony amal edýäne degişlidigi hiç hili şubhe döretmeýän bolsa, kemala gelýän şahsyýetiň gazanýan iş netijelerinde çözgüdiň haýsy böleginiň ulyp, haýsysynyň bolsa kesekä öýkünme, ýat tutma esasynda ýetilýändigini anyklamak ýeňil däldir. Diýeli, iki talyp sapakda takmynan bir meňzeş jogap berýär. emma mugallym olaryň jogaplaryna dürli baha berýär: birini öwýär, beýlekisinden nägile bolýar. "Olaryň ukyplary birmeňzeş däl. Ikinji talyp has gowy jogap berip bilerdi" diýip, mugallym öz pikirini düşündirýär. Iki dalaşgär instituta girýär. Olaryň biri giriş synaglardan geçip, beýlekisi şowsuzlyga uçraýar. Eýsem bu ýagdaý olaryň biriniň ukyply, beýlekisiniň bolsa ukypsyzdygyny aňladýarmy? Bu soraga jogap bermek üçin olaryň her biriniň taýýarlanmaga näçe wagt sarp edendigini anyklamaly bolýar. Ukyplar diňe bir üstünlik gazanmakda ýa-da bilimleri özleşdirmekde gös-göni ýüze çykmaýar.

Ukyplar – munuň özi bilimleri, başarnyklary, endikleri özleşdirmegiň möhüm serişdesi bolup durýan, şol bir wagtyň özünde bolsa adamyň bilimlerine, başarnyklaryna we endiklerine syrykdyrylmaýan psihologik aýratynlyklarydyr. Bu nukdaýnazardan synagda alnan baha, tagtanyň öňünde berlen jogap, şowly ýa-da şowsyz işlenen barlag iş adamyň ukyplary dogrusynda gös-göni maglumat bermeýärler. Psihologik derňewleriň, pedagogik tejribäniň görkezişi boýunça kähalatlarda ilki-ilkiler hiç zady başarmaýan

adamlar okadylyş netijesinde endikleri we başarnyklary çalt özleşdirip, beýlekilerden ozýar we has ukyply bolýar. Ukyplar bilimleri, başarnyklary, endikleri özleşdirmekde ýüze çykyp, şol bir wagtyň özünde bolsa bilim-başarnyklara syrykdyrylmaýar. Ukyplar we bilimler, ukyplar we başarnyklar, ukyplar we endikler biri-birlerine gös-göni gabat gelmeýärler.

Bilimlere, başarnyklara we endiklere degişlilikde ukyplar mümkinçilik hökmünde bolýar. Edil topraga sepilen dänäniň ondan dörejek sümbüle mümkinçilik bolup, onuň diňe topragyň amatly düzümi – çyglygy, howa we beýleki şertleri bolanda hakykata öwrülişi ýaly, adamyň ukyplary-da bilimleri we başarnyklary edinmek üçin diňe mümkinçilik bolup durýar. Bu bilimleriň, başarnyklaryň özleşdirilmegi, mümkinçiligiň hakykata öwrülmegi köp şertlere bagly bolýar: meselem, beýleki adamlaryň (maşgalada, mekdepde, kollektiwde) bu adamyň bilim, başarnyk özleşdirmegine ýardam etmekligi; onuň okuw, zähmet işiniň göwnejaý guralmagy, okadylyşyň usuly we ş.m. ukyplar – munuň özi mümkinçilikdir, ol ýa-da beýleki işde ýetilen ussatlyk bolsa – hakykatdyr. Çagada ýüze çykýan saza bolan ukyplar entek onuň sazanda boljakdygyny kepillendirmeýär. Onuň şeýle bolmaklygy üçin ýörite okadylyş, saglyk ýagdaýy, saz guralynyň, notalaryň we köp sanly başga şertleriň bolmagy zerurdyr. Olar bolmasa, ukyplar ýitip gidýär.

Psihologiýa ukyplaryň işiň möhüm düzüjileri bolup durýan bilimler, başarnyklar we endikler bilen meňzeşligini inkär edip, olaryň aýrylmaz birligini nygtaýar. Ukyplar diňe işde, onda-da hut ukyplar bolmasa amala aşyrylmagy mümkin bolmadyk işde ýüze çykýar. Surat çekdirmäge, okatmaga, öwretmäge synanyşmazdan, ol ýa-da beýleki adamyň surata bolan ukyby hakynda gürrüň etmek bolmaz. Diňe şekillendiriş işiniň endiklerini özleşdirmek prosesinde onuň bu ukyby hakynda gürrüň edip bolar. Bu prosesde onuň işiň usullaryny çalt we ýeňillik bilen özleşdirmegi, reňk gatnaşyklaryny, daşky dünýädäki gözelligi kabul edip bilmegi ukyplylygyň alamatlary bolýar.

Pedagogyň esasy psihologik ýalňyşlyklarynyň biri onuň düýpli barlag, gözegçilik etmezden, ol ýa-da beýleki okuwçynyň, talybyň ukypsyzlygy dogrusynda netijä gelmekligidir. Bu

ýagdaýlarda okuwçyda zerur başarnyklaryň we endikleriň, şeýle hem işiň özleşdirilen usullarynyň ýoklugy onuň ukyplarynyň bardygyna şübhe döredýär. Durmuşda ýaş wagtynda özünde bar bolan ukyplaryna goldaw tapman, soň-soňlar uly şöhrat gazanan adamlar köpdür. Albert Eýnşteýn orta mekdepde adaty okuwçy hökmünde görülip, onuň gelejekki şöhraty hakynda hiç kim pikir-de etmändir.

Eýsem ukyplaryň we başarnyklaryň, bilimleriň, endikleriň birligi nämede ýüze çykýar? Ukyplar bilimleriň, başarnyklaryň gös-göni özünde ýüze çykman, olary özleşdirmegiň dinamikasynda, ýagny adamyň beýlekilere garanda şol bir bilimleri, başarnyklary çalt, düýpli, ýeňil we berk özleşdirmeginde ýüze çykýar. Hut şu prosesde döreýän tapawutlylyk ukyplaryň esasyny düzýär.

Diýmek, ukyplar – munuň özi işi üstünlikli amala aşyrmagyň möhüm şerti bolup durýan we onuň üçin zerur bolan bilimleri, başarnyklary we endikleri özleşdirmegiň dinamikasynda tapawut döredýän şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlyklarydyr. Eger-de şahsyýetiň belli bir häsiýetleri haýsy-da bolsa bir işi zerur bolan wagt aralygynda üstünlikli özleşdirmäge mümkinçilik berýän bolsa, onda bu adamda şol işe bolan ukyplaryň bardygyny aňladýar. Eger-de beýleki bir adam hut şeýle şertlerde bu işi özleşdirip bilmeýän bolsa, onda biz onuň degişli ukyplarynyň ýoklugy hakynda netijä gelip bileris. Ukyplaryň ýoklugy adamyň bu işe degişli bilimleri, başarnyklary düýbünden özleşdirip bilmeýändigini aňlatman, diňe özleşdirmegiň uzaga çekýändigini, mugallymlaryň has köp güýç we wagt sarp etmeginde ujypsyz netije gazanylýandygyny aňladýar. Başga bir tarapdan bu ýagdaý ukyplaryň wagtyň geçmegi bilen ösüp biljekdigini aňladýar.

Şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlyklary hökmünde ukyplar onuň beýleki häsiýetlerine – pikirine, ýadynyň aýratynlyklaryna, häsiýetiniň alamatlaryna, emosional ýagdaýlaryna we ş.m. garşy goýulmaýar we olar bilen bir hatarda hem goýulmaýar. Eger-de bu agzalan psihologik häsiýetler işi üstünlikli amala aşyrmaga mümkinçilik berýän bolsa, onda bu indiwidual psihologik aýratynlyga hem ukyp hökmünde garalyp bilner.

## § 2. Ukyplaryň hil we mukdar häsiýetnamalary

Ukyplar indiwidual psihologik aýratynlyklar hökmünde bir adamy beýleki bir adamdan tapawutlandyrýar. Bu her bir adamdan ukyplaryna görä iş-netije talap edilmelidigini aňladýar. Şol bir wagtyň özünde bu pikir her bir adamdan deň netijä garaşmaly däldigini, adamlaryň ukyplary boýunça biri-birinden tapawutlanýandygyny aňladýar. .

Şonuň üçin-de ukyplar hakynda gürrüň edilende bu tapawutlary göz öňünde tutmak zerurdyr. Bu tapawutlyklar hil we mukdar häsiýetli bolýar. Mugallym üçin, bir tarapdan, okuwçynyň nämä ukyplydygyny, ýagny onuň şahsyýetiniň haýsy häsiýetleriniň işiň üstünligini üpjün edýändigini (ukyplaryň hil häsiýetnamasy) ýüze çykarmak möhüm bolsa, başga bir tarapdan, okuwçynyň beýlekilere garanyňda işiň talaplaryny nähili derejede kanagatlandyrýandygyny, bu işe zerur bolan bilim, başarnyklary, çalt, ýeňil we düýpli özleşdirip bilýändigine (ukyplaryň mukdar harakteristikasy) göz ýetirmek örän ähmiýetli bolup durýar.

**Ukyplaryň hil häsiýetlendirilmesi.** Ukyplaryň hil häsiýetlendirmesi adamyň işiniň üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjün edýän, onuň maksadyna dürli ýollar bilen ýetmegine mümkinçilik berýän psihologik aýratynlyklarynyň toplumyny aňladýar. Geliň, muňa guramaçylyk ukyplarynyň ýüze çykyş mysalynda syn edeliň. Synpyň mugallymlary tarapyndan oňat guramaçy diýilip häsiýetlendirilýän ekabyr okuwçysy O.B -da psihologik häsiýetleriň şeýle toplumy bar: ugurtapyjylyk, adamlaryň ýagdaýyna düşünmeklik we olara talapkär çemeleşmeklik, syn edijilik, okuwçylaryň häsiýetlerini, höweslerini we mümkinçiliklerini kesgitläp bilmeklik, kollektiwiň öňünde jogapkärçilik duýmak, kömek bermäge döwtalaplyk we ş.m. O.B-niň ukyplary beýleki synplaryň ekabyr okuwçylaryndan ýöne bir gowy ýa-da ýokary bolman, özüniň hil häsiýeti boýunça tapawutlanýar. Hut şol mekdepde parallel synpyň okuwçysy S. K. birnäçe şübheli işleriň guramaçysy hökmünde tanalýar.

Ol hem güýçli guramaçy bolup, ýöne onuň guramaçylyk ukyplary başga psihologik häsiýetleriň esasynda döreýär: ejizeganymlyk, öz toparynyň agzalarynyň gowşak taraplaryndan baryp, olary gysmak, öz haýryňa işletmek, hökümýöredijilik, gözsüz batyrlyk we ş.m.

Diýmek, işde birmeňzeş netije gazanmaga dürli ukyplaryň esasynda ýetilip bilinýär. Ukyplaryň bu häsiýeti, şahsyýetde bir ukyplaryň, başarnyklaryň beýlekileriň öwezini dolduryp bilmek mümkinçiligini görkezýär.

Ukyplarda bolan öwezini doldurmak häsiýeti göreçden, eşidişen mahrum bolan adamlary ýörite terbiýelemekde, okatmakda has aýdyň ýüze çykýar. Pedagog we psiholog I.A.Sokolýanskiý ýaş wagtynda göreçden we eşidişden aýrylan kör hem-de ker Olga Skorohodawany okadyp, ondaky ylmy işe[1], edebi döredijilige bolan ukyplary ösdürýär. Olgada edebi talantyň bardygyny hut A.M.Gorkiniň özi tassyklap, onuň bilen uzak wagtlap hat alşypdyr. Usuly jähtden dogry guralan okadylyş we uly zähmetsöýerlik O.I. Skorohodowa ýokary duýgurlygy, ys almaklygy, wibrasiýany üpjün edýän analizatorlary ösdürmäge we onuň netijesinde belli bir derejede ýok ukyplaryň öwezini doldurmaga mümkinçilik beripdir.

Bu babatda başga mysallar hem köpdür. Psiholog B.M. Teplow adama sazçylyk ukybynyň möhüm görnüşi bolan "absolýut eşidijiligiň" ýoklugy, onda professional saz ukyplaryny ösdürmäge päsgel döretmeýändigini subut edipdir. Absolýut eşidijiligi bolmadyk adamlarda tembri eşitmek, saz aralyklaryny ýat tutmak we ş.m. ýaly häsiýetleri döretmek esasynda olarda ses belentligini tapawutlandyrmaklyga bolan ukyp, ýagny absolýut eşidijiligiň öwezini tutýan başarnyk kemala getirilipdir.

Ukyplaryň bir görnüşini ösdürmek arkaly beýlekileriň öwezini doldurmak häsiýeti her bir adamyň öňünde giň geljegi açyp, hünär saýlap almagyň we ony kämilleşdirmegiň mümkinçiligini has-da giňeldýär.

---

[1] Seret: Скороходова О.И. Как я воспринимаю и представляю окружающий мир. М., Изд-во АПН РСФСР, 1956

Diýmek, ukyplaryň hil häsiýetnamasy adamyň işiň haýsy görnüşinde (konstruktorçylyk, mugallymçylyk, söwda, sport we ş.m.) öz mümkinçiliklerini doly ulanyp, onda uly üstünlikler gazanyp bilýändigini görkezýär. Ukyplaryň hil häsiýetnamasy olaryň mukdar häsiýetnamasy bilen berk baglanyşyklydyr. Adamyň psihologik häsiýetleriniň haýsy görnüşleriniň işiň talaplaryna laýyk gelýändigini kesgitläniňden soň, olaryň adamda (onuň işdeş ýoldaşlaryna garaňda) nähili derejede ösendigini kesgitlemek mümkin.

**Ukyplaryň mukdar häsiýetlendirilmesi we olary ölçemekmeselesi.** Ukyplary mukdar taýdan ölçemek meselesi psihologiýada has irki döwürden mälimdir. Baryp XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda psihologlaryň bir topary (Kettel, Germen, Spirmen we beýlekiler) köpçülikleýin hünärler üçin adamlary seçip almak zerurlygyna jogap hökmünde, hünär öwredilýänleriň ukyplylyk derejelerini ölçemek teklibi bilen çykyş edipdirler. Bu ölçeg esasynda her bir şahsyýetiň degişli ornuny, onuň ol ýa-da beýleki hünäre, ýokary okuw mekdebinde okamaga, jemgyýetçilik durmuşda, önümçilikde, goşunda komandalyk orunlary eýelemeklige laýykdygyny kesgitlemek maksat edilip goýulýardy. Emma ukyplaryň mukdar häsiýetnamasy meselesi şol döwrüň şertlerinde özüniň ýüze çykan pursatyndan başlap iki mazmunly bolýar. Ol, bir tarapdan, zähmet adamsynyň hakyky mümkinçiliklerini obýektiw kesgitlemegi, adamyň işiniň haýsy görnüşine has ukyplydygyny anyklamagy, şonuň netijesinde bolsa oňa degişli iş tapmagy (hünäre ugrukdyrma) we şol bir işe manysyp adamlary seçip almaklyk (hünäre seçgi) niýet edinýärdi. Bu ukyplary mukdar taýdan derňemegiň progressiw tarapydyr; önümçilikde adam faktory düýbünden nazara alynmaýan döwür bilen deňeşdirilende bu ideýa has öňdebaryjy, ynsanperwer häsiýetlidir. Başga bir tarapdan, şol döwrüň şertlerinde dörän bu ideýa psihologlar tarapyndan barly synplaryň artykmaçlygyny “esaslandyrmak” üçin ulanylypdyr; psihologlaryň ölçeglerine görä bu synpyň wekilleri has ýokary ukyplylyk “görkezipdirler”. Bu ukyplary mukdar taýdan derňemegi takyk ulanmagyň adalatsyz göňçkdirilmesi bolup, ilkibaşdaky oňyn ideýanyň sosial deňsizligi esaslandyrmaga tabyn edilmegidir.

Baryp şol wagtlar ukyplary ölçemek üçin akyl ukyplylygynyň testlerinden peýdalanypdyrlar. Bu testleriň kömegi bilen birnäçe ýurtlarda (ABŞ, Angliýa we beýlekiler) ukyplary ölçemek we onuň esasynda okuwçylary mekdeplerde deňleşdirilen synplarda okatmak, goşunda ofiserlik orunlaryny, senagatda ýolbaşçylary çalşyrmak we ş.m. amala aşyrylýar. Meselem, Welikobritaniýada, test synaglary esasynda okuwçylary olara uniwersitete girmäge hukuk berýän grammatiki mekdeplere (tehniki we häzirki zaman mekdeplerinden tapawutly) salynýar.

Özüniň mazmuny boýunça akyl ukyplylygynyň testleri birnäçe soragdan ýa-da mysallardan ybarat bolup, olary belli bie wagt aralygynda üstünlikli çözmeklik ball boýunça hasaplanýar. İne iňlis mekdeplerinde on bir ýaşly çagalaryň akyl ukyplaryny kesgitlemeklige niýetlenip düzülen testleriň biri: synag edilýän çaga sorag berilýär: "Pýotr Jeýmsden uzyn, Edward Pýotrdan pes. Olaryň haýsysy uzyn?" we degişli jogaplaryň aşagyny çyzmak soralýar: 1) Pýotr; 2) Edward; 3) Jeýms; 4) bilemok". Başga bir test: synag edilýän adam bäş sözüň içinden beýlekilere meňzeş bolmadyk sözi saýlamaly: 1) gyzyl, ýaşyl, mawy, öl, sary; 2) ýa-da, emma, häzir, ýöne we ş.m. Adatça testler kynçylyk derejeleri boýunça artýan düzgünde düzülýän "testleriň batareýasyna" jemlenilýär. Testler söz görnüşinde sözüsti(werbal) we dürli "labirintler", düzzümler we ş.m. hilde bolýarlar.

Çagalar "testleriň batareýasyny" çözüp bolanlaryndan soňra olaryň jogaplary standartlaşdyrylan usulda hasaplanylýar: her bir synag edilýäniň gazanan ballary sanalýar. Bu bolsa "akyl ukyplylygynyň koeffisiýenti" (IO ) diýip atlandyrylýan kooffisiýenti kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu ýagadaýda, meselem, on bir ýarym ýaşly çagalaryň ballarynyň ortaça jemi 120-ä golaýlaşmaly diýen ugrukmadan ugur alynýar. Bu ýerden, her bir 120 ball toplan çaganyň "akyl ýaşy" on bir ýarym ýaşa deň bolýar diýen ýönekeý netije çykýar. Şonuň esasynda "akyl ukyplylygynyň" koeffisiýenti" hasaplanylýar:

$$\text{Çaganyň akyl ukybynyň koeffisiýenti (IO)} = \frac{\text{akyl ýaşy X 100}}{\text{çaganyň hakyky ýaşy}}$$

Meselem, eger-de test ölçegi netijesinde ballaryň şol bir jemini (120) iki sany çaga (biri on ýarym ýaşly, beýlekisi on dört ýaşly) toplasa, olaryň "akyl ýaşy" on bir ýarym ýaşa deň bolup, "akyl ukyplylyk koeffisiýenti" bolsa şeýle hasaplanýar.

Birinji çaganyň $JG = \frac{11,5 X 100}{10.5} = 109.5;$

İkinji çaganyň $SQ = \frac{11,5 X 100}{14} = 82,1.$

Psihologlaryň pikiriçe "akyl ukyplylyk koeffisiýenti" ukyplaryň mukdar häsiýetnamasyny, has takygy, göýä üýtgemeýän hemmetaraplaýyn ukyplylygy ýa-da "umumy intellekti" (general intelligens) ölçeýär.

Emma "akyl ukyplylygy koefisiýenti" hemişe diňe ukyplylygy ölçemeýär. Ýokarda görkezilen ölçeg usullary adamyň intellektual ukyplaryny däl-de, onda bar bolan maglumatlary, başarnyklary we endikleri hem ýüze çykaryp biler; bilşimiz ýaly, ukyplar gös-göni başarnyklara we endiklere syrykdyrylmaýar. Bu usullarda ukyplaryň esasyny düzýän bilimleri we başarnyklary özleşdirmegiň dinamikasyny ölçemek ünssiz galdyrylýar. Bu ýagdaýda mugallymlar, repetitorlar we ene-atalar tarapyndan ýörite taýýarlanan okuwçylaryň oňat netije görkezjekdigi öz-özünden düşnükli zatdyr. Beýle mümkinçilik bolsa maşgalanyň ykdysady ýagdaýyna bagly bolýar. Şeýlelikde, akyl ukyplylygynyň testleri käbir jemgyýet gurluşynda sosial deňsizligi berkarar etmegiň guralyna öwrülýär.

Beýle diýildigi ukyplaryň mukdar häsiýetnamasy we ony dürli testler we usullar boýunça ölçemek mümkinçiliginiň inkär edildigi däldir. Ukyplaryň derejesini ölçemek meselesi beýniniň dogabitdi şikesi netijesinde akyl mümkinçilikleri pes bolan çagalary kömekçi mekdeplere saýlap almakda, şeýle hem matematika, dile, saza ukyply çagalary ýöriteleşdirilen mekdeplere çekmekde, uçarmanlary, kosmonawtlary seçmekde uly ähmiýete eýedir. Bu babatda her hili gysgawagtlaýyn synaglar geçirmäge, olaryň netijesini mukdar sanlarda aňlatmaga hiç hili garşylyk ýokdur. Ukyplary derňemeklige niýetlenen testler ylmy taýdan doly esaslandyrylyp, olaryň diňe bir

bilimleri, başarnyklary däl-de, hut ukyplary ýüze çykarýandygy aýan edilenden soň amalyýetde ulanylyp bilner.

Meşhur psiholog L.S. Wygotskiý akyl ukyplaryny ölçeýän testleriň ulanylyşynyň birtaraplaýynlygyny ýeňip geçmek üçin şeýle netijä gelýär: eger-de çaga özüne hödürlenen mysaly, ýumuşy işläp bilmese, bu onuň ukypsyzlygyny aňlatmaýar. Bu şowsuzlyk onda degişli bilimleriň we başarnyklarynyň ýokdugyna bagly bolmagy mümkin. Çaganyň akyl taýdan ösüşi öz-özünden amala aşyrylman, hemişe okadylyş prosesinde, ulularyň kömek bermeginde bolup geçýär. Şonuň üçin-de çaga özüniň özbaşdak başarmaýan zadyny ulularyň kömek bermegi netijesinde başarmagy mümkin. Bu bolsa, öz gezeginde, onuň tiz wagtda ýumşy özbaşdak çözüp biljekdigini aňladýar. Bu pikirden ugur alyp, Wygotskiý ukyplary ölçemekde çagalara ýumşy bir gezek özbaşdak hödürlemek bilen çäklenmeli däl diýen netijä gelýär. Ol synagy iki gezek geçirmegi teklip edýär. Birinji gezek – çaganyň ýumşy özbaşdak çözüşini synlamak maslahat berilýär. Bu ýagdaýda çaganyň ukyplylyk derejesi onuň ýumşy özbaşdak we ulularyň kömegi bilen işleýşiniň netijeleriniň tapawudy esasynda kesgitlenýär. Eger-de şeýle tapawut ýüze çykmasa, eger-de çaga öz deň-duşlarynyň çözýän ýumşuny ne özbaşdak, ne-de ulularyň kömegi bilen çözüp bilmese, onda onuň ukyplary pes diýen netijä gelmek bolýar. Ukyplaryň ýokarda görkezilen ýüze çykarylyş usulyny L.S. Wygotskiý **ösüşiň golaý zolagyny kesgitlemek** usuly diýip atlandyrýar.

Ukyplar işiň takyk görnüşlerinde ýüze çykyp, olaryň kemala gelşi okadyşyň we terbiýäniň prosesinde amala aşýar. Diýmek adamyň ukyplaryny kesgitlemegiň iň bir takyk usuly – çaganyň okadylyş prosesinde üstünlik gazanyşynyň dinamikasyny ýüze çykarmakdyr. Çaganyň ulularyň kömek bermeginde bilimleri we başarnyklary özleşdirýändigini, onuň bu kömegi nähili kabul edýändigini (käbir çagalar özlerine kömek berilse-de, olaryň üstünlik gazanyşy gaty ujypsyz bolup, beýleki birleri bolsa bu ýagdaýda ýokary ösüş görkezýärler) synlamak arkaly ukyplaryň derejesi, güýji barada netijä gelmek mümkin. Eger-de ähtibar ylmy talaplara laýyklykda düzülen psihologik testlerde adamyň ösüşiniň möhüm şertlerini modelleşdirmek hem-de bilim we başarnyk almagyň

dinamikasyny özleşdirmek başartsa, onda şeýle synaglar adamyň ukyplarynyň derejesini has çalt ölçemäge we san taýdan aýan etmäge hem-de şonuň bilen olaryň ösdürilişine amaly kömek etmäge mümkinçilik berer. Emma bu halatda hem şahsyýetiň ukyplaryny derňemek üçin ulanylýan testler ylmy taýdan esaslandyrylan-da bolsa, olary beýleki usullar bilen utgaşyk ulanmak maslahat berilýär.

## § 3. Ukyplaryň gurluşy

Adamyň işi (zähmet, sport, okuw we ş.m.) özüniň özleşdiriliş prosesinde onuň psihologik häsiýetlerine (akylyna, emosional-erk ulgamyna, duýgy, hereket aýratynlyklaryna) ýokary talaplar birldirýär. Bu talaplary psihologik häsiýetleriň haýsy-da bolsa diňe biri kanagatlandyryp bilmeýär. Şonuň üçin-de aýry-aýry psihologik alamatlar näçe derejede ösen-de bolsa, olary özbaşdaklygyna ukyp hasaplamak bolmaz. Ukyplar çylşyrymly gurluşdan durýan psihiki häsiýetleriň toplumydyr.

Ukyp hökmünde ýüze çykýan psihiki häsiýetleriň toplumynyň gurluşy işiň takyk görnüşiniň talaplary bilen kesgitlenýär. Meselem, matematika bolan ukyplar şeýle bölekleýin ukyplary özünde jemleýär: matematiki materialy jemlemäge bolan ukyp, matematiki pikir ýöretmeler we olara degişli hereketleriň prosesini gysbylamak (pikir ýöretmeleriň köp zwenoly yzygiderliligi gysga baglanyşyk bilen çalşylýar, kähalatlarda baglanyşyk şeýle gysgalyp, mysaly kabul etmek bilen, gös-göni onuň netijesini aýtmaklyga çenli baryp ýetýär), pikirlenme prosesini öwürmek ukyby (pikir ýöretmegiň göni ugruny çalt, onuň ters ugry bilen çalşyrmak), matematiki mysallar işlemekde pikirlenme prosesleriniň çeýeligi we beýlekiler. Edebiýata bolan ukyplaryň gurluşy estetik duýgularyň ýokary derejesini, aýdyň keşp ýadyň bolmagyny, “dili duýmaklygy”, baý fantaziýany, adamlaryň psohologiýasyna uly höwesiň bolmagyny, öz mertebäňi saklamaklyga ymtylyşy we beýlekileri öz içine alýar. Pedagogik, konstruktorçylyk, sazandalyk, lukmançylyk ukyplaryň-da özboluşly gurluşy bardyr. Adamyň özboluşly ukyplarynyň gurluşyny bilmek

pedagoga okadyş prosesini olaryň hil we mukdar aýratynlyklaryna laýyklykda guramaga mümkinçilik berýär.

Ukybyň gurluşyny düzýän şahsyýetiň häsiýetleriniň arasynda esasy we kömekçi düzüjileri bolýar. Meselem, pedagogik ukyplaryň gurluşynda esasy häsiýetlere pedagogik takt(salyhatlylyk), synlaýjylyk, çagalara söýgi we olara talapgärlik, bilim öwretmeklige höwes, guramaçylyk ukyplary degişlidir. Kömekçi häsiýetlere – artistlik, oratorçylyk-suhangöýlik ukyplary we beýlekiler girýär. Pedagogik ukuplaryň esasy we kömekçi häsiýeti özara baglanyşykly bolup, olar okadyşy üstünlikli we mugallymyň şahsyýetine laýyklykda indiwidual guramagy üpjün edýär.

Dürli ukyplaryň takyk psihologik häsiýetnamasynda işiň birnäçe görnüşleriniň talaplaryny kanagatlandyrýan has umumy häsiýetleri we şol bir işiň çäkli talaplaryna laýyk gelýän ýörite häsiýetleri ýüze çykarmak bolýar. Käbir adamlaryň ukyplarynyň gurluşynda bu umumy häsiýetler has güýçli ösen bolup, olary işiň dürli görnüşlerini üstünlikli ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän köptaraplaýyn, umumy ukyplar diýip atlandyrmak bolar. Ýöne, bu umumy ukyplar ýörite ukyplara garşy goýulmaly däldir. Käbir psihologlar göýä akyl ukyplaryny ölçeýän testler netijesinde aýan edip bolýan "umumy" zehinliligi öňden berlen faktor hökmünde ýüze çykarmaga synanyşýarlar.

Umumy ukyplar ýa-da şahsyýetiň umumy häsiýetleri takyk psihologik hadysalar bolup, olar psihologlar tarapyndan öwrenilip başlandy.

I.P. Pawlow tarapyndan esaslandyrylan, işiň takyk görnüşinde başarjaňlyk hökmünde ýüze çykýan adamlaryň üç tipini-de umumy ukyplara goşmak bolar. Bu tipler "çeper häsiýetli", "pikir häsiýetli" we "orta" diýip atlandyrylyp, nerw ulgamynda iki signal ulgamynyň dürli utgaşmalary esasynda döreýär. Eger-de adamda birinji signal ulgamy agdyklyk edýän bolsa, ol "çeper häsiýetli" tipe, ikinji signal ulgamy ösen ýagdaýynda bolsa "pikir häsiýetli" tipe degişli bolýar. Olaryň deň möçberliligi "orta" tipi döredýär.

"Çeper häsiýetli" tipe daşky hadysalaryň gös-göni täsirleri netijesinde döreýän keşpleriň ýitiligi, aýdyňlygy mahsus bolýar. "Pikir häsiýetli" tipe bolsa abstraksiýa, logiki pikir ýöretme, nazaaryýete ýykgyn

etmeklik mahsusdyr. Emma adamyň “çeper häsiýetli” tipe degişliligi, onuň hökman suratkeş bolmalydygyny aňlatmaýar. Ýöne bu tipe degişli adama beýlekilere garaňda işiň çeper keşpliligi, hadysalara emosional we fantaziýa bilen çemeleşmegi talap edýän görnüşlerini özleşdipmek ýeňil düşýär. Şonuň üçin-de suratkeşleriň aglabasynyň (surat çekijiler, skulptorlar, sazandalar, aktýorlar we ş.m.) şu tipe degişlidigi tötänden däldir. “Pikir häsiýetli” tipiň aýratynlyklary abstrakt material, düşünjeler, matematiki aňlatmalar bilen baglanyşykly işiň görnüşini ýeňil özleşdirmäge mümkinçilik berýär. Bu häsiýetler matematikleriň, filosoflaryň,fizikleriň, dilçileriň işinde uly rol oýnaýar.

Ýöne adamda “çeper häsiýetli” tipiň bolmagy onuň pikir, akyl ýetmezligini aňlatmaýar. Bu babatda diňe psihikanyň keşp komponentiniň pikirlenme komponentinden otnositel agdaklyk edýändigini göz öňünde tutmalydyr. Umuman adamda ikinji signal ulgamy birinji signal ulgamyndan agdaklyk edýär. Adamyň zähmet işi hemişe pikir, sözleýiş arkaly edara edilýär. Şonuň üçin-de birinji signal ulgamynyň adamda absolýut agdaklyk etmegi diňe düýş görmekde ýüze çykyp biler. Diňe dňýş görmekde belli bir kadasy bolmadyk, pikirlenme arkaly dolandyrylmaýan, ýokary emosional joşgunly we kadasyz keşplilige duş gelmek bolýar.

Eýsem bir signal ulgamynyň beýlekiden otnositel agdaklyk etmegi nämäni aňladýar? Eger-de ikinji signal ulgamyny $S_2$, birinji signal ulgamyny bolsa $S_1$ diýip belläp, ikinji signal ulgamynyň absolýut agdaklyk etmegini matematiki taýdan aňlatsak, onda bu baglanyşyk şeýle görnüşde bolardy: $S_2 > S_1$.. Birinji signal ulgamynyň ikinjiden otnositel agdaklyk etmegini (“çeper tip”) şeýle aňladyp bolar: $S_2 > S_1 + т$ (bu ýerde т – bu tipiň özboluşlylygyny düzýän dünýäni emosional we keşpde şöhlelendirmegiň gurluş aýratynlyklarydyr). Öz gezeginde adamyň “pikirlenme tipini” şeýle aňlatmak bolar: $S_2 + п > S_1$ (bu ýerde p – şu tipi beýlekilerden tapawutlandyrýan dünýä abstragirleýji garaýşyň gurluş aýratynlyklarydyr). Bu çylşyrymly bolmadyk matematiki baglanyşyklar bir signal ulgamynyň beýlekiden otnositel agdaklyk etmegini absolýut agdaklyk etmek bilen çalşyrmaly däldigini görkezýär. Şonuň üçin-de, meselem, çeper tipiň wekilleri özleriniň

özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýan-da bolsa, olaryň intellekti beýleki tiplere degişli adamlaryňkydan pes däldir.

Şeýlelikde, her bir takyk ukybyň gurluşy şahsyýetiň işiň şu görnüşine taýýarlygy hökmünde ýokary çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Bu gurluş häsiýetleriň toplumyny özüne birikdirip, olaryň içinde esasy we kömekçi, umumy we ýörite görnüşleri bardyr.

## § 4. Talant, onuň gurluşy we döreýşi

**Talantyň taryhy - jemgyýetçilik tebigaty.** Ukyplaryň ýokary derejede ösüşi talant diýip atlandyrylýar. Adama haýsy-da bolsa bir çylşyrymly işi üstünlikli, özbaşdak we özboluşly ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän ukyplaryň toplumyna talant diýilýär.

Ukyplar ýaly talant hem ussatlyga, döredijilik üstünligine ýetmek üçin diňe bir mümkinçilik bolup durýar. Emma döredijilik üstünligi esasan adamlaryň ýaşaýşynyň jemgyýetçilik-taryhy şertleri bilen kesgitlenilýär. Eger jemgyýetde talantly adamlara zerurlyk döräp, olaryň ösüşi üçin degişli şertler taýýarlansa, onda şeýle adamlaryň ýetişmegine mümkinçilik emele gelýär.

Şonuň üçin-de ylymda, sungatda we sosial durmuşda ýokary üstünlikler gazanmaga potensial mümkinçilik hökmünde talant bilen bu mümkinçiligi jemgyýetiň maddy we ruhy medeniýetiniň önümlerinde amala aşyrmaklygy gatyşdyrmaly däldir. Adamy adamyň ekspluatirlemegine esaslanýan jemgyýetde köp talantlar degişli sosial-ykdysady şertler ýoklugy sebäpli ösmän galýar. Jemgyýetiň birnäçe taryhy görnüşleri (gulçulyk, feodal) giň halk köpçüliginde talantyň ösmegine böwet bolupdyr. Talantlaryň ösüşi jemgyýet arkaly döredilýär. Ukyplaryň haýsy görnüşiniň has giň gerim bilen ösmegi döwrüň islegi, döwletiň öňde goýýan takyk wezipeleri arkaly kesgitlenýär. Uruş döwründe serkerdelik talantlar, parahatçylyk döwründe bolsa inženerçilik, konstruktorçylyk we ş.m. talantlar güýçli ösýär.

Adalat jemgyýeti beýleki ähli jemgyýetiň ähli beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda, öz raýatlarynyň ukyp-talantlarynyň hemmetaraplaýyn ösmegine şert döredýär. Bu mümkinçilik halk

magaryf ulgamy, ylmyň we medeniýetiniň ýokary derejede ösüşi, jemgyýeti gurýan halkyň ähli jemgyýetçilik gurluşy bilen döredilýär.

**Talantyň gurluşy.** Talant ukyplaryň toplumydyr. Ýeke-täk ukyp, örän ýokary derejede ösen ýagdaýynda hem talant bolup bilmeýär. Munuň şeýledigini ýat tutjaklygy çenden ýokary bolan adamlarda geçirilen synaglar tassyklaýar. Asyrymyzyň 20-nji ýyllaryň ortalyrynyň 50-nji ýyllaryň ahyrlaryna çenli moskwaly psihologlaryň bir topary öň gürrüňi edilen (seret: 13-nji bap) S.Ş. diýen adamda eksperiment geçirdiler. S.Ş-nyň üýtgeşik ýady bolupdyr. Emma ol özüniň şeýle ajaýyp ýat tutujylygyny stenada görkezmekden başga hiç hili döredijilikli işde ulanyp bilmändir. Adamyň döredijilikli zähmet işinde ýat, ol işiň üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjin edýän faktorlaryň biri bolup durýar. Ýöne welin bu üstünlik şol bir wagtyň özünde pikirlenmä, fantaziýa, erke, höweslere we beýleki psihologik häsiýetlere bagly bolýar. S.Ş. ýat tutmakdan başga özünde beýleki ukyplary ösdürmändigi sebäpli döredijilik üstünligine ýetip bilmändir.

Elbetde, oňat ösen ýat işiň birentek görnüşleriniň talaplaryna laýyk gelýän möhüm ukypdyr. Belli şahyrlaryň, ýazyjylaryň, suratkeşleriň, kompozitorlaryň, syýasy işgärleriň arasynda ajaýyp ýat tutjylygy bolanlaryň sany örän köpdür, olaryň arasynda: M. Täçmyradow, A.N. Tolstoý, I.I. Lewitan, N.N. Ge, S.E. Rahmaninow, W. Mosart, beýlekiler bar. Mälim bolşy, ýaly türkmen sazandalary iki ýüzden gowrak sazy diňe ýat beklemegiň esasynda biziň günlerimize ýetiripdirler.Ýöne welin ýat tutujylygy beýleki adamlaryňkydan tapawutlanmaýan talantly adamlaryň sany has hem köpdür. Diýmek, ýadyň adaty derejesinde hem jemgyýet üçin peýdaly işi döredijilikli, üstünlikli we özboluşly (ýagny talantly) ýerine ýetirmek mümkin.

Şeýlelikde, talant şahsyýetiň psihiki häsiýetleriniň has çylşyrymly toplumy bolup, ol haýsy-da bolsa bir ýeke-täk ukyp arkaly döredilmeýär. Başga bir tarapdan, haýsy-da bir ukybyň ýetmezligi talantyň sdüzümindäki beýleki ukyplaryň ösdürilmeginiň hasabyna öwezi doldurylyp bilner.

Talantyň gurluşy ahyr netijede işiň şol bir görnüşiniň şahsyýete bildirýän talaplary (syýasy, ylmy, çeperçilik, önümçilik,

sport we ş.m.) bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin-de talanty düzýän ukyplar, meselem, talantly kompozitorda we talantly awikonstruktorda birmeňzeş däldir. Emma ýokarda belleýşimiz ýaly, ukyplaryň umumy we özboluşly häsiýetleri bardyr. Psihologik seljerme öz gezeginde, talantyň mazmunynda birbada işiň birnäçe görnüşini üstünlikli ýerine ýetirmegi üpjün edýän ukyplaryň umumy gurluşyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýle seljerme akyl işiniň dürli görnüşine talantly bolan çagalary öwrenmek boýunça öňki Pedagogik ylymlar akademiýasynyň psihologiýa instituty tarapyndan geçirildi. Şeýle çagalaryň arasynda V synp okuwçysy Saşa K. bolup, ol ýedi ýaşynda IV synpa girip, onda diňe bir okamak bilen çäklenmän, ol özboluşly «eser» ýazyp, onda öňki SSSR-de ýaşaýan guşlaryň sistematik beýanyny beripdir. «Kitapda» 314 sahypa bolup,ol köp sanly suratlar bilen bezelipdir. Talantyň döreýşiniň we ösüşiniň esasan okadylyşda amala aşyrylýandygyny nazarda tutup, ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýat merkezlerinde köp sanly aýratyn zehinli çagalaryň mekdebi hereket edýär.

Talantly çagalaryň birentegini öwrenmek netijesinde, talantyň esasyny düzýän möhüm ukyplary anyklamak başartdy. Talantly şahsyýetiň şeýle aýratynlyklarynyň biri – ünslülik, guramaçylyk, dartgynly işe hemişe taýar bolmakdyr. Sapakda şeýle okuwçy gaýry zada hiç ünsüni sowman, hiç zady duşundan geçirmeýär, jogap bermäge hemişe taýar bolýar. Ol özüni gyzyklandyrýan zada bütin ünsüni tutuşlygyna berýär. Talantly çaganyň şahsyýetiniň ikinji bir aýratynlygy onda zähmete bolan taýarlygyň, zähmete bolan höwese, zähmetsöýerlige öwrülmegidir.

Ukyplaryň üçünji görnüşi gös-göni intellektual iş bilen baglanyşyklydyr. Bu babatda pikirlenmäniň aýratynlygyny, pikirlenme proserleriniň çaltlygyny, akylyň ulgamlaýynlygyny, analize we jemlemeklige bolan ýokary ukyplylygy, akyl işiniň ýokary netijeliligini görkezmek bolar.

Akyl kämilliginiň gurluşyny döredýän bu ukyplar, köp sanly psihologik derňewleriň görkezişine görä ähli talantly çagalarda bolmak bılen, olar diňe aýry-aýry başarnyklaryň ösüş derejesi boýunça tapawutlanýarlar. Olaryň biri matematikany saýlasa, beýlekisi biýologiýany saýlaýar, üçünjisi edebı düredijilik bilen,

dördünjisi taryh we arheologiýa bilen gyzyklanýar we ş.m. Bu ukyplaryň soňky ösüşi işiň takyk görnüşlerinde amala aşyrylýar.

Şonuň üçin-de ýörite talantlylygyň gurluşy şahsyýetiň ýokarda görkezilen häsiýetlerinden başga-da takyk işiň talaplaryna laýyk gelýän ukyplary öz içine alýar. Meselem,matematika bolan talantlylyk şu aşakdaky özboluşly ukyplary özünde jemleýär: matematiki materialy formalizlenen häsiýetde kabul etmek - ýagny meseläniň şertini çalt «tutup», onuň formal gurluşyny ýüze çykarmak; bu ýagdaýda meseläniň takyk mazmuny ünsüň çäginden çykarylyp, meseleden diňe takyk mazmundan saplanan «arassa» matematiki gatnaşyklar galýar; matematiki obýektleri, gatnaşyklary jemlemeklige bolan ukyp - bölek detallaryň umumy düzgünlerini tapmak, meseläniň «özenenini» ýüze çykarmak; sistematik pikir ýöretmeleri we işleýiş usullary birleşdirmek ukyby - mesele işlemekde köpmazmunly pikir ýöretmeler matematik çözlüşiň yzygiderliligine ugrukdyrýan gysga görkezmeler bilen çalşyrylýar.

**Talant we ussatlyk.** Talant adamyň ussatlyga ýetmegi üçin taýýarlyk şert bolup durýar. Döredijilik ussatlygy işiň hereket görnüşinde kämillige ýetmek, üznüksiz hem-de dartgynly zähmetiň netijesinde döreýär. Talant adamy zähmetden boşatman, ondan döredijilikli iş işjeňligini talap edýär. Talanty bütin adamzat tarapyndan ykrar edilen adamlaryň ählisi özleriniň adatdan daşary zähmetsöýerligi bilen bellidir. Diňe zähmetiň netijesinde olar özlerini dünýä belli eden ussatlyk derejesine ýetipdirler. Zähmet prosesinde döredijilik ussatlygynyň zerur taraplary- durmuş tejribesi, bilimleriň we başarnyklaryň toplumy kemala gelýär.

Döredijilik işi prosesinde ylhamyň roly örän ulydyr; ol adamyň ruhy güýjiniň, psihiki ýagdaýynyň adatdan daşary ýokary göterilişi bolup, adatça talantyň zerur tarapy hasaplanýar. Döredijilik ylhamyny zähmete garşy goýup bolmaz. Ylham adama öz-özünden gelip goşulýan güýç dälde, ol zähmet esasynda taýarlanan, onuň prosesinde hem ýüze çykýar. Ylham wagtynda adamyň ünsi ýokary derejede jemlenip, ýat, hyýal we pikirlenme ylymda, çeper we tehniki döredijilikde haýsy-da bolsa bir düýpli meseläni çözmeklige mobilizlenen bolýar.

Eger talant- mümkinçilik bolsa, onda ussatlyk bu mümkinçiligiń hakykata öwrülen görnüşidir. Hakyky ussatlyk dińe taýar bilimleriń we başarnyklaryń toplumy bolman, öńde goýlan haýsy-da bolsa bir döredijilik meselesini orıgınal, netijeli çözmeklıge bolan psıhologik taýarlykdyr. Halk päniminiń aýdyşy ýaly, «Ussatlyk-munuń özi maksadyń we çözlüşiń bir bada gelmegidir». Edıl şonuń ýaly, ussatlyk döredijilik meselesi bilen onuń çözlüş usulynyń arasyndaky üzńeligi aýyrýar.

## § 5. Ukyplaryň we talantlatyń tebıgy esaslary

**Ukyplaryń fatalistik (gutulgysyzlyk) taglymatynyń tankydy.** Ukyplaryń gurluşyna dogry düşünmek üçin olaryń ähli psihiki proselleriń organy bolup durýan beýnä bolan gatnaşygyny anyklamalydyr. Edil şahsyýetiń beýleki psihiki häsiýetleri ýaly, ukyplar adama dogabitdi, taýar görnüşde berılmän, onuń durmuşynda we işinde kemala gelýär. Adam dünýä inende onuń psihiki proseslerińiń ýönekeýje görnüşlerinden özgesi entek kemala gelmän, dińe onuń geljekdäki ösüşine taýarlyk, mümkinçilik görnüşinde bolýar. Dińe daşky dünýä bilen özara täsir, aktiw iş netijesinde adamyń beýnisi onuń predmetlerini we hadysalaryny şöhlendirip, dürli psihiki hereketlerı döredýär.

Bu nukdainazardan ukyplar dogabitdi däldirler. Bu taglymaty esaslandyrmak adamyń şahsyýetine we ukyplaryna ylmy düşünmek, şeýle hem bu meselede birtaraplaýyn garaýyşlary ýeňip geçmek bilen baglanyşyklydyr. Baryp Platon ukyplary dogabitdi hasaplap, adamyń ulanýan bilimlerini onuń o dünýäde, «absalýut ideýalar» dünýäsinde gören zatlaryny ýadyna salmagydyr diýip düşündiripdir. Ukyplaryń dogabitdi tagtlymaty dini garaýşlarda hem ündelýär. Bu nukdaýnazar XVII asyrda Dekartyń işlerinde dogabitdi ideýalar hakyndaky tagtlymat hökmünde ýüze çykýar. Ukyplar hakynda din wekilleriniń kepillendiren bu tagtlymaty aşaky synpyń wekillerini okadyp «bolmaýar» diýen garaýşy, adamlaryń hukuk, sosial deńsizligini berkarar etmek üçin ulanylypdy. Ukyplaryń dogabitdiligi, göýä hemişelik jan baradaky baradaky garaýyş, ylmy psihologiýa tarapyndan anyk derňewlerde ýeňlip geçilýär.

Ukyplaryň göýä dogabitdi döreýändigi hakyndaky nädogry garaýşyň biziň döwrümiziň käbır ata-enelerinde saklanýandygyny bellemek gerek. Beýle garaýyş olarda ýörite psihologik taglymatlar esasynda däl-de, olaryň psihologik we pedagogik sowatsyzlygy netijesinde döreýär. Kähalatlarda şeýle garaýyş käbır terbiýeçiler, pedagoglar tarapyndan öz nalajedeýinligini, passiwligini aklamak üçin ulanylýar: ukyplary tebigy berilýän zat hasaplamak ol ýa-da beýleki okuwçynyň ýaramaz okaýşynyň sebäplerini agtarmakdan, onuň öňüni almakdan azat edip, ähli zady tabigy deňsizlige syrykdyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, ylmy psihologiýa ukyplaryň dogabitdi nazaryýetini inkär etmek bilen, ilkinji nobatda fatalizme - adamyň ukyplarynyň gutulgysyz tebigy faktor bilen doredilýändigine garşy durýar.

**Üşükler ukyplaryň tebigy esaslary hökmünde.** Ukyplaryň dogabitdi döreýşini inkär etmek absolýut häsiýetde däldir. Ukyplaryň dogabitdi häsiýetini inkär etmek bilen bir hatarda, psihologiýa beýniniň gurluşyndaky tapawutlylyklaryň dogabitdi häsiýetini inkär etmeýär; bu dogabitdi aýratynlyklar bolsa öz gezeginde haýsy-da bolsa bir işiň (köplenç birnäçe hünärleriň) üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjin edýär.Ukyplaryň tebigy esasy hökmünde beýniniň, duýgy we hereket organlarynyň gurluşynda ýüze çykýan morfologik we funksional aýratynlyklara üşükler diýilýär.

Ukyplaryň we üşükleriň özara baglanyşygyna takyk mysalda seredeliň. Meselem dogabitdi üşüklere kä adamlarda bolýan adatdan daşary ys alyjylyk, ýagny ys alyjy analizatoryň ýokary duýgurlygy degişlidir. Eýsem bu duýgurlyk ukypmydyr? Her bir ukyp – adamyň takyk işine degişlilikde ukypdyr. Şonuň üçin-de adamyň nerw-psihologik gurluşynyň şeýle aýratynlygy entek diňe üşükdir. Beýniniň gurluişyndaky aýratynlyk adamyň haýsy kärde işlejekdigini, onuň ykbalynyň nähili boljakdygyny kesgitlemeýär, ýöne, eger-de jemgyýetde inçe ys alyş duýgurlygy bilen baglanyşykly hünärlere zerurlyk dörese, eger-de şol bir adamda şeýle üşükler bolsa, onda oňa beýleki adamlara seredende degişli ukyplary

ösdürmek has ýeňil düşýär. Meselem, parfýumeriýa şeýle bir seýrek we gymmatly hünär bolup, onda işleýänlere „müşk kompozitorlary“ diýilýär. Olaryň sany dünýäde bary-ýogy ýüz elliden gowrakdyr.Olaryň esasy wezipesi özboluşly yslary döredip, onuň esasynda atyr-duhileriň täze seriýalaýyn sortlaryny taýarlamakdyr. Bu adamlaryň professional ukyplary ys alyjy analizatoryň gurluşynda bolan üşükleriň esasynda ösýär. Ýöne bu adamlara dünýä inen badyna „ol dogabitdi parfýumor“ diýmek bolmaz. Sebäbi beýniniň, analizatorlaryň gurluşy gös-göni adamyň kärini öňünden kesgitlemeýär. Üşükler köp manylydyrlar. Şol bir üşükleriň esasynda işiň talaplaryna görä dürli ukyplar kemala gelip biler.

Üşükleriň tebigatyny we gurluşyny öwrenmekde ylym ilkinji ädimler edýär. Ýöne bu babatda oňyndäl material oňyn materialdan agdyklyk edýär: üşükleriň şikesleri baradaky ylmy maglumat olaryň ajaýyp ykyba öwrülişine şaýatlyk edýän maglumatdan birnäçe esse köpdür. Meselem, beýniniň dogabitdi ýa-da irki ýaş döwründe döreýän şikestliligi (oligofreniýa), şol bir wagtyň özünde üşükleriň şikesi bolup, ukyplaryň ösüşini düýpli bökdeýär.

Häzirki döwürde ukyplaryň ösüşiniň tebigy esaslary hakyndaky taglymat gutarnykly çözlen däldir. F.I.Gallyň beýniniň anatomiki aýratynlyklary bilen ukyplaryň arasyndaky baglanyşygy ykrar edýän çaklamasy tassyk bolman galdy. Gallyň pikiriçe adamyň ähli ukyplarynyň, „akyl“ we „ýürek“häsiýetleriniň beýniniň ýarym şarlarynda ýörite merkezleri bolýar. Bu häsiýetleriň ösüş derejesi degişli bölüminiň ululygyna bagly bolýar. Kelle çanagynyň süňki beýniniň şeýle ululy-kiçili güberçeklerine laýyk bolandygy üçin, Gallyň tassyklaýşyna görä adamyň kelle süňküne göz aýlamak ýa-da onuň „ýumrularyny“ sypalamak arkaly adamyň ukyplaryny kesgitlemek bolýar. Gall ýörite „frenologik“(fren-jan) kartalary düzüp, onda beýniniň üstüni 27 uçastoga bölýär; bu uçastoklaryň her biri belli bir psihiki häsiýete dogry gelýär.

Çylşyrymly psihologik aýratynlyklaryň, ukyplaryň beýniniň belli bir uçastogynda ýerleşmek taglymaty psihologik we fiziologik bilimleriň ösüşiniň irki tapgyrlarynda döräp, soň-soňlar inkär edildi. Häzirki zaman fiziologiýasy beýniniň gabagynda köp sanly psihiki funksiýalaryň (görüş, eşidiş we ş.m.) ýerleşýändigine şaýatlyk edýär.

Meselem, sözleýiş hereketleriniň „merkezi“ çep ýarym şaryň üçünji maňlaý gasynynyň yzky böleginde ýerleşýär. Sözleýşe düşünmek- „merkezi“ bolsa şol ýarym şaryň ýokarky gandal gasynynyň yzky üçden bir bölegine ýerleşýär. Eger-de adamyň sözleýşiniň beýniniň dürli bölümleriniň çylşyrymly özara täsiri netijesinde ýüze çykandygyny göz öňünde tutsak, onda ukyplary beýniniň haýsy hem bolsa bir uçastogyna ornaşdyrmaga hiç hili esas galmaýar.

Üşükleriň beýniniň möçberine, onuň massasyna we agramyna baglylygy hakyndaky çaklama hem tassyk bolmady. Uly adamyň beýninisi ortaça 1400 g barabardyr. I.S.Turgenewiň beýninisi 2012 g, D.G.Baýronyňky bolsa ondan bir az kiçiräk 1800 g, bolupdyr; beýleki ajaýyp adamlaryň beýninisiniň möçberini ölçemek hem şeýle netije görkezipdir. Emma belli himik Ýu. Libihiň beýninisi 1362 g, ýazyjy A. Fransyňky bolsa bary-ýogy 1017 g bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde iň agyr beýni akyl taýdan şikesli adamda tapylypdyr. Adamyň üşükleriniň göýä beýni gasynlarynyň sany boýunça kesgitleýändigi hakyndaky çaklama hem tassyk bolmady.

Häzirki döwürde üşükleriň döreýşini beýniniň we duýgy organlarynyň mikrostrukturasy bilen baglanyşdyrýan çaklamalar has netijelidir. Beýni öýjüginiň gurluşyny çuňňur öwrenmek, zehinli adamyň nerw dokumasynyň morfologik we funksional aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga ýardam eder diýip garaşmak bolar. Üşükleri nerw prosesleriniň käbir differensial aýratynlyklary (olaryň güýji, deňagramlylygy we çaltlygy boýunça), başgaça aýdanyňda ýokary nerw işiniň tipleri bilen baglanyşdyrýan çaklamalar hem ýokary ähtibarlyga eýedir.

Psiholog B.M.Teplowyň işlerinde ýokary nerw ulgamynyň tipiniň täsirinde adamyň işlerinde ýokary nerw ulgamynyň tipiniň täsirinde adamyň ukyplarynyň gurlrşynda nähili üýtgeşikler döreýändigini anyklamaga synanyşyk edildi, Ol, meselem, nerw prosesleriniň gowşaklygynyň diňe bir oňyndäl häsiýet däl-de, eýsem oňyn häsiýetdigini subut etdi. “Gowşak nerw ulgamy, eger deňeşdirmä ýüzlensek, duýgurlygy örän ýokary bolan fotoplastinka meňzeýär. Şeňle plastinka ýokary seresaplylygy talap edýär: ol “yşykdan”gorkýar (örän güýçli gyjyndyryjy! Şertli gyjyndyryjynyň uzak wagt täsir etmegi). Bu elbetde, oňyndäl häsiýet. Ýöne bu onuň

örän ýokary oňyn häsiýetiniň – ýokary duýgyrlygynyň netijesidir”.(Теплов Б.М.Проблемы индивидуальных различий. М., 1961, с.419).

Nerw ulgamynyň ýokary duýgyrlygy (ýagny onuň gowşaklygy) özbolusly üşük bolup, onuň esasynda alnyp barlyşy ýokary reaktiwligi, kabul edijiligi, inçe duýgyny talap edýän işiň görnüşleri bilen baglanyşykly ukyplar ösüp biler.

Bu mysalda adam şahsyýetiniň haýwanlaryň özüniň alyp barşyndan düýpgöter tapawudy ýüze çykýar. Eger-de nerw ulgamy gowşak haýwan biologik kanun boýunça dolandyrylýan ýaşaýyş ugrunda göreş şertlerinde nalajedeýinlik we inwalidlik görkezýän bolsa, onda gowşak nerw ulgamly adam taryhy-jemgyýetçilik şertlerde, adaty durmuşda “inwalid” bolanok. Gaýtam bu fiziologik esasda ösýän ukyplar onuň ýaşaýşy we ösüşi üçin amatly şertler döredip biler.

Bu görkezilen aýratynlyklar ýokary nerw işiniň umumy tipiniň häsiýetlerine degişlidir. Emma ukyplaryň tebigy esaslarynyň döremeginde nerw ulgamynyň parsial (bölekleýin) aýratynlyklarynyň, ýagny adamlaryň bir toparynda görüş, beýleki birinde hereket ulgamynyň gurluşynda ýüze çykýan özboluşlyklaryň ähmiýeti has-da uludyr. Nerw prosesleriniň güýjünde,deňagramlygynda we çaltlygynda ýüze çykýan tipologik aýratynlyk adamyň hereketleriniň işiň talaplaryna dürli derejde laýyklygyny döredip, degişli ukyplaryň tebigy esasy bolup hyzmat etjekdigi öz-özünden düşnüklidir.

**Ukyplylyk we nesle geçijilik.** Ukyplaryň tebigy esaslary bolan üşükleriň nerw ulgamynyň gurluş we funksional aýratynlyklaryna bagly bolmagy, olaryň umumy genetiki (nesle geçijilik) kanuna tabynlygyny döredýär. Emma bu üşükleriň ukyplaryň nesil arkaly döredilýändigini aňlatmaýar. Bu meseläniň uzak taryhy bar. Baryp 1875-nji ýylda iňlis antropology we psihology F.Galtonyň “Talantyň nesle geçijiligi. Onuň kanuny we netijeleri” diýen kitaby çapdan çykýar. Awtor bu kitabynda köp sanly ajaýyp adamlaryň garyndaşlyk baglanyşygyny öwrenmek esasynda

talantlaryň atalyk ýa-da enelik liniýasy boýunça nesle geçýändigi hakyndaky netije gelýär.

Emma Galtonyň gelen netijeleri ylmy taýdan esaslandyrylan däldir. Syýasy işgärleriň, kazylaryň, serkerdeleriň talantynyň nesle geçýändigi hakynda Galtonyň işinde doly subutnama ýok. Onuň toplan materiallaryndan gelip çykýan ýeke-täk subutnama - bilimli, gurply, abraýly adamlaryň maşgalasy adamda akyl işi bilen baglanyşykly häsiýetleriň döremegine ýardam edýän faktor bolup durýar.

Emma Galtonyň materiallarynda bir zat ünsüňi çekýär. Kazylaryň, ýazyjylaryň, serkerdeleriň we ş.m. maşgalalarynyň talantlylygy baradaky doly subut edilmedik materiallar bilen bir hatarda, onuň käbir maglumatlaryny ýörite bellemezlik mümkin däl. Bahlaryň maşgalasynda sazandalyk talanty ilkinji gezek 1550-nji ýylda döräp, bäş arkadan soňra beýik kompoziter I.S.Bahda aýratyn güýç bilen ýüze çykýar we 1800-nji ýylda ýaşan haýsydyr bir Regina Susanna diýen nebelerinde gutarýar. Bahlaryň maşgalasynda 57 sazanda bolup, olaryň 20-si ajaýyp kompozitorlardyr. Galton başga-da faktlar getirýär: Skripkaçy Bendanyň maşgalasynda dokuz sany görnükli sazanda bolupdyr. Mosartyň maşgalasynda – bäş, Gaýdnanyňkyda – iki sazanda bolupdyr.

Bu mysallar käbir umumy netijelere gelmäge mümkinçilik berýär. Tanymal adamlaryň gelip çykyşyny, maşgalasyny öwrenmeklik ukyplaryň döremeginde biologik nesle geçijiligiň dälde, durmuş şertleriniň nesle geçirilmekliginiň uly rol oýnaýandygyny anyklamaga mümkinçilik berýär. Eger-de maşgalada hemmeler saz bilen ýaşaýan, durmuşyň ähli şertleri çagany saz bilen meşgullanmaga ugrukdyrýan bolsa, her bir maşgala agzasynyň mertebesi onuň saz ussatlygyna görä tutulýan bolsa, onda şeýle maşgalada saza bolan talantyň dörejekdigi öz-özünden düşnükli zatdyr. Bahyň maşgalasyndaky mysal onuň maşgala agzalarynda saz üşükleriniň nesle geçendigi barada çaklama döretmäge esas berýär. Bu maşagalada eşidiş analizatorynyň gurluşynyň we funksional aýratynlygynyň nesilden-nesle geçen bolmagy ähtimaldyr. Galtonyň görkezişi boýunça sazandalyk üşükleri Bahyň maşgalasynda diňe erkekler liniýasy boýunça nesle geçipdir.

Maşgala hünärleri-de degişli ukyplaryň ösmegine ýardam edýär. Muňa mysal edip Sadowskileriň teatral, Durowlaryň sirk, Ýakuşkinleriň we Kapisalaryň alymlyk “dinastiýalaryny” görkezmek bolar. Şeýle hem deňizçileriň, polat eredijileriň, neçjarlaryň we beýleki hünärleriň “dinastiýalary” mälimdir. Ogul atanyň we babanyň hünärini saýlap, ondan ozdurýar. Şol bir wagtyň özünde tanymal adamlaryň birenteginiň çagalary atalarynyň ýolundan gitmeýändigi hem mälimdir. Hakyky statistika ukyplaryň we talantyň nesle geçijiligi hakynda hiç hili subutnama bermeýär. Ukyplaryň nesle geçijilik taglymaty ylmy nazaryýete hem garşy gelýär. Häzirki zaman adamynyň emele gelen mahaly bolan 100 müň ýyl mundan ozal ýaşap geçen kromanonsyň döräli bäri adamyň ösüşi onuň tebigy gurluşynyň nesle geçmegi bilen däl-de, jemgyýetçilik – taryhy kanunlar esasynda bolup geçýär. Şonuň üçin-de ukyplaryň ösüşini biologik nesle geçijiligiň kanunlaryna syrykdyrmak bolmaz.

## § 6. Ukyplaryň kemala gelşi

**Ukyplaryň ösüşiniň okadylyşa baglylygy.** Üşükleriň we ukyplaryň özara baglanyşygy, adamyň ukyplarynyň her kimde dürli-dürli bolan tebigy esaslara baglydygyny görkezse-de, ukyp we talant tebigatyň däl-de, adamzat taryhynyň önümidir. Eger-de haýwanlarda geçen nesilleriň gazananlaryny soňkulara bermek esasan organizmdäki morfologik özgerişleri nesle geçirmek arkaly amala aşyrylýan bolsa, adamda bu zat jemgyýetçilik – taryhy usulda, ýagny zähmet gurallarynyň, diliň, sungat önümleriniň we ş.m. üsti bilen geçirilýär. Her bir adam bu estafetany kabul etmelidir: ol guraly ulanyp, dilde gepläp, sungat eserlerinden lezzet alýar. Dünýäniň taryhy gazananlaryny özleşdirip, adamlar öz ukyplaryny ösdürýärler. Ukyplaryň döreýşi bilimleri we başarnyklary kemala getirmekligiň takyk usullaryna gös-göni bagly bolýar; bu usullar bolsa adamlaryň jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak prosesinde taryhy taýdan döredilýär.

Eger-de bu meselä adamzat jemgyýetiniň taryhy nukdaýnazaryndan garasaň, onda ýokarda mysal getirilen düzgünleriň dogrudygyna göz ýetirmek aňsatdyr. Meselem, häzirki

döwürde her bir ýedi ýaşly çaganyň okap we ýazyp bilýändigi hiç kimde şübhe döretmeýär. Emma iki ýüz ýyl gowrak mundan ozal okap, ýazyp bilmeklik diňe "hudýyň nazar salan" adamlaryna mahsus zat hasaplanýardy. Galanlary bolsa (çagalaryň takmynan üçden iki bölegi) ilkibaşdan okamak – ýazmagyň syryna düşünmäge ukypsyz hasaplanýardy. Haýsydyr bir dogabitdi grammatiki ukyplar dogrusyndaky şeýle nukdaýnazar, şol wagtyň okadylyşyndaky hakyky kynçylyklar esasynda döräpdi. Meselem, rus dilinde her bir harpy olaryň slawýan atlary bilen ýat tutmagy talap edýän ("az", "buki", "wedi", "glagol", "dobro" we ş.m.) kämil bolmadyk okadyş usuly bogunlar boýunça okamaga geçmekligi örän kynlaşdyrýardy. XIX asyryň birinji ýarymynda okadyşyň has kämil usullaryna geçilip, bogun usulyna esaslanyp düzülen okuw kitaplary döredildi; bu kitaplarda buthana – slawýan şriftine derek ýönekeý raat şrifti ulanylyp, slawýan alfawitiniň harplary ("az", "buki", "wedi" we ş.m.) bilen çalşyryldy. "Dogabitdi grammatik ukyplar" meselesi şeýle çözüldi. Her bir çaganyň okap, ýazyp bilýändigi amalyýetde subut edildi.

Bu aýdylanlardan nähili netijelere gelmek mümkin? Adamyň şol bir işe ukyplylygynyň ýüze çykmagynyň esasy şertleriniň biri okadyşyň usuly bolup durýar. Eger-de okadyş usuly kämil bolmasa, ukyplaryň dogabitdiligi hakynda pikir döredýär. Okadyş, öwrediş usuly kämilleşdigiçe "dogabitdi" hasaplanýan ukyplaryň sany azalyp, bu ukybyň ähli adama mahsusdygy aýan bolýar. Aýratyn "ýokary derejeli" hasaplanýan poetiki, saz, artistlik, konstruktorçylyk, pedogogik, guramaçylyk we beýleki ukyplaryň-da ykbaly ahyrsoňy "grammatiki", "arifmetiki ukyplaryňky" ýaly bolmagy mümkindir. Bu babatda psihologlaryň ýörite eksperimentleri mälimdir. Meselem, A.N. Leontýew saza absalýut hiç hili ukyby ýok hasaplanýan çagalarda saza bolan ukyby kemala getirmäge synanyşdy. İndiwidual türgenleşik ulgamyny ulanyp (sazy diňlemek we şol bir wagtyň özünde sesleri deňeşdirmek we aýtmak), bu alym ol çagalarda öňler dogabitdi ňşük hasaplanýan saza bolan duýgulary kemala getirmegi başardy.

Edil şeýle synaglar okuw işi dogrusynda hem geçirildi. Psihologlaryň bir topary (D.B. Elkonin, W.W. Dawydow we

beýlekiler) Moskwanyň mekdepleriniň birinde ähli okuwçylarda matamatiki ukyplary kemala getirmäge synanyşdylar; bu okuwçylaryň hemmesi öňler diňe bäşinji – altynjy synp okuwçylaryna laýyk hasaplanýan abstrakt algebriak mysallary eýýäm birinji synpda özleşdirmegi başardylar.

Ukyplary we talantlary kemala getirmek uly jemgyýetçilik we döwlet meselesidir. Şol bir wagtyň özünde ähli çagalarda ukyplary hemmetaraplaýyn ösdürmek wezipesi aýratyn talantly çagalarda ýörite zehini ösdürmeklige garşy goýulmaýar. Bu babatda köp sanly talantly okuwçylary ýetişdiren ussat pedagoglaryň iş tejribesi hertaraplaýyn öwrenilmäge we ýaýradylmaga mynasypdyr.

**Ukyplar we höwesler**. Ukyplaryň ösüşiniň mähüm faktorlarynyň biri durnukly ýörite höwesleriň bolmagydyr. Ýörite höwesler – munuň özi adamyň soňabaka haýsy-da bolsa bir işi hünär etmeklige bolan meýle öwrülýän islegleriň biri görnüşidir. Zähmet ýa-da okuw işine höwesiň döremegi olara bolan ukyplaryň oýanmagy bilen ýüze çykýar. "Biziň höweslerimiz, gizlin ukyplarymyz, gelejekde başaryp biljek zatlarymyzyň buşlukçysydyr"[1] diýip, Gýota ýazýar. Çaganyň durnukly höwesleri – onuň ukyplarynyň "lakmus kagyzy" bolup, onuň daş-töweregindäki adamlar üçin ösdürmäge girişmeklige degişli signal bolup hyzmat etmelidir.

Öň görkezilişi ýaly, ýetginjekde bu höwesler hyjuwly bolýar, emma gysga wagtlaýyn gyzyklanma hökmünde ýüze çykýar. Ýetginjeklik we jahyllyk ýaşyna mahsus bolan köptaraplaýyn, emma tiz ýitip gidýän höwesler ösýän şahsyýetiň ukyplaryny ýüze çykarmakda uly rol oýnaýar. Pedagoglar, terbiýeçiler bu höwesleri çuňlaşdyryp, olarda durnuklylyk häsiýetini kemala getirmelidirler.

Elbetde, kadaly şertlerde okuwçy (ulularyň kömegi bilen) öz durnukly höweslerini has ir aňlap, olara degişli ukyplary öz wagtynda ösdürip, öz ornuny kesgitlemelidir. Ýöne mälim bolşy ýaly, bu hemmä başartmaýar. Emma okuwçynyň mekdebi gutaranda belli bir hünäre durnukly höwesiniň bolmazlygy (bu ýerde gürrüň zähmete, durmuşa zerur bolan bilimler we taýýarlyk barada däl-de, höwesler

[1] Teplow B.M. проблемы индивидуальных различий. М., Изд-во АНН РСФСР, 1961, 419-njy sah.

barada gidýär) haýsy-da bolsa bir käri onuň daşky tarapyna guwanyp, howlukmaç, harsallyk bilen saýlap alanyndan gowudyr. Köplenç şeýle daşyndan guwanmaklyk ýaşlarda artistlik, diplomatlyk, žurnalistklik hünärlerini saýlamakda ýüze çykýar. Gutardyş synaglary bilen höwesleriň, ukyplaryň ösüşi däl-de, diňe mekdep okuwy tamamlanýar. Ýurdumyzda giňden ýaýran bilim berşiň dürli ugurlary, bilimleri özbaşdak dowam etdirmek (kitaphanalar, medeniýet öýlerindäki gurnaklar we ş.m.), adamyň höweslerini we ukyplaryny soň-soňlar hem hemmetaraplaýyn ösdürmäge, kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär; ýöne bu mümkinçilik, eger-de okuwçy mekdep döwründe özünde degişli zähmetsöýerligi kamala getiren ýagdaýynda amala aşyrylýar.

**Ukyplaryň ösüşi we şahsyýeti kemala getirmek**. Ukyplary ösdürmek meselesi adamyň şahsyýetini kemala getirmek bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Psihologiýa we pedogogika üçin ukyplary ösdürmek terbiýäniň we okadyşyň gös-göni we ýeketäk maksady däldir. Çaganyň ukybyny ösdürmek onuň ahlak sypatlaryny kemala getirmek bilen utgaşdyrylmalydyr. Okadyş, terbiýe işinde çaganyň “akyl” ýaşy bilen hakyky ýaşynyň arasyndaky tapawudy ulaltmaklyga ymtylmak onuň intelektual taýdan kämilliginiň ahlak we emosional taýdan nalajedeýinligi bilen utgaşmagyna getirer, şeýle çaga öz deň-duşlarynyň arasynda öz ornuny tapyp bilmez. Onuň içkigapma-garşylygy konfliktli häsiýetde bolýar. Şonuň üçin-de bu prosesde esasy zat ukyplary, başarnyklary ösdürmek däl-de, tutuş şahsyýeti kemala getirmekdir.

Maşgalada ukyply çaganyň bolmagy ony terbiýelemegi ýeňilleşdirmän, eýsem käbir halatlarda has çylşyrymlaşdyrýar. Şol sebäpli-de onuň ukyplarynyň ösmegi üçin şertler döretmek bilen bir hatarda, onda ynsanperwerlik islegleri kemala getirmek barada alada etmelidir. Bu prosesde çaga özünde ukyplaryň bolmagynyň daş-töweregindäkilere ýokary talap bildirmäge oňa hukuk bermän, eýsem özüne iň ýokary talaplaryň bildirilmegine esas bolýandygyna düşünmelidir. Eger-de ol öz ukyplarynyň özüne diňe bir hukuk bermän, eýsem uly borçlulyk döredýändigine göz ýetirse, onda onuň şahsyýetiniň göwnejaý ösjekdigine bil baglamak bolar

## EDEBIÝAT


1. Андреева Г.М. Социальная психология. М., 2001.
2. Басаров Б. Вопросы психологии характера. Ашхабад, 1977.
3. Басаров Б. Проблемы психологии устойчивости личности. Ашхабад,1981.
4. Басов М.Я. Меотдика психологических наблюдений над детьми. Л., 1925.
5. Балонов Л.Я. Последовательные образы. Л., 1971.
6. Беркинблит М., Петровский А.В. Фантазия и реальность. М., 1968.
7. Божович Л.И. Личность и ее формирование в детском возрасте. М., 1968ё
8. Блонский П.П. Избр. психол.произв. М., 1964.
9. Брунер Дж. Психология познания. М., 1977.
10. Брушлинский А.В. Психология мышления и кибернетика. М., 1970.
11. Валлон А. От действия к мысли. М., 1956.
12. Возрастная и педагогическая психология. Под ред. А.В.Петровского. М.,1972.
13. Выготский Л.С. Собр. соч. в 6 –ти томах. М., 1982-1984.
14. Войтонис Н.Ю. Предыстория интеллекта. М. – Л., 1949.
15. Гальперин П.Я., Кабыльницкая С.Л. Экспериментальное формирование внимания. МГУ, 1974.
16. Гибш Х., Форверг М. Введение в марксистскую социальную психологию. М., 1972.
17. Грегори Р.Л. Разумнай глаз. М., 1972.
18. Дарвин Ч. Происхождение видов путем естественного отбора. М., 1952.
19. Запорожец А.В. и др. Восприятие и действие. М., 1967.
20. Канаев И.И. Близнецы. М. – Л., 1959.
21. Коломинский Я.Л. Человек среди людей. М., 1973.
22. Ладыгина-Котс Н.Н. Развитие психики в процессе эволюции организмов. М.,1968.
23. Левитов Н.Д. Психология характера. М., 1969.

24. Леонтьев А.Н. Избр. Психол.поизв. в 2-х томах. М., 1983.
25. Мерлин В.С. Очерк теории темперамента. М., 1973.
26. Обуховский К. Психология влечений человека. М., 1972.
27. Общая психология. Под ред. А.В.Петровского. М., 1977.
28. Основы теории речевой деятельности. Под ред. А.А.Леонтьева. М., 1974.
29. Павлов И.П. Полн. собр. соч. М. – Л., 1951- 1952.
30. Петровский А.В. История советской психологии. М., 1967.
31. Платонов К.К. Проблемы спсобностей. М., 1972.
32. Проблемы психофизики. М., 1974.
33. Рубинштейн С.Л. Бытие и сознание. М., 1957.
34. Сеченов И.М. Избранные филос. произв. М., 1947.
35. Смирнов А.А. Проблемы психологии памяти. М., 1966.
36. Теория связи в сенсорных системах. М., 1964.
37. Теплов Б.М. Проблемы индивидуальных различий. М., 1961.
38. Узнадзе Д.Н. Психологические исследования. М., 1966.
39. Рамуль К.А. Введение в методы экспериментальной психологии.
Тарту,1963.
40. Якобсон П.М. Психология чувств. М., 1961.
41. Якобсон П.М. Психологические проблемы мотивации поведения человека. М., 1969.
42. Ярошевсикй М.Г. Психология в XX столетии. Изд. 2-е. М., 1974.
43. Эльконин Д.Б. Психология игры. М., 1978.

# M A Z M U N Y

**BIRINJI BÖLEK**
**1-nji BAP**
**PSIHOLOGIÝANYŇ PREDMETI**
§ 1. Psihologiýa hakynda düşünje....................................................7
§ 2. Beýni we psihika....................................................................26
§ 3. Aň hakynda düşünje...............................................................37
**2-nji BAP Psihikanyň we aňyň ösüşi**
§ 1 Psihikanyň filogenezde ösüşi.....................................................41
§ 2. Psihiki funksiýalaryň gurşawa hem-de
organlaryň gurluşyna baglylygy.......................................................63
§ 3. Zähmet işi prosesinde aňyň döremegi we
onuň taryhy-jemgyýetçilik häsiýeti....................................................67
**3-nji BAP Häzirki zaman psihologiýasynyň ösüş ýagdaýy, gurluşy we usullary**
§1. Häzirki zaman psihologiýasy we onuň
ylymlar ulgamyndaky orny..............................................................76
§2. Häzirki zaman psihologiýasynyň düzgünleri we gurluşy............82
§3. Häzirki zaman psihologiýanyň derňew usullary.........................93
**IKINJI BÖLEK**
**ŞAHSYÝET WE IŞ**
**4-NJI BAP Şahsyýetiň psihologik häsiýetlendirilmesi**
§1. Psihologiýada şahsyýet barada düşünje...................................104
§ 2. Adamyň şahsyýetiniň işjeňligi...............................................110
§ 3. Motiwasiýa şahsyýetiň islegleriniň ýüze çykyşy hökmünde....118
§ 4. Şahsyýetiň kemala getirilişi.....................................................137
**5-NJI BAP Şahsyýetara gatnaşyklaryň psihologiýasy**
§ 1. Topar we kollektiw barada düşünje.........................................143
§ 2. Topardaky differensirlemek.....................................................149
§ 3. Toparlaýyn we kollektiwleýin aň.............................................154
**6-njy BAPŞAHSYÝETIŇ IŞINIŇ UMUMY HÄSIÝETNAMASY**
§1. Iş düşünjesini kesgitlemek......................................................159
§2. Işiň gurluşy...........................................................................163
§ 3. Işiň özleşdirilişi. Endikler.......................................................170

§4. Işiň esasy görnüşleri we olaryň adamda ösüşi.........................184
**7-nji BAP ŰNS**
§1. Űns barada düşünje we onuň fiziologik esaslary.......................196
§2. Űnsüň görnüşleri...........................................................................198
§3. Űnsüň häsiýetli aýratynlyklary..................................................203
§4. Ünsüň ösüşi....................................................................................209
**8-nji BAP SÖZLEỲIŞ**
§1. Dil we sözleýiş işi hakynda düşünje..........................................211
§2. Sözleýiş işiniň fiziologik mehanizmleri....................................215
§3. Sözleýiş işiniň görnüşleri.............................................................219
§4. Okadylyş prosesinde sözleýşiň ösüşi........................................224
**ŰÇÜNJI BÖLEK**
**9-njy BAP DUÝMA**
§1. Duýmalar hakynda düşünje........................................................230
§ 2. Duýmalaryň umumy kanunalaýyklyklary................................241
**10-njy BAP KABUL EDIŞ**
§1. Kabul ediş hakynda düşünje we onuń
aýratynlyklarynyń häsiýetnamasy..................................................255
§ 2. Kabul ediş hereket hökmünde.................................................266
§ 3. Giňişligiň kabul edilişi.............................................................279
§ 4.Wagtyń we hereketiń kabul edilişi...........................................287
**11-nji BAP Ýat**
§ 1. Ýat hakynda umumy düşünje...................................................293
§ 2. Ýadyň görnüşleri........................................................................302
§ 3. Ýadyň prosesleri.........................................................................309
§ 4. Ýada ornaşdyrmak.....................................................................310
§ 5. Gaýtadan dikeltmek...................................................................321
§ 6. Ýatdan çykarmak we saklamak.................................................325
§7. Ýadyň indiwidual aýratynlyklary..............................................329
**12-nji BAP PIKIRLENME**
§ 1. Pikirlenmäniň umumy häsiýetnamasy......................................332
§ 2 Pikirlenme we mysallary çözmek..............................................348
§ 3. Pikirlenmäniň görnüşleri............................................................358
**13-nji BAP HYÝAL**
§1. Hyýal, onuň esasy görnüşleri weprosesleri..............................363
§2. Hyýalyň prosesleriniň fiziologik esaslary..................................370

§3. Çaganyň oýun işinde we ulularyň döredijilik işinde fantaziýanyň roly....375
**DÖRDÜNJİ BÖLEK**
**14-nji BAP Duýgy**
§1. Duýgular hakynda düşünje....381
§ 2. Emosional ýagdaýlaryň fiziologik esaslary Emosiýalaryň döremeginde beýniniň dürli bölümleriniň roly....387
§ 3. Emosiýanyň haýwanlarda we adamlarda ýüze çykyşy....391
**15-nji BAP Erk**
§1. Erk hakynda düşünje....405
§ 2. Erkli hereket we onuň gurluşy....407
**§** 3.Şahsyýetiň erkli häsiýetleri we olaryň kemala getirilişi....411
**BÄŞINJI BÖLEK**
**Şahsyýetiň psihologik aýratynlyklary**
**16-njy BAP Temperament**
§ 1.Temperamentiň umumy häsiýetleri....414
§ 2. Temperamentiň tipleri....419
§ 3. Temperamentiň döreýşi we ösüşi....422
**17-nji BAP GYLYK**
§ 1. Gylyk hakynda düşünje....430
§ 2. Gylygyň fiziologik esaslary....433
§ 3. Gylygyň gurluşy we onuň alamatlarynyň simtomokompleksleri.... 434
§ 4. Gylygyň kemala gelşi....440
**18-nji BAP Ukyplar**
§ 1. Ukyplar hakynda düşünje.... 449
§ 2. Ukyplaryň hil we mukdar häsiýetnamalary.... 452
§ 3. Ukyplaryň gurluşy....458
§ 4. Talant, onuň gurluşy we döreýşi....461
§ 5. Ukyplaryň we talantlatyň tebigy esaslary....465
§ 6. Ukyplaryň kemala gelşi....471
**Edebiýat....475**